**N. Suwhanow, B. Zahyrow, S. Süleýmanow**

# HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN JEMGYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
«Ylym» neşirýaty
2019

UOK 378:323.4(575.4)+308
S 86

**Suwhanow N. we beýl.**

S 86 **Häzirki zaman türkmen jemgyýeti.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Ylym, 2019. – 280 sah.

«Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» okuw kitabynda ilkinji gezek türkmen ýurdunda döwrebap jemgyýetiň kemala gelşi giňişleýin beýan edilýär. Kitapda ozalky agrar ýurt bolan Türkmenistanyň senagat taýdan ösen döwlete öwrülişi köptaraplaýyn açylyp görkezilýär. Şonda ýurduň tebigy baýlyklarynyň, geosyýasy ýerleşişiniň aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, türkmen halkynyň baý medeni mirasynyň we durmuş tejribesiniň esasynda ösüşiň türkmen nusgasynyň döreýşi we amal bolşy derňelýär. Şol nusganyň jemgyýetiň syýasy, ykdysady we medeni durmuşynda ýüze çykyşy açylyp görkezilende dünýäniň ösen ýurtlarynda industriallaşmakda toplanan nazary we amaly gymmatlyklar hem göz öňünde tutulan.

«Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» okuw kitaby yokary okuw mekdepleriniň talyplaryna, jemgyýetçilik ylymlary bilen bagly derslerden okadýan mugallymlara, bu ylymlary öwrenýän aspirantlara, doktorantlara we ylmy işgärlere, türkmen jemgyýetinde geçýän özgerişler bilen gyzyklanýan okyjylaryň giň köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 231, 2019 KBK 66.3(2 Tü)+316 ýa 73

© Suwhanow N. we beýl., 2019
© «Ylym» neşirýaty, 2019



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# SÖZBAŞY

Her bir ýurduň, her bir milletiň taryhy giňişlikde öz eýeleýän orny bolýar. Şol orny aňlamak üçin her bir halk şu günki adamzadyň toplan pähim-paýhasyna hem-de döwrüň öňde goýan wezipelerine görä gaýtadan akyl ýetirmelidir. Häzirki döwürde dünýäde özgerýän, üýtgeýän her bir millet öz ykbalyny kesgitleýän ýoluny saýlap, ýurduň ösüşini we özgerişini gazanmak üçin öňe sürlen meseleleri çözmeli bolýar. Türkmen milleti hem öz garaşsyzlygyny gazanandan soňra şunuň bilen baglanyşykly wezipeleri amal etmeli boldy.

Gün-günden türkmen döwletiniň we jemgyýetiniň täzelenişe, ösüşe we özgerişe bolan ukyby artýar. Jemgyýetiň ähli gurşawlarynda düýpli özgerişler geçýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt Ýolbaşçylygyna gelmegi bilen şol özgerişlere gerek bolan esaslar has giňeýär. Ýurt Garaşsyzlygyndan başlanan özgerişleriň netijesinde türkmen jemgyýeti sowet jemgyýetçilik gurluşyndan demokratik jemgyýetçilik gurluşyna geçiş döwrüni tamamlap, özüniň täze hil ýagdaýyny döretdi. Şondan soňra türkmen ýurdy Beýik Galkynyş zamanasynyň üsti bilen Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüne gadam basdy. Şu hili çalt depginler bilen düýpli özgerýän, senagatlaşýan türkmen jemgyýetiniň özboluşlylygyny, onuň geljekki ösüşiniň ugurlaryny aňlamak hem nazary hem-de amaly ähmiýete eýe bolýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýurt ýolbaşçylygyna geçenden soňra kän wagt geçmänkä, ýagny 2008-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda ýurduň döredijilik işgärleriniň wekilleri bilen duşuşdy. Şonda döwletimiziň abadanlaşýan durmuşy barada gürrüň açanda, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlaryna ýüzlenip: «Biz bularyň ählisini diňe ýaşlar üçin edýäris. Şuny nazarda tutup, ýokary okuw mekdeplerimizde häzirki zaman türkmen jemgyýeti, onuň ösüş aýratynlyklary, kanunçylyklary barada gürrüň berýän sapagyň girizilmelidigini ýerlikli hasap edýärin»[1] diýip belläp, ýaşlara ýurdumyzda geçýän özgerişleri has çuňňur öwretmegiň zerurdygyna ünsi çekdi.

Hakykatdan hem, her bir adam, esasan hem, hünärmen öz ýaşaýan jemgyýetini bilmeli, onda öz ornuny tapyp, maksadalaýyk hereket etmegi başarmaly. Bu ýerde ýüze çykýan meseleleri çözmek ýokary mekdepleriň professor-mugallymlaryndan

[1] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – A. 2009, 45-48 sah.

we talyplaryndan intellektual yhlaslylygy talap edýär. Şu hakykat has hem häzirki türkmen jemgyýetine degişli. Ýaşlara gysga wagtyň içinde ozalky agrar ýurt bolan Türkmenistanyň senagat taýdan ösen döwletleriň hataryna işewür girişýän döwründe jemgyýetde bolup geçýän özgerişleri düşündirmek, dogrudan hem, köptaraply we örän ähmiýetli wezipedir.

XX asyryň 80-nji ýyllarynda dörän ykdysady-syýasy çökgünlik döwri sowet jemgyýeti baradaky taglymat esaslarynyň ylmy häsiýete eýe däldigini görkezdi. Şonuň üçin türkmen halky garaşsyz döwlete eýe bolanyndan soňra öz gurjak jemgyýetiniň görnüşini we aýratynlyklaryny kesgitlemeli boldy. 2000-nji ýylyň başynda geçen «Saparmyrat Türkmenbaşynyň jemgyýet baradaky taglymaty» atly ylmy-nazary maslahatda bu meseläniň çözgüdi ýokary derejede goýlan: «Türkmenler nähili jemgyýet gurýarlar?»[2] diýen sorag bilen anyklanyldy. Şonda türkmen jemgyýetini häsiýetlendirmegiň diňe bir ylmy taýdan ähmiýetiniň bolman, eýsem adamlaryň gündelik durmuşyna hem gerekligi bellenildi, sebäbi türkmen jemgyýeti ýurtda başlanan özgerişler döwründe özüniň içerki mümkinçiliklerini has giň we düýpli açmaly bolýar. Şonuň üçin jemgyýetiň içerki iteriji güýçlerini açyp, ony belent derejelere galdyrmaly bolýan ýaş nesil, ilki bilen hem ýokary bilimli hünärmenler öz ýaşaýan jemgyýetini, onuň aýratynlyklaryny gowy bilmelidirler.

Türkmen jemgyýetinde düýpli özgerişler bolup, ýurduň, ykdysady, syýasy we medeni ösüşi üçin täze mümkinçilikler açylýar. Biziň ýurdumyzda geçýän täzeleniş örän çuňňur. Türkmen jemgyýetiniň häzirki döwründe durmuş-ykdysady ösüşi gün-günden güýjeýär we ilatyň durmuşy täze hil görnüşine eýe bolýar. Şu döwürde bolup geçýän özgerişleri ählitaraplaýyn aňlap, döwrüň öňe sürýän talaplaryna we çagyryşlaryna jogap tapmaly bolýar. Ýurt Ýolbaşçysynyň jemgyýetiň häzirki ösüş döwrüni «Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri» diýip atlandyrmagy bu ugurda ädilen aýgytly ädim boldy.

Häzirki döwürde ýurtda adamzat jemgyýetiniň has göwnejaý görnüşini, onda adamyň köp görnüşli bähbitlerini, zähmete, eýeçilige, öz pikirini erkin beýan etmäge we goramaga bolan düýpli hukuklaryny iş ýüzünde durmuşa geçirýän jemgyýetiň gurluşygyna başlandy. Jemgyýet ykdysady ösüşi gazanmak bilen bir hatarda «ýaşaýşyň hilini» gowulamaga, ykdysady däl sosial maksatnamalary giňeltmäge gönükdirilen başlangyçlara ugrugýar. Öz gezeginde, adamy mertebelemek, onuň hukuklaryna we azatlyklaryna hormat goýmak türkmen jemgyýetiniň has jebisleşmegine, hakyky halk häkimiýetiniň berkarar bolmagyna gerekli esaslary döredýär.

Şol sebäpli başda «Türkmenistanda Täze Galkynyş eýýamy» diýip atlandyrylan okuw dersi Döwletbaştutanynyň «Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri» ýörelgesini we Garaşsyzlykdan başlanan özgerişleriň haýsy hem bolsa bir döwrüni däl-de, umuman, häzirki zaman türkmen jemgyýetini açyp görkezmek maksady bilen üýtgedildi.

[2] Saparmyrat Türkmenbaşy. Biz adalat jemgyýetini gurýarys. – A., 2000, 5 sah.

Şol at bilen okadylyp başlanan ders ýaşlaryň ýurtda, jemgyýetde bolup geçýän özgerişler baradaky diňe bir habarlylygyndan däl, eýsem şol jemgyýetiň özgerişiniň ýollaryny öwrenmeklerinden, bilmeklerinden hem-de olary şol özgerişe işewür gatnaşjak adamlar edip ýetişdirmek maksadyndan ugur alýar. Şonda geljekki hünärmenleriň ylym-bilim derejesini ýokarlandyrmagyň ýurtda geçýän özgerişleriň aýrylmaz bölegi bolup durýanlygy göz öňünde tutulýar. Bu ýerde öňe çykýan wezipeler ýokary mekdepde okadylýan ähli dersleri, şol sanda jemgyýetçilik ylymlaryny okatmakda täze derejä galmak bilen baglanylýar. Soňky döwürde geljekki hünärmenleriň ynsanperwer taýýarlygyny halkymyzyň medeni mirasy we ösen ýurtlaryň ýokary mekdepleriniň tejribesi esasynda kämilleşdirmegiň ýollary gözlenilýär.

Ilki bilen hem bu tejribäni türkmen halkynyň milli aýratynlyklary we ýurtda kem-kemden berkeýän bagtyýarlyk döwrüniň talaplaryna görä özleşdirmeli bolýar. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersini okuw dersi hökmünde okatmaga girişilende hem şu nukdaýnazardan ugur alyndy. Ol nazary we amaly häsiýete eýedir.

**Dersi okatmagyň maksady.** Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň baş maksady geljekki hünärmenleri türkmen jemgyýetinde bolup geçýän düýpli özgerişleri, halkymyzyň medeni mirasyny düýpli özleşdirip, jemgyýetiň döwrebaplaşmagy we senagatlaşmagy, onda adamyň döredijilik we gurujylyk ukyplarynyň has giňden açylmagy üçin döreýän şertler bilen tanyşdyryp, olaryň durmuşy meseleler, jemgyýetde demokratik gymmatlyklaryň ýaýbaňlanyşy, ýurtda senagat taýdan ösen döwletiň kemala gelşi, bu işleri amal etmekde hünärmeniň jogapkärçiligi barada oýlanmagyna kömek etmekdir. Şonuň ýaly-da bu ders biziň jemgyýetimiziň ösüşiniň bagtyýarlyk döwründe täzeçe pikir ýöretmegi, ylmy dünýägaraýşy geljekki hünärmenlerde kemala getirmäge hyzmat etmelidir.

Häzirki zaman türkmen jemgyýeti okuw dersi täze demokratik jemgyýeti ählitaraplaýyn açyp görkezmegi maksat edinýär, ýöne ýurduň ýokary mekdeplerinde geçilýän Türkmenistanyň taryhy, filosofiýa, sosiologiýa, syýasaty öwreniş we ykdysady nazaryýet dersleri hem jemgyýetde adamlaryň dürli ugurlardaky gatnaşyklaryny, olaryň hereketlerini, harytlary hem-de hyzmatlary öndürmegini hem sarp etmegini, zähmeti we dynç alşy, jemgyýetçilik durmuşynyň gurluşyny, düzümini öwrenýärler, ýöne olar türkmen jemgyýetini sosial-filosofiki nukdaýnazardan dolulykda derňemeýärler. Hawa, Türkmenistanyň taryhy dersinde türkmen jemgyýeti bilen baglanyşykly meseleler öwrenilýär, emma onda türkmen halkynyň geçmiş taryhy we garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary taryhy nukdaýnazardan açylyp görkezilýär. Biziň garaýan dersimizde häzirki türkmen jemgyýetinde bolup geçýän özgerişler ylmy-filosofiki nukdaýnazardan giňişleýin derňelýär.

Her bir ylym kimin häzirki zaman türkmen jemgyýeti baradaky ylym hem taryhy esaslarda kemala geldi. Bu ylym türkmen jemgyýetiniň ozalky jemgyýetçilik gurluşyndan täze jemgyýetçilik gurluşyna geçip, özüne mahsus bolan içki demokratik mümkinçiliklerini aýdyň açýan wagtynda aýratynlyga we özboluşly-

lyga eýe bolup, bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň hem raýat jemgyýetiniň gymmatlyklaryny özünde jemleýän jemgyýet baradaky ýurduň jemgyýetçilik ylymlarynyň aýratyn pudagy bolup ýüze çykdy. Bu ylym türkmen jemgyýetine öz maksatlaryndan we bähbitlerinden ugur alyp, öz zerurlygyny kanagatlandyrmak maksady bilen hereket edýän adamlary hem jemgyýetçilik toparlaryny öz içine alýan, edaralaryna we düzümine eýe bolan özgerýän ulgam hökmünde garaýar. Şu hem garalýan dersiň esasy meselelerini kesgitleýär. Her bir jemgyýetçilik ylmynyň üns merkezinde adam durýar, ýöne olar adamy dürli nukdaýnazardan öwrenýärler.

Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň bu meselä garaýşynyň özboluşlylygy Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt Ýolbaşçylygyna geçen ilkinji günlerinde öňe süren, «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesiniň bagtyýarlyk döwründe özboluşly ruhy durmuşy maksatnamany emele getirip, adamlary beýik maksatlaryň töweregine mäkäm jebisleşdirýänligi bilen kesgitlenýär. Bu dersde, bir tarapdan, täze döwürde döredijilikli, başarjaň, hünärli adamy ýetişdirmek üçin döwletiň edýän tagallalary açylyp görkezilse, ikinji tarapdan, il-ýurt bähbitlerinden ugur alýan, jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni-ruhy durmuşyny kämilleşdirmäge öz saldamly goşandyny goşýan adamyň işewürligini, jogapkärçiligini artdyrmagyň ýollary beýan edilýär.

Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersi boýunça okuw kitabyny taýýarlamaga gatnaşan awtorlar Döwletbaştutanynyň ýurduň ýokary okuw mekdeplerinde häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň ösüşine bagyşlanan täze dersi girizmek bilen baglanyşykly öňe süren talaplaryny göz öňünde tutmaga çalyşdylar. Şol talaplar bolsa ýaşlaryň ýurtda, jemgyýetde bolup geçýän özgerişler baradaky diňe bir habardarlygy däl, eýsem şol jemgyýetiň özgerişiniň ýollaryny öwrenmekleri, bilmekleri hem-de olary şol özgerişe işewür gatnaşjak adamlar edip ýetişdirmegi göz öňünde tutýar.

Awtorlar okuw kitabynyň esasy wezipesini ýaşlary häzirki döwürde jemgyýetde bolup geçýän özgerişler barada oýlanyp, pikir ýöredip, olary amal etmekde öz ornuny tapyp bilýän adamlar edip ýetişdirmäge ruhy esas bolup hyzmat etmeginde görýärler. Şu maksatlar we wezipeler okuw kitabynyň many-mazmunyny we düzümini kesgitleýär. Kitabyň many-mazmuny açylanda, **birinjiden,** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ylmy-filosofiki we çeper eserlerinde, çykyşlarynda, interwýularynda, ylmy makalalarynda, ilki bilen hem «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly maksatnamalaýyn makalasynda kesgitlenen täze taglymaty we jemgyýeti öwreniş ylymlarynyň usulyýeti göz öňünde tutuldy. Bu taglymat we usulyýet biziň döwrümiziň filosofiýa, sosiologiýa we beýleki jemgyýetçilik ylymlarynyň gazanan netijelerine esaslanýar. **Ikinjiden,** häzirki döwürde okadylýan ähli jemgyýetçilik ylymlarynda türkmen jemgyýeti, onuň syýasy, ykdysady we medeni ulgamlary barada berilýän düşünjeleri hem maglumatlary göz öňünde tutup, garalýan dersde jemgyýetde ba-

zar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň gymmatlyklarynyň ýüze çykyşyny hem-de hereket edişini öňküler bilen sazlaşykly beýan etmegiň ýollary gözlendi. **Üçünjiden,** garalýan dersiň maksatnamasynda aýry-aýry temalaryň ýygyndysy görnüşinde däl-de, biri-biriniň üstüni ýetirýän bölümler hökmünde açylmaga çalşyldy. **Dördünjiden,** garalýan dersiň bölümleri we baplary atlandyrylanda duýgulaýyn görnüşdäki düşünjeler däl-de, ylmy görnüşdäki düşünjeler ulanyldy.

Şu ýörelgelerden ugur alnyp, kitabyň sekiz bölüminde ýurduň tebigy, medeni we demografiki mümkinçilikleri, garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda türkmen jemgyýetiniň syýasy, ykdysady, medeni gurşawlarynda bolup geçen özgerişler hem-de bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň hem raýat jemgyýetiniň gymmatlyklaryny özleşdirmek üçin dörän esaslaryň jemgyýetiň ösüşiniň täze derejä çykmagyna döredýän mümkinçilikleri beýan edilýär. Şonuň ýaly-da bu ýerde türkmen jemgyýetiniň syýasy ulgamynda bolup geçýän özgerişler, döwletiň milli galkynyşa döredýän esaslary bilen baglanyşykly meseleler derňelip, türkmen jemgyýetinde bazar ykdysadyýetiniň döreýşi, onuň sosial goragly häsiýete eýe bolşy, jemgyýetiň sosial düzüminde döreýän täze synplar we gatlaklar görkezilýär.

Bu kitapda jemgyýetiň ruhy durmuşynyň özgerişi, onuň halkyň medeni mirasyna esaslanyp täze hil derejä çykyşy giňişleýin derňelýär. Jemgyýetiň galkynyşynyň ruhy galkynyşdan başlanýandygy göz öňünde tutulyp, onuň üçin döreýän mümkinçilikler seljerilýär. Bu ýerde türkmen halkynyň baý medeni mirasyny özleşdirmäge aýratyn orun berilýär. Şol mirasa esaslanyp ylymly, bilimli, hünärli we jogapkärçilikli ýaş nesli ýetişdirmek ugrunda täze döwürde ýerine ýetirilýän işler bu ýerde giňişleýin beýan edilýär. Demokratiýanyň ýaýbaňlanmagy, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň gurulmagy bilen baglanyşykly meseleleriň çözgüdini amal etmek häzirki döwürde ýurtda alnyp barylýan işleriň düýp manysyny düzýänligi sebäpli olar bu ýerde derňelýär. Bitarap türkmen döwletiniň daşary syýasaty, onuň dünýä birleşiginde eýeleýän orny kitapda köptaraplaýyn beýan edilýär.

«Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» okuw kitabynyň awtorlary öz ilkinji wezipelerini Ýurtbaştutanynyň eserlerinde berilýän ylmy kesgitlemeleri hem öňe sürülýän maksatlary açyp görkezmekde görýärler. Türkmen jemgyýetinde bolup geçýän özgerişler örän çuňňur we düýplüdir. Awtorlar her bir meseläni beýan edenlerinde jemgyýetiň täze hil derejesini häsiýetlendirmäge çalyşdylar. «Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» ilkinji gezek beýan edilýänligi bilen baglanyşykly goýulýan meseleleriň käbiriniň has giňişleýin açylmagynyň gerek bolmagy mümkin. Okuw kitabyny geljekde has kämilleşdirmäge gönükdirilen bellikleriňize awtorlar minnetdar bolarlar. «Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» atly okuw kitabynyň ähli baplary professor N. Suwhanow we kä baplar onuň ýolbaşçylygynda (IV bap ý.y.d. B. Zahyrowyň we VIII bap t.y.k. S. Süleýmanowyň gatnaşmagynda) awtorlar topary tarapyndan taýýarlanyldy.

# I BAP

# HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN JEMGYÝETI DERSINIŇ PREDMETI, ONUŇ MAKSADY WE WEZIPESI

## 1-NJI SAPAK. HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN JEMGYÝETI DERSINIŇ PREDMETI. ESASY DÜŞÜNJELER. DERSIŇ MAKSATLARY WE WEZIPELERI

*Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň predmeti. Türkmen jemgyýeti, ondaky özgerişler. Garaşsyzlyk we jemgyýetiň hil taýdan täze derejä çykmagyna dörän mümkinçilikler. Türkmen jemgyýetiniň täzeleniş döwri. Galkynyş eýýamy. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri. Türkmenistanda raýat jemgyýetiniň kemala gelşiniň özboluşlylygy.*

*Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň esasy düşünjeleri. «Jemgyýet», «türkmen jemgyýeti», «häzirki zaman türkmen jemgyýeti», «Täzeleniş», «postindustrial ösüş», «özgeriş», «döwrebaplaşmak we industriallaşmak» düşünjeleri. «Ruhy galkynyş», «milli galkynyş», «senagat taýdan ösen döwlet», «berkarar döwlet», «bagtyýarlyk döwri», «raýat jemgyýeti», «hukuk döwleti» düşünjeleriniň many-mazmuny. Milli we umumadamzat gymmatlyklary, olaryň özara baglanyşygy.*

*Hünärmenleriň gumanitar taýýarlygynyň ulgamynda Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň tutýan orny. Dersiň terbiýeçilik ähmiýeti. Milletiň we ýurduň geçmişi, şu güni we geljegi, halkyň belentliklere galan we pese düşen döwürlerine baha bermekde dersiň orny. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň ýokary okuw mekdebinde okadylýan beýleki jemgyýetçilik ylymlary bilen baglanyşygy.*

*Häzirki zaman siwilizasiýasynyň ösüş aýratynlygy we bütindünýä globallaşma prosesi. Türkmenistanyň dünýä bileleşigindäki orny we bu ornuň geljekde has hem berkemegine açylýan ýol.*

**Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň predmeti.** Bu dersi okatmaga girişilende onuň öwrenýän meselelerini anyklamak gerek. Bu okuw dersi nazary we amaly häsiýete eýe bolýar.

Häzirki zaman türkmen jemgyýeti baý medeni mirasa eýe bolan halkyň yhlasy bilen özgerýän, täze hil derejelerine galýan jemgyýet. Ozal, esasan, agrar ýurt bolan Türkmenistan senagat taýdan ösen döwlete öwrülýär.

Diýmek, bu dersde bir derejeden has ýokary derejä galýan jemgyýeti öwrenmek maksat edinilýär. Şonuň üçin jemgyýetiň durmuşyny derňemekde häzirki döwrüň ylmy-filosofiki pikirleniş usullary, esbaplary, şol sanda kompýuterler ulanylýar.

Bu dersiň üns merkezinde senagatlaşýan türkmen jemgyýetiniň içki mümkinçilikleriniň açylyş aýratynlyklary durýar. Belli bolşy ýaly, öwrenilýän zat baradaky düşünje, şol zat baradaky maglumatlaryň jemi bolýar. Jemgyýetçilik ylymlarynyň öwrenýän zatlary baradaky maglumatlary, köplenç, olaryň özleri tarapyndan alynman, olar üçin başga çeşmelere ýüzlenilýär. Bu ylymlar üçin maglumat çeşmesi bolup, döwlet we pudaklaryň statistikasy, resminamalar, köpçülikleýin habar beriş seriş-

deleri çykyş edýärler. Takyk we dogruçyl maglumatlary almak bu ylymlar üçin örän wajyp meseledir, sebäbi şol maglumatlar olaryň ylmy derňewleriniň obýekti bolýarlar.

Indi garalýan dersiň öwrenýän meseleleri näme? diýen soraga **ilkinji başlangyç kesgitleme:** Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersi jemgyýetçilik ulgamynyň ýaşaýşyny, ösüşini we özgerişini öwrenýän nazary we amaly ylymdyr. Ilki bilen, garalýan okuw dersiniň türkmen jemgyýetini ulgamlaýyn derňemegi maksat edinýändigini bellemeli. Jemgyýetiň ykdysady, syýasy, medeni gurşawlary biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykda bolýarlar. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti okuw dersi şol gurşawlaryň ulgamynda durmuşyň özara täsirleri baradaky meselä garaýar. Belli bolşy ýaly, ulgamlaýyn garamak her bir hadysada durnukly başlangyçlary ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Mysal üçin, jemgyýetiň ykdysady, syýasy, medeni gurşawlaryny bitewilikde açyp görkezýär. Ulgamlaýyn ýörelge jemgyýete ylmy taýdan akyl ýetirmegi gurnaýjy başlangyç bolup ýüze çykýar.

Bu başlangyç jemgyýetiň ilkibaşdan organiki bitewilik bolup çykyş edýänliginden ugur alýar. Oňa girýän bölekler, edaralar, düzümler özara baglanyşykda we özara täsirde bolýarlar. Bu bolsa jemgyýetiň özgerýän döwründäki «işleýiş» mehanizmini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Garalýan dersiň nazary we amaly ylym bolýanlygy bolsa, onda öňe sürülýän taglymatlaryň kadalaşdyrylan maglumatlaryň takyk ylmy derňewine esaslanýanlygyndadyr. Ol diňe şu esasda kesgitlenýär. Bu ylym «abstrakt düzümlerden» we «ýeke-täk synpy bähbitden» daşda durýar.

**Ikinji başlangyç kesgitleme:** «Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» türkmen ýurdunda senagat taýdan ösen döwletiň döreýşi baradaky sosial ylymdyr. Onuň öwrenýän meseleleri, umuman, «jemgyýet» barada däl-de, takyk giňişlikde we wagt ölçeginde özgerýän türkmen jemgyýetidir. Bu ýerde jemgyýetiň geçmişine, şu gününe we geljegine düşünmäge esaslar bar. Bu ylmyň öňe sürýän garaýyşlary jemgyýetiň häzirki zerurlyklary bilen kesgitlenilýär. Jemgyýet belli bir giňişlikde (ýagny adam köpçüligi bilelikde ýaşaýar we işleýär, kada-kanunlar we zerurlyklar bilen baglanyşylan) we wagtda kemala gelýär, açylýar, jemgyýetde özgerişler geçýär, bir nesil beýleki nesil bilen çalşylyp, jemgyýetdäki yzygiderliligi, dowamlylygy üpjün edýär. Bu bolsa garalýan dersiň Türkmenistanyň taryhy dersi bilen baglanyşygyny görkezýär. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersi öz manysyna görä, ilki bilen, taryhy ylymdyr. Bu ýerde jemgyýetiň özgerişiniň dürli döwürleri (garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary, täze Galkynyş eýýamy, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri) bitewi görnüşde, ýagny indiki döwre öňki döwrüň täze derejesi hökmünde garalýar. Diýmek, täze eýýamda öňki döwrüň gymmatly taraplary has kämil görnüşde gatnaşýarlar.

**Üçünji başlangyç kesgitleme:** Bu ýerde adamy beýgeldýän gymmatlyklar giňişleýin açylýar. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti, umuman, adamyň döredijilik, gurujylyk hereketi esasynda özgerýän, täze derejelere galýan jemgyýet baradaky ylymdyr. Şonuň üçin ol belli bir derejede sosial filosofiýa we sosiologiýa ylymlary görnüşinde hem çykyş edýär. Ol «Jemgyýet näme?» diýen soragyň jogabyny

türkmen jemgyýetiniň mysalynda açmaga çalyşýar. Bu jogaby tapmak, ýokarda bellenilişi ýaly, ýeňil däl. Onuň kynlygy hem öwrenilýän zatda öwrenýänleriň hem barlygy bilen bagly bolýar. Ine, şonuň üçin garalýan ders jemgyýeti derňände filosofiýa we sosiologiýa ylymlarynyň çykaran netijelerine hem esaslanýar, olaryň kesgitlemelerini ulanýar. Şol ylymlaryň kesgitlän ölçeg birligi esasynda türkmen jemgyýetini häsiýetlendirmäge çalyşýar. Olar jemgyýeti häsiýetlendirmegiň wajyp ölçegleri bolýarlar. Şu okuw dersinde «adam», «maşgala», «sosial topar» diýen düşünjeler giňden ulanylýar.

Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersde türkmen jemgyýetiniň ähli gurşawlary – ykdysady, syýasy we medeni ulgamlary giňişleýin derňelýär. Olaryň türkmen halkynyň milli medeni mirasy bilen kesgitlenilýän özboluşlylygyny we dünýäniň ösen ýurtlarynyň tejribesi bilen kesgitlenilýän umumylygyny açmaga çalşylýar. Şonda Häzirki zaman türkmen jemgyýeti baradaky okuw dersi syýasaty öwreniş we ykdysady taglymat ylymlaryna esaslanýar. Bu ýerde ykdysady we syýasy meseleler derňelende olaryň ylmy usullary ulanylýar. Umuman, häzirki türkmen jemgyýetiniň özgerişini, galkynyşyny, bagtyýarlyk döwrüniň ýörelgelerini ählitaraplaýyn açyp görkezýär. Garalýan dersiň wajyp düşünjesi hökmünde bolsa «sosial düzüm» düşünjesini kabul etmek bolar.

Bu ýerdäki soraglary anyklamak üçin Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň filosofiýa we sosiologiýa ylymlary bilen baglanyşygyna gaýdyp geleliň. Olaryň baglanyşygy örän jebis, sebäbi onuň esasynda adamzadyň sosial pikiriniň ilkibaşdan bitewiligi durýar. Käbir halatlarda, filosofiki pikirleriň gönümel «işleýänligine» garamazdan, türkmen jemgyýeti baradaky okuw dersi filosofiýa däldir. Onuň filosofiýa bilen baglanyşygynyň dowamlylyk, olaryň biriniň beýlekisine goşulmagy, garalýan dersiň sosial filosofiýanyň bir bölegi hökmünde kabul edilmegi nädogrudyr. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti baradaky okuw dersiniň sosiologiýa ylmy bilen baglanyşygynyň jebisligini belläp, olara hem käbir halatlarda ýokarda getirilen düzgünleri ulansa bolar. Filosofiýa, sosiologiýa we häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersleri özbaşdak, şol bir wagtda hem biri-biri bilen dialektiki baglanyşykda bolan sosial ylymlardyr.

Diýmek, Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň mazmunyny hem, düşünjelerini hem sosial filosofiýa ýa-da sosiologiýa dolulygyna goşmak bolmaz. Hawa, häzirki türkmen jemgyýeti häsiýetlendirilende filosofiýanyň, has hem sosiologiýa ylmynyň düşünjeleri peýdalanylýar. Bu ýerde garalýan dersiň sosiologiýa bilen ýakynlygy aýdyň görünýär. Olaryň filosofiýadan tapawudynyň umumylygy bar. Olaryň esasy meselesi materiýa we aň däl-de, eýsem sosial düzüm we sosial edara, medeniýet, sosial gurama baradaky meseleler; umuman, adam meselesi däl-de, eýsem jemgyýetde öz ornuna eýe bolýan şahsyýet we onuň hereketi bilen bagly meselelerdir. Sosial gatnaşyklaryň düýpli esaslary baradaky meseleler däl-de, eýsem özara sosial täsirler we özara gatnaşyklar baradaky we beýleki meseleler bolýarlar.

Bu ýerde häzirki zaman türkmen jemgyýeti baradaky okuw dersiniň meseleleriniň we onda ulanylýan düşünjeleriň sosiologiýanyň meselelerinden we düşünjelerinden hem tapawutlanýanlygyny bellemeli. Garalýan dersi türkmen jemgyýetinde bolup geçýän özgerişler bilen baglanyşykly meseleler gyzyklandyrýar we ol meseleleriň çözgütleri bu ýerde özboluşly, türkmeniň asyl ruhy gymmatlyklaryndan gelip çykýan düşünjeleriň üsti bilen beýan edilýär. Görşümiz ýaly, Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersi öz öwrenýän meselelerine we düşünjelerine eýe bolup, ýurdumyzyň jemgyýetçilik ylymlarynyň bir bölegi bolup çykyş edýär.

**Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň wezipeleri** Garalýan ders türkmen jemgyýetiniň täze demokratik häsiýete eýe bolýan döwrüni giňişleýin derňäp, bu döwrüň özboluşlylygyny, içki hereketlendiriji güýçlerini, ösüş we özgeriş kadalaryny açyp görkezmäge çalyşýar. Garalýan dersiň wezipesi, mümkin boldugyndan giň we çuňňur türkmen jemgyýetiniň durmuşynda geçýän hadysalary açyp görkezmekdedir. Şu wezipe örän ähmiýetli we şol bir wagtda hem çylşyrymlydyr, sebäbi jemgyýetiň durmuşy hadysalara örän baý. Ol hadysalar hem hereketli, gapma-garşylykly häsiýetlere eýe bolup, özüniň köpdürlüligi bilen tapawutlanýarlar. Ine, şonuň üçin Häzirki zaman türkmen jemgyýeti okuw dersi şeýle köpdürlüligi derňeýän jemgyýetçilik ylymlarynyň netijelerine esaslanýar. Şol esaslaryň üsti bilen ol jemgyýetiň ýaşaýşynyň şekilini, onuň dürli taraplarynyň özara täsirini, ösüşiniň ugruny we kanunlaryny açyp görkezýär.

Häzirki döwürde jemgyýetiň özgerişiniň ylmy şekilini açyp görkezmegiň zerurlygy her bir ädimde aýan görünýär. Jemgyýetiň özgerişi öz akymyna däl-de, tebigylykdan ugur alyp oýlanyşykly, maksadalaýyk hem-de ähli adamlaryň bähbitleriniň sazlaşygy esasynda geçende netijeli bolýar. Onuň üçin bolsa adamlaryň hereketleri mümkin boldugyndan, oýlanyşykly bolmalydyr. Şeýle oýlanyşyklylyk has hem durmuş meseleleriniň çözgütlerini tapyjy we durmuşa geçirmegi gurnaýjy döwlet edaralary üçin wajypdyr. Oýlanyşyklylyk häzirki pursatyň bähbidinden has ýokary galyp, uzakmöhletleýin bähbitleri kesgitlemäge esas bolýar. Biziň jemgyýetimiziň mysalynda adamlaryň şeýle ukyba eýe bolmaklaryna türkmen jemgyýeti baradaky okuw dersi gerekli pähim-paýhas esaslaryny döredýär. Bu ders biziň häzirki jemgyýetimiziň täze tebigatyny we onuň ösüş ugruny görkezip, adamyň jemgyýetçilik hereketleriniň we onuň jemgyýetde öz-özüni tassyklamagynyň ähmiýetini açyp, adamlaryň, sosial toparlaryň jemgyýetde bolup geçýän özgerişleriň uzakmöhletleýin täsirini aňlamaklaryna hemaýat edýär.

Şeýlelikde, garalýan ders türkmen jemgyýetinde dünýägaraýyş, nazary we belli bir derejede usulyýet wezipelerini ýerine ýetirýär. Onuň *dünýägaraýyş wezipesi* adamda täze türkmen jemgyýetiniň ýaşaýşyna we ösüşine garaýyşlary kemala getirýänligi we olaryň netijesinde adamyň belli bir derejede jemgyýetdäki öz ornuny we ýaşaýşynyň manysyny kesgitleýänligi bilen baglydyr. Dersiň *nazaryýet wezipesi* täze türkmen jemgyýetiniň çuňluklaryna ornaşyp, bu ýerde bolup geçýän

hadysalar barada taglymat derejesinde, ýagny jemgyýetiň ösüşiniň many-mazmuny barada ulgamlaýyn ylmy garaýyşlary öňe sürmäge esas döredýänligi bilen bagly. Şular hem onuň usulyýet wezipesi bolýar. Onuň ýörelgeleri biziň jemgyýetimizde bolup geçýän hadysalaryň ol ýa-da beýleki taraplaryny öwrenýän jemgyýetçilik ylymlary üçin peýdalydyr.

## Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň jemgyýetiň ruhy dünýäsindäki orny. Esasy düşünjeler

Häzirki zaman türkmen jemgyýeti baradaky okuw dersiniň wezipesi, ýokarda bellenilişi ýaly, özgerýän türkmen jemgyýetini ylmy esasda derňemek we şol jemgyýetiň dürli taraplary bilen baglanyşykly täze gymmatlyklary, düşünjeleri, kesgitlemeleri işläp düzmek bolýar, ýöne onuň wezipeleri diňe şu işler bilen çäklenmeýär. Onuň esasy wezipeleriniň biri jemgyýetiň özgerişi bilen baglanyşykly amaly meseleleri çözmekdir, ýagny geljekki hünärmenleriň Watany özgerdiji adamlar bolup ýetişmeklerine gerek bolan garaýyşlary açyp görkezmekdir.

Türkmen ýurdunda düýpli we aýgytly täzeleniş geçýär. Bu döwür türkmen jemgyýetiniň hemme taraplaryny özgerişlere getirýän täze başlangyçlary ýüze çykardy. Şol başlangyçlar häzirki döwürde jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynyň oýlanyşykly ölçegler bilen gurnalmagyny, erkin, azat hereket edip bilýän adamlaryň taplanmagyny, täze pähim-paýhasyň we zähmet etikasynyň döremegini üpjün etmeli bolýar. Şeýle pähim-paýhasyň we ukybyň döremegi üçin bolsa täze aň, täze ýol-ýörelge gerek bolýar.

Häzirki zaman tükmen jemgyýeti dersi hem belli bir derejede şu wezipäni amal edýär. Şonda ol türkmen jemgyýetinde milli gymmatlyklaryň umumadamzat gymmatlyklary bilen sazlaşygyny gazanmagyň ýollaryny kesgitleýär. Ol türkmeniň asyl ruhy gymmatlyklaryndan, baý medeni mirasyndan ugur alyp, häzirki bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň gymmatlyklaryny özleşdirýän jemgyýetiň ähli taraplarynyň özgermegine gerek bolan döwrüň talaplaryna laýyk gelýän düşünjeleri işläp düzmäge çalyşýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow halkyň ruhunyň we aňynyň çuňluklaryna, nesilleriň ahlak tejribesine, türkmeniň ýol-ýörelgesine, taryhy tejribesine esaslanyp, adamy mertebelemegiň gerekligini belleýär. Bu işi amal etmezden hiç bir ylmy, tehniki we durmuşy ösüşiň bolup bilmejekligi barada netije çykaryp, «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgäni öňe sürdi. Ylymly-bilimli, hünärli, gurujy, dörediji öz Watanyny çyn ýürekden söýýän adamy ýetişdirmek meselesi häzirki zaman tükmen jemgyýeti baradaky okuw dersiniň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersi ýaş nesliň milletiň we ýurduň geçmişini, şu gününi we geljegini bilýän, halkyň belentliklere galan döwürlerine guwanýan, buýsanýan, pese düşen döwürleri barada oýlanýan, olara dogruçyl baha bermegi başarýan adamlar bolup ýetişmegi üçin ylmy esas bolup çykyş edýär. Adamda ta-

ryhy hakydanyň oýanmagy onuň watançylyk duýgusynyň kämil bolmagynyň esasy şertidir. Watanyň mukaddesligine akyl ýetirmek her bir raýatyň borjy bolýar. Özleşdirmäge girişilýän dersde «Watan» düşünjesine diňe bir milletiň ýaşaýan giňişligi hökmünde garalman, eýsem oňa il, jemgyýet, maşgala, dogan-garyndaş, döwlet, dost-ýar, dogduk mekan, ýurduň taryhy, şu güni we geljegi düşünjeleriniň üsti bilen garalýar. Adam özüne gymmatly bolan şu we beýleki gymmmatlyklary umumylaşdyryp, olary «Watan» diýen bir söz bilen aňladýar. Bu ýerde «Watan gymmatlygy» düşünje hökmünde döwleti, ýurdy we milleti öz içine alýan bir bitewi giňişlik görnüşinde göz öňüne getirilýär. Ýurt, millet we döwlet bilen baglanyşykly meseleler bu dersde giňişleýin açylyp görkezilýär. Garalýan dersde bu düşünjeler taryhy nukdaýnazardan öwrenilýär.

Türkmeniň taryhynda öz milletini jany-teni bilen söýen, ýurduny janyny gaýgyrman goran, Watanyna ak ýürekden gulluk eden gerçekleriň (Ärsary babanyň, Keýmir körüň, Döwletmämmet Azadynyň, Magtymguly Pyragynyň, Seýitnazar Seýdiniň, Gowşut hanyň, Gökdepe galasyny goranlaryň we beýl.) ajaýyp mysalyny görýäris. Taryh deňeşdirme ölçegini berýär (türkmenleriň beýik döwletleri guran döwürleri onuň mysaly bolýar). Taryh biziň häzirki döwrümiziň daýanjy, ýolgörkezijisi bolup çykyş edýär. Garalýan dersiň watançylyk taglymaty türkmen taryhynyň şanly sahypalaryna daýanýar. Şu dersde getirilýän geçmişde ýaşan watandaşlarymyz öz ömürleriniň gysga pursatlary bilen häzirki nesilleri geljege ugrukdyrýarlar. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersinde milletiň öz uzak taryhynyň dowamynda toplanan gymmatlyklarynyň baýlaşyp täze derejelere çykyşy beýan edilýär.

Olary çuňňur özleşdiren adamda watançylyk duýgulary oýanar. Täze döwürde watançy bolmak özüňde dörän şu duýgulary öz işiňde amal edip Watany beýgeltmek bolýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «Adatça, mertler Watany beýgeldýändir, Watan bolsa mertleri beýgeldýändir» diýýär. Häzirki döwürde kemala gelýän nesli Watany beýgeltmäge ukyply adamlar edip ýetişdirmek, ilki bilen, täze intellektual elitany ýetişdirmäge goşant goşmak garalýan dersiň wajyp wezipesidir. Täzelenýän jemgyýetde erkin hereket edýän adamyň ýetişmegi ýurduň senagat taýdan ösen döwlete öwrülmeginiň wajyp şerti bolýar. Bagtyýarlyk döwründe jemgyýet öz esasynda özgerip, kesgitsizlikden aýgytlylyga geçip, ol asyl demokratik aýratynlyklaryny açyp başlaýar. Bu döwürde şol esaslarda döreýän mümkinçilikler adamyň döredijilikli zähmetiniň üsti bilen amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Prezidenti bu döwürde jemgyýetiň öňünde ýüze çykýan meselelere ünsi çekip: «… biz döwlet ösüşiniň täze tapgyryna gadam basdyk. Bu bolsa täzeçe işlemegi, biziň durmuşymyza täzelikleriň girizilmegini talap edýär» diýip belleýär. Diýmek, türkmen jemgyýetiniň häzirki täzelenýän döwründe adamlaryň täzeçilligi görmek we täze gymmatlyklary döretmek ukyplary artmalydyr. Onuň üçin bolsa, ilki bilen, gün-günden aýdyňlaşýan bagtyýarlyk döwrüniň aňyýeti türkmeniň pähim-paýhasyna esaslanyp, döwrüň talaplaryna laýyklykda, täze düşünjeleri hem kesgitlemeleri, şeýle-de täze gymmatlyklary işläp düzmäge ukyply bolmalydyr.

Häzirki türkmen jemgyýeti baradaky okuw dersi şol gymmatlyklary özünde jemläp, täze aňy döredýär. Bu aň jemgyýetiň ähli ugurlaryna täsir edip, bazar gatnaşyklarynyň içinde adamlaryň erkin hereket etmeklerine gerek bolan türkmeniň ýaşaýyş medeniýetini berkitmäge esas bolýar. Ol medeniýet adamlaryň täze gymmatlyklaryň özleşdirilişine täsir edip, jemgyýetiň içinde täzeliklere öz-özüne ýeterlik gymmatlyk hökmünde garaýan adamlaryň hataryny giňeltmäge hem-de olaryň jemgyýetde tutýan ornuny ýokarlandyrmaga hyzmat edýär. Şonda ýurt Ýolbaşçysynyň öňe süren «Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri» ýörelgesi, bir tarapdan, adamlaryň döredijilige, gurujylyga ukybyny we hyjuwyny ardyrmaga esas bolýan bolsa, ikinji tarapdan, jemgyýetde döredijilikli zähmete hem telekeçilige bar bolan päsgelçilikleri aradan aýyrmaga kömek berýän ruhy esas bolup çykyş edýär.

Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň esasy düşünjeleri «türkmen jemgyýeti», «geçiş döwri», «galkynyş», «bagtyýarlyk döwri», «senagatlaşmak» düşünjeleridir. Ýokarda «jemgyýet», «türkmen jemgyýeti» düşünjeleriniň üstünde durlup geçilipdi. Eger jemgyýetiň birleşdiriji başlangyçlary kadalar we gymmatlyklar bolan adamlaryň gatnaşyklarynyň ulgamy hökmünde garalsa, onda türkmen jemgyýetinde şol gatnaşyklaryň sada we sagdyn häsiýete eýe bolýandygyny bellemeli. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti baradaky okuw dersinde şol esasda industrial gymmatlyklary özleşdirilip, ýurtda senagat taýdan ösen döwletiň kemala gelmegine ýol açýar.

Diýmek, häzirki zaman türkmen jemgyýeti özboluşly ösüş ýoly bilen barýan halkyň döredijilikli zähmeti esasynda senagatlaşýan jemgyýetdir. Şol ýoluň wajyp bölegini düzýän geçiş döwri 1991-nji ýylda türkmen halky öz garaşsyzlygyny alyp, sowet jemgyýetçilik gurluşyndan demokratik jemgyýetçilik gurluşyna geçen döwrüni öz içine alýar. Bu döwür 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy kabul edilenden soňra, demokratik gymmatlyklaryň has giňişleýin ýaýbaňlanmagyna ýol açylmagy bilen tamamlanýar. Şondan soňra türkmen jemgyýeti öz asyl gymmatlyklary esasynda özgerip, ruhy galkynyşa eýe bolýar. Ylymda Galkynyş (fransuzça *Renessans*) orta asyr medeniýetinden täze döwrüň medeniýetine geçýän, medeni we ruhy ösüşiň döwrüdir. Garalýan dersde hem «Galkynyş» düşünjesi türkmen jemgyýetinde geçiş döwri tamamlanyp, onuň öz döredijilik, gurujylyk ukybyny açýan döwri bolýar. Onuň many-mazmuny barada aýdylanda, onda ol ylmyň, bilimiň, milli aňyň täze derejä galmagy bilen bagly bolýandygyny bellemelidir. Adamzat taryhynda bolup geçen ähli galkynyşlar oňa şaýatlyk edýärler. Şeýle döwürlerde dünýewi oý-pikirler has güýjeýär. Olar ynsanperwer häsiýete eýe bolýarlar. Ynsanperwerlik, sözüň doly manysynda, durmuşy we ykdysady ösüşiň esasy maksadyny adamyň hal-ýagdaýyny, ýaşaýyş derejesini gowulandyrmakda görýär we adamyň şahsyýetlik gymmatlygyny goramaga hyzmat edýär. Galkynyşlar döwri ykdysady, ruhy-medeni ýokary göteriliş bolup geçýär. Şonuň üçin bu ýerde «milli galkynyş» we «ruhy galkynyş» barada aýtsa bolar. Eger ýokarda getirilen düşünjeler ruhy galkynyşy häsiýetlendirýän bolsa, «mil-

li galkynyş» düşünjesiniň manysyny açyp görkezmek üçin türkmen jemgyýetinde geçýän özgerişlere ýüzleneliň. Ýurtda şol döwürde türkmen jemgyýetiniň hemme taraplaryny düýpli özgerişlere getirýän ruhy başlangyçlary ýüze çykarýar.

**«Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri» düşünjesi** 2012-nji ýylyň 12-nji fewralynda geçen Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynyň yz ýanynda (şol ýylyň 24-nji fewralynda) ýurt Ýolbaşçysynyň:«...men täze Prezident saýlawlaryndan soň mähriban Türkmenistanymyz üçin täze durmuşy filosofiýanyň, jemgyýetçilik aňyýetiniň, syýasy we ykdysady ösüşleriň umumy ulgamyny öz içine alýan ýörelgäniň zerurlygyny duýdum. Ol ýörelge «Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri» diýip atlandyrylsa laýyk boljakdy. Zähmetsöýer we intellektual derejeli türkmen halky bu ýörelgäniň biziň döwrümize doly mahsusdygyny duýdy we gyzgyn gollady. Biz geljekde ähli ösüşlerimizde şu ýörelgä esaslanarys»[3] diýip, ýurduň häzirki döwrüne beren häsiýetnamasy häzirki türkmen jemgyýetiniň aýratynlygyny açyp görkezýär. Şonuň ýaly-da bu ýörelge ähli ugurlarda başlanan özgerişleri çuňlaşdyrmaga gerek bolan ruhy esaslary döredýär.

Garaşsyzlykdan soňra geçilen döwürleriň özboluşlylygy we özara baglanyşygy türkmen ruhunyň ýüze çykyşynyň görnüşleri bilen baglydyr. Eger türkmeniň ruhy başda adamlara garaşsyzlykdan öňki ýyllar öz aňlaryna ornaşan özüňe ynanmazlyk psihologiýasyndan azat bolmaga kömek eden bolsa, soňra ol Täze Galkynyş eýýamynda öz asyl gymmatlyklaryna eýe bolup, ýurtda giňişleýin başlanan ösüşlere we özgerişlere paýhas esas bolup çykyş edýär. Bagtyýarlyk döwründe türkmeniň ruhy asyl milli gymmatlyklar esasynda adamlaryň täze gymmatlyklary özleşdirip, erkinlik we ynamlylyk duýgusyna hem döredijilik aňyna we ukybyna eýe bolmaklary üçin gerek bolan pähim-paýhasy döredýär. Şeýle täsirlilige eýe bolmak üçin bu taglymat, bir tarapdan, türkmeniň asyl ruhy gymmatlyklarynyň döwrebap häsiýete eýe bolmagyna esas döretse, ikinji bir tarapdan, döwrüň gymmatlyklaryny milli ölçegleri ulanyp, olara ynsanperwer häsiýet berýär. Milletiň şeýle ukyba eýe bolmagy, türkmen halkynyň durmuş filosofiýasynyň esasynda mümkindir.

Türkmen milleti iň gadymy milletleriň biri bolup, sada-sagdyn durmuş ýörelgelerini, ahlak gymmatlyklaryny döredip bilipdir. Şol ýörelgeleriň bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň, raýat jemgyýetiniň gymmatlyklary bilen sazlaşyp umumadamzat gymmatlyklary bilen baýlaşmagy esasynda milli galkynyş mümkin bolýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle sazlaşygyň wajyplygyny ylym-bilim ulgamynyň mysalynda açyp görkezip: «Bilim we ylym ýaly ugurlaryň tebigatynyň özi diňe bir milli häsiýetli bolmak bilen çäklenmän, eýsem has köp derejede milli çäklerden çykýandyr[4]» diýip belleýär. Adamzadyň toplan baý tejribesine, onda-da häzirki ösen döwletleriň bazar ykdysadyýetini, hukuk döwletini, raýat jemgyýetini gurmakdaky toplan tejribesine daýanmak biziň

[3] Aşgabat söýginiň we ynançlaryň şäheridir. – A.: TDNG, 2012, 5 sah.

[4] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 1-nji tom. – A.: TDNG, 2008, 209–210 sah.

ýurdumyzda geçýän özgerişleriň netijeli bolmagynyň kesgitleýji şertidir, ýöne ol tejribäni onda-da döwleti dolandyryş ýol-ýörelgelerini köre-körlük bilen kabul edip bolmaz, sebäbi, iň täsirli diýip hasap edilýän ýörelgeleriň hem kem taraplary bardyr. Ony XXI asyryň başynda ösen ýurtlarda dörän maliýe-ykdysady çökgünlik görkezýär. Şol sebäpli-de her bir millet täze gymmatlyklary öz milli aňynyň hem medeniýetiniň üsti bilen kabul etmeli, olara milli öwüşgin bermeli bolýar. Bu bolsa türkmen jemgyýetiniň öz içki mümkinçiliklerini açýan häzirki döwründe diňe milli we umumadamzat gymmatlyklaryny sazlaşdyrmak esasynda milli galkynyşyň mümkin boljakdygyny görkezýär.

Biziň garaýan dersimizde «bagtyýarlyk döwri» düşünjesi çuňňur many-mazmuna eýe bolup, türkmen jemgyýetinde häzirki döwürde geçýän ösüşleri, özgerişleri, täzelenişleri öz içine alýar. Dogrudan hem, eger ösüş bu ýerde jemgyýetiň bir ýagdaýdan beýleki bir ýagdaýa, ýagny sadalykdan çylşyrymlylyga, ýöntemlikden belentlige geçýänligini aňladýan bolsa, biz şu hili özgerişleri jemgyýetiň ähli ugurlarynda we derejelerinde görýäris. Ykdysadyýetde-de, syýasatda-da, medeniýetde-de düýpli üýtgeşikler durmuşa geçýär. Ylymda şu hili özgerişleri aňlatmak üçin «progres» diýen düşünje hem ulanylýar. Progres haýsy hem bolsa bir hadysanyň ösüş hereketi bolup, onuň ýagdaýynyň yzygiderli oňaýly üýtgeýänligini görkezýär. Onda-da ol öňe tarap hereket bolup, ösüşiň täze derejesine çykmagyny aňladýar. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe biziň jemgyýetimizde bolup geçýän özgerişler şu hili häsiýete eýe bolýar.

Görşümiz ýaly, «bagtyýarlyk döwri» düşünjesi many taýdan «ösüş», «täzeleniş», «özgeriş» we «progres» düşünjelerini özünde jemleýär. Bu düşünje hem biziň täze döwrümizi häsiýetlendirýär. Türkmen jemgyýetiniň häzirki ösüş döwri täze **bagtyýarlyk döwri** diýlip atlandyrylýar. Bu döwürde, Ýurtbaştutanymyzyň belleýşi ýaly, ýurt senagatlaşýar, senagat taýdan ösen döwlet döreýär. «Senagatlaşmak» düşünjesi jemgyýetiň özgerişi bilen bagly bolup, ilki bilen, ýurduň ykdysadyýetiniň döwrebaplaşmagy, ylmyň we tehnikanyň iň täze gazananlaryny özüne siňdiren tehnologiýalar bilen gurnalmagyny göz öňünde tutýar. XX asyryň ikinji ýarymyndan başlap senagatlaşma diňe bir önümçiligiň özgerişini öz içine alman, eýsem adamy beýgeltmek, onuň ylym-bilim, hünär taýýarlygyny, başarnygyny ýokarlandyrmak bilen hem bagly bolýar. Ýurduň senagatlaşýan döwründe türkmen jemgyýeti tehniki, sosial düzümiň, syýasy we ruhy gymmatlyklaryň özara täsiri bilen döredijilige we gurujylyga esaslary döredýär. Ine, şol gymmatlyklar hem jemgyýetiň ýaşamaga bolan ukyplylygyny berkidýär. Bu ýerde diňe mukdar taýdan ykdysady ösüşe kowalaşylman, eýsem «ýaşaýşyň hilini» gowulandyrmaga, ykdysady däl sosial maksatnamalary giňeltmäge gerek bolan pikirler has erjel we yzygiderli öňe sürülýär, ykdysady we durmuş meselelerini sazlaşykly çözmegiň ýollary gözlenýär, özi hem olaryň esasynda döreýän ösüşiň iki tarapy bolup, däp-dessurlar we innowasiýalar çykyş edýärler. Bu ýerde *innowasiýalar* täze döwrüň wezipelerini çözmegiň

açary bolup hyzmat etdi. Hormatly Prezidentimiz: «Ähli zady: ruhy gymmatlyklary, däp-dessurlary, köne we täzeçe tejribäni, maksatlary we wezipeleri, usullary we serişdeleri täzeden dikeltmek zerurdy. Bir söz bilen aýdylanda, bu häzirki döwürde «innowasiýa» diýip atlandyrylýan, örän giň manyny öz içine alýan düşünjede göz öňüne tutulan ähli zady durmuşa geçirmelidigini aňladýardy[5]» diýip belleýär. Biziň garaýan dersimiziň bütin dowamynda ýurtda geçýän özgerişler şu nukdaýnazar esasynda açylyp görkezilmäge çalşylar.

## Häzirki zaman siwilizaziýasynyň ösüş aýratynlyklary

XX asyryň ahyrynda biri-birine garşy duran dünýäniň iki syýasy-harby ulgamlaryň biriniň (SSSR-iň ýolbaşçylygyndaky dünýäniň sosialistik lageri) dargamagy we ikinjisiniň (ABŞ-nyň ýolbaşçylygyndaky günbataryň liberal demoktatiýasy) ýeke-täklikde galmagy bilen garşy durmak döwri tamamlanyp, soňkynyň täsiri bilen senagat siwilizasiýasynyň ählumumy häsiýete eýe bolan döwri başlandy. Häzirki döwürde köppolýarly dünýäniň döremegine belli bir esaslar döreýär, ýöne bu özgeriş örän çylşyrymlydyr we kyndyr.

XXI asyryň başy bütindünýä globallaşma prosesiniň çözmesi ýeňil bolmadyk meselelerini öňe çykardy. Şu asyryň birinji onýyllygynyň ahyrynda dünýäde başlanan maliýe-ykdysady çökgünlik ýeke-täk nusga bilen dünýäniň hiç bir meselesini çözüp bolmajaklygynyň subutnamasy bolup çykyş etdi. Şonuň üçin bu döwür, bir tarapdan, globallaşma prosesiniň güýjeýänligi, ikinji tarapdan, köpdürlüligiň artýanlygy bilen häsiýetledirilýär. Şol sebäpli häzirki zaman dünýäsiniň iň wajyp meseleleriniň biri ykdysady taýdan ösüşi birmeňzeş bolmadyk döwletleriň arasynda deňhukukly hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagydyr. Hyzmatdaşlygyň täze ulgamyny döretmek döwrüň talaby bolýar. Şeýle hyzmatdaşlygyň döremegi üçin syýasy, ykdysady esaslar bar. Bu ýerde bar bolan gapma-garşylyklar Günbataryň we Gündogaryň garaýyşlarynyň we gymmatlyklarynyň bir ýere sygmaýanlygyndan döreýär. Olaryň sebäbi-de şu wagta çenli saklanyp galan halkara ykdysady gatnaşyklaryň ulgamynyň häzirki görnüşinde döwrüň talaplaryna gabat gelmeýänligidir.

Häzir dünýäde bolup geçýän hadysalar biri-biri bilen baglanyşykly, biri-birine garaşlydyr. Bu hadysalaryň we olar bilen baglanyşykly ýagdaýlaryň ösüşi «döwlet-sebit-dünýä» diýen ugurlar bilen sazlaşykda geçýärler. Şonuň üçin her bir döwlet, her bir millet öz ululygyna ýa-da kiçiligine garaman, dünýädäki özgerişlere ýokarda görkezilen yzygiderlikde täsir etmäge ukyply bolmalydyr. Şeýle ukyp dünýäniň ösüşinde öz ornuny tapjak bolýan, geljege tarap herekete girişen döwlet üçin has hem gereklidir. Geljege tarap hereket döwrüň talaplaryna we özgertmelerine näçe jaýdar jogap berýän bolsa, şonça-da netijeli bolýar. Bu bolsa milli aýratynlyklary göz öňünde tutup ösüş ýoluny saýlamak bolýar. Türkmen halky öz ösüş

---

[5] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A., 2010, 6 sah.

ýoluny saýlap alanda hiç bir taýýar nusga köre-körlük bilen eýermän, ata-babalarynyň ýoluna eýerip döwrebaplaşmaga gözükdi.

Döwrebaplylyk bu ýerde milli gymmatlyklaryň umumadamzat gymmatlyklary bilen sazlaşmagy esasynda gazanylýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy mundan beýläk hem döwrebaplaşdyrmak syýasaty bagtyýarlyk döwri taglymatynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Döwrebaplaşmak we hyzmatdaşlyk häzirki türkmen jemgyýetinde syýasy we ykdysady ösüşiň ileri tutulýan gymmatlyklarydyr. Şol gymmatlyklardan ugur alyp, Türkmenistan senagatlaşmak, döwrebaplaşmak ýolunda täze üstünliklere eýe bolýar. Onda-da döwrebaplaşmak we hyzmatdaşlyk täze döwürde biri-biriniň üstüni ýetirýärler.

Türkmenistanyň ykdysady mümkinçilikleri, onuň baýlyklary dünýäniň iň derwaýys meselelerini çözmäge işewür gatnaşmaga täze esaslary döredýär. Bu bolsa hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny anyklamagy talap edýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň teklibi boýunça sebitde öňüni alyş diplomatiýasy, dünýäde energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi, ulag we üstaşyr geçelgeler, sebitde suw üpjünçiligi meseleleri boýunça resminamalaryň işlenilip düzülmegi oňa mysal bolup biler.

Garalýan dersde türkmen döwletiniň daşary we içeri syýasaty berk baglanyşykda beýan edilip, ilatyň durmuş-hal ýagdaýyny gowulandyrmak meselesi sebitleriň we halklaryň parahatçylykly ýaşamagy, ykdysady hem medeni gatnaşyklaryň berkemegi, hyzmatdaşlygyň täze derejä çykmagy bilen baglanylýar.

Görşümiz ýaly, häzirki zaman türkmen jemgyýeti baradaky taglymat jemgyýetiň özgerişiniň doly şekilini bermäge çalyşýar. Şu maksat bilen ol türkmen jemgyýetiniň tebigaty, onuň dürli edaralarynyň özara täsiri, jemgyýetiň bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň gymmatlyklaryny özleşdirişiniň özboluşlylygy bilen baglanyşykly meseleleri çözýär. Jemgyýetçilik durmuşyny öwrenýän beýleki dersler: Türkmenistanyň taryhy, filosofiýa, sosiologiýa, syýasaty öwreniş we ykdysady nazaryýet hem şu meseleler bilen meşgul bolýarlar. Bagtyýarlyk döwrüniň taglymaty olaryň bu işde gazanan netijelerini ulanyp, häzirki türkmen jemgyýetiniň ösüş ýörelgesi bolup çykyş edýär we täze garaýyşlary bilen belli bir derejede olar üçin usulyýet esasy bolup hyzmat edýär.

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň predmeti nähili kesgitlenýär?
2. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň jemgyýetçilik ylymlary, ilki bilen hem filosofiýa we sosiologiýa ylymlary bilen baglanyşygynyň aýratynlygy nämede?
3. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň wezipesini nähili kesgitleýärsiňiz?
4. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersi jemgyýetiň ruhy dünýäsinde nähili orun eýeleýär?
5. Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň esasy düşünjeleri. Bu ýerde «Watan» düşünjesiniň beýan edilişiniň aýratynlygy.
6. Häzirki zaman siwilizasiýasyna türkmen jemgyýetiniň girişiniň özboluşlylygy.

# II BAP
# TÜRKMENISTANYŇ GEOGRAFIKI ÝERLEŞIŞI, ÝURDUŇ TEBIGY WE MEDENI-RUHY BAÝLYKLARY

## 1-NJI SAPAK. TÜRKMENISTANYŇ GEOGRAFIKI ÝERLEŞIŞI WE TEBIGY BAÝLYKLARY, DEMOGRAFIKI AÝRATYNLYKLARY

*Türkmenistanyň geografiki ýerleşişi. Merkezi Aziýanyň günbatar bölegi. Günbatarda Hazar deňzi, gündogarda Amyderýa, demirgazykda Ustýurt, günortada Köpetdag Paropamiriň dag etekleri. Garagum çöli. Türkmenistanyň derýalary we kölleri.*

*Türkmenistanyň klimaty we topragynyň aýratynlygy. Kontinental we gurak klimat. Dowamly we güýçli gün şöhlesi. Çöl-sähraly zona. Suwarymly ekerançylyga amatly ýerler. Öri meýdanlary.*

*Türkmenistanyň ýerasty baýlyklary. Nebit we gaz. Kükürt. Kömür. Kaliý we nahar duzlary. Barit, polimetallar, bentonit toýny, gurluşyk materiallary. Ýerasty we mineral suwlar. Türkmenistanyň senagatyň dürli görnüşlerini ösdürmäge bolan mümkinçilikleri.*

*Demografiýa. Türkmenistanda demografiki özgeriş. Ýurtda çaga dogluşynyň görkezijileriniň durnukly saklanmagy.*

### Türkmenistanyň geografiki ýerleşişi

Häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň şu günki we geljekki ösüşine, onuň döwrebap jemgyýetçilik gurluşyna eýe bolmak mümkinçiliklerine düşünmek üçin ýurduň gujur-gaýratyny bilmek gerek, adamda ýurt duýgusynyň döremegi gerek. Bu duýgyny hiç bir zat çalşyp bilmez. Bu duýgy bagtyýarlyk döwrüniň beýik maksatlaryny amal etmäge esas bolýar. Ol ýurduň tebigy baýlyklaryna, halkyň öz durmuşyny gurmak ukybyna akyl ýetirmek esasynda döreýär. Biziň ýurdumyzyň uly mümkinçilikleri bar.

Türkmenistan Merkezi Aziýanyň günbatar böleginde, demirgazyk giňişligiň 42°48´ bilen 35°08´, gündogar uzaklygyň hem 52°27´ bilen 66°41´ aralygynda ýerleşýär. Onuň çägi demirgazykdan-günorta 650 km-e, günbatardan-gündogara 1100 km-e çenli uzalyp gidýär. Ol Demirgazyk ýarymşaryň aram guşaklygynyň çöller zolagynda ýerleşýär.

Türkmenistanyň ýer üstüniň gurluşy aglaba bir meňzeşräk relýefi bolan giň düzlüklerden ybaratdyr. Bu düzlügiň günortasyny Köpetdag, Paropamir we Gissar dag ulgamlary tutýar. Umuman, ýurduň relýefi günbatardan we demirgazyk-günbatardan günorta-gündogara tarap kem-kemden beýgelýär. Türkmenistanyň tutýan meýdany 491,2 müň km$^2$. Munuň özi Merkezi Aziýanyň çäginiň 39,8%-ine barabardyr. Onuň ýeriniň 80%-e golaýyny Aziýanyň iň uly çölleriniň biri bolan Garagum, galan bölegini bolsa baýyrlyklar, daglar, derýalar, köller, suw howdanlary, medeni oturymlar (oazisler) tutýar. Onuň çäginde Günorta Maňgyşlak we Ustýurt platosy,

Garabil we Bathyz baýyrlyklary, Amyderýa, Murgap, Tejen, Etrek we beýleki derýalar, Garagum derýasy, Garabogaz we «Altyn asyr» Türkmen köli ýerleşýär. Türkmenistanyň tutýan meýdany Angliýanyňkydan 244 müň $km^2$, Italiýanyňkydan 187 müň $km^2$, Ýaponiýanyňkydan bolsa 166 müň $km^2$ köpdür.

Türkmenistan demirgazykda Gazagystan, demirgazyk-gündogarda Özbegistan, günortada Owganystan we Eýran, günbatarda bolsa Hazar deňzi boýunça Azerbaýjan we Russiýa bilen araçäkleşýär. Türkmenistanyň iň demirgazyk araçägi Daşoguz welaýatynyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň «Parahat» daýhan birleşiginiň Ýaňgala harabaçylygynyň golaýyndaky Üstýurduň belent çüňki hasaplanýar. Ýurdumyzyň gündogaryndaky iň çetki nokady Köýtendagyň gündogar gerşi bolan Hezretaksar depesi, günbatar nokady Hazar deňziniň kenaryndaky Suwe burny saýylýar. Ýurduň günorta nokady Serhedabat etrabynyň günortasyndaky Çilduhtar diýlen oba hasaplanýar. Türkmenistanyň bütin serhediniň uzynlygy 4600 km-e golaýdyr. Onuň aglaba bölegi Özbegistan bilen günorta goňşularymyz bolan Owganystan we Eýran aralygyndaky serhede degişlidir.

Türkmenistanyň geografiki ýerleşişi onuň geosyýasy mümkinçilikleriniň örän ähmiýetlidigini görkezýär. Ol Ýewropa we Aziýa yklymlarynyň çatrygynda ýerleşip, Demirgazyk we Günorta, Günbatar we Gündogar ýurtlary birleşdirmek mümkinçiligine eýe bolýar. Merkezi Aziýada deňze çykmak mümkinçiligi bar bolany sebäpli, Türkmenistanyň mümkinçiligi has hem uly bolýar.

**Türkmenistanyň klimaty.** Ol kontinental we gurak klimata eýe bolýar. Klimatyň şunuň ýaly ýagdaýy atmosferanyň sirkulýasiýasynyň aýratynlyklary, ýurduň ägirt uly materigiň jümmüşinde bolmagy, mundan başga-da günortada ýerleşýänligi hem-de günorta-gündogarda we günortada dag ulgamlarynyň barlygy bilen baglanyşyklydyr. Klimatyň kontinentallygy we guraklygy Türkmenistanyň ygala garyp, Gün energiýasyna baý ülke bolmagyna sebäp bolýar. Ol özüniň geografik ýagdaýyna görä Günden örän köp ýylylyk alýar. Gös-göni Gün radiasiýasyndan düşýän ýylylygyň ýyllyk mukdary ýurtda demirgazykda 80 kkal/$sm^2$-e, günorta-gündogarda bolsa 110 kkal/$sm^2$-e ýetýär. Jemi radiasiýanyň ýyllyk mukdary ýurduň demirgazyk-günbatarynda 130 kkal/$sm^2$ bolanlygyndan günorta-günbatarynda 160 kkal/$sm^2$-e çenli üýtgäp durýar.

Türkmenistanda howanyň gyzgynlygy ýylyň dowamynda üzül-kesil üýtgäp durýar. Düzlüklerde ortaça ýyllyk temperatura demirgazykda +11–13°C bolanlygyndan günorta-gündogarda +15–18°C-ä çenli üýtgeýär. Daglarda ýokaryk galdygyňça howanyň temperaturasy pese düşýär, ýagny deňiz derejesinden 1500–2000 m beýiklikde howanyň temperaturasy +7–10°C-ä deňdir. Ýanwar iň sowuk aý hasaplanýar. Bu aýyň ortaça temperaturasy ýurduň demirgazyk-gündogarynda –6° bolanlygyndan günorta-gündogarynda +3°, çetki günorta-günbatarynda bolsa +5°C-ä çenli üýtgeýär. Sowuk howa massalarynyň agdyklyk edýän käbir ýyllary gyşyna has gazaply bolýar, aýaz uzak wagtlap saklanýar. Hatda günorta etraplar-

da hem –30–36°C-ä, günorta-günbatarda we Hazar deňziniň kenar ýakalarynda bolsa –17–19°C-ä ýetýär. Tomsuna düzlüklerde yssy we gurak bolýar. Ol ýerlerde howanyň ýokary temperaturasy iýulda, kenarýaka etraplarda bolsa awgustda bolýar. Howanyň üýtgewsiz temperaturasy Merkezi we Günorta-Gündogar Garagumda +45–50°C-ä ýetýär. Ýurduň demirgazygynda, kenarýaka etraplarda we daglarda howanyň gyzgynlygy peselýär.

Türkmenistanyň klimaty üçin diňe bir howanyň gyzgynlygynyň ýokarylygy mahsus bolman, eýsem gün şöhleleriniň dowamlylygy hem mahsusdyr. Merkezi we Günorta-Gündogar Garagumuň gündogarynda orta hasap bilen ol ýylda 2800–3100 sagada ýetýär, emma deňiz ýakasyndaky ýerlerde we Köpetdagyň demirgazyk eňňitlerinde birneme azalýar. Gün şöhlesiniň dowamlylygy ýanwarda 100 sagatdan 150 sagada, iýulda bolsa 320 sagatdan 400 sagada çenli üýtgäp durýar.

Gün şöhlesiniň dowamlylygy bulutlylyk bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Bulutlylygyň ortaça möçberi ýurduň bütin çäginde pes, ýagny 3-4 baldyr. Türkmenistanda açyk we ala bulutly günler köp bolýar. Günorta-Gündogar Garagumda açyk howaly günleriň ýyllyk maksimumy 165–185 gün bolup, Üňüz aňyrsyndaky Garagumda 122–132 güne we Hazar deňziniň kenarlarynda 100 güne çenli azalýar. Türkmenistanda ygal az düşýär. Ýylda orta hasap bilen 80 mm-den 360 mm-e çenli ygal düşýär.

Bütin ýylyň dowamynda gurak maýyl howaly pasyl bilen has çygly sowuk howaly pasyl çürt-kesik tapawutlanýar. Sowuk howaly pasylda düşýän ygal, maýyl howaly pasylda düşýän ygala garanda, 2–3 esse köp bolýar. Bütin ýylyň dowamynda ygal deň düşmeýär hem-de birsyhly üýtgäp durýar. Aýry-aýry ýyllarda atmosfera ygallarynyň ýyllyk mukdary 24 mm-den 564 mm-e çenli üýtgeýär. Kämahallar ygalyň gije-gündizlik mukdary ençeme ýylyň ortaça aýlyk kadasyndan hem birnäçe esse artýar. Ygal gar görnüşinde onçakly köp düşmeýär, özi hem, köplenç, noýabrdan marta çenli bolan aralykda ýagýar.

Tomsuna howanyň gyzgynlygynyň ýokarylygy, ygalyň azlygy hem-de ýerüsti suwlaryň ýoklugy howanyň çyglylyk düzgünini şertlendirýär. Onuň iň ýokary derejesi, köplenç, ýanwarda bolýar. Üňüz aňyrsyndaky Garagumda, Köpetdag eteginde hem-de Hazar deňziniň kenar ýakalarynda otnositel çyglylyk 75–78%-e ýetýär. Günorta-Gündogar hem-de Merkezi Garagumda bolsa otnositel çyglylyk 70%-e çenli azalýar.

Iň gurak döwür iýundan sentýabra çenli hasaplanýar. Şol döwürde çöllük zolakda otnositel çyglylyk 22–25%-e çenli peselýär. Käbir yssy günlerde otnositel çyglylygyň minimumy ol ýerde 1–2%-e ýetýär. Deňziň täsir edýänligi sebäpli, kenar ýakasyndaky ýerlerde (Esenguly 69%) we daglarda (Heýrabat 47%) otnositel çyglylygyň iň ýokary bolýan wagty tomus aýlarydyr. Amyderýanyň boýunda çyglylyk çölüň suwa ýetmeýän ýerine garanda has ýokary bolup, ol 37–41%-e ýetýär. Howanyň çyglylygynyň pesligi suwuň güýçli bugarmagyna şert döredýär.

Türkmenistanyň suw howdanlarynda suwuň bugarmagynyň ýyllyk möçberi 1000–2300 mm aralygynda üýtgäp durýar.

Ýylyň aglaba köp wagtynda Türkmenistanyň Demirgazygynda, Demirgazyk-gündogar, Köpetdagyň merkezi hem-de dagetek düzlükleriniň ugrunda Gündogar, Günorta-Gündogar Garagumda bolsa demirgazyk ýelleri öwüsýär, Türkmenistanyň günorta-gündogaryndaky käbir etraplarda relýefiň täsiri bilen demirgazyk ýelleri demirgazyk-günbatar ýellerine öwrülýär. Türkmenistanyň bütin çäginde gowşak we aram ýeller (tizligi 5 m⁄sek çenli) agdyklyk edýär. Tizligi 15 m⁄sek-den gowrak ýelli günleriň sany Merkezi Garagumda ortaça 5–10, Günorta-Gündogar Garagumda 3–8 gündür. Hazar deňziniň demirgazyk kenarýakasy, Köpetdagyň günbatar etekleri we Amyderýa jülgesi ýelleriň iň köp bolýan ýerleridir. Güýçli apy-tupanly ýeller, köplenç, günbatar, demirgazyk-günbatar we demirgazyk sowuk howa massalary aralaşanda döreýär. Apy-tupanly günleriň iň köp bolýan ýeri Balkanabadyň töwerekleri hasaplanýar. Ol bu ýerde ortaça 60 güne ýetýär. Merkezi we Günorta-Gündogar Garagumda apy-tupanly günleriň ortaça ýyllyk sany 30–40 gündür. Daglarda we oazislerde şeýle günler selçeň bolýar.

## Türkmenistanyň biologik köpdürlüligi

Türkmenistan biologik dürlüligiň görnüşleriniň dörän merkezleriniň biri hasaplanýar. Ýiti kontinental, gurak klimatly howa şertleri, geografiki taýdan Ýewraziýa yklymynyň merkezi böleginde ýerleşmegi – bularyň hemmesi Türkmenistanyň ösümlik we haýwanat dünýäsiniň tebigy köpdürlüliginiň emele gelmegine öz täsirini ýetiripdir. Häzirki wagtda Türkmenistanyň biodürlüligi 20 müňe golaý görnüşden ybarat bolup, olaryň 7 müňden gowragy ösümlikler, 13 müňe golaýy hem haýwanlardyr. Ösümlik dünýäsiniň 2 müňden hem gowrak görnüşleri Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ensiklopediki eserinde dermanlyk ösümlikler hökmünde beýan edilýär.

Dünýä derejesindäki biodürlüligiň gelip çykan Eýran-Anatol merkeziniň demirgazyk-gündogar çetinde ýerleşýän Köpetdagyň ekoulgamynyň ähmiýeti uludyr. Köpetdagyň türkmen böleginde duşýan ösümlikleriň 1800 görnüşinden 332-si endemiklerdir (ýerlidirler), ýagny diňe şu ýeriň geografiki şertlerinde ýetişýärler. Ol Merkezi Aziýanyň daglyk ýerlerinde endemikleriň iň ýokary derejesidir. Bu ýerde şeýle-de oňurgasyz haýwanlaryň 1500 görnüşi, süýrenijileriň 50 görnüşi, guşlaryň 290 görnüşi, süýdemdirijileriň 75 görnüşi ýaşaýar. Türkmenistanyň oňurgaly haýwanlaryndan 92 görnüşi endemiklere we subendemiklere degişlidir.

Ýurduň ösümlik we haýwanat dünýäsiniň görnüşlerinde aşakda getirilenler üns merkezinde saklanýar, ýagny ösümliklerden: *gamgyn gandym, kiçijik zibera, Komarowyň atropasy, türkmen selmeligi, türkmen epipaktisi*, haýwanlardan *alajabars, gulan, sugun, umga, aýrak, hindi towugy, ütelgi, sakally garaguş, togdary, toklutaý, tegmilli patma, uly we kiçi amyderýa pilbur balyklary we beýlekiler*.

Biologik dürlüligiň tebigatda bolup geçýän hadysalarda we halk hojalygynyň dürli pudaklarynyň, umuman, ykdysadyýetiň ösmeginde uly ähmiýeti bardyr. Janly tebigatyň ýagdaýynyň durnuklylygy ýurduň ekologiýa howpsuzlygyny we jemgyýetiň durnukly ösüşini kesgitleýär. Endemizmiň we gadymylygyň ýokary derejesini özünde jemleýän ýurdumyzyň ösümlik we haýwanat dünýäsiniň gaýtalanmaýan genetiki baýlyklary, aýratyn hem, seýrek duşýan gymmatly görnüşleri ylmy, tebigaty öwreniş we ýokary ruhy estetiki ähmiýete eýedir.

*Gadymy türkmen topragynyň tebigy baýlyklaryny, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň genefondyny goramak Türkmenistanyň durnukly ösüşiniň mizemez binýadydyr.*

## Türkmenistanyň ýerasty baýlyklary

Türkmenistan tebigy baýlyklara baý ýurtlaryň hataryna girýär. Ýurduň iň esasy ýerasty baýlygy nebit we gaz bolýar. Bilermenleriň aýtmaklaryna görä, ýurduň çäginiň dörtden üç böleginiň nebit we gaz babatdaky geljegi uludyr. Häzirki güne çenli ýurdumyzda nebit we gaz babatda geljegi uly düzümleriň müňden gowragy ýüze çykaryldy, ýataklaryň 162-si açyldy, häzirki döwürde olaryň 50-sinde işlenilýär. Uglewodorodlaryň başlangyç umumy gorlary 73 milliard tonna şertli ýangyja barabar diýlip çak edilýär. Şolaryň 54,2 milliard tonnasy gury ýerdäki ýataklaryň serişde ätiýaçlylyklarydyr, 18,8 milliard tonnasy bolsa deňiz ýataklaryna degişlidir. Ýurdumyzyň köp künjeklerinde geologik-barlag, gazuw-agtaryş işleriniň giň gerimde geçirilmegi bilen täze maglumatlar, netijeler alynýar. Geofiziki maglumatlara görä, ýurdumyzyň çäklerinde çökündi dag jynslary on müň metr çuňluga çenli, käbir künjeklerde bolsa on iki–on dört müň metr çuňluga barýança gabat gelýärler. Munuň özi nebit we gaz baradaky mümkinçilikleriň ýokary görkezijisidir, sebäbi şeýle uly galyňlylykdaky çökündi gatlaklardan gaz toplumlaryny ýygnap biljek, gaz siňdiriji kollektorlar hem olary aşagyndan, üstünde gysyp saklap duran zat geçirmeýän örtgüler bar.

Ýurdumyzyň çäklerinde geologiki gurluşlary, nebit we gaz mümkinçilikleri bolan Hazar deňziniň türkmen ýalpaklaryny, Garabogaz kölüniň töwereklerini, Günbatar Türkmenistan çöketligini, Köpetdag eteklerini (Bokurdak ýapgytlygy), Merkezi Garagumy, Murgap çöketligini, Amyderýa sebitlerini, Üňüz aňyrsyndaky Garagumy, Derýalyk-Dagdan tekiz daglygyny görkezse bolar. Şol bir wagtda hem ýurdumyzyň çäginiň köp bölegi nebit-gaz serişdeleri babatda doly öwrenilmedikdir. Munuň özi ýurdumyzyň nebit-gaz ätiýaçlyklarynyň onuň häzirki bahalanýan möçberinden ýokarydygyny görkezýär.

Türkmenistanda nebitiň gorlary 20,8 milliard tonna möçberinde bahalandyrylylýar. Olar diňe gury ýerde bolman, Hazar deňziniň düýbinde hem jemlenendir. Häzirki döwürde bilermenler Hazaryň türkmen böleginiň gorlaryny 12,1 milliard tonna nebit we kondensat möçberinde bahalandyrýarlar. Hazaryň Türkmenistana

degişli bölegi häzirki döwürde 32 topluma bölünip, olaryň käbirinde önümleri paýlaşmak şertlerinde nebit we gaz çykarylýar. Nebitiň esasy gorlary Goturdepe, Demirgazyk Goturdepe, Burun, Barsagelmez, Gamyşlyja, Ekerem, Akpatlawuk, Keýmir, Nebitlije, Şatut ojaklarynda hem-de Hazar deňzinde Jygalybeg, Jeýtun, Garaköl, Çeleken ýangümmez ýataklarynda ýerleşýär. Bu ýerde Magtymguly, Diýarbekir we Garagol ýaly deňiz ýataklary tejribe-senagat taýdan ulanmaga taýýar edildi.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň Günbatarynda ýerleşen Kemer, Miýesser, Garadaşly, Günbatar Körpeje, Simler, Şaýyrdy, Akeser ýataklarynda gözleg işleri alnyp barylýar. Türkmenistanyň ähli sebitlerinde nebit gorunyň bardygyny Mary welaýatyndaky Günorta Ýolöten we Amyderýanyň sag kenaryndaky geljegi uly bolan meýdanlar subut edýär. Merkezi Garagumdaky Gutlaýak, Mydar, Ýylakly meýdançalarynda tapylan nebit ýataklary ýurdumyzyň bu ýerlerinde uglewodorod serişdeleriniň uly gorlarynyň bardygyny tassyklaýar.

Hazar deňziniň türkmen böleginiň uglewodorod serişdelerini özleşdirmäge bäsleşik esasynda nebit kompaniýalaryny çekmek, öňdebaryjy daşary ýurt tehnologiýalaryny ornaşdyrmak we daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen geljegi uly meýdanlaryň mezozoý gatlagynda gözleg-agtaryş işlerini geçirmek ýoly bilen uglewodorod serişdeleriniň çykarylyşyny artdyrmak Türkmenistanyň nebit-gaz pudagyny ösdürmegiň ileri tutulýan ugrudyr.

Halkara we milli bilermenleriň çaklamaklaryna görä, Türkmenistanda tebigy gazyň gorlary 50 trln $m^3$-den gowrakdyr. Oňa 2008-nji ýylda «Gaffney Cline Associates» iňlis kompaniýasynyň hünärmenleri tarapyndan geçirilen halkara auditiň netijesinde Gündogar Türkmenistanda açylan Günorta Ýolöten-Osman tebigy gaz ýatagynyň özüniň gorlarynyň möçberi boýunça dünýäniň iň iri gaz ýataklarynyň bäşligine girýänligini tassyklandyklary mysal bolup biler. Bu gaz käniniň kuwwatlylygy 26, 2 trillion $m^3$ gaz möçberinde bahalanan. Türkmenistan subut edilen tebigy gazynyň gorlary boýunça Russiýa, Eýran we Katar döwletlerinden soň dördünji orunda durýar.

Türkmenistanyň çäginde şeýle uly möçberli gaz käniniň açylmagy hem-de onuň özleşdirilmegi bilen, şeýle-de nebit-gaz toplumynyň işgärleriniň tekliplerini göz öňünde tutup, Günorta Ýolöten-Osman, Minara we onuň töweregindäki gazly ýerleri birleşdirmek maksady bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň noýabr aýyndaky Kararyna laýyklykda Günorta Ýolöten-Osman, Minara we onuň töweregindäki gazly ýerler «Galkynyş» gaz käni diýip atlandyryldy. Özüne Günorta Ýolöten-Osman, Minara we Ýaşlar ýataklaryny birleşdirýän «Galkynyş» gaz käni Türkmenitana iri energetiki ýurt hökmündäki derejäni berdi.

Häzirki wagtda «Türkmengeologiýa» Döwlet korporasiýasy «Galkynyş» gaz käninde hem-de şol toplumyň golaýynda ýerleşen geljegi uly Günorta Garaköl, Garaköl, Gazanly, Jürji, Gündogar Ýolöten we Günbatar Ýandakly meýdançalarynda gözleg-agtaryş işlerini dowam etdirýärler. Gözleg işleriniň netijeleri bu ýataklaryň

we geljegi uly bolan meýdançalaryň, bilermenleriň bellemegine görä, bir bitewi nebit-gaz toplumlar zolagyny emele getirýändigini çaklamaga esas döredýär.

Tebigy gazyň uly gorlary Döwletabat-Dönmez, Şatlyk, Tejen, känlerinde hem-de Kükürtli, Kerpiçli, Samandepe, Naýyp, Ojak känlerinde jemlenendir. Häzirki wagtda 180 müň inedörül kilometr meýdany eýeleýän Gündogar Türkmenistan gazyň uly gorlarynyň ýerleşen sebiti bolup durýar. Şu sebitiň çäklerinde 60-dan gowrak gaz we gaz kondensatly ýataklar açyldy. Gaz gorlarynyň umumy möçberiniň 90%-inden gowrak bölegi Kükürtli, Ojak, Bagaja, Naýyp, Kerpiçli, Demirgazyk Balguýy, Samandepe, Galkynyş, Şatlyk, Böwrüdeşik, Döwletabat, Malaý ýaly başga-da birnäçe ýataklara degişlidir.

**Dünýäniň iň iri gaz ýataklary (2012-nji ýylyň maglumaty)**

| Tutýan orny | Döwletler | Ýataklar | Açylan ýyly | Gory (trln m$^3$) |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Katar, Eýran | Demirgazyk/Günorta Pars | 1991 | 28 |
| 2 | Türkmenistan | Galkynyş | 2006 | 26,2 |
| 3 | Russiýa | Urengoý | 1966 | 10,2 |
| 4 | ABŞ | Heýnswill | 2008 | 7 |
| 5 | Russiýa | Ýamburg | 1969 | 5,2 |
| 6 | Russiýa | Bowanenkowsk | 1971 | 4,9 |
| 7 | ABŞ | Markellus | 1971 | 4,4 |
| 8 | Russiýa | Ştokmanowsk | 1988 | 3,9 |
| 9 | Russiýa | Astrahan, Merkezi Asrahan | 1976 | 3,8 |
| 10 | HHR | Daçžou | 2008 | 3,8 |
| 11 | Türkmenistan | Döwletabat-Dönmez | 1974 | 1,7 |
| 12 | Türkmenistan | Ýaşlar | 2008 | 1,45 |
| 13 | Türkmenistan | Bagtyýarlyk meýdançasy | 2007 | 1,3 |
| 14 | Türkmenistan | Şatlyk | 1968 | 1,2 |

Ahal welaýatynyň Saragt hem-de Mary welaýatynyň Murgap we Ýolöten etraplarynyň çäklerinde özünde 1,7 trillion m$^3$ gaz goruny jemleýän Döwletabat ýatagy ýerleşýär. Bu sebitde geçirilen geologiýa-gözleg işleriniň netijeleri boýunça Gurrukbilde, Garabilde, Gündogar Sarahsda, Düzengyrda, Uçgamakda, Keýikgyrda we beýleki ýerlerde uglewodorodyň täze gorlary ýüze çykaryldy. Galkynyş, Döwletabat we Şatlyk ýaly ýataklar dünýäniň iň uly tebigy gaz ýataklarynyň hatarynda kabul edilýär.

Getirilen maglumatlardan görnüşi ýaly, Galkynyş ýatagy gaz gory boýunça Katar we Eýran döwletleriniň çäklerinde ýerleşen Demirgazyk Günorta Pars ýatagyndan soň ikinji orunda durýar, şeýle hem dünýäniň 60 sany örän uly gaz ýataklaryna Döwletabat-Dönmez, Ýaşlar, Bagtyýarlyk we Şatlyk gaz ýataklary hem degişlidirler.

«Türkmengeologiýa» Döwlet korporasiýasy Lebap welaýatynda Agarguýy, Demirgazyk gazlydepe hem-de Amyderýanyň sag kenarynda Akaýry, Pirguýy, Şiringuýy, Ahal welaýatynda Günorta Gutlaýak, Gäzli ýaly täze ýataklary açdy. Ýokarda bellenilişi ýaly, tebigy gazyň uly gorlary Merkezi Garagumda hem ýerleşendir. Gaz känleriniň Merkezi Garagum topary Demirgazyk Pesligi we Günorta Üňüz aňyrsyndaky Garagumy öz içine alýar we Ahal welaýatynyň çäginde ýerleşýär. 2014-nji ýylyň maglumatyna görä, Merkezi Garagumdaky gazly ýerleriň çäginde gaz känleriniň 16-sy, şol sanda Çaljulba, Günorta Çaljulba, Şyhderweze bilen Derweze, Takyr, Şyh we Şyhýanyň gümmezlerinde, Topjulba, Atabaý, Jerenli takyr, Sakarçäge, Gündogar Akguýy, Gurruk, Günorta Gurruk, Tamdyrly we Goýun ýataklary açyldy. Uglewodorod serişdeleriniň senagat gorlary Lebap welaýatyndaky Demirgazyk Naýyp, Bagaja, Çarlak, Ahal welaýatyndaky Garajaowlak, Balkan welaýatyndaky Garadurun we Ajyýap ýataklarynda artdy. Tebigy gazyň gorlary diňe ýurdumyzyň gury ýer çäklerinde däl, eýsem Hazar deňziniň ýalpaklarynda hem ýerleşendir. Bilermenleriň bahalandyrmagyna görä, Hazar deňziniň Türkmen böleginde gaz gory 6,1 trln $m^3$ deňdir. Tebigy gaz bilen bir hatarda Günbatar Türkmenistanda nebit bilen ugurdaş çykýan gazlar hem bardyr.

Türkmenistanyň çäginde tebigy gaz we nebit bilen bir hatarda kömrüň gorlary hem ýerleşendir. Tüwergyrda, Uly Balkanda, Köýtendagda daşkömrüň çykýan ýerleri bar. Tüwergyrda ol galyňlygy 0,3 metrden 2 metre çenli bolan birnäçe gatlaklardan durýar. Geçirilen gözleg-barlag işleri netijesinde Gyzylgaýa we Çagyl obalarynyň aralygynda 10 metre çenli galyňlykda kömür gatlaklarynyň barlygy anyklanyldy. Umuman, Tüwergyr sebitlerinde 2 milliard tonna çemesi kömür bar diýlip çaklanylýar. Uly Balkandaky kömür käni Jebel şäherçesiniň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýär. Bu ýerde Oglanly, Şorly, Gyzyljabaýyr, Ýagman ýaly kömürli ýerler bar. Ýagmanda kömür gatlagynyň galyňlygy 0,5-0,7 metre deňdir. Ol ýokary hilli kokslaşýan kömre degişlidir.

Tüwergyrda, Köýtendagda we beýleki käbir ýerlerde paleogen çökgündileriň arasynda marganesiň birleşmesi duş gelýär. Köýtendagda linza we ştok görnüşinde gurşunyň we sinkiň gorlary bar. Bu ýerde mis we bariý magdanlary hem duş gelýär. Barlaglar netijesinde simap almak üçin çig mal bolan kinowaryň çykýan 200-e golaý ýerleri anyklandy. Simaply minerallar Köýtendagda, Uly Balkan daglarynda duş gelýär. Soňky ýyllarda geçirilen gözleg-agtaryş işleriniň netijesinde Garagum çölünde we Türkmenbaşy şäheriniň Awaza-Guwluköl aralygynda kömrüň ýerasty gorlary ýüze çykaryldy. Kömrüň gorlarynyň möçberi we hojalyk ähmiýeti boýunça Tüwergyr ojagy tapawutlanýar. Tüwergyryň goňur kömrüniň gorlary 800 million tonnadan gowrakdyr. Kömür 300-400 metr çuňlukda ýerleşýär. Onuň düzüminiň esasy bölegini gumin maddalary tutýar.

Nebit senagatynda, nebit-gaz gözleg işlerinde giňden ulanylýan bentonit toýnunyň ýataklary hem ýurdumyzda bar. Ol Balkanabadyň demirgazygynda Oglanly

diýen ýerden 1930-njy ýylda tapyldy. Bentonit toýny gatlak görnüşinde bolup, paleogen çökgündilerinde bolýar. Ol nebit işlenilende ondan alynýan önümleri arassalamak üçin ýokary hilli adsorbent bolup hyzmat edýär. Şonuň ýaly hem ol metal eretmek işinde galyp materiallaryny we buraw işlerinde toýun laýyny taýýarlamak üçin ulanylýar. Ýurtda ýura döwrüniň çäge-toýun çökündileriniň düzüminde boksit hem duş gelýär. Ol alýuminini almak üçin çig mal bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanyň çäginde çökündi gatlaklarda karbonat jynslary (dolomitiň hek daşlary, mergeller, mel), sulfatlar (zylça, angidrit, özünde zylça saklaýan jynslar), toýunlar, oda çydamly toýunlar, çäge daşlary, kwars çägeleri, jyglym-çagyl minerallary we ş.m. giň ýaýrandyr. Käbir ýerlerde granit, porfirit, andezit, bazalt we beýleki çogup çykýan jynslaryň ýeriň ýüzüne çykýan ýerleri bar. Olaryň köpüsi gurluşyk hajatlary üçin giňden ulanylýar. Keletede, Babadurmazda, Baharlyda bar bolan paleogen daşly çägeler aýna öndürmek üçin ýaramlydyr. Olardan başga-da Türkmenistanda mineral reňkler, bezeg daşlary (olaryň iň owadany Garlyk gowagyndaky we Köpetdagdaky «oniksdir») bardyr.

Türkmenistan kükürde, nahar we kaliý duzlaryna, natriý sulfatyna (mirabilite), magniý duzlaryna, ozokerite, ýoda, broma baý. Onuň çäginde mineral duzlaryň ähli görnüşleri diýen ýaly duş gelýär. Garabogazkölde natriý sulfatynyň, bişofitiň, epsomitiň ägirt uly mukdary bar. Şonuň ýaly-da bu ýerde magniý, stronsiý, rubidiý, bor, brom we başga seýrek elementler hem duş gelýär. Türkmenistan nahar duzuna örän baý. Iň uly duz känleri Hazar boýundaky Guwluköl, Jebel stansiýasynyň golaýyndaky Babahoja, Günorta-Gündogar Türkmenistanda Soltan Sanjar hem-de Magdanly känleridir. Başga ýerlerde hem nahar duzunyň köp mukdary bar.

Ýerasty we mineral suwlar hem Türkmenistanda gazylyp alynýan gymmatly zatlaryň biridir, sebäbi suw baýlyklary biziň ýurdumyzyň hiç bir zat bilen deňäp bolmaýan baýlygydyr. Yssy we gurak klimat, ygalyň az ýagmagy, çäganiň geologik we tektonik gurluşynyň çylşyrymlylygy ýerasty suwlaryň emele geliş, ýatyş we akyş şertlerini kesgitleýär hem-de has minerallaşan ýerasty suwlaryň toplanmagyna esas bolýar. Şonuň üçin ýerli suw baýlyklaryny öwrenmek, şäherleri we obalary arassa agyz suwy bilen üpjün etmek ýurt üçin wajyp meseleleriň biri bolup durýar.

Ýerasty süýji suwlar, esasan, Köpetdag, Uly Balkan, Köýtendag sebitlerinde emele gelip, olar özünden suwy gowy geçirýän, ýuranyň we meliň kem-käsleýin jaýryk ýatan jynslarynda saklanýar. Ol suwlar Aşgabadyň, onuň töwerekleriniň we başga onlarça şäherleriň, şäherçeleriň senagat, jemagat, oba hojalyk suw üpjünçiligine bolan hajatlaryny kanagatlandyrmaga uly goşant bolup hyzmat edýär. Derýalaryň ýakalarynda we Garagum derýasynyň zolagynda filtrasiýanyň esasynda emele gelen ýerasty süýji suwlar hem suw üpjünçiliginde ähmiýetlidir. Duzly suwlaryň üstünde «ýüzýän» linzalar görnüşinde bolan süýji we çala şorlaşan ýerasty suwlar Garagum çöllüginde hem bar. Şeýle linzalaryň birinde, ýagny Ýasga linzasynda XX asyrda Günbatar Türkmenistanyň birentek şäherleriniň senagatyny suw

bilen üpjün edýän suw ýygnaýjy desga guruldy. Bu ýerde süýji suwy-da, şor suwy-da bir wagtda çykarmak üçin goşalandyrylan guduklardan peýdalanyldy. Munuň özi süýji we onuň aşagyndaky şor suwuň gatyşyp çykmagyna mümkinçilik bermeýär we şol linzany uzak wagtlap peýdalanmaga esas döredýär.

Türkmenistanda termal suwlar hem kän. Olara kesel bejeriş ähmiýeti bolan, senagatda olardaky komponentleri saýlap alyp boljak, şeýle hem energetika maksatlary üçin ulanyp boljak termal suwlar girýär. Türkmenistanyň mineral suwlaryny öwrenmek we amaly taýdan ulanmak häzirki döwürde giň gerime eýe bolýar. Amaly taýdan bejeriş maksatlary üçin Türkmenistanyň artezian howdanlarynda, şeýle hem Köpetdagyň ýygyrtly ýerlerinde, Uly Balkanda we Köýtendagda giň ýaýran sulfatly, kükürtwodorodly suwlar peýdalanylýar. Sulfatly suwlaryň iň giň ýaýranlary hlorid natrili, gidrokarbonat-sulfat-hlornatrili suwlardyr.

Çuň gorizontlardaky ýerasty suwlaryň düzüminde senagat maksatlary üçin ulanylýan ergin haldaky elementler bar. Türkmenistanda, esasan, onuň ýygyrtly ýerlerinde ýod-bromly, demirli, magnili we başga goşundyly suwlar kän. Hazar we Boýadag känlerinden çykýan mineral suwlaryň esasynda ýod-brom zawodlary işleýär. Türkmenistan tebigy baýlyklarynyň çäklendirilmedik mukdary bilen bir hatarda ajaýyp tebigy we biologik mümkinçiliklerine eýedir. Tebigatyň özboluşly gözelligine ýurduň islendik sebitinde duş gelmek bolýar. Innowasion çözgütleriň esasynda bu baýlyklary adamyň hyzmatynda has işewür goýmak türkmen ýurdunyň geljekki ösüşiniň esasy şerti bolýar.

## Demografiýa. Türkmenistanda demografiki ýagdaý

Demografiýa (demos – halk, grapho – *ýazýaryn* diýen grek sözlerinden) ilaty öwrenýän ylymdyr. Ilat belli bir çäkde (obada, şäherçede, etrapda, şäherde, welaýatda, ýurtda, sebitde, yklymda we tutuş dünýäde) ýaşaýan adamlaryň köplügidir. Ol wagtyň dowamynda sany azalyp ýa-da köpelip bilýän we düzümi üýtgäp durýan köplük bolýar. Haýsy hem bolsa bir çäkde ilatyň sanynyň we düzüminiň üýtgemegi köp hadysalar bilen baglydyr, ýöne olaryň içinde:

– çaga dogluşynyň derejesiniň ýokary ýa-da pes bolmagy;
– ölýän adamlaryň sanynyň köpelmegi ýa-da azalmagy;
– göçüp gelýänleriň (ýa-da göçüp gidýänleriň) sanynyň köpelmegi ýa-da azalmagy has täsirli bolýar.

Demografiki özgeriş belli bir çäkde ilatyň sanynyň we düzüminiň üýtgeýşidir. Bu özgeriş dürli çäklerde dürli hili bolýar. Demografiki özgeriş dünýäde bolup geçýän syýasy-ykdysady hadysalar we ýurtdaky sosial özgeriş bilen baglydyr. Bu ýerde ähli zat: çaga dogluşy, ölüm, nika, nikany bozma, migrasiýa we beýlekiler wajypdyr. Görkezilen düzümleriň her biri ilaty aşaky görkezijiler bilen häsiýetlendirýär: jynsy, ýaşy, maşgala ýagdaýy, doglan ýeri we ýaşaýan ýeri. Olar birmeňzeş bölekleriň arasyndaky gatnaşyklary we baglanyşyklary aňladýarlar. Bu gatnaşyklar kähalatlarda iki ýa-da ondan hem köp taraplar bilen sazlaşdyrylyp bilner.

Ilatyň jyns-ýaş düzümi iki tarapyň sazlaşygy bolýar. **Birinjisi** haýsy hem bolsa bir çäkde (ýurtda, sebitde) erkekler bilen zenanlaryň arasyndaky gatnaşyk, **ikinjisi bolsa** dürli ýaşdaky adamlaryň arasyndaky gatnaşyk. Kähalatlarda bu düzümleri biologik düzüm hökmünde düşündirýärler. Dogrudan hem, aýratyn adamlar hökmünde erkek bilen zenanyň ýa-da çaga bilen ýaşulynyň arasyndaky tapawut biologiki esasa eýe bolýar, ýöne adamlaryň jyns we ýaş baglanyşygy boýunça bölünişi sosial ösüşiň netijesidir. Biologiýa näme sebäpli oglanlaryň gyzlardan kän dogýanlygyna garamazdan, netijede, dünýäniň köp ýurtlarynyň ilatynyň düzüminde zenanlaryň erkeklerden artykmaçlygyny düşündirip bilmeýär.

Ilatyň jyns-ýaş düzümi ýa bir aýratynlygy (jynsy ýa-da ýaşy), ýa-da iki aýratynlygy bilen hem häsiýetlendirilip bilner. Birinjide ilat üç topara: 0–14 ýaş (çagalar), 15–49 ýaş (ýaşlar we orta ýaşlylar) we 50 ýaş we ondan ýokary (ýaşuly nesil) bölünýär. Olaryň arasyndaky aragatnaşyk ilatyň ýaşy boýunça düzümini häsiýetlendirýär. Şu üç topary öz içine alýan ilatyň düzümini derňemek diňe bir ýurduň zähmet potensialyny görkezmäge däl, eýsem onuň ösüşiniň hereketliligini hem açmaga mümkinçilik berýär. Düzüm näçe oňaýly bolsa, şonça-da onuň ösmäge ukyby güýçli bolýar.

Şu nukdaýnazardan Türkmenistanda demografik özgerişi oňaýly diýip häsiýetlendirse bolar. Türkmenistanyň ilatynyň köp bölegini çagalar we ýaşlar düzýärler. Meselem, 1999-njy ýylda 25 ýaşa çenli adamlar umumy ilatyň sanynyň 76%-ine deň boldy[6], 2014-nji ýylda ilatyň 35%-e golaýyny 15 ýaşa çenli çagalar düzdi. Häzirki döwürde ilatyň ýaşynyň dowamlylygy 70-den ýokarda, şol bir wagtda hem biziň ilatymyzyň köp bolegi ýaşlar bolýarlar.

Ilatyň düzümini jyns tapawudy bilen öwrenmek ony ýaşy boýunça öwrenmekden az ähmiýete eýe bolmaýar. Ol, bir tarapdan, öndüriji güýçleri ýerleşdirmäge kömek etse, ikinji tarapdan, çäkde ilaty kemala getirmäge kömek berýär. XX asyryň ortalarynda Ikinji Jahan urşy sebäpli ilatyň jyns düzüminiň bozulmagy, asyryň ahyrlarynda kadalaşýar. Eger 1951-nji ýylda zenanlar ýurduň ilatynyň 56%-ine deň bolan bolsa, 1979-njy ýylda 50,9%-ine deň bolýar. 2015-nji ýylda bu görkezijiler ýokarkylara laýyklykda 50,8%-e, erkekler bolsa 49,2%[7] deň.

Ilat diňe bir kesgitli ýaşdaky we jynsy boýunça tapawutlanýan adam topary bolman, eýsem adamlary birikdirýän maşgalalar hem bolýarlar. Ilatyň maşgala düzümi sany, möçberi, maşgalanyň düzümi, olaryň agzalarynyň özara baglanyşygy ýaly görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär. Ilatyň maşgala düzümi derňelende, maşgala garyndaşlyk we nika esasynda birigen, umumy girdejä eýe bolan adamlaryň topary diýip düşünilýär. Şu hili kesgitleme, meselem, ilat ýazgysy geçirilende kabul edilýär. Häzirki döwürde türkmen maşgalasyny giňeldilen maşgala diýip hasap etse bolar. 1999-njy ýylda, meselem, maşgalanyň ortaça möçberi 5,3 adama deň

---

[6] Туркменистан сегодня и завтра. – А. 1999, стр. 5.

[7] ООН женшины. ООН женшины в Средней Азии. – Алматы, 2016, стр. 26.

bolup, 7 we ondan köp adamy öz içine alýan maşgalalaryň sany umumy maşgala sanynyň 29%-ine deň boldy. Soňky döwürde hem bu görkezijiler saklanyp gelýär.

Türkmen jemgyýetinde maşgalanyň orny örän belentdir. Türkmen halky maşgalanyň ruhy-ahlak gymmatlyklaryny saklap galyp bilipdir. Bu ýerde saklanyp galan däp-dessurlar döwletiň milli medeni gymmatlyklary bolýar. Maşgaladaky asudalyk, agzybirlik hem-de düşünişmek jemgyýetiň abadançylygynyň çeşmesi bolýar. Nesil terbiýesi maşgaladan başlanýar. Maşgalada gatnaşyklaryň köpugurly görnüşleri kemala gelýär we dürli meseleler çözülýär. Maşgalany berkitmek bar bolan demografiki meseleleri çözmegiň esasy şertidir. Türkmenistan döwletiniň demografiki syýasatynyň esasy wezipesi hem şonuň bilen bagly bolýar. Demografiki syýasat, bilşimiz ýaly, jemgyýet üçin bähbitli oýlanyşykly demografiki özüňi alyp barşy kesgitlemäge gönükdirilen sosial çäreleriň ulgamydyr. Bu ýerde «demografiki özüňi alyp baryş» diýen düşünje maşgalanyň çaga öndürmekde özüni alyp barşyny aňladýar. Ýurtda çaga doglušynyň görkezijileri durnukly saklanýar. Häzirki döwürde türkmen maşgalasynyň sütünlerini gorap saklamak we berkitmek, onuň maddy üpjünçiligini gowulandyrmak döwletiň sosial syýasatynyň esasy ugruna öwrüldi. Döwlet eneligi, çagalygy we maşgalany goramagy kepillendirýär. Şu meselede ýaş maşgalalara kömek bermek maksady bilen 2009-njy ýylyň 6-njy martynda «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna üýtgetmeler girizildi. Oňa laýyklykda, çaga doglanda berilýän puluň möçberi ýokarlandyryldy. Maddy kömek bermek bilen bir hatarda döwlet ýaş maşgalalaryň elýeterli jaý bilen, şeýle hem ýaşlary hünärleri boýunça iş bilen üpjün etmäge ýardam bermegi öz üstüne alýar. Şu ýerde ýurtda orta mekdebi gutarýan ýaşlara hünär almaklary üçin ýeňillikleriň göz öňünde tutulandygyny hem-de ähli pudaklarda we ýerlerde hünär berýän mekdepleriň we hünär okuwlarynyň giňelýändigini bellemek gerek. Şu we beýleki çäreler mümkin bolan oňaýsyz demografiki ýagdaýlary aradan aýyrmaga esaslary döredýär.

2012-nji ýylyň aýagynda geçirilen ýurtda ilat ýazgysy, umuman, ilatyň sanynyň ýokarlanýandygyny görkezdi. Eger 1999-njy ýylda ilatyň sany 5 mln adama deň bolan bolsa[8], 2014-nji ýylyň aýagynda bu görkeziji 6,2 milliýondan hem ýokarda boldy[9]. Şu hili ýokarlama SSSR dargandan soňra ýurdumyzda ýaşaýan milletleriň wekilleriniň belli bir böleginiň täze dörän döwletlere göçüp gidýän döwri bilen gabat geldi. Bu bolsa Garaşsyzlyk ýyllarynda döwletiň demografiki syýasatynyň ylmy esasda gurnalyp, halkyň täzeden döremek ukybynyň artmagyna täze esaslaryň döreýänligini görkezýär. Ylmy esasda gurnalan demografiki syýasat bolsa oňaýsyz demografiki ýagdaýlaryň öňüni almak, sosial meseleleri çözmek bilen bir hatarda ykdysady we medeni meseleleri çözmäge täze mümkinçilikleri açýar. Demogra-

---

[8] Туркменистан сегодня и завтра. – А., 1999, стр. 5–6.

[9] Заседарие Совета Глав правительств Содружества Независимых государств. Справочник участника. А., 21.11.2014, 21 с.; ООН женшины. ООН женшины в Средней Азии. – Алматы, 2016, стр. 26.

fiki syýasatyň ykdysadyýete edýän oňaýly täsiri ýetişip gelýän nesliň öz döredijilik ukyplaryny açmaga we ösdürmäge degişlilikde durmuşy-demografiki tapawudy aradan aýyrmak, jemgyýetiň öndüriji güýçleriniň hilini ýokarlandyrmak bilen bagly bolýar, çünki ylmy esasda amal edilýän demografiki syýasat täze eýýamda geçýän özgerişleriň aýrylmaz bölegidir.

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Türkmenistanyň geografiki ýerleşişini açyp görkeziň.
2. Türkmenistanyň klimatynyň özboluşlylygyny nämede görýärsiňiz?
3. Türkmenistanyň biologiki köpdürlüligi nähili häsiýetlendirilýär?
4. Türkmenistan nähili ýerasty baýlyklara eýe?
5. Türkmenistanyň demografiki özboluşlylygyny nämede görýärsiňiz?

## 2-NJI SAPAK. TÜRKMEN HALKYNYŇ ÖNÜMÇILIK MEDENIÝETI, MEDENI MIRASY

*Türkmen ýurdunda ýaşaýşyň medeni esaslarynyň döremegi we ösüşi. Ýurduň medeni ojaklary.*

*Türkmen halkynyň önümçilik medeniýeti. Halkyň döreden maddy gymmatlyklary. Ilatyň gadym döwürlerden bäri ekerançylyk, maldarçylyk we senetçilik bilen meşgul bolmagy.*

*Türkmen ýurdunda bolup geçen medeni özgerişler. Türkmen halkynyň, medeni-ruhy mirasy.*

*Ýakyn geçmiş mirasymyzy jemgyýeti öwreniş ylymlarynda şöhlelendirmegiň aýratynlyklary.*

### Türkmen ýurdunda gadymyýetde ýaşaýşyň medeni esaslarynyň döremegi

**Ýurduň medeni ojaklary.** Türkmen ýurdunda ilat gadym döwürlerden bäri ekerançylyk, maldarçylyk we senetçilik bilen meşgul bolup gelipdir. Biziň eýýamymyzdan öňki (b.e.ö.) VII müňýyllykda Köpetdagyň eteklerinde bol hasylly ýerlerde adamlar peýda bolup, ilkidurmuş gurluşdan oturymly ekerançylyga geçip, adamzat ösüşiniň täze basgançagyna gadam basýarlar.

Arheologiýa maglumatlaryna görä, ýurduň çäginde bürünç we demir asyrlarynda üç sany uly jemgyýetçilik zähmet bölünişigi bolup geçýär. Netijede, ekerançylyk bilen senetçilik hojalygyň esasy pudaklaryna öwrülýär. Şol döwürlerde täjirçilik peýda bolýar. Bu zähmet bölünişmesi taýpalaryň arasynda alyş-çalşyň güýçlenmegine, adamlaryň arasynda emläk taýdan deňsizligiň we netijede döwletiň ýüze çykmagyna getirýär. Bu özgeriş b. e. ö. II müňýyllygyň ahyrlarynda we I müňýyllygyň başlarynda Türkmenistanda demriň giňden ulanylyp başlanan döwründe has-da güýçlenipdir. Bu döwri öwrenmekde Günorta Türkmenistanda ýerleşýän Altyndepede, Namazgadepede we Mary welaýatynda Goňurdepede geçirilen arheologiýa gazuw-agtaryşlarynyň materiallarynyň gymmatly ähmiýeti bar. Mäne obasynyň ýanyndaky Altyndepe şäheriniň meýdany 46 ga golaý, Kaka etrabynda ýerleşen Namazgadepäniň meýdany bolsa 70 ga ýetýär.

Murgabyň gadymy hanasynyň ugrunda Goňurdan bürünç eýýamynyň Marguş ýurdunyň esasy şäheri bolan Goňurdepäniň açylmagy Türkmenistanyň çäginde Marguş siwilizasiýasynyň bolandygyny subut etdi. Goňurdepede gadymy binagärler kremliň beýik diwarynyň arasynda gizlenen köşgi bina edipdirler. Olar kremliň daşyna inedördül goranyş diwaryny çekipdirler. Bu ýerde suw ybadathanasy, ot ybadathanasy we gurbanlyk berilýän ybadathana bilen bir hatarda Goňurdepäniň köşk toplumynyň jemlenen dini maksatly jaýlarynyň umumy meýdany 10 ga bolan. Bu şäher otparazlyk dininiň dörän ýeri hasaplanýar. Marguş siwilizasiýasyny açan alym W.I. Sarianidi öz barlaglarynyň netijesini jemläp: «...Marguş ýurdunyň dünýäniň birinji dini bolan otparazlygyň, mümkin ony esaslandyryjy Zaratuştranyň Watanydygy hakdaky pikirlerimize doly şaýatlyk edýär»[10]diýip belleýär. Hakykatdan hem, ol ýerlerde ýaşan halklar öz döwürlerinde ýokary medeniýete eýe bolupdyrlar. Marguş siwilizasiýasy gadymy dünýäniň beýik medeniýeti hökmünde Müsür, Mesopotamiýa, Hindistan we Hytaý medeniýetleri bilen bir hatarda durýar. Şu we beýleki arheologiýa açyşlary Türkmenistanyň çäginde iň gadymy medeni merkezleriň bolanlygyna şaýatlyk edýär.

Ösüşe tarap ýol aňsat geçilmeýär. Pajarlaýan ösüşi üpjün edýän onýyllyklar, kähalatlarda gazaply döwürlere öz ornuny berýär. Köp horluklary başdan geçiren türkmen topragy hem şu hili kynçylyklardan gutulyp bilmedi, ýöne türkmen halky asyrlaryň dowamynda ýitip gitmedi, mertlik bilen kynçylyklaryň hötdesinden gelip, özüniň medeniýetini we şöhratly taryhy hakydasyny saklamagy başardy.

## Türkmen halkynyň önümçilik medeniýeti

Türkmen halky diňe bir gadymy döwürlerde we orta asyrlarda däl, eýsem dagynyk ýaşan döwürlerinde-de öz durmuşlaryny netijeli gurmagy başarypdyr. Ilatyň ýaryndan gowragy oturymly, galany bolsa çarwa bolanlar. Ykdysadyýetiň esasy ugurlary bolup ekerançylyk we maldarçylyk çykyş edipdir. Çomur (oturymly) ilat ekerançylyk we çarwa (maldar) ilat maldarçylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Bu ýagdaý ýurtdaky türkmen taýpalarynyň ählisine häsiýetli bolan.

Çomrularyň oba hojalyk durmuşy iki ýagdaý bilen baglydyr. **Birinjisi**, ekerançylygyň ygal ýagdaýy bilen baglylygy. Eger ýyl ygally gelse, olar bugdaýyň we arpanyň bol hasylyny alypdyrlar. Eger ýyl gurak gelse, olaryň alýan hasyly az bolupdyr. Çomur hojalyklarynyň **ikinjisine** derýalaryň ýakasyndaky ýerler degişlidir. Bu ýerlerde ekerançylyk derýalaryň suwuna we suwaryş ulgamlarynyň ýagdaýlaryna baglydyr. Biziň pederlerimiz Amyderýa, Tejen, Murgap, Etrek derýalarynyň ýakalarynda, şeýle hem Köpetdagyň gündogar etegindäki köpsanly çeşmeleriň ugurlarynda mekan tutupdyrlar.

Türkmenleriň durmuşynda maldarçylyk hem uly orun tutupdyr. Olar öz sürülerini ýaz, tomus we güýz aýlarynda otluk örülerde, ýazlaglarda bakypdyrlar. Çarwa-

[10] W. I. Sarianidi. Goňurdepe. – A. 2005, 289 sah.

lar gylýal, iri şahly mal, dowar we düýe bakypdyrlar, özi hem köp görnüşli mal önümlerini köp mukdarda öndüripdirler. .

Hazar deňziniň kenarynda ýaşaýan türkmenler balykçylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Etrek, Gürgen we Esenguly aýlagy balyklçylygyň ösen ýerleri bolupdyr. Balykçylygyň işewür möwsümleri güýz we ýaz aýlary bolupdyr. Ýaz aýlarynda olar bekre balyklarynyň dürli hililerini tutýardylar. Güýz aýlarynda bolsa bu balyklardan başga-da olar lakga, çapak we beýleki balyklary hem tutupdyrlar.

Türkmenler oba hojalyk we maldarçylyk önümlerinden hem-de balykçylykdan başga-da senetçiligiň dürli görnüşleri bilen meşgul bolupdyrlar. Öý hojalyk işlerinde ulanmak üçin gerek zatlaryň hemmesini diýen ýaly olaryň özleri öndüripdirler. Türkmenleriň iň köp öndürýän önümleri ýaşalýan öý bolupdyr. Şonuň ýaly-da olar haly, palas, horjun, torba, çuwal dokapdyrlar, at esbaplaryny, eýer, gaňňa, howut, juwaz, meşik ýaşapdyrlar, eşik, ýorgan-düşek tikipdirler. Olaryň daşary çykaryp alyş-çalyş edýän harytlary: at keçesi, ýona, halylar, agyr çäkmenlik (köşek ýüňünden örän ýuka dokalan mata), goýun ýüňünden we geçi sütüginden örülýän eşikler, dolaklar, gülli joraplar, at esbaplary, ajaýyp haly horjunlary, eýlenen garaköli baganalary, eýlenen tilki derileri we beýlekilerdir.

Biziň ata-babalarymyzyň önümçiligiň ähli ugurlarynda diýseň ussatlylyk, nepislilik tejribesi bolupdyr. Şeýle häsiýetleri özünde taplap bilen halk, görşümiz ýaly, öz çylşyrymly, gala-gopgunly, dagynyk ýaşan ýyllarynda hem döredijilige, ýaşaýşa ukybyny saklap bilipdir. Bu ukybyň şol döwürde gazanylyşy ozalky orta asyrlardan tapawutlanýar. Biziň halkymyzyň ekerançylyk we maldarçylyk hojalygyny ýöretmek tejribesiniň köp ugurlaryna tebigy rasionallyk häsiýetli bolan. Onuň düýp çeşmesi halkymyzyň öz toplan önümçilik we durmuş tejribesine aýawly garanlygy bilen bagly. Bu hem milli aňyň özboluşlylygy bilen kesgitlenilýär. Bu döwürde biziň milli aňymyzyň döredijilik ukyplary köp derejede önümçilik bilen baglydyr.

### Halkyň döreden maddy gymmatlyklary

Türkmen halkynyň döredijilik ukybynyň açylyşy türkmeniň geçen nesilleriniň maddy gymmatlyklarynda, binagärlik we şähergurluşyk tejribesinde hem aýdyň görünýär. Taryhyň dowamynda taplanan türkmeniň ýaşaýyş ýörelgeleri azat we erkin durmuşy gurmaga gerek bolan gymmatlyklary öz içine alýar. Şol sebäpli taryhyň ýeňil bolmadyk döwürlerinde hem adamlaryň hereketlerine, durmuş ýörelgelerine ynamlylyk we paýhaslylyk häsiýetli bolan. Şu hili häsiýet bolsa halkyň durmuş-ykdysady we ruhy tejribe esasynda toplan gymmatlyklaryny we ýörelgelerini aýawly gorandyklary netijesinde döreýär. Aýawlylyk we paýhaslylyk hem halkymyzyň kämil maddy we ruhy gymmatlyklary döretmegine getiren. Ahal-teke bedewi, türkmen halysy, saz gurallary, dutary, şaý-sepleri, alabaý iti, saryja goýny, ak bugdaýy biziň halkymyzyň döreden maddy gymmatlyklarynyň esasylarydyr.

Bu gymmatlyklary halkymyz kämillik derejesine ýetiripdir. Ony deňi-taýy bolmadyk ahal-teke bedewlerinde, dünýä belli nepis türkmen halylarynda, şaý-seplerinde görýäris. Ata-babalarymyzyň kämil maddy gymmatlyklary döretmek ukyby has hem orta asyrlarda ösüpdir. Seljuk hökümdary Mälik şanyň döwründe, mysal üçin, diňe Maryda 15 müň zergär bolupdyr. Olar aýal-gyzlary, atlary bezemek üçin ajaýyp şaý-sepleri ýasapdyrlar[11].

Türkmen halky bütin taryhynyň dowamynda ýurdumyzda ajaýyp şäherleri, binalary guran. Binagärlik sungatynyň ajaýyp nusgalary bolan b. e. ö. III–I asyrlara degişli Parfiýa döwletiniň köşkler toplumy, Nusaý, Soltan Sanjaryň aramgähi, Uly Gyzgala, Gutlug Temiriň minarasy, Törebeg hanymyň aramgähi, Daýahatyn kerwensaraýy, Dehistanyň minaralary, Mäne babanyň we Abyl Fazylyň aramgähleri we beýlekiler dünýä siwilizasiýasynyň taryhynda mynasyp orun eýeleýär.

Adamzat taryhynda uly orna eýe bolan Beýik Ýüpek ýolunyň kadaly hereket etmegine hem türkmen halky saldamly goşant goşan. Gadymy ýoluň Hazar deňzinden günbatara, Amyderýadan gündogara, Üstýurt düzlüginden demirgazyga Köpetdagdan günorta uzaýan ýollaryň ugry bilen türkmen medeniýeti dünýä ýaýrady. Beýik Ýüpek ýoly yklymlary birleşdirýän güýje öwrüildi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «Türkmenistan bu halkara söwda-medeni ýolunyň ýüregi – herketlendiriji güýji hökmünde taryhyň sahnasynda esasy orny eýeledi»[12] diýip, türkmen halkynyň gadym döwürlerden bäri adamzadyň ösüşine güýçli itergi berip gelen halkdygy barada örän wajyp netija gelýär.

Halkyň şu hili medeni mirasyny açyp görkezip, geljekki nesillere ýetirmek döwlet ähmiýetli iş bolýar. Häzirki döwürde milli taryhy-medeni mirasyň müňden gowragy döwlet tarapyndan hasaba alyndy. Ýurtda 8 sany taryhy-medeni döwlet goraghanalary bolup, olara: «Nusaý», «Köneürgenç», «Gadymy Merw», «Gadymy Dehistan», «Kerki», «Köne Sarahs», «Abywert», «Gökdepe galasy» goraghanalary degişlidir[13]. Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen taryhy desgalaryň, şeýle-de taryhy ýadygärlikleriň 20-sini ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşmak boýunça alnyp barylýan işler ýurtda bu meselä berilýän ünsüň ähmiýetini görkezýär. Häzirki döwürde iri taryhy-medeni goraghanalaryň üçüsi – Nusaý, Köneürgenç we Gadymy Merw ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi. Olaryň her biri özüniň ägirt uly medeni we ylmy gymmatlygy bilen bellidir. Şonuň ýaly-da bu ýadygärlikler toplumlary türkmen halkynyň geçen nesilleriniň döredijilik ukybynyň ýokarylygynyň subutnamasydyr.

Şu ýerde önümçilik bilen baglanyşykly döredijilik ukyplarynyň tehnikanyň we tehnologiýanyň döremegine esas bolup bilmänligi bilen baglanyşykly soragy düşündirmäge çalşalyň. Beýik nemes filosofy Georg Wilgelm Fridrih Gegel öz

[11] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – A.: TDNG, 2005, 673 sah.

[12] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – A.: TDNG, 2017, 10 sah.

[13] Arkadagyň ajap eýýamy. Kitap – albom. – A.: TDNG, 2017, 305 sah.

döwründe adamyň öňde goýýan maksady we ony gazanmak üçin döreden serişdelerini deňäp: «...Plug onuň kömegi bilen taýýarlanan önümlerden we soňkynyň döredýän eşretlerinden hormatlydyr. Gurallar saklanyp galýarlar. Şol bir wagtda eşret tiz tamamlanýar we ýatdan çykarylýar. Eger öz gurallary bilen adam tebigatyň üstünden agalyk etse, öz maksatlarynda ol oňa bagly bolýar»[14] diýip belleýär.

Dogrudan hem, önümi öndürmäge gönükdirilen hereket, öňde goýlan maksada ýetmek üçin tebigy we tehnologik prosesleri serişde hökmünde ulanmaga gönükdirilen hereketden tapawutlanýandyr. Eger olaryň **birinjisi** «Ony nähili etmeli?» diýen sorag bilen baglanyşykly bolsa, **ikinjisi** «Ony nähili serişdäniň kömegi bilen etmeli?» diýen sorag bilen baglydyr. Soňky soragyň jogabyny gözlemek, umuman, aňyň, şol sanda milli aňyň hem serişdeleri oýlap tapmak ukyby bilen bagly. Aňyň edil şu aýratynlygy tehnikany we tehnologiýany döretmäge kömek edýär. Şol ukyp belli bir derejede «mekirlik» bolup, ol hilegärlik, ýol tapmak, ýeserlik bilen bagly. Georg Wilgelm Fridrih Gegeliň aýtmagyna görä, ol maksada başga bir zadyň üsti bilen ýetmegi aňladyp, obýektleriň biri-birine täsir etmeklerine we şol täsirde öz-özlerini sarp etmeklerine ýol açyp, şol bir wagtda-da öz maksadyny gazanýan aňyň «mekirligi» jemgyýetiň täze gymmatlyklary özleşdirmäge ukybynyň döremeginiň bir şerti bolýar.

Halkymyzyň dagynyk ýaşan ýyllarynda şeýle ukybyň döremegine päsgelçilikler az bolmady. Tire-taýpalaryň dowamly döwürde göçüp-gonup ýörmekleri, goňşy döwletleriň olaryň üstünden agalyk etmek meýilleri, şolaryň netijesinde adamlaryň esasy aladasy ýaşamak üçin iň gerekli zatlaryň gözlegi bilen çäklendi. Şu hili kyn şertlerde hem türkmen halky öz gymmatlyklaryny aýawly saklap, köp ugurlarda döredijilik ukybyny ýitirmän geldi. Bu bolsa halkymyzyň ýaşaýyş ukybynyň ýokarylygynyň görkezijisi bolýar. Garaşsyzlygymyzdan başlanan özgerişler halkyň içerki gurujylyk we döredijilik ukybynyň has giňden açylmagy esasynda mümkin bolýar.

**Türkmen ýurdunda bolup geçen medeni-ruhy özgerişler.** IX–XI asyrlarda Orta Aziýa yslam dininiň aralaşmagy bilen önümçilikde-de, ylym-bilimde-de, medeniýetde-de düýpli özgerişler bolup geçýär. Şol döwrüň hojalygynyň esasyny tutýan suwarymly ekerançylygyň ýaýran oazislerinde, hususan-da, Murgabyň boýundaky Merwde, Amyderýanyň aşaky akymyndaky Horezmde wajyp ylymlar: astronomiýa, matematika, topografiýa, geometriýa ýokary derejä galypdyr. Bu ýerde kemala gelen Gündogaryň medeniýeti dünýewiligi wagyz-nesihat edip, antiki gymmatlyklary giňişleýin ulanyp, ýokary derejä galan. Onuň aýratynlygy hökmünde bolsa tebigaty öwrenýän ylymlary ösdürmek ugrunda gazanylan netijeleri, akyl ýetirmegiň serişdesi hökmünde logikanyň işewür ulanylandygyny, adama tebigatyň kämil ýaradan zady hökmünde garap, ynsanperwer garaýyşlaryň öňe sürlendigini görkezse bolar.

---

[14] Bu jümle: Е.А. Шаповалов. Общество и инженер: Философско – социологические проблемы инженерной деятельности. Ленинград: издательство ЛТУ, 1984, стр. 27.

Taryhyň subut etmegine görä, orta asyr Gündogar medeniýeti adamzat taryhynda uly yz galdyrypdyr. Grekleriň ylymda we filosofiýada gazanan netijeleri ýewropalylara musulman akyldarlarynyň araçylygy esasynda geçirilipdir, ýagny ellinleriň ruhy mirasy şol akyldarlar tarapyndan öwrenilen we özleşdirilendir. Soňra şolaryň döredijiliginiň üsti bilen Ýewropa ýaýran. Şol filosoflar we alymlar bolmadyk bolsa näçe wagtlap ýewropalylar ol mirasdan üzňe bolardylar, asla tanyş bolup bilmezlikleri hem mümkindi?!

Yslam siwilizasiýasynyň Ýewropa ýurtlaryna eden täsirini durmuşyň ähli ugurlarynda ylymda, sungatda, filosofiýada duýmak bolýar. Eger tebigy ylymlary we matematikany alyp görsek, olarda ulanylýan köp adalgalar Gündogaryň halklarynyň dillerinden alnypdyr diýsek ýalňyşmarys. Mysal üçin, himiýa Gadymy Müsürden gaýdýan adyny şu güne çenli saklap gelýär. Matematika ylmy bilen baglanyşykly Günbatarda kabul edilen maglumatlar diňe bir grek çeşmesi bilen çäklenmän, arap, hindi çeşmelerini hem öz içine alýar. Algebra ylmy greklere mälim bolmandyr. Ol ylym öz gözbaşyny Hindistandan alyp, soňra türkmen akyldary al-Horezmi tarapyndan kämilleşdirilýär. Gündogaryň täsirini sungatda, şol sanda binagärlikde hem görse bolýar. Oňa mysal edip, bitewi binagärlik ugruna at beren gotiki üstýapmalaryny hem-de Ýewropada giňden ýaýran çarbag sungatyny görkezse bolar. Filosofiýada Gündogar akyldarlarynyň Günbatara orta asyrda eden täsiri has hem güýçli bolan. Şol döwürde ýewropalylaryň grek filosofiýasy bilen tanyşmaga başga çeşmesi bolmandyr. Platonyň we Aristoteliň eserleriniň latyn diline edilen terjimesi grek dilinden däl-de arap dilindendir. Bu ýerde Gündogaryň beýik akyldarlary Ibn Ruşduň we Ibn Sinanyň täsirleri aýdyň duýulýar.

Musulman medeniýetiniň Günbatara eden täsirini çuňňur öwrenen, yslam dinini kabul eden fransuz alymy Rene Genon orta asyrlarda Ýewropada dörän guramalaryň şu ugurda bitiren işlerine uly baha berip, olary «ýewropaly sufiler» diýip atlandyrýar. Olar, R. Genonyň aýtmagyna görä, sufiler bilen aragatnaşykda bolup, musulman dünýäsinde ösen ylymlary Ýewropa ýaýradyp, Gündogar bilen Günbatary birleşdirýän halka bolup hyzmat edipdirler[15]. Diýmek, türkmen akyldarlarymyz peýdaly ylmy hem, peýdaly filosofiýany hem döredip bilipdirler. Bu filosofiýa halkymyzyň ruhy medeniýetini berkidýär. Onuň täsir edýän meýdanynda ösüşlere we özgerişlere ýol açylýar.

Medeniýetiň we ylymlaryň gazanan üstünlikleri musulman jemgyýetine hemme taraplaýyn oňaýly täsir edipdir. Netijede, türkmen halkynyň mysalynda görşümiz ýaly, sada-sagdyn ýaşaýyş ýörelgeleriniň taplanmagyna esas döräpdir. Umuman, türkmen halky baý medeni mirasa eýe bolan. Geçen nesiller nusgalyk maddy we ruhy medeni gymmatlyklary, ýaşaýyş ýörelgelerini döredip bilipdirler. Türkmen halkynyň däp-dessurlary, ýol-ýörelgeleri, akyldarlaryň pähim-paýhasy nesillerden-nesillere geçip, türkmen jemgyýetiniň durnuklylygyny we özboluşlylygyny kesgitläpdir.

[15] Р. Генон. Влияние исламской цивилизации на Европу. Вопросы философии. №4, 1991, стр. 54–57.

**Türkmen halkynyň medeni-ruhy mirasy.** Türkmen halkynyň uzak taryhynyň dowamynda taplanan türkmeniň aňy azat we erkin döredijilik ukyplarynyň iň zerurlaryny öz içine alýar. Ol türkmençilik ýörelgelerine ýugrulyp, adamlaryň hereketlerine, iş ýörediş usullaryna kethudalyk we sada-sagdynlyk; ruhy dünýäsine bolsa ynsanperwerlik, kanagatlylyk, şükranalyk çaýýar. Halkyň ruhy-medeni mirasy öz gözbaşyny daş ýazgylaryndan alyp gaýdyp, dünýä belli edebiýat eserlerimiz, çuň many-mazmunly ajaýyp şygyrdyr dessanlary, örän täsirli filosofiki garaýyşlary öz içine alýar. Taryhy döwürleriň üýtgäp durmagyna garamazdan, Hoja Ahmet Ýasawy, Mahmut Zamahşary, Ýunus Emre, Jelaleddin Rumy, Burhaneddin Rabguzy, Horezmi, Ymameddin Nesimi, Baýram han, Jahanşa Hakyky, Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy we beýleki akyldarlaryň öňe süren oý-pikirleri adamzadyň paýhasly ýaşaýşynyň ýörelgeleri bolýarlar.

«Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly», «Şasenem-garyp», «Zöhre-Tahyr», «Saýatly-Hemra» eserleri halkyň durmuş filosofiýasynyň gözbaşydyr. «Görogly» şadessany 2016-njy ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä maddy däl medeni mirasynyň dürdäneleriniň sanawyna girizildi. «Görogly» şadessany türkmen dessançylyk sungatynyň nusgawy eseri bolup, onuň asyrlaryň dowamynda ýerine ýetiriliş däpleri nesillerden-nesillere geçip kämilleşýär. Türkmen halkynyň bu ajaýyp eseri mundan beýläk tutuş adamzadyň ruhy gymmatlygyna öwrülip, halkyň ýaşaýyş ýörelgeleriniň bu günki ähmiýetini doly tassyklaýar.

Türkmen halkynyň maddy däl medeni mirasy örän baý. Onuň düzümine dilden-dile geçýän halk döredijiligi, halkymyzyň däp-dessurlary we urp-adatlary, şol sanda ula bolan hormat, türkmen myhmansöýerligi, senetçilik, halyçylyk, keçe basmak, zergärçilik işi, aýdym-saz, dessançylyk sungatlary, milli binägärlik we çeperçilik däpleri girýärler. Olaryň her biri biziň şu günki durmuşymyz üçin wajyp. Ony biz gadymy türkmen milli tansy bolan küştdepdiniň mysalynda görýäris. Küştdepdi aýdym we tans sungaty 2017-nji ýylyň 4–9-njy dekabrynda Koreýa Respublikasynyň Çrju şäherinde geçen ÝUNESKO-nyň 12-nji mejlisinde Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Halk tansy bolan küştdepdi medeniýetiň aýratyn bölegidir. Ol türkmen halkynyň asylly ýörelgelerini we häzirki zamanyň döredijilik ruhuny sazlaşdyrmagyň mysalydyr.

Ýurtda halkyň ruhy-medeni mirasyny ählitaraplaýyn öwrenmek, nesillerden-nesillere geçirmek işine uly üns berilýär. Bu ugurda Magtymguly Pyragynyň 290 ýyllyk şanly senesi bellenen 2014-nji ýylda hem-de «Mirasa sarpa goýmak, Watany özgertmek» diýip atlandyrylan 2016-njy ýylda edilen işler aýratyn bellärliklidir. 2014-nji ýyl Magtymgulynyň ýyly diýip yglan edildi. Bu çözgüt TÜRKSOÝ-yň hemişelik geňeşiniň Ankarada (Türkiýe Respublikasy) geçirilen XXXI mejlisinde kabul edildi. Şol ýylyň dowamynda beýik şahyryň eserleri iňlis, ýapon, hytaý, koreý, urdu, arap, türk, fransuz, rus, belarus, ukrain, rumyn, tatar, ermeni, gazak, özbek we dünýäniň beýleki birnäçe dillerine terjime edildi hem-de özbaşdak neşir-

ler görnüşinde çap edildi. 2016-njy ýylda hem halkyň taryhy-medeni we ruhy mirasyny öwrenmek bilen baglanyşykly köptaraply işlere badalga berildi.

Türkmen halkynyň döreden şadessanlary, gaýtalanmaýan şygryýeti, däp-dessurlary, aýdym-saz sungaty we durmuş ýörelgeleri, akyldarlaryň pähim-paýhasy, sopuçylyk filosofiýasy, ajaýyp sazlary – häzirki nesillere galdyrylan ruhy mirasdyr. Olar geçen nesilleriň bahasyny hiç zat bilen çalşyp bolmajak ruhy gymmatlyklary bolup, adamzadyň şu günki ruhy dünýäsinde hem wajyp orun eýeleýär. Milleti millet edýän şol ruhy gymmatlyklary geçen nesiller öz taryhynyň belentli we pesli döwürlerinde döredip gelipdir.

Şol gymmatlyklaryň içinde halkymyzda pähim-paýhasa esaslanýan geljege, ýagşylyga bolan beýik ynanç ýörelgesiniň döränlikligi aýratyn belläliklidir. Türkmen Lideri özüniň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly eserinde: «...Marguşyň gadymy şalygynda dörän zarostrizm dininiň kada-kanunlaryna, wagyz-hadysyna görä, ýagşylyk ýamanlykdan, haýyr şerden, adalatlylyk hökmüzorlukdan, merdanalyk bigaýratlylykdan, ahlak kämilligi päli bozuklykdam elmydama üstün çykýar. Türkmen ruhuna siňen tümlükden-nuranalyga çykarýan şol gadymy ynanç ýörelgelerш halkymyzyň durmuş medeniýetine öwrülipdir»[16] diýip belleýär. Ine, şonuň esasynda täze ruhy gymmatlyklary döretmek ukyby milletiň dowam bolmagynyň esasy şertidir. Şeýle ruhy gymmatlyklary täze döwürde döwrüň talaplaryna we çagyryşlaryna laýyklykda açmak, olary halkyň ýaşaýyş ukybynyň ýüze çykmasy hökmünde aňlatmak biziň döwrümiziň zerurlygy bolýar.

**Ýakyn geçmiş mirasymyzy jemgyýeti öwreniş ylymlarynda şöhlelendirmegiň aýratynlyklary.** Biz garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra geçmişimiz, şol sanda ýakyn geçmişimiz barada oýlanmaly bolduk. Bu ýerde, ilki bilen, geçen XX asyryň uzak ýyllarynyň dowamynda biziň jemgyýetçilik durmuşymyzy gurnan öňki sowetler döwri barada gürrüň gidýär. Şol geçmişimizi taryhymyzdan bölüp aradan aýryp taşlap bolmajaklygy düşnükli. Şonuň üçin ondan şol döwürde bolan zatlary bilip, oýlanyp, şol zatlaryň täsirinde dörän oňaýlyklara eýe bolup, kemçilikleri aradan aýryp azat bolmak gerek boldy. Olara ylmy nukdaýnazardan garap, onuň şu günki täsirine düşünmek zerur.

Biz bir uly döwletiň bölegi bolup, özümize bagly bolmadyk sebäplere görä, şol döwletiň içinde ýewropa tarap ätmeli bolduk, ýöne biziň şol wagtda «ýewropalaşmagymyz» örän düýpli garşylyga sezewar boldy. Ýewropa, Günbatara, indi mälim bolşy ýaly, adamzady özüne çekip, ähli halklaryň durmuşyny öz nusgasy esasynda özgertmek başartmajak eken. Biziň şertimizde şol nusganyň diňe bir amal edilişi däl, eýsem aňlanylyşy hem hakykylyk bolup bilmedi, sebäbi biziň üçin «ýewropalaşma» diňe marksistik nukdaýnazardan adamzadyň ösüş ýolundan düýpgöter tapawutly «täze» – sosialistik ösüş ýoly bilen amal edilmäge çalşyldy.

[16] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – A.: TDNG, 2017, 35 sah.

Şol ýoluň täsiri biziň halkymyzyň ruhy durmuşynda bolup geçen özgerişlerde has aýdyň görünýär. Şol ýyllarda halkyň aňyna belli bir derejede bize örän ähmiýetli dünýewi gymmatlyklary ornaşdyrmaga çalşylandygyny bellemeli, ýöne şu wezipäni amal etmeli bolan täzeden kemala gelýän dünýewi bilim ulgamy halkyň toplan sosial-durmuşy tejribesine geregiçe daýanyp bilmedi. Ýurda ornaşdyryljak bolnan industrial medeniýet bolsa diňe bir onuň keseden getirilenligi sebäpli däl, eýsem şol döwürde agalyk eden ideologiýanyň ol medeniýete degişlilikde girizen çäklendirmeleri zerarly doly açylyp bilinmedi.

Ylmyň we täze tehnologiýalaryň gazananlaryny durmuşa girizmegi arzuw edip, geçen XX asyryň 30-njy ýyllarynda öňe sürlen senagatlaşma syýasaty bu meseläniň çözgüdini diňe taýýar tehniki we tehnologik täzelikleri özleşdirmek bilen baglady. Şol bir wagtda hem industrial medeniýetiň aýrylmaz bölekleri bolan hukuk döwletiniň we bazar ykdysadyýetiniň gymmatlyklary bu ýerde asla inkär edildi. Demokratiki gymmatlyklar özleşdirilende hem adamzadyň bu ugurda toplan tejribesi göz öňünde tutulmady. Şeýle syýasatyň netijesi, bilşimiz ýaly, ummasyz çykdajylar we zorluk esasynda gazanylan wagtlaýyn ösüş bilen çäklendi.

Şol ýyllarda türkmen jemgyýetine industrial gymmatlyklary ornaşdyrmak syýasaty amal ediliş usullaryndan daşgary, öz maksady bilen hem tapawutlandy. Ol syýasat biziň ýurdumyzda ýeke-täk çig mal önümçiligini gurnamaga gönükdirilýärdi. Gaýtadan işleýän pudagyň döremedik ýerinde, bilşimiz ýaly, industrial ösüş hem bolup bilmeýär. Üstesine-de, bu syýasat amal edilende ne halkyň durmuş ýagdaýy, ne-de onuň medeni özboluşlylygy göz öňünde tutuldy. Şu hili industriallaşma sebäpli jemgyýetde halkyň asyl gymmatlyklarynyň, umuman, medeni dürlüligiň saklanmagyna, biziň halkymyzyň müňýyllyklaryň çalyşýan döwründe saklanyp galmagyna howp döretdi.

Şu we beýleki sebäplere görä, şol döwürde agalyk eden marksistik taglymat XX asyrda dörän gapma-garşylyklara sezewar boldy. Dürli esasly, köptarapa ugrugýan Dünýä, öz içinde täze baglanyşyga, täze bitewülige eýe bolmak üçin bolup geçen wakalara başgaça, täzeçe düşünmegi talap etdi. K. Marks, bilşimiz ýaly, öz döwründe, ýagny XIX asyryň ortalarynda öňe süren pikirlerinde şol bitewüligi öňünden aňlap, ony täzeçe gurnamak meselesini çözüp bilmän gitdi. Şu ýagdaýa onuň taglymatyny XX asyrda dowam etdirijiler hem düşünip bilmediler.

Şonuň üçin «bolan zatlary», taryhy manylaýyn, döredijilikli öwrenmek gerek boldy. Geçmişe dogry garaýyş her gezek häzirki döwre geçmişe esaslanyp düşünmäge, häzirki döwür bilen – geçmişi düşündirmäge esas bolýar. Adamlar bolan zatlary ýatlaýarlar, haýwanlar hem bolan zatlary ýatlaýarlar, ýöne adam ýöne bir ýatlanok, adam olardan tapawutlylykda, «bolan zada» şol zady, wakany ýatlaýan, olary täzeden başyndan geçirýän hökmünde özüni goşup ýatlaýar. Bu hem durmuş meselelerini ähliltaraplaýyn aňlamaga esas bolýar.

Şu nukdaýnazardan biziň düýnki günümiziň taryhyny öwrenmek – bu «bolan zatlara» gaýdyp gelmek däl. Geçmiş hiç biriniň başgalardan tapawutly artykmaçlygy däl. Ol hiç kişä aýratynlykda degişli hem däl, şol bir wagtda hem «özara açyk söhbetde», şu günki adamlaryň «geçenler» bilen pikir alyşmagynda geçmiş hemmelere degişli. Başgaça aýdylanda, taryhy taýdan özüňi aňlamak elmydama subýektiw häsiýete eýe. Oýlanýan adam bu ýagdaýy bilýär we geçmişiň şu güne «goşulýan» bölegini giňeltmäge we pähim-paýhas bilen özüniň subýektiw garaýşyny çäklemäge çalyşýar.

«Ýaşaýyş durmuşy adamlaryň pikirleri we göz öňüne getirmeleri esasynda gurnalýar» diýen jümle şu ýerdäki baglanyşygy açmaga kömege gelýär. Hormatly Prezidentimiz özüniň «Arşyň nepisligi» atly ylmy-filosofiki eserinde: «XXI asyrda adamzadyň öňünde ýüze çykýan meseleler dogrusynda, men elmydama oýlanýaryn. Pikir edip, oýlanyp gelýän netijelerimiň ählisi hem ýene adam gymmatlygy baradaky taglymatyma syrygýar»[17] diýip belleýär. Adamy bolsa dünýä bitewilikde garap mukaddeslemek mümkin. Biziň häzirki düýpli özgerýän döwrümizde ýokarky garaýyş hakykylyga gabat gelýär we kem-kemden syýasy tejribe ýörelgesine öwrülýär. Halklar (partiýalar, birleşmeler, döwletler) öňünden saýlamak gerekligine sezewar bolup, şonda nähili hereketi amal etmek, haýsy ugra tarap ätmek, mümkinçilikleriň haýsysyny öňe sürmek ýaly meseleleri çözmeli bolýarlar. Adamlara olaryň aňyna we erkine garşy goýlan özakymlaýyn ösüşiň esasynda buýrulýan zadyň betbagtçylyklar bilen yzyna gaýdyp gelip, düzedip bolmajak netija getirjekligini XX asyryň taryhy tejribesi görkezdi.

Bu ýerden bolsa taryhy dünýägaraýyşda ösüş ýoluny saýlap almak meselesi ýüze çykýar. Ösüş ýoluny saýlamaga taryhy barlygyň wajyp şerti hökmünde garamagy ozalky marksistik taryhçylary doly aňlap bilmediler, özi hem bu ýagdaýyň amal edilip bolunmaýanlygy ýa-da onuň görünmeýänligi bilen bagly däl-de, mümkinçilikleri hakykylykdan, ideallygy reallykdan aýyrýan çägiň barlygy sebäpli we marksistik filosofiki aňyň bu çägi aradan aýryp bilmeýänligi bilen bagly boldy. XX asyr şol çäkden geçmäge iterdi. Ol köp halklaryň başyna düşen harasat bilen bar bolan ewolýusion pikiriň, birtaraply ösüş taglymatynyň, geçmişiň beýik akyldarlary tarapyndan aňlanan ýetmezlikleri hakykylykda ýüze çykardy. Kanunalaýyklylyk taryhy hereketiň dürli mümkinçiliklerini özünde jemleýän kanunalaýykly bäsleşik we deňagramlaýjy meýil mundan beýläk sosial hakykylygy dogry aňlamagyň meselesi bolýar. Mümkinçilik bilen hakykylygyň arasyndaky gran şertleýin ýagdaýda bolýar, ösüş ugry baradaky mesele çözülende, geçmişde amal edilip bilinmedik mümkinçilikleri hakyky taryhy «ähmiýete» eýe bolan zat hökmünde göz öňünde tutmaly bolýar.

Häzirki şertlerde dünýäniň bitewüligi baradaky meselä ozalkylardan tapawutly garalýar. Biz ozal dünýäni bitewilikde nähili göz öňüne getirýärdik? Elbetde ösüşiň basgançaklaryndan ýokary çykmak hökmünde. «Haýsydyr biri öňe giden, kimdir

---

[17] Gurbanguly Berdimuhamedow. Arşyň nepisligi. – A.: TDNG, 2016, 339 sah.

biri özüniň yza galýanlygyny duýup onuň yzyndan ýetmäge çalyşýar, ýene biri soňkynyň hereketlerini indi amal etmeli bolýar». XX asyryň ahyrynda düýpgöter täze dünýä döredi. Döwürler birwagtlaýynlylyga öwrüldi. Ösüşe ýokary-aşakly garaýyş keselige öwrüldi.

XX asyryň dowamynda taryhy hakykylygyň düýpgöter başga görnüşi kemala gelýär. Indi taryhy ösüş birmanylylygyny, öňünden kesgitlenenligini ýitirip, dürli taryhy ýagdaýlarda dürlüleýin amal edilýän köpşahalaýyn ösüş mümkinçilik ugurlary hökmünde çykyş edýär. Bu asyrda ägirt güýçli senagat kapitalizminiň we ähluмumy kommunikasiýa ulgamynyň täsiri bilen ýüze çykarylan taryhy ösüşiň dürli ýollary diňe bir marksistik taglymatyň säwliklerini däl, eýsem Günbatar Ýewropa siwilizasiýasynyň ähluмumylygynyň garaşylmadyk çägini äşgär etdi. Şu nukdaýnazardan amerikan alymy Fransis Fukuýamanyň geçen XX asyryň ahyrynda özüniň meşhurlyga eýe bolan «Taryhyň soňy» atly makalasynda liberalizmi ýeke-täk ösüş nusgasy hökmünde ykrarlamagy[18] hem dogry bolmasa gerek. Şonuň üçin taryhyň şu ösüşi bilen jemgyýetiň özgerişine garaýyşlaryň ne derejede düýpli üýtgänligini sosial ösüşiň deterministik ýörelgeleriniň dünýäniň dürli sebitlerindäki özgerişi dolandyrýan kanunlaryň özboluşlylygyny düşündirmäge ýeterlikli däldigini görkezdi.

Bu ýagdaý jemgyýetçilik ösüşiň dürli ugra gönügýänligi taryhy hakykylygyň diňe dikleýin – aşakdan ýokaryk baglanyşyk hökmünde göz öňüne getirmeleri sorag astynda goýdy we gapma-garşylykly bolan dünýäniň bitewiliginiň takyklanmagyna getirdi. Biziň döwrümizde siwilizasiýanyň ösüş ugry ozal öňe sürlen dünýäniň dikleýin ösüş taglymaty bilen kesgitlenilmän, ol ýurtlaryň, sebitleriň, siwilizasiýalaryň arasyndaky özara täsir esasynda kesgitlenýänligi sebäpli, «bir zatdan»«başga bir zada» tarap ugrugýan gutarnykly kesgitlenilen taryhy hereketiň manysy öz ähmiýetini ýitirýär. Diýeli, kapitalizmden sosializme geçmek öz öňki marksistik manysyny ýitirýär.

Şu nukdaýnazardan biziň jemgyýetimiziň garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňky ösüş ýoluny ozalky ölçegler bilen kesgitläp bolmajakdygy düşnükli bolýar. Ýurduň ösüşini daşyndan girizilýän haýsy-da bolsa bir nusganyň esasynda gazanmak däl-de, ýurduň we jemgyýetiň içki mümkinçiliklerini hemmetaraplaýyn öwrenip, olaryň ösüşe we özgerişe döredip biljek şertlerini anyklap, adamzadyň häzirki ösüş ýoluna düşmek gerek boldy.

### Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Türkmen ýurdunda dörän gadymy siwilizasiýalary açyp görkeziň.
2. Türkmen halkynyň önümçilik medeniýeti nähili häsiýetlendirilýär?
3. Geçen nesilleriň miras galdyran ruhy gymmatlyklarynyň ähmiýetini nämede görýärsiňiz?

4 Ýakyn geçmiş mirasymyzyň jemgyýetçilik ylymlarynda şöhlelendirilişi nähili üýtgeýär?

5 Adamzat jemgyýetiniň ösüşine birýanly, ýokarly-aşakly garaýyş dogrumy?

[18] Ф. Фукуямо. Конец истории. Вопросы философии. №3, 1990, стр. 134

# III BAP
# GARAŞSYZ TÜRKMENISTANDA JEMGYÝETÇILIK DURMUŞYŇ ÖZGERMEGI ÜÇIN DÖRÄN ESASLAR

## 1-NJI SAPAK. SOWET JEMGYÝETÇILIK GURLUŞYNDAN DEMOKRATIK JEMGYÝETÇILIK GURLUŞYNA GEÇIŞ DÖWRI

*Türkmenistanyň garaşsyzlygy. Milli türkmen döwletiniň döremegi. Demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň ýol-ýörelgeleriniň saýlanyp alynmagy. Türkmen döwletiniň hemişelik Bitaraplyk derejesiniň ykrar edilmegi. Totalitar jemgyýet gurluşyndan demokratik jemgyýet gurluşyna geçiş döwri. Häkimiýet bölünişigi we onda Türkmenistanyň Halk maslahatynyň tutan orny. Bazar gatnaşyklaryny özleşdirmäge girişilmegi.*

*Jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny milli gymmatlyklar esasynda gurnamak ugrunda edilen tagallalar. Jemgyýetiň ruhy dünýäsinde bolup geçen özgerişler.*

*Geşiş döwründe jemgyýetiň sosial düzüminiň özgermegi. Jemgyýetçilik gatlaklaryň we sosial toparlaryň bähbitlerini utgaşdyrmak ugrunda edilen işler. Bu işde Türkmenistanyň Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň eýelän orny.*

### Garaşsyzlyk we ýurtda başlanan düýpli özgerişler

Türkmenistanyň taryhy dersinde XX asyryň uzak döwründe uly täsirlilige eýe bolan öňki SSSR döwletiniň şol asyryň soňky ýyllarynda gowşap, pese düşüşi giňişleýin beýan edilýär. Şonda geçen XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ortalarynda bu ýurdy üýtgedip gurmak barada öňe sürlen syýasatyň hem başa barmandygy bellenilýär. Türkmenistanyň özbaşdaklygyna we garaşsyzlygyna ilki bilen gerek bolan syýasy esaslaryň şol döwürde döreýänligini göz öňünde tutup, ýurtda şonuň bilen baglanyşykly bolup geçen özgerişler hakyndaky gürrüňimizi şol ýyllardan başlalyň. 1985-nji ýylyň 21-nji dekabrynda Türkmenistanyň Kommunistik partiýasynyň (Sowet Soýuzynyň Kommunistik partiýasynyň aýrylmaz bölegi) Merkezi Kommitetiniň Birinji sekretary wezipesine S.A. Nyýazow saýlanýar. Respublikanyň ýolbaşçysynyň (şol döwürde respublikan partiýa guramasynyň Birinji sekretary ýurtda iň ýokary wezipeli adamdy) çalşylmagy ýurduň ykdysady we syýasy ösüşinde düýpli meseleleriň ýüze çykanlygy bilen bagly boldy.

TKP MK-nyň XXIV gurultaýynda (1990-njy ýylyň maýy) bellenilişine görä, respublikada zähmet we önümçilik düzgün-nyzamy pese gaçypdy. Jenaýatçylyk artýardy. Öňki buýruk bermek usuly bilen ýurdy ilerledip bolmaýardy. Senagatyň we oba hojalygynyň birtaraplaýyn ösdürilmegi bilen respublikanyň merkeze ýapja häsiýeti has-da çuňlaşdy. Respublikanyň esasy senagat pudaklary, senagat

kärhanalarynyň köpüsi Soýuz ministrliklerine tabyn ýagdaýdady. Olaryň öndürýän önümlerinden gelýän girdejiler tutuşlygyna diýen ýaly Merkezde galýardy. Şu we beýleki meseleler barada S.A. Nyýazow Kommunistik partiýanyň XIX Bütinsoýuz konferensiýasynda (1988-nji ýylyň iýuly) sözlän sözünde: «Türkmenistanda senagat önümçiliginiň 40 göteriminden gowragy Soýuzyň tabynçylygyndaky kärhanalaryň önümi. Geçen ýyl (1987-nji ýyl – N.S.)olar ýerli sowetleriň býujetine diňe ýarym million manat, Soýuz ministrlikleriniň býujetine bolsa 530 mln manat geçirdi» diýip belläpdi. Bu görkezijiler Türkmenistanyň şol döwürdäki ykdysady ýagdaýyny doly häsiýetlendirýär. Türkmenistanyň oba hojalyk önümçiligi hem Merkeze tabyn edildi. Ol üýtgedip gurulýan döwürde hem şonlugyna saklandy. Garagum derýasynyň ugrundaky tarp ýerleriň özleşdirilmegi ekerançylyk üçin amatly şertleriň giňelmegine we respublikada öndürilýän pagtanyň, gök we bakja önümleriniň möçberiniň artmagyna getirdi, ýöne türkmen halkynyň gara derini saçyp ýygnaýan hasyly pagta arassalaýjy zawodlarynda arassalanyp, pamyk görnüşinde durşuna diýen ýaly Russiýanyň Iwanowa, Twer, Rostow we beýleki şäherleriniň dokma kärhanalaryna iberilýärdi.

Sowet imperiýasynyň gitdigiçe çuň çökgünlige ulaşmagy, sosialistik jemgyýetçilik gurluşynyň netijeli ykdysadyýeti gurnamaga ukybynyň ýoklugy, onuň düzümine girýän respublikalarda garaşsyzlyk meýilleriniň güýçlenmegine getirýär. Bu meýiller jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlarynda dürli görnüşlerde ýüze çykýarlar. 1990-njy ýylyň 24-nji maýynda Türkmenistan SSR Ýokary Sowetiniň «Dil hakyndaky» kabul eden Karary şol garaşsyzlyk meýlini durmuşa geçirmek barada Türkmenistanda edilen ilkinji ädim bolupdy. Türkmenistanyň çäginde türkmen diline Döwlet dili derejesi berildi.

70 ýylyň dowamynda sowet döwründe türkmen dili döwlet dili derejesine göterilmän gelipdi. Bu wezipe rus diliniň üstüne ýüklenipdi. Ähli edaralarda, ýokary we ýörite okuw mekdeplerinde resminamalar, sapaklar rus dilinde alnyp baryldy. Köp maşgalalar öz çagalaryny rus mekdeplerinde okadýardylar. Bu bolsa türkmen diliniň ikinji derejeli dil hökmünde görülmegine we onuň üstüne ýitmek howpunyň abanmagyna getirdi. Şonuň üçin türkmen diliniň Döwlet dili derejesine galdyrylmagy ýurduň durmuşynda örän wajyp waka bolupdy.

Türkmen halkynyň garaşsyzlygyny almagyna itergi beren esasy çäreleriň ýene biri 1990-njy ýylyň 22-nji awgustynda Türkmenistan Ýokary Sowetiniň Türkmenistanyň özygtyýarlygy hakynda kabul edilen Jarnamasy boldy. Jarnama türkmen halkynyň öz milli döwletini döredip bilmegine, ýurduň tebigy baýlyklaryna özüniň eýeçilik etmegine, milli medeniýeti dikeltmäge gerek bolan hukuk esaslaryny döretdi. Heniz doly dargamadyk SSSR-iň düzüminde Türkmenistanyň alan özygtyýarlygy doly özbaşdaklyk bolmasa-da, ol ýurduň garaşsyzlygy ugrunda edilen ilkinji aýgytly ädimleriň biridi. 1990-njy ýylda Türkmenistanda

dolandyryşyň prezident görnüşiniň girizilmegi hem-de Türkmenistanyň ilkinji Prezidentiniň saýlanmagy bu ýurduň özbaşdaklygy ugrunda yzygiderli durmuşa geçirýän syýasatynyň logiki dowamy boldy. Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine S. A. Nyýazow saýlandy.

1991-nji ýylyň 19-njy awgustynda SSSR-de adatdan daşary ýagdaý yglan edildi. Howul-hara ýagdaýda dörän syýasy topar SSSR-iň Prezidenti M. S. Gorbaçýowy wezipesinden boşadyp, ýurt ýolbaşçylygyna geçmäge çalyşdy. Bu ýurtda dörän nägilelikleriň, ýurduň bölünmek howpunyň öňüni almak maksady bilen edilýän çykyş diýip düşündiriljek bolundy. Hakykatda bolsa, bu çykyş diňe bir nägilelikleriň däl, eýsem ýurtda başlanan demokratik özgerişleriň, halklaryň öz özbaşdaklygy barada edýän hereketleriniň hem öňüne böwet bolmak meýillerini göz öňünde tutýardy, ýöne bu meýiller başa barmady. «Adatdan daşary» hukuklary ozüne aljak bolan syýasy toparyň çykyşy bary-ýogy üç gün dowam etdi. Soňra sowet imperiýasynyň dargamagy has çaltlaşdy. Ilki bilen, SSSR-iň iň uly respublikasy bolan Russiýa Federasyýasynda Kommunistik partiýa gadagan edildi. Beýleki respublikalarda hem oňa bolan ynam üzül-kesil peseldi. Şonuň bilen üýtgedip gurmak döwri tamamlandy. 74 ýyla golaý dowam eden imperiýa dargap başlady. Onuň düzümindäki respublikalar, şol sanda türkmen halky hem hakyky garaşsyzlyk ýoluna düşdi. Ýurduň syýasy, ykdysady durmuşyndaky özgerişler halkyň durmuş ýagdaýyna, medeniýetine hem kem-kemden öz täsirini ýetirdi.

## Jemgyýetde demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň ýol-ýörelgeleriniň saýlanyp alynmagy

**Türkmen halkynyň öz garaşsyzlygyna eýe bolmagy.** 1991-nji ýylyň awgustynda SSSR-de bolup geçen döwlet ýolbaşçysyny çalyşmaga meýiller we ondan soňky sentýabr-oktýabr wakalary ýurduň dargamagyny has hem çaltlandyrdy, agyr döwür ýüze çykdy. Şeýle şertlerde **1991-nji ýylyň güýzünde Türkmenistan öz täze taryhynda ilkinji gezek Garaşsyz döwlet diýip yglan edildi.** Türkmenistan garaşsyz, özbaşdak, özygtyýarly döwlet boldy. Garaşsyz, demokratik döwleti ykrar eden «Türkmenistanyň Garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary» hakynda Türkmenistanyň Konstitusion Kanunynda: «Türkmenistanyň garaşsyzlygy belent maksatlaryň hatyrasyna – türkmen halkynyň öz hakyky milli döwletini edinmeginiň hatyrasyna, milletine, jynsyna, sosial gelip çykyşyna we uýýan dinine garamazdan, her bir adam üçin Türkmenistanyň Baş Kanunynda, Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasynda we halkara hukugynyň beýleki kadalarynda göz öňünde tutulan hukuklary, azatlyklary üpjün etmegiň, kanuny agalyk edýän ynsanperwer demokratik jemgyýet gurmagyň hatyrasyna jar edilýär»[19] diýlip bellenilendir (2017-nji ýylyň oktýabr aýynyň 9-yna kabul edilen «Türkmenistanyň Garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary» hakynda Türkmenistanyň Konstitusion Kanunyna

[19] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – A.: TDNG, 47 sah.

üýtgetme girizmek hakynda Türkmenistanyň Konstitusion Kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň Garaşsyzlyk baýramy her ýylyň sentýabr aýynyň 27-sine bellenilýär). Gadymy türkmen ýurdunda Garaşsyz döwletiň döremegi täze taryha altyn harplar bilen ýazyljak beýik waka boldy. Bu waka ähli türkmen halky üçin hiç wagt ýatdan çykmajak pursata öwrüldi. 1991-nji ýylyň 8-nji dekabrynda SSSR döwleti doly ýykyldy. Şol ýylyň 30-njy dekabrynda SSSR-iň prezidenti M. S. Gorbaçýow öz ygtyýarlygyny bes edýändigini yglan etdi.

Garaşsyz Türkmenistan döwletleriň dünýä birleşiginde öz ornuny eýelemeli boldy. 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistan halkara hukugynyň subýekti bolan garaşsyz döwlet hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edildi. 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda Türkmenistanyň on ikinji çagyryş Ýokary Sowetiniň on dördünji sessiýasynda Türkmenistanyň Konstitusiýasy we ony güýje girizmegiň tertibi hakynda Kanun kabul edildi. Türkmenistanyň Konstitusiýasy 19-njy maýda çap edildi we şol günden başlap hem güýje girdi. Baş Kanunda Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwlet diýlip, onda döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar diýlip yglan edildi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna hem-de Türkmenistanyň Konstitusiýasyny güýje girizmegiň tertibi hakynda Kanuna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidentligine saýlawlary 1992-nji ýylyň 21-nji iýunynda geçirmek bellenildi. Bellenilen güni S.A. Nyýazow 5 ýyllyk möhlet bilen Türkmenistanyň Prezidentligine saýlanyldy. 1994-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda Türkmenistanda ählihalk referendumy geçirildi. Onda Türkmenistanyň Prezidenti S.A. Nyýazowyň konstitusion ygtyýarlyklary saýlaw geçirmezden ýene-de 5 ýyl möhlete çenli uzaldyldy. Türkmen halkynyň öz garaşsyzlygyny parahatçylyk ýoly bilen, dawa-jenjelsiz, goh-galmagalsyz, uruş-söwüşsiz, ilatyň goldamagy bilen, syýasy durnuklylygyň saklanmagy, milletara ylalaşygyň esasynda almagy bilen öňki sowet jemgyýetçilik we döwlet gurluşyndan täze demokratik jemgyýet gurluşyna geçiş döwri başlandy.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň esasynda döwletiň syýasy we ykdysady ulgamy türkmen halkynyň asyl ruhy ýörelgelerine, döwlet dolandyryş kadalaryna laýyk getirilip üýtgedildi. Ilki bilen halk häkimiýetiniň iň ýokary wekilçilikli guramasy bolan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine girýän halk wekilleriniň saýlawlary 1992-nji ýylyň 6-njy dekabrynda, şeýle hem Geňeşiň agzalarynyň saýlawlary 1993-nji ýylyň 27-nji iýunynda geçirildi. Şol döwürde döredilen Halk Maslahaty döwlet-hukuk gurluşynyň özboluşly edarasy boldy. Onuň döredilmegi türkmen halkynyň gadymyýetden bäri ulanyp gelýän halkyň bähbidine dahylly meseleleri çözmek üçin umumy maslahata (geňeşe) ýygnanmak däbi bilen baglydyr. Bu döwlet statusyna eýe bolan geňeş umumymilli forum bolup, oňa Prezident, Mejlisiň deputatlary, Ministrler Kabinetiniň agzalary, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutanlary, ýurduň kazyýet edaralarynyň ýolbaşçylary, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri girýärler. Geňeş döwlet durmuşynyň möhüm meselelerine ga-

raýar, teklipleri işläp düzýär, olar Prezident, Mejlis we beýleki döwlet edaralarynyň kararlary esasynda ýerine ýetirilýär.

**Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatyny saýlap almagy.** Garaşsyzlyk ýoluna düşen her bir döwlet kimin biziň türkmen döwletimiziň öňünde hem täze durmuşda öz ornuňy tapmak we taryhyň öňe süren meseleleriniň jogabyny tapmak zerurlygy döredi. Şu hili şertlerde daşary syýasat ugruny saýlamak biziň üçin iň wajyp mesele boldy. Biz öz taryhy köklerimize eýerip, Bitaraplyk ýol-ýörelgesini saýlap aldyk. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Bitarap Türkmenistan» atly eserinde: «Türkmen halkynyň Bitaraplyk ýoluny saýlap almagyna nämeler itergi berdi? Döwletimiziň bu ugry saýlamagynyň sebäpleri we esaslary nämede?» diýen soraglaryň jogabyny örän düýpli derňeýär.

Döwlet Baştutanynyň kitabynda getirilen delillere ýüzleneliň. Onda: «Beýleki döwletleriň syýasy gurluşlarynyň nusgalary düýp manysy boýunça bize gabat gelmeýärdi. Şu sebäpden hem biz köpasyrlyk şöhratly taryhymyzda geçilen ähli tapgyrlarymyzy düýpli seljerdik. Türkmenleriň beýleki halklar bilen gatnaşyk edenlerinde mydama özara düşünişmek we ynanyşmak ýörelgelerinden ugur alandyklaryna taryh şaýatlyk edýär. Türkmen halky hemişe-de islendik jedelli meseläni çözmegiň, ilki bilen, parahatçylykly ýoluny öňe sürüpdir. Şu ýagdaýlara salgylanyp, taryhymyzyň özi şonda bize çylşyrymly ýagdaýdan çykmagyň dogry ýoluny görkezdi. Netijede, bolsa türkmen halky geljekki ösüşleriň ýeke-täk dogry ýoluny saýlap aldy»[20] diýip bellenilýär.

Bu ýerde häzirki türkmen döwletiniň, türkmen jemgyýetiniň binýatlyk esaslarynyň birisiniň many-mazmuny: «Türkmen Bitaraplygy – bu parahatçylygyň ýoludyr, biziň planetamyzyň ähli halklarynyň dostluk we doganlyk ýoludyr. Goý, bu sözler dabaraly, şol bir wagtda-da buýsançly ýaňlansyn. Sebäbi, şu döredijilikli garaýyşlaryň ählisi türkmen Bitaraplygynyň deňi-taýy bolmadyk, gaýtalanmajak, ýeke-täk görnüşiniň esasyny, mazmunyny, düýp özenini düzýär. Bu görnüşde häzirki zaman dünýägaraýşy we türkmen halkynyň köp asyrlyk pähim-paýhasy sazlaşykly beýanyny tapýar»[21] diýlip, giňişleýin açylyp görkezilýär. Ol hem doly hakykat. Türkmen döwletiniň saýlap alan Bitaraplyk ýörelgesi öňe sürlen ilkinji günlerinden uly goldawa eýe boldy.

Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A.Nyýazow 1992-nji ýylda Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ÝHHG) Helsinki şäherinde bolan maslahatynda Türkmenistan ilkinji gezek öz daşary syýasat ugrunyň düýp mazmuny hökmünde oňyn Bitaraplygy yglan etdi. Şonda beýleki döwletleriň özbaşdaklygyna we çäk bitewiligine hormat goýmak, içki işlerine gatyşmazlyk, döwletara gatnaşyklarda güýç ulanmakdan boýun gaçyrmak, BMG-niň halkara hereketlerindäki çözgütlerini ileri tutmak, ähli döwletler bilen hoşniýetli goňşuçylygy hem-de hyzmatdaşlygy berkitmek ýaly, Bitaraplygyň esasy ýörelgeleri görkezildi. 1995-nji

[20] Gurbanguly Berdimuhamedow. Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 2015, 20–23 sah.
[21] Gurbanguly Berdimuhamedow. Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 23 sah.

ýylyň martynda Yslamabat şäherinde bolan Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (YHG) ýurtlarynyň maslahatynyň netijesi boýunça Deklarasiýasynda Türkmenistanyň Bitarap daşary syýasaty ilkinji gezek sebit derejesinde ykrarlandy. Soňra Türkmen Bitaraplygy Goşulmazlyk hereketine girýän ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlarynyň Kolumbiýa döwletiniň Kartahena şäherinde geçirilen maslahatynda goldanyldy. **1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda 185 döwletiň ses bermegi bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi ykrar edildi.**

Şol ýylyň 27-nji dekabrynda bolup geçen VII Halk Maslahatyň Karary bilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň birinji maddasynyň tekstine Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy Rezolýusiýasynyň 1-nji maddasy goşuldy. Biziň ýurdumyz dünýäde öz Esasy kanunyna BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasyny kanuny esasda girizen ýeke-täk döwletdir. Ol ynsanperwerlik ýörelgelerine eýerip, ýurtda adamy mertebelemäge, dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmäge çalyşýar.

Bu aýratynlygy 1999-njy ýylyň 28-nji dekabrynda bolup geçen IX Halk Maslahaty aýdyň görkezýär. Onda Türkmenistanda ölüm jezasyny ýatyrmak we gadagan etmek barada tutuş Aziýa kontinentinde deňi-taýy bolmadyk Karar kabul edildi. Bu çözgüt Esasy kanunymyzyň 20-nji maddasynda (2016-njy ýylda kabul edilen redaksiýasynyň 32-nji maddasy-N.S.) öz beýanyny tapdy. Munuň özi ýurdumyzda syýasy durnuklylygyň höküm sürýändiginiň hem-de halkymyzyň hukuk we ruhy medeniýetiniň ösüş derejesiniň ýokarydygynyň netijesinde mümkin boldy. 2003-nji ýylyň 14–15-nji awgustynda Türkmenbaşy şäherinde bolup geçen XIV Halk Maslahatynda «Türkmenistanyň ykdysady syýasy we medeni taýdan ösmeginiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry» Milli maksatnamasy kabul edildi. Bu Maksatnama uzak döwre niýetlenilen ýol-ýörelge bolup, biziň ykdysady ösüşimiziň yzygiderli, köptaraplaýyn baglanyşykly bolmagy üçin gerekli esaslary döretdi we döredip gelýär.

Umuman, bu ýyllar ýurduň syýasy ulgamynyň döremegi ugrunda wajyp çäreler amal edildi. Türkmenistanyň kanun çykaryjy edarasy bolan Mejlisiň (parlamentiň) deputatlarynyň 1994-nji ýylyň 11-nji dekabrynda bolup geçen saýlawlary döwletiň syýasy ulgamynyň döremeginde wajyp pursat boldy. Mejlis 50 deputatdan ybarat bolup, hemişelik hereket edýän, işleýän edara bolýar. Geçiş döwründe Mejlisiň deputatlary kanun döredijiliginden daşary Türkmenistanyň Prezidentiniň Kontrollyk gullugy bilen bilelikde işleýärler, kabul edilen kanunlaryň ýerine ýetirilişine, ýolbaşçy işgärleriň işine gözegçilik edýärler.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary türkmen döwleti dünýä birleşiginde özüne mahsus bolan özboluşly ornuny tapmak üçin köp tagallalary etdi. Türkmenistan halkyň asmanyň asuda bolmagy baradaky ynanjyny döwletiň esasy binýadynyň birine

öwrüp, ony daşary syýasatyň esasy ýörelgesi hökmünde öňe sürdi. Goňşulardan başlap alysdaky döwletler Bitarap Türkmenistanyň hoşniýetli daşary syýasatyny goldadylar. Şeýlelikde, türkmen halky garaşsyzlygyny alyp, öz milli döwletini döretdi. Bu döwletiň milletiň asyl ýörelgelerinden ugur alyp, adamy mertebelemäge, ynsanperwer daşary we içeri syýasaty ýöretmäge gerek bolan syýasy esaslary döretdi.

## Sowet jemgyýeti gurluşyndan demokratik jemgyýet gurluşyna geçiş döwri

Türkmen halkynyň öz garaşsyzlygyny parahatçylyk ýoly bilen, dawa-jenjelsiz, goh-galmagalsyz, uruş-söweşsiz, ilatyň goldamagy bilen, syýasy durnuklylygyň saklanmagy, milletara ylalaşygyň esasynda almagy bilen öňki sowet jemgyýetçilik we döwlet gurluşyndan täze demokratik jemgyýet gurluşyna geçiş döwri başlandy. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň esasynda döwletiň syýasy we ykdysady ulgamy türkmen halkynyň asyl ruhy ýörelgelerine, döwlet dolandyryş kadalaryna laýyk getirilip hem-de dünýäniň ösen ýurtlarynyň syýasy-ykdysady tejribesini göz öňünde tutup üýtgetmek işine girişildi. Ählihalk saýlawlary netijesinde Türkmenistanyň Prezidenti saýlanyldy. Häkimiýeti üç şaha bölmek dolulygyna amal edildi. Täze Ministrler Kabineti döredildi. Ýerlerde welaýat we etrap häkimiýetlerinden ybarat dolandyryş düzümi kemala getirildi. Türkmenistanyň Döwlet Baýdagy, Gerbi döredildi. Araçäk, goşun meseleleri çözüldi. Geçiş döwründe halk häkimiýetiniň iň ýokary wekilçilikli guramasy bolan Türkmenistanyň Halk Maslahaty uly orun eýeledi.

Geçiş döwrüniň syýasy ulgamynyň kemala gelmeginde 1994-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda geçen Halk Maslahatynyň we Milli Galkynyş hereketiniň birinji gurultaýy wajyp orny eýeledi. Şonda bu hereketiň Milli Sowetiniň düzümi saýlandy. Oňa Türkmenistanyň Milli Galkynyş hereketine gatnaşýan jemgyýetçilik guramalarynyň hemmesiniň wekilleri girdiler. Olaryň ählisi Galkynyş hereketine birleşip, ýurtda öňe sürlen «10 ýyl abadançylyk» syýasatyndan gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmäge ýardam berip başladylar. Şeýlelikde, Türkmenistanyň syýasy ulgamynyň düzüminde Halk Maslahaty, Mejlis, hökümet edaralary, Türkmenistanyň Demokratik partiýasy, jemgyýetçilik guramalary, häkimiýeti we öz-özüni dolandyryş ýerli guramalary döredildi. Türkmeniň milli döwleti döredi. Türkmen ýurdy syýasy we döwlet garaşsyzlygyna eýe boldy. Halkymyz ruhy-medeni garaşsyzlygyny gazandy. Ýurtda ykdysady özgerişler başlandy.

## Jemgyýete bazar gymmatlyklarynyň ornaşdyrylyp başlanmagy

Geçiş döwründe güýçli döwletlilik, ykdysady özgertmä döwlet tarapyndan gözegçilik etmek bu döwrüň aýratynlygy boldy. Meýilnamaly hojalykdan bazar hojalygyna, umumy eýeçilikden eýeçiligiň dürli görnüşlerine, şol sanda hususy eýeçi-

lige geçmek ýollary kesgitlenildi. Geçiş döwründe hususylaşdyrmak işi başlanyp, nyrhlar döwletiň elinde saklanyp, ykdysady özgerişler tapgyrlaýyn, ýuwaş-ýuwaşdan amala aşyryldy.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan döwlet eýeçiligini doly agalygyndan garyşyk hilli ykdysadyýeti döretmek we ony ösdürmek maksat edinildi. Şeýle ykdysadyýet dürli eýeçilik görnüşleriniň, şol sanda hususy eýeçiligiň hereket etmegi üçin deň ykdysady şertleriň döredilmegi esasynda kemala gelýär. Garyşyk ykdysady ulgamy döretmek meselesi eýeçiligi döwletden aýyrmak we hususylaşdyrmak işine öz täsirini ýetirdi. Ýurtda döwlet eýeçiligi bilen bir hatarda hususy eýeçiligiň we eýeçiligiň beýleki görnüşleriniň döremegi hyzmat ediş söwda pudaklaryna degişli kiçi hem ortaça kärhanalary hususy eýeçilige satmakdan başlandy. Emläk eýeçiligi wajyp mesele: ol her bir adamyň durmuşda tutýan ornuny we geljegini kesgitleýär. Şonuň üçin hususy eýeçilige geçilende ýurduň ilatynyň dürli gatlaklarynyň bähbitlerini göz öňünde tutýan usullar bilen amala aşyryldy. «Hususy eýeçilik, goý, täze girizilýän desgalarda we özleşdirilýän ýerlerde has-da giň gerim alsyn» diýen ýörelge öňe sürüldi. Şol bir wagtyň özünde bolsa hyzmat gurşawynda çaklaňrak kärhanalar, dükanlar auksionlaryň üsti arkaly satylyp başlandy. Orta göwrümli kärhanalar zähmet birleşmelerine uzakmöhletleýin kärendesine ulanylmaga berildi. Eýeçiligiň paýdarlar görnüşi hem kem-kemden durmuşa ornap başlady, ýöne eýeçiligiň bu görnüşiniň döremegi üçin bazar gatnaşyklarynyň ösen derejesi gerek. Şol sebäpli ol köptaraplaýyn çemeleşmeler esasynda girizildi. Türkmenistanyň ykdysadyýetini köppudakly ösen hojalyga öwürmek meselesi gaýragoýulmasyz wezipe hökmünde öňe çykdy. Oba hojalygy bilen bir hatarda senagat Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň esasy sütüni bolup ozal hem çykyş edýärdi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda ýurtda 1601 kärhana hereket edýärdi. şolaryň 400-e golaýy özbaşdak balansdaky önümçilik birleşikleri, kombinatlar we kärhanalardy. Öndürilýän senagat önüminiň aglaba bölegi (76,2%) agyr senagatyň, şol sanda 67,1%-i ýangyç-energetika toplumynyň paýyna düşýärdi. Nyrhlaryň täsiri netijesinde ýeňil senagatyň udel agramy peselip, 11,6%-e barabar boldy. Ozalky döwletara gatnaşyklaryň bozulmagy önümçilik kuwwatlarynyň ulanylyşynyň peselmegine, önümçilik serişdeleriniň könelmegine getirdi. Bu kynçylyklar türkmen döwletiniň ykdysady syýasatynda öz şöhlelenmesini tapýar. Şonda öňe sürlen ýurduň senagat kuwwatyny kämilleşdirmek babatda alnyp barlan işler iki ugry öz içine alýar:

1. Gazylyp alynýan mineral çig mallaryň köptaraplaýyn gaýtadan işlenilmegini gazanmak.

2. Bar bolan oba hojalyk çig mallarynyň esasynda taýyn önümleriň önümçiliginiň giň gerimini döretmek.

Ykdysadyýetiň düzümini kämilleşdirmek meselesi döwletiň «Täze oba» syýasatynda öz beýanyny has-da giň tapdy. Azyk garaşsyzlygyny gazanmak ilkinji derejeli wezipe hökmünde öňe sürüldi. Ilki bilen hem öňki döwürlerde ünsden düşürilen

ýa-da harytlyk häsiýetine eýe bolmadyk önümçilikleri ýokary depginler bilen ösdürmek maksat edinildi. Garaşsyzlykdan öňki ýyllar Türkmenistanda pagtaçylygy aşa ýöriteleşdirmekden ugur alnyp, däneçilik, miweçilik, bakja önümçiligi we ekerançylygyň käbir beýleki pudaklary ünsden düşürilipdi. «Täze oba» syýasatynda bu pudaklary ýokary depginler bilen ösdürmek göz öňünde tutuldy. Şonuň bilen bir hatarda ýurduň tebigy şertlerini oňaýly ulanyp, çäklendirilen ýerlerde ösüp ýetişýän seýrek duş gelýän önümleri öndürmegi ýola goýmak, ilatyň maldarçylyk önümlerine bolan islegini doly kanagatlandyrmak maksat edinildi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda öňe sürlen türkmen döwletiniň ykdysady syýasatynda infrastruktura pudaklarynyň ösmegine hem üns berildi. Ýurtda gurluşygyň, ulagyň we aragatnaşygyň ösmegi barada uly aladalar edildi, gaz geçirijileriň, demir we gara ýollaryň gurluşygy ýokary depginde alnyp baryldy.

1994-nji ýylda paýtagtyň aerowokzal toplumy işe girizildi. 1996-njy ýylyň maýynda Tejen-Sarahs-Maşat halkara demir ýoly açyldy. Bular Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklaryny giňeltmäge mümkinçilikler döretdi. Türkmenistanda ykdysadyýeti ösdürmekde, ylaýta-da, geçiş döwründe, güýçli döwlet düzgünleşdirişiniň gerekliginden ugur alyndy. Bu ýerde administratiw usullardan azat bolup, ykdysady usullara esaslanmaga üns berildi. Döwlet ykdysady ösüşiň strategiki ugurlaryny kesgitlemäge aýratyn üns berýär. Döwletiň ykdysady syýasatyna köptaraplaýyn we uzakmöhletleýin häsiýet bermek maksady bilen 2003-nji ýylyň 14–15-nji awgustynda geçen Türkmenistanyň Halk Maslahatynda «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy kabul edildi. 2006-njy ýylyň 25-nji oktýabrynda geçen XVII Halk Maslahatynda «Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy» kabul edildi.

Ykdysadyýeti dolandyrmakda döwletiň wajyp wezipesi geçiş döwründe adamlaryň sosial goraglylygyny üpjün etmek bilen hem bagly boldy. Ilaty tebigy gaz we elektrik energiýasy, agyz suwy we nahar duzy bilen mugt üpjün etmek, ýaşaýyş jaý tölegini, jemagat we ulag hyzmatlaryny ujypsyz derejede saklamak şol döwrüň sosial goraglylygynyň görkezijileri bolýarlar.

**Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda jemgyýetiň sosial düzüminde bolup geçen özgerişler.** Täze jemgyýet gurluşyna geçiş döwrüniň başynda, ilki bilen, owalky synplaryň, sosial toparlaryň we gatlaklaryň raýdaşlygynyň esaslary gowşady hem kem-kemden dargamak bilen boldy, sebäbi turuwbaşdan döwlet eýeçiliginiň ýeke-täk we ählumumy agalyk ediji görnüşinde bolmagynyň soňuna çykyldy. Hususy eýeçiligiň döremegine we ösmegine hukuk esaslary döredildi. Bu döwürde türkmen halkynyň taryhy we medeni mirasy dikeldilip, dünýägaraýyşlaryň, pikirleriň hem ruhy gymmatlyklaryň dürli-dürlüligi emele geldi. Jemgyýetiň düzüminde täze gatlaklar we toparlar: telekeçiler, ýer eýeleri, mülkdarlar ýüze çykyp başlady.

Dürli bähbitli ykdysady toparlaryň köpelmegi we bölünmegi, paýlaýşyň görnüşleriniň üýtgemegi, jemgyýetçilik baýlygyndan peýdalanmagyň usullarynyň özgermegi, söwda, alyş-çalyş gurşawynda, bank-kredit, dolandyryş ulgamlarynda girdeji edinmegiň täze mehanizmleriniň döremegi hususyýetçileriň düzümini köpgörnüşli edýär. Şolaryň täsiri bilen ýurtda täze döwrüň sosial gatlaklarynyň döremegi üçin mümkinçilikler açylyp ugrady. Olar sosial kökleri, eýeçiligiň gelip çykyşy, işewürlik medeniýeti, milli däp-dessurlar, durmuş keşpleri bilen tapawutlanýarlar. Olar jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlarynda işleýänleriň, ozalky synplaryň we gatlaklaryň hasabyna köpelmäge mümkinçilik alýarlar. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary işçiler synpynyň düzüminde üýtgeşmeler bolup geçdi. Onuň esasy bölegini döwlet dahylly pudaklarda işleýän işçiler düzýär. Ýangyç-energetika, ulag, aragatnaşyk, gurulşyk ýaly ykdysadyýetiň esasy pudaklary entäk döwletiň elinde saklanýar. Şonuň üçin bu ýyllar döwlet eýeçiligi bilen baglanyşykly bolan senagatda zähmet çekýän işçiler bu synpyň esasy bölegi bolup galdy.

Önümçiligi alyp barmagyň täze düzümleriniň bu pudaga aralaşmagy (paýdarlar jemgyýetleri, konsernler, önümçilik birleşmeleri, bilelikdäki kärhanalar we beýl.) senagatda zähmet çekýän işçileriň bir bölegini bazar gatnaşyklaryna iterýär. Olar tehnologik we ykdysady täzelikleriň meýdançasyna çekilýärler. Senagatda zähmet çekýän işçileriň beýleki bir topary bazar gatnaşyklaryna taýyn däl. Bu topar ykdysagyýetiň owalky gurluş bilen baglanyşykly, geçiş döwrüniň başynda taryhy inersiýanyň hereketi bilen ýaşaýan pudagynda özüni oňaýly duýýar. Bu gatlak özüniň durmuş-ykdysady derejesiniň üýtgeýänligine garamazdan, ruhy-ahlak jähtden özüni şindi täze ykdysady düzümler bilen baglap bilenok. Onuň durmuş nazarlanmasy döwlet tarapyndan berilýän, üpjün edilýän aýlyk haka, dürli töleglere hem kömeklere gözügen. Täzelikler olary gorkuzman duranok.

Şol bir wagtda hem täzeden ösýän dokma, ulag we beýleki pudaklarda işçiler synpynyň täze bir gatlagy kemala gelip başlaýar. Bu toparyň zähmetiniň tehniki esasy tehnologik mazmuna baý bolýar. Önümçiligiň täze gatnaşyklaryna gözügen bu pudaklarda işleýän işçiler bazar ykdysadyýetiniň orta atan meseleleri, talaplary bilen häli-şindi gabat gelýärler, ýöne işçileriň bu toparynyň düzüminde düýnki daýhanlaryň, öý hojalygy bilen meşgul bolup ýören aýal-gyzlaryň ep-esli orun tutandygyny bellemek gerek. Şol döwürde döräp başlan bilelikdäki kärhanalarda zähmet çekýän işçiler özboluşly topary düzýär. Olaryň zähmetiniň tilsimaty mazmuny beýlekilere görä has baý hem çeýedir. Bu toparyň durmuş-ykdysady derejesi beýleki toparlaryňkydan üýtgeşik. Ol eýeçiligiň görnüşleri bilen baglydyr. Bu kärhanalarda dolandyryşyň, iş ýöretmegiň dürli usullary utgaşýar. Olarda hukuk düzgüni özboluşly alamatlara eýe bolýar. Şol döwürde olaryň käbirlerinde milli kanunçylykda göz öňünde tutulan kadalardan başga-da özboluşly pursatlaryň bolanlygy bellidir. Onuň sebäbi bolup kanunçylykdaky şindi bar bolan boşluklar, şahsyýetiň bähbitlerini goraýjy mehanizmleriň täze düzümleriň hereket ediş usullaryny doly özleşdirip,

daşary ýurtly hünärmenleriň bolsa milli kanunlary öwrenip ýetişmezlikleri we beýleki täsirler bilen bagly boldy.

Işçileriň bu gatlagynyň bazar gatnaşyklaryna uýgunlaşmagy üçin gerek bolan şertler barha artýar. Iki medeniýetiň, iki durmuş keşbiniň galtaşmagy geçiş döwrüniň kynçylyklaryny ýeňip geçmäge, şahsyýetiň, toparyň gymmatlyklar ulgamynyň üýtgeýşiniň netijeleriniň maýyşgaklaşdyrmagyna belli bir şertleri döredýär. Toparyň ruhy gözlegleri beýlekilere görä ýeňilleşýär. Onuň ruhy dünýäsinde täze döwre kybap gymmatlyklar gitdigiçe köpelýär. Işçiler synpynyň bir bölegi, ozaly bilen hem hünär derejesi pes ýa-da hünäri ýok işçiler kyn ýagdaýa düşýärler. Olar owalky durmuş derejesini üýtgedip başga derejä eýe bolýar. Şol döwürde şu toparyň içinde işsizler, häli-şindi iş ýerini üýtgedip ýörenler, hatda jenaýata meýil edýän adamlar az bolmady. Şu hili ýagdaýa düşenler diňe bir owalky işçileriň içinde däl, eýsem beýleki toparlaryň we gatlaklaryň içinde hem boldy. Işsizlik adamlary aljyratdy. Ykdysady düzümleriň täzeleriniň açan mümkunçiliklerini giňden peýdalanmaga bu toparyň ýagdaýy ýokdy. Bu toparyň syýasy hem durmuşy-medeni potensiallary-da şindi gowşakdy. Onuň agzalary duýgulaýyn hereketlere meýillidi. Görşümiz ýaly, işçiler synpynyň sosial düzümi geçiş döwrüniň orta atan meseleleri bilen baglanyşykly bolupdy. Oňa köpsanly durmuş-ykdysady, syýasy, medeni we beýleki sebäpler täsir edýär. Onuň gatlaklara bölünmek we täze durka eýe bolmak işi dowam edýär.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda owalky daýhanlar synpynyň durmuş ýagdaýy, jemgyýetçilik orny üýtgemeleri başdan geçirdi. Ol özüniň ykdysady taýdan bitewüligini ýitirip başlady. Daýhanlaryň ýaşaýyş şertleri, jemgyýetçilik gatnaşyklary we gymmatlyklar ulgamy düýpli özgerişleriň täsirine düşdi. Ilatyň köp bölegi şu hili ýagdaýa sezewar boldy, sebäbi daýhanlar oba ilatynyň esasy bölegini tutýardy. Oba ilaty bolsa şol döwürde Türkmenistanyň ilatynyň 55%-ini düzýärdi. Garaşsyzlykdan öňki ýyllar daýhanlar özlerini kolhoz önümçiligi we kolhoz-kooperatiw eýeçiligi bilen bagladylar. Kolhozlaryň üstünden berk döwlet gözegçiliginiň bolmagy daýhanlaryň erkinliginiň düýpli çäklendirilmegine getiripdi. Olaryň ykdysady we durmuşy, medeni potensialy orta hem bolsa, syýasy mümkinçilikleri oňa kybap däldi. Daýhanlaryň iri kollektiw hojalyga we mehanizmleşdirilen önümçilige çekilenligine garamazdan, bu ýagdaý üýtgemedi. Şoňa görä-de garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda bu ýerde geçýän özgerişlere Türkmen döwleti aýratyn üns berýär.

1995-nji ýylyň 15-nji iýunynda çykarylan Perman esasynda kolhozlar dargadyldy, sowhozlar, hojalygara hem-de beýleki döwlet oba hojalyk kärhanalary ýatyryldy we olaryň esasynda daýhan birleşikleri döredildi. Bu ýagdaý oba ilatynyň sosial düzümine düýpli täsir etdi. Daýhan birleşikleri ýurduň önümçiligini çig mal we olary oba hojalyk önümleri bilen üpjün edýän iri hojalyk subýektleri bolup çykyş edýärler. Olar eýeçiligiň döwlet, kooperatiw, garyşyk görnüşleri esasynda döreýär. Daýhanlaryň täze gatlagynyň durmuş we hukuk derejesiniň üýtgemegi bilen onuň medeni-ruhy derejesiniň üýtgemegi başda sazlaşykly bolup bilmedi. Olaryň ilkin-

jileri belli bir derejede çalt üýtgeýär, ikinjisi welin haýal. Daýhanlaryň jemgyýetçilik durmuşynda bolup geçýän özgertmeler olaryň aňynda gijä galyp şöhlelenýär. Munuň özi daýhanlaryň agzalan toparynyň durmuşy bilen olaryň aňynyň arasynda garşylyk döredýär. Şu ýerdäki gapma-garşylyk hem özboluşly aňyýet we guramaçylyk işlerini talap etdi. Kolhozlaryň, sowhozlaryň ornuna daýhan birleşikleriniň döremegi täze bazar ykdysady gatnaşyklarynyň ösüp ugramagynyň, guramaçylyk görnüşleriniň uýgunlaşmak meýillerini ýüze çykardy.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary bolup geçen düýpli özgerişler daýhanlar synpynyň bölünmegini şertlendirdi. Daýhanlaryň içinden mülkdarlar ýüze çykyp başlady. Olaryň düzümi jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň hasabyna artyp başlady. Oba ilatynyň içinde kärendeçi, hususyýetçi daýhanlaryň sany hem köpelýär. Kärendeçiler kollektiw hojalyk bilen hususy eýeçiligiň arasynda dörän topary düzýär. Tejribeli daýhanlaryň, oba hojalyk hünärmenleriniň, oba intelligensiýasynyň içinden hem hususyýetçiler şol ýyllar döräp başlady. Geçiş döwrüniň başynda obada fermer hojalyklarynyň ýüze çykmagy üçin hem syýasy hem hukuk şertleri emele geldi, emma bu hili hojalyklaryň döremegine belli bir kynçylyklar döredi. Onuň üçin gerek bolan tehniki baza ýetmeýärdi we oba infrastrukturasy şindi gowşakdy. Şeýlelikde, geçiş döwründe oba ilatynyň sosial düzümi üýtgeýär. Köne düzüm dargap täze düzüm kemala gelýär.

Olaryň arasyndaky gatnaşyklaryň netijesi täze ykdysady düzümleriň oba ilatynyň aňyna ornaşyş, olaryň bähbitlerine kybap geliş derejesi bilen kesgitlendi. Ýeterlik obýektiw şertler döremezden geljege tarap kesgitli hereket edip bolmaýar. Şoňa görä-de oba durmuşyny tapgyrlaýyn özgertmek baradaky öňe sürlen pikir türkmen halkynyň taryhy tejribesine, onuň durmuş keşbine, medeniýetine we şol döwürdäki ýagdaýyna dogry gabat geldi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda türkmen jemgyýetiniň özgermegi onuň möhüm gatlagy bolan intelligensiýanyň düzüminde hem üýtgemeleriň bolmagyna getirdi.

Jemgyýetiň durmuş ykdysady esasynda, önümçilikde, tehnikada we tilsimatda, ýurduň syýasy durmuşynda başlanan üýtgemeler akyl zähmetiniň we akyl zähmeti bilen meşgul bolýan adamlaryň jemgyýetdäki ornuny üýtgetdi. Jemgyýetde kemala gelýän täze durmuş-ykdysady gatnaşyklar, bazar ykdysadyýeti ylmyň, bilimiň we medeniýetiň belli pudaklarynyň ähmiýetini artdyrdy. Hünärmenleriň belli ugurlaryna (ykdysadyýetçilere, bank, maliýe işgärlerine, hukukçylara (ýuristlere), maglumat ugrunda işleýänlere we beýl.) bolan isleg köpeldi. Geçiş döwründe döredijilik intelligensiýasynyň milliligi berkitmekdäki orny artdy. Milli öz ähmiýetine düşünmek zerurlygy intelligensiýanyň türkmen halkynyň taryhy we medeni mirasyny özleşdirmek wezipesini ýokarlandyrdy. Şonuň bilen birwagtda bazar ykdysadyýeti intelligensiýanyň türkmen medeniýetini umumadamzat medeniýetiniň gazananlary bilen sazlaşykly ösdürmek, garaşsyzlygy berkitmek ugrundaky işleriniň hem ähmiýetini artdyrýar.

Türkmen jemgyýetinde intelligensiýa birmeňzeş däl. Olaryň bir bölegi ylym-bilim, lukmançylyk, döwlet edarasynda işleseler, beýleki bir bölegi (inžener-tehniki işgärler) hakynatutma işçilere, ýene biri (oba hojalyk hünärmenleri we beýl.) daýhanlara golaý. Olaryň önümçilik, durmuş ýagdaýlarynda, endiklerinde, däp-dessurlarynda, durmuş keşplerinde belli bir meňzeşlik bolaýanda hem intellegensiýanyň soňky iki bölegini işçiler synpynyň we daýhanlar synpynyň içine goşup bolmaýar. Şonuň ýaly-da bazar ykdysadyýeti bilen baglanyşykly döreýän hukukçylara (ýuristlere), bank we maliýe işgärlerine telekeçiler bilen bilelikde garamak nädogry bolar. Şonuň üçin intelligensiýa dürli ugurlarda akyl zähmeti bilen meşgul bolýan aýratyn sosial topar bolup, geçiş döwründe üýtgemeleri başyndan geçirýär. Onuň içinde öz derejesini üýtgedýän gatlaklar köpelýär. Intelligensiýa gapdallaýyn we ýokary-aşaklaýyn üýtgemelere uçraýar. Onuň bir bölegi sosial merdiwanda ýokary galýar, beýleki bölegi aşak gaýdýar. Intelligensiýanyň sosial merdiwandan ýokary galan toparyna milli intellektual we syýasy elitany, bazar ykdysadyýetine hyzmat edýän hünärmenleriň ýörite toparlaryny goşsa bolar. Bu gatlaklaryň syýasy hem ykdysady derejesi olaryň ylmy-medeni we ýokary hünärmenlik potensialyna içgin bagly bolýar. Intelligensiýanyň düzüminiň üýtgemegi birsydyrgyn, bir ugurly hem bir kysymdaş özgeriş däl. Ol çylşyrymly, gapma-garşylykly we netijeleri birmeňzeş bolmadyk hadysalardan durýar.

Jemgyýetiň hil taýdan üýtgeýän ýagdaýynda intelligensiýa üýtgemän galyp bilmeýär. Onuň durmuş, hünärmenlik, medeni taýdan hereketlilik derejesine, oňyn özgertmelere ulaşan durmuşda özüni tapmaga bolan ukyplylygyna intelligensiýanyň geljegi bagly bolýar. Şeýle köpgörnüşli täze sosial toparlaryň, gatlaklaryň we synplaryň döremegi uzak wagtyň içinde bolup geçýän ykdysady, hukuk we ruhy özgerişleriň netijesi bolýar. Mysal üçin, işewür, bäsdeşlige ukyply, «birini müň edip bilýän», telekiçiniň döremegi diňe bir kärendäniň ýa-da hususy eýeçiligiň üsti bilen öz işiňi guramaga ýol açylmagy bilen bagly bolman, eýsem özüne ynamly, täze gymmatlyklaryň içinde erkin hereket edip bilýän, kanunçylygy sylaýan adamlaryň hatarynyň artmagy bilen bagly bolýar. Şeýle adamlar senagatda-da, oba hojalygynda-da, hyzmat gurşawynda-da döräp bilýärler.

Görşümiz ýaly, geçiş döwründe türkmen jemgyýeti, hakykatdan hem, bir haldan beýlekisine geçýär. Jemgyýetiň sosial düzümi düýpli özgertmelere sezewar bolýar. Onuň düzüminiň öňki bitewüligi ýitýär. Synplaryň, jemgyýetçilik toparlarynyň we sosial gatlaklaryň içki aragatnaşyklary gowşaýar. Olar biri-birinden daşlaşýar. Munuň esasynda ykdysady, emläk deňsizliginiň ýüze çykmagy, köp ukladly ykdysadyýetiň döräp ugramagy ýatyr. Bu özgerişe jemgyýetçilik toparlarynyň syýasy we durmuşy-medeni potensialynyň häsiýeti hem möçberi öz täsirini ýetirýär. Umuman, dürli bähbitlere eýerýän toparlar we gatlaklar döreýär.

Şonuň üçin jemgyýetçilik gatlaklarynyň we toparlarynyň bähbitlerini we özara gatnaşyklaryny sazlaşdyrmak gerek boldy, sebäbi jemgyýetçilik gerekliligi döräp

ýüze çykýan düşünjeler we gymmatlyklar bada-bat ähli adamlar tarapyndan özleşdirilip bilinmediler. Dowamly wagt olar köne stereotipler esasynda pikir ýöredip geldiler. Bu bolsa gereg-u-gerekmejek salgylaryň köpdürlüligine getirýär. Meselem, geçiş döwründe adamlaryň bir toparynyň biziň jemgyýetimize ornaşýan täze gymmatlyklara özüne bagly däl güýjüň täsiri esasynda ýüze çykýan gymmatly zat hökmünde garanlary hem boldy. Bu bolsa kähalatlarda adamlaryň özgerişi öz hereketleriniň netijesi bilen baglap bolmaýan ýagdaýlaryna getirdi. Şonuň ýaly-da olaryň arasynda täze gymmatlyklara ähli zady, şol sanda adamy hem peýda üçin ulanylýan serişdä öwrüp bilýän güýç hökmünde garamak meýillilerinden ugur alanlary hem boldy. Özgerişe serişde hökmünde garamak işewür telekeçileriň ugrukdyryjy düşünjesine öwrülen ýagdaýynda, olaryň ykdysady bähbitden daşarky gymmatlyklara kembaha garamaklaryna getirýär. Ine, şonuň üçin geçiş döwründe jemgyýetiň özgerişine öz-özüne ýeterlik gymmatlyk diýip düşünýän işewür adamlaryň, hünärmenleriň, telekeçileriň, ýer eýeleriniň täze gymmatlyklara girişmegi bilen artmagyna hemaýat etmeli boldy.

Geçiş döwri täze sosial toparlaryň we gatlaklaryň döremegine ýokarda agzalan esaslardan başga esaslaryň hem täsir etmek mümkinçiligi bar. Döwlet we kooperatiw eýeçiligindäki serişdeleriň bikanun usullar arkaly aýry-aýry adamlaryň eýeçiligine geçirmek mümkinçilikleri galýar. Şoňa görä-de türkmen döwleti bu döwürde ykdysadyýetiň hukuk esaslaryny täzeläp, päk maksatlara, päk usullar, serişdeler bilen jemgyýetçilik baýlygyna eýe bolmaklary barada yzygiderli alada edýär. Ol hem öz netijesini berýär. Umuman, täze döreýän sosial toparlaryň, gatlaklaryň arasynda, biziň tejribämiziň görkezişi ýaly, barlyşyksyz gapma-garşylyklara esaslar döremeýär. Bu hem belli bir derejede täze döreýän sosial toparlaryň, gatlaklaryň we synplaryň täze gymmatlyklary özleşdirmek bilen bir hatarda türkmeniň asyl ruhy gymmatlyklaryndan ugur alýandyklary bilen baglydyr.

Bazar gatnaşyklaryna işewür girişýän döwürde adam öz edýän işine özi jogap bermelidir. Adamlaryň täze şertlerde öz borjuny we jogapkärçiligini bilmekleri üçin täze aň gerek. Jemgyýetde täze aňyň kemala gelmeginiň öz depgini bar. Aňyň kemala gelmegine ykdysady we durmuşy özgerişleriň täsir edýänligine garamazdan, onuň depgini soňkularyň üýtgeýiş depgini bilen gabat gelmeýär. Şonuň üçin täze aňyň kemala gelmegini emeli taýdan çaltlandyrmak ýa-da çäklendirmek gerekli netije berip bilmeýär. Geçiş döwrüne gereg-u-gerekmejek salgylaryň köpdürlüligi häsiýetli bolýar, çünki bu döwürde şol salgylanmalara eýerýän, ýokarda görkezilen dürli-dürli toparlaryň boljaklygy hem düşnüklidir. Şeýle toparlary birikdirýän täze taglymata kem-kemden zerurlyk döreýär.

**Geçiş döwründe ylym-bilim, saglygy goraýyş we medeniýetde başlanan özgerişler.** Türkmen halky öz garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soňra täze dünýägaraýşyň zerurlygy mese-mälim duýuldy. Ýurtda XX asyryň uzak döwründe agalyk

eden synpy bähbitleri goraýan marksistik taglymat türkmen halkynyň bähbitlerini aňlap bilmedi. Ol milli gymmatlyklary manylaýyn kabul edip bilmedi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda adamlar onuň täsirinden doly çykyp bilmändikleri sebäpli, olaryň aňy garaşsyzlyga, onuň milli bähbitlerine düşünip ýetişmeýärdi her kim öz ykbalyny garaşsyzlyk bilen baglanyşdyryp bilmeýärdi. Şol sebäpli täze adamy ýetişdirmek döwletiň çözmeli iň wajyp meselesine öwrüldi.

Başlangyç döwürde bu meseläniň çözgüdi, ilki bilen, milliligi berkitmek bilen baglanyldy. Garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soňra bu iş milli türkmen döwleti tarapyndan amal edildi. Bilim-ylym ulgamynyň düzümini özgertmek, bu ýerde hereket eden ozalky edaralary täze görnüşe getirmek ýeňil bolmady. Milli gymmatlyklardan ugur alýan bu döwlet biziň jemgyýetimizde geçýän ähli özgerişleriň, şol sanda ykdysady, syýasy, medeni we ylym-bilim özgerişleriniň gözbaşynda durup, olary milletiň bähbidine gönükdirmäge hem-de milliliginiň dikeldilmegine hyzmat etdi. Bu wajyp iş biziň jemgyýetimiz üçin örän ähmiýetlidi.

Geçen nesiller öz hereketlerini doly ylmy esasda gurnamasalar-da, umuman, olar akylly-başly hereket edip bilipdirler. Şonuň üçin geçiş döwründe geçmişde halkyň toplan baý medeni mirasyny we durmuş tejribesini jemgyýete gaýtaryp getirmek işinde şol döwürde döredilen Milli medeni miras merkezi, Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň «Ruhnama» eseri hemaýat etdi. Geçiş döwründe jemgyýetçilik aň-düşünjesini kemala getirmek, sagdyn ýörelgelere eýerýän adamlary ýetişdirmek ýolunda täze başlangyçlara badalga berildi. Şolaryň hatarynda ýurdumyzda öňe sürlen «Saglyk» maksatnamasyny görkezse bolar. Şonuň ýaly-da bu ugurda edilen işlere şol ýyllarda dikeldilip başlanan we häzirki döwürde ösdürilýän milletimiziň milli ruhy gymmatlyklaryny hem däp-dessurlaryny goşsa bolar.

Geçen nesiller öz geljekki nesillerine baý medeni mirasy goýup gidipdirler. Özbaşdaklyga eýe bolanymyzdan soňra şu mirasyň hakyky mirasdüşerleriniň oňa eýe bolmaklaryna şert döredi. Bu ýyllar geçmişde halkyň galkynyşlaryna itergi beren türkmeniň asyl ruhy ýörelgeleri esasynda jemgyýetiň özgeriş ýoluny kesgitlemäge çalşyldy. Halkyň ruhy dünýäsine çuňlaşyp, ony millet eden adamkärçilik pähimleriniň dürdänelerini ýüze çykarmak, häzirki we geljekki nesilleriň olary özlerine nusga edinip almaklary üçin bu gymmatlyklary jemgyýete gaýtaryp getirmek örän möhüm iş boldy. Olar jemgyýetiň ähli edaralaryna, onuň durmuşyny özgerdýän ýörelgelerine milli häsiýet bermäge esas döretdi.

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Türkmen halkynyň öz garaşsyzlygyny almagyna nähili mümkinçilikler döredi?
2. Milli döwlet edaralarynyň döremeginiň aýratynlygy nähili açyldy?
3. Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatyny saýlap almagynyň sebäplerini açyp görkeziň!
4. Geçiş döwrüniň ähmýeti nämede?

5. Türkmenistana bazar gatnaşyklarynyň ornaşdyrylmagynyň aýratynlyklary.
6. Geçiş döwründe jemgyýetiň sosial düzüminde bolup geçýän özgerişleri seljeriň.
7. Geçiş döwründe ylym-bilimde, saglygy goraýyşda, medeniýetde başlanan özgerişleriň many-mazmuny nämede?

## 2-NJI SAPAK. TÄZE GALKYNYŞ EÝÝAMY WE BAGTYÝARLYK DÖWRI

*Geçiş döwrüniň tamamlanmagy. Jemgyýetiň demokratiki özgerişiniň mümkinçilikleri. Täze Galkynyş eýýamy. Ähli ugurlarda başlanan oňyn özgertmeler, özgerişler. Jemgyýetiň ykdysady, syýasy, medeni durmuşyny döwrebaplaşdyrmak. Ruhy galkynyş. Ylym-bilim özgertmeleri. Sosial goragly bazar ykdysadyýetine girişilmegi. Postindustrial ösüş ýolunyň saýlanyp alynmagy.*

*Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynyň kabul edilmegi. Häkimiýet bölünişiginiň dünýä tejribesi esasynda gurnalmagy. Täzelenişiň täze tapgyry. Ösüşiň milli nusgasy. Halkyň däp-dessurlarynyň döwrüň talaplary, innowasion çözgütler bilen sazlaşmagy. Berkarar döwlet. Ýaşaýşyň hilini gowulandyrmaga, durmuş maksatnamalaryny giňeltmäge gönükdirilen başlangyçlar. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri.*

### Geçiş döwrüniň tamamlanmagy. Täze Galkynyş eýýamy

**Geçiş döwrüniň tamamlanmagy.** Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra jemgyýetiň durmuşynyň ähli ugurlarynda başlanan düýpli özgerişler kem-kemden onuň hil taýdan täze derejä çykmagyna esaslary döredip başlady.

2006-njy ýylyň 21-nji dekabrynda Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A. Nyýazow aradan çykdy. Ýurtda başlanan özgerişleri dowam etmek meselesi ýüze çykdy. 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 11-ine geçen Türkmenistanyň Prezidentligine saýlawlarda Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlandy. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda alnyp barlan işler syýasatda-da, ykdysadyýetde-de, medeniýetde-de täze döwre kybapdaş gymmatlyklaryň we ýörelgeleriň güýje girmegine şertler döredi. Şol özgerişleri göz öňünde tutup, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň 19-njy fewralynda bolan Halk Maslahatynda geçiş döwrüniň tamamlanandygyny aýan etdi. Şol ýylyň 26-njy sentýabrynda bolan Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatyndan soňra Täze Galkynyş eýýamy başlandy.

Geçiş döwrüniň tämamlananlygy, ilki bilen, döwlet gurluşynda geçen düýpli özgerişler bilen häsiýetlendirildi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda türkmeniň milli döwleti döredilip, onuň esasyna halkyň asyl ynsanperwerlik, adalatlylyk ýörelgeleri goýuldy. Şu ugurdaky işleri has hem işewürleşdirmek, türkmen döwletiniň öz milli özboluşlylygyny açyp görkezmegi üçin geçmişde oňaýly netije beren Maslahat institutyna ýüzlenip, Halk Maslahaty döredildi. Halk häkimiýetiniň bu wekilçilikli edarasy geçiş döwründe, ýokarda görkezilişi ýaly, jemgyýetde möhüm syýasy orny

eýeläp, bu döwürde çözülen birnäçe meseleler onuň işiniň örän ähmiýetli bolandygyny görkezýär. Şol ýyllar ýurduň özgermegine, döwrebaplaşmagyna gerek bolan täze esaslar döredi. Şol bir wagtda-da kadalaşdyryjy-hukuk resminamalarynyň ýurtda amala aşyrylýan özgerişlere bildirilýän talaplary has aýdyň beýan etmegi, halkara kadalara gabat gelmegi üçin jemgyýetiň syýasy ulgamyny kämilleşdirmek gerek boldy. Ilki bilen hem bu zerurlyk geçiş döwründe möhüm syýasy orna eýe bolan Halk Maslahatynyň täze taryhy şertlerde täzeçe guralmagynyň zerurlygy bilen bagly boldy.

Halk Maslahatynyň kanunçylyk kadasy, uly düzümi we çylşyrymly gurluşy täze kanunçylyk işi bilen doly sazlaşyp bilmedi. Sowet jemgyýetçilik gurluşyndan demokratik jemgyýetçilik gurluşyna geçmegiň esasy maksady hem häzirki zaman demokratik jemgyýetini kemala getirmek bilen baglydy. 2003-nji ýylda Türkmenistanyň Konstitusiýasyna girizilen üýtgetmeler esasynda Halk Maslahaty hemişelik hereket edýän dolandyryjy edara öwrüldi. Syýasy ulgamyň düzümi çylşyrymlaşdy. Şonuň üçin bu ulgamy dünýä tejribesi esasynda gurmak döwrüň talaby boldy. Onuň üçin bolsa Esasy kanunymyzy üýtgetmeli boldy. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgeşmeleri girizmegiň zerurlygy, Ýurtbaştutanynyň, 2008-nji ýylyň 22-nji maýynda Türkmenistanyň Konstitusion toparynyň mejlisinde eden çykyşynda belleýşi ýaly, diňe bir ýurdumyzyň durmuşynda Garaşsyzlyk ýyllarynda bolup geçen özgerişlikler bilen bagly bolman, eýsem Esasy kanunymyzyň aýry-aýry bölekleriniň we maddalarynyň könelmegi hem-de belli bir derejede jemgyýetiň yzygiderli ösüşini bökdeýändigi bilen hem bagly boldy[22]. Kadalaşdyryjy hukuk resminamalarynyň döwrüň ruhuny hem-de ýurtda amala aşyrylýan özgertmelere bildirilýän talaby has aýdyň beýan etmek zerurlygy döredi.

2008-nji ýylyň sentýabr aýynyň 26-syna Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahaty tarapyndan kabul edilen Esasy kanunymyzyň täze redaksiýasynda jemgyýetçilik-syýasy gatnaşyklary, häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň işini, döwlet hukuk institutlarynyň tutuş ulgamy, şol sanda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ulgamy hem döwlet häkimiýetine bölmek demokratik ýörelgeleriň üsti bilen beýan edildi. Şonda ýurtda bolup geçýän özgertmeleri hasaba almak bilen, onda, öňi bilen, Türkmenistanyň durmuş ýagdaýlaryny göz öňünde tutýan ýurt bolmagyna täsir edýän ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklaryna geçmeginiň usullarynyň kämilleşdirilmegine gönükdirilen kadalary girizmek bellenildi. Hukuk döwletinde häkimiýetiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de kazyýet häkimiýetine bölünmek ýörelgelerine garap, şol wagta çenli häkimiýetde hereket eden Halk Maslahatynyň ýokary wekilçilikli hem-de kanun çykaryjy guramasyny ýatyryp, ýurtdaky bar bolan ähli kanun çykaryjy häkimiýet şondan bäri onuň parlamentine degişlidir. Mejlisiň deputatlarynyň sany 50-den 125-e çenli ýokarlandy, olar saýlaw okruglarynda bäş ýyl möhlet bilen saýlanylýar.

---

[22] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 2-nji tom. – A.: TDNG, 2009, 145 sah.

Halk Maslahatyna halk wekilçiliginiň maslahat beriji edarasy statusy berilýänligi sebäpli, indi bu edaranyň wezipeleri Ýaşulular Maslahatynyň üsti bilen amal edilip başlandy. Ýaşulular Maslahaty Türkmenistanyň Milli Galkynyş Hereketine girýän we onuň içinde hereket edýän, jemgyýetçilik başlangyjynda işleýän maslahat beriji edara bolýar. Ýaşulular Maslahaty öz düzümine uruş we zähmet weteranlaryny, intelligensiýanyň ýaşuly wekillerini jemläp, jemgyýetde iki wezipäni ýerine ýetirmegi maksat edinýär. Birinjiden, öz maslahatlary bilen döwlet edaralarynda millete mahsus ähli ruhy-ahlak sypatlarynyň amal bolmagyna hemaýat edýär. Ikinjiden, Türkmenistanyň Prezidentiniň, türkmen döwletiniň içeri we daşary syýasatyny ilatyň ähli gatlaklarynyň arasynda wagyz ediji paýhas bolup çykyş edýär.

Şeýlelikde, XXI Halk Maslahatynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy we beýleki resminamalar halk bähbitli parasatly çözgütlerdir. Olarda bellenen wezipeleriň we Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň döredýän mümkinçilikleriniň durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň ösmegine, halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň işiniň kämilleşmegine hem netijeliligine, halkymyzyň ýaşaýyş derejesiniň mundan beýläk-de ýokarlanmagyna, Türkmenistanyň halkara abraýynyň artmagyna şert bolýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy ýurduň sosial-syýasy durmuşynda, şeýle hem ähli raýatlaryň durmuşynda örän möhüm waka boldy. Ol türkmen jemgyýetiniň mundan beýläk hem özgermeginiň ilkinji şerti bolup çykyş edýar. Ol garaşsyz döwletimiziň ösüşinde taryhy bir döwrüň köne jemgyýet gurluşyndan demokratik jemgyýete geçiş döwrüniň tamamlanandygyny aňladýar. Bu bolsa demokratik, hukuk, dünýewi döwletiň has-da pugtalanandygyny we ynsanperwer, adalatly, sagdyn jemgyýeti ösdürmek üçin täze esaslaryň dörändigini görkezýär. Döwletiň täzelenen Konistitusiýasy syýasy tejribäni, syýasy we hukuk kadalaryny (ýerli öz-özüňi dolandyryş we saýlaw hukuk institutlaryny), jemgyýetiň syýasy ulgamynyň aýry-aýry düzüm bölekleriniň arasyndaky syýasy gatnaşyklary, şol gatnaşyklary amala aşyrmagyň döwrebap tertibini emele getirýär. Konstitusiýamyz 2008-nji ýylda Türkmenistanda ilkinji gezek köppartiýalylyk ýörelgesini jar etdi.

Geçiş döwrüniň tamamlanmagy Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden bazar ykdysadyýetine geçmek bilen baglanyşykly işleriň hem öz ilkinji netijelerini berenligi bilen bagly, ýurtda eýeçiligiň köpdürlüligi döredi. Täze dörän kiçi we orta hususy kärhanalar täze şertlerde öz ýaşamaga bolan ukyplaryny görkezdiler. Ykdysadyýetiň köpugurlylygyny gazanmak maksady bilen başlanan diwersifikasiýa çäreleriniň netijesinde gazanylan ilkinji üstünlikler döwlet býujetiniň girdejileriniň ýokarlanmagy we institusional özgertmeler jemgyýetde durnuklylygy saklamaga esas döretdi. Bu ýagdaý köp derejede ýurda ornaşdyrylýan bazar ykdysadyýetiniň durmuş taýdan goragly häsiýete eýe bolýanlygy bilen baglydyr.

Bazar şertlerinde ilat döwletiň aladasy bilen gurşalyp alyndy. «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelge bu işiň many-mazmunyny kesgitledi. Şu hili ykdysady özgerişleriň netijesinde, bir tarapdan, bazar gatnaşyklarynyň berkemegine, sagdyn bäsdeşligiň emele gelmegine esaslar döräp başlady, beýleki tarapdan, ilatyň girdejileriniň artmagyna, adamlaryň sarp edijilik isleglериniň ýokarlanmagyna getirdi. Bu bolsa Türkmenistanyň ilkibaşdan saýlap alan we durmuşa ornaşdyrýan durmuş-ykdysady strategiýasy özüniň asyl manysynda köpugurly häsiýete eýe bolmak bilen, ilata durmuş amatlyklaryny üpjün etmäge gönükdirilendigini görkezýär.

Şu esaslarda kemala gelýän demokratik jemgyýetçilik gurluşy syýasy aňyýetiň hem ýokarlanmagyny, ony ýokary derejede açmagy talap edýär. Bu döwürde syýasy aňyýet, syýasy aň-düşünje we medeniýet, syýasy, özüňi alyp barşyň ölçegleri, syýasy bilimler, ýörelgeler, gymmatlyklar hem nusgalyk ynançlar ýaly düzüm bölekleriň täze ulgamy bolup çykyş edýärler.

## Demokratik ösüşiň milli nusgasynyň saýlanyp alynmagy

Şu meseläni açyp görkezmek üçin geçen XX asyryň ahyrynda täze dörän garaşsyz döwletleriň öz ösüş ýoluny saýlamaklaryna täsir etmek bilen baglanyşykly dörän bir ýagdaýa ünsi çekeliň. Bu ýagdaý şol döwürde ähli ýurtlar we halklar üçin «ýeke-täk ösüş taglymatynyň» öňe sürlenligi bilen bagly. 1989-njy ýylyň tomsunda «Milli bähbit» atly žurnalda ABŞ-nyň Döwlet departamentiniň Syýasaty meýilleşdirme edarasynyň başlygynyň şol wagtky orunbasary F. Fukuýamanyň «Taryhyň soňy?» diýip atlandyrylan makalasy çapdan çykdy. Bu makala köp ýurtlarda çap edildi we örän giň seslenme tapdy. Onda jemgyýetçilik durmuşynda häzirki zaman liberalizminiň çäginden çykman çözülip bilinmejek düýpli jemgyýetçilik-durmuşy gapma-garşylygyň we özüniň çözülmegi üçin haýsy hem bolsa başga bir durmuş-ykdysady taglymaty talap edýän meseläniň galmandygy bellenilýär. F. Fukuýama öz çykaran netijesini ozal kommunistik ideologiýanyň agalyk eden ýurtlarynda erkin bazaryň, köppartiýaly syýasy ulgamyň döreýänligi bilen delillendirýär. Hakykatdan hem, XX asyryň aýagynda we XXI asyryň başlarynda globallaşma prosesiniň giňelýän döwründe liberalizmiň täsiriniň artýanlygy aýdyň duýuldy, ýöne onuň täsiriniň artmagy bilen, indi ol ähli ýurtlar üçin ýeke-täk ösüş taglymaty bolup bildimi?! Ýok, bolup bilmedi.

Öz garaşsyzlygyny gazanan ýurtlaryň ählisiniň ösüş nusgasy hökmünde diňe liberalizm taglymatyny saýlap almandyklaryna täze taryh şaýatlyk edýär. Olaryň köpüsi liberalizmiň hem, globallaşmanyň hem oňaýly we oňaýsyz täsirini seljerip, öz ösüş ýollaryny özleri kesgitlemäge çalyşdylar. Bu ýurtlarda milletiň geçen taryhy ýoly we umumadamzat ösüş ýoly düýpli öwrenilip, milli medenýetiň esasynda ösen ýurtlaryň bu ugurda toplan tejribesi özleşdirilmäge çalşylýar. Türkmen halky hem öz garaşsyzlygyny gazanandan soňra şu meseläni çözmäge girişdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Bitarap Türkmenistan» atly eserinde şol döwürde dörän ýagdaýy derňäp: «Beýleki döwletleriň syýasy gurluşynyň nusgalary düýp mazmuny boýunça bize gabat gelmeýärdi. Şu sebäpden hem biz köpasyrlyk şöhratly taryhymyzda geçilen ähli tapgyrlarymyzy düýpli seljerdik»[23] diýip belleýär. Şonuň esasynda Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda öz ösüş ýolumyzy tapmak üçin biz öz ata-babalarymyzyň geçmişde saýlan ösüş ýoluna we ony üstünlikli geçmek üçin döreden ýörelgelerine ýüzlendik. Ol hem düşnükli. Ösüş ýoluna düşmek üçin geçmişi derňäp, geçen nesilleriň döreden durmuş-medeni tejribesine eýe bolmaly. Geçen döwürlerde halkyň erkin ýaşaýşyny kepillendiren ygtybarly esaslar täze döwürde hem ösüşiň täsirli iteriji güýji bolýarlar, ýöne diňe olaryň özi ýeterlik bolmaýar, sebäbi her bir täze döwür öz derwaýyslyklaryny öňe çykarýar. Türkmen halky XX asyryň ahyrlarynda özbaşdak döwlete eýe bolandan soňra onuň öňünde bazar ykdysadyýetiniň, demokratik ösüşiň, hukuk döwletiniň gymmatlyklaryny özleşdirmek meselesi örboýuna galdy, özi hem olary özleşdirmek üçin jemgyýetiň özüniň içerki demokratik güýçlerini açmak gerekdi.

Bu ýerde bar bolan we döreýän meseleleriň çözgütleri gutarnykly görnüşde Täze Galkynyş eýýamynyň taglymatynyň üsti bilen tapyldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan işlenip düzülen bu taglymat häzirki türkmen jemgyýetiniň ösüşini we özgerişini täze döreýän ýagdaýlar we halkyň asyrlarboýy toplan medeni mirasy bilen sazlaşdyryp kesgitleýär.

Şol sazlaşyk esasynda ýurdy III müňýyllygyň aňlatmasy bolan siwilizasiýalaryň gazananlaryna we döwrüň hakykatyna laýyklykda ösüşiň hil taýdan täze sepgitlerine çykarmaga esaslary döredýär. Täze Galkynyş eýýamynda şol esaslary açyp görkezýän taglymat biziň ýurdumyzda bar bolan ähli mümkinçilikleri herekete getirýän ösüşiň netijeli nusgasyny öňe sürdi. Bu ýerde Galkynyş taglymaty, ilki bilen, hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, halkyň tagallalaryny, gujur-gaýratyny herekete getirýän, oňa mahsus bolan döredijilik mümkinçiliklerini, döretmek ukyplaryny dikeldýän milli taglymat bolup çykyş edýär. Ikinji tarapdan bolsa, bu taglymat dünýäniň ösen ýurtlarynda toplanan ösüş we özgeriş tejribesini bahalap, özleşdirmegiň paýhas esasy we ölçeg daşy bolýar. Döwletbaştutany biziň ýurdumyzyň häzirki özgerýän döwri üçin «...yzyndan ýetilýän nusga däl-de, milli we ählumumy institutlaryň, maýanyň we önüm bazarynyň, döwlet we hususy pudagyň deňölçegli gatnaşygynda aňladylýan döwrebaplaşdyrmak strategiýasynyň täze formulasyny teklip edýän postindustrial ösüş ileri tutulýar» diýip belleýär.

Postindustrial ösüş taglymatyny 1965-nji ýylda amerikan sosiology D. Bell öňe sürýär. Ol şol döwürde ösen ýurtlardaky jemgyýetçilik gurluşynyň ylmy-tehniki ösüşiň hem-de öňegidişligiň täsiri bilen barlyşyksyz gapma-garşylyklardan azat bolýan täze sosial ulgama öwrülýändigini belleýär. Öňe sürlen postindustrial ösüş taglymatynyň özi hem kem-kemden biryanly tehnologiki determenizmden arany

[23] Gurbanguly Berdimuhamedow. Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 20 sah.

açýar. Ol ulgamlaýyn görnüşde beýan edilip başlanýar. Şonda jemgyýet tehniki, sosial düzümiň, syýasy we ruhy gymmatlyklaryň özara täsiri bilen hereketlenýän ulgam hökmünde häsiýetlendirilýär. Ykdysadyýeti diňe mukdar taýdan ösüşe kowalaşmakdan «ýaşaýşyň hilini» gowulamaga, ykdysady däl sosial maksatnamalary düýpli giňeltmäge gözükdirmegiň gerekligi barada pikir has erjel we yzygiderli öňe sürülýär.

Postindustrial ösüş taglymatynyň tarapdarlary gapma-garşylyklaryň sebäbini jemgyýetiň ykdysadyýetinde agalyk edýän «rasional» ýörelgeler bilen medeniýetiň ynsanperwerlik ugrukmasynyň arasyndaky bölünişikde görýärler. Olary sazlaşdyrmak esasynda şu hili gapma-garşylykdan azat bolan ösüş nusgasyna eýe bolan jemgyýetde ilkinji orunda nazaryýet bilimleri we maglumat goýlup, ylym-bilim we kommunikasiýa pudaklary bu ýerde täze derejä galýarlar. Şonda synpy bölünişik öz ornuny hünärmenlik bölünişigine berýär, hyzmat gurşawy önümçilik gurşawyndan agdyklyk edip başlaýar. Önümçilik serişdelerine bolan eýeçilik sosial tapawutlylygyň esasy hökmünde öz ähmiýetini kem-kemden ýitirip, jemgyýetde bilim bilen bilimsizligiň arasyndaky barlyşyksyzlyk esasy gapma-garşylyga öwrülýär.

Täze döwürde Türkmenistanda saýlanyp alnan ýörelgeler hem ýurduň döwrebaplaşýan döwründe jemgyýetde ýüze çykýan meseleleriň çözgüdini sazlaşygyň üstüni ýetirmek usulynyň esasynda tapmakdan ugur alýar. Hakykatdan hem, milletiň asyl ýörelgelerine esaslanyp, döwrüň öňe çykaran meseleleri çözülen halatynda döwrebap gymmatlyklary işläp düzmek mümkin bolýar. Şol gymmatlyklar hem Täze Galkynyş eýýamynda ýurdy döwrebaplaşmaga getirýär. Eger biziň ýurdumyzda bolup geçýän özgerişlere ser salsak, onda döwrebaplaşmagyň netijeli görnüşini kepillendirýän postindustrial ösüşe häsiýetli bolan gymmatlyklaryň biziň jemgyýetimizde giňişleýin ýüze çykýandyklaryny göreris.

## Türkmenistanda Täze Galkynyş eýýamy

**Türkmenistanda Täze Galkynyş eýýamy.** Bu eýýam 2007–2012-nji ýyllar aralygynda dowam edýär. Şol döwürde edilen işleriň düýp mazmuny jemgyýetiň gurujylyk we döredijilik gujur-gaýratyny has giň açmak üçin ruhy esaslary döretmek bilen bagly boldy.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt ýolbaşçylygyna gelmegi bilen başlanan ösüşler we özgerişler ýurdumyzyň täzeleniş ýoluna düşenligini görkezýär. Islendik ýurtda geçýän özgerişleriň netijeliligi, ilki bilen, onuň saýlan ösüş ýolunyň hakykylygy we täsirliligi bilen kesgitlenilýär. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary, ýokarda bellenilişi ýaly, şeýle täsirliligi gazanmak üçin biz öz ata-babalarymyzyň ýol-ýörelgelerine ýüzlendik. Ol hem dogry. Ösüş ýoluna düşmek üçin geçmişi derňäp, geçen nesilleriň döreden durmuş-medeni tejribesini ele almaly.

Türkmen halky XX asyryň ahyrlarynda özbaşdak döwlete eýe bolandan soňra onuň öňünde bazar ykdysadyýetiniň, demokratik ösüşiň we hukuk döwletiniň gym-

matlyklaryny özleşdirmek, raýat jemgyýetini gurmak bilen baglanyşykly meseleler örboýuna galdy, özi hem olary çözmek üçin jemgyýetiň özüniň içerki güýçlerini açmak zerurdy. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda şu maksat bilen, ilkinji nobatda, milli gymmatlyklarymyzy dikeldip, adamlaryň aň-düşünjesini şol gymmatlyklar bilen baýlaşdyrmaly, demokratik jemgyýetçilik gurluşyna girişilende olaryň hakyky milli häsiýetlere eýe bolmagyny gazanmaly boldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «Biz özümiziň täze zamanymyzy Beýik Galkynyş eýýamy diýip atlandyrdyk, çünki milli düşünjeliligiň gaýtadan dikeldilmeginden soň, hakyky milli häsiýetiň galkyndyrylmagynyň wagty geldi»[24] diýip, bu ýerdäki wezipeleri anyklaýar.

Adamlarda milli häsiýetleri galkyndyrmak köptaraply işi talap edýär. Bu iş, ilki bilen, ýurduň ylym-bilim ulgamynda bolup geçýän özgerişler bilen baglydyr. Hormatly Prezidentimiz işe girişen ilkinji güni – 2007-nji ýylyň 15-nji fewralynda ýurduň bilim ulgamyny, şol ýylyň 12-nji iýunynda bolsa ylym ulgamyny kämilleşdirmek baradaky Permanlara gol çekdi. Täze döwürde ylym-bilim ulgamy döwletde ileri tutulýan ugra öwrüldi. Bilim ulgamyny, şol sanda akademiki, ýokary, hünärmen-tehniki we orta mekdepleri düýpli özgertmek boýunça maksatnama yglan edildi. Onuň esasynda türkmen ýaşlarynyň dünýäniň ösen ýurtlarynyň ýaşlaryna kybapdaş bilim we hünär almaklaryna ähli mümkinçilikler döredildi we döredilýär. Beýik özgerişleri durmuşa geçirýän türkmen döwleti adamy beýgeldýär. Türkmenistan öz ösüşiniň täze döwründe ýurduň esasy gymmatlyklarynyň adamlardadygyndan, olaryň bilimindediginden, hünär derejesindediginden ugur alýar. Döwrebaplaşdyrmak ýoluna düşüp, kämil adamy ýetişdirmek maksady bilen «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgäni amal edýän döwletiň halkyny ösüşlere getirjekligi gümansyzdyr.

Başlanan özgerişler türkmen halkynyň öz medeni gymmatlyklarynyň esasynda dünýä ylmynyň, tehnikasynyň, tehnologiýalarynyň we öňdebaryjy tejribäniň soňky gazananlaryny özleşdirip täze sepgitlere barýanlygyny aňladýar. Bu ugurda açylýan mümkinçilikler, ilki bilen, ilatyň ýaşaýyş-durmuşyny ýokarlandyrmagy göz öňünde tutýan uly möçberli maksatnamalaryň durmuşa geçirilýändigine şaýatlyk edýär. Ýurdumyzda halkara jemgyýetçiligi bilen gatnaşyklary giňeltmek esasynda amala aşyrylýan bu işleriň göwrümi gün-günden giňeýär. Bu döwürde adamlaryň ylym-bilim derejesi ýokarlanýar. Halkymyz ruhy taýdan galkynýar. Şeýle ösüş we özgeriş ylymda döwrebaplaşmak diýlip atlandyrylýar. **Döwrebaplaşmak** döwrüň, adamzadyň ösüşiniň talaplaryna laýyklykda üýtgemek, kämilleşmekdir. Garaşsyzlygyny gazanyp, ösüş ýoluna düşen ýurduň döwrebaplaşmagy onuň özgerişini häsiýetlendirýän örän wajyp hadysadyr.

Täze Galkynyş eýýamynda diňe bir şeýle özgerişleriň wajyplygy duýulman, eýsem olary amal etmegiň ýollary hem kesgitlenildi. Bu döwürde ýurdy döwre-

[24] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi biziň buýsanjymyzdyr we guwanjymyzdyr. – A.: TDNG, 2008, 112 sah.

baplaşdyrmak döwlet syýasatyna öwrüldi. Hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň sentýabrynda ABŞ-a iş saparynyň çäklerinde «Ýewraziýa Grup» guramasynda işewürler bilen bolan duşuşykda eden çykyşynda: «Eger biziň häzirki syýasatymyzyň mazmunyny gysgaça kesgitlesek, onda men ony ýurdy mundan beýläk-de galkyndyrmak we döwrebaplaşdyrmak syýasaty diýip atlandyrardym. Ol döwleti dolandyrmagyň we jemgyýetiň ähli derejelerini kämilleşdirmäge, ýurduň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga we artdyrmaga, daşarky dünýä bilen gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilendir»[25] diýip belledi. Görşümiz ýaly, bu ýerde döwrebaplaşdyrmagyň esasy ugurlary häsiýetlendirilýär we onuň jemgyýetiň durmuşynyň ähli gurşawlarynda geçirilýän oňyn özgerişler, täzeleniş bilen berk baglanyşdyrylýar. Galkynyş eýýamy ýurduň döwrebaplaşmagynyň ruhy esaslarynynyň kemala gelýän döwri boldy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda jemgyýetçilik aň-düşünjesiniň täze hilini kemala getirmegiň ýolunda wajyp menzil geçildi. Şu ugurda edilen işleriň iň möhümi şol ýyllarda dikeldilen we häzirki döwürde ösdürilýän milletimiziň milli gymmatlyklary, däp-dessurlary bolýar. Halkymyzyň şol ruhy gymmatlyklaryna çuňlaşyp, ony millet eden pähim-paýhasynyň dürdänelerini ýüze çykarmak, häzirki we geljekki nesilleriň olary özlerine nusga edinip almaklary üçin bu gymmatlyklary jemgyýete gaýtaryp getirmeli boldy. Olar jemgyýetiň ähli edaralaryna, onuň durmuşyny özgerdýän ýörelgelere milli häsiýet bermegine esas döretdi. Geçmişde taplanan türkmeniň aňy azat we erkin durmuşy gurnamakga gerek bolan zähmet endikleriniň hem ahlak kadalarynyň degerli görnüşlerini öz içine alandyr. Geçen nesiller akylly-başly hereket edip bilipdirler, ýöne XX asyryň dowamly döwri türkmen halky üçin kyn boldy. Şol ýyllar halkymyzyň ozaldan gelýän iş başarnygyna zelel ýetirilenligi sebäpli, biziň jemgyýetimize dünýewi gymmatlyklary ornaşdyrmaga edilen meýiller hem doly başa barmady. Şonuň ýaly-da şol döwürde agalyk eden aňyýet garaşsyzlygymyzdan soňra jemgyýete işewür ornaşdyrylýan bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň gymmatlyklaryna ýigrenç döretmäge çalyşdy. Ine, şonuň üçin Täze Galkynyş eýýamynda bize düýpgöter täze aňyýet gerek boldy. Bu aňyýet milli gymmatlyklar bilen bir hatarda biziň jemgyýetimiziň özgerişini kesgitleýän täze gymmatlyklary hem özünde jemlemeli bolýar.

Dogrudan hem, bazar gatnaşyklary jemgyýete ornaşýan döwründe biziň milli aňymyzyň adamlaryň täzelige bolan garaýyşlaryny we olaryň üýtgeýän şertlere uýgunlaşmaklaryna ýol açýan ýörelgeleri öz içine almagy zerurdyr. Her bir jemgyýetde düýpli özgerişleriň ykbaly adamlaryň durmuşyň ähli ugurlarynda akylly-başly hereketleri we olaryň biri-biri bilen ynançly baglanyşyklary esasynda kesgitlenýänligi sebäpli, jemgyýete bazar gymmatlyklary ornaşdyrylanda aňyýet, bir tarapdan, olaryň many-mazmunyny açmaga we ikinji tarapdan, şol gymmatlyklaryň milli

---

[25] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 1-nji tom. – A.: TDNG, 2008, 213 sah.

medeniýetiň özboluşlylygy we aýratynlygy bilen sazlaşykly baglanyşyga girmäge esas döretmeli. Birinji talap ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda özgerişiň göwnejaý geçmezligine, ýagny adatylykdan täzeçillige ýol açylmazlygyna, ikinji amal edilmedik halatynda bolsa özgerişiň milli medeniýetden üzňe düşmegine sebäp döremegi mümkin. Galkynyş eýýamynyň aňyýeti jemgyýetiň ähli ugurlaryna täsir edip, bazar gatnaşyklarynyň içinde adamlaryň erkin hereket etmeklerine hemaýat edýän ýörelgeler ulgamy bolup çykyş edýär.

Bu ulgamyň adamlaryň täze gymmatlyklary özleşdirmegine esas bolup, jemgyýetiň içinde täzeliklere öz-özüne ýeterlik gymmatlyk hökmünde garaýan adamlaryň hataryny giňeltmeli hem-de olaryň jemgyýetde tutýan ornuny berkitmeli bolýar. Şeýle adamlaryň hatary artdygyça aňyýet bähbitleri jemgyýetiň ösüşiniň esasy meýillerine gabat gelýän we jemgyýetçilik ösüşiniň bähbidine laýyk gelýän subýektleriň ýörelgesi bolup çykyş eder. Şeýdibem, ol ylmy mana eýe bolýar. Şonda aňyýet, bir tarapdan, milli aňyň esasynda ösen ýurtlaryň ähli ugurda toplan tejribesini özleşdirmek we ikinji tarapdan, täze gymmatlyklara milli äheň bermek wezipesini ýerine ýetirýär. Görşümiz ýaly, aňyýet milli we umumadamzat gymmatlyklaryny özara sazlaşdyrmagyň ýollaryny kesgitleýär. Häzirki döwürde şeýle sazlaşyk Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy mundan beýläk hem galkyndyrmak we döwrebaplaşdyrmak syýasaty esasynda üpjün edilýänligi sebäpli, bu syýasatyň esasyny düzýän taglymat täze aňyýetiň hem taglymat esasy bolýar. Döwrebaplaşmak taglymaty jemgyýetiň ösüşini we özgerişini gazanmak üçin, milli hem umumadamzat gymmatlyklaryny sazlaşdyryjy güýç bolup çykyş edýär.

Eger döwrebaplaşmagyň many-mazmuny Täze Galkynyşlar zamanamyzyň öňe çykaran derwaýyslyklaryndan ugur alyp, ýurduň ykdysadyýetini, medeniýetini, adamlaryň durmuş-hal ýagdaýyny dünýä derejesine çykarmak üçin täze gymmatlyklary işläp düzmegi başarmagy aňladýan bolsa, onda adamlarda şeýle başarnygy taplamak işinde döwletiň paýhas ýörelgeleriniň aýratyn orny bar. Ony biz Ýurtbaştutanynyň «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesiniň Täze Galkynyş eýýamynyň aňyýetiniň esasynda goýlandygynda hem görýäris. Şu ýörelgä laýyklykda ösen bazar ykdysadyýetli dünýewi, hukuk döwletini mundan beýläk-de berkitmek adamyň ruhy ösüşini gazanmak bilen berk baglanyşykda alnyp barylýar. Bu iş adamlaryň durmuş-syýasy işewürligini artdyrmaga gönükdirilýär. Şu ugurda edilýän tagallalar köptaraplydyr. Ilki bilen, ol türkmen jemgyýetiniň içki güýçlerini açmaga gönükdirilýär. Aňyýet jemgyýetçilik ösüşiniň kanunalaýyklygyny, onuň hereket etmeginde obýektiw we subýektiw şertleriniň özara täsirine düşünmäge esas döredip, adamlarda jemgyýetçilik hadysalary ylmy esasda derňemäge we hakykaty aýan etmäge bolan islegini artdyrýar. Şonda aňyýet jemgyýetde durmuşyň ösüşini gazanmagyň hereketlendiriji güýji bolup çykyş edýän bolsa, onda onuň akyl ýetirmek gözükmesi bolup hakykat çykyş edýär.

Täze aňyýet biziň jemgyýetimizde başlanan özgeriş hakykatyny ilimize ýetirip, ilatyň arasynda jemgyýetiň özgerişine öz-özüne ýeterlik gymmatlyk diýip düşünýän adamlaryň hatarynyň işewür adamlaryň, hünärmenleriň, ýer eýeleriniň täze gymmatlyklara girişmegi bilen köpelmegine getirer. Bazar gatnaşyklaryna her bir adamyň öz bähbidi esasynda girişýändigini göz öňünde tutup, täze aňyýet soňky toparyň tarapdarlaryna täze gatnaşyklary döwrebap usullaryň üsti bilen gurnaýanlaryň hataryna geçmegiň ýollaryny görkezmeli bolýar. Bu bolsa adamlaryň adaty ýörelgelerden ýokary galyp, durmuşyň ähli ugurlaryny oýlanyşykly gurmaklaryna ruhy esas döreder. Onuň hukuk esaslary hem wajyp. Hormatly Prezidentimiz 2011-nji ýylyň ýanwar aýynyň 21-ine Mejlisiň deputatlary bilen duşuşygynda bu ugurdaky işleriň wajyplygyna ünsi çekip, ykdysady meselelere «...degişli kanunlaryň kabul edilmegi bazar gatnaşyklaryna ýuwaş-ýuwaşdan, tapgyrlaýyn geçmek, hususyýetçileriň we telekeçileriň synpyny döretmek, ilatymyzy telekeçilik işine giňden çekmek üçin hukuk esaslaryny döreder»[26] diýip belledi.

Şeýlelikde, täze aňyýet jemgyýetçilik aňynyň adaty derejeden nazary görnüşe galmagyna, adamlaryň biziň jemgyýetimize ornaşýan gymmatlyklara bolan dürli garaýyşlarynyň ýakynlaşmagyna, jemgyýetiň ähli ugurlarynda we derejelerinde özgerişleriň çuňlaşmagyna we olaryň netijeliliginiň ýokarlanmagyna esas bolar. Ol netijelilik bolsa aňyýetiň jemgyýetiň özgerişinde ýüze çykýan päsgelçilikleri ýeňip geçer ýaly milletiň döredijilikli ýaşaýşa ukyplylygyny kemala getirýänligindedir. Şeýle ukyplylyk jemgyýetde adaty we döwrebap garaýyşlaryň özara täsiri esasynda döreýän meseleleriň çözgüdiniň üsti bilen taplanýar. Bu bolsa jemgyýetçilik aňynyň täze derejä galýandygyny aňladýar. Ykdysatyýetde, durmuş, ylym we bilim ulgamlarynda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler ýurdumyzyň ruhy-medeni ösüşiniň täze derejä çykmagyny, döredijiligiň täze mazmuna eýe bolmagyny talap edýär.

Aslynda, milletiň galkynyşy ruhy galkynyşdan başlanýar. Şeýle döwürlerde dünýewi oý-pikirler has güýjeýär. Olar ynsanperwer häsiýete eýe bolýarlar. Ynsanperwerlik, sözüň doly manysynda, durmuşy we ykdysady ösüşiň esasy maksadyny adamyň hal-ýagdaýyny, ýaşaýyş derejesini gowulandyrmakda görýär we adamyň şahsyýetlik gymmatlygyny goramaga hyzmat edýär. Galkynyşlar döwri ykdysady, ruhy-medeni ýokary göteriliş bolup geçýär. Biziň ýurdumyzda Täze Galkynyşlar döwri hem türkmen jemgyýetiniň hemme taraplaryny düýpli özgerişlere getirýän ruhy başlangyçlary ýüze çykardy. Şol başlangyçlar özgerişler döwründe jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynyň oýlanyşykly kesgitlenen ölçegleri bilen gurnalmagyny, erkin, azat hereket edip bilýän adamlaryň taplanmagyny, täze zähmet etikasynyň döremegini üpjün etmeli boldy. Bu döwürde jemgyýetçilik aňynyň nazary derejesine eýe bolýan adamlaryň sany artýar. Şeýle pähim-paýhas we ukyp täze ideologiýa, täze ruhy gymmatlyklar esasynda kemala getirilýär.

[26] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 5-nji tom. – A., 2012, 102 sah.

Eger türkmeniň täze ruhy ähli adamlara degişlilikde öňki ýyllar öz aňlaryna ornaşan özüňe ynanmazlyk psihologiýasyndan azat bolmaga kömek eden bolsa, indi biziň aňyýetimiz Galkynyşlar zamanasynda olaryň täze gymmatlyklary özleşdirip, erkinlik we ynamlylyk duýgusyna we döredijilik aňyna hem-de ukybyna eýe bolmaklary gerek bolýar. Ine, şonuň üçin biziň ýurdumyzda başlanan täze döwürde adam şahsyýetini beýgeltmek esasy meselä öwrüldi. Ruhy galkynyş döwrüň talaby hem-de görkezjisidir. Jemgyýetiň durnukly ösmeginiň we özgermeginiň möhüm şerti hökmünde ruhy ulgamy özgertmegiň gerekligini nygtaýan Ýurtbaştutanynyň bu ugurdaky başlangyçlarynyň ruhy galkynyş üçin uly ähmiýete eýedigini bellemek gerek. Şol başlangyçlar ýurdumyzyň medeniýetiniň we sungatynyň ösmegine, umuman, täze jemgyýetçilik aňynyň kemala gelmegine kuwwatly itergi berýär.

Jemgyýetçilik aňy Täze Galkynyş eýýamynda jemgyýetçilik durmuşynda wajyp wezipäni ýerine ýetirýär. Ol ýurtda geçýän düýpli özgerişleri we täzelenişleri aňlaýan, jemgyýetdäki özgerişleriň manysyny açýan ruhy güýçdür, ýöne bu wezipäni ol ýokary derejä galyp amal edip bilýär. Bilşimiz ýaly, jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik ösüşden yza hem galyp, öňe-de gidip bilýär. Ol doly ýüze çykyp, öz ýetjek derejesine ýeten halatynda özgerişleri çuňňur aňlamak mümkinçiligine eýe bolýar. Şonda jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşyndan öňe geçýär. Şeýle işewür aňy döretmek biziň Täze Galkynyş eýýamymyzda aýratyn ähmiýete eýedir. Galkynyş eýýamynyň täze aňyýeti Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, mukaddes düşünjeleriň, ahlak we ruhy gymmatlyklaryň, halkymyzyň köpasyrlyk taryhy-medeni gymmatlyklarynyň, däp-dessurlarynyň esasynda kemala gelýär. Onuň ileri tutýan ugry ýaşaýşyň täze filosofiýasyny döretmekdir. Şol filosofiýany bolsa taryhyň durmuş, medeni, ruhy tejribesini, milli mirasy Türkmenistanyň häzirki ösüşiniň wezipeleri bilen baglanyşdyrmalydyr[27].

Bu bolsa geçen we häzirki döwrüň nesilleriniň milli we umumadamzat gymmatlyklaryny özünde jemleýän täze jemgyýetçilik aňy kemala getirýär. Bu aň jemgyýetiň ähli ugurlaryna täsir edip, täze şertlerde adamlaryň erkin hereket etmegine gerek bolan häzirki döwrüň türkmen ýaşaýyş medeniýetiniň berkemegine esas bolýar. Şonda türkmeniň asyl gymmatlyklaryny öz düzümine alýan bu medeniýet, bir tarapdan, adamlaryň döredijilige, gurujylyga ukybyny we hyjuwyny artdyrmaga esas bolýan bolsa, ikinji tarapdan, jemgyýetde döredijilikli zähmete we telekeçilige giň ýol açyp, olaryň ynsanperwer häsiýete eýe bolmaklaryny üpjün edýän ruhy esas bolup çykyş edýär. Bu bolsa bazar gatnaşyklarynyň giňelýän döwründe jemgyýetde sosial dartgynlylygyň däl-de, sazlaşygyň we raýdaşlygyň berkemegine getirýär. Şonda üstünligiň esasy şerti bolup, adamlaryň ylym-bilim we hünär taýýarlygy çykyş edýär. Netijede, jemgyýetiň paýhas sazlaşygy kemala gelýär.

---

[27] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A., 2010, 39 sah.

Şeýlelikde, Galkynyş eýýamynda türkmen jemgyýeti milli Liderimiziň ählitaraplaýyn oýlanyşykly içeri we daşary syýasatynyň esasynda öz içki mümkinçiliklerini açyp täze hil derejä galýar. «Jemgyýet, ýurt Ýolbaşçysynyň belleýşi ýaly, ykdysadyýetden, gündelik durmuş aladalaryndan ýokarda durýan milli maksatlara akyl ýetirmäge girişdi»[12]. Türkmen halkynyň durmuşynda geçýän özgeriş öz miwesini berýär, ýurduň ykdysady ösüşi we sosial-durmuşy özgerişi durnukly we netijeli häsiýete eýe bolýar, adamlaryň geljege ynamy artýar. Taryh türkmen halkyna ýene-de belentlige galmaga, galkynmaga mümkinçilik berýär.

## Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri

Bu döwür 2012-nji ýylyň 12-nji fewralynda geçen Türkmenistanyň Prezidentligine saýlawlardan soňra başlanýar. Hormatly Prezidentimiziň ýurt Ýolbaşçylygyna gelen gününden soňky döwürde Türkmenistan ykdysady taýdan durnukly we ýokary depginler bilen ösýän, sosial goragly bazar ykdysadyýetiniň öz ynsanperwer häsiýetini açýan, ylym, bilimiň, umuman, medeniýetiň giň gerimler bilen ösýän döwrüne öwrüldi.

Ýurtda bolup geçýän özgerişler örän düýpli. Başda täze Galkynyş eýýamy diýip atlandyrylan biziň jemgyýetimiziň täzeleniş döwründe başlanan ösüşler we özgerişler güýjeýär we täze hil görnüşe eýe bolýar. Olar, öz gezeginde, täze ýörelgeleri talap edýär. Döwlet berkararlanýar, adamlaryň durmuş hal-ýagdaýy ýokarlanýar. Biz birinji sapakda «Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri» diýen düşünjäniň üstünde giňişleýin durup geçipdik. Bu ýerde ýene bir gezek hormatly Prezidentimiziň bu ýörelgäni häsiýetlendirişini ýatlalyň: «...men täze Prezidentlige saýlawlardan soň mähriban Türkmenistanymyz üçin täze durmuşy filosofiýany, jemgyýetçilik aňyýetiniň, syýasy we ykdysady ösüşleriň umumy ulgamyny öz içine alýan ýörelgeleriň zerurlygyny duýdum. Ol ýörelge «Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri» diýlip atlandyrylsa laýyk boljakdy. Zähmetsöýer we intellektual derejeli türkmen halky bu ýörelgäniň biziň döwrümize doly mahsusdygyny doly duýdy we gyzgyn gutlady. Biz geljekde ähli ösüşlerimizde şu ýörelgä esaslanarys»[28].

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe biziň jemgyýetimiz adamzat jemgyýetiniň has göwnejaý görnüşidir. Onda adamyň köp görnüşli talaplarynyň, zähmete, eýeçilige, öz pikirini erkin beýan etmäge we goramaga bolan düýpli hukuklaryny iş ýüzünde durmuşa geçirýän döwri geldi. Öz gezeginde, adam hukuklaryna we azatlyklaryna hormat goýmak türkmen jemgyýetiniň has hem jebisleşmegine, hakyky halk häkimiýetiniň berkarar bolmagyna gerekli esaslary döredýär. Şu ikiýanly iş Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe amal edilýär. Şonuň üçin şol döwri häsýetlendireliň.

## Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň umumy häsiýetnamasy

Adamzat elmydama ajaýyp geljek, adamlaryň bolelin, halal we jogapkärli ýaşamaklary barada arzuw edip gelipdir. Türkmen akyldarlary halkyň uzak taryhynyň dowamynda şu hili ýaşaýşa esas bolýan, bahasyna hiç bir zat bilen ýetip bolunmajak

[28] Aşgabat söýgüleriň we duýgularyň şäheri. – A.: TDNG, 2012, 5 sah.

ruhy gymmatlyklary döredipdirler. Olaryň pähim-paýhasynyň täsirliligine, gözelligine, ähmiýetliligine diňe bir biziň häzirki nesillerimiz däl, eýsem bütin adamzat hem ýyl geldigiçe has aýdyň göz ýetirýär. Ony biz Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň täsirliliginde görýäris.

Magtymgulynyň eserlerinde halkyň isleg-arzuwlary, şatlygy, gaýgy-gamy, dünýägaraýşy, Watana bolan söýgüsi, ruhy sypatlary, adamkärçilik mertebeleri giňden açylýar. Magtymgulynyň şygyrlarynda türkmen tebigaty, türkmen ruhy, türkmen dili, türkmen häsiýeti örän çuňňur şöhlelendirilýär. Beýik akyldar, Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, öz döredijiliginde türkmen jemgyýetiniň synmaz sütünlerine öwrülen möhüm syýasy-filosofik, jemgyýetçilik, ynsanperwerlik we ryhy-ahlak garaýyşlaryny öňe sürdi. Akyldar şahyr türkmen halkynyň köp nesilleriniň arzuw-hyýallaryny jemläp:

«Hor galmasyn puştdan-puşdum, Berkarar döwlet islärin»[29] diýen.

Görşümiz ýaly, beýik akyldar adamlaryň bolelin ýaşamagy üçin berkarar döwleti gurmagyň gerekligini belleýär. Biziň häzirki täzeleniş döwrümizde hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda şol arzuw-hyýallar durmuşa geçirilýär. 2012-nji ýylyň 12-nji fewralynda geçen Türkmenistanyň Prezidentligine saýlawlaryň yz ýanynda hormatly Prezidentimiz Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri baradaky taglymaty öňe sürdi. Bu ýörelgäniň biziň döwrümize beren häsiýetnamasy türkmen jemgyýetiniň häzirki döwrüniň aýratynlygyny açyp görkezýär. Şol ýylyň 24-nji fewraly bagtyýarlyk döwrüne girişilýän pursat bolýar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe gadymy türkmen ýurdunda adamzat jemgyýetiniň has göwnejaý görnüşini, onda adamyň köp görnüşli bähbitlerini, zähmete, eýeçilige, öz pikirini erkin beýan etmäge we goramaga bolan düýpli hukuklaryny iş ýüzünde durmuşa geçirýän jemgyýet öz içerki gurujylyk we döredijilik güýçlerini açyp başlady. Öz gezeginde, adam hukuklaryna we azatlyklaryna hormat goýmak türkmen jemgyýetiniň has hem jebisleşmegine, hakyky halk häkimiýetiniň berkarar bolmagyna gerekli esaslary döredýär.

Aslynda, döwlet we jemgyýet biri-biri bilen berk baglanyşykly hadysalar bolýarlar. Olaryň arasyndaky gatnaşyk kanun we ahlak esasynda sazlaşdyrylan halatynda bagtyýar durmuş döreýär. Şeýle gatnaşyklary, bilşimiz ýaly, hukuk döwleti üpjün edýär. Eger döwletiň adamlar tarapyndan döredilýändigini göz öňünde tutsak, onda raýat bilen döwletiň kadaly gatnaşygy diňe bir mümkinçilik bolman, eýsem gereklilik bolup hem çykyş edýär. Biziň ýurdumyzda bu gatnaşyklar «Döwlet adam üçindir!» diýen ýurt Ýolbaşçysynyň öňe süren ýörelgesi esasynda gurnalýar.

Häzirki ösüşler tapgyrynda şu ikitarapy sazlaşdyryp, ösüşiň we özgerişiň täze derejesine çykmagymyza ähli esaslar bar. Ýurdumyzyň ykdysady mümkinçilikleri örän uly. Türkmenistan uglewodorod serişdelerine iň baý ýurtlaryň hataryna girýär. Soňky döwürde ýurdumyzda ýangyç-energetika pudagy bilen bir hatarda ykdysadyýetiň taze ugurlary: dokma senagaty, gurluşyk materiallary senagaty, himiýa sena-

[29] Magtymguly. Saýlanan eserler. – A.: TDN, 1959, 56 sah.

gaty örän ýokary depginler bilen ösýär. Türkmen dokmaçylarynyň çykarýan önümi şu gün dünýäniň köp bazarlarynda özüniň bäsdeşlige ukyplydygyny aýdyň görkezýär.

Şu baýlyklary netijeli özleşdirip biljek ylymly-bilimli, hünärli ýaşlar hem biziň ýurdumyzda ýetişýär. Häzirki zamanyň ähli kommunikasiýa we multimedia tehnologiýalaryny ele alan işgärleriň we hünärmenleriň täze nesli kemala gelýär. 2016-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşi ýurdumyzyň ösen döwletleriň hataryna geçmegi üçin gerek bolan hukuk binýady bolup çykyş edýär. Şu we beýleki mümkinçilikler biziň öňümizde duran wajyp wezipeleri – XXI asyrda Türkmenistany berk binýatly, kuwwatly, abadan, ýokary derejede ösen, bäsdeşlige ukyply döwlete öwürmäge esas döredýär.

Ine, şonuň üçin hem, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, agrar ýurt bolan Türkmenistany senagat taýdan ösen döwlete öwürmek üçin bar bolan mümkinçilikleri açyp, olary jemgyýeti özgertmäge ugrukdyrmak ilkinji nobatdaky wezipe bolýar.

Bu örän wajyp wezipe, ilki bilen, ýurdy döwrebaplaşdyrmak esasynda amal edilýär. 2007–2011-nji ýyllarda bu ugurda uly üstünlikler gazanyldy. Onuň dowamynda ýurdumyzda hereket edýän kärhanalar döwrebap enjamlar bilen üpjün edildi, dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply önüm öndürýän täze kärhanalar guruldy. Ösen nebit-gaz toplumy, dokma we azyk senagaty dünýä standartlaryna laýyk gelýän tehniki-tehnologik üpjünçilige eýe boldy. Häzirki döwürde senagatyň ähli pudaklarynda, şol sanda himiýa senagatyny, gurluşyk materiallar senagatyny, maşyngurluşyk we metallurgiýa senagatyny ösdürmegiň berk esaslary döredilýär.

Ählitaraplaýyn oýlanyşykly maýagoýum syýasaty esasynda ykdysadyýetiň pudaklarynyň esasy serişdeleri köp derejede ösdi. 2007–2011-nji ýyllarda maýagoýumlar 8,6 esse artdy. 2011-nji ýylda maýagoýumlaryň 61%-i önümçilige degişli we 39%-i önümçilige degişli däl desgalary gurmaga gönükdirildi. Bu ýyllarda asyryň gurluşygy adyny alan Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý hem-de Döwletabat-Sarahs-Hangeren gaz geçirijileri gurlup işe girizildi. 2011-nji ýylda Türkmenistanyň umumy ykdysadyýeti boýunça ortaça aýlyk iş haky 816,8 manada ýetdi, munuň özi ortaça iş hakynyň 2006-njy ýyl derejesindäkiden 63,1% ýokarydyr[30].

Şu we beýleki özgerişler Türkmenistanyň, hakykatdan hem, ozalky agrar döwletden senagat taýdan ösen, senagat döwletine öwrülmegine täze esaslary döretdi. Jemi içerki önümde senagat we gurluşyk pudaklarynyň paýy artdy. Eger biziň ýurdumyzda bolup geçýän özgerişlere ser salsak, onda senagat ösüşiniň täze tapgyryna häsiýetli bolan gymmatlyklaryň biziň jemgyýetimizde ýüze çykýandyklaryny we olaryň esasynda jemgyýetiň täze hile eýe bolýandygyny görýäris. 2011-nji ýylyň başynda hormatly Prezidentimiz bu ugurda gazanylýan oňyn ösüşleri häsiýetlendirip, ýurdumyzda jemi içerki önümiň möçberinde senagat we gurluşyk pudaklarynyň paýynyň üç essä golaý artandygyny belledi. Garalýan döwürde bu pudaklarda öndürilýän önümle-

[30] 2007–2011-nji ýyllarda gazanylan üstünlikler we geljekki mümkinçilikler. – A.: TDNG, 2011, 26 sah.

riň ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň 60%-ine golaýyny tutýanlygyny belledi[31]. Bu görkezijiler biziň ýurdumyzda geçen hil özgerişlerini tassyklady.

Ýurt Ýolbaşçysy: «Bu görkezijiler ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek boýunça amala aşyran özgertmelerimiziň netijesinde, döwletimiziň ozalky yzagalak oba hojalyk ýurdy bolmagyndan ösen senagaty we häzirki zaman öňdebaryjy tehnologiýalary bolan ýurda öwrülýändigini aýdyň görkezýär»[32] diýip, örän wajyp netije çykardy. Bu netije türkmen jemgyýetiniň döwrebaplaşmak ýolunda belli bir menzili geçip, indi senagat häsiýetine eýe bolýandygyny aňladýar.

Aşakda getirilen maglumatlarda hem bu ýerde bolup geçýän özgerişler giňden açylýar we jemgyýetiň senagat häsiýetiniň has güýjeýändigi görkezilýär.

Jemi içerki önümde ykdysadyýetiň esasy pudaklarynyň tutýan orny (2011 ý.)

| № | Ykdysadyýetiň esasy pudaklary | JIÖ olaryň paýy |
|---|---|---|
| 1 | Senagat önümçiligi | 50%-e golaý |
| 2 | Gurluşyk we gurluşyk materiallary | 14% |
| 3 | Ulag we aragatnaşyk | 4,5% |
| 4 | Söwda | 5,9% |
| 5 | Oba hojalygy | 10% |
| 6 | Beýleki pudaklar | 16,7% |

Görşümiz ýaly, jemi içerki önümiň düzüminde senagat, gurluşyk we gurluşyk materiallary, ulag we aragatnaşyk pudaklarynyň paýy 68,5%-e deň bolýar. Senagat we gurluşyk pudaklarynyň belli bir infrastrukturasynyň tapgyrynyň döredilmegi, ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagy, pudaklaýyn we guramaçylyk-hojalyk gurluşynyň kämilleşdirilmegi halkara bazarlarda ýurduň eýeleýän ornunyň pugtalanmagyna getirdi.

Umuman, ykdysadyýetde, syýasatda, medeniýetde bolup geçen özgerişler türkmen jemgyýetiniň hil taýdan özgerýändigini, senagat häsiýetine eýe bolýandygyny aýdyň görkezýär. Türkmenistanyň senagat taýdan ösen döwletleriň hataryna goşulyşmagy halkyň bolelin ýaşamagyna täze-täze esaslary döredýär.

## Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Sowet jemgyýetçilik gurluşyndan demokratik jemgyýetçilik gurluşyna geçiş döwrüniň zerurlygy.
2. Demokratik ösüşiň türkmen nusgasynyň aýratynlygy.
3. Täze Galkynyş eýýamynda geçen ruhy-medeni özgeriş.
4. Bu döwürde jemgyýetde kemala gelen milli aňyýetiň many-mazmuny.
5. Ýurduň jemi içerki önüminiň düzüminde oba hojalyk we senagat pudaklarynyň paýy nähili üýtgedi?
6. Bu ýerde senagat pudagynyň artmagy jemgyýetiň senagatlaşmagyna nähili täsir edýär?
7. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri nähili häsiýetlendirilýär?

---

[31] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 5-nji tom. – A.: TDNG, 2012. 88 sah.

[32] Şol ýerde.

# IV BAP
# HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN JEMGYÝETINIŇ SYÝASY ULGAMY

## 1-NJI SAPAK. TÜRKMEN JEMGYÝETINIŇ SYÝASY GURLUŞY

*Syýasy ulgam. Türkmen jemgyýetiniň syýasy gurluşy. Syýasy ulgamyň düzümi. Döwlet edaralary we jemgyýetçilik guramalary. Syýasy ulgamyň iň esasy edaralary: häkimiýet edaralary, hukuk we ideologiýa. Täzeleniş döwründe jemgyýetiň syýasy durmuşyndaky özgerişler.*

*Täzeleniö döwründe häkimiýet edaralarynyň wezipeleriniň giňeldilmegi we takyklanmagy. Häkimiýet bölünişiginiň doly üpjün edilmegi. Jemgyýetiň syýasy ulgamynyň döwrebaplaşmagy. Türkmenistanyň Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň öz işini bes etmegi we jemgyýetçilik guramalarynyň jogapkärliginiň ýokarlanmagy. Täze döwlet ideologiýasy.*

*Köppartiýaly syýasy ulgamyň döremegi. Saýlaw ulgamynyň kämilleşmegi.*

**Syýasy ulgam barada düşünje.** Jemgyýetiň syýasy ulgamy diýlende, ýurduň syýasy durmuşyna we oňa dahylly jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşýan döwlet, partiýa we jemgyýetçilik edaralarynyň hem guramalarynyň jemine düşünilýär. Jemgyýetiň syýasy ulgamy anyk toplumlara birleşýän, syýasy edaralar, syýasy tejribe we syýasy aňyýet ýaly köpsanly düzüm böleklerinden ybaratdyr. Türkmen jemgyýetiniň syýasy ulgamyna girýän edaralar:

– öz häkimiýet ygtyýarlykly edaralarynyň (prezident, parlament, hökümet, gözegçilik, kazyýet, hukuk goraýjy edaralaryň we ş.m.) üsti bilen hereket edýän döwlet;

– syýasy we beýleki jemgyýetçilik guramalary. Olar jemgyýetçilik häkimiýetini amala aşyrýarlar. Jemgyýetçilik häkimiýeti – syýasy partiýalar, raýatlaryň aýratyn toparlary hem jemgyýetçilik birleşmeleri, zähmet toparlary, jemgyýetçilik hereketleri we ş.m. hökmünde hereket edýär.

Türkmenistanda jemgyýetçilik häkimiýetini amala aşyrýan edaralar hökmünde Türkmenistanyň Halk maslahatyny, Türkmenistanyň Demokratik partiýasyny, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasyny, Türkmenistanyň Agrar partiýasyny, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky ýaşlar guramasyny, Türkmenistanyň Zenanlar birleşigini, Türkmenistanyň Kärdeşler Arkalaşygyny we beýleki jemgyýetçilik esaslarda hereket edýän dürli guramalary hem birleşikleri görkezmek bolar.

Syýasy ulgamda syýasy tejribe, syýasy we hukuk kadalary, jemgyýetiň syýasy ulgamynyň aýry-aýry düzüm bölekleriniň arasyndaky syýasy gatnaşyklar, şol gatnaşyklary amala aşyrmagyň tertibi wajyp orun eýeleýärler.

Bu ýerde syýasy aňyýet syýasy aň-düşünje we medeniýet, syýasy özüňi alyp barşyň ölçegleri, syýasy bilimler, ýörelgeler, gymmatlyklar we nusgalyk ynançlar ýaly düzüm böleklerinden ybaratdyr.

## Türkmen jemgyýetiniň syýasy gurluşy

Belli bolşy ýaly, islendik ýurtda-da jemgyýetiň syýasy ulgamynyň binýatlaýyn esaslary şol ýurduň döwleti tarapyndan kabul edilen kanunçylykda, ilkinji nobatda döwletiň esasy kanuny bolan Konstitusiýasynda berkidilýär. Biziň jemgyýetimiziň syýasy ulgamynyň binýatlaýyn başlangyçlary hem iň wajyp häsiýetli alamatlary Türkmenistanyň Konstitusiýasynda beýan edilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň «Türkmenistanyň Konstitusion gurluşynyň esaslary» bölüminiň 1-nji maddasynda: Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwlet dolandyrylyşy prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar diýen düzgünden başga-da kanunyň hökmürowanlygy baradaky kadalar (8-nji madda), daşary syýasat we halkara gatnaşyklar baradaky kadalar (9-njy madda), raýatlyk meseleleri baradaky kadalar (*10–11-nji maddalar*), şeýle hem eýeçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalary 12-nji madda) berkidilýär.

Jemgyýetiň syýasy gatnaşyklar ulgamynyň umumy häsiýetiniň çäklerinde, raýatlaryň jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga bolan hukuklary aýratyn bellärliklidir. Türkmenistanda bu mesele ýörite konstitusion hukuk kadalary bilen berkidilýär. Muňa mysal edip, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 45-nji maddasyny görkezmek bolar. Salgylanylýan madda laýyklykda her bir raýatyň jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga gös-göni ýa-da erkin saýlanan wekilleriniň üsti bilen gatnaşmaga hukugy bardyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 42-nji maddasynda her bir adama pikir we söz azatlygy kepillendirilýär. Bu madda laýyklykda Türkmenistanyň raýatlarynyň öz pikirine we ynam-ygtykatlaryna erkin eýermäge hem-de olary erkin beýan etmäge, şeýle hem döwlet syryndan we kanun tarapyndan goralýan beýleki syrlardan başga maglumatlary almaga hukuklary bardyr[33]; Esasy Kanunymyzyň 46-njy maddasynda bellenilişi ýaly, raýatlaryň döwlet häkimiýet edaralaryna saýlamaga we saýlanmaga hukuklary bardyr, Türkmenistanyň raýatlarynyň öz ukybyna we hünär taýýarlygyna laýyklykda döwlet gullugynda işlemäge deň hukugy bardyr[34].

Konstitusiýanyň 20-nji maddasynda bolsa Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygyny we howpsuzlygyny gorap saklamak üçin Ýaragly Güýçleriniň bardygy baradaky hukuk kadany özünde berkidýär.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan kanun esasynda[35] özygtyýarly döwletiň mizemez hukuklaryny durmuşa geçirmegiň çäklerinde hem-de jemgyýetde durnuklylygy we ylalaşygy pugtalandyrmaga, sebitiň we ähli dünýäniň döwletleri bilen onuň dostlukly we özarabähbitli gatnaşyklaryny ösdürmäge gönükdirilen içeri we daşary

[33] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. A.:TDNG, 2016, 24 sah.

[34] Şol ýerde, 25-26 sah.

[35] Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda we 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda kabul eden «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» hakyndaky Rezolýusiýalary;Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasy; «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat şäheri, 1995-nji ýylyň 27-nji dekabry.

syýasatynyň esasy bolup durýan, özüniň hemişelik Bitaraplygyny meýletin yglan etmek bilen, birnäçe halkara borçnamalary öz üstüne aldy hem-de birnäçe wezipeleri öz öňünde maksat edinip goýdy. Öz öňünde goýan maksatlaryna ýetmek üçin hem Türkmenistan harby bileleşiklere we soýuzlara, berk borçnamalary bilen ýa-da gatnaşyjylaryň bilelikdäki jogapkärçiligini göz önünde tutýan döwletara birleşiklerine gatnaşmaýar. Türkmenistanyň daşary syýasat işi beýleki döwletleriň bähbitlerini çäklendirmeýär, zeper ýetirmeýär we olaryň howpsuzlygyna wehim salmaýar.

Türkmenistanyň syýasy ulgamy häkimiýet edaralaryny, jemgyýetçilik guramalaryny özünde jemläp, jemgyýetimizde demokratiýany ösdürmek, kanunylygy we hukuk tertibini üpjün etmek, adamyň we raýatyň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny goramak boýunça netijeli işleri amal etmek üçin ähli mümkinçiliklere eýe.

## Türkmenistanda syýasy ulgamyň düzüm bölekleriniň özara baglanyşygy we ähmiýeti

Jemgyýetiň syýasy ulgamynyň ýokarda görkezilen düzüm bölekleriniň ählisi jemgyýetçilik işjeňliginiň köp görnüşlerini amala aşyrmagyň dowamynda ýüze çykýarlar we öz mümkinçiliklerine görä syýasata täsir edýärler. Jemgyýetiň syýasy ulgamynyň iň esasy we wajyp düzüm bölegi hökmünde döwlet çykyş edýär. Ol jemgyýetiň syýasy durmuşynda wajyp orun eýeleýär.

Mälim bolşy ýaly, döwlet aýratyn şahsyýetleriň özara gatnaşyklara girip, belli bir durmuş toparlaryny döretmekleriniň netijesinde emele gelýär. Şol durmuş toparlarynyň agzalary öz zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ençeme sosial-syýasy edaralary döredýärler. Döwletiň esasy alamatlary, onuň ýerleşýän çäginiň, hemişelik ilatynyň, häkimiýet-dolandyryş ulgamynyň we özygtyýarlygynyň bolmagyndan ybaratdyr. Mundan başga-da döwletiň serhetleri, hukuk ulgamy, döwlet gaznasy, maliýe ulgamy ýaly esasy-goşmaça alamatlary bardyr. Döwlet dolandyryşynyň tapawutly aýratynlyklary boýunça monarhiýa, respublika, döwlet gurluşynyň tapawutly aýratynlyklary boýunça federasiýa, konfederasiýa, unitar döwlet we döwletiň syýasy düzgüniniň tapawutly aýratynlyklary boýunça demokratik ýa-da demokratik däl döwlet ýaly birnäçe görnüşlere bölýär.

Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalary ileri tutulýar. Ine, şonuň üçin biziň döwletimizde häkimiýetleriň bölünmegi – döwlet dolandyryşyny guramagyň konstitusion ýörelgesi bolýar. Bu örän wajyp ýörelgäniň mazmuny:

– ýeke-täk çeşmesi halk bolan bir bütewi döwlet häkimiýetiniň üç şaha – *kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine bölünmegi*;

– häkimlik ygtyýarlyklarynyň hem wezipeleriniň döwlet edaralarynyň derejeleriniň ulgamyna görä bölünmegi. Mysal üçin, döwlet häkimiýet edaralarynyň derejesine görä, döwlet dolandyryş edaralarynyň derejesine görä, ýerli häkimiýet edaralarynyň derejesine görä hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň derejesine görä bölünmeginden ybaratdyr.

*Kanun çykaryjy häkimiýet* döwlet häkimiýetiniň bir şahasy bolup, Türkmenistanda döwlet häkimiýetiniň kanun çykaryjylyk ygtyýarlyklary (häzir Türkmenistanyň Mejlisi) degişlidir, ýöne çykarylan kanunlary soňra tassyklamak şerti bilen, Mejlis aýry-aýry meseleler boýunça kanun çykarmak hukugyny Türkmenistanyň Prezidentine hem berip bilýär.

Kanun çykaryjy häkimiýetiň iň esasy hem iň möhüm wezipesi döwletiň kanunlaryny döretmek we olary kabul etmekdir, ýöne şol bir wagtda-da biziň döwletimiziň parlamenti bolan Türkmenistanyň Mejlisi öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ýene-de birnäçe wezipeleri ýerine ýetirip bilýär. Ol wezipeler döwlet häkimiýetinde halkyň wekilçiligini durmuşa geçirmekden, döwleti iň ýokary derejede dolandyrmaga (esasan hem, döwletiň içeri we daşary syýasatyny döretmäge, ony amala aşyrmaga, döwlet býujetini tassyklamaga we ş.m.), şeýle hem beýleki döwlet edaralaryny döretmäge we käbir ýokary döwlet wezipelerine degişli şahslary bellemäge gatnaşmakdan hem-de parlament gözegçiligini amala aşyrmakdan, döwletiň ähli wekilçilikli edaralarynyň işini utgaşdyrmakdan we birleşdirmekden ybaratdyr.

*Ýerine ýetiriji häkimiýet* döwlet häkimiýetiniň bir şahasydyr. Türkmenistanda ýerine ýetiriji häkimiýetiň hem-de döwletiň baştutany hökmünde Türkmenistanyň Prezidenti çykyş edýär. Döwletde ýerine ýetiriş we serenjam beriş wezipelerini bolsa Türkmenistanyň Ministrler Kabineti (Hökümet) amala aşyrýar. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň mazmuny diňe bir döwletde dolandyryşy amala aşyrýan ýörite edaralaryň barlygyndan ybarat däldir.

Ýerine ýetiriji häkimiýetiň kanun çykaryjy häkimiýet edaralary tarapyndan kabul edilen kanunlaryň durmuşa geçirilmegini, olaryň talaplarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýänliginden hem onuň ady, ýagny «ýerine ýetiriji häkimiýet» diýen adalga gelip çykýar. Ýerine ýetiriji häkimiýet öz wezipelerini talabalaýyk berjaý etmek üçin kanun çykaryjy häkimiýet edarasy tarapyndan tassyklanan döwlet býujetiniň çäklerinde we kanuna laýyklykda maddy (ulag, aragatnaşyk we beýleki senagat kärhanalary) we maliýe serişdelerine, şeýle hem harby we harbylaşdyrylan bölümlere (polisiýa bölümleri, ýangyna garşy göreş bölümleri, milli howpsuzlyk bölümleri we ş. m.) ygtyýar edýär hem-de olardan peýdalanýar.

Ýerine ýetiriji häkimiýetiň iň esasy alamaty hem onuň diňe bir ýerine ýetirijilik ygtyýarlyklarynyň däl-de, eýsem serenjam beriş ygtyýarlyklarynyň hem barlygyndadyr. Serenjam beriş ygtyýarlyklary diýlende, esasan, belli bir derejede hukuk ulanyş we kadalaşdyryş-sazlaşdyryjy ygtyýarlyklar göz öňünde tutulýar. Ýerine ýetiriji häkimiýet serenjam beriş ygtyýarlyklarynyň çäginde kanunlaryň ulanylmagyny we hereket etmegini üpjün etmek maksady bilen kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmäge haklydyr.

*Kazyýet häkimiýeti* – döwlet häkimiýetiniň bir şahasy bolup, onuň esasy tapawutly aýratynlygy, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we 2009-njy ýylyň 15-nji

awgustynda kabul edilen «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda diňe Türkmenistanyň kazyýet ulgamynyň düzümine girýän döwlet kazyýetleri tarapyndan amala aşyrylyp bilýänligindedir. Kazyýet häkimiýeti kazyýet edaralarynyň ulgamyny, kazylaryň hukuk ýagdaýyny, adyl kazyýetligiň ýörelgelerini, kazyýet önümçiliginiň görnüşlerini özünde jemleýär.

Döwlet häkimiýetiniň üç şahasynyň hem öz işlerini özbaşdak amala aşyrýandyklary hakynda hukuk kadasy döwlet häkimiýetiniň şahalarynyň biri-biriniň işine goşulmazlygyny, biri-biriniň ygtyýarlyklaryny eýelemezliklerini aňladýar. Şol bir wagtda-da döwlet işiniň netijeli hem talabalaýyk bolmagyny üpjün etmek maksady bilen Konstitusiýada häkimiýet şahalarynyň biri-biri bilen sabyr-takatly we utgaşykly işleýändikleri hakynda hukuk kadasy berkidilýär.

Häkimiýet şahalarynyň işini baş utgaşdyryjy hökmünde bolsa Türkmenistanyň Prezidenti çykyş edýär, sebäbi Esasy Kanunyň 68-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutanydyr, Türkmenistanyň iň ýokary wezipeli adamydyr. Ol Türkmenistanyň döwlet garaşsyzlygynyň we bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň, çäk bitewiliginiň, Konstitusiýany berjaý etmegiň we halkara borçnamalary ýerine ýetirmegiň kepili hökmünde çykyş edýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilýän: «Türkmenistan – demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwlet dolandyryşy prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar»[36] diýen hukuk kadasy halkymyzyň milli özboluşlylygyna we umumy ykrar edilen halkara ýörelgelerine laýyk gelýän döwlet syýasy-hukuk gurluşyny saýlap alandygyny aňladýar.

Bu ýerde **demokratiýa** diýlende döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşy hökmünde halkyň ykrar edilmegi, saýlawlylyk, aç-açanlyk ýörelgelerinden ugur alnyp döredilen wekilçilikli edaralar tarapyndan dolandyrylýan döwletde raýatlaryň erkinligini we deňhukuklygyny üpjün edýän syýasy düzgüne düşünilýär.

**Hukuk döwleti** diýen düşünje, ilki bilen, döwletde kanunyň hökmürowanlygynyň berkarar edilmegini, jemgyýetiň raýat jemgyýeti derejesinde kämilleşmegini, ynsanyň – onuň mertebesiniň, tebigy hem mizemez hukuklarynyň döwlet üçin ýokary, baş gymmatlyk hökmünde görülmegini aňladýar. **Kanunyň hökmürowanlygy** diýmek bu döwletde halk köpçüliginiň we her bir şahsyýetiň bähbidini nazarda tutmak bilen, adamyň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirmekdir.

**Dünýewi döwlet** diýlende bolsa Esasy Kanunymyzyň 18-nji maddasynda kesgitlenilişi ýaly, döwletiň dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanunyň öňünde deňligini kepillendirýändigini, dini guramalaryň döwletden aýrydygyny we olaryň döwletiň işine gatyşmagyna we döwletň wezipelerini ýerine ýetirmegine ýol berilmeýändigini, şeýle hem döwletiň bilim ulgamynyň dini guramalardan aýrydygyny we onuň dünýewi häsiýete eýedigini aňladýar[37].

---

[36] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016, 10 sah.

[37] Şol ýerde, 17 sah.

Görşümiz ýaly, Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň binýatlaýyn ýörelgeleri hökmünde parahatçylyk, demokratiýa, adalatlylyk we ynsanperwerlik ýaly oňaýly gymmatlyklar kesgitlenilýär. Amala aşyrylýan ähli işlerde şu beýik pikirleri goldaýan döwletimiz Türkmenistanyň her bir raýat üçin durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirýän döwlet, ähli amatlyklary özünde jemleýän öý bolmagyny üpjün edýär.

### Bagtyýarlyk dowründe Türkmenistanyň syýasy ulgamynyň kämilleşişi

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe jemgyýetimiziň syýasy ulgamynda düýpli ösüşler gazanyldy. Ilkinji nobatda, 2014-2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyçlary bilen geçirilen konstitusion özgertmeleriň esasynda 2016-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşiniň kabul edilmegi bilen Türkmenistanda syýasy köpdürlüligiň we köppartiýalylygyň ykrar edilýänligi, döwletiň raýat jemgyýetiniň ösmegi üçin zerur şertleri üpjün edýänligi bellenilýär. Ýurdumyzda her bir jemgyýetçilik birleşiginiň Kanunyň öňünde deňligini hem-de her bir adama pikir we söz azatlygyny kepillendirmek, şeýle hem her bir adamyň öz at-abraýyny we mertebesini goramaga hukugyny berkitmek ýaly möhüm hukuk kadalary beýan edilen. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar halkymyzyň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda döwrebap özgertmeleriň netijeli amala aşyrylmagy üçin möhüm syýasy-hukuk binýady bolup hyzmat etdi.

Türkmen halkyna gadymy döwürlerden mahsus bolan uly işleri maslahatly başlamak, ýaşulular sarpa goýmak we her bir işde olaryň durmuşy tejribesine, pähim-parasadyna daýanmak dessurlary jemgyýetimiziň syýasy durmuşyna aýratyn öwüşgin berýär. 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabryndan 2017-nji ýylyň 9-njy oktýabr aralygynda hereket eden Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahaty, döwlet bilen halkyň arasyndaky özara baglanyşygy berkitdi. Şol döwürde Ýaşularyň maslahatynda ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmek hem-de raýatlarymyzyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak bilen bagly köpsanly meselelere garalyp, möhüm çözgütler kabul edildi. Şol bir wagda-da häzirki täzeleniş döwri onuň hukuk ýagdaýyny üýtgetmegi talap etdi. Şol ýylyň 9–10-njy oktýabrynda geçen Ýaşularyň maslahatynda bu mesele ara alnyp maslahatlaşyldy. Milli Liderimiz bu ýerde eden çykyşynda: «Bu maslahaty Türkmenistanyň Halk Maslahaty diýip atlandyrsak, şeýle hem onuň işine halkymyzyň ähli gatlaklarynyň wekilleriniň gatnaşmagyny üpjün etmek üçin, düzümini giňeltsek, maksadalaýyk bolar diýip hasap edýärin»[38] diýip belledi.

Ýaşularyň maslahatynyň hukuk ýagdaýyny üýtgetmek bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşylandan soňra Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň Konstitusiýasyna gomaçalary girizmek hakynda we Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda Türkmenistanyň Konstitusion kanunlaryna gol çekdi.

---

[38] Türkmenistan. 2017-nji ýylyň 10-njy oktýabry.

Halk Maslahaty hakyndaky Kanun türkmen halkynyň bähbitlerine wekilçilik edýän ýokary wekilçilik edarasynyň – Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň sosial esaslaryny has giňeldýär. Indi bu maslahatyň düzümine welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň halk maslahatlarynyň mejlislerinde gizlin ses bermek arkaly durmuş tejribesine baý ýaşulularymyz bilen bir hatarda biziň ýurdumyzda at-abraýa eýe bolan ilatyň ähli gatlaklaryndan jemgyýetçiligiň wekilleri saýlanýar. 2018-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda geçen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň birinji mejlisinde halkymyzyň abadan ýaşaýşyna gönükdirilen ýurt ähmiýetli wajyp meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy we degerli kararlar kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz umumymilli forumda eden çykyşynda ýurdumyzy ählitaraplaýyn ösdürmek barada wajyp teklipleri öňe sürdi. Bu ýerde oba hojalygyna aýratyn üns berildi. Oba hojalygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen obasenagat toplumynyň işini gowulandyrmaga gönükdirilen teklipleri öňe sürdi. Maslahata gatnaşanlar tarapyndan bu teklipler uly goldawa eýe boldy. Oba hojalyk pudagynda geçirilýän özgertmeleri has-da kämilleşdirmek hakynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Karary kabul edildi. Şonuň ýaly-da maslahatda ýurdumyzda bazar ykdysdyýetiniň işewür durmuşa geçirilýän döwründe ýüze çykýan meselelere garaldy. Maslahata gatnaşyjylar ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulanýandygynyň halkymyzyň mugt peýdalanýan hyzmatlaryna töleg girizmäge doly mümkinçilik döredýändigini belläp, durmuş ýeňilliklerini bermek ulgamyny mundan beýläk hem kämilleşdirmek barada karar kabul edildi.

2019-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda geçen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň 2-nji mejlisinde, onuň 1-nji maslahatyndan soňky döwürde edilen işleriň jemi jemlenip, öňde duran wezipeler kesgitlenildi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Halk Malahatynyň hukuk ýagdaýyny kämilleşdirmegiň gerekligine ünsi çekip: «Biz dünýäde bolup geçýän özgertmeleri we köp ýurtlarda toplanan tejribäni nazara alyp, iki palataly ulgama geçmegi we Türkmenistanyň Halk Maslahatyny hem-de Türkmenistanyň Mejlisini wekilçilikli kanun çykaryjy häkimiýetiň wezipelerini amala aşyrýan edaralar ulgamyna goşmagy maksadalaýyk hasaplaýarys» diýip belledi.

Döwletbaştutany şu mejlisde Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek bilen bagly teklipleri işläp taýýarlamak hem-de umumylaşdyrmak boýunça konstitusion topary döretmek we onuň düzümini tassyklamak hakyndaky Permana gol çekdi. 2019-njy ýylyň 4-nji oktýabrynda geçen Konstitusion toparyň Birinji mejlisinde onuň iş Meýilnamasy tassyklanyldy we ony amal etmek bilen bagly guramaçylyk meselelerine garaldy. Bu hem ýurtda geçýän konstitusion özgertmeleriň täze hil derejesine çykýanlygyny görkezýär.

Hormatly Prezidentimiz ýurtda geçýän özgertmeleriň hukuk esasyna ünsi çekip: «Biz ýurdumyzda konstitusion özgertmeleri amala aşyrmagy yglan etdik. Bu özgertmeler ýurdumyzyň täze ösüş döwründe hukuk özgertmelerini geçirmek bo-

ýunça alnyp barylýan işleriň özeni bolup durýar»[39] diýip belleýär. Hakykatdan hem, jemgyýetçilik ösüşiniň täze tapgyryna gadam basylmagy jemgyýetiň we döwletiň öňünde täze talaplary hem zerurlyklary örboýuna galdyrýar, täze-täze jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň döremegine, öň hereket edýän gatnaşyklaryň mazmunynyň bolsa düýpli özgermegine getirýär. Şeýle halatda öň bar bolan hukuk serişdeleriniň täze ýüze çykan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek we halkyň, döwletiň hem adamyň utgaşýan bähbitlerine gönükdirmek üçin zerur derejede ýeterlik bolmaýandygy öz-özünden düşnüklidir.

Bilşimiz ýaly, jemgyýetiň we döwletiň özenini düzýän ulgamlaryň kadaly hereket etmegi, esasan, hukuk kadalarynyň kömegi bilen üpjün edilýär. Şol sebäplide döwletde jemgyýetçilik ösüşini zerur ugra gönükdirmek üçin täze, döwrebap, ösüşiň täze tapgyrynyň talaplaryna laýyk gelýän hukuk serişdeleriniň kömegi bilen hem jemgyýetiň syýasy ulgamy, ykdysadyýeti, medeniýeti döwrebaplaşdyrylýar, netijede-de, tutuş jemgyýetçilik ösüşi maksatnamalaýyn esasda üpjün edilýär. Binanyň gurluşygynyň binýadyny tutmakdan başlanyşy ýaly, hukuk ulgamynyň özgerdilmeginiň hem onuň gözbaşy bolan Esasy Kanundan başlanmagy-da tüýs maksadalaýyk hereketdir.

Ýurdumyzda geçirilen syýasy-hukuk özgertmeleriniň dowamynda Türkmenistanyň Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň öz işini bes etmeginiň netijesinde ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalarynyň her biri öz alyp barýan işleriniň gerimini giňeltdi. Döwlet hem jemgyýetimiziň syýasy ulgamynyň ösüşi üçin zerur bolan hukuk binýadyny döwrebaplaşdyrmagy üstünlikli dowam etdi. 2011-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda kabul edilen «Ýerli häkimiýetiň wekilçilikli edaralary hakynda», 2012-nji ýylyň 12-nji noýabrynda kabul edilen «Syýasy partiýalar hakynda», 2013-nji ýylyň 9-njy noýabrynda kabul edilen «Kärdeşler arkalaşyklary, olaryň hukuklary we işiniň kepillikleri hakynda», 2014-nji ýylyň 3-nji maýynda kabul edilen «Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalar döwlet bilen jemgyýetiň syýasy ulgamynyň beýleki düzüm bölekleriniň arasyndaky arabaglanyşygy has hem jebisleşdiriji syýasy-hukuk serişdeler hökmünde çykyş etdi.

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, Türkmenistanda döwlet häkimiýet edaralary jemgyýetçilik birleşikleriniň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegini üpjün edýär, olaryň işine goldaw berýär, olara salgytlar babatda we beýleki ýeňillikleriň hem-de artykmaçlyklaryň berilmegini kanunlar arkaly düzgünleşdirýär, şeýle hem hereket edýän kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda döwletiň jemgyýetçilik birleşikleriniň işine gatyşmagyna we jemgyýetçilik birleşikleriniň döwletiň işine gatyşmagyna, döwlet edaralarynyň wezipeleriniň jemgyýetçilik birleşikleriniň üstüne ýüklenilmegine ýol berilmeýär[40].

[39] Türkmenistan. 2016-njy ýylyň 15-nji sentýabry.

[40] «Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2014-nji ýylyň 3-nji maýy. 5-nji maddanyň 1–2-nji bölekleri.

Şonuň bilen birlikde-de Türkmenistanyň Konstitusion gurluşyny zorluk bilen üýtgetmegi, döwletiň howpsuzlygyna zelel ýetirmegi maksat edinýän, öz işinde zorluga ýol berýän, raýatlaryň konstitusion hukuklaryna we azatlyklaryna garşy çykýş edýän, urşy, jyns, milli, dini duşmançylygy wagyz edýän, raýatlaryň saglygyna we ahlaklylygyna hyýanat edýän, şeýle hem ekstremistik işler bilen meşgullanýan jemgyýetçilik birleşikleriniň döredilmegi we işlemegi gadagan edilýär. Döwlet belligine alynmadyk jemgyýetçilik birleşiginiň işi Türkmenistanyň çäginde gadagan edilýär[41].

Ýurdumyzda yzygiderli we maksadaokgunly durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň üstünlikleriniň täsiri bilen Türkmenistanda täze döwlet aňyýeti emele getirildi. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe döwlet aňyýetiniň mazmuny Türkmenistanyň Prezidentimiziň «Halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» we «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgeleriniň esasynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasynda: «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr. Adamy goramak, goldamak we oňa hyzmat etmek döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipesidir»[42] diýip kesgitlenilýär. Şol ýerde 5-nji maddada bellenilişi ýaly, «Türkmenistan her bir adamyň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirýän döwletdir»[43].

**Sosial goraglylygy kepillendirýän döwlet** diýlende, öz raýatlarynyň abadan ýaşaýşy we erkin ösüşi üçin ähli amatly şertleri döredýän, tutuş döwlet syýasaty adamlaryň saglygyny, maşgalany, eneligi, çagalygy goramaga, şonuň ýaly-da adamlar üçin howpsuz zähmet şertlerini üpjün etmäge, maýyplara hem garrylara yzygiderli we möçberleri birsyhly artdyrylýan döwlet hemaýatlaryny bermäge, şeýle hem adamlara durmuş taýdan goraglylygyň ähli mümkinçiliklerini kepillendirmäge gönükdirilen döwlete düşünilýär. Sosial goraglylygyň üpjün edilmegi her bir adamyň, adam toparlarynyň bähbitleriniň syýasatda göz öňünde tutulmagyny talap edýär.

Bu işiň netijeli durmuşa geçirilmeginde Türkmenistanyň syýasy ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeleriň netijesinde, häzirki döwürde biziň döwletimizde halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasy bolan Tütkmenistanyň Halk Maslahaty hereket edýär. Ýurdumyzda geçirilen özgertmeler köppartiýaly syýasy-hukuk ulgamynyň kemala gelmegine öz täsirini ýetirýär. «Syýasy partiýalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasynda bellenilişi ýaly: «***...syýasy partiýa*** – bu Türkmenistanyň raýatlarynyň syýasy erk-islegini emele getirmek we ony erkin beýan etmek, saýlawlara we sala salşyklara gatnaşmak arkaly jemgyýetiň syýasy durmuşyna gatnaşmak, şeýle hem döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda raýatlaryň bähbitlerine wekilçilik etmek maksady bilen meýletin esasda döredilen jemgyýetçilik birleşigidir»[44]. Şu esaslara daýanyp häzirki döwürde Türkmenistanda şu partiýalar hereket edýärler:

---

[41] «Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2014-nji ýylyň 3-nji maýy. 7-nji maddanyň 1–2 nji bölekleri.

[42] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016, 11 sah.

[43] Şol ýerde, 12 sah.

[44] «Syýasy partiýalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat: Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary. №1, 2012, 5-nji madda, 1-nji madda.

1. Türkmenistanyň Demokratik partiýasy
2. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy
3. Türkmenistanyň Agrar partiýasy.

Ondan başga-da ýurdumyzyň syýasy durmuşyna işjeň gatnaşýan iri jemgyýetçilik birleşmeleri hem bardyr. Olaryň esasylary şu aşakdakylardyr:

1. Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy.
2. Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi.
3. Türkmenistanyň Kärdeşler Arkalaşygy.
4. Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi.
5. Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti.
6. Türkmenistanyň Parahatçylyk gaznasy we beýl.

Görşümiz ýaly, ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik durmuşyny demokratiýalaşdyrmak, raýat jemgyýetiniň edaralaryny döretmek, syýasy ulgamy häzirki döwrüň talaplaryna laýyk kämilleşdirmek boýunça köp işler durmuşa geçirilýär. Şu maksat bilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kabul edilmegi we onuň Türkmenistanda syýasy köpdürlüligi we köppartiýalygy ykrar etmegi jemgyýetiň syýasy ulgamyny hil taýdan täze derejä çykardy. Ýurdumyzda raýatlaryň kepillendirilen syýasy hukuklaryny berjaý etmek ugrunda netijeli işler alnyp barylýar. Ol 2017-nji ýylyň fewral aýynda geçen Türkmenistanyň Prezidentligine saýlawlarda aýdyň aýan boldy. Bu partiýalar saýlawlaryň giň demokratik esasda geçirilmegine öz mynasyp goşantlaryny goşdular. Türkmenistanyň Prezidentligine saýlawlara saýlaw hukugyna eýe bolan raýatlarymyzyň 97%-i gatnaşdy. Syýasy partiýalaryň hödürlän dalaşgärleriniň demokratiki ýörelgeler esasynda geçen bäsleşiginiň netijesinde saýlawçylaryň 97,64%-iniň goldamagy bilen halkymyz tarapyndan Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlandy. Bu hem jemgyýetiň demokratiki özgerişe eýe bolýanlygynyň subutnamsy bolýar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri Garaşsyz Türkmenistanyň syýasy özgerişinde täze bir tapgyryň başyny başlady. Bu tapgyr milli döwletliligiň hukuk esaslaryny güýçlendirmek, ýurduň syýasy ulgamyny has hem demokratiýalaşdyrmak, adamyň erkinligini hem-de hukuklaryny döwletiň iň ýokary gymmatlygy hökmünde ileri goýmak, şunuň bilen baglylykda adamyň hem-de raýatyň hukuklaryny goramak, höweslendirmek babatda döwletiň işiniň ýokarlandyrylmagy bilen häsiýetlendirilýär.

## Türkmenistanyň saýlaw ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagy

Türkmenistanda amala aşyrylan konstitusion-hukuk özgertmeleriniň netijesinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyna döwrebap üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilmegi, şeýle hem 2013-nji ýylyň 4-nji maýynda Tükmenistanyň Saýlaw kodeksiniň kabul edilmegi milli saýlaw ulgamynyň düýpli döwrebaplaşdyrylmagyna getirdi. Bu ýagdaý bolsa, öz gezeginde, köppartiýaly syýasy ulgamyň saýlawlarda

bäsleşikli hereket etmegi hem-de milli demokratiýamyzyň ösmegi üçin mäkäm binýat bolup hyzmat etdi.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň saýlaw kanunçylygy öz gözbaşyny Halkara Ylalaşyklarda berkidilýän umumy ykrar edilen saýlawlaryň demokratik ýörelgelerinden hem-de Esasy Kanunymyzyň 45-46-njy maddalaryndan we 119–128-nji maddalaryny öz içine alýan «Saýlaw ulgamy, sala salşyk» atly V bölüminden alyp gaýdýar. Şonuň bilen birlikde-de milli kanunçylygymyzyň bu pudagyny, esasan, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksi we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalar emele getirýär.

Mälim bolşy ýaly, saýlaw ulgamy – bu döwletiň saýlawly (ilkinji nobatda, wekilçilikli) edaralaryny döretmegiň tertibini kesgitleýän kadalardan ybarat bolup, döwletiň syýasy ulgamynyň emele getiriji möhüm düzüm bölegidir. Saýlaw ulgamyndaky gatnaşyklar bitewülikde saýlaw hukugyny emele getirýän hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýärler[45]. Saýlaw ulgamy raýatlaryň döwletiň saýlawly edaralarynyň döredilmegine gatnaşmaklarynyň ýörelgelerini we şertlerini, saýlawlary guramagyň we geçirmegiň tertibini özünde jemleýär. Gizlin ses bermek arkaly amala aşyrylýan, ählumumy, deň we göni saýlaw hukugy, saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz-nesihat işleriniň erkinligi, saýlaw möwsümi geçirilende dalaşgärleriň deňhukuklylygy Türkmenistanda saýlaw ulgamynyň iň esasy syýasy we konstitusion ýörelgeleri bolup durýar.

Dünýäde saýlaw ulgamlarynyň mažoritar (*majorite* – **köpçülik** diýen fransuz sözünden gelip çykýar) *saýlaw ulgamy, proporsional (proportionalis* – **deňagramly** diýen latyn sözünden gelip çykýar) *wekilçilikli saýlaw ulgamy* hem-de *gatyşyk saýlaw ulgamy* ýaly birnäçe görnüşleri bardyr. Ol ulgamlar hem, öz gezeginde, birnäçe görnüşlere bölünýärler. Türkmenistanyň saýlaw ulgamy bolsa Otnositel köpçüligiň mažoritar ulgamydyr. Onuň mazmunyna laýyklykda, Türkmenistanyň bütin çägi saýlaw hukukly raýatlaryň sanyna laýyklykda, bir mandatly we her dalaşgär üçin aýratyn ses berilýän saýlaw okruglaryna bölünýär. Beýleki dalaşgärlere garanyňda saýlawçylaryň has köp sesleri bilen ykrar edilen dalaşgär degişli döwlet wezipesine ýa-da döwlet häkimiýetiniň wekilçilikli edarasyna saýlanan diýlip ykrar edilýär.

Konstitusiýamyzyň 45-nji maddasynda Türkmenistanyň her bir raýatynyň jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga gös-göni ýa-da erkin saýlanan wekilleriniň üsti bilen gatnaşmaga hukugy, 46-njy maddasynda bolsa raýatlaryň döwlet häkimiýet edaralaryna saýlamaga we saýlanmaga hukugy berkidilýär. Hukuk nazaryýetinden belli bolşy ýaly, bu hukuklar adamyň we raýatyň esasy hukuklaryna hem azatlyklaryna degişli bolup, saýlaw hukugynyň mazmunyny emele getirýärler. Saýlaw hukugy, raýatlaryň syýasy hukuklarynyň iň esaslarynyň biridir we ol raýatlaryň döwletiň işlerini dolandyrmaga gatnaşmaga bolan hukugynyň mazmunyny umumy görnüşde beýan edýär. Görkezilen hukuk adamyň raýatlygy bilen baglanyşykly-

[45] G. Joraýew, S. Ataýew, A. Çaryýew. Türkmenistanyň syýasy gurluşy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – Aşgabat: Ylym, 2014, 69 sah.

dyr, sebäbi raýatlyk iki tarapyň-da borçlarynyň hem hukuklarynyň bolmagyny göz öňünde tutýan, adamyň we döwletiň arasyndaky durnukly hukuk arabaglanyşygydyr. Döwlet bolsa öz raýatlarynyň döwletiň işlerini dolandyrmaga gatnaşmaga bolan hukuklaryny ykrar etmek bilen, olardan öz kabul eden kadalaşdyryjy hukuknamalaryny gyşarnyksyz berjaý etmegi talap etmäge hukuk gazanýar.

2013-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Saýlaw kodeksi kämilleşýär. 2017-nji ýylyň 25-nji noýabrynda oňa birnäçe goşmaçalar, şol sanda Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlaryny, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň, geňeşleriniň agzalarynyň saýlawlaryny mart aýynyň soňky ýekşenbesinde geçirmek hakynda Türkmenistanyň Kanuny hem kabul edildi. 2018-nji we 2019-njy ýyllarda dört derejede geçirilen saýlawlar bu çäräniň saýlawçylaryň saýlawlara işjeň gatnaşmaklaryna esas bolandygyny görkezdi.

Demokratik döwlet hökmünde Türkmenistanda döwletiň esasy wezipeleri saýlawlydyr we döwlet ähmiýetli wajyp işleriň ählisi halk bilen maslahatlaşyp amala aşyrylýar. Şonuň bilen baglylykda-da halk häkimiýetliligine mahsus bolan alamatlaryň ählisi Türkmenistanyň Konstitusiýasynda öz beýanyny tapýar. Elbetde, saýlawlar bilen demokratiýa bir zat bolmasa-da, demokratiýa ýörelgeleri esasynda guralan saýlawlar halk häkimiýetliliginiň möhüm aňlatmasydyr hem-de esasy düzüm bölegidir.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistanda halk häkimiýetiniň wekilçilikli edaralary şu aşakdakylardyr:

- Türkmenistanyň Mejlisi
- Türkmenistanyň Halk maslahaty we onuň ýerli edaralary
- Welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň halk maslahatlary
- Geňeşler.

Saýlawly wezipeler şu aşakdakylardyr:

- Türkmenistanyň Prezidenti
- Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary
- Halk maslahatlarynyň agzalary
- Geňeşleriň agzalary[46].

Şu hem biziň ýurdumyzda häkimýetň halk tarapyndan döredilýändigini, demokratiýanyň hakykat ýüzxnde amal edilýändigini görkezýär.

### Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Jemgyýetiň syýasy ulgamy nähili kesgitlenilýär?

2. Türkmenistanyň jemgyýetiniň syýasy gurluşynyň häsiýetli aýratynlyklary nämede bolýar?

3. Türkmenistanyň milli döwlet häkimiýet we dolandyryş ulgamynyň aýratynlygy nämede?

---

[46] Türkmenistanyň Saýlaw kodeksi. Aşgabat, 2013. 1-nji maddanyň 2-nji bölegi.

4. Halk häkimiýetiniň merkezi we ýerli wekilçilikli edaralarynyň jemgyýetiň syýasy ulgamyndaky ornuny açyp görkeziň.

5. Türkmenistanda köppartiýaly syýasy ulgamyň kemala gelşiniň özboluşlylygy nämede?

6. Ýurtda hereket edýän syýasy partiýalary we esasy jemgyýetçilik guramalaryny häsiýetlendiriň.

7. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe jemgyýetiň syýasy ulgamynyň özgerişiniň özboluşlylygy nämede?

8. Milli saýlaw ulgamynyň hukuk esaslaryny häsiýetlendiriň.

9. Türkmenistanda saýlaw ulgamynyň döwrebaplaşmagyny açyp görkeziň.

10. Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklarynyň kepilliklerini häsiýetlendiriň.

## 2-NJI SAPAK. TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASYNYŇ KÄMILLEŞDIRILIŞI WE HUKUK ULGAMYNYŇ ÖZGERIŞI

*Konstitusiýa barada düşünje. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kämilleşişi. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşi. Milli demokratiki gymmatlyklary ýaýbaňlandyrmak üçin konstitusion esaslaryň giňelmegi.*

*Hukuk ulgamy. Milli hukuk ulgamy. Milli hukuk ulgamynyň esasy ýörelgeleri. Türkmenistanda adam hukuklary boýunça ygtybarly wekil.*

### Konstitusiýa barada düşünje

**Konstitusiýa ýa-da onuň wezipesini amala aşyrýan beýleki bir binýatlaýyn häsiýetli kadalaşdyryjy hukuknama**, döwletiň öz-özüni we tutuş jemgyýetçilik ýaşaýşyny düzgünleşdirmek üçin peýdalanylýan esasy hukuk serişdesi bolup hyzmat edýär. Häzirki döwürde Ýer ýüzüniň ýurtlarynyň aglaba köpüsinde Konstitusiýa döwletiň Esasy Kanuny hökmünde çykyş etmek bilen, onda döwlet gurluşyny, dolandyryşyny, häkimiýet-dolandyryş ulgamyny, syýasy ulgamyň wajyp esaslaryny, adamyň we raýatyň esasy hukuklaryny hem azatlyklaryny, saýlaw we sala salşyk ulgamyny, jemgyýetiň, döwletiň we şahsyýetiň arasyndaky syýasy-hukuk arabaglanyşygy, ykdysady ulgamyň wajyp başlangyçlaryny, jemgyýetiň, döwletiň, hukugyň we şahsyýetiň medeniýete hem ahlaga bolan gatnaşygyny, ruhy-medeni we ahlak ulgamynyň esaslaryny hem-de beýleki binýatlaýyn başlangyçlary kesgitleýän hukuk kadalary beýan edilýär.

Şonuň üçin hem Konstitusiýanyň kadalarynyň döwletiň çäginde gönüden-göni hereket etmegi üpjün edilýär we olar döwletde kabul edilýän galan ähli kadalaşdyryjy hukuknamalar babatda başlangyç häsiýete we ýokary hukuk güýjüne eýedirler. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň bu häsiýetli alamaty onuň 8-nji maddasynda: «Türkmenistanyň Konstitusiýasy döwletiň Esasy Kanunydyr. Onda berkidilen kadalaryň we düzgünleriň göni hereketi bardyr. Konstitusiýa garşy gelýän kanunlaryň we gaýry hukuknamalaryň ýuridik güýji ýokdur[47]» diýen görnüşde berkidilýär.

---

[47] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016, 13 sah.

Ylmy çeşmelerde, konstitusion-hukuk kadalarynyň bu häsiýetli alamatlarynyň mazmuny barada şeýle bellenýär: «Konstitusion kadalaryň gös-göni hereket etmegi – bu Konstitusiýanyň aýratyn wajyp hukuk resminamasy hökmünde esasy häsiýeti bolup, onuň ol ýa-da beýleki kadalarynyň we düzgünleriniň başga bir kadalaşdyryjy hukuknama salgylanmak häsiýetiniň ýokdugyny we hukugyň ähli subýektleri tarapyndan, konstitusion kadalaryň mazmunyny anyklaşdyrýan kanunçylyk ýa-da kanunalaýyk hukuknamalaryň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan, gönüden-göni berjaý edilmelidigini we ulanylmalydygyny aňladýar»[48].

Konstitusiýanyň kadalarynyň ýokary hukuk güýjüne eýe bolýandyklary onuň tutuş halk tarapyndan sala salşyk esasynda ýa-da tutuş halkyň adyndan çykyş etmek ygtyýarlyklary bolan döwlet häkimiýetiniň iň ýokary wekilçilikli kanun çykaryjy edarasy tarapyndan kabul edilýänligindedir. Şonuň ýaly-da konstitusion-hukuk kadalarynyň ýokary hukuk güýji, öz ygtyýarlyklarynyň çäginde dürli döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary tarapyndan kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuknamalaryň ählisiniň döwletiň Konstitusiýasyna laýyk gelmelidigini, oňa ters gelýän kadalaryň bolsa hukuk güýjüniň ýokdugyny aňladýar.

Konstitusiýanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalardan ýene-de bir tapawutly tarapy – ol, ilkinji nobatda, syýasy resminama bolup durýar. Şol sebäplide onuň mazmunynda beýan edilýän esasy kadalar döwlet häkimiýeti, eýeçiligiň görnüşleri, şahsyýetiň hukuk ýagdaýy, döwlet gurluşy barada bolýar. Konstitusion-hukuk kadalary döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, wezipeli adamlaryň işi, şol ýurduň raýatlarynyň we onuň çäginde ýaşaýan ýa-da bolýan daşary ýurt raýatlarynyň özlerini alyp baryşlary üçin esas goýujy binýatlaýyn häsiýete eýedir. Islendik ýurtda-da, adatça, Konstitusiýanyň kabul edilmegi durmuş-ykdysady we syýasy häsiýetli sebäpler bilen şertlendirilýär. Konstitusiýa ilkinji nobatda, özünde şol jemgyýetde bolan eýeçiligiň we ykdysady işiň guramaçylygynyň görnüşleriniň nähilidigini, döwletiň raýatlarynyň olara bolan gatnaşygyny beýan edýär. Şonuň bilen birlikde-de adamlaryň jemgyýetde we döwletde ýaşamagynyň esasy düzgünlerini, olaryň iň wajyp hukuklaryny, azatlyklaryny we borçlaryny berkidýär. Konstitusiýa şol ýurtdaky häkimiýet ulgamyny, döwletiň maksatlaryny, wezipelerini hem ygtyýarlyklaryny, onuň içki düzüm gurluşyny, döwlet edaralarynyň ulgamyny, ilatyň öz-özüni dolandyryşynyň esaslaryny kesgitleýär.

## Konstitusion özgertmeleriň ähmiýeti

Biziň halkymyz garaşsyzlygyna eýe bolup, umumy ykrar edilen ýörelgeler bilen birlikde türkmen halkynyň gadymdan gelýän asylly däp-dessurlaryny özünde jemleýän Türkmenistanyň Konstitusiýasyny 1992-nji ýylyň 18-nji

[48] Ý. Nuryýew, S. Ataýew, A. Çaryýew, B. Orazdurdyýewa. Türkmenistanyň konstitusiýa hukugy. Okuw kitaby. A.: TDNG, 2012, 134 sah.

maýynda kabul etdi. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Rezolýusiýa kabul edilenden soňra Türkmenistanyň Mejlisiniň Birinji çagyrylyşynyň şol ýylyň dekabr aýynyň 27-sindäki Bäşinji maslahatynda we 1999-njy ýylyň dekabr aýynyň 29-ynda ölüm jezasyny ýatyrmk hakynda, 2003-nji ýylyň awgust aýynyň 15-inde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň hukuk ýagdaýyny üýtgetmek hakynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynda üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy we 2016-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda onuň rejelenen görnüşi kabul edildi. 2017-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda Türkmenistanyň Ýaşulular maslahatynyň Türkmenistanyň Halk Maslahaty diýlip atlandyrylmagy bilen Türkmenistanyň Konstitusiýasyna goşmaçalar girizmek hakynda Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny kabul edildi. Şolarda Esasy Kanunymyzda döwletimiziň konstitusion gurluşynyň esaslary berkidilýän, adamyň we raýatyň hukuklarynyň, azatlyklarynyň giňeldilýän kadalarynyň mazmunyny baýlaşdyrmaga we olaryň düzümini sünnälemäge hem aýratyn üns berildi. Bu hem düşnükli. Jemgyýetiň ösüşini täze tapgyra geçirýän öň bar bolan hukuk serişdeleriniň täze ýüze çykan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek we halkyň, döwletiň hem adamyň utgaşýan bähbitlerine gönükdirmek üçin gerek bolan şertleri döredip bilmejekligi öz-özünden düşnüklidir. Jemgyýetçilik ösüşini zerur ugra gönükdirmek üçin ösüşiň täze tapgyrynyň talaplaryna laýyk gelýän hukuk serişdeleri gerek.

Konstitusion özgertmeler hukuk ulgamynyň döwrebaplaşmagyna, milli kanunçylygyň kämilleşdirilmegi bolsa, öz gezeginde, jemgyýetçilik durmuşynyň binýatlaýyn ulgamlarynyň ösüşine we özgerişine täsir edýär. 2014–2016-njy ýyllar jemgyýetçilik we döwlet-syýasy gurluşyny kämilleşdirmek, bazar ykdysadyýetiniň konstitusion hukuk esaslaryny üpjün etmek, ýurdumyzda amala aşyrylýan durmuş, ykdysady özgertmeleriniň giňemegine ýardam etmek, döwlet we jemgyýetçilik durmuşynda demokratiýany mundan beýläk hem ösdürmek, döwlet häkimiýet edaralarynyň işini has-da kämilleşdirmek maksady bilen Esasy Kanunymyza üýtgetmeler we goşmaçalar girizilip, onyň rejelenen görnüşi kabul edildi[49].

Ýokarda görkezilişi ýaly, 2017-nji ýylda hem ýokary derejeli wekilçilikli edara bolan Türkmenistanyň Halk Maslhatynyň döredilmegi bilen Esasy Kanunymyza goşmaçalar girizildi. Şol konstitusion özgertmeler jemgyýetiň binýatlaýyn ulgamlarynyň her birinde döwrebap çäreleriň yzygiderli we üstünlikli durmuşa geçirilmegini hukuk taýdan üpjün edýär hem-de olary mundan beýläk kämilleşdirýär. 2019-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek bilen bagly teklipleri işläp taýýarlamak hem-de umumylaşdyrmak boýunça konstitusion topary döretmek we onuň düzümini tassyklamak hakyndaky Permana gol çekdi.

[49] «Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny. Türkmenistan. 2016-njy ýylyň 15-nji sentýabry.

## Konstitusiýamyzyň rejelenilen görnüşi

Bagtyýarlyk döwründe biziň döwletimiziň ynsanperwerlik we demokratik gymmatlyklaryny has giňişleýin açmak bilen baglanyşykly işler amal edilýär. 2016-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşi şol işleriň netijesi bolup, ýurdumyzyň şu günki we geljekki ösüşiniň hukuk esaslaryny kesgitleýär.

Hereket edýän Esasy Kanunymyzda döwletimiziň ylmyň we tehnikanyň ösüşine ýardam edýän we bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy goldaýan syýasaty durmuşa geçirmek, raýat jemgyýetiniň ösmegine zerur şerleri üpjün etmek, ýurdumyzda köpdürli syýasy garaýyşlary we köppartiýaly jemgyýeti ykrar etmek, her bir jemgyýetçilik birleşiginiň Kanunyň öňünde deňligini kepillendirmek, şeýle hem her bir adamyň öz at-abraýyny we mertebesini goramaga hukugyny berkitmek ýaly möhüm hukuk kadalary öz beýanyny tapdy.

Hormatly Prezidentimiz 2016-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda geçen Ýaşulularyň maslahatynda eden çykyşynda bu ugurda edilen işleriň, garalan meseleleriň we soraglaryň üstünde giňişleýin durup: «...Konstitusiýamyzyň rejelenen görnüşiniň taslamasy täze maddalaryň 28-sini (olardan 24-si täze madalar bolup durýar, maddalaryň 4-sinde bolsa hereket edýän kadalar rejelenen görnüşde beýan edildi), üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen 107 maddany we täze girizilen bir bölümi öz içine alýar»[50] diýip belledi.

Kabul edilen Konstitusiýamyzyň şol maddalarynda ýurdumyzyň ykdysadyýetde, syýasatda, medeniýetde şu günki ýeten derejeleri, onuň saýlap alan ösüş ýolunyň özboluşlygynyň hukuk esaslary, ýurdumyzyň bitaraplyk hukuk ýagdaýy anyk beýan edilýär. Ýurduň Esasy Kanunynda olaryň şöhlelendirilmegi bagtyýarlyk döwründe Türkmen döwletiniň berkararlyk derejesine galandygyny alamatlandyrýar. Ony biz köp ugurlarda, şol sanda döwletimiziň özüniň hemişelik Bitaraplyk derejesine esaslanyp häzirki döwürde halkara gatnaşyklarda aýratyn orna eýe bolanlygynda hem görýäris.

Hakykatdan hem, Garaşsyz döwletimiziň hemişelik hukuk ýagdaýy Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýalary bilen iki gezek ykrar edildi. Bu Rezolýusiýalar türkmen Bitaraplygynyň adamzadyň öňünde dörän çylşyrymly meseleleri çözmegiň ygtybarly ynsanperwerlik ýörelgesi bolýandygyna şaýatlyk edýär. Şoňa görä-de Hormatly Prezidentimiz: «...Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşinde bitaraplyk hukuk ýagdaýymyzy täze, aýratyn maddada beýan etmeli diýen netijä geldik. Bu teklip bütin halkymyz tarapyndan Esasy Kanunymyzyň taslamasy ara alnyp maslahatlaşylanda doly makullandy»[51] diýip nygtady. Esasy Kanunyň 2-nji maddasynda «Türkmenistan dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen we kanun esasynda berkidilen hemişelik Bitaraplyk hukuk

[50] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 10-njy tom. – A.: TDGN, 2017, 44 sah.

[51] Şol ýerde.

ýagdaýyna eýedir»[52] diýip belenilýär. Biziň Bitaraplyk ýörelgämiz döwletimiziň daşary we içeri syýasatynyň esasy bolup, ýurdumyzda geçýän özgerişleri adamy mertebelemäge gözükdürýär.

Ýurtda geçýän özgerişler bolsa biziň jemgyýetimizi täze hil derejesine çykarýar, ozalky agrar Türkmenistan senagat taýdan ösen döwletleriň hataryna işewür girişýär. Netijede, biziň ýurdumyzda geljegine ynamly adamlaryň ýaşaýan mekanyna öwürmek bilen baglanyşykly işler üstünlikli amala aşyrylýar, sosial goragly bazar ykdysadyýeti öz mümkinçiliklerini giňişleýin açýar. Bu syýasatyň hukuk esaslary Esasy Kanunymyzyň rejelenen görnüşinde öz beýanyny tapyp, «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgämiziň berýän datly miweleriniň has hem baýlaşmagyna mümkinçilikleri döredýär.

Şu hem jemgyýetimiziň özgermegi üçin örän ähmiýetlidir. Konstitusion özgertmeler Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe biziň ýurdumyzda raýat jemgyýetiniň gymmatlyklaryny işewür ornaşdyrmaga mümkinçilik döredýär. Şu nukdaýnazardan häzirki hereket edýän Konstitusiýamyzyň 6-njy maddasynda halkyň bähbitlerine wekilçilik edýän ýokary wekilçilikli edaranyň döredilmegi bilen bitewi ulgam döräp, döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edaralary welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň halk maslahatlarynyň işini täze derejä çykarýar.

Şonuň bilen bir hatarda Konstitusiýamyzyň 7-nji maddasynda: «Türkmenistanda ýerli öz-özüni dolandyryş ykrar edilýär we kepillendirilýär. Ýerli öz-özüni dolandyryş öz ygtyýrlyklarynyň çäklerinde özbaşdakdyr. Ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary döwlet häkimiýet edaralarynyň ulgamyna girmeýärler»[53] diýlip bellenilmegi Geňeşleriň dolandyryş ulgamyndaky ornuny ýokarlandyrýar. Dolandyryş ygtyýarlyklarynyň çäklerinde özbaşdak bolan Geňeşleriň işiniň kämilleşdirilmegi, mysal üçin, degişli dolandyryş çäklerinde ýaşaýan raýatlaryň işjeňligini ýokarlandyryp, ýurtda raýat jemgyýetiniň kemala gelmegine täze-täze esaslary döretjekligi gümansyzdyr.

Hakykatdan hem, Geňeşleriň agzalary ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da bähbitleriň umumylygy boýunça döredilen raýat jemgyýetiniň dürli guramalary bilen bilelikde işläp obany ösdürmek, ýaşaýjylary suw, gaz, elektrik energiýasy bilen üpjün etmek, obanyň arassaçylygyna göegçilik etmek, oba ilatynyň bilim, medeniýet derejesini has-da ýokarlandyrmak, sagdyn durmuş ýörelgelerini ösdürmek ýaly meseleleri çözmäge ýardam bererler. Ilatyň hukuk medeniýeti ýokarlanar.

Ýurduň Esasy Kanunynyň milletiň adamy beýgeldýän medeni-ruhy mirasyny we adamzadyň syýasy tejribesini özüne siňdirip, raýatlaryň syýasy işewürligini ýokarlandyrmaga döredýän hukuk esaslary ösüşiň wajyp şerti bolýar. Bu gymmatlyklaryň ähmiýeti häzirki ýurduň senagatlaşýan döwründe has hem aýdyň duýulýar. Bazar gatnaşyklarynyň şertlerinde adamlaryň işewürlik ukybynyň kemala gelmegi köptaraply işi, ilki bilen hem ähli ugurlar boýunça hünärmenleriň we işewür adamlaryň döredijilikli zähmetine giň ýol açýan hukuk kadalarynyň işläp taýýarlamak bilen baglydyr.

---

[52] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016, 10 sah.

[53] Şol ýerde. 12 sah.

Raýat jemgyýetiniň ykdysady esasyny, bilşimiz ýaly, ösen hususy eýeçilik düzýär. Biziň şertlerimizde bu ýerde ýüze çykýan meseleleriň çözgüdi işewür telekeçileri kemala getirmek bilen baglanylýar. Konstitusiýamyzyň 47-nji maddasynda: «Her bir adamyň telekeçilik we kanunda gadagan edilmedik gaýry ykdysady işi üçin öz ukyplaryny we emlägini erkin peýdalanmaga hukugy bardyr»[54] diýip bellenilmegi raýat jemgyýetiniň kemala gelmegi üçin örän wajyp esas bolýar. Ýurtda döredijilikli işleýän adamlaryň sany artyp, olaryň syýasy-durmuş işewürligi ýokarlanýar. Bu ýerde esasy mesele biziň jemgyýetimiziň işewür bölegi bolan telekeçileriň, hünärmenleriň özbaşdak we döwrüň talabyna laýyk hereket etmegi bilen birlikde, olaryň döwletiň we jemgyýetiň öňünde öz jogapkärçiligini duýmagy, ilatyň ähli gatlaklaryny birleşdirmäge, jebisleşdirmäge hemaýat bermekleri möhümdir.

Bazar gatnaşyklarynyň we raýat jemgyýetiniň gymmmatlyklarynyň biziň şertlerimizde işewür özleşdirilýän döwründe geçirilen konstitusion kämilleşmeleriň täze tapgyry şol gymmatlyklara biziň halkymyza mahsus bolan «ynsanperwerlik häsýet» bermek üçin gerek bolan hukuk we ahlak meýdanynyň döremegine täze-täze esaslary döredýänligi bilen häsiýetlendirilýär.

## Hukuk ulgamy

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň hukuk ulgamynyň gurluşy baradaky anyk gürrüňe başlamazdan öň, «*hukuk ulgamy*» diýen düşünjäniň üstünde gysgaça durup geçeliň. Şu hili çemeleşme biziň dersimiziň özboluşlylygy bilen kesgitlenilýär. Bu ýerde gürrüňimizi «*hukuk*» sözüniň manysyny açyp görkezmekden başlalyň. Şonda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň hukuk ulgamy dünýä ylmynyň we tejribesiniň iň täze gazananlaryny özünde jemläp, aýdyň hem takyk görnüşde beýan edilmelidiginden ugur alalyň.

Ilki bilen, «hukuk» düşünjesiniň iki manysyna ünsi çekeliň. **Birinjiden**, «hukuk» sözi aýratyn adama bagly bolmadyk adamyň özüni alyp barşynyň düzgün-nyzamynyň bar bolan ulgamyny aňladýar. Oňa **obýektiw hukuk** diýilýär. **Ikinjiden**, bu düşünje bilen adamyň haýsy hem bolsa bir zada dalaşmagy, bir zady talap edip bilmegi aňladylýar. Bu **subýektiw hukuk** bolýar. Umuman, hukugyň hakykylyk, dogruçyllyk, adalatlylyk bilen baglydygyny bellemelidir. Ol adamy ýalandan, adalatsyzlykdan, eden-etdilikden goraýar. Bu ýerde eden-etdilik hukuga garşy duran zatlaryň umumy aňlatmasy bolýar.

Hukuk we eden-etdilik bir ýere sygyşmaýarlar, ýöne jemgyýetde eden-etdiligem bar. Ony kim edýär? Elbetde, adamlar biri-birine degişlilikde edýärler. Her bir jenaýat jenaýatkäriň öz pidasyna degişlilikde eden-etdiligi bolýar. Adamyň jemgyýetde hereket edýän kanunlara boýun bolman öz islegine görä özüni alyp barmagynyň, ýaşaýşynyň düzgünini bozýar. Bu ýagdaý bilen ylalaşyp bolmaýar, ýöne taryha ser salynsa, häkimiýetiň hem eden-etdilige ýol berýän pursatlaryna duş gelse

[54] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016, 26 sah.

bolýar. Bu ýerde ýüze çykan dürli bähbitleri sazlaşdyrmaly bolýar. Olary nähili sazlaşdyrmaly? Şu ýerde bar bolan sowallaryň jogaplary uzak döwrüň dowamynda gözlenen we dürli hili beýan edilen.

**Hukuk döwletiniň kabul eden ähli kararlary we görkezmeleri** diýen kesgitleme hem öňe sürlen. Hukuga şeýle garamak öz gözbaşyny gadymýetden alyp gaýdýar. Şonda hukuga Hudaýyň erkiniň ýüze çykmasy hökmünde düşünilipdir. Bu ýagdaýda hukugyň nämedigini, eden-etdiligiň nämedigini döwlet, häkimiýet kesgitleýär. Hukuk bu ýerde döwletiň erkiniň kanunda aňladylmagy bolýar. Adamlar diňe döwletiň eçilen hukuklaryna eýe bolup bilýärler.

Gadymyýetden bize hukuga başga hili garaýyş hem ýetdi. Hukuk daşky güýjüň mejbur etmegi däl-de, adalatlylyga eýerip hereket etmegiň görkezmesidir. Onuň esasynda gadymy rim düşünjesi «*jus*» – ***hukuk*** ondan gelip çykýan «*justitia*» – ***adalatlylyk*** diýen düşünje ýatyr. Bu taglymata görä, hukuk «ýokarda» häkimiýet edarasynda däl-de, «aşakda» adamlaryň bilelikde ýaşaýan we hereket edýän, olaryň bähbitleriniň çaknyşýan ýerinde döreýär. Şeýle çaknyşmalar yzygiderli bolanlygy sebäpli kem-kemden olary sazlaşdyrmagyň, biri-biriniň üstüni ýetirmegiň, özara täsirini göz öňünde tutmagyň düzgünleri işlenip düzülýär, ýöne adamlaryň bähbitleri esasynda döreýän dawalary neneňsi çözmeli, gapma-garşylykly bähbitleri neneňsi sazlaşdyrmaly? Onuň üçin her bir tarapyň bähbitleriniň çägini, ölçegini anyklamalydyr. Diýmek, şol bähbitleri kanagatlandyrmaga gerek bolan erkinligiň ölçegini kesgitlemelidir. Häzirki döwrüň ylmy «Hukuk – erkinligiň ölçegi» diýen kesgitlemäni berýär. Şu jümleden ugur alnanda häkimiýetiň hukugyndan hukuk häkimiýetine geçmäge ýol açylar. Bu häkimiýet hukuk döwleti bolýar. Hukuk döwleti bozup, ýatyryp ýa-da çäkläp bilinmeýän hukuk kadalarynyň esasynda we olaryň çäginde hereket edýär. Bu döwlet raýatlaryň we olaryň birleşmeleriniň elinden alynmaýan tebigy-taryhy hukuklary ykrar edýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşiniň 4-nji maddasynda döwlet bilen raýatyň hukuk gatnaşyklaryny, olaryň kanuna degişlilikde biri-biriniň öňündäki jogapkärliklerini şol ýörelgeler esasynda kesgitleýär.[55]

Şu nykdaýnazardan garalanda hukugyň esasy özen manysy üýtgemeýär. **Hukuk** adamlaryň özara gatnaşyklarynda biri-birini kemsitmeklerine ýol bermeýän, birek-birege hormat-sylagy artdyrýan, asudalygy, agzybirligi üpjün edýän ýeke-täk serişdedir. Gadymy döwürlerden häzirki zamana çenli adamzat jemgyýetde sazlaşygy berkarar etmek üçin hukukdan netijeli serişdäni oýlap tapmandyr.

> *Şeýlelikde, hukuk – adamlaryň özara gatnaşyklarynda biri-biriniň hukuklaryna zelel ýetirmeklerine ýol bermeýän, birek-birege hormat-sylagy artdyrýan, asudalygy, agzybirligi üpjün edýän esasy düzgünleşdiriş serişdeleriniň biri bolýar.*

Islendik ulgamyň düzüm bölekleriniň bolşy ýaly, Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň hem düzüm bölekleri bardyr. Hukuk ulgamynyň ilkinji, iri düzüm bölekle-

[55] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016, 12 sah.

ri «hukuk pudaklary» diýlip atlandyrylýarlar. Mysal üçin: Raýat hukugy, Jenaýat hukugy, Dolandyryş hukugy we ş.m. Hukuk pudaklary, öz gezeginde, hukuk pudakçalaryna, olar hukuk şahalaryna (institutlaryna), olar hem, öz gezeginde, hukuk şahamçalaryna bölünýärler[56]. Hukuk şahamçalaryny bolsa hukuk kadalary emele getirýärler. Häzirki döwürde Türkmenistanyň milli hukuk ulgamynyň düzüm gurluşyny şu aşakdaky çyzgynyň kömegi bilen gysgaça beýan etmek bolar. Bu ýerde, ilki bilen, hukugyň ähli pudaklarynyň başlangyç esasynyň Türkmenistanyň Konstitusiýasy bolýandygyny bellemeli.

Mälim bolşy ýaly, dünýäniň köp döwletlerinde hereket edýän kanunçylygy birsyhly kämilleşdirip, döwrüň we jemgyýetiň bir pursat hem togtamaýan ösüşiniň talaplaryna laýyklykda täze kanunlary kabul etmek işine juda işjeň we yzygiderli çemeleşilýär. Bu işiň ilkinji başlangyç ädimleri hem tutuş kanunçylygy kämilleşdirmegiň iň esasy ugruny we nazary esaslaryny işläp düzmekden ybarat bolup durýar. Türkmenistanda-da milli kanunçylygy kämilleşdirmegiň nazary esaslary we iň wajyp başlangyçlary, binýatlaýyn ýörelgeleri Milli Liderimiziň sözleýän sözlerinde, çykyşlarynda beýan edýän garaýyşlarynyň jeminden emele gelýär. Milli hukuk ulgamymyzy kämilleşdirmegiň esas goýujy başlangyçlarynyň özenini düzýän ýörelge bolsa Milli Liderimiziň: «Döwlet adam üçindir!» diýen ýol-ýörelgesi bolup durýar.




**1-nji çyzgy. Milli hukuk ulgamynyň düzüm bölekleri**

Bu ýörelge häzirki güne çenli durmuşa geçirilýän ähli özgertmeleriň, şol sanda hukuk ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeleriň hem, ähli kabul edilýän ýa-da kämilleşdirilýän kadalaşdyryjy hukuknamalaryň hem içinden eriş-argaç bolup geçýär.

[56] Ý. Nuryýew, S. Ataýew, A. Çaryýew. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Okuw gollanmasy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011. 364 sah.

Munuň şeýledigine Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň kanunlary seljerilende aýdyň göz ýetirmek bolýar. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi, Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak kodeksi, Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksi, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksi, Türkmenistanyň Maşgala kodeksi, «Bilim hakynda», «Ylmy işgäriň hukuk ýagdaýy hakynda», «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda», «Sala salşyk hakynda» Türkmenistanyň kanunlarynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalaryň esasy ýörelgeleri ynsanperwerlik, adamyň we raýatyň esasy hukuklarynyň hem azatlyklarynyň üpjün edilmegi bolup durýar, çünki Türkmenistanda adam, onuň ömri, saglygy, abadançylygy, mynasyp ýaşaýyş-durmuş derejesi, umuman, her bir ynsana doglan pursadynda berilýän tebigy we mizemez hukuklarynyň ählisi, döwlet üçin hem, jemgyýet üçin hem ýokary baş gymmatlyk hasaplanýar. Has anyk aýdylanda, biziň döwletimizde adam iň gymmat hazyna diýlip ykrar edilýär hem-de durmuşa geçirilýän köpugurly döwlet maksatnamalarynyň hemmesi, her bir ynsanyň aýratynlykda we tutuş jemgyýetiň bitewülikde utgaşdyrylan bähbidini gazanmaga gönükdirilýär. Hut şu häsiýetli aýratynlygy-da döwletimiziň: «Ähli adamlar mertebesi we hukuklary babatda deň dogulýarlar. Adamlara aň we wyždan berlendir hem-de olar biri-biri babatda doganlyk ruhunda hereket etmelidirler» diýip, tutuş adamzadyň «Ählumumy adam hukuklary hakyndaky» Jarnamada yglan eden belent adamkärçilikli ýörelgesini baş wezipe hem esasy borç hökmünde kabul edýändigini anyk görkezýär. Türkmenistanda döwletiň, jemgyýetiň we öz raýatlarynyň öňündäki wezipelerini neneňsi derejede netijeli berjaý edýändigi bolsa halkymyzyň gündelik durmuşynda bolup geçýän gowulyga tarap üýtgeşmelerde-de aýdyň görünýär. Hut şonuň üçin hem Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «Adam hakyndaky aladanyň Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan esasy ugrudygyny we şeýle bolmagynda hem galýandygyny aýratyn bellemek isleýärin»[57] diýip nygtaýar.

**Adamyň hukuklary** diýlende, adamyň ykdysady, sosial, syýasy we medeni çygyrlardaky mümkinçiliklerine hem-de isleglerine, şeýle hem adamyň döwlet babatda hukuk ýagdaýynyň häsiýetlendirmesine düşünilýär. «Raýatyň hukuklary» diýen adalga bolsa belli bir döwletiň raýaty bolan adamyň kanunda berkidilen emläkleýin we emläkleýin däl hukuklaryny aňladýar. Umuman, adamyň we raýatyň hukuklary hem azatlyklary «esasy hukuklar we azatlyklar» diýen düşünje bilen manydaş bolup, ol adamyň we raýatyň Konstitusiýada berkidilen hukuklarynyň hem azatlyklarynyň jeminden emele gelýär. Ol hukuklaryň hem azatlyklaryň esasylary Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşiniň II bölüminde, 25-nji maddadan 65-nji madda çenli aralykda ozalkydan (Esasy Kanunymyzyň 2008-nji ýylda täzelenen görnüşinde 18–47-nji maddalar) has giň berkidilýär. Olar şahsy hukuklaryny, syýasy-jemgyýetçilik hukuklaryny, durmuş-ykdysady hukuklaryny hem-de beýleki hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga bolan hukuklar ýaly toparlara bölünýär.

[57] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 8-nji tom – A.: TDNG, 2015, 451 sah.

Ýurdumyzda döwlet adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň ähli görnüşlerini üpjün etmek bilen birlikde, ynsanyň durmuş-ykdysady hukuklarynyň kepillendirmelerine, olaryň durmuşa geçirilmegi üçin ähli şertleriň döredilmegine aýratyn üns berýär. Türkmenistanda sosial döwletliligiň belent nusgasynyň görkezilip, zähmet haklarynyň, talyp haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet hemaýat we kömek pullarynyň möçberiniň her ýylda yzygiderli artdyrylmagy adamlaryň durmuş-ykdysady hukuklarynyň hem azatlyklarynyň döwlet tarapyndan berk we ýokary derejede üpjün edilýändiginiň aýdyň subutnamasy bolup çykyş edýär.

Türkmenistanda ähli döwlet düzümleriniň hem wezipeli adamlaryň işiniň ynsanperwerlik ýörelgesine eýermegine aýratyn üns berilýär. Döwletimiziň döwlet işiniň hemme ugurlarynda bolşy ýaly, kanunçylyk çygrynda-da bu ýörelge öz şöhlelenmesini tapýar. Şu ýerde bar bolan mümkinçilikleri amal etmekde 2008-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Permany bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda Döwlet gullugy akademiýasynyň ähmiýeti örän uludyr. Bu akademiýa döwlet gullukçylaryny taýýarlamagyň we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň bir bitewi milli ulgamyny kemala getirmek boýunça okuw hem ylmy-usulyýet merkezi hökmünde döredildi. Onuň işiniň esasy ugurlarynyň biri täze döwrüň hünärli, täze taryhy eýýamda ýurdumyzyň öňünde duran wezipeleri başarnykly we ýokary derejede jogapkärli çözmäge ukyply, halal işleýän dolandyryjy işgärleri (kadrlary) kemala getirmekden ybaratdyr.

Döwlet düzümlerini hem-de wezipeli adamlary ilatyň durmuş meseleleri bilen bagly anyk wezipeleri çözýändikleri sebäpli, olaryň ynsanperwerlik ulgamynda raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ygtybarly goraglylygyny üpjün etmekden, ýurtda parahatçylygy, ylalaşygy we asudalygy goldamakdan ybarat bellemeli. Türkmenistanda döwlet düzümleriniň hem-de wezipeli adamlaryň öňünde durýan bu wezipe döwletiň düýpli özgertmeler syýasatynyň durmuşa geçirilmeginiň ýokary netijeliligini üpjün etmek bilen, şonuň ýaly-da raýatlaryň maddy-hal ýagdaýynyň yzygiderli ýokarlandyrylmagy, ähli özgertmeleriň bolsa her bir raýatyň aýratynlykda we tutuş jemgyýetiň bilelikdäki utgaşdyrylan bähbidine gönükdirilmegi bilen berk baglanyşyklydyr.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan häzirki wagta çenli «Adamyň hukuklary hakynda ählumumy Jarnama», «Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda», «Raýatlyk we syýasy hukuklar hakynda» Halkara Paktlar, «Gynamalara we jezalandyrmagyň rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerine garşy» Konwensiýa ýaly halkara hukugyň ynsanperwerlik pudagyny we beýleki pudaklary emele getirýän, halkara hukuknamalaryň köpüsini ykrar etdi, şeýle-de ol resminamalarda berkidilen hukuk kadalaryny we ýörelgelerini milli kanunçylyga işjeň ornaşdyrmagyny dowam edýär.

## Türkmenistanda adam hukuklarynyň kepillendirilmegi

Ýokarda bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda adam hukuklaryna we azatlyklaryna ýörite bölüm bagyşlanýar. Ýurdumyzyň Esasy kanuny adam mertebesiniň absolýutlygyndan we eldegrilmesizliginden, adamyň esasy hukuklarynyň

hem azatlyklarynyň oňa dogluşdan degişlidiginden, kimdir biri tarapyndan hyýanat edilmeginden kanun we kazyýet tarapyndan goralandygyndan ugur alýar. Adamyň ömri we onuň saglygy, şahsy eldegrilmesizligi hem-de howpsuzlygy, eýeçiligi döwletimiziň ýokary gymmatlygydyr. Adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilmegini üpjün etmek döwlet häkimiýetiniň esasy borjudyr. Iň täze taryhy döwürde adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramagyň giň möçberli mehanizmini döretmek baradaky wezipeleri çözmek örän möhümdir we muňa Türkmenistanyň Prezidenti dowamly üns berýär. Şol hukuklaryň käbiri aşaky çygyrda getirilýär.




**2-nji çyzgy. Adamyň we şahsyýetiň hukuklary we azatlyklary**

Demokratiki döwlet üçin şeýle esasyň döredilmegi durmuş taýdan zerurdyr. Häzirki zaman döwlet hukugynyň esaslarynyň biri hökmünde adam hukuklarynyň ykrar edilmegi diňe bir şert bilen – beýleki adamlaryň şahsy hukuklaryny bozýan hereketleri gadagan etmek bilen çäklendirilen şahsyýetiň garaýyşlarynyň, ömrüniň we işiniň doly giňişligini göz öňünde tutýar. Halkara hukugyň kadalaryny ykrar etmek Bitarap Türkmenistanyň milli kanunçylygynyň möhüm ýörelgeleriniň biridir. Munuň özi doly esaslandyrylandyr, sebäbi biziň garaşsyz döwletimiz halkara bileleşigiň doluhukukly subýektleriniň biridir. Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagynyň ykrar edilmegi Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilendir.

Türkmenistanyň Prezidenti: «Türkmenistanyň Konstitusiýasynda halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulýanlygy baradaky düzgünleriň beýan edilendigine aýratyn üns bermek isleýärin»[58] diýip belleýär. Hakykatdan hem, Esasy Kanunymyzyň «Türkmenistanda adamyň we raýatlaryň hukuklary, azatlyklary we borçlary» atly ikinji bölümi giňeldilen we Adam hukuklary baradaky ählumumy Jarnamanyň kadalary giňişleýin göz öňünde tutulan.

[58] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 10-njy tom, – A.: TDNG, 2017, 442 sah.

Ähli kanunçylygy ösdürmek üçin binýatlyk hukuk guraly bolup durýan, döwlet, syýasy, ykdysady gurluşyň esaslaryny özünde berkidýän Türkmenistanyň Konstitusiýasy öz maddalarynda iş ýüzünde adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň we beýleki umumy ykrar edilen halkara resminamalaryň degişli düzgünlerini birleşdirdi. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda beýan edilen we halkara kadalardan ornaşdyrylan raýatlaryň esasy hukuklary hem azatlyklary soňra Türkmenistanyň ýörite kanunlarynda jikme-jik berkidilmegine eýe boldy. Muny halkara hukugyň degişli kadalaryna syn berip, soňra bolsa özygtyýarly döwletiň Konstitusiýasyny we hereket edýän kadalaşdyryjy hukuknamalaryny seljerip yzarlamak mümkindir.

Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasynda her bir adamyň gönüden-göni ýa-da erkin saýlanylan wekilleriniň üsti bilen öz ýurduny dolandyrmaga gatnaşmaga hukugynyň bardygy barada aýdylýar. Halkyň erk-islegi hökümetiň häkimiýetiniň esasy bolmalydyr; bu erk-isleg döwürleýin geçirilýän we galplaşdyrylmadyk saýlawlarda öz beýanyny tapmalydyr, şol saýlawlar bolsa ählumumy we deň saýlaw hukugynda gizlin ses bermek arkaly ýa-da ses bermegiň erkinligini üpjün edýän beýleki birmeňzeş görnüşler bilen geçirilmelidir (21-nji madda). Biziň ýurdumyzyň Esasy Kanuny «Türkmenistanyň özygtyýarlylygy halk tarapyndan amala aşyrylýar, halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşydyr. Türkmenistanyň halky öz häkimiýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar»[59] diýip 3-nji maddada jar edilen.

### Türkmenistanda adam hukuklary boýunça ygtybarly wekil

2016-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanda adam hukuklary boýunça ygtybarly wekiliň wezipä saýlanmagynyň tertibi hakynda kada girizildi, ýagny Esasy Kanunymyzyň 71-nji maddasyna Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistanyň Mejlisine Türkmenistanyň adam hukuklary boýunça ygtybarly wekilini saýlamak hakynda teklibiň girizilýändigi, 81-nji maddasyna bolsa Türkmenistanyň Mejlisiniň Türkmenistanyň Prezidentiniň teklibi boýunça Türkmenistanyň adam hukuklary boýunça ygtybarly wekilini saýlaýanlygy baradaky kada girizildi. Esasy Kanunyň bu maddalaryny iş ýüzünde berjaý etmek bilen «Adalatçy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi.

Elbetde, adamyň we raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň döwlet tarapyndan goragynyň kepilliklerini üpjün etmek maksady bilen döredilen Adalatçynyň wezipä saýlanmagynyň konstitusion derejede kadalaşdyrylmagy, şeýle-de ol wezipä birnäçe dalaşgäriň arasyndan Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary tarapyndan saýlamak barada kadanyň girizilmegi, ýurdumyzda adam hukuklary boýunça bu garaşsyz instituta örän uly ähmiýet berilýänliginiň we bu instituty döretmekde halkara ýörelgelere laýyk gelýän demokratik ýoluň saýlanyp alnanlygynyň subutnamasydyr.

[59] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016, 11 sah.

Kanun esasynda bu garaşsyz institutyň döredilmegi Türkmenistanda adam hukuklarynyň ýokary derejede üpjün edilýänliginiň ýurdumyzyň adam hukuklary barada halkara şertnamalaryna ygrarlydygynyň we ol şertnamalaryň kadalarynyň gyşarnyksyz berjaý edilýändiginiň subutnamasydyr. Şonuň ýaly-da Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň adam hukuklary baradaky kadalarynyň, şol sanda «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr. Adamy goramak, goldamak we oňa hyzmat etmek döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipesidir»[60] diýen kadanyň, 2017-nji ýylyň ýanwar aýynda tassyklanan «Türkmenistanda adam hukuklary boýunça 2016–2020-nji ýyllar üçin hereketleriň milli meýilnamasynyň» iş ýüzünde berjaý edilmegidir.

## Saýlaw hukuklarynyň kepillendirilmegi – milli demokratiýanyň baş ýörelgesi

Demokratik döwlet hökmünde Türkmenistanda döwletiň esasy wezipeleri saýlawlydyr. Ýurdumyzda döwlet ähmiýetli wajyp işleriň ählisi halk bilen maslahatlaşylyp amala aşyrylýar. Şonuň bilen baglylykda-da halk häkimiýetliligine mahsus bolan alamatlaryň ählisi Türkmenistanyň Konstitusiýasynda öz beýanyny tapýar. Elbetde, saýlawlar bilen demokratiýa bir zat bolmasa-da, demokratiýa ýörelgeleri esasynda guralan saýlawlar halk häkimiýetliliginiň möhüm aňlatmasy hem-de esasy düzüm bölegidir.

Mälim bolşy ýaly, saýlaw hukugy her bir raýatyň jemgyýeti we döwleti dolandyrmaga gatnaşmaga bolan hukugynyň özenini emele getirýär. Her bir raýatyň jemgyýeti we döwleti dolandyrmaga bolan hukugy raýatlaryň Konstitusiýada berkidilýän esasy hukuklarynyň biri bolup, ol tutuşlygyna raýatlaryň jemgyýeti we döwleti dolandyrmaga bolan syýasy hukuklarynyň mazmunyny açyp görkezýär.

Halkara kadalary berjaý etmek babatdaky kepillikler – bu, Türkmenistan tarapyndan BMG-niň Düzgünnamasynda, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň we beýleki umumy ykrar edilen halkara guramalaryň esaslandyryjy resminamalarynda berkidilen ýörelgelere we kadalara pugta eýerip, saýlawlar guralanda we geçirilende özüniň gatnaşyjy bolup durýan halkara şertnamalarynyň, konwensiýalarynyň, ylalaşyklarynyň düzgünleriniň goldanylmagydyr we olaryň berjaý edilmeginiň üpjün edilmegidir. *Jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga raýatlaryň gös-göni özüniň gatnaşmagy* diýlende, raýatlaryň ählisiniň döwlet ähmiýetli köpçülikleýin kararlaryň kabul edilmegine saýlanan ýa-da bellenen wekilleriniň üsti bilen däl-de, gönüden-göni özleriniň gatnaşmaklaryna düşünilýär.

Jemgyýeti we döwleti dolandyrmagyň bu görnüşi türkmen halkynyň ýörelgesi bolup, onuň gadymy türkmen jemgyýetini edara etmekde-de örän uly orny bolupdyr. Munuň şeýledigine halkymyzyň taryhyna ser salanymyzda hem aýdyň göz ýetirmek bolýar. Has irki döwürlerden bäri türkmen obasy, kiçeňräk şäher-kentleri, umuman, türkmen jemagatynyň ululy-kiçili bölekleri hormatly ýaşulularyň we

[60] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016, 11 sah.

iliň öňüne düşýän, sylagly-sarpaly beýleki adamlaryň gatnaşmaklarynda hem-de kethudalaryň ýolbaşçylygynda geçirilýän geňeş ýa-da maslahat tarapyndan dolandyrylypdyr. Geňeşiň ýa-da maslahatyň çözgüdini ýerine ýetirmezlik ýazgarylypdyr. Ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary şu gün hem şol ýörelgelerden ugur alýarlar.

Türkmenistanda halk häkimiýetiniň wekilçilikli edaralarynyň hereket etmeginiň we olara saýlawlaryň hereket edýän kanunçylyga doly laýyklykda geçirilmeginiň jemgyýetiň we döwletiň abadançylygy üçin wajyp ähmiýeti bar.

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Konstitusiýanyň adamzat jemgyýetine ornaşyş taryhy barada näme bilýärsiňiz?
2. Konstitusion kadalaryň jemgyýetçilik ösüşine edýän täsirini açyp görkeziň.
3. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň esasy häsiýetleri nämede bolýar?
4. Ýurdumyzda geçirilýän konstitusion özgertmeleriň jemgyýetçilik ösüşini üpjün etmekdäki ähmiýetini nämede görýärsiňiz?
5. Konstitusiýa bilen jemgyýetçilik ulgamlary nähili baglanyşykda bolýarlar?
6. Hukuk düşünjesi nähili häsýetlendirilýär?
7. Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň gurluşynyň aýratynlygy nämede?
8. Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň esasy ýörelgelerini açyp görkeziň.
9. Milli hukuk ulgamy halkara hukuk ulgamy bilen nähili baglanyşýar?
10 Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesiniň mazmuny we ähmiýeti nämede?
11. Türkmenistanda adamyň jemgyýetiň we döwletiň ýokary gymmatlygy hökmünde ykrar edilmegi bilen baglanyşykly alnyp barylýan işleri açyp görkeziň.

## 3-NJI SAPAK. ÝURTDA DEMOKRATIÝANYŇ ÝAÝBAŇLANMAGY DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞIŇ ÇEŞMESI HÖKMÜNDE

*Demokratiki özgeriş we demokratiýanyň ýaýbaňlanmagy. Demokratiýanyň syýasy ýa-da syýasy-hukuk nukdaýnazardan derňelmegi. Demokratik ýörelgeleriň jemgyýetiň syýasy gurşawyndan daşgary onuň beýleki gurşawlarynda ýüze çykyşy.*

*Türkmenistanyň ykdysady ulgamynyň ösüşine konstitusion özgertmeleriň täsiri. Adamlaryň ykdysady işewürliginiň hukuk esaslary.*

*Jemgyýetiň demokratiki ösüşi. Döwletiň demokratik mümkinçiliklerini açmak. Jemgyýetiň syýasy mümkinçiliklerini açmak. Bu ugurlaryň biri-biri bilen baglanyşygy we tapawudy. Adamlaryň syýasy-hukuk medeniýeti. Milli demokratiýa we öz-özüni dolandyryş. Bu ýerde jemgyýetçilik guramalarynyň orny.*

**Demokratiýanyň ýaýbaňlanmagy.** Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kämilleşdirilmeginiň biziň jemgyýetimizde demokratiýanyň ýaýbaňlanmagy üçin ähmiýetlidigi aýdyň görünýär. Esasy Kanunymyzyň rejelenen görnüşine girizilen üýtgetmelerde täze döwrüň reallyklary, döwlet we jemgyýetçilik gurluşynyň ýöregeleri giňişleýin öz beýanyny tapandyr. Konstitusiýamyzyň kämilleşmegi syýasy-hukuk resminamasy bolup, ýurtda gün-günden ýaýbaňlandyrylýan özgertmeleriň üstün-

likli öňe ilerlemeginiň binýady, umuman, ýurtda geçýän demokratik özgerişleriň kepilnamasy bolup hyzmat edýär.

Türkmen jemgyýetinde geçýän şu täzeleniş jemgyýeti täze hil derejesine çykarýar. Bu täzeleniş, ilki bilen, jemgyýetde geçýän demokratik özgerişleriň özboluşlylygyna, häzirki zamanyň saýlawly demokratiýasynyň türkmen halkynyň gadymy köklerinden gelýän demokratiziminde, häzirki zaman ösüşiniň gymmatlyklaryny kabul etmäge taýýarlan demokratizmde özi üçin sagdyn esaslary tapýandygyny görkezýär. Demokratiýa biziň döwrümiziň iň täsirli gymmatlyklarynyň biridir. Ol jemgyýetiň durmuşynda we dünýä gatnaşyklarynda giňden ulanylýan ýörelgelerdir.

Ylmy we ylmy-populýar edebiýatlarda demokratiýa, köplenç, syýasy ýa-da syýasy-hukuk nukdaýnazardan derňelýär. Şonda ol halk köpçüligini döwlet häkimiýetini dolandyryjy hökmünde ykrarlaýan döwlet gurluşynyň, syýasy gatnaşyklaryň görnüşi hökmünde görkezilýär. Aslynda, «Demokratiýa» sözi halk häkimýeti diýen manyny aňladýar. Demokratiýa şu hili beýan edilende, ol çäkli toparyň adyndan döwleti dolandyrýan awtokratiki dolandyrylyşa garşy goýulýar.

Umuman, demokratik döwlet gurluşy bu ýerde konstitusiýa we kanunlar tarapyndan berkidilen häkimiýetiň dürli şahalarynyň deňagramlylygyny üpjün edýän bitewi ulgam hökmünde göz öňüne getirilýär. Şeýle deňagramlylyk Türkmenistanyň Konstitusiýasynda doly ykrarlanýar. Onuň 6-njy maddasynda: «Türkmenistanda döwlet häkimiýeti kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine bölünýär, olar biri-birini deňagramlaşdyryp, özbaşdak hereket edýärler»[61] diýip bellenilen. Bu bolsa häkimiýetiň her bir şahasynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäginde hereket edip, bitewi ulgamyň aýrylmaz bölekleri bolup çykyş edýändiklerini aňladýar. Demokratiýany ýokarda syýasy-hukuk nukdaýnazaryndan düşündirmek, görşümiz ýaly, döwlet gurluşyny häsiýetlendirmek üçin örän ähmiýetlidir. Ony ýurdumyzyň syýasy ulgamy bilen baglanyşykly geçen sapaklarda aýdyň gördük. Şol bir wagtda hem bu ýerde biziň garaýan meselämiz bilen baglanyşykly bir sowalyň anyklanmagy gerek bolýar.

Demokratik ýörelgeler jemgyýetiň syýasy gurşawyndan daşgary, onuň beýleki gurşawlarynda nähili ýüze çykýar? Şu sowaly anyklamak üçin ýurtda geçýän özgerişlere ýüzlensek, onda häzirki türkmen jemgyýetinde demokratik ýörelgeleriň diňe bir syýasy ýa-da hukuk gurşawynda däl, eýsem ykdysady, durmuşy, ruhy-medeni gurşawlarda hem ýüze çykýandyklaryny biz görýäris. Meselem, ykdysady meseleleri çözmäge halk köpçüligi indi diňe bir öz zähmeti bilen döwlet kärhanalarynda däl, eýsem öz serişdeleri we harajatlary bilen hususy kärhanalaryň üsti bilen hem gatnaşýarlar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 47-nji maddasynda: «Her bir adamyň telekeçilik we kanunda gadagan edilmedik gaýry ykdysady işi üçin öz ukyplaryny we emlägini erkin peýdalanmaga hukugy bardyr»[62] diýip bellenilen. Häzirki döwürde ýurtda öndürilýän önümiň umumy möçberiniň ep-esli bölegi hususy kär-

[61] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016, 12 sah.
[62] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016, 26 sah.

hanalarda telekeçiler tarapyndan öndürilýär. Bu gün ýurduň ykdysady ulgamynyň kärhanalarynyň köp bölegi hususy bölege degişli bolýar.

Demokratiýa ylmy taýdan derňelende hem şu ýagdaý göz öňünde tutulýar. Şonda demokratiýa jemgyýetiň ýaşaýyş durmuşynyň dürli ugurlaryny we jemgyýetiň ösüşini halkyň gönümel gatnaşmagynda dolandyrmagy gurnamagyň kesgitli görnüşi bolup çykyş edýänligi bellenilýär. Ösen ýurtlaryň tejribesi durmuşy meseleleri çözmäge halk köpçüliginiň işewür gatnaşýandygyny görkezýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda demokratik ýörelgeleriň giňden ýaýbaňlanmagy üçin gerek bolan hukuk esaslaryny döredýär. Olary giňden açmak häzirki döwrüň gaýragoýulmasyz meseleleriniň biridir.

Geljekde şu işi ýurdumyzda halk häkimiýeti halkymyzyň döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna saýlan wekilleri bilen bir hatarda ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da bähbitleriň umumylygy boýunça döredilen raýat jemgyýetiniň dürli guramalary bilen bileleikde amala aşyrmaklaryna zerur esaslar Esasy Kanunymyzyň rejelenen görnüşinde berkidildi. Şu ýerde konstitusion özgertmeleriň ykdysady ulgama edýän täsirine ünsi çekeliň.

**Türkmenistanyň ykdysady ulgamynyň ösüşine konstitusion özgertmeleriň täsiri.** Ýurtda geçirilýän konstitusion özgertmeleriň ykdysady ulgama täsiri aýratyn bellärliklidir. 2016-njy ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşine girizilen «Ykdysadyýet we maliýe-karz ulgamy» atly VII bölüm bu ulgamyň kadalaryny açyp görkezýär. Bu bolsa ykdysady ösüşi çaltlandyrmak üçin hukuk taýdan zerur bolan şertleri döredýändigini, köpugurly ykdysadyýetimizi, aýratyn-da, hususy telekeçiligi ösdürmäge uly üns berilýändigini aňladýar.

Soňky döwürde «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda», «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda», «Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi hakynda», «Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakynda», «Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip çykan ýeriniň ady hakynda», «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda», «Syýahatçylyk hakynda», «Ätiýaçlandyryş hakynda», «Mikromaliýe guramalary we mikro maliýeleşdirme hakynda», «Standartlaşdyrmak hakynda», «Karz birleşmeleri hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary ýaly kadalaşdyryjy hukuknamalaryň onlarçasy kabul edilip, ýurdumyzyň ykdysady kanunçylygy döwrebaplaşdyrylýar. Netijede, ýurdumyzda ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegi artýar. Oňa degişli kärhanalaryň sany 2016-njy ýylda 25 müňe ýetdi[63].

Telekeçiligi ösdürmek, kiçi we orta telekeçilige döwlet tarapyndan goldaw bermek milli ykdysadyýetimizi hil taýdan täze derejä çykarmak bilen bir hatarda,

[63] Türkmenistan. 2016-njy ýylyň 15-nji sentýabry.

ykdysadyýetimiziň kadaly hereket etmeginiň hem kepili hökmünde çykyş edýär. Ykdysadyýetiň kadaly hereket etmegi bolsa, öz gezeginde, döwletiň kuwwatyny artdyrmagyň, ilatyň bolelin ýaşamagynyň zerur şertidir.

Ýurdumyzda bazar ykdysadyýetiniň ýörelgeleriniň giňelmegine 2017-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda kabul edilen «Erkin ykdysady zolaklar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny täze esaslary açýar. Bu Kanun ýurduň çäginde erkin ykdysady zolaklaryň döredilmeginiň, hereket etmeginiň we ýatyrylmagynyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär.

**Jemgyýetiň demokratik ösüşi.** Bu ösüş döwletiň demokratiki özgerişi bilen özara baglanyşykly, ýöne öz möçberi we ýerine ýetirilmeli işleriniň amal ediliş wagty bilen biri-birinden tapawutlanýan iki sany: *döwletiň demokratik mümkinçiliklerini açmak* we *jemgyýetiň demokratik mümkinçiliklerini açmak* ýaly ugurlara bölünýär. Olaryň biri-birinden esasy görkezijiler boýunça tapawutlanýandyklary düşnükli bolsa gerek, sebäbi **birinji ugur,** esasan, syýasy we syýasy-hukuk, **ikinji ugur** umumysosial we sosial-medeni häsiýete eýe bolýar. Bu ýerden görnüşi ýaly, birinji ugur ikinji ugruň bir bölegidir. Şol bir wagtda-da ol jemgyýetiň demokratiki özgerişiniň esasy iteriji güýji bolup çykyş edýar. Döwletiň hukuk kadalary adamlaryň ýuridik dünýägaraýşyny kemala getirip, jemgyýetde düzgün-nyzamy ýola goýýar. Hormatly Prezidentimiziň demokratik gurluş görnüşinde häsiýetlendirýän türkmen jemgyýetiniň häzirki derejesi döwletiň demokratiki özgerişi ugrukdyrmagynda ýetilen menzil bolýar. **Birinji ugur,** ýokarda görkezilşi ýaly, Esasy Kanunymyzda kesgitlenilen hukuk döwletini gurmak, şonuň bilen bir hatarda ýurtda konstitusion düzgüniň, döwlet häkimiýetiniň edaralarynyň, döwlet häkimiýetiniň ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýet häkimiýetlerine bölünmeginiň, ýerli häkimiýet edaralarynyň hem ýerli öz-özüni dolandyryşy sazlaşykly guramagyň, adam hukuklaryny, azatlyklaryny kanun esasda hem hakykat ýüzünde üpjün etmegiň kemala gelşiniň, hereket edişiniň demokratik häsiýetini öz içine alýar. **Ikinji ugur** ýokarky çäreler bilen bir hatarda häzirki döwürde çözülýän we indi çözülmeli meseleleri hem öz içine alýar. Bu meseleler biziň garaýan meselelerimiz bile gönümel bagly bolany sebäpli, olaryň käbiriniň üstünde durup geçeliň. Ilki bilen, bu ýerdäki özgerişiň raýat jemgyýetiniň dürli görnüşdäki jemgyýetçilik başlangyçlarynyň ösen görnüşdäki düzümini kemala getirmek bilen baglanyşykly meseledigini bellemeli.

Raýatlaryň meýletin birleşmeleri nä derejede jemgyýetçilik durmuşyny gurnamaga işewür gatnaşýandygyny ösen ýurtlaryň tejribesi görkezýär. Sözüň doly manysynda demokratik jemgyýet ösen raýat jemgyýetidir. Biziň Türkmen jemgyýetimiziň hem şeýle derejä galmagyna esaslar bar. Halkymyzyň gadymdan gelýän däbi köpçülik tarapyndan amal edilýän il bähbitli işlerini ilkinji orunda goýmak bilen bagly. Şu ýerdäki mümkinçilikler göz öňünde tutulyp, ýurdumyzda raýat jemgyýetini demokratiýalaşdyrmak ýoly bilen amal edilýär. Bu ýerde başlanan işleriň esasynda demokratiki ýörelgeleriň many-mazmunynyň açylmagy ýurtda geçýän özgerişleriň hem maksady, hem-de esasy şerti bolýar.

**Adamlaryň syýasy-hukuk medeniýeti.** Demokratiki jemgyýeti kemala getirmegiň ýene bir tarapy raýatlaryň demokratik kadalar we nusgalar esasynda pikir ýöretmek hem-de özlerini alyp barmak aýratynlyklary bilen baglydyr. Bu hem adamyň syýasy we hukuk medeniýeti bilen kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň belent wezipä geçip yglan eden ýurduň ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmek baradaky ilkinji permandyr kararlary hut şu wezipäni amal etmek bilen baglanyşyklydyr. Olaryň durmuşa geçirilmeginiň nä derejede jemgyýetiň özgermegine täsir edýänligini biz aýdyň görýäris. Adamlaryň ylym-bilim we hünär almaklaryna giňden ýol açyldy.

Adamlaryň hukuk medeniýetiniň berkemegi köp zat bilen baglydyr. Syýasy medeniýet adamyň umumy medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolup, onuň syýasy häkimiýetde özüni alyp barşynyň özboluşlylygy hökmünde çykyş edýär. Ol köp derejede adamlaryň ýaşaýyş durmuşy, geljege bolan ynamy bilen bagly.

Şu nukdaýnazardan demokratik jemgyýetiň kemala gelmegi üçin esasy şertleriň biri bolup, ýurtda ýokary derejeli ýaşaýyş şertlerini döretmäge gönükdirilen sosial gorawly ykdysadyýetimiz çykyş edýär.

Adamlaryň durmuş ýagdaýlaryny gowulandyrmak bilen baglanyşykly işleriň depgini ýyl-ýyldan ýokarlanýar. Ony biz «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgermek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň» çäklerinde ähli welaýatlarda we etraplarda alnyp barylýan işlerde görýäris. Bu işiň möçberini obalarymyzda, şäherlerimizde alnyp barylýan işlerde hem, şonuň ýaly-da bütin ýurtda alnyp barylýan sosial maksatly işlerde hem görkezýär, özi hem bu işleriň gün-günden göwrümi giňelýär. Her ýylda ýurdumyzda giňden bellenilip geçilen Bilimler we talyp ýaşlar güni paýtagtymyzda we welaýatlarymyzda açylan köpsanly döwrebap orta hem ýokary okuw mekdepleriniň, çagalar baglarynyň ajaýyp binalary munuň aýdyň subutnamasydyr. Umuman, bütin ýurtda ilatyň ýokary ýaşaýyş derejesi bilen ösen ýurtlaryň hataryna çykmagy maksat edinýän Türkmenistanyň täze ykdysady strategiýasy adamlaryň ynamly we döredijilikli ýaşamagyna täze maddy-tehniki esaslary döredýär.

Şu özgerişleriň esasynda kemala gelýän syýasy medeniýet adamlaryň öz bähbitleriniň özboluşlylygyna düşünmäge, olary syýasy ýörelgeleriň esasynda amal etmäge bolan ukybyny görkezýär. Syýasy medeniýet adamlaryň syýasy hereketiniň görnüşlerinde (mysal üçin, syýasy işewürliginde) syýasata, syýasy edaralaryň işine oňaýly garaýyşlarynyň esasynda ýüze çykýar. Ony biz häzirki döwürde adamlaryň saýlawlara gatnaşygynda aýdyň görýäris.

**Milli demokratiýa we öz-özüni dolandyryş. Bu ýerde jemgyýetçilik guramalaryň we syýasy partiýalaryň orny.** Türkmenistanda demokratiýanyň ýaýbaňlanmagynda ýerli öz-özüni dolandyryş wajyp orny eýeleýär. Onuň esasy mak-

satlarynyň biri adamlary birikdirmek, olaryň maksatlaryny göz öňünde tutup bir umumylyga öwürmek bolýar. Türlmenistanda ýerli öz-özüni dolandyryşyň esasyny Geňeşler düzýär. Geňeşler şäherleriň, şäherçeleriň, obalaryň çäklerinde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edaralary bolýarlar. Geňeşiň esasy wezipesi öz çäkleriniň ykdysady, sosial we medeni ösüşiniň esasy ugurlaryny kesgitlemek, ýerli salgytlary we ýygymlary almagyň tertibini kesgitlemek, tebigy baýlyklary rejeli ulanmak we daşky gurşawy goramak boýunça çäreleri kesgitlemek bolýar. Biz ýokarda olar barada durup geçipdik. Bu ýerde her bir raýatyň özüni jemgyýetiň düzüm bölegi hökmünde duýmagy, kabul edilýän çözgütlere täsir edýän mümkinçiligini döredýän ilatyň wekilçilikli gatnaşygynyň kämilleşmegi bilen bagly meselelere ünsi çekeliň.

Soňky ýyllaryň syýasy tejribesi biziň ýurdumyzda wekilçilikli gatnaşyklaryň gymmatlyklary giňişleýin açýandygyny, demokratiki ýörelgeleriň hil taýdan täze derejä çykýandygyny we jemgyýetiň köppartiýaly syýasy ulgamynyň kemala gelýändigini görkezýär. Bu ýerde, ýokarda bellenilişi ýaly, garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllaryndan bäri hereket edýän Türkmenistanyň Demokratik partiýasy, 2012-nji ýylyň awgust aýyndan işläp başlan Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy we 2014-nji ýylyň 27-nji sentýabrynda döredilen Türkmenistanyň Agrar partiýasy jemgyýetiň syýasy durmuşynda geçän özgerişlere özboluşly öwüşgin berýär.

Türkmenistanda kemala gelýän köppartiýaly syýasy ulgam adamlaryň ýaşaýşa, geljege bolan ynanjyny berkidip, olaryň döredijilik we özgerdijilik ukyplaryny açmaklaryna kömek berýän syýasy güýç bolýar. Şonuň üçin, Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, halkymyzyň mukaddesliklere öwrülen ruhy-medeni gymmatlyklarynyň, ajaýyp däp-dessurlarynyň, akyldarlarymyzyň pähim-paýhasynyň döwrümiziň janly durmuşyna gatyşmagyny gazanmagy talap edýän döwründe biziň partiýalarymyz özleriniň bu ugurdaky wagyz-nesihat işlerine aýratyn üns bermelidirler. Milletiň döreden mukaddeslikleri ynanç esasynda durmuşa gaýtarylyp getirilýär. Bu hakykylyk hem Watana we halka bolan söýgini döredýär. Diýmek, ýurdumyzda hereket edýän partiýalar şu gün durmuşa girişýän ýaş nesli milletiň mukaddesliklere öwrülen asyl ruhy gymmatlyklary esasynda terbiýelemek ugrunda alyp barýan işlerini has hem işewürleşdirmelidir. Şu gün ähli jemgyýetçilik birleşmeleriniň bu ugurdaky işleri ähmiýetlidir, sebäbi adam şol ýörelgelerden ugur alyp, öz döwrüni aýdyň aňlamaga ukyply bolýar. Şonda ol diňe bir özüşiň we özgerişiň wajyplygyna akyl ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem şol wezipäni amal etmek başarnygyna hem eýe bolýar. Biziň häzirki nesillerimiz hem hormatly Prezidentimiziň öňe süren Berkarar döwletiň bagtyýarlyk ýörelgesiniň üsti bilen şeýle ukyba eýe bolup, şu günki türkmen jemgyýetinde milletiň asyl gymmatlyklarynyň esasynda döwrüň gymmatlyklaryny özleşdirip, ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwlete öwürmek ugrunda alnyp barylýan işlere öz goşandyny goşmalydyrlar.

Biziň jemgyýetimize bazar ykdysadyýetiniň gymmatlyklarynyň işewür girişýän döwründe syýasy partiýalaryň adamlaryň gatnaşyklaryny has ynsanperwerleşdirmek, dost-doganlyk gatnaşyklaryny, ýoldaşlyk duýgularyny berkitmek ugrunda alyp barýan işleri wajyp. Onuň üsti bilen köppartiýaly syýasy ulgam özüniň düýp many-mazmunyny açýar, dürli sosial toparlara girýän adamlary jebisleşdirýär. Demokratiýa halk häkimiýetini amal etmäge her bir adamyň gatnaşmagyna ýol açmakdyr. Bu ýörelge diňe bir syýasy gurşawda däl, eýsem ykdysadyýetde-de, medeniýetde-de wajypdyr. Bagtyýarlyk döwründe adamlaryň arasynda ýoldaşlyk gatnaşyklary berkeýär.

Hakykatdan hem, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hereket edýän we geljekde döräp hereket etjek her bir raýatlaryň birleşmesi ýurtda öňe sürlen başlangyçlaryň giňden durmuşa ornaşmagyna, Türkmenistanyň demokratik taýdan has hem ösmegine ýardam edip, jemgyýetiň syýasy durmuşynda öz mynasyp ornuny tapyp biler. Jemgyýetçilik guramalarynyň syýasatdaky orny döwlet gurluşynyň wezipelerini çözmäge, ilkinji nobatda bolsa, ýaşaýyş-durmuş syýasatyny amala aşyrmaga gönügýär. Netijede, jemgyýetiň her bir birleşmesi özüniň sosial esasy bolan adam toparlarynyň bähbitlerini döwlet syýasatynda aňlatmak we durmuşa geçirmek üçin döwlet edaralary, jemgyýetçilik guramalary, öz agzalary bilen bilelikde işläp, wekilçilik edýan toparynyň her bir agzasynyň Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistany berk binýatly, kuwwatly, abadan, senagat taýdan ösen, bäsdeşlige ukyply döwlete öwürmäge öz saldamly goşandyny goşmaga çalyşýarlar.

Jemgyýetimiziň ähli ugurlarynda bolup geçýän özgerişler türkmen demokratiýasynyň ösüş ýoluna düşendigini görkezýär. Elbetde, Ýurtbaştutanynyň belleýşi ýaly, türkmen demokratiýasy entek ýaş, ol entäk hakyky manysynda berkemeli we pugtalanmaly, ýöne hakyky halk häkimiýetini, döwletiň hyzmatdaşy hökmünde raýat jemgyýetini döretmegi üpjün etmek boýunça ädilýän ädimleriň adamzat ösüşiniň ugry boýunça hereketiň synagdan geçen ýoly bilen öňe ilerleýändigine şaýatlyk edýär.

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Ýurdumyzda geçýän demokratiki özgerişi häsiýetlendiriň.
2. Demokratiýanyň syýasy ýa-da syýasy-hukuk nukdaýnazardan derňelmeginiň aýratynlygy nämede?
3. Demokratik ýörelgeler jemgyýetiň syýasy gurşawyndan daşgary onuň haýsy gurşawlarynda ýüze çykýar?
4. Türkmenistanyň ykdysady ulgamynyň ösüşinde demokratiýanyň ýüze çykyşynyň aýratynlygyny nämede görýärsiňiz?
5. Türkmen döwletiniň demokratik mümkinçiliklerini häsiýetlendiriň.
6. Jemgyýetiň we döwletiň syýasy mümkinçilikleriniň biri-biri bilen baglanyşygy we tapawudy nämede?
7. Adamlaryň syýasy-hukuk medeniýetiniň many-mazmuny nämede?
8. Milli demokratiýa we öz-özüni dolandyryş nähili baglanyşykda bolýarlar?

# V BAP
# TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ AÝRATYNLYKLARY

## 1-NJI SAPAK. TÜRKMENISTANDA ÝURDUŇ YKDYSADYÝETINI ÖSDÜRMEGIŇ TÄZE NUSGASY

*Durmuş maksatly bazar ykdysadyýeti. Bazar gatnaşyklaryna geçmegiň türkmen nusgasynyň aýratynlyklary. Türkmenistanyň ykdysadyýetini we eksport kuwwatlyklaryny diwersifikasiýalaşdyrmak. Halkara bazarlarda bäsdeşlige ukyply taýýar önümleri öndürmek. Daşary ýurt maýagoýumlaryny ýurduň ykdysadyýetine çekmegiň ykdysady we hukuk binýatlary. Ýurtda sanly ykdysadyýet ulgamyny ösdürmek.*

*Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdeji binýadyny berkitmek we şonuň esasynda durmuş, medeni-durmuşy meseleleri çözmäge gönükdirilen maýagoýum serişdelerini artdyrmak. Ýurtda döwlet kärhanalaryny dolandyrmagy kämilleşdirmek. Türkmenistanda hususy telekeçiligi ösdürmegi höweslendirmek we olara döwlet goldawyny bermek. Zähmet haklaryny, pensiýalary, talyp haklaryny, kömek pullaryny ýokarlandyrmak. Türkmenistanda täze kärhanalary we iş ýerlerini döretmek. Türkmenistanyň tebigatyny goramak we ekologiýa çäreleri.*

*Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlary. Esasy makroykdysady görkezijileriň ösüşi.*

### Durmuş maksatly bazar ykdysadyýeti

Türkmenistan öz garaşsyzlygyny gazanandan soňra uly öňegidişlikleri gazandy. Durmuş ugurlaryna nazarlandyrylan bazar ulgamynyň milli nusgasy kemala getirildi. Merkezleşdirilen ykdysadyýetden bazar ykdysadyýetine geçmek bilen baglanyşykly kynçylyklar aradan aýryldy, ýurdumyzda syýasy durnuklylyk saklanyldy. Ykdysadyýetiň ähli pudaklary ýokary depginler bilen ösýär. Netijede, ýurduň ilatynyň durmuş derejeleri ýokarlanýar.

Durmuş maksatlaryna nazarlandyrylan bazar ykdysadyýetiniň aýratynlyklary bilen Ykdysady nazaryýet dersinde tanşyldy. Bu ýerde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň eserlerine, ilki bilen hem «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» okuw gollanmasyna esaslanylyp, durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň has ösen görnüşi hökmünde kesgitlenilýändigi bellärliklidir. Onda hojalygy ýöretmegiň bazar erkinligi sosial goraglylyk ýörelgesi bilen utgaşýar. Durmuş bazar ykdysadyýetini emele getirmegiň maksady ykdysady erkinligi we tagallany hojalygy ýöretmegiň bazar usuly esasynda üpjün edilen durmuş ösüşi bilen birleşdirilip jemlenilýär. Ol döwletiň durmuş maksatly meseleleri çözmäge işjeň gatnaşmagyny göz öňünde tutýar.

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde bazar gatnaşyklaryna geçmek ilata berk sosial goragy üpjün etmek şertinde alnyp barylýar. Bu ýerde esasy wezipeleriň biri

ýurdumyzda ýaşaýyş-durmuş maksatly, garyşyk görnüşli ösen bazar ykdysadyýetini döretmekden ybaratdyr. Ýurduň durmuş-ykdysady ösüşini kesgitleýän bu iş dünýäniň ösen ýurtlarynyň tejribesini öwrenmek esasynda amal edilýär. Durmuş bazar ykdysadyýetini emele getirmegiň tejribesi ykdysady ulgamyň bu görnüşiniň esasy ýörelgelerini döretmäge mümkinçilik berýär. Olar:

1. Durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetini hukuk döwletiniň şertlerinde amal etmek ýörelgesi.

2. Ählumumy abadançylyk üçin maddy esas hökmünde ykdysady ösüşiň durnuklylygynyň ýörelgesi.

Durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň manysy döwletiň raýatlarynyň mynasyp we howpsuz ýaşaýşynyň kepili bolup, durnuklylygy we ähli ýagdaýlaryň hukuga laýyklygyny üpjün etmek maksatlary bilen bazar ykdysadyýetiniň dolandyrylyşyny öz içine alýanlygy bilen baglydyr.

Bazar ykdysadyýetiniň sosial ugra nazarlandyrylan derejesi kesgitlenende ýurduň jemi içerki önüminiň sarp edişe we maýa toplamaga gönükdirilişiniň gatnaşygy esasy jemleýji görkezijileriň hataryna girýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmen döwleti jemi içerki önümiň esasy böleginiň sarp edişe gönükdirilmegi babatynda yzygiderli alada edýär. Munuň netijesinde ilatyň zähmet haklary, pensionerleriň pensiýalary, talyp haklary, döwlet kömek pullary yzygiderli ýokarlandyrylýar. Edara-kärhanalar, sosial pudaklar sarp ediş maksatly harytlar bilen ýeterlik derejede üpjün edilýär.

Bu ýerde döredilen jemi içerki önüm diňe bir däp boýunça emele gelen görnüşleriň üsti bilen paýlanylman, eýsem «adam faktorynyň» ösüşi üçin goýlan goýumlaryň üsti iri kompaniýalar, şeýle hem döwlet tarapyndan berlen serişdeler bilen doldurylýar (bilim ulgamyny, şol sanda dürli hünärli işgärleri gaýtadan taýýarlamagy, ilata lukmançylyk hyzmatlaryny kämilleşdirmegi, durmuş hajatlaryny maliýeleşdirmegi).

Şu wezipeleri amal emek üçin durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýeti:

– **birinjiden,** bäsdeşlikli ykdysadyýeti ösdürmek üçin şertleri we döwletiň bazary ykdysady kadalaşdyryşynyň ugurlaryny;

– **ikinjiden,** ykdysadyýetiň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen döwlet syýasatyny we jemgyýetde durmuş adalatlylygynyň üpjün edilmegini;

– **üçünjiden,** hususy eýeçilige eldegrilmezligi we goldawy, ykdysadyýetiň netijeli döwlet ulgamy bilen onuň amala aşyrylyşynyň üpjünçiligini hasaba almalydyr. Şolaryň esasynda bazar ykdysadyýetine geçmegiň türkmen nusgasy döreýär.

## Ýurduň ykdysadyýetini bazar gatnaşyklaryna geçirmegiň türkmen nusgasynyň häsiýetli aýratynlyklary we bazar özgertmeleriniň esasy ugurlary

Ýurduň ykdysadyýetini ösen döwletleriň derejesine çykarmagy maksat edinip, Türkmen döwleti ykdysadyýeti mundan beýläk-de ýokary depginlerde ösdürmek, ykdysady ösüşi sosial meseleleriň çözgüdine gönükdirmek babatynda düýpli işleri

geçirýär. Şol wezipeleriň hataryna ykdysady ösüşiň nusgasyny we strategiýasyny işläp düzmek meselesi goşulýar. Onuň bilen baglanyşykly meseleler Türkmenistanyň geljekki ykdysady ösüşiniň maksatlaryny, ýörelgelerini, ugurlaryny we özgertmelerini özünde jemlemek bilen, onuň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş derejesiniň düýpli ýokarlanmagyny üpjün edýär. Bazar ykdysadyýetiniň adamlaryň durmuş goraglylygyny üpjün etmegi döwletiň ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyny talap edýär. Şu ýerdäki, şol sanda biziň ýurdumyzyň ykdysadyýetini bazar gatnaşyklara geçirmegiň türkmen nusgasyny döretmek bilen baglanyşykly meseleler Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly iki tomluk okuw gollanmasynda giňişleýin garalýar. Onda bu işiň üç esasy pursadyna üns çekilýär. Olar:

1. *Bazar ykdysadyýetiniň hereket etmegi üçin hukuk meýdanyny döretmek.* Döwlet – bazar subýektleriniň özlerini alyp baryşlarynyň (köplenç, aýdylyşy ýaly, «oýnuň düzgünleri») kadalaryny belleýän institut. Hususan-da, muňa durmuş-ykdysady kadalaryň, önümçiligiň işläp taýýarlamalary diýlip düşünilýär. Olar diňe bir ykdysadyýetiň özi bilen däl-de, eýsem durmuş, ekologiýa, ynsanperwer (gumanitar) çäklendirijiler bilen hem kesgitlenilýär. Döwlet diňe bir özüňi alyp barşyň kadalaryny işläp taýýarlaman, eýsem bazaryň subýektleriniň olary ýerine ýetirmegiň goragynda hem durmalydyr.

2. *Ykdysady işlerde bäsleşikli başlangyçlary goldamak, bäsdeşlige garşy (mysal üçin, monopoliýa) güýçleri çäklendirmek (zerur bolan halatynda aradan aýyrmaga çenli).* Bu çäklendirme eýeçiligiň görnüşine we monopoliýalaryň öz häsiýetine (hususy ýa-da döwlet, amaly ýa-da ykdysady) garamazdan geçirmelidir.

3. *Makroykdysady ösüşiň esasy wezipelerini çözmek.* Olar bazar tarapyndan çözülmeýär ýa-da ýeterlik netijeli çözülmeýär, kem-käsleýin, bökdençlik bilen çözülýär. Bazar guralynyň goraglylygyny, onuň hereketiniň netijeliligini we onuň durmuşa gönükdirilişini üpjün etmelidir.[64] Döwletiň ykdysadyýete şeýle oňaýly täsiri ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň netijeliliginiň kepilnamasy bolýar. Umuman, halkymyzyň asyl ruhy ýörelgelerine we häzirki zamanyň ösen döwletleriniň tejribesine laýyklykda ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň täze modeli döreýär.

Türkmenistanyň bazar ykdysadyýeti boýunça dünýäde toplanan iň gowy tejribäni özünde jemleýän özbaşdak milli modeli Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly maksatnamalaýyn eserinde açyp görkezýär. Eýsem şol modeliň aýratynlyklaryny nähili häsiýetlendirse bolar? Häzirki özgertmeler zamanasynda Türkmenistanyň **durmuş-ykdysady ösüş nusgasy:**

– syýasy durnuklylygy, howpsuzlygy, durmuş taýdan adalatlylygy we jemgyýetçilik tertibiniň goraglylygyny üpjün edýän netijeli döwlet häkimiýetini;

---

[64] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. A.: TDNG, 2010, 35 sah.

– dürli eýeçilik görnüşleriniň deňligini, olaryň esasynda hojalygy netijeli ýöretmek ýörelgesiniň goýlanlygyny;

– dünýä hojalygynyň arabaglanyşyklarynyň globallaşýan şertlerinde ýurduň daşary ykdysady syýasatynyň köpugurlylygyny;

– Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi hem-de dünýä ýurtlary bilen utgaşykly arabaglanyşyklaryň, ilkinji nobatda-da, ykdysady gatnaşyklaryň çuň we iki tarapa bähbitli esasda ýola goýulmagyny;

– döwletiň ýokary netijeli durmuş syýasatyna, saglygy goramaga, bilime, ylma, adamynyň hünär we medeni ösüşine, şeýle hem ilatyň durmuş goldawyna uly möçberlerde maýagoýumlaryň gönükdirilmegini özünde jemleýär.

Türkmenistanyň durmuş ugurlaryna nazarlandyrylan bazar ykdysadyýetiniň nusgasy gutarnykly görnüşinde kemala gelen we düýpli häsiýetleri özünde jemleýän ykdysadyýetdir. Gatyşyk eýeçilik görnüşlerine daýanyp ösmek, kämil telekeçiligiň we bazar infrastrukturasynyň ösen gatnaşyklaryny özünde jemlemek, döwlet tarapyndan kadalaşdyrmak arkaly amala aşyrmak ýokary zähmet öndürijiligini gazanmaga şertler döretmek – bu ykdysadyýetiň düýpli häsiýetli aýratynlyklarydyr. Bu nusga jemgyýetiň arassa zähmet bilen meşgullanýan agzalaryna ýokary derejeli maddy hal-ýagdaýy, zähmete ukypsyzlara, gartaşan adamlara we maýyplara mynasyp durmuş üpjünçiligi ygtybarly kepillendirýär, raýatlaryň hukuklaryny hem azatlygyny konstitusion esasda kepillendirmek ýörelgelerine esaslanýar, telekeçilik hem-de ynsaply bäsleşik erkinligini döredýär, hünäri, şeýle-de iş ýerini saýlap almagy eýeçiligiň ähli görnüşleriniň deňligini, olaryň goragyny hem-de şahsy adamlaryň, jemgyýetiň bähbitlerine hyzmat etmegini üpjün edýär.

Türkmenistanyň ykdysady nusgasy, onuň ykdysadyýetiniň açyk ulgam bolýanlygy sebäpli, özgermäge we kämilleşmäge ukyply bolýar. Ony mundan beýläk-de kämilleşdirmek we ösdürmek üçin ýokary depginli ykdysady ösüşi üpjün etmek; jemi içerki önümiň düzümini kämilleşdirmek; ykdysadyýeti, ilkinji nobatda, senagat önümçiligini diwersifikasiýalaşdyrmak, ýokary tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan, ekologiýa taýdan arassa gaýtadan işleýän senagat pudaklarynyň ykdysady ösüşe goşandyny artdyrmak gerek bolýar.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda bu ýerdäki wezipeler dolulygyna göz öňünde tutulýar. Olardan görnüşi ýaly, biziň milli nusgamyzyň ahyrky maksady durmuş maksatnamalaryna gönükdirilen garyşyk görnüşli ösen bazar ykdysadyýetini döretmekdir, ilatyň ähli gatlaklaryna mynasyp ýaşaýyş derejesini üpjün edýän, işgärleriň ählisini ýokary ahyrky netijeliligi gazanmaga gönükdirýän ösen döwlet pudaklary bolan, işewür telekeçilikli we netijeli bazar gatnaşyklary bolan täsirli makroykdysady düzgünleşdirijili ulgamy ýuwaş-ýuwaşdan we tapgyrlaýyn emele getirmegi göz öňünde tutýar.

Saýlanyp alnan ösüş ýolunyň ähmiýetine göz ýetirmek üçin amala aşyrylan işlere nazar aýlalyň:

– 1991–2016-njy ýyllaryň dowamynda biziň ýurdumyzda 144 milliard amerikan dollaryndan hem köp bolan düýpli maýagoýumlar özleşdirildi. Şol döwürde 544 sany önümçilik we önümçilik däl desgalary guruldy hem işe girizildi. 35 million inedördül metre golaý ýaşaýyş jaýlary ulanylmaga berildi. Geçen döwürde senagat önümleriniň möçberi ýedi esseden hem köp artdy[65]. 1995–2015-nji ýyllar aralykda 187 sany hassahana we bejeriş-sagaldyş merkezleri, 394 sany dürli mekdepler, 310 sany çagalar bagy, 94 sany medeniýet edarasy, 39 sany ýokary derejeli myhmanhana, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň 70-den gowragynyň edara binasy, elektrik beketleri, demir ýollar, howa menzilleri, iri köprüler, gaz geçirijileri gurlup ulanylmaga berildi[66].

Şolaryň netijesinde ýurduň ösüşi üçin täze esaslar döreýär. Ýurduň geljekki ösüşi kesgitlenilende şol esaslaryň täsiri hökman göz öňünde tutulmaly. Hawa, ýurduň uzakmöhletleýin ösüşi bilen baglanyşykly meseleler çözülende, oňa täsir edýän diňe bir içerki däl, eýsem daşarky şertleri hem göz öňünde tutmaly bolýar. Bu hem köptaraply derňewi talap edýär. Milli Liderimiz 2017-nji ýylyň 9–10-njy oktýabrynda geçen Tütkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda eden çykyşynda soňky ýyllarda dünýäde bolup geçen käbir ykdysady we syýasy wakalaryň ýurdumyzyň ykdysady ösüşine belli bir derejede ýaramaz täsirini ýetirendigini belledi[67].

Hakykatdan hem, şol ýyllar dünýä ykdysadyýetiniň ösüş depgini pese düşdi. Onuň sebäbi geosyýasy ýagdaýlar, dünýä bazarynda uglewodorod serişdeleriniň bahasynyň peselmegi, Türkmenistanyň esasy söwda-ykdysady hyzmatdaşlary bolan ýurtlaryň ykdysadyýetiniň ýeterlik derejede durnuksyz ösmegi, erkin ýörgünli daşary ýurt pulunyň hümmetiniň üýtgemegi, gazna bazarlarynda gymmatly kagyzlaryň durnuksyz ýagdaýy hem-de beýleki täsirler bilen baglydyr.

Dünýäniň ýurtlarynda ýüze çykan şu hili ýagdaýyň biziň döwletimiz tarapyndan düýpli öwrenilmegi ýurdumyzyň geljekki ýedi ýylyň dowamynda durnukly ösüşini amal etmegiň maksatlaryna we wezipelerine düzetmeleri girizmäge gönükdirilen garaýyşlary jemlemäge mümkinçilik berdi. Şonuň esasynda hem ýurdumyzyň geljekki ýedi ýylda ösüşini kesgitleýän «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» işlenip düzüldi.

Maksatnamada geljekki ýedi ýylda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatlary, öňde duran wezipeler, esasy ýörelgeler, ileri tutulýan ugurlar we garaşylýan netijeler kesgitlenilendir. Bu ýerde, ilki bilen, makro ykdysady dolandyryşy gowulandyrmak üçin gerek bolan çäreleri görmek göz öňünde tutulan. Maksatnamada ýakyn 7 ýylyň dowamynda ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň ösüş depginini 6,2–8,2% derejesinde saklamak meýilleşdirilýär.

---

[65] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan. – A.: TDNG, 2016.

[66] Türkmenistan. 2015-nji ýylyň 5-nji dekabry.

[67] Türkmenistan. 2017-nji ýylyň 10-njy oktýabry.

Şu ýyllaryň dowamynda ýurdumyzyň ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdüriler. Maksatnamany durmuşa geçirmek üçin işjeň maýagoýum syýasaty alnyp barlar. Ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek ulgamyna esasy maýagoýum hökmünde 229,3 milliard manatdan gowrak serişde goýberiler. Şu döwürde nebit-gaz toplumyna 152,1 milliard manat möçberinde dürli maýagoýumlar gönükdiriler[68].

Ýurduň ykdysady kuwwatynyň ýokarlanmagy Türkmen döwletiniň adamzadyň öňünde duran meseleleri çözmäge öz goşandyny goşmaga mümkinçilik berýär. 2017-nji ýylyň 10-njy noýabrynda geçen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletleriň 2015-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda kabul eden Durnukly ösüş boýunça maksatlaryny Türkmenistanda amala aşyrmak bilen bagly meselelere garaldy. Halkara giňişlikde durnukly ösüşiň maksatlarynyň bähbidine hyzmatdaşlygy has-da berkitmek Türkmenistanyň ileri tutýan ugry bolýar. Bu ugurda BMG bilen bilelikde toplumlaýyn netijeli işleri geçirmek arkaly 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş babatda Gün tertibinde kesgitlenilen maksatlara ýetmek üçin zerur çäreleri geçirmegiň gerekligi bellenildi we öňde duran esasy wezipeler kesgitlenildi. Türkmenistanyň bu ugurda alyp barýan işleri ýurt Ýolbaşçysynyň «Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatnamasyna ýetmegiň ýolunda» atly eserinde giňişleýin beýan edilýär.

Görşümiz ýaly, Türkmenistanyň saýlap alan we durmuşa ynamly ornaşdyrýan ykdysady nusgasy özüniň asyl manysynda köpugurly häsiýete eýe bolmak bilen, her bir başlangyjynda ilata durmuş amatlyklaryny üpjün etmäge hem-de adamzadyň öňünde duran gaýragoýulmasyz meseleleri çözmäge gönükdirilendir, sebäbi ol tutuşlygyna halkyň bähbidine gönükdirilip, ynsanperwer ýörelgelere eýerýän kämil şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmegi maksat edinýändir.

## Türkmenistanyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklaýyn düzümini döwrebaplaşdyrmak babatynda uly işler amala aşyrylýar. Ykdysadyýeti kuwwatlanýan döwletimizde tehniki we tehnologik taýdan döwrebap enjamlaşdyrylan, dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply dürli görnüşli önümleri öndürýän, ýurduň içerki bazarlarynda importyň ornuny tutmaga, ýagny import önümlerine bäsdeşlik etmäge ukyply önümleri öndürýän önümçilik kärhanalarynyň toplumy köpelýär. Şunuň bilen baglylykda täze önümçilikleri döretmäge aýratyn üns berilýär.

Türkmen döwletiniň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak jähetinden ileri tutulýan ugur hökmünde gaýtadan işleýän kuwwatly pudaklary döretmek, olaryň hataryna himiýa we nebit-gaz himiýasy, gurluşyk materiallarynyň, dokma senagatyny, agrosenagat toplumynyň gaýtadan işleýji senagat pudaklaryny ýokary depginler

---

[68] Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasy. – A.: TDNG, 2019, 98-145 sah.

bilen ösdürmek maksat edilip goýulýar. Ylmy köp talap edýän, elektron harytlaryny öndürýän, ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny özünde jemleýän önümçilikler giň gerimlerde döredilýär. Bu işleriň netijesinde ýurdumyzyň eksport edýän önümleriniň görnüşleri artyp, harytlaryň importynyň möçberi peselip, düzümi kämilleşer.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda ýurduň ykdysadyýeti, köp derejede gazylyp alynýan baýlyklara daýanyp ösýärdi. Häzirki döwürde uly möçberli nebit-gaz taslamalaryny işläp düzmek bilen bir hatarda, ýurduň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmaga, ýagny onuň düzüminde ýokary hilli harytlary öndürýän gaýtadan işleýän senagat pudaklarynyň ösdürilmegine aýratyn üns berilýär. Häzirki döwürde gaýtadan işleýän pudagy ösdürmekde ýurt Ýolbaşçysynyň 2013-nji ýylyň sentýabr aýynda Ýaponiýa bolan döwlet saparynyň we onuň netijesinde gazanylan ylalaşyklaryň aýratyn ähmiýete eýe bolandygyny bellemeli. Şol saparyň dowamynda birnäçe taslamalary durmuşa geçirmek barada ikitaraplaýyn resminamalaryň birnäçesine gol çekildi. Şonda ýangyç-energetika we himiýa pudaklaryndaky ylalaşyklar uly orny eýelediler. Şolaryň arasynda tebigy gazy gaýtadan işlemek we şonuň esasynda ýurdumyzda suwuk ýangyç we benzin öndürýän zawodlary gurmak baradaky çarçuwaly ylalaşyklara gol çekildi, şeýle hem polietilen we polipropilen öndürýän gazhimiýa toplumyny gurmak, Garabogaz şäherinde ammiak we karbamid öndürýän zawodyň taslamasyny düzmek we ulanmaga bermek barada we beýleki ylalaşyklar baglaşyldy. Bu gün Ýaponiýada gazanylan ylalaşyklar işewür durmuşa geçirilýär.

2014-nji ýylyň 22-nji aprelinde Balkan welaýatynyň Gyýanly şäherçesinde gazhimiýa toplumynyň düýbi tutuldy. Ol toplum ýylda 386 müň tonna polietilen we 81 müň tonna polipropilen öndürer. Şol ýylyň 18-nji awgustynda bolsa ýurdumyzyň senagatlaşmagynda uly orun eýelejek ýene bir desganyň – Garabogaz şäherinde ammiak we karbamid öndürýän zawodyň düýbi tutuldy. Ol bir gije-gündiziň dowamynda 3500 tonna, ýylda bolsa 1 million 155 müň tonna karbamid öndürer. 2014-nji ýylyň 26-njy awgustynda Ahal welaýatyndaky Owadandepe gaz-himiýa pudagynda düýpgöter täze ugry açýan ýene bir desganyň – tebigy gazdan benzin öndürýän dünýäde ilkinji toplumyň düýbi tutuldy. Täze zawod her ýylda 1 milliard 785 million kubometr gazy gaýtadan işlär. Bu ýerde ekologiýa taýdan iň ýokary talaplara laýyk gelýän Ýewro-5 standarty boýunça A-92 kysymly benziniň 600 müň tonnasy öndüriler[69]. Ýokarda görkezilen toplumlar 2018–2019-njy ýyllarda işe girizildi.

Türkmenistanda nebit-gaz pudagyndan başga ileri tutulyp, ösdürilmeli ugurlaryň hataryna ulag we aragatnaşyk, dokma, agrosenagat toplumy, himiýa we nebit-gaz himiýasy, gurluşyk we gurluşyk materiallary senagaty, elektron önümçiligi, güntehniki serişdeleri öndürmek degişli edilendir. 2015-nji ýylyň oktýabr aýynyň aýagynda Ýaponiýanyň Premýer-ministri Sindzo Abeniň Türkmenistana saparynyň çäklerinde gaýtadan işleýän pudagy ösdürmek bilen baglanyşykly 18 milliard amerikan dollaryna golaý maýagoýumlary özleşdirmek barada ylalaşyklar gazanyldy[70].

[69] Türkmenistan. 2014-nji ýylyň 23-nji apreli.
[70] Türkmenistan. 2015-nji ýylyň 24-nji oktýabry.

2017-nji ýylyň 23-nji iýunynda geçen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde iri gaz we nebithimiýa pudaklaryny döretmek boýunça ýakyn on ýyla meýilleşdirilip düzülen taslama garaldy. Bu resminama sebit we dünýä bazarlaryndaky ýagdaýlary hem-de gazhimiýa önümlerine islegleri seljermek arkaly taýýarlanylyp kabul edildi. Onuň esasynda ýurdumyzyň Lebap, Mary, Daşoguz, Balkan welaýatlarynda tebigy gazdan butadion-stirol kauçuk, polistrol, suwuklandyrylan gaz, pes dykyzlykly polietilen we beýleki önümleri öndürjek birnäçe gazhimiýa toplumlarynyň gurulmagy «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» göz öňünde tutulan. Bu resminamada göz öňünde tutulan taslamalaryň durmuşa geçirilmegi sebitleri toplumlaýyn senagatlaşdyrmak, milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan hem-de dünýä bazarlarynda uly isleg bildirilýän eksport önümleriniň öndürilişini artdyrmak boýunça wezipeleri çözmäge ýardam etjekdigi gümansyzdyr.

Ulag we aragatnaşyk ulgamy hem Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň diwersifikasiýalaşmagynda wajyp netije berjek ugurdyr. 2007-nji ýylyň 1-nji dekabrynda düýbi tutulan yklymlary birleşdirjek transmilli «Demirgazyk-Günorta» demir ýoly 2014-nji ýylyň 3-nji dekabrynda işe girizildi. 2016-njy ýylyň 28-nji noýabrynda Türkmenistan-Owganystan-Täjigistan demir ýolunyň Kerki-Ymamnazar-Akina bolegi işe girizildi. Şol ýylyň 17-nji sentýabrynda Aşgabadyň Halkara howa ýol menzili açyldy. 2018-nji ýylyň 23-nji fewralynda Serhetabat (Türkmenistan)-Turgundy (Owganystan) demir ýoly, şol aýyň 26-syna Türkmenabadyň Halkara howa menzili işe girizildi. Halkara ähmiýetli demir we gara ýollaryň gurulmagy, howa we deňiz menzilleriniň kämil derejä çykarylmagy ýurduň sebitlerini gyradeň ösdürmäge, olaryň tebigy baýlyklaryny rejeli we ýokary netijeli peýdalanmaga mümkinçilik döredýär. Ýurdumyz dünýäniň belli ulag-üstaşyr merkezleriniň birine öwrülýär.

Türkmenistanda häzirki döwürde ösen dokma toplumy hereket edýär. Şeýle-de bolsa geljekde pagtaçylyga gönükdirilen her etrapda dokma toplumy kärhanasyny gurmak wajyp wezipeleriň hatarynda goýulýar. Ýurduň tebigy şertleri we uly möçberli ýer-suw baýlyklary oba hojalygyny ösdürmäge hem munuň netijesinde ýokary hilli oba hojalyk önümlerini öndürmäge, olary döwrebap enjamlaşdyrylan kärhanalarda gaýtadan işlemäge hem-de dünýä bazarlaryna çykarmaga mümkinçilik berýär.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmagynyň görkezijisi hökmünde täzeden kemala gelýän elektron önümçiligini görkezse bolar. Bu pudak ýurt Ýolbaşçysynyň 2015-nji ýylyň iýul aýynda kabul eden Kararyna laýyklykda, ýurdumyzda elektron enjamlarynyň dürli görnüşleriniň önümçiligi boýunça kärhanalary döretmek baradaky döwlet maksatnamasy tassyklanyldy.

Maksatnama ýokary tehnologiýalar bilen üpjün edilen, serişde we energiýa tygşytlaýjy, ekologiýa taýdan arassa, bäsdeşlige ukyply elektron we elektrik tehni-

ka senagatynyň döredilmegine, içerki we daşarky bazara niýetlenilen enjamlaryň önümçiligine gönükdirilendir.

Hakykatdan hem, biziň ýurdumyzda kuwwatly gaýtadan işleýän pudak, ýokary tehnologiýalara daýanýan senagatyň täze pudaklary döreýär.

## Eksportyň diwersifikasiýalaşdyrylmagy

Häzirki döwürde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň eksportynyň, ilkinji nobatda hem uglewodorod serişdeleriniň iberilýän ugurlaryny köpeltmek boýunça, mineral dökünlerini öndürýän, gazy gaýtadan işleýän, gurluşyk materiallaryny, ozaly bilen hem sement öndürýän, elektrik energiýasyny işläp çykarýan we ençeme beýleki uly kärhanalaryň we önümçilik obýektleriniň onlarçasyny gurmak boýunça uly işler alnyp barylýar. 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý gaz geçirijisi açyldy. Bu gaz geçirijiniň hem-de gurluşygy göz öňünde tutulýan onuň dördünji şahamçasynyň üstünden geljekde Hytaýa her ýylda 65 milliard kub metr türkmen gazy eksport ediler. 2010-njy ýylyň ýanwar aýynyň başynda ulanylmaga berlen Döwletabat-Sarahs-Hangeran gaz geçirijisi ozalky Körpeje-Gurtguýy gaz geçirijisi bilen goňşy Eýran döwletine türkmen tebigy gazynyň eksportyny 20 milliard kubmetr ýangyja çenli artdyrmaga mümkinçilik döredýär. 2015-nji ýylyň 13-nji dekabrynda gurluşygyna girişilen Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan gazgeçirijisiniň 2018-nji ýylyň 23-nji fewralynda owgan böleginiň gurluşygyna girişildi. Ol geljekde Günorta Aziýanyň energetika gerekliliklerini kanagatlandyrmaga uly goşant goşar.

Şol bir wagtda nebit-gaz toplumynda nebiti we tebigy gazy gaýtadan işleýän nebithimiýa, gazhimiýa pudaklaryny ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Türkmenbaşynyň Nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň we Seýdiniň Nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň kuwwatlyklary, olarda öndürilýän nebit önümleriniň görnüşleri we hili artýar. Ýurdumyzda kuwwatly gazy gaýtadan işleýän zawodlar tehniki-tehnologiki taýdan kämilleşdirilýär, täze zawodlar gurulýar (ýokarda olar barada durlup geçilipdi). Bu ugurda, ýokarda bellenilişi ýaly, täze taslamalary amal etmek boýunça işler hem alnyp barylýar.

Türkmenistanyň eksportynyň düzümini kämilleşdirmek, onda taýýar önümleriň paýyny ýokarlandyrmak boýunça düýpli işler geçirilýär. Türkmenistanyň Prezidenti ýurduň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmagy, ýagny onuň haryt görnüşleriniň mukdaryny we paýlaryny artdyrmagy wajyp wezipeleriň hataryna goşýar. Ýurduň eksportynyň düzüminde ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny özünde jemleýän harytlary we agrosenagat toplumynyň önümlerini artdyrmak mümkinçilikleri ägirt uly bolsa-da, şindi doly ulanylmaýar. Türkmenistanyň himiýa we nebitgaz himiýasy pudagynyň, agrosenagat toplumynyň, gaýtadan işleýän beýleki senagat pudaklarynyň önümlerini uly möçberlerde daşary ýurtlara çykarmak mümkinçilikle-

ri bar. Eksporty diwersifikasiýalaşdyrmak esasynda artdyrmak Türkmenistanyň Prezidentiniň ykdysady syýasatynda ileri tutulýan meseleleriň biridir.

2015-nji ýylyň maý aýynda tassyklanylan, Türkmenistanda öndürilýän eksporta niýetlenilen önümleriň möçberlerini ardyrmak baradaky Döwlet maksatnamasy we Türkmenistanda daşary ýurtlardan getirilýän onümleriň ornuny tutýan önümçilik baradaky Döwlet maksatnamasy eksport-import sazlaşygyny kämilleşdirmäge gönükdirilendir. Mälim bolşy ýaly, şu maksatnamalaryň çäklerinde himiýa senagatynyň, oba hojalygynyň, gurluşygyň, ýeňil we azyk senagatynyň, beýleki pudaklaryň, şonuň ýaly-da ýurdumyzyň derman senagaty ulgamynyň ösüşine gönükdirilen 110-dan gowrak taslama durmuşa meýilleşdirilýär[71].

Ýurdumyzyň içerki bazaryny giňden öwrenmek arkaly, daşary ýurtlardan getirilýän harytlary özümizde öndürilýän harytlar bilen çalyşmak arkaly kadalaşdyrmak haryt bolçulygyny döretmegi we olaryň bahalarynyň durnukly bolmagyny hem peselmegini üpjün eder. Şeýlelikde, ýurdumyzda dünýa ykdysadyýetiniň globallaşmak we ýurtlaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň çuňlaşmak şertlerini nazarda tutýan, Türkmenistanyň Prezidentiniň täze daşary ykdysady syýasaty kemala geldi. Bu daşary ykdysady syýasatyň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr:

- Ýurduň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmak, gaýtadan işleýän senagatyň taýýar önümleri bilen dünýä bazarlaryna çykmagy ileri tutma.
- Tebigy gazy amatly ugurlar boýunça daşary ýurtlara çykarmak.
- Ýurduň eksportynyň düzüminde taýýar nebit önümleriniň paýyny ýokarlandyrmak.
- Ýurduň eksport kuwwatlylygyny himiýa we nebit-gaz himiýasynyň önümleriniň, elektrik energiýasynyň hem suwuklandyrylan gazyň hasabyna artdyrmak.
- Ýurduň eksportyny agrosenagat toplumlarynyň önümleriniň, aýratyn-da, gök önümleriň, bakjanyň, üzümiň, subtropik miweleriň hasabyna ýokarlandyrmak.
- Ýurduň daşyndan getirilýän önümleriň düzüminde çig mallaryň we materiallaryň, ilatyň sarp edýän azyk däl harytlarynyň paýyny ýerli önümçilikleri döretmegiň hasabyna peseltmek.
- Ýurtda döredilýän erkin ykdysady zolaklara daşary ýurt maýagoýumlaryny, maliýe serişdelerini çekmek arkaly halkara syýahatçylygy, halkara ulag we beýleki hyzmatlary ýokary derejelere götermek.

2017-nji ýylyň 9–10-njy oktýabrynda geçen Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda häzirki döwürde daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri ýurdumyzda öndürmek hem-de özümizde öndürilýän önümleriň beýleki döwletlere iberilýän möçberini artdyrmak, şeýle hem Türkmenistany senagat taýdan ösdürmek, elektron senagatyny ösdürmek boýunça kabul edilen döwlet maksatnamalaryny üstünlikli durmuşa geçirmegiň ýollary kesgitlenildi.

---

[71] Türkmenistan. 2016-njy ýylyň 22-nji dekabry.

Şu wezipeleri amal etmekde, umuman, ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagynda kiçi we orta telekeçiligiň işjeň gatnaşmagy we olaryň şu ugurdaky mümkinçiliklerini ulanmak zerurdyr. Bu ugur Türkmenistanyň Prezidentiniň ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna degişlidir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasyna laýyklykda, ýedi ýylyň dowamynda hususy telekeçilik ulgamynda kiçi we iri senagat kärhanalarynyň ýüzlerçesini döretmek meýilleşdirilen. Şol döwürde daşary ýurt we bilelikdäki kärhanalary döretmek hem göz öňünde tutulýar. Ýurdumyzda ýörite ykdysady zolaklar dörediler. Işläp gelýän döwlet kärhanalary hususylaşdyrylar hem-de paýdarlar jemgyýeti guralar.

Bu ýerde dünýäniň ösen döwletleri bilen hyzmatdaşlyk ähmiýetli bolýar. Umuman, Türkmenistan dünýäniň ýüzden gowrak döwleti bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ýola goýdy. Biziň söwda-ykdysady babatda hem, medeni hyzmatdaşlyk babatda hem bütin dünýäniň ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyklary ösdürýänligimizi Türkmenistanyň Prezidenti yzygiderli belleýär. Döwletiň daşary ykdysady syýastynda esasy ileri tutulýan ugur Türkmenistany çig maly eksport edýän ýurtdan önüm öndürýän we ýokary tehnologiýaly taýýar harytlary eksport edýän ýurtlaryň hataryna kem-kemden geçirmekden ybaratdyr.

## Daşary ýurt maýagoýumlaryny ýurduň ykdysadyýetine çekmegiň ykdysady we hukuk binýatlaryny halkara standartlaryň derejesine ýetirmek

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösmeginde maýagoýum syýasatynyň tutýan orny barada nazary garaýyşlar ýurt Ýolbaşçysynyň «Türkmenistanyň durmuş ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly kitabynda giňişleýin beýan edilýär. Bilşimiz ýaly, **maýa** – köpeltmek üçin goýulýan gor, tygşytlanan pul, emläk, baýlyk. **Maýagoýumlara** telekeçilik işiniň hem-de başga görnüşdäki işleriň obýektlerine goýum edilip goýlan, şonuň netijesinde peýdalanylýan, durmuş ähmiýetli netije gazanylýan gymmatlyklaryň ähli görnüşleri degişlidir. Bu düşünje «düýpli goýumlar» düşünjesinden tapawutlanýar. «Düýpli goýumlar» düşünjesine garanda, «maýagoýumlar» has giň düşünje bolmak bilen, öz içine esasy gorlary öndürmäge harç edilýän çykdajylardan daşary pul maýalaryny hem alýar. Daşary ýurt maýagoýumlarynyň ýurduň ykdysadyýetine çekilmegi köp derejede onuň kanunçylyk esaslaryna bagly.

Täzeleniş döwründe ýurdumyzda daşary ykdysady işiň meseleleri boýunça işlenilip taýýarlanylan kanunçylyk binýady kemala geldi. Şu ugurda kanunlaryň ençemesi Ýewropa Bileleşiginiň bilermenleriniň we hünärmenleriniň gönüden-göni gatnaşmagynda kämilleşdirildi. Maýagoýum syýasatynyň kanunçylyk jähetini berkitmek üçin ençeme ýurtlaryň hökümetleri bilen şu mesele boýunça bilelikde işler alnyp barylýar. Türkmenistanda işleýän kompaniýalaryň pikiri we

bellikleri göz öňünde tutulyp, kanunçylyk toplumyna takyklamalary wagtynda girizmäge çalyşýar. Daşary ýurt maýagoýumlaryny çekmek meselesinde türkmen döwleti ýurduň maýadarlarynyň öňünde anyk talaplaryny goýýar. Olaryň ilkinjileri ekologiýa taýdan arassa taslamalaryň saýlanyp alynmagy bilen bagly meseledir.

Daşary ýurt maýadarlarynyň serişdelerini ykdysadyýetimize çekmek meselesinde ýene bir aýratynlyga ünsi çekmeli. Türkmenistanda ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklarynyň hereket etmeginde döwletiň orny ýene ençeme ýyllaryň dowamynda kesgitleýji häsiýete eýedir. Maýagoýum işini düzgünleşdirmekde biziň döwletimiz, ilkinji nobatda, maýalaryň pul görnüşinde däl-de, eýsem iň täze tehnologiýalar, şol sanda guramaçylyk tehnologiýalary görnüşinde çekilmegine çalyşýar. Bu ýerde döwletiň maksady maýagoýumlaryň bir ýa-da iki pudaga goýulmak bilen çäklenmän, eýsem ykdysadyýetiň ähli ugurlarynyň sazlaşykly ösmegine ýardam etmegini gazanmaga çalyşmakdan ybaratdyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň düýpli maýagoýumlary çekmek baradaky strategiýasynyň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr:

- Ýurduň düýpli maýagoýum serişdeleriniň döreýiş çeşmeleriniň düzümini kämilleşdirmek.
- Düýpli maýagoýumlary, ilkinji nobatda-da, daşary ýurt goýumlaryny çekmegiň hukuk we guramaçylyk binýadyny kämilleşdirmek.
- Ilatyň süýşürintgileriniň düýpli maýagoýumlara öwrülmegi üçin has amatly şertleri döretmek.
- Düýpli maýagoýum ulgamynyň ösen infrastrukturasyny döretmek.
- Düýpli maýagoýumlary ýokary depginli ösüş we beýleki pudaklarda köpeldiji netije berýän ugurlara we sebitlere gönükdirmek.
- Kiçi we orta telekeçiligiň düýpli maýagoýum işini artdyrmagy höweslendirmek.
- Daşary ýurt maýagoýumlaryny çekmegiň ähli häzirki zaman guramaçylyk–hukuk görnüşlerini ulanmak (halkara lizing kompaniýalary, halkara wençur gaznalary we ş.m.).
- Türkmenistanda we daşary ýurtlarda düýpli maýagoýum taslamalary barada maglumat ulgamyny ösdürmek.

Ýurdumyzda alnyp barylýan maýagoýum syýasatynyň uly göwrümli taslamalarynyň, ilki bilen hem ýangyç-energetika, nebit-himiýa we gaz-himiýa hemde senagat pudaklarynda amal edilýän işlerde aýdyň görünýändigini bellemeli. Şu nukdaýnazardan Türkmenistanyň gaýtadan işläp bejerýän, elektrik energetika pudaklarynda dünýäniň ösen ýurtlary, şol sanda Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlygy aýratyn peýdalydyr.

Umuman, biziň ýurdumyz daşary ýurtly maýadarlaryň maýagoýum etmäge isleg bildirýän ýurtlarynyň birine öwrüldi. Abraýly halkara maýa-karz guramalary tarapyndan Türkmenistanyň daşary ýurt maýagoýum goýulýan iň öňdäki on döwletiň biridigi ykrarlanýar.

## Ýurtda sanly ykdysady ulgamy ösdürmek

Ýurdumyzyň ykdysadyýeti ösýär, özgerýär, barha ählumulaşýan dünýä ykdysadyýetine goşulyşýar. Senagat taýdan ösen ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk esasynda soňky ýyllarda tehnologik innowasiýalar önümçiligiň pudaklaryna giňden ornaşdyrylýar. Ýurdumyz soňky döwürde giňden ýaýraýan sanly ykdysadyýeti özleşdirmäge girişýär. Şoňa görä-de önümçiligiň usullary düýpgöter üýtgeýär, adamlaryň aň-bilim we iş endiklerine bildirilýän talaplar ýokarlanýar.

Şol talaplary kanagatlandyrmak üçin adamlaryň mümkinçilikleri hem artýar. Häzirki döwürde ýurduň ilatynyň köp bölegi internet ulgamyndan peýdalanýar. Bu bolsa sanly ykdysadyýetiň işjeň özleşdirilmegini şertlendirýär. Sanly ykdysadyýet dünýäde innowasiýalara, bäsdeşlige ukyplylyga we ykdysady ösüşe itergi beriji güýç hökmündäki ornuny has pugtalandyrýar. Häzirki zaman tehnologik ösüş meýilleri işewürlige täze mümkinçilikleri açýar, «sanly önümçilige» geçilmegi bolsa täze pudaklary emele getirer.

Ýurdumyzyň sanly ykdysadyýeti özleşdirmek mümkinçiliklerini açyp görkezmek maksady bilen ösen ýurtlaryň bu ugurdaky tejribesi öwrenildi hem-de ýurdumyzyň ykdysady-durmuş taýdan ýeten derejesi seljerilip, maddy we adam maýasy babatdaky mümkinçilikler göz öňünde tutulyp, Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň konsepsiýasynyň taslamasy taýýarlanyldy. 2018-nji ýylyň 30-njy noýabrynda geçen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Türkmenistanyň Prezidenti şol konsepsiýany tassyklamak hakynda Karara gol çekdi.

Bu resminamada konsepsiýanyň maksady we wezipeleri, ony amal etmegiň ugurlary we guraly, garaşylýan netijeler beýan edilýär. Konsepsiýany üç tapgyrda (*1-nji tapgyr – 2019-njy ýylda, 2-nji tapgyr – 2020-2023-nji ýyllarda, 3-nji tapgyr – 2024-2025-nji ýyllarda*) amala aşyrmak maksat edinilýär. Sanly ykdysadyýetiň üstünlikli hereket etmegi üçin, esasan, önümçilik ulgamy ( internetiň elýeterliligi, programma üpjünçiligi, telearagatnaşyk), elektron işewürligi (hojalyk işini kompýuter arkaly dolandyrmak) we elektron söwda (harytlaryň, hyzmatlaryň internet arkaly ýerlenilmegi) ýaly ugurlar berjaý ediler.

Sanly ykdysadyýetiň üstünlikli hereket etmegi, görşümiz ýaly, jemgyýetiň, işewürligiň sanlylaşdyrylmagyna baglydyr. Şu jähetden sanly ykdysadyýetiň ösüşi oňa gatnaşýanlaryň özara hyzmatdaşlygynyň ähli derejelerinde sanly gatnaşyklary ýola goýmak işiniň çaltlandyrylmagy bilen bagly bolup durýär. Şonuň bilen bir hatarda, maglumatlary alyşmagyň elektron ulgamyny (interneti) we olaryň elýeterliligini, kanunçylyk binýadyny we döwletiň elektron hyzmatdaşlygyna doly taýýarlyk derejesini üpjün etmek sanly ykdysadyýetiň aýrylmaz bölegidir.

Sanly ykdysadyýet ulgamynyň ykdysady ähniýeti uly bolup, ol, hususan-da, ýurduň ösüşiniň önümçilik ugurlarynda halkara bäsleşikleri geçirmäge, dünýädäki söwda biržalarynyň üsti bilen satyn alyş nyrhlaryna ýokary gözegçiligi guramaga,

ähli pudaklaryň işini tapgyrlaýyn esaslarda ýola goýmaga, dünýä ülňülerine laýyk hasabat we statistiki hasabatlylygy ýöretmäge, kämil salgyt ulgamyny kemala getirmäge, ýurduň karz edaralarynyň hyzmatlar ulgamyna daşary ýurt maýalaryny çekmäge giň ýol açar.

Şeýlelikde, sanly ykdysadyýet sanly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ulanylmagyna esaslanýan ykdysady hereketiň we gatnaşyklaryň ulgamy bolup, ol wagtyň we harajatlaryň tygşytlanmagy bilen bir hatarda, girdejileriň täze çeşmelerini ýüze çykarmaga şert döredýär. Şu ýerde döreýän mümkinçilikleriň biziň ýurdumyzda giňden açylmagy ykdysadyýetimizi hil taýdan täze derejä galdyryp, türkmen döwletiniň senagat taýdan ösen döwletleriň hataryna işjeň girişmegine täze esslary döreder.

## Ýurduň dolandyryş ulgamynyň kämilleşmegi

2019-njy ýylyň 29-njy ýanwarynda Hormatly Prezidentimiz döwlet düzümlerini özgertmek bilen baglanyşykly meselelere garap, milli ykdysadyýetimiziň bazar ykdysadyýetine geçýän, sanly ykdysadyýeti özleşdirýän, olaryň halk hojalyk toplumynda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrýan täze usullaryň herekete girizilýän we tutuş dolandyryş ulgamyny özgerdýän täze tapgyrynyň başlanandygyny alamatlandyrýan resminamalary kabul etdi.

Bu özgertmeleriň ähmiýeti pudaklary döwrebaplaşdyrmak bilen baglanyşykly işleri çaltlandyrmak senagat, ulag, oba hojalygy, gurluşyk pudaklaryndaky döwlet edaralaryny hususylaşdyrmak arkaly telekeçiligi höweslendirmekden ybarat bolýar. Bu bolsa, hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, iri desgalary satyn almaga we dolandyrmaga ukyply ýurdumyzyň doly derejeli maýadarlarynyň kemala gelmegine, olaryň içerki bazarda bolşy ýaly, daşarky bazarlarda hem üstünlik gazanmaklaryna, önümçiligiň ösüş depginini ýokarlandyrmaga, täze iş orunlarynyň döredilmegine itergi berer.

Ýurdumyzda şu hili özgerişleriň amal bolmagy üçin ykdysady, hukuk we beýleki şertler döredildi. Ykdysady ösüşe täzeçil usullaryň ornaşdyrylmagyna, işewürligiň ýokarlanmagyna esas bolýan çäreler hem geçirilýär. Şol bir wagtda-da häzirki döwür täze usulda işlemegi talap edýär. Döwlet düzümleriniň hatarynda paýdarlar jemgyýetlerini döretmek bu ugurda öňde durýan wezipeler bolýar.

Hormatly Prezidentimiziň kabul eden Kararlaryna laýyklykda, oba hojalygynyň, senagat we ulag-aragatnaşyk ulgamlarynyň düzümleri üýtgedildi. Ugurdaş edaralar birleşdirilip, täze düzümler we täze şertlerde işlemek üçin esaslar döredildi. Täze döredilen Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginde, mysal üçin, onuň ähli kärhanalarynyň eýeçiliginiň görnüşleri üýtgedildi. Olar paýdarlar jemgyýetlerine öwrülmek bilen hususylaşdyryldy.

Ýurdumyzda täze döredilen Türkmenistanyň Senagat we kommunikasiýa ministrliginde hem düýpli özgertmeler amala aşyryldy. Onuň düzümine Senagat,

Aragatnaşyk, Demirýol ulaglary, Awtomobil ulaglary agentlikleri, Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugy, şeýle hem «Türkmenhowaýollary» gullugy girizildi. Olaryň hemmesine agentlik derejesi berildi we açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetleri döredildi. Şonuň ýaly-da bu ministrligiň düzüminde «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody», «Türkmentehnologiýagurluşyk», «Türkmensenagat eksport-import» açyk paýdarlar jemgyýetleri döredildi.

Bu bolsa senagat-aragatnaşyk pudagynyň önümçilik mümkinçilikleriniň döwrebaplaşdyrylmagynyň täze tapgyryna girişilendigini aňladýar. Şonda döwlet emläkleriniň hususylaşdyrylmagyna hem-de bazar guramaçylyk-hukuk görnüşlerine geçilmegi wajyp orny eýeleýär. Netijede, hojalygy ýöretmegiň usullarynyň täzelenmegine, olaryň eksport mümkinçilikleriniň artmagyna getirýär.

Ýurdumyzda döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmäge hem-de ykdysadyýeti innowasiýalar esasynda ösdürmäge gönükdirilen özgertmeleriň wajyp ugry bolup ylym-bilim ulgamyndaky özgetmeler çykyş edýärler. Bu özgertmeler ýurdumyzyň bäsdeşlige ukyply senagat düzüminiň hem-de aň-paýhas mümkinçilikleriniň kämilleşmegi üçin ygtybarly binýat bolýar. Olar barada biz geljekki bapda durup geçeris.

## Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdeji binýadyny berkitmek

Türkmen döwleti býujeti kadalaşdyrmak arkaly ykdysadyýeti ösdürmäge uly üns berýär. Bu ýerde esasy mesele pudaklary çalt we ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegiň hasabyna durnukly ykdysady ösüşi gazanmak bolýar. Döwlet öz býujetini özüniň ygtyýarlygyna gelip gowuşýan pul serişdelerini oýlanyşykly herekete getirmek arkaly ýurduň ykdysadyýetini kadalaşdyrýar. Býujetiň üsti bilen ykdysadyýete oňyn täsir etmegiň dürli görnüşleri, şol sanda kärhanalary maliýeleşdirmek, olara subsidiýa, ýagny nagt pul görnüşinde kömek bermek we döwlet maýagoýumlaryny gönükdirmek ýaly mümkinçilikler bar.

Döwlet býujeti öz içine merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň serişdelerini alýar. Ol girdejileriň çeşmeleriniň we çykdajylaryň ýurduň geljekki ösüşine etjek täsiriniň oýlanyşykly kesgitlenilmegi esasynda amal bolýar. Býujetiň girdejilerinde tölegçiniň we döwletiň arasynda bolup geçýän we döwletiň býujet gorlaryny emele getirmek üçin goýberilýän salgytlar we ýygymlar görnüşindäki tölegleri amala aşyrmakda ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklar özüniň beýanyny tapýar.

Çykdajylaryň göz öňünde tutulan jemgyýetçilik maksatlaryndan ugur almak bilen, býujet serişdeleri hojalyk hajatlary üçin tutuşlygyna, medeni-durmuş maksatly çärelere, goranmak hem dolandyrmak bilen bagly meseleleriň çözgüdine gönükdirilýär. Bu hem esasy maliýe meýilnamasyny ýerine ýetirmäge esas bolýar. 2017-nji ýylda, mysal üçin, Türkmenistanyň býujetiniň girdeji bölegi 101,8%, çyk-

dajy bölegi bolsa 96%, ýerine ýetirildi[72]. Soňky ýyllarda şu görkezijiler oňaýly görnüşde saklanýar. Bu hem býujetiň esasy wezipesini, ýagny ýurduň durnukly we öňegidijilikli durmuş-ykdysady ösüşini gazanmaga esas döredýär.

Ykdysadyýetimiziň sosial goragly häsiýete eýe bolýanlygy sebäpli, ilatyň abadan durmuşda ýaşamagyny üpjün etmek biziň döwlet syýasatymyzyň esasy ugry bolýar. Ol hem biziň döwletimiz saglygy goraýyş, bilim, medeniýet ulgamlarynyň hem-de hyzmat ulgamynyň beýleki görnüşleriniň netijeliligini artdyrmak esasynda adam mümkinçiliklerini ösdürmegi maksat edinýär.

Iň ýokary dünýä talaplaryna laýyklykda bilim ulgamyny ösdürmek, ýokary derejeli we döwrebap hünärmenleri ýetişdirmek, ylmy ösdürmek, bilim-ylym edaralarynyň maddy-tehniki binýadyny berkitmek bilen baglanyşykly işler ýurdumyzda alnyp barylýar. Saglygy goraýşy, medeniýeti, sporty ösdürmek, zähmet haklaryny ýokarlandyrmak, ilatyň durmuş goraglylygyny üpjün etmek bilen baglanyşykly işler biziň döwletimiziň syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolýar.

Ine, şonuň üçin biziň döwletimizde alnyp barylýan durmuş goragly syýasatyň netijesinde ýaşaýyş-durmuş ulgamyny maliýeleşdirmegiň möçberi Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň umumy möçberiniň 75-80%-inden az bolmaýar. Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleri gowulanýar. Bu ýagdaý bolsa ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşi bilen bagly bolýar. Şonuň üçin Döwlet býujetinde zähmet serişdelerini netijeli dolandyrmak, zähmet bazarynyň meselelerini çözmek, raýatlaryň işlemäge bolan konstitusion hukugyny amala aşyrmak üçin şertleri döretmäge gönükdirilen çäreleri maliýeleşdirmäge Döwlet býujetinde uly orun berilýär.

Görşümiz ýaly, ýurdumyzda kemala gelýän sosial goragly bazar ykdysadyýeti köpugurly işler esasynda amal edilýär. Bazar gatnaşyklaryna geçmegiň türkmen nusgasy öz netijeliligini açyp görkezýär. Adamlaryň döredijilik-gurujylyk ukyplary ýokarlanýar. Ýurdumyzda bäsdeşlige ukyply harytlary öndürmäge gönükdirilen işler öz netijesini berýär, ýurduň eksport mümkinçilikleri artýar. Ýurdumyzda adamyň mertebelenýän jemgyýeti kemala gelýär.

### Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Sosial maksatly bazar ykdysadyýetiniň aýratynlyklary nämede?
2. Bazar gatnaşyklaryna geçmegiň türkmen nusgasynyň aýratynlyklaryny häsiýetlendiriň.
3. Ýurtda eksport kuwwatlyklaryny diwersifikasiýalaşdyrmak ugrunda alnyp barylýan işleriň möçberi we netijeliligi nähili häsiýetlendirilýär?
4. Daşary ýurt maýagoýumlaryny ýurduň ykdysadyýetine çekmegiň ykdysady we hukuk binýatlaryny berkitmek ugrunda nähili tagallalar edilýär?
5. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdeji binýadyny berkitmek we şonuň esasynda sosial goraglylygy üpjün etmek bilen baglanyşykly alnyp barylýan işleri häsiýetlendiriň.

---

[72] Türkmenistan. 2018-nji ýylyň 27-nji ýanwary.

## 2-NJI SAPAK. AGRAR ÝURTDAN SENAGAT TAÝDAN ÖSEN ÝURDA ÖWRÜLMEGIŇ ÝOLLARY

*Ýurtda geçýän senagat taýdan ösüşe geçmişde dörän esaslar barada. Soňky döwürde ýurduň ykdysadyýetiniň düzüminde bolup geçýän üýtgemeler. Jemi içerki önümiň düzüminde senagat we gurluşyk pudaklarynyň önümleriniň mukdarynyň artmagy. Ýurduň oba hojalygynda agrosenagat pudagynyň berkemegi.*

*Ýurduň senagat taýdan ösen döwlete öwrülmegi. Ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda ylmyň we tehnologiýanyň soňky gazananlaryny özüne siňdiren senagat we agrosenagat toplumlarynyň döremegi. Iň öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen iş ýerleriniň döredilmegi. Ýurtda täze senagat merkezleriniň kemala gelmegi.*

*Ýurtda geçýän urbanizasion özgeriş. Şähergurluşyk işleriniň ýaýbaňlanmagy. Nusgalyk şäherleriň, senagat merkezleriniň gurulmagy. Ýurtda berkeýän şäher ýaşaýyş keşbiniň aýratynlygy. Bazar şertlerinde iş ýöretmäge ukyply işewürleriň kemala gelmegi.*

### Ýurtdaky senagat taýdan ösüşe geçmişiň käbir esaslarynyň täsiri

Häzirki türkmen jemgyýetinde senagat gymmatlyklaryny özleşdirmäge bolan ukyp belli bir derejede geçen nesilleriň durmuş tejribesi, ilki bilen hem halkymyzyň asyrlarboýy taplap döreden sada-sagdyn durmuş ýörelgeleri esasynda kemala gelýär. Taryhyň bütin dowamynda şu ýörelge halkyň ýaşaýşyny gurnamagyň degerli guraly bolan. Halkymyzyň baý medeni mirasyndan gelip çykýan ukyplylyk, ilki bilen, çeperçiligi we nepisliligi talap edýän ugurlarda täsirli bolan. Olar barada ýokarda durlup geçilipdi.

Şeýlelikde, taplanan türkmeniň milli aňy azat we erkin ýaşamaga gerek bolan durmuş ýörelgelerini we ahlak kadalaryny, döredijilik ukyplaryny özünde jemlän. Milli aňyň şu hili aýratynlygy adamlaryň gatnaşyklarynyň ahlak kadalaryna esaslanýanlygy bilen tapawutlanýar. Olar öz gerekliliklerini işewürlik we beýleki adamlara hormat goýmak esasynda kanagatlandyrmaga çalşypdyrlar. Milli aňymyzyň bu aýratynlyklary özboluşly zähmet etikasyny hem ýüze çykarýar. Ol etika Magtymguly şahyryň «Halal işle ahyrýetden wehmiň bar»[73] diýen pähimi bilen utgaşýar. (Bu etika belli nemes alymy Maks Weberiň öňe süren bazar ykdysadyýetiniň döremegine esas bolýan zähmet etikasyna kybapdaş[74]), ýöne halkymyzyň dagynyk ýyllarynda toplan durmuş tejribesi doly oýlanyşykly görnüşe eýe bolupdyr diýsek ýalňyşarys.

---

[73] Magtymguly. Saýlanan eserler. – A., 1959, 150 sah.

[74] Maks Weber özüniň «Protestan etikasy we kapitalizmiň ruhy» atly meşhur eserinde häzirki döwrüň bazar ykdysadyýetiniň gymmatlyklarynyň öz gözbaşyny protestan zähmet etikasyndan alyp gaýdýandygyny açyp görkezýär.

Biziň halkymyzyň geçen uzak ýolunda onuň medeniýetine we aňyna güýç bilen girizilen «gymmatlyklar» hem boldy. Jemgyýetimize senagat gymmatlyklaryny ornaşdyrmaga bolan käbir synanyşyklar XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň uzak döwründe, ýagny biziň ýurdumyzyň uly döwletiň düzüminde bolan wagtynda alnyp barlan syýasat bilen bagly boldy. Bu döwür biziň ýakyn geçmişimiz bolýar. Häzirki senagat gymmatlyklarynyň türkmen jemgyýetine işewür ornaşdyrylýan döwründe ýakyn geçmişiň biziň şu günki ösüşimize edýän täsirine has düýpli akyl ýetirmek, aňlamak zerur. Bu ýerde takyk mysallara ýüzleneliň.

Biz garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra geçmişimiziň, şol sanda ýakyn geçmişimiziň jemgyýetimiziň şu günki özgerişine edýän täsiri barada ýokarda durup geçipdik. Bu ýerde şol ýyllarda ýurdy senagatlaşdyrmaga edilen bir synanyşyga ýüzleneliň. Şu ýerde 1933-nji ýylda Türkmenistanyň hökümetiniň başlangyjy boýunça ýurduň senagat mümkinçiliklerini öwrenmek maksady bilen Leningradda (häzirki Sankt-Peterburgda) Sowet Soýuzynyň Ylymlar akademiýasynyň ýörite geçiren ylmy maslahatyna ünsi çekeliň. Bu maslahata akademiýanyň prezidenti A. P. Karpinskiý, wise prezidenti W. L. Komarow, akademiýanyň sekretary W. P. Wolgin, meşhur akademiklerden I. M. Gubkin, N. I. Wawilow, A. E. Fersman, A. N. Samoýlowiç, B. A. Keller we beýlekiler gatnaşdylar. Bu maslahata Ylymlar akademiýasynyň ähli institutlary, respublikanyň ýolbaşçylary we hojalyk işgärleri gatnaşan. Umuman, maslahatda Türkmenistanyň, ilki bilen hem onuň nebit, kükürt, ýod-brom suwlaryny Garabogaz sulfatyny senagat taýdan özleşdirmek mümkinçiliklerine garaldy. Şonuň ýaly-da maslahatda gysga wagtyň içinde nebitiň meýdanynyň geografiýasyny aýdyň etmek barada wezipeler öňe sürüldi. Öňe sürlen wezipeleri amal etmek ugrunda belli bir işler ýerine ýetirildi. Şolaryň hatarynda ýurduň tebigy baýlyklary, aýratyn-da, onuň günbatar böleginiň baýlyklary baradaky maglumatlaryň ýygnalandygyny bellemeli. Geologiki barlaglaryň esasynda Nebitdagda (häzirki Balkanabatda) täze nebit ýataklary açyldy.

Şol bir wagtda-da bu işler ýurduň çig-mal mümkinçiliklerini artdyrmaga gönükdirilip, senagat taýdan ösüşiň esasy bolan gaýtadan işleýän pudagy bilen kän bagly bolmady. Şu hili çemeleşme soňky ýyllarda hem dowam etdi. Mysal üçin, 1966–1970-nji ýyllarda gaz senagatyny ösdürmäge 104 mln manat pul harçlandy (şol döwrüň hasabynda). Orta Aziýa-Merkezi gaz geçirijisiniň ikinji we üçünji nobatdakylary işe girizildi. 1975-nji ýylda umumy çykarylýan gazyň möçberi 1970-nji ýyla garanyňda 4 esse artdy we 51,8 milliard $m^3$-e barabar boldy.[75] Onuň aglaba bölegi ýokarky gaz geçiriji boýunça merkeze ugradyldy. Bu görkezijiler biziň ýurdumyza diňe çig mal ülkesi hökmünde garalandygyny tassyklaýar.

Şol ýyllarda türkmen jemgyýetine senagat gymmatlyklaryny ornaşdyrmak syýasaty amal ediliş usullary we maksady bilen hem tapawutlandy. Ol syýasat, görşimiz ýaly, biziň ýurdumyzda ýeke-täk çig mal önümçiligini gurnamaga gönük-

---

[75] Türkmen sowet ensiklopediýasy. VIII tom. – A., 1978, 172 sah.

dirilýärdi. Hatda hünärmenler hem şu pudak bilen baglanyşykda taýýarlanýardy. Gaýtadan işleýän pudagyň döremedik ýerinde, bilşimiz ýaly, senagat taýdan ösüş hem bolup bilmeýär. Üstesine-de, bu syýasat amal edilende ne halkyň durmuş ýagdaýy, ne-de onuň medeni özboluşlylygy göz öňünde tutuldy.

Hawa, sowetler döwründe biziň jemgyýetimize, ýokarda bellenilişi ýaly, dünýewi gymmatlyklaryň girizilenleri boldy, ýöne olary halkyň doly özleşdirmegi üçin gerek bolan şertler döredilmedi. Eger şu meseläni anyklamak maksady bilen biziň ýurdumyzda şol ýyllarda tehniki bilimleriň kemala gelşine ýüzlensek, onda onuň başlangyç döwründe bu bilimleriň halkyň toplan durmuş tejribesine daýanyp, onuň medeni mirasyny özüne siňdirip bilmändigini bellemeli. Şu ýerdäki kynçylyklar industrial medeniýetiň biziň sebitimize keseden getirilendigi bilen bagly bolman, eýsem ol medeniýete çäkli garalmagy bilen bagly boldy. Şu hem bu meseläniň çözgüdini has hem çylşyrymlaşdyrdy.

Industrial medeniýetiň gymmatlyklarynyň biziň jemgyýetimize doly ornaşdyrylyp bilinmänliginiň sebäbi bolsa ýokarda görkezilen näsazlyklardan daşgary tehniki bilimleriň halkyň öz dilinde oňa ýetirilmänligi bilen hem bagly boldy. Industrial medeniýeti özleşdirmekde türkmen diliniň uzak wagtyň dowamynda inkärlenmegi ýerli milletiň wekilleriniň tehniki bilimlerden we tehnologik çözgütlerden belli bir derejede çetleşdirilmegine getirdi.

Elbetde, materiallaşan bilimiň hem-de tejribäniň seresi hökmünde tehnika we tehnologiýa milli serhet, çäk diýen zady bilmeýär, milli häsiýetli bolmaýar, emma, muňa garamazdan, tehniki bilimler we endikler halkyň öňki toplan medeni hem-de durmuş tejribesi esasynda özleşdirilip we ösdürilip bilinýär. Ykdysady özgeriş halkyň ahlak gymmatlyklarynyň täsiri bilen dörän zähmet edebini ulanmasa, ýeterlikli peýda berip bilmeýär. Bu ýerde edep adamyň aňynda onuň zähmetde özüni nähili alyp barmagy baradaky düşünjäni kemala getirýär. Aňyň we gylyk-häsiýetiň jemgyýetde kemala getirýän nusgalary önümçilik bilen sazlaşyp, önümçiligiň «etine-ganyna» ornaýar we dura-bara tehnologik medeniýetiň bir bölegine öwrülýär.

Şol medeniýete diňe häzirki döwrüň gymmatlyklarynyň we kadalarynyň girmeýänligini bellemeli. Meselem, biziň jemgyýetimiziň häzirki senagatlaşýan döwründe türkmen halkynyň ýakyn geçmişiniň hem-de onuň köpasyrlyk geçmişiniň medeni gymmatlyklary şöhlelenýändir. Şonda medeniýet geçmişde bar bolan gymmatlyklardan we ýörelgelerden häzirki döwre hyzmat edip bilýänlerini, peýdalylaryny, jemgyýetde bolup geçýän üýtgemeleri nazara alyp, ruhy mirasymyzy we kadalary täzeleýän özboluşly mehanizm bolup çykyş edýär.

Biziň ýurdumyzda tehniki bilimleriň kemala gelýän ýyllarynda şu hili özgerişler bolup geçdi, ýöne bu özgerişleriň ulgamlaşdyrylan bilimler arkaly geçmegine täsirli mehanizm döredilip bilinmedi. Ylmyň we täze tehnologiýalaryň gazananlaryny durmuşa girizmegi arzuw edip, geçen XX asyryň 30-njy ýyllarynda öňe sürlen senagatlaşma syýasaty bu meseläniň çözgüdini diňe taýýar tehniki we tehnologik

täzelikleri özleşdirmek bilen baglady. Şol bir wagtda hem industrial medeniýetiň aýrylmaz bölekleri bolan hukuk döwletiniň we bazar ykdysadyýetiniň gymmatlyklary bu ýerde asla inkärlendi. Demokratik gymmatlyklar özleşdirilende hem adamzadyň bu ugurda toplan tejribesi göz öňünde tutulmady. Şeýle syýasatyň netijesi, bilşimiz ýaly, ummasyz çykdajylar we zorluk esasynda gazanylan wagtlaýyn ösüş bilen çäklenildi. Şu hili industriallaşma sebäpli, jemgyýetde halkyň asyl gymmatlyklarynyň, umuman, medeni dürlüligiň saklanmagyna, biziň halkymyzyň müňýyllyklaryň çalyşýan döwründe saklanyp galmagyna howp döretdi.

Bu ýerden bolsa taryhy dünýägaraýyşda ösüş ýoluny saýlap almak meselesi ýüze çykýar. Ösüş ýoluny saýlamaga taryhy barlygyň wajyp şerti hökmünde garamak şol döwürde doly aňlanyp bilinmedi. Bu ýagdaý amal edip bolunmaýanlygy ýa-da onuň görünmeýänligi bilen bagly däl-de, mümkinçilikleri hakykylykdan, ideallygy reallykdan aýyrýan çägiň barlygy sebäpli we şol döwrüň ideologiýasy bu çägi aradan aýryp bilmeýänligi bilen bagly boldy. XX asyr, ýokarda bellenilişi ýaly, şol çäkden geçmäge iterdi. Ol köp halklaryň başyna düşen harasat bilen bar bolan birtaraply ösüş taglymatynyň, geçmişiň beýik akyldarlary tarapyndan aňlanan ýetmezliklerini hakykylykda ýüze çykardy. Mümkinçilik we hakykylygyň arasyndaky gran şertleýindir. Ösüş ugry baradaky mesele çözülende geçmişde amal edilip bilinmedik mümkinçilikleri hakyky taryhy «ähmiýete» eýe bolan zat hökmünde göz öňünde tutmaly bolýar. Şu esaslara daýanyp, garaşsyzlygymyzy alyp, biz hem öz ösüş ýolumyzy saýlamaly bolduk.

### Türkmen jemgyýetiniň senagat taýdan ösüşe eýe bolmak mümkinçilikleri

Garaşsyzlygymyzy gazanyp öz ösüş nusgamyzy saýlap, liberalizmiň hem, globallaşmanyň oňaýly we oňaýsyz täsirini seljerip, öz ýolumyza girişmeli bolduk. Şonda milletiň geçen taryhy ýoly we umumadamzat ösüş ýoly düýpli öwrenilip, milli medeniýetiň esasynda ösen ýurtlaryň bu ugurda toplan tejribeleri özleşdirilmäge çalşyldy. Türkmen halkynyň şu meseläni çözmäge gönükdirilen işleri barada biz ýokarda durup geçenimizde postindustrial ösüş ýolunyň türkmen jemgyýetiniň häzirki özgeriş tapgyry üçin amatly bolýandygyny belläpdik. Bu ýerde saýlanyp alnan nusganyň nazary meselelerine garalyň.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary öz ösüş ýolumyzy anyklamak üçin ata-babalarymyzyň geçmişde geçen ýoluna we ony üstünlikli geçmek üçin döreden ýörelgelerine ýüzlendik. Ol hem düşnükli. Ösüş ýoluna düşmek üçin geçmişi derňäp, geçen nesilleriň döreden durmuş-medeni tejribesine eýe bolmaly. Geçen döwürlerde halkyň erkin ýaşaýşyny kepillendiren ygtybarly esaslar täze döwürde hem ösüşiň täsirli iteriji güýji bolýarlar, ýöne diňe olaryň özi ýeterlik bolmaýar, sebäbi her bir täze döwür öz derwaýyslyklaryny öňe çykarýar. Türkmen halky XX asyryň ahyrlarynda özbaşdak döwlete eýe bolandan soňra onuň öňünde bazar ykdysadyýetiniň, demokratik ösüşiň, hukuk döwletiniň gymmatlyklaryny özleşdirmek meselesi ör-

boýuna galdy, özi hem olary özleşdirmek üçin jemgyýetiň özüniň içerki demokratik güýçlerini açmak gerekdi.

Bu ýerde bar bolan we döreýän meseleleriň çözgütleri gutarnykly görnüşde biziň döwrümiziň özboluşlylygyny açyp görkezýän taglymatyň üsti bilen tapylmaly boldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow öz «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly ylmy-filosofiki eserinde işlenip düzülen bu taglymaty häzirki türkmen jemgyýetiniň ösüşini we özgerişini täze döreýän ýagdaýlary we halkyň asyrlarboýy toplan medeni mirasyny sazlaşdyryp kesgitleýär, özi hem bu sazlaşyk halkyň asyrlarboýy toplan medeni mirasyny döwrüň talaplary, ilki bilen hem senagat taýdan ösüşiň talaplary bilen sazlaşdyrmak esasynda gözlenýär. Ýurt täzeleniş döwrüne girişende hiç bir ösüş nusgasyny köre-körlük bilen kabul etmedi. Ol hem örän ähmiýetli, sebäbi häzirki döwürde giňden ýaýran liberializm taglymatynyň esasynda dörän ösüş nusgalary hem jemgyýet bilen tebigatyň sazlaşykly ýaşaýyş ýörelgeleriniň netijeli görnüşini hödürläp bilmedi. Ilki bilen hem öňe sürülýän tehnologik çemeleşmeleri ynsanperwer gymmatlyklar bilen sazlaşdyrmak kyn boldy. Bu ýerde tebigat bilen jemgyýetiň arabaglanyşygynyň hakykylygyny açmak biziň döwrümiz üçin ähmiýetlidir. Şonuň üçin şu meseläniň üstünde aýratyn durup geçeliň.

Bu ýerde, ilki bilen, jemgyýetiň özgerişine esas bolýan ýörelgäni anyklamak gerek. Ähli halklar üçin umumy, birmeňzeş ösüş kanunlary ýok. Her bir halk gaýtalanmaýan birleşme. Bu gaýtalanmazlyk her bir halky düzýän adamlaryň oýlanyşynyň, duýşunyň keşbini we olaryň özüni alyp barşyny kesgitleýän durnukly medeni aýratynlygyň, «maglumat kodunyň» barlygy bilen amal bolýar.

Halkyň ilkibaşky medeni gymmatlyklary, onuň durmuşyndaky takyk hadysalaryň köpdürlüligini, baýlygyny kesgitleýärler. Ine, şonuň üçin adamlaryň häzirki türkmen jemgyýetiniň özgeriş ukybyny, ilki bilen, şol medeni başlangyçlaryň kesgitleýändiginden ugur alynýar.

Ýurduň ösüşi köp derejede jemgyýet bilen tebigatyň sazlaşygy esasynda gazanylýar. Tebigat ýaşaýşyň gözbaşy bolýar. Ähli jandarlar, şol sanda adam hem ýaşaýyş serişdelerini tebigatdn alýar. Şu gün adamzadyň energiýa gerekliliksleriniň 85%-i ýer astynda toplanan uglewodorod serişdeleri bilen kanagatlandyrylýar. Adamyň tebigat bilen sazlaşykly ýaşaýşy ýaşaýşyň dowamlylygyny üpjün edýär. Geçen nesiller tebigat bilen sazlaşyga girip, sada-sagdyn durmuş ýörelgelerini döredip bilipdirler. Bu bolsa şol döredijilikli türkmen adamsynyň dünýä «tebigat» hökmünde garap, ony dolulygyna öz durkuna geçirmäni başarandygyndadyr. Adam özüni şahsyýet hökmünde aňlap, tebigat bilen sazlaşykda öz ýaşaýşyny gurnaýar, öz hususy barlygyny amal etmäge girişýär. Ol geljekki nesiller üçin gaýtalanmaýan nepis eserleri, maddy gymmatlyklary döredýär. Ony akyldarlaryň pähim-paýhasynda, atşynaslaryň seýisçilik we zenanlaryň halyçylyk sungatyna goşýan goşantlarynda şu gün hem görse bolýar. Bu ýerde jemgyýetiň, adamyň tebigat bilen sazlaşykly ýaşaýşynyň döredijiligiň we gurujylygyň wajyp şerti bolýandygyny bellemeli, ýöne soňky

döwürde adamyň tebigat bilen gatnaşygynda çözmesi ýeňil bolmadyk meseleler ýüze çykdy. Onuň tebigat bilen sazlaşykly ýaşaýşyna päsgelçilik döredýän täsirler peýda boldy. Şolaryň sebäbini täze döwürde tebigat, adam, medeniýet gatnaşyklarynda bolup geçýän özgerişleriň üsti bilen anyklasa bolar. Bu meselä garalanda, tebigatda bolup geçýän hadysalara medeniýet bilen bir hatarda ylmyň hem uly täsirlilige eýe bolýandygyny görse bolýar. Ylymdan adam hereketiniň ähli usullarynyň iň täsirlisi bolan tehnika ýüze çykýar. Adam oňa esaslanyp, öz meýline görä islän maksatlaryny kesgitläp bilýär. Şol meýilleriň artmagy netijesinde durmuşyň ähli ugurlarynda tehnikanyň täsirliligi ýokarlanyp, adam bilen tebigatyň arabaglanyşygynda gapma-garşylyklaryň güýjemegine getirdi.

XX asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap adamyň tebigaty duýşy, aňlaýşy belli bir derejede üýtgedi. Adama indi tebigaty, ozalky ýaly, ynamly daýanyp bolýan, akyly haýran ediji baý, ähli zady öz içine alýan sazlaşykly, oýlanyşykly kadalanan, egsilmez baýlygy eçilýän güýç hökmünde kabul etmek ýeňil däl. Eger ozal ähli tebigy zatlar elýeterli, duýgyny oýarýan janly görnüşde bolan bolsalar, indi olar daşlaşýarlar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Arşyň nepisligi» atly eserinde: «Dünýäde şäherleşme hadysasynyň güýçli depginde dowam edýän döwründe tebigata ýakynlygyň şertli düşünjedigini bellemek lazym»[76] diýlip, bu ýerde, hakykatdan hem, täzeçe aňlamaly meseleleriň bardygy nygtalýar.

Ozal hem tebigat «gizlin syra» eýedi, ýöne onuň gizlinligi adamyň öz dowamaty bolýanlylygy bilen baglydy. Şol baglanyşygy türkmen halkynyň ir döwürleden bäri ulanýan «Ene toprak» düşünjesi doly tassyklaýar. Şu hili gatnaşyk adama tebigatda ýaşaýşy gurnamaga çäksiz mümkinçilikleri döredýär. Indi bolsa tebigat bilen gönümel gatnaşyga girmek ýeňil bolmaýar, ol özüne kän golaýlaşdyrmaýar. Has kyn ýeri hem, tebigat indi görnetin däl-de howaýy aňlanylýar.

Döwletbaştutany şu ýerde döreýän ýetmezlikleriň sebäbini adamyň aslyýetden daşlaşlaşýanlygy bilen baglaýar we: «Aslyýet haýyrda, galany soň dörän. Onuň döremeginiň sebäbi hem ynsanyň tebigata gatnaşygyny ünsden düşürendiginden. Bu ýerde başga sebäp bolup bilmez»[77] diýip netije çykarýar. Adamyň tebigata bolan gatnaşygy, hakykatdan hem, üýtgedi. Tebigat adam üçin sadalygyny ýitirip, hasaplamalar we gurallar arkaly aňlanylýan ikinji derejeli delile öwrülýär. Bu ýerde ozalky aýdyňlygyň gowşaýanlygy sebäpli, howaýylyk we daşky düzgünlere eýermek güýjeýär. Tebigatyň adamyň başdan geçirmelerine edýän täsirliligi bolsa belli bir derejede gowşaýar.

Halkyň medeni mirasyny çuňňur özleşdirmek barada gürrüňi dowam edip, onuň bilen baglanyşykly aýratyn çemeleşmäniň üstünde durup geçeliň. Bu ýerde halkyň baý medeni mirasyny, medeniýetini dowam etmegiň jogapkärligi talap edýänligini we ony özleşdirmekde paýhasa esaslanmalydygyny bellemeli. Şu nuk-

[76] Gurbanguly Berdimuhamedow. Arşyň nepisligi. – A.: TDNG, 2016, 224 sah.
[77] Gurbanguly Berdimuhamedow. Arşyň nepisligi. – A.: TDNG, 2016, 192 sah.

daýnazardan Türkmen Lideriniň: «Türkmen halkynyň durmuş pelsepesine gowy düşünmezden, munda mirasyň manylylygyny çözläp bolmaýar. Mirasa düýpli nazar aýlamak üçin, halk pelsepesine, milli-ruhy gymmatlyklaryna aýdyň göz ýetirmeli»[78] diýen jümlesi örän ähmiýetli. Geçen nesiller munuň düýpli esasyny aňşyryp, pähiminde seljerip bilipdir.

Hakykatdan hem, bagtyýarlyk döwründe döwletiň paýhas ýörelgesiniň we ahlak esaslarynyň kemala gelmegi medeni gymmatlyklaryň akylly-başly özleşdirilişine baglydyr. Şonuň üçin ösüşler we özgerişler döwrüniň özboluşlylygyny açyp görkezýän durmuş filosofiýasyna esaslanmaly bolýar. Şol filosofiýa taryhyň durmuş, medeni, ruhy tejribesini, milli mirasy ýurdumyzyň häzirki ösüşiniň wezipeleri bilen baglanyşdyrmagyň paýhas esasy bolup çykyş edýär. Bu filosofiýa barada biz indiki bapda durup geçeris. Bu ýerde bolsa tebigat bilen jemgyýetiň sazlaşygy baradaky gürrüňi dowam edeliň.

Şol sazlaşygy döredýän taglymatyň esasynda biziň ýurdumyzda bar bolan ähli mümkinçilikleri herekete getirýän ösüşiň netijeli nusgasy (modeli) işlenilip düzüldi. Bu ýerde, ilki bilen, halkyň tagallalaryny, gujur-gaýratyny herekete getirýän, oňa mahsus bolan döredijilik mümkinçiliklerini, döretmek ukyplaryny dikeldýän milli taglym bolup çykyş edýär. Ikinji tarapdan bolsa, bu taglymat dünýäniň ösen ýurtlarynda toplanan ösüş we özgeriş tejribesini bahalandyryp, özleşdirmegiň paýhas esasy we ölçeg daşy bolýar.

Şu babyň başynda ýurtda döwrebaplaşdyrmak strategiýasynyň täze formulasyny teklip edýän postindustrial ösüşiň ileri tutulýandygy bellenipdi. Bu taglymat geçen XX asyryň soňky çärýeginde öňe sürlüp, ösen ýurtlardaky jemgyýetçilik gurluşynyň ylmy-tehniki öňegidişligiň täsiri bilen barlyşyksyz gapma-garşylyklardan azat bolmagyna esas döredýän täze sosial ulgamy açyp görkezmegi maksat edinýär. Öňe sürlen postindustrial ösüş taglymatynyň özi hem kem-kemden birýanly tehnologiki determenizmden arany açýar. Ol ulgamlaýyn görnüşde beýan edilip başlanýar. Şol taglymatyň esasynda:

> *– jemgyýet tehniki, sosial düzümiň, syýasy we ruhy gymmatlyklaryň özara täsiri bilen hereketlenýän ulgam hökmünde häsiýetlendirilýär. Ykdysadyýeti ykdysady däl sosial maksatnamalary düýpli giňeltmäge gözükdirmegiň gerekligi barada pikir has erjel we yzygiderli öňe sürülýär.*

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň häzirki türkmen jemgyýetiniň özgerişine taglymatlaýyn garaýyşlary hem ýurduň döwrebaplaşýan döwründe jemgyýetde ýüze çykýan meseleleriň çözgüdini, ýokarda bellenilişi ýaly, sazlaşygyň, üstüni ýetirmek usulynyň esasynda tapmakdan ugur alýar. Milletiň asyl ýörelgelerine esaslanyp, döwrüň öňe çykaran meseleleri çözülen halatynda döwrebap gymmatlyklary işläp düzmek mümkin bolýar. Şol mümkinçilikler täzeleniş

[78] Gurbanguly Berdimuhamedow. Gadamy batly bedew. – A.: TDNG, 2016, 283 sah.

döwründe ýurdy döwrebaplaşdyrmaga esas bolup çykyş etdiler. Eger ýurtda bolup geçýän özgerişlere ser salynsa, onda döwrebaplaşmagyň netijeli görnüşini kepillendirýän postindustrial ösüşe häsiýetli bolan gymmatlyklaryň jemgyýetde giňişleýin ýüze çykýandygyny görse bolýar. Bu ýerde, ilki bilen, şol gymmatlyklaryň ozalky agrar döwletiň senagat taýdan ösen döwlete öwrülmegine getirýändigini bellemeli.

Umuman, garaşsyzlyk alnandan soňra geçen döwürde Türkmen ýurdy yza galak çetki ülkeden ösen, kuwwatly häzirki zaman döwletine öwrüldi. Ýurt geljege gönügýär, geljekki has hem belent işleri amal etmäge girişýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2011-nji ýylda geçen Ýaşulularyň maslahatynda eden çykyşynda: «Biziň öňümizde möçberi boýunça dünýäde bolup geçýän ählumumy özgertmelere taý geljek ägirt uly işler dur» diýip, bu ýerde ýüze çykýan wezipeleri aýdyňlaşdyrmak maksady bilen: «Eýsem bu meselede örän möhüm we esasy wezipeler nämede? Haýsy wezipe olaryň galan ählisini öz içine alyp, ilkinji orna çykýar?» diýen soraglary öňe sürdi. Türkmen Lideri: «Bu wezipe, esasan, agrar ýurt bolan Türkmenistany senagat taýdan ösen, kuwwatly döwlete öwürmekdir»[79] diýip, häzirki döwürde öňde duran wezipäni anyk we aýdyň görnüşde kesgitledi.

Ýurduň senagat taýdan ösen döwletleriň hataryna geçmegi köptaraply özgeriş. Ol ykdysadyýetiň düzüminiň üýtgemegi, jemgyýetiň industrial häsiýete eýe bolmagy, ýurduň şäherleşmegi, halkyň döredijilik we gurujylyk ukybynyň ýokarlanmagy, milli medeni mirasa eýerip, innowasion çözgütleri tapmaga we amal etmäge ukyply, başarjaň, Watany özgerdiji nesliň kemala gelmegi we beýleki özgerişleri göz öňünde tutýar.

## Ýurduň senagatlaşýan döwründe onuň ykdysadyýetiniň düzüminiň özgerişi

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda Türkmenistan, esasan, agrar ýurt bolany sebäpli, bu ýerde halkyň köp bölegi obalarda ýaşap, oba hojalyk işleri bilen meşgul bolýardy. Ýurduň ykdysadyýeti, esasan, çig maly öndürmäge gönükdirilendi. Gaýtadan işleýän senagat kärhanalary ýurtda öndürilýän nebit-gazyň, oba hojalyk önümleriniň örän az mukdaryny taýýar haryda öwürýärdiler. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt ýolbaşçylygyna gelen ilkinji ýyllarynda gurluşyk, hyzmat pudaklarynyň jemi içerki önümdäki paýy çalt depginler bilen artyp başlady. Bu görkezijiler biziň ýurdumyzyň ykdysadyýetinde geçen hil özgertmelerini tassyklaýar. Şol bir wagtda hem bu ýerde Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 9–10-njy oktýabrynda geçen Ýaşulularyň maslahatynda belleýşi ýaly, dünýäniň globallaşýan, ykdysady çökgünligiň täsiriniň ýetýän döwründe bu ýerde çözülmeli meseleler bar.

[79] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 5-nji tom. – A.: TDNG, 2012, 381 sah.

Senagat we gurluşyk pudaklarynyň belli bir infrastrukturasynyň tapgyrynyň döredilmegi, ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagy, pudaklaýyn we guramaçylyk-hojalyk gurluşynyň kämilleşdirilmegi halkara bazarlarda ýurduň eýeleýän ornunyň pugtalanmagyna esaslary döredýär. Indi, Türkmenistan diňe çigmaly eksport edýän agrar ýurt däl-de, eýsem kuwwatly gaýtadan işleýän pudaga eýe bolan, taýýar önümleri eksport edýän senagat taýdan ösen ýurda öwrülýär. 1995–2015-nji ýyllarda ýurdumyzda 250 zawod we fabrik guruldy[80]. Häzirki döwürde ykdysadyýetiň eksport mümkinçiliklerini artdyrmaga esas bolýan gaýtadan işläp bejerýän kuwwatly pudaklar döreýär.

Türkmenistanyň çig maly iberiji ýurtdan taýýar önümleri dünýä derejesinde öndüriji we eksport ediji ýürt hökmünde orny ýokarlanýar. Dokma pudagy oňa mysal bolup biler. Ýurdumyzda ýokary hilli dokma önümlerini öndürýän kuwwatly senagat döreýär. Tikinçilik kärhanalary dünýä öndürijilerinden getirilen iň häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilýär. Pudak tarapyndan öndürilýän önümleriň 70%-den gowragynyň, şol sanda pagta süýüminiň, ýüplügiň, matalaryň dürli görnüşleriniň we olardan tikilen taýýar önümleriň eksporta berilýän önümleri düzýär. Görşümiz ýaly, dokma senagatynyň eksport mümkinçilikleri artýar. Beýleki senagat pudaklarynyň hem bu ugurdaky mümkinçilikleri ýokarlanýar.

Ýurduň ykdysady kuwwatlylygy ýokarlanýar. 2008–2016-njy ýyllarda ýurdumyzyň jemi içerki önümi 2,5 esse artdy[81]. Bu hem türkmen jemgyýetiniň senagatlaşmagyna täze esaslary döredýär. Ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda göz öňünde tutulan ýyllarda jemi içerki önümiň ýyllyk ösüş depginini ýokary derejede saklamak meýilleşdirilen. Şol ýyllarda biziň ykdysadyýetimiziň düzüminde senagatyň paýy ortaça 33%-e, gurluşygyň paýy 14%-e, oba hojalygynyň paýy 10,9%-e ýeter. Bu görkeziji ulag we aragatnaşyk pudaklary boýunça 9,1%-e, söwda ulgamy boýunça 12%-e dürli ugurly hyzmatlar ulgamy boýunça hem 21%-e ýeter[82]. Ýokarda getirilen görkezijiler senagatda, gurluşykda we hyzmatlar pudagynda uly özgerişleriň amal ediljekdigini görkezýär.

Netijede, biziň ykdysady mümkinçiliklerimiz ýokarlanar. Biziň ýurdumyzyň eksport syýasatyny daşarky bazara barabar kemala getirmek, onuň önüm öndürijileriniň ornuny pugtalandyrmak ugrunda alnyp barylýan işler, mysal üçin, nebit-gaz pudagynda döreýän gaz-himiýa we nebit-himiýa toplumlary dogrusynda biz ýokarda durup geçipdik. Bu ýerde şu wezipäni netijeli amal etmek üçin daşarky bazaryň talaplaryny eserdeň öwrenmegiň we seljermegiň esasynda täze senagat syýasatyny alyp barmagyň zerurlygyna ýurt Ýolbaşçysynyň yzygiderli ünsi çekýändigini bel-

[80] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 9-njy tom. – A.: TDNG, 2016, 577 sah.

[81] Türkmenistanda ylym we tehnika. № 5, 2017, 10 sah.

[82] Türkmenistan. 2017-nji ýylyň 10-njy oktýabry.

läliň. Bu syýasatyň maksady ylmyň we öňdebaryjy tejribäniň iň täze gazananlaryny önümçilige giňden ornaşdyrmakdan, öňümçiligi taýýar önümleri öndürmäge gönükdirmekden ybarat. Ahyrky netijede senagat babatdaky syýasatyň durmuşa geçirilmegi bilen adamlaryň işlemekleri we bolelin ýaşamaklary üçin gerekli şertler giňeýär.

## Ýurduň senagat taýdan ösüşe eýe bolmagy

Ýurdy senagat taýdan ösen döwlete öwürmek maksadyna eýerip, ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge, döwrebaplaşdyrmaga girişildi. Bu syýasat taýýar önümleri öndürýän önümçilik ugurlaryny ösdürmegi we ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda kuwwatly gaýtadan işläp bejerýän toplumlary kemala getirmegi göz öňünde tutýar. Bu iş halk hojalygynyň ähli pudaklaryna täze tehnologiýalary ornaşdyrmagy, onuň köpugurly häsiýete eýe bolmagyny gazanmagy, senagat we gurluşyk pudaklarynyň täze infrastrukturasynyň döredilmegini, pudaklaýyn we guramaçylyk-hojalyk gurluşynyň kämilleşdirilmegini öz içine alýar.

Ýurtda bolup geçýän özgerişler, onda döwrebaplaşmagyň netijeli görnüşini kepillendirýän senagat taýdan ösüşiň täze tapgyryna häsiýetli bolan gymmatlyklaryň jemgyýetde ýüze çykýandygyny görkezýär. Şeýle gymmatlyklaryň döremegi köp derejede ýurduň ylym-bilim ulgamyna bagly bolýar. Şonuň üçin täze döwürde bu ulgamyň işini kämilleşdirmek ilkinji derejeli işe öwrüldi. Ýaşlaryň biliminiň we hünär taýýarlygynyň Ýewropa standartlaryna laýyklykda gurnalmagy jemgyýetiň intellektual potensialynyň artmagyna, ylmyň öndürijilikli güýje öwrülmegine şertleri döredip, ýurduň döwrebaplaşmagyna, onuň dünýäniň ösen döwletleriniň birine öwrülmegine esas döredýär. Indiki bapda bu meseläniň üstünde giňişleýin durup geçeris.

Bu ýerde bolsa jemgyýetiň industrial häsiýete eýe bolmagy üçin adamlaryň täze şertlerde döredijilik we gurujylyk ukyplarynyň artmagy, olaryň önümçiligiň täze görnüşlerini özleşdirmekleriniň aýratyn ähmiýete eýe bolýandygy bellärliklidir. Ýurtda eýeçiligiň görnüşini üýtgedip, bazar gatnaşyklaryny ýuwaş-ýuwaşdan ornaşdyrmak we telekeçiligi goldamak bilen baglanyşykly alnyp barylýan işler adamlaryň işewürligini artdyrýar. Netijede, täze iş ýörediş usullary, umuman, täze önümçilik medeniýeti döreýär, özi hem bu medeniýet geçmişde bar bolan gymmatlyklardan we kadalardan bazar ykdysadyýetiniň we hukuk döwletiniň berkeýän döwrüne hyzmat edip biljeklerini, peýdalylaryny «saýlap alýan»; şol gymmatlyklary häzirki nesillere geçirýän, ýagny olary belli bir garaýyşlar bilen ýaraglandyrýan; jemgyýetde bolup geçýän üýtgeşiklikleri nazara alyp, geçmişden miras galan gymmatlyklary hem-de kadalary täzeleýän özboluşly mehanizm bolup çykyş edýär.

Şu we beýleki çäreleriň netijesinde ýurt özgerýär, ykdysdyýet hem, medeniýet hem, jemgyýetiň sosial düzümi hem döwrebaplaşýar. Şolaryň netijesinde türkmen döwleti senagat taýdan ösen döwletleriň hataryna geçmäge tarap aýgytly ädim ätdi. Soňky ýyllarda ýurdumyzda jemi içerki önümiň möçberinde senagat we gurluşyk pudaklarynyň paýy, ýokarda bellenilişi ýaly, ýyl-ýyldan artýar. Häzirki döwürde

bu pudaklarda öndürilýän önümleriň ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň üçden iki böleginden hem ýokarda. Bu görkeziji bolsa ýurtda geçýän hil özgerişi, ýagny türkmen jemgyýetiniň döwrebaplaşmak ýoluna düşüp, senagatlaşan häsiýete eýe bolýandygyny aňladýar.

Şeýle ösüşe eýe bolan jemgyýet tehniki, sosial, syýasy we ruhy gymmatlyklaryň özara täsiri bilen hereketlenýän ulgam hökmünde häsiýetlendirilýär. Bu ýerde döräp biljek meseleler jemgyýetiň ykdysadyýetinde agalyk edýän ylmy çemeleşmeler bilen medeniýetiň ynsanperwerlik ugrukmasynyň arasyndaky bölünişigiň üsti bilen düşündirilýär. Olary sazlaşdyrmak ukyby senagat taýdan ösüş nusgasyna eýe bolýan türkmen jemgyýetinde ilkinji orunda ahlak gymmatlyklary, nazaryýet bilimlerini we maglumat ýöňe sürlüp, ylym-bilim we kommunikasiýa pudaklary bu ýerde täze derejä galýarlar. Bu hem ýokarky meseleleri çözmäge esas döredýär.

Ýurtda saýlanyp alnan ösüş ýoly hem jemgyýetiň döwrebaplaşýan döwründe bu ýerde ýüze çykýan meseleleriň çözgüdini sazlaşygyň, üstüni ýetirmek usulyň esasynda tapmakdan ugur alýar. Milletiň asyl ýörelgelerine esaslanyp, döwrüň öňe çykaran meseleleri çözülen halatynda döwrebap gymmatlyklary işläp düzmek mümkin bolýar. Şol gymmatlyklar hem täze döwürde ýurdy döwrebaplaşdyrmaga esas döredýär.

Bu bolsa ýurtda ylmy özüne siňdiren önümçilik ulgamlarynyň iň täze görnüşleriniň, ösen köp görnüşli kommunikasiýa düzüminiň döremegine ýol açýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň öňe süren senagat taýdan ösen, kuwwatly döwleti döretmek baradaky wezipeleri şu mümkinçilikleri netijeli ulanmagy we has ýokary çykarmagy talap edýär. Onuň üçin, ilki bilen, ýurdumyzyň ähli ýerlerinde diňe bir zawodlaryň we fabrikleriň guruljakdygyny däl, eýsem iň häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilen, gutarnykly önümçilik tapgyry bolan ägirt uly senagat toplumlarynyň döredilmegini hem aňladýar. Onuň mysaly hökmünde 2014-nji ýylda Ýaponiýanyň belli kompaniýalary bilen bilelikde gurluşygy başlanan Balkan welaýatynyň Garabogaz şäherçesindäki ammiak hem-de karbamid öndürýän, Gyýanly şäherçesindäki polimer kärhanalary 2018-nji ýylyň güýzünde hem-de Ahal welaýatynyň Owadandepedäki tebigy gazdan benzin öndürýän dünýäde ilkinji kärhana 2019-njy ýylyň tomsunda işe girizildi.

2019-njy ýylyň 1-nji oktýabryndaky ýagdaýa görä, ýurdumyzda ýapon kompaniýalarynyň gatnaşmagynda umumy bahasy ABŞ-nyň 12 milliard dollaryna barabar maýagoýum taslamalarynyň 37-si hasaba alnan[83]. Ýyl-ýyldan artýan türkmen-ýapon işewür hyzmatdaşlygynyň esasynda geljekde şeýle taslamalaryň sanynyň hem-de maliýe ölçeginiň artjakdygyny iki ýurduň arasynda gazanylan ylalaşyklar tassyklaýar.

«Demirgazyk-Günorta» transmilli demir ýolunyň, «Gündogar-Günbatar» gaz geçirijisiniň işe girizilmegi, Türkmenbaşynyň Nebti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň hil taýdan täze derejä çykmagy, Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-

[83] Türkmenistan. 2019-njy ýylyň 25-nji oktýabry.

Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygynyň güýçli depginler bilen alnyp barylmagy, meşhur «Galkynyş» gaz käniniň özleşdirilmegi, welaýatlarda we etraplarda ykdysadyýetiň pudaklaryna degişli gaýtadan işleýän senagat kärhanalarynyň gurluşygygynyň täze derejä galmagy ýurduň senagatlaşmagyna getirýän ýollar bolýarlar.

Kemala gelýän gaýtadan işleýän pudakda başlanan işleriň maksady ylmyň we öňdebaryjy tejribäniň iň täze gazananlaryny önümçilige giňden ornaşdyrmak, industrial medeniýeti özleşdirmek esasynda birleşýän adamlaryň uly toparlarynyň ýaşaýan täze senagat merkezlerini döretmek bolýar. Ýurduň gün-günden kuwwatlanýan tehniki-tehnologik potensialynyň netijeli ulanylmagy üçin köpsanly başarjaň, häzirki zaman ähli kommunikasiýa we multimedia tehnologiýalaryndan başy çykýan, ukyply hünärmenleriň neslini terbiýeläp ýetişdirmek ugrunda alnyp-barylýan işi has ýokary derejä çykarmagy talap edýär. Bu meseläni çözmek üçin gerek bolan maddy-tehniki, guramaçylyk esaslar ýurtda bar.

Türkmen döwleti döredijilikli, jogapkärçilikli, ahlakly ylma esaslanyp, özbaşdak çylşyrymly meseleleriň çözgüdini tapyp bilýän hünärmenleri ösdürip, ýetişdirmek barada yzygiderli alada edýär. Häzirki döwürde ähli hünär mekdepleriniň işini düýpli kämilleşdirmäge, bu ýerde ýaşlara berilýän hünär biliminiň ýokary hilini üpjün etmäge girişildi. Senagat pudagy we ykdysadyýetiň beýleki pudaklary üçin hünärmenleri taýýarlamagyň binýady has-da pugtalandyrylýar. Bu mesele indiki sapakda giňişleýin derňeler. Ýurdumyzda nebitgaz, gurluşyk, energetika pudaklary we oba hojalyk toplumlary üçin hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdepleri bilen bir hatarda ýörite orta hünär bilimli işgärleri taýýarlaýan orta hünär mekdepleriniň birnäçesi döredildi. Hünärmenleri taýýarlamak, bar bolan hünärmenleri ýurtda geçýän özgerişlere işewür çekmek döwrüň talaby bolýar. Şu ugurda alnyp barylýan köptaraply işler, şol sanda türkmen raýatlaryna daşary ýurt döwletlerinde berlen ýokary we orta hünär bilimi hakyndaky resminamalary ykrar etmegiň täze tertibiniň tassyklanmagy ähli derejelerde täze iş ýörediş usullaryny ele alan ukyply hünärmen işgärleriň nesliniň ýetişmegine esas döredýär.

## Ýurtda geçýän urbanizasion özgeriş

Urbanizasiýa («*urbas*» – latynça şäher) jemgyýetiň ösüşinde şäheriň ornunyň ýokarlanýanlygyny görkezýän hadysadyr. Urbanizasiýanyň sosial manysy sosial hünär we ilatyň demografiki düzümine, onuň durmuş keşbine, medeniýetine öndüriji güýçleriň ýerleşdirilişine täsir edýän aýratyn şäher gatnaşyklary bolýar. Soňky döwürde ýurduň şäher gurluşygynda geçýän güýpli özgeriş hem ýurduň senagat taýdan ösen döwlete öwrülýänligi bilen bagly bolýar. Jemgyýetiň hil taýdan täze derejä galmagy köptaraply özgerişler esasynda amal bolýar. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe bu ýerde geçýän özgerişlere garalsa, şäher gurluşyk işiniň täze hil derejä çykmagy, medeni we senagat merkezleri bolan täze şäherleriň döremegi, ozalky şäherleriň durkunyň täzelenmegi, şäherlerde ýaşaýan ilatyň sanynyň artmagy aýdyň görünýär.

Türkmen Lideri ýurduň ähli ýerlerini ajaýyp ýaşaýyş mekanyna öwürmek barada uly tagallalary edýär. 2012-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda geçen Ýaşulular maslahatynda Döwletbaştutany şu maksat bilen welaýatlarda döwrebap şäherçeleri gurmagy wajyp wezipe hökmünde öňe sürdi. Şonuň esasynda welaýat häkimleri, ministrlikler we edaralar tarapyndan täze şäherçeleriň ýerleşjek ýerleri bellenildi, olarda gurulmaga meýilleşdirilýän desgalaryň sanawy taýýarlanyldy, binalaryň we desgalaryň deslapky bahasy, şeýle hem şol maksatlar üçin gönükdiriljek maýagoýumlaryň möçberleri kesgitlenildi. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2013-nji ýylyň 12-nji aprelinde geçirilen giňişleýin mejlisinde hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynda täze, döwrebap şäherçeleri gurmak baradaky Kararlara gol çekdi. Resminamalara laýyklykda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ruhuna laýyk gelýän täze şäherçeler häzirki döwrüň ösen talaplary esasynda gurlar.

Şol Kararlar kabul edilenden soň kän wagt geçmänkä ýurt üçin örän ähmiýetli bolan bu maksatnamany amal etmäge badalga berildi. 2013-nji ýylyň 17-nji aprelinde Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Gäwers geňeşliginiň çäginde täze döwrebap şäherçäniň düýbüniň tutulmagyna bagyşlanan dabara boldy. Täze şäherçeleriň gurluşygyna başlanylmagy bilen baglanyşykly dabaralar şol ýylyň 24-nji aprelinde Balkan welaýatynyň Bereket etrabynyň «Gulmaç» geňeşliginde, Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynda, Lebap welaýatynyň Darganata etrabynda we Mary welaýatynyň Mary etrabynyň «Jemgyýet» geňeşliginde hem gurnaldy. Gurluşygy başlanan şäherçeleriň her birinde adamlaryň ýaşamagy üçin ähli şertleri, ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlaryny, döwrebap maddy-tehniki binýady bolan umumybilim berýän mekdebi, çagalar bagyny, Saglyk öýüni, Medeniýet öýüni, söwda ulgamyny, bazary, dürli görnüşli häzirki zaman aragatnaşyk we beýleki desgalary, şol sanda dolandyryş, önümçilik we medeni-durmuş maksatly desgalary öz içine alýan tutuş binagärlik toplumy peýda bolar. Şäherçeleriň ýerleşýän ýerleri olara özboluşlylyk we gaýtalanmaýan görk berer. Bu bolsa ozalky obalarymyza täze görk-görmek berer we ýurdumyzyň köp ýerlerinde täze senagat merkezleriniň döremegine getirer. Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Berkarar şäherçesine, Mary welaýatynyň Baýramaly etrabynyň Üçajy şäherçesiniň Bagtyýarlyk şäherçesine öwrülmekleri, Lebap welaýatynyň Garlyk hem-de Balkan welaýatynyň Gyýanly we Belek şäherçeleriniň täze durka eýe bolmaklary onuň mysaly bolýar.

2015-nji ýylyň 20-nji fewralynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Aşgabat şäherini, welaýatlary we obalary ösdürmegiň meýilnamalaryna giňişleýin garalyp geçildi. Şonda paýtagty ösdürmek bilen baglanyşykly işleri amal etmegiň meýilnamasy kesgitlenildi. Onda tapgyrlaýyn işleriň birnäçesi göz öňünde tutulan. Bu meýilnama adamlar üçin amatly ýaşaýyş şertlerini döretmek, ähli ölçegler boýunça durmuş derejesini ýokarlandyrmak esasynda Aşgabadyň möhüm halkara syýasy, işewür, medeni, sport, syýahatçylyk merkezi hökmünde ähmiýetiniň has

ýokarlanmagyna gönükdirilendir. Bitarap Türkmenistanyň gözel paýtagty Aşgabadyň geljeginiň meýilnamasy ýurdumyzy ösdürmegiň nusgasy bolup çykyş edýär.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasyna» laýyklykda 2020-nji ýyla çenli 7,5 milliard amerikan dollaryndan hem köp möçberde serişdeleri özleşdirmek göz öňünde tutulýar. Täze Maksatnama laýyklykda şol döwre çenli 504 sany desga gurlar. Bu desgalaryň hatarynda meýdany 3 million inedördül metre golaý bolan häzirki zaman ýaşaýyş jaýlary, döwrebap mekdepler, çagalar baglary, saglyk öýleri, ýollar we beýleki zerur üpjünçilik ulgamlary bar[84]. Şolar bilen bir hatarda ýurdumyzyň her bir welaýatynda ähli üpjünçilik ulgamlary bolan täze, döwrebap şäherleriň gurluşygy we oba gurluşyk işleri alnyp barylýar. Ähli welaýatlarda 2016-njy ýylyň dowamynda şäher kysymly obalaryň birnäçesi guruldy. 2017-nji ýylda Aşgabatda alnyp barylýan gurluşyk işleriniň 17-nji tapgyrynda göz öňünde tutylan ýaşaýyş-durmuş maksatly jaýlar ulanmaga berildi. Olarda döredilen amatlyklar häzirki zaman şäherleriniň hyzmat ulgamy derejesine laýyk gelýär.

Soňky döwürde ýurdumyzda täze senagat merkezleri döreýär. Balkan welaýatyndaky Belek we Gyýanly şäherçeleri, Lebap welaýatyndaky Garlyk şäherçesi biziň ozalky senagat merkezlerimiz bilen bilelikde ýurduň döwrebaplaşýan döwründe bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde adamlaryň netijeli işlemekleri üçin gerek bolan täze zähmet etikasynyň kemala gelýän kärhanalaryny, maşgala hojalyklaryny özünde jemleýärler. Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Owadandepe obasy hem ýurduň senagat merkezleriniň birine öwrülýär.

Şäher gurluşygynda alnyp barylýan işler we olaryň esasynda soňky döwürde geçýän özgerişler örän düýpli. Olaryň netijesinde türkmen jemgyýetiniň täze durky we derejeşi açylýar. Senagat, söwda we gurluşyk pudaklarynda işleýän adamlaryň sany artýar. Ýurtda dürli pudaklarda işleýän hünärmenleri özünde jemleýän kuwwatly orta synp döreýär. Hünärmenleriň täze nesli ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny ele alyp, bäsdeşlige ukyply harytlary we hyzmatlary öndürmek we ýerlemek ukybyna eýe bolýarlar. Häzirki döwürde senagat we gurluşyk pudaklarynda hünärmenleriň täze nesli kemala gelýär, jemgyýetiň sosial düzüminde we durkunda hil özgerişleri geçýär.

Görşümiz ýaly, gadymy Türkmen ýurdunda düýpgöter täze jemgyýet – industrial jemgyýet kemala gelýär. Bu jemgyýet öz döreýşinde, ösüşinde we ýaşaýşynda düýpli özboluşlylyga eýe bolýar. Onuň ösüşi dürli çeşmelerden – tebigy, özüniň durmuşy we ruhy çeşmelerden gözbaş alýar. Olaryň özara gatnaşygy jemgyýetiň ösüş taryhyna täzeleniş berýär. Bu jemgyýet halkyň medeni mirasynyň, däp-dessurlarynyň we häzirki zaman innowasion çözgütleriň biri-biriniň üstüni ýetirmegi esasynda täze derejelere galýar. Häzirki döwürde biziň jemgyýetimiziň ösüşinde täze gözýetimleriň açylýanlygyny aýtsa bolar.

[84] Türkmenistan. 2015-nji ýylyň 21-nji fewraly.

## Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Geçmişde ýurduň senagatlaşmagy bilen bagly işleriň amal edilmediginiň sebäbi nämede?

2. Postindustrial ösüş ýolunyň aýratynlygy nämeden ybarat?

3. Bu ösüş ýoluna düşülende jemgyýet bilen tebigatyň arabaglanyşygynyň häsiýetli aýratynlyklaryny nämede görýärsiňiz?

4. Jemi içerki önümiň düzüminde senagat we gurluşyk pudaklarynyň önümleriniň mukdarynyň artmagy jemgyýete nähili täsir edýär?

5. Ykdysdyýetiň ähli pudaklarynda ylmyň we tehnologiýanyň soňky gazananlaryny özüne siňdiren senagat we agrosenagat toplumlarynyň döreýşini takyk mysallaryň üsti bilen açyp görkeziň.

6. Ýurdumyzda döreýän täze iş ýerleriniň aýratynlygyny nämede görýärsiňiz?

7. Ýurtda kemala gelýän täze senagat merkezleriniň özboluşlylygyny nämede görýärsiňiz?

8. Ýurtda ýaýbaňlanýan şähergurluşyk işlerini takyk mysallaryň üsti bilen açyp görkeziň.

9. Ýurtda berkeýän şäher ýaşaýyş keşbiniň aýratynlygyny nämede görýärsiňiz?

## 3-NJI SAPAK. JEMGYÝETIŇ SOSIAL DÜZÜMI WE ONDAKY ÖZGERIŞLER

*Täze taryhy özgertmeler döwründe şahsyýetara gatnaşyklar we jemgyýetiň sosial düzümindäki özgertmeler. Jemgyýetiň düzüminde dörän we döreýän sosial toparlar, synplar, gatlaklar. Senagatçylar we telekeçiler. Döwletiň telekeçilere goldawy. Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi. Türkmenistanyň senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň döremegi.*

*Jemgyýetdäki özgerişe garaýyşlaryň köpdürlüligi.*

*Türkmenistanyň ilatynyň milli düzümi. Milletara gatnaşyklar. Türkmen döwletiniň milli syýasaty. Ilatyň ýaşy we jynsy boýunça toparlara bölünmegi. Jemgyýetde maşgalanyň orny. Ilatyň sosial goraglylygy.*

**Jemgyýetiň sosial düzümi.** Şu kitabyň üçünji babynda garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda türkmen jemgyýetiniň sosial düzüminde başlanan üýtgeşmeler barada giňişleýin durup geçipdik. Bu ýerde bolup geçýän özgerişler örän düýpli hem-de çylşyrymly. Täze döreýän sosial toparlar, gatlaklar we synplar özalkylardan bütünleý tapawutlanýarlar. Şonuň ýaly-da bu özgerişleri derňemek üçin ulanylýan ylmy çemeleşmeleri haýsy hem bolsa bir garaýyş bilen çäklemek hakykylygy açmaga kömek edip bilmeýär. Häzirki döwürde türkmen jemgyýetiniň sosial düzüminde bolup geçen üýtgeşikler barada söhbete geçmezden ozal jemgyýetiň sosial düzümi baradaky garaýyşlaryň käbiriniň üstünde durup geçeliň.

Bilşimiz ýaly, jemgyýet ýöne bir mähelle üýşmeleňi däl. Onuň hökmany suratda sosial düzümi we düzüm bölekleri bolýar. Özara gatnaşykda we baglanyşykda bolýan sosial toparlaryň, birleşmeleriň şonuň ýaly-da sosial edaralaryň birleşmesi hem olaryň özara täsirleri sosial düzümi döredýär. Sosial düzümiň barlygy we onuň ösüşiniň mehanizmi adam hereketiniň ulgamynda «ýerleşýär». Ýaşamak üçin adamlar belli bar gatnaşyklara girişýärler, toparlara birigýärler, özara wezipeleri

bölüşýärler. Topar döretmek işinde zähmet bölünişigi kesgitleýji orna eýe bolýar. Onuň sosial gatnaşyklaryň taryhyny düşündirmekdäki ähmiýeti hem uly. Sosial gatnaşyklar sosial toparlaryň, gatlaklaryň we edaralaryň arasyndaky durnukly hem kadalaşan guramaçylyk-tehniki, ykdysady, aňyýet baglanyşyklarynyň biri-biri bilen gatyşmasy bolýar.

Sosial toparlaryň islegleri we bähbitleri jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň aýratyn görnüşi bolan sosial gatnaşyklara ulgamlaýyn hem bitewileýin häsiýeti berýär. Jemgyýetiň sosial düzümini dürli sosial toparlar, sosial edaralar we zähmet aýratynlygy hem jemgyýetdäki orny bilen tapawutlanýan sosial gatlaklar düzýärler. **Sosial toparlar** özleriniň zähmet bölünişigindäki we sosial gatnaşyklar ulgamyndaky ornuna, isleglerine we bähbitlerine, şonuň ýaly-da özleriniň oňlaýan gymmatlyklaryna görä kemala gelýärler. **Sosial edara** adam hereketiniň dürli gurşawlaryny sazlaşdyrýan düzgünleriň, kadalaryň we ýörelgeleriň toplumydyr.

Jemgyýetiň sosial düzümi özara baglanyşykly toparlaryň we edaralaryň durnuklylygyny hem netijeli hereketini üpjün edýär. Jemgyýetiň sosial düzümi barada dürli hili taglymatlar bar. Olar: sosial deňsizlik taglymaty; synpy taglymat; sosial edaralar taglymaty. Bu taglymatlar jemgyýetiň sosial düzüminiň özgerişini häsiýetlendirýärler. Adaty jemgyýete sosial gatlaklar ulgamy häsiýetli. Adaty türkmen jemgyýetinde hanlar we begzadalar ýokary gatlagy düzen bolsalar, ruhanylar ortaky gatlagy düzenler. Daýhanlary, söwdägärleri, senetçileri we başgalary birikdirýän üçünji gatlak – garamaýaklar gatlagy bolan. Synplary uly adam toparlary görnüşinde kesgitlese bolar. Olar özleriniň ýaşaýyş görnüşlerine güýçli täsir edýän durmuş-ykdysady baýlyklary bilen biri-birinden tapawutlanýarlar. Häzirki türkmen jemgyýetiniň sosial düzümini häsiýetlendirmek üçin biz, ilki bilen, XX asyrda täsirli bolan jemgyýetiň sosial düzümi baradaky stratifikasiýa taglymatyna ýüzleneliň.

**Stratifikasiýa** (latyn dilinden terjime edilende *stratum* – **düşek, gatlak,** *facere* – **etmek, ýaşamak** diýen manyny aňladýar) sosial gatlaklary düzgünleşdirýän taglymat bolup, türkmen dilinde *«belli bir ölçegler (girdeji, häkimýet, bilim, abraý) esasynda bolup geçýän gatlaklanma»* diýen manyny aňladýar. Bu taglymat jemgyýetiň synplara bölünmeginiň esasyny ykdysady şertleriň düzýänligini nygtaýar. Şol bir wagtda hem bu ýerde synplara bölünmek diňe bir adamyň eýeçilige eýe bolmagy ýa-da önümçilik serişdelerine doly ýa-da çäkli gözegçiligi bilen kesgitlenmän, eýsem eýeçilige göni dahylly bolmadyk ykdysady tapawut bilen hem kesgitlenýär. Meselem, olar işgäriň hereketiniň synplara bölünmeginiň bir esasy hökmünde hünärmenlik derejesi, diplomyň barlygy, işgäriň başarnygy hem endigi bolup biler. Adam dürli orunlara eýe bolup biler, ýöne olaryň haýsy hem bolsa biri esasy bolup, onuň jemgyýetdäki ornuny kesgitleýär. Adamlaryň jemgyýetdäki orny boýunça dürlüligi, olaryň ol ýa-da beýleki synpa degişliliginden tapawutlanýar.

Häzirki türkmen jemgyýetiniň sosial düzümi häsýetlendirilende ozaldan ulanylýan gatlaklaýyn garaýyş bilen bir hatarda jemgyýetiň synplara bölünmeginiň bir

esasy hökmünde hünärmenlik derejesi, eýeçilige degişliligi, işgäriň başarnygy hem endigi bolup biler diýen jümlesi belli bir derejede peýdaly bolup biler. Şonuň üçin jemgyýetiň düzüminde hünärmenleriň orny giňişleýin açylmaga çalşylar.

**Türkmen jemgyýetiniň sosial düzüminde bolup geçen özgerişler.** Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda bu ýerde bolup geçýän üýtgeşmeleriň netijeleri barada pikirleri jemläliň. Ozalky jemgyýet gurluşynyň sosial düzüminiň bölekleriniň we etniki toparlarynyň käbirini üýtgetmek, başga birnäçelerine täze hil häsiýetini eýelemek, şonuň ýaly-da täze durmuş-ykdysady reallyklara laýyk gelýän täze sosial toparlaryň hem gatlaklaryň kemala gelmeklerine, jemgyýetde orun almaklaryna ýardam etmek arkaly ulgamlaýyn ösüşe ýol açyldy. Geçiş döwründe ilatyň düzüminde täze-täze toparlar, gatlaklar (kärendeçiler, telekeçiler we beýl.) ýüze çykýar. Olaryň sosial statuslary üýtgäp, bähbitleri tapawutlanýar.

Täze düzümler başda bölek-bölek bolýar. Olara içki bitewilik, jebislik ýetmeýär. Olaryň ykdysady, syýasy, durmuşy-medeni statusynyň arasynda bir kysymdaşlyk ýok. Jemgyýetçilik toparlarynyň kanuny resminamalarda berkidilen statusy bilen olaryň sosial-psihologik taýdan özlerini duýuşlary gabat gelenok. Bular wagtlaýyn, geçiş döwrüniň nyşany. Meselem, jemgyýetde geçýän özgerişe tapawutly garaýyş esasynda hem dürli sosial toparlar döreýärler:

*1. Täze gymmatlyklara daşarky güýjüň (döwletiň ýa-da özgerdiji toparyň) täsiri hökmünde garaýan topar.*

*2. Özgerişe serişde hökmünde garaýan topar.*

*3. Özgerişe şahsyýetiň özüni kämilleşdirmäge dörän mümkinçilik hökmünde garaýan topar.*

Bazar gatnaşyklaryna girişilýän döwürde, ýokarda bellenilişi ýaly, şu hili dürli toparlaryň döremegi kanunalaýyklykdyr, sebäbi garaşsyzlykdan öňki ýyllar biziň ýurdumyzda agalyk eden ideologiýa adamlaryň aňyna garaşsyzlyk döwründe jemgyýete işewür ornaşdyrylýan bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň gymmatlyklaryna ýigrenç döretmäge çalşypdy. Ol ýyllar jemgyýetçilik aňy köpçülikleýin paýhasy kemala getirip, adamyň özbaşdak pikir ýöretmek ukybyny peseltdi.

Özbaşdak pikiriň inkärlenýän ýerinde şahsy borç we şahsy jogapkärlik gowşaýar. Şonda jemgyýet jogapkärçiligi adamyň özi bilen däl-de, onuň maşgalasy, kowumy, garyndaşlary bilen baglaýar. Netijede, ahlaklylygy göteriji bolup aýratyn adam däl-de, topar çykyş edýär. Geçiş döwründe hem toparlaýyn aňyň täsiri saklanyp galýar. Ýurduň bazar gatnaşyklaryna işewür girişýän döwründe adam öz edýän işine özi jogap bermeli bolýar. Adamlaryň täze şertlerde öz borjuny we jogapkärçiligini bilmekleri üçin täze aň gerek. Jemgyýetde täze aňyň kemala gelmegininiň öz depgini bar. Aňyň kemala gelmegine, ykdysady we durmuşy özgerişleriň täsir edýänligine garamazdan, onuň depgini soňkularyň üýtgeýiş depgini bilen gabat gelmeýär. Şonuň üçin täze aňyň kemala gelmegini emeli taýdan çaltlandyrmak ýa-da çäklendirmek gerekli netije berip bilmeýär.

**Häzirki türkmen jemgyýetiniň sosial düzüminiň aýratynlygy.** Köne jemgyýet gurluşyndan täze jemgyýet gurluşyna geçilýän döwrüň başynda dörän şindi durnukly häsiýete eýe bolup bilmedik dürli-dürli sosial toparlaryň täze jemgyýetiň durnukly toparlaryna we gatlaklaryna öwrülmegi wagty hem-de jemgyýetiň özgerişiniň yzygiderliligini talap edýär. Şonuň üçin geçiş döwrüniň başynda jemgyýetiň sosial düzüminde dörän täze sosial toparlara we gatlaklara jemgyýet öz ornuny tapyp berkemeginde döwletiň aýratyn orny bardyr. Mülkdarlaryň, telekeçileriň, kärendeçileriň toparynyň döwletiň goldawy esasynda berkeýändigini biz görýäris. Hakyky haryt öndürijileri – hususyýetçileri döretmek döwletiň üns merkezindedir.

Ol hem örän wajyp, sebäbi ýurtda edaralaýyn-kanunçylyk esasynda eýeçiligiň we ykdysady işiň subýektleriniň dürli görnüşleriniň, şol sanda döwletiňki däl sektory berkäp başlady. Olara döwletiň kärhanalarynyň işgärleriniň uly bölegi geçip, kem-kemden araçylyk işler, hyzmat, maliýe-bank operasiýalary bilen meşgul bolýan adamlaryň sany artýar. Ýurtda bazar gatnaşyklary bilen baglanyşykly täze işlerde işleýän adam toparlary kemala gelip başlaýar – paýdarlar we hususy kärhanalaryň iş dolandyryjylary (menejerleri), gymmatbahaly kagyzlary bahalaýan hünärmenler we beýlekiler.

**Türkmen telekeçileriniň täze nesliniň kemala gelmegi.** Türkmen jemgyýetinde telekeçiler gatnaşygynyň kemala gelmegi bilen bagly iş özboluşlylyga eýe bolýar. Bu gatlagyň manysyny, düzümini we statusyny aňlamaly bolýar. Ol ýa-da beýleki işgäriň bu gatlaga degişliligini kesgitleýän iki häsiýetnama – girdeji almak maksady bilen hojalyk gurşawyndaky hereket; ykdysady erkinlik, ýa-da hojalyk işleriniň netijeliligi üçin şahsy jogapkärçilik hem-de özbaşdak karara gelmek bilen baglanyşykly hukuklaryň we jogapkärçiligiň barlygydyr. Häzirki türkmen jemgyýetinde bu gatlak kem-kemden galňaýar. Başky döwürde bu gatlagyň wekilleri özlerini öz sosial-hünär statusy bilen düýpli baglap bilmändiklerine garamazdan, olar biziň jemgyýetimizdäki beýleki gatlaklardan hem toparlardan tapawutlanýarlar. Telekeçiler bu ýerde wajyp orna eýe bolýarlar. Olaryň üsti bilen işgärler wagtyny geçiren we gereklilikleri kanagatlandyryp bilmeýän önümçilikden täze döreýän önümçilige geçip başladylar.

Eýeçiligiň täze görnüşleriniň döremegi we işgärleriň düzümleýin başga ugurlara geçmegi bilen baglanyşykly çylşyrymly hadysalar şindi hukuk demokratik proseduralaryň ýetmezlik, sosial infrastrukturalaryň gowşaklyk edýän döwründe boldy. Bular şol döwürde döreýän täze düzümlere we gatnaşyklara öz täsirlerini ýetirdiler. Işgärler täze önümçilik görnüşlerine diňe bir sosial netijeliligi bolmadyk önümçilikden däl, eýsem jemgyýete gerekli, ýöne bada netijeliligi berip bilmedik önümçilikden hem çykdylar. Şonda ýokary derejeli hünärmenleriň täjirçilik düzümine geçmekleri kähalatlarda örän oňaýsyz netijelere, ýagny girdejileriň ýokarlanmagy üçin hünär ussatlygyny ýitirmäge getirýän ýagdaýlary hem boldy. Şeýlelikde, orta synpyň kemala gelmeginde esasy orny eýelemeli gatlaklaryň öz statusyny ýitiren ýagdaýlary az bolmady. Olaryň wekilleriniň has girdejisiz toparlara ýa-da başga statusly düzümlere geçenleri boldy. Bu bolsa özgerişlere oňaýsyz täsir edýär. Şu

ýagdaýlar göz öňünde tutulyp, önümçilikde täze işewür toparlaryň we gatlaklaryň döremegine aýratyn üns berildi.

Şonda önümçiligi guramak, ony höweslendirmek, bütin ykdysadyýeti dolandyrmak, eýeçiligiň täze görnüşlerine ýol açmak, uzak ýyllaryň dowamynda toplanan jemgyýetçilik emlägini täzeden paýlamak döwleti dolandyrmagyň wajyp şertine öwrüldi. Bu wezipeleri ýerine ýetirmek üçin döwletiň elinde gerek bolan mümkinçilikler bar. Onuň elinde maddy, ykdysady, sosial, syýasy, hukuk, medeni, guramaçylyk ryçaglary bar. Olaryň üsti bilen döwlet täze sosial toparlaryň jemgyýetde berkemeklerine öz täsirini ýetirýär. Ol karzlar, ygtyýarnamalar bermek, salgyt, nyrhlar, inwestisiýalar, ýeňillikler syýasaty arkaly hususyýetçileriň ösmegine kömek berýär. Şeýle aladanyň netijesinde täze sosial toparlar jemgyýetde, onuň ykdysadyýetinde kem-kemden öz ornuny tapyp başlaýarlar.

2008-nji ýylyň başynda ýurtda öndürilýän önümiň 40%-i hususy sektora degişli boldy. Şol ýylyň 17-nji martynda türkmen hususy telekeçileri bilen duşuşanda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bu görkezijini 2020-nji ýylda 70%-e ýetirmek üçin döwlet tarapyndan hemmetaraplaýyn goldaw beriljekdigini, oňaýly şertleriň dörediljekdigini belläp geçdi. Banklarda daşary ýurt walýutalarynyň satylmagy, onuň ýeke-täk hümmete geçirilmegi, salgyt syýasatynyň ýeňilleşdirilmegi, telekeçilige degişli kanunlar boýunça tükelleýiş işleriniň geçirilmegi, daşary ýurt maýagoýumlary hakyndaky kanunyň täze redaksiýasy ýokarda görkezilen sepgitlere, ykdysady netijelilige ýetmäge ýardam berýänligi gümansyz. Türkmenistanyň Senagatçylar hem telekeçiler birleşmesiniň, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň döredilmegi bu ugurda durmuşa geçiriljek çäreleriň we telekeçilik ulgamyny, esasan-da, kiçi we orta hususy telekeçiligi ösdürmek syýasatynyň giňişleýin pikir alyşmak esasynda durmuşa geçiriljekliginiň güwanamasy bolýar.

Orta we kiçi telekeçilik yzygiderli ösýär. 2016-njy ýylyň oktýabr aýyndaky maglumatlara görä, ýngyç-energetika pudagyny hasaba almanyňda, umumy içerki önümçiligiň düzüminde ykdysadyýetiň döwlete degişli bolmadyk böleginiň paýy 68%-e barabar boldy. Ýurdumyzda ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegine degişli kärhanalaryň umumy sany 25 müňe ýetdi.[85]

Soňky döwürde ýurtda geçirilen konstitusion özgertmäniň netijesinde jemgyýetde bazar ykdysadyýetiniň berkemegi, orta gatlagyň güýjemegi üçin gerek bolan hukuk esaslaryny döretdi. Konstitusiýamyzyň rejelenen görnüşiniň 47-nji maddasynda her bir adamyň telekeçilik we kanunda gadagan edilmedik gaýry ykdysady işi üçin öz ukyplaryny we emlägini erkin peýdalanmaga hukugynyň bardygy[86] bellenen. Bu hem eýeçiligiň köpdürlüligine täze hukuk esaslaryny döredýär. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwründe jemgyýetiň ykdysadyýetdäki eýeçilik görnüşlerine laýyklykda gatlaklara bölünişigi bolup geçýär.

[85] Gurbanguly Berdumuhamedow. Türkmenistan. – A.: TDNG, 2016, sah.

[86] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016, 26 sah.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda hususy telekeçilik ulgamynda kiçi we iri kärhanalaryň ýüzlerçesini döretmek meýilleşdirilýär. Şol döwürde daşary ýurt we bilelikdäki kärhanalary döretmek boýunça hem uly möçberli işler göz öňünde tutulýar.

Ýurdumyzda ýörite ykdysady zolaklar döredilер. Işläp gelýän döwlet kärhanalary hususylaşdyrylar hem-de paýdarlar jemgyýetleri guralar. Bazar gatnaşyklaryna geçmegiň dowamynda düýpli özgertmeler amala aşyrylar. Giň gerimli şeýle işleri geçirmegiň netijesinde ykdysadyýetimizde döwlete dahylsyz pudagyň paýy yzygiderli artar[87], 2025-nji ýyla çenli ýangyç-energetika pudagyny hasaba almazdan JIÖ-däki onuň paýy 73,2%-den gowrak bolar diýip çaklanýar. Bu ýerde orta gatlagyň berkemegi aýratyn ähmiýete eýedir. Biziň häzirki jemgyýetimizde bu gatlak ýokary gatlak bilen hakynatutma işgärleriň arasynda ortalyk orna eýe bolýan sosial topar bolýar.

**Adamlaryň jemgyýetdäki özgerişe garaýyşlarynyň dürlüliginiň sosial bölünişige edýän täsiri.** Jemgyýetiň özgerýän döwründe täze döreýän gymmatlyklara adamlaryň garaýyşlarynyň biri-birinden tapawutly bolýandygyny ýokarda görkezipdik. Bu ýerde olaryň özboluşlylygyny we aýratynlygyny açyp görkezmäge çalşalyň. Türkmen halky öz garaşsyzlygyny gazanyp, özgeriş ýoluna düşen ilkinji ýyllarynda täze gymmatlyklaryň berkemegine, ilki bilen, halkyň durmuşyna ornaşan däp-dessurlardan ugur alýan adamlaryň arasynda saklanan türkmeniň milli aňynyň sada-sagdynlyk ýörelgelerine ýugrulan däpleriniň ahlak güýji ýardam berýär. Biziň jemgyýetimizde özgerişe *ýeterlik gymmatlyk* diýip düşünýän adamlar telekeçileriň, işewür adamlaryň ýaýramagy we olaryň täze gatnaşyklara girişmegi bilen artýar. Şolar bilen bir hatarda adamlaryň arasynda özgeriş gymmatlyklaryna serişde hökmünde garaýanlar hem duşýarlar.

Bazar gatnaşyklaryna her bir adamyň öz bähbidiniň üsti bilen girişýändigini göz öňünde tutup, soňky toparyň agzalaryny täze gymmatlyklary döwrebap usullary bilen guraýanlaryň hataryna çekmeli boldy. Bu iş bolsa adaty çemeleşmelerden ýokary galyp, durmuşyň ähli ugurlaryny oýlanyşykly gurnamak bilen bagly bolýar. Şonuň üçin dürli pikirlerden ugur alýan toparlaryň jemgyýetde geçýän özgerişlere sazlaşykly goşulyşmalaryny gazanyp, olaryň döredijilik we gurujylyk ukyplaryny artdyrmaga we täze gymmatlyklaryň jemgyýetde ýaýramagyna ýol açmak häzirki döwrüň wajyp meselesine öwrülýär.

Dürli gymmatlyklardan ugur alýan adam toparlarynyň arasynda sazlaşygyň döremegine türkmen Lideriniň ynsanperwer syýasaty, ýurtda kemala gelýän syýasy köpdürlülik we köppartiýaly syýasy ulgam mümkinçilikleri döredýär. Bu bolsa adamlaryň täze gymmatlyklara bolan dürli garaýyşlarynyň ýakynlaşmagyna getirip, jemgyýetiň ähli ugurlarynda we derejelerinde özgerişiň çuňlaşmagyna we giňeme-

[87] Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasy. – A.: TDNG, 2019, 104 sah.

gine kömek edýär. Aýry-aýry sosial toparlaryň jebisleşmegi esasynda döreýän sosial ulgamyň özboluşlylygy özgerişiň netijeliliginiň çeşmesi bolýar. Ol netijelilik bolsa üznüksiz milli gurluşy üpjün etmek üçin mümkin bolan päsgelçilikleri ýeňip geçer ýaly milletiň öňde goýlan maksatlaryny gazanmak üçin wajyp şert bolup duran milli ýaşaýyş ukyplylygyny kemala getirmekden ybaratdyr. Şol ukyplylyk jemgyýetiň içinde adaty we döwrebap gatnaşyklaryň esasynda döreýän meseleleriň çözgüdiniň üsti bilen tapylýar.

Meseläniň çözgüdini bolsa jemgyýetiň wagtyny geçiren ýörelgelerden arany açyp, bazar ykdysadyýeti, raýat jemgyýeti bilen bagly gymmatlyklary, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri ýörelgesini halkyň özboluşly mentaliteti esasynda özleşdirmek bilen tapyp bolýar. Eger-de adam öz ruhuny täze gymmatlyklaryň üsti bilen berkitmese, eger-de milli köklerimizden gelip çykýan ynsanperwerlik esaslaryny häzirki zamanyň esasyna getirmese, ösüşi we özgerişi gazanmak kyn bolar. Diýmek, halkymyzyň asyrlaryň dowamynda toplan gymmatlyklaryny we ýörelgelerini häzirki zamanyň esasyna geçirmek jemgyýetiň çözýän we çözmeli iň wajyp meselesi bolýar.

Ýurtda alnyp barylýan yzygiderli özgerdiş syýasaty täze gymmatlyklara giňden ýol açyp, adamlaryň durmuş hereketlerine päsgelçilik döredýän zatlardan azat edip, olaryň döredijilikli zähmetine hemaýat edýän hukuk we ahlak meýdanyny döredýär. Eger olaryň **birinjisini** Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda kämilleşdirilýän Esasy Kanun döredýän bolsa, **ikinjisini** türkmen Lideriniň öňe süren Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri ýörelgesi döredýär. Şu ýerde döreýän ykdysady, medeni we hukuk esaslary her bir adamyň doly ulanmagyny gazanmak türkmen jemgyýetini täze derejelere çykarar.

## Türkmenistanyň ilatynyň milli düzümi.<br>Milletara gatnaşyklar

Jemgyýetiň sosial düzümine sosial toparlar we gatlaklar bilen bir hatarda milli-etniki birleşmeler hem girýärler. Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistan köpmilletli döwlet. Bu ýerde kyrkdan gowrak milletiň wekilleri ýaşaýarlar. Ilatymyzyň ýüzden iki bölegi özbekler, ýüzden bir bölegi ruslardyr. Umuman, ilatyň ýüzden bäş bölegini başga milletiň wekilleri tutýar. Türkmen halky başga milletiň diline, dinine, däp-dessuryna uly sarpa goýýar. Türkmen döwletiniň kanunlarynyň öňünde Türkmenistanda ýaşaýan ähli raýatlaryň borçlary, hukuklary deňdir.

Ýurtda milli gatnaşyklar bilen baglanyşykly iki ugry görkezse bolar. Olaryň **birinjisi**, adamlaryň durmuşynyň ähli taraplaryny kämilleşdirmekden, jemgyýetiň bitewiligini, jebisligini üpjün etmekden, milli medeniýetiň ösüşine doly ýazgynlyk bermekden, beýleki milletleriň wekilleriniň öz medeni gymmatlyklaryny ulanmaklaryna gerekli şertleri döretmekden ybaratdyr. Özgerýän türkmen jemgyýetinde

milli gatnaşyklaryň **ikinji ugry** ýurduň içinde ýaşaýan beýleki milletleriň wekilleri bilen türkmen halkynyň agzybirlikde, dost-dogan bolup döredijilikli ýaşamaklaryny üpjün etmekden ybaratdyr.

Jemgyýetde bar bolan sosial toparlaryň we milli-etniki umumylyklaryň arabaglanyşygy statiki däl-de, dinamiki häsiýete eýe bolup, olaryň öz isleglerini kanagatlandyrmak hem bähbitlerini amal etmek babatda aragatnaşyklarynda ýüze çykýar. Şonda olar biri-biri bilen takyk gatnaşyklara girişýärler. Bu ýerde jemgyýetiň sosial düzüminiň sazlaşykly hereket etmeginiň bir tarapy bolan sosial gatnaşyklar barada gürrüň gidýär. Ol gatnaşyklar subýektleriň arasynda degişli zähmet şertlerinde islegleri kanagatlandyrmak, maddy gymmatlyklary peýdalanmak, durmuş ýagdaýlaryny gowulandyrmak, bilim almak, ruhy-medeni gymmatlyklaryň elýeterliligini gazanmak we ş.m. babatda döreýär. Gürrüň jemgyýetçilik durmuşynyň sosial gurşawyna degişli islegler, ol ýa-da beýleki sosial toparyň ýa-da umumylygyň agzalarynyň şol gurşawda öz mertebesini gazanmagy baradadyr. Türkmen döwletiniň milletara syýasaty kämil görnüşe eýe bolup, ýurtda ýaşaýan ähli milletleriň wekillerine öz medeni gymmatlyklaryny özleşdirmekleri üçin ähli mümkinçilikleri döredýär.

**Ilatyň ýaşy we jynsy boýunça toparlara bölünmegi.** Häzirki özgerýän türkmen jemgyýetinde diňe bir ýer eýeleriniň, telekeçileriň aglaba bölegi däl, eýsem ýaşlar, zenanlar, ýaşuly nesil ýaly sosial-demografiki toparlaryň wekilleri hem öz isleglerini we bähbitlerini aýan edýärler. Olar jemgyýetde uly orun tutýarlar.

2016-njy ýylda Türkmenistanyň ilaty 6,2 mln adam. Ilatyň jynsy boýunça bölünişi: ilatyň 50,8%-i zenanlar (3149, 6 müň), 49,2%-i erkekler (3050,4 müň adam)[88]. Türkmenistanyň ilatynyň ep-esli bölegini 14 ýaşdan 30 ýaşa çenli aralykdaky ýaşlar düzýär. Ýaşlara döwletiň durnukly we ýokary depginli ösüşini üpjün etmekde, ykdysady kuwwatyny berkitmekde, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmakda, milli maksatnamalary durmuşa geçirmekde uly orun degişlidir.

Bu ýerde milli we umumadamzat ahlak gymmatlyklaryndan ugur alýan ýaş nesli ýetişdirmek aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Şu wezipäni amal etmekde ýokarda görkezilen Türkmenistanyň ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2015–2020-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna aýratyn orun degişlidir. Bu Maksatnama ýurduň durmuş-ykdysady ösüşine degişli möhüm ähmiýetli we ileri tutulýan wezipeleriň çözülmeginde ýaşlar baradaky döwlet syýasatyny umumylaşdyrmak, bu ugurda durmuşa geçirilýän maksatnamalary utgaşdyrmak hem-de ähli ugurlar boýunça amala aşyrylýan işleri bitewi resminama jemlemek zerurlygy esasynda işlenip düzüldi. Maksatnama ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň esasy ýörelgelerini, maksatlaryny, wezipelerini, ileri tutulýan ugurlaryny hem-de ony amala aşyrmagyň çärelerini beýan edýän ugur görkeziji resminama bolup durýar.

---

[88] ООН женшины. ООН женшины в Средней Азии. Алматы, 2016, стр. 26.

Ilatyň üçden bir böleginden gowragy zähmete ukyply däl adamlardan (çagalardan we işden galan pensionerlerden) ybarat. Bu adamlar barada jemgyýetde alada ýyl-ýyldan güýçlenýär. Şonuň bilen baglanyşykda, bagtyýarlyk döwründe jemgyýetçilik gatnaşyklarynda ula hormat goýmak, birek-birege kömek bermek, çagalar hakynda hemmetaraplaýyn alada etmek ýörelgelerine eýerýän, şol sanda her bir maşgalanyň we garyndaşlyk gatnaşyklarynyň däbe öwrülen etikasynyň täsiri ýokarlanýar. Bu ýerde jemgyýetiň esasy bölegi bolup duran maşgalanyň orny artýar

**Jemgyýetde maşgalanyň orny.** Maşgala sosial edaranyň hem, sosial toparyň hem sypatlaryny özünde jemleýän ulgamdyr. **Sosial edara hökmünde** maşgala maşgala agzalarynyň gatnaşyklaryny kesgitleýän sosial kadalaryň, nusgalyk häsiýetleriň jemi bolup çykyş edýär. Maşgala maşgala-nika ýa-da gan birligine esaslanýan, agzalary umumy durmuş birligi, özara ahlak jogapkärligi we birek-birege hemaýat bermegi bilen baglaşan **sosial topar** bolup çykyş edýär. Jemgyýetde maşgalanyň ilkinji wezipesi geljekki nesli öndürmek we çaga terbiýelemek bolýar. Biziň galkynýan zamanamyzda maşgalanyň ykdysady, hünär we medeni wezipeleri hem artýar. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde maşgala agzalarynyň biri-biri bilen ykdysady baglanyşygy güýjeýär. Telekeçiligiň ösmegi bilen olaryň hünärleriniň umumylygy hem berkeýär.

Türkmen maşgalasynyň aýratynlygy, ilki bilen, onuň giňeldilen görnüşe eýe bolýanlygy bilen bagly hem-de är-aýalyň maşgala gymmatlyklaryna gönükdirilendikleri bilen tapawutlanýar. Maşgala gymmatlyklary asyrlaryň durmuş tejribesiniň jeminden kemala gelýär. Türkmen maşgalasynyň ösüşi maşgala gatnaşyklarynyň we maşgala gymmatlyklarynyň berkemegi bilen baglydyr. Şu ýerde türkmen maşgalasynda maşgala agzalarynyň gatnaşyklarynyň täsirliligi barada türkmen Lideriniň «Bitarap Türkmenistan» atly eserinde getirilen bir pikire ünsi çekeliň. Bu pikir: «...Öz durmuşymda bolup geçýän ýagdaýlaryň ýa-da hadysalaryň täsirini men enem-atam bilen paýlaşýaryn. Köp meseleleriň çözgüdini tapmakda-da maňa kakam Mälikguly Berdimihamedow ýygy-ýygydan kömek berýär. Şonuň üçin-de durmuşyň möhüm meselelerinde men onuň bilen mydama maslahatlaşýaryn. Ol bolsa maňa kaka we halypa hökmünde maslahat berýär, men munuň üçin kakama mydama minnetdardyryn»[89].

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesi hem şu hili oýlanyşykly pikir alyşmalaryň esasynda öňe sürlen. Bu ýörelgäniň maşgala degişlilikdäki açylyşy döwletiň maşgalany hemmetaraplaýyn goldaýanlygyndadyr, her bir maşgalanyň ähli agzalarynyň sagdyn durmuşy, olary elýeterli bahadan aýratyn öý ýa-da jaý bilen üpjün etmegiň aladasynda bolýanlygyndadyr. Biziň döwletimiz adamlaryň sosial goraglylygyny gazanýar. Sekiz çagaly maşgala ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýyny sowgat bermek, eneligi hormatlamak indi biziň ýurdumyzda däbe öwrüldi.

[89] Gurbanguly Berdimuhamedow. Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 2015, 26 sah.

**Döwletiň sosial goraglylyk syýasaty.** Türkmen döwletiniň ykdysady syýasatynyň onuň esasy sütünleriniň biri bolýandygy barada ýokarda durup geçipdik. Bu ýerde bu syýasatyň ilatyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga, adamlaryň sosial taýdan goraglylygyny güýçlendirmäge gönükdirilendigini ýene bir gezek nygtalyň. Türkmen ýurdunda täze jemgyýet, sagdyn we ruhubelent döwlet gurulýar. Onuň bilen baglanyşykly başlangyçlaryň esasyny hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen pähimi düzýär. Bu özgeriş her bir adamyň öz geljegine bolan ynamyny berkidýär.

Täze döwürde amal edilýän işleriň many-mazmuny adamlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga, şäherlerde we obalarda hyzmat gullugyny kämilleşdirmäge gönükdirilýänligi bilen bagly bolýar. Onda-da bu iş ýurdumyzyň çetki obalarynyň we şäherçeleriniň hem durmuşyny düýpgöter täzelemäge gönükdirilýär. Türkmenistanyň Prezidenti öz «Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy» atly kitabynda: «... şäher bilen bäsleşýän obalary görmek isleýärin»[90] diýýär. Şu ýörelgeden ugur alyp, Ýurtbaştutany öz
üniň işe girişen ilkinji günlerinde, has takygy, 2007-nji ýylyň 2-nji martynda Balkan welaýatynda saparda bolanda Esenguly etrabyna baryp, oba adamlarynyň durmuşyny, ýaşaýyş derejesini häzirki döwrüň şertlerine kybapdaş ýagdaýa getirmegiň wajyplygyny belläp, ýurdumyzyň uzak künjeklerini abadanlaşdyrmak işiniň başlanmagyna uly badalga berdi. XX Halk Maslahatynda Türkmenistanyň Prezidenti türkmen obasyny özgertmegiň döwletimiziň ileri tutýan ugrudygyny belläp, ilki bilen, Daşoguz welaýatyna sapara baryp, Ruhubelent etrabyny, soňra Lebap welaýatyna eden saparynda Döwletli etrabyny, 2010-njy ýylda bolsa Mary welaýatynda Altyn sähra etrabyny açyp, bu wajyp işiň dowamly-dowamatly boljakdygyny görkezdi. Ol yzygiderli alnyp barylýan işiň netijesi boldy. Bu işler gün geldigiçe ýokary depgine eýe bolýar. Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda täze obalar we täze şäherler gurulýar.

2007-nji ýylyň 17-nji dekabrynda Döwletbaştutany häzirki döwürde türkmen obasyny tiz özgertmegiň maksatnamasyny tassyklady. Şol maksatnamada obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek, durmuş-medeni desgalary gurmak, adamlaryň ýaşaýyş derejesini döwrebaplaşdyrmak göz öňünde tutulýar. Bu maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi bilen, ýurdumyzyň iň alysdaky obalarynda hem düýpli özgerişlikler amala aşyrylar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, 2015-nji ýylyň 20-nji fewralynda «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasy» kabul edildi. Şol Maksatnama laýyklykda, 2020-nji ýyla çenli 7,5 milliard amerikan dollaryndan hem köp möçberde serişdeleri özleşdirmek göz öňünde tutulýar. Täze Maksatnama laýyk-

[90] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – A., 2007, 31 sah.

lykda şol döwre çenli 504 sany desga gurlar[91]. Türkmen obasynyň durkunyň hil taýdan täze derejä çykýanlygyny ähli welaýatlarymyzda gurlup işe girizilýän täze obalaryň, obalarda gurulýan ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaý toplumlarynyň mysalynda görýäris. Hut biziň paýtagtymyzda oba görnüşli ýaşaýyş toplumy şäher bilen obanyň biri-biriniň üstüni ýetiýänligini subut edýär.

Görşümiz ýaly, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe jemgyýetiň sosial düzüminde düýpli özgerişler bolup geçýär. Bu ýerde täze sosial toparlar we gatlaklar döräp berkeýärler. Olar ýurduň ykdysady we medeni ösüşinde kesgitleýji orny eýeläp başlaýarlar. Durmuşyň ähli ugurlarynda olaryň başlangyçlarynyň täsiriniň we işdäki döredijiliginiň artýanlygy duýulýar. Kiçi we orta hususyýetçileriň hasabyna ýurduň ilatynyň ýaşaýyş derejesiniň görkezijisi bolan orta gatlagyň ösmegine we giňelmegine mümkinçilik açyldy. Ýurtda intellektual elitany öz içine alýan kuwwatly gatlak berkeýär. «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgeden ugur alyp, Türkmen döwleti ilatyň, ilki bilen hem oba ilatynyň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin giň möçberli taslamalary amal edýär. Adamlaryň sosial goraglylygy artýar.

### Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Industrial jemgyýetiň sosial düzümini häsiýetlendirýän nähili taglymatlar bar?
2. Täze taryhy özgertmeler döwründe jemgyýetiň düzüminde dörän we döreýän sosial toparlaryň, synplaryň, gatlaklaryň aýtarynlyklaryny nämede görýärsiňiz?
3. Türkmenistanda gün-günden berkeýän Senagatçylar we telekeçiler birleşigini nähili häsiýetlendirýärsiňiz?
4. Döwlet kiçi we orta telekeçiligi ösdürmäge nähili goldaw berýär?
5. Jemgyýetdäki özgerişe garaýyşlaryň köpdürlüligini häsiýetlendiriň.
6. Türkmenistanda milletara gatnaşyklaryň aýratynlygyny nähili häsiýetlendirýärsiňiz?
7. Türkmen maşgalasynyň aýratynlygy nämede?
8. Esasy Kanunymyzda berkidilen «Türkmenistan her bir adamyň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirýän döwletdir» diýen kadanyň many-mazmunyna nähili düşünýärsiňiz?

## 4-nji sapak. Kuwwatly orta synpyň kemala gelmegi

*Orta synp, jemgyýetiň sosial düzüminde onuň tutýan orny. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe kuwwatly işewür gatlagyň kemala gelmeginiň şertleri. Ilatyň zähmete ukyplylygy boýunça sosial toparlara bölünişi. Akyl we fiziki zähmet bilen baglanyşykly toparlar. Işewür adamlar. Senagatçylar we telekeçiler.*

*Häzirki türkmen jemgyýetiniň intellektual baýlygy we onuň düzümi. Hünärmenler, ylmy we döredijilik intelligensiýasy. Hünärmenler we iş ýörediјiler. Ýokary derejeli hünärmenler. Inžener-tehniki işgärler. Intellektual elita. Intellektual elitany kemala getirmek ugrunda edilýän aladalar. Intellektual eýeçiligiň goraglylygy.*

---

[91] Türkmenistan. 2007-nji ýylyň 18-nji dekabry.

**Orta synp, jemgyýetiň sosial düzüminde onuň tutýan orny. Döwletiň işewür nesli ýetişdirmek baradaky tagallalary.** Sapagyň başynda jemgyýetiň sosial düzümi baradaky gürrüňi dowam edeliň. Bu ýerde häzirki türkmen jemgyýetiniň sosial düzümi häsiýetlendirilende, onuň postindustrial ösüş ýoluna düşýänligini göz öňünde tutmalydygyny belläliň. Postindustrial jemgyýetiň sosial düzümi ondan öňki indusrtial jemgyýetiňkiden tapawutlanýar. Şol jemgyýet baradaky taglymaty esaslandyryjy amerikan alymy D. Belliň aýtmagyna görä, postindustrial jemgyýetde «kapitalistik» synp ýok bolýar. Onuň ornuny ylymly we başarnykly ýokary derejeli dolandyryjy elita eýeleýär. Şonuň ýaly-da bu jemgyýetiň sosial stratifikasiýa ölçegi hökmünde eýeçilik öz ähmiýeini ýitirýär. Zähmet bilen kapitalyň arasyndaky esasy dawa bu ýerde öz ornuny bilimlilik bilen ýeterliksiz bilimliligiň arasyndaky dawa berýär.

Şu hili özgerişlere eýe bolýan türkmen jemgyýetiniň sosial düzümini ozalky «2+1», ýagny «iki synp (işçiler we daýhanlar) goşmak bir gatlak (intelligensiýa)» diýen garaýyşdan ugur alýan kesgitleme bilen düşündirip bolmajaklygy düşnükli, sebäbi bazar ykdysadyýetine geçilmegi hususy eýeçiligiň döremegi bilen ýokarda görkezilen synplar hem dürli toparlara, gatlaklara bölünýärler. Indi jemgyýetiň sosial düzümi diňe bir eýeçilik görnüşine degişliligi, zähmeti gurnamakdaky orny, alýan girdejileriniň möçberi we görnüşi bilen biri-birinden tapawutlanýan sosial synplar däl-de, eýsem girdejisi, ylym-bilimi, höküm etmek mümkinçiligi we jemgyýetdäki abraýy bilen tapawutlanýan gatlaklara hem bölünýär. Şonuň üçin jemgyýetiň sosial düzümi sosial stratifikasiýa taglymatynyň üsti bilen düşündirilse dogry bolar.

Şonda jemgyýetiň sosial düzümini şu nukdaýnazardan biri-birinden tapawutlanýan üç synpy öz içine alýan piramida görnüşinde şekillendirse bolar. Bu ýerde biri-biriniň üstünde duran synplar öz ylym-bilim derejeleri, häkim etmek mümkinçilikleri, girdejisi we jemgyýetdäki abraýy bilen tapawutlanýan adamlardan duran dürli gatlaklary öz içine alýarlar.

Aslynda, adamzat taryhynyň ösüşi sosial toparlaryň, adamlaryň ýaşaýyş keşpleriniň, olaryň özara gatnaşyklarynyň dürlülige eýe bolýandygyny görkezýär, sebäbi önümçiligiň ösmegi zähmet bölünişiginiň artmagyna, hünärleriň sanynyň köpelmegine we netujede, täze sosial gatlaklaryň döremegine getirýär. Şu hili özgerişleri biz häzirki türkmen jemgyýetiniň sosial düzüminde geçýän üýtgemelerde hem görýäris.

Şol üýtgemeleri aňlatmak üçin sosial stratifikasiýa taglymatynda adamlaryň jemgyýetde eýeleýän ornunyň ölçegi hökmünde, olaryň alýan girdejisiniň, hökmüniň ýetýän giňişliginiň möçberi, biliminiň derejesi we adamlaryň arasyndaky abraýy çykyş edýärler. Adamyň jemgyýetde eýeleýän ornuny häsýetlendirýän ýokarky ölçege esaslanyp, jemgyýeti dürli gatlaklardan durýan üç synp görnüşinde şekillendirip, onuň kämillik derejesini orta synpyň kuwwatlylygy, galyňlygy bilen kesgitleýändigini belläliň. Orta synpyň düzümine: hünärmenler, ylmy we döredijilik intelligensiýasy, iş ýöredijiler, döwlet gullukçylary, ýurduň ylmy-tehniki hemde ykdysady ösüşini kesgitleýän alymlar, ýokary derejeli hünärmenler we ekspert-

ler, mugallymlar, edebiýat we sungat işgärleri, inžener-tehniki işgärler, iş dolandyryjylar (menejerler), brokerler we beýlekiler, intellektual elita girýär. Olar bazar gatnaşyklarynyň içinde berkäp, orta synpy kemala getirýärler.

Bu synpyň döreýşi çylşyrymly proses. Başlangyç döwürde bu synpy döredýän toparlar özleriniň intellektual we hünär mümkinçiliklerini, tejribesini hem ukyplaryny, ýokarda görkezilşi ýaly, bazar gatnaşyklarynyň talaplaryna laýyk ulanmaga doly ýetişenoklar. Onuň dürli sebäpleri bar. Geçiş döwrüniň başlangyjynda täze gymmatlyklaryň orun alyş derejesiniň ýeterlik bolmazlygy, dolandyryşyň görnüşleriniň, usullarynyň täzeçe işläp bilmeýänligi, taryhy we intellektual endikleriň täsiri, täzeçe pikirlenişiň köne görnüşler tarapyndan gysylmagy ýaly sebäpler täze sosial toparlaryň bazar ykdysadyýetine uýgunlaşmagyna kynçylyklar döredýär. Şol kynçylyklary ýeňip geçip, orta synp hünärmenleriniň, söwdagärleriň, telekeçileriň, innowasion fonduň, bank işgärleriniň, kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň hasabyna köpelýär. Wagtyň geçmegi bilen olaryň täsiri ýokarlanýar, ýurdumyzda umumy öndürilýän önümde hususy sektora degişli paý artýar. Bu bolsa jemgyýetiň bazar ykdysadyýetine geçýänliginiň ygtybarly görkezijisi bolan orta gatlagyň döreýänligini görkezýär.

Şeýlelikde, döräp berkeýän orta synpyň düzümi, esasan, täze döwürde häzirki türkmen jemgyýetimizde öz ornuna eýe bolýan sosial toparlary birleşdirýär. Onuň düzümine:

*– şäherdäki we obadaky kiçi hem orta hususy telekeçiler (hünärmenler, ýer eýeleri, kärendeçiler, hususy kärhanalaryň eýeleri, telekeçiler), dolandyryşda, önümçilikde, söwdada, bilim, saglygy goraýyş, hyzmat edaralarynda işleýän gullukçylar (administratiw-dolandyryjy we tehniki işgärler, inženerler, mugallymlar, lukmanlar we beýl.) degişlidir.*

Bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde orta synpyň düzümine girýän hususy eýeçiler hemişe hereketde bolýar. Olaryň öndürýän harytlaryna we hyzmatlaryna isleg bolany sebäpli, bu topar elmydama täzelenýär, berkeýär. Orta synpyň düzüminde belli bir derejede «köne» (hünärmenler, azat hünärleriň işgärleri) we «täze» (ähli hususyýetçiler) toparlary tapawutlandyrsa bolýar. Häzirki döwürde maglumat we dolandyryş işleriniň ähmiýetiniň artmagy bilen dolandyryş hem gözegçilik ulgamlaryndaky işgärleriň köpelmegine getirýär.

Bu synp jemgyýetde, umuman, täzeden kemala gelýär. Jemgyýetde kemala gelýän we berkeýän orta synpa ozalky synplaryň bir görnüşi hökmünde garamak nädogry bolar, sebäbi onuň düzümi dürli sosial gatlaklardan durýar, onda-da bähbitleri biri-birinden tapawutlanýan gatlaklar. Ýokarda görkezilişi ýaly, olaryň jemgyýetde bolup geçýän özgerişlere garaýyşlary hem biri-birinden tapawutlanýar. Şonuň üçin jemgyýetiň gatlaklara bölünýän döwründe, onuň bitewüligini üpjün etmek uly ähmiýete eýe bolýar. Aslynda, bazary ösdürmek gerek, ýöne ol esasy maksat bolup bilmeýär. Bu ýerde esasy mesele bazar gatnaşyklarynyň zähmete ukyply ilatyň başlangyçlarynyň we döredijilik hyjuwlarynyň ýüze çykarylmagyna hem

ösdürilmegine itergi bermegi gerek. Onda döwletiň hukuk esaslary adamlaryň ykdysady işiniň erkinligini üpjün edip, kiçi we orta telekeçilik ulgamlarynda işleýänleriň hukuklarynyň hem kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegini kepillendirmelidir, jemgyýetde adalatly bäsdeşligi goldamalydyr.

**Döwletiň işewir nesli ýetişdirmek baradaky tagallalary**. Türkmen döwletinde işewür nesle jemgyýetiň baýlygy hökmünde garalýar. Orta gatlak baradaky gürrüňi işewür nesli ýetişdirmek meseleleriniň çözgüdinden başlalyň. Ýurtda işewür nesli kemala getirmegi ýörite döwlet maksatnamasy esasynda ýola goýmakda döwlet tarapyndan kiçi we orta telekeçiligi giňişleýin ösdürmäge toplumlaýyn çemeleşilmeginiň, onuň kanunçylyk binýadynyň pugtalandyrylmagynyň, bank karzlarynyň berlişiniň kämilleşdirilmeginiň, kiçi we orta telekeçiligiň ileri tutulýan ugurlarynyň kesgitlenmeginiň ähmiýeti uludyr. Bu babatda 2008-nji ýylyň 17-nji martynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmegi, «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» ýörite Kanunyň kabul edilmegi (2009-njy ýylyň 15-nji awgusty), 2012-nji ýylyň awgust aýynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň döredilmegi ykbal kesgitleýji ähmiýete eýedirler. Wagtynda amal edilen bu çäreler hususy eýeçiligi öz mynasyp hukugynda jemgyýete ymykly ornaşdyryp, işewür adamlaryň ykrar edilen sosial toparyny döretmäge we bu dörediliş arkaly durmuş-ykdysady ösüşimizi ýokary sepgitlere çykarmaga ygtybarly badalgadyr.

Belli filosof Jon Lokk baryp XVII asyrda : «Eýeçilik ýok ýerinde adalatlylyk hem ýok» diýen düzgüni edil Ýewklidiň islendik subutnamasy ýaly hakykatdyr» diýip belläpdi. Munuň yzysüre Monteskýe hut söwda işiniň siwilizasiýanyň ýaýramagyna we Demirgazyk Ýewropanyň wagşylarynyň arasynda ahlaklylygyň ýumşamagyna ýardam edendigini nygtaýar. Nobel baýragynyň eýesi F.A. Haýek eýeçiligiň ähmiýeti dogrusynda şeýle ýazýar: «Şahsy eýeçilige badalga berýän hyzmatlaryň alyş-çalşygynyň ykjam ulgamy onuň ulanylyşynyň döwlet dolandyrylyşynda dälde, ýekebaralaşdyrylan eýeçiligiň goraglylygynda düýpli şaha ýaýratdy»[92].

Türkmen döwleti ösen ýurtlaryň saýlap alan ykdysady ösüş ýoluna, şol sanda telekeçiligi gurnamak tejribesine uly üns berýär. Bu babatda Ýaponiýanyň güýçli eksport mümkinçiliklere eýe bolan senagat taýdan ösüşinde telekeçileriň tutýan ornuna göz aýlamak gyzyklydyr. Bu ýurtda ýerli ykdysadyýetiň 90%-i kiçi şahsy täjirçilikden ybarat bolup, diňe 10%-ine golaýy industrial gigantlardan durýar, ýöne soňkularyň töwereginde hem müňlerçe ownuk kompaniýalar hereket edýär. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» ýörite Kanunyň kabul edilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetini kiçi täjirçiligiň rowaçlandyrylmagy bilen ösen döwletleriň çelgisine ýetirmek ýolundaky aýgytlaýjy ädimdir. Ýokarda bellenilişi ýaly, olar 2020-nji ýylda ýurtda öndürilýän önümiň 70%-ini öndürmelidirler. Bu ugurdaky işleri ylmyň esasynda kesgitlemek döwrüň talaby bolýar.

[92] Seret: Ф. А/ Хайек. Пагубная самонадеянность. – М., 1992, стр. 54.

Türkmenistan milli ykdysadyýetiň döwrebaplaşdyrylmagy we diwersifikasiýalaşdyrylmagy, täze pudaklaryň ösdürilmegi ugrukmasyna uly ähmiýet bermek bilen öz öňünde eksporta gönükdirilen bäsdeşlige ukyply önümçilik binýadyny döretmek maksadyny goýýar. Bu babatda Ýaponiýanyň güýçli eksport mümkinçiliklerine eýe bolan senagatynyň döreýşini öwrenmek ähmiýetlidir. Bu ýurtda hem, senagat taýdan ösen döwletlerde bolşy kimin, ýerli ykdysadyýetiň aglaba bölegi kiçi şahsy täjirçilikden ybarat. Industrial gigantlaryň hem müňlerçesi ownuk kompaniýalara daýanýarlar. Türkmen döwleti ýurduň ykdysadyýetini kiçi täjirçiligiň rowaçlandyrylmagy bilen ösen döwletleriň çelgisine ýetirmek barada uly alada edýär.

**Hünärmenleriň täze nesli.** Jemgyýetiň sosial düzüminiň kämilligini kesgitleýän orta synpyň kemala gelmeginde hususýetçiler, telekeçiler, hünärmenler örän uly orun eýeleýärler, sebäbi özgerýän jemgyýetiň hereketlendiriji güýji bolup işewür adamlar, olaryň birleşmesi hökmünde sosial gatlaklar çykyş edýärler. Jemgyýetde işewür gatlaklaryň kemala gelmegi, öz gezeginde, önümçiligiň, ýaşaýşyň ähli ugurlarynda adamlaryň öz hünärine ukyplylygynyň, ussatlygynyň artmagy bilen bagly bolýar. Hünäre bolan ukyplylyk adamyň saýlap alan hünäriniň üsti bilen özüni açmak mümkinçiligine eýe bolmagy bilen kemala gelýär. Iş ussatlyk hem söýgi bilen ýerine ýetirilende, zähmet adamyň ykbalyna we kalbynyň aýnasyna öwrülýär.

Şu hili hünärini söýýän işgärleriň we hünärmenleriň täze neslini ýetişdirmekde ussat-şägirt gatnaşyklarynyň aýratyn ähmiýetlidigini bellemeli. Biziň ata-babalarymyz öz hünär kämilligini atadan ogla, eneden gyza, ussatdan şägirde geçirip ussatlygy gazananlar. Şonuň esasynda hem olar nepis maddy we ruhy gymmatlyklary döredenler. Ajaýyp binalar, ahal-teke bedewi, türkmen halysy, saz gurallary, şaý-sepler, halk dessanlary, türkmeniň şirin sazy, gaýtalanmaýan şygryýeti we beýleki gymmatlyklary oňa mysaldyr. Hünärmenleriň täze nesli şu ýerde toplanan döredijilik usullaryny, ukyplaryny, tehniki çözgütleri ele almaly. Hünär kämilligine eýe bolan geçen nesillerimize mynasyp hünärmenleriň täze neslini ýetişdirmek döwrüň talaby bolýar.

Ýaş adam öz durmuş ýolunda hakyky ussada duşan ýagdaýynda bu hadysanyň onuň ösüşine oňaýly täsir edýändigini halkymyzyň durmuş tejribesi doly tassyklaýar. Magtymguly şahyr: «Ýigit özün maglum eder işinde»[93] diýip, ýaş adamyň hakyky hünärmen bolup ýetişmeginiň wajyplygyny belleýär. Ine, şonuň üçin biziň halkymyz köp ugurlarda kämillik derejesine ýetiren ussat-şägirt gatnaşyklary esasynda amal etmäge çalşan.

Ussat üçin hem hünäre höwesjeň ýaş adama duşmak örän ähmiýetli. Özüňde baryňy geljege geçirmek, dowamata galdyrmak her bir ussadyň arzuwy hem jogapkärligidir, sebäbi kesp halypadan şägirde geçmese, kütelmek bilen bolýar. Şonuň üçin biziň ata-babalarymyz «Şägirt halypadan ozdurmasa, kär ýiter» diýipdirler. Biziň häzirki tehniki, tehnologik döwrümiz üçin hem şu jümle hakykat.

---

[93] Magtymguly. Saýlanan eserler. – A.: Türkmen döwlet neşirýaty, 1959, 134 sah.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Arşyň nepisligi» atly eserinde şu meseläni giňişleýin derňeýär. Bu kitapda ussat-şägirt gatnaşyklarynyň ikiýanlylygyna ünsi çekip: «Aslynda bolsa, halypa çyn halypa bolsa, ondan ozdurmak çetindir. Dünýäde ussatlar tebigatyň Zemine, bu ägirt uly dünýä serpaýy bolup dünýä inýärler. Ýöne olaryň ýaňadan gaýtalanmagy bagty gelenlik, milletiň ykbalynyň tüýs çüwdügidir»[94] diýip, ussat-şägirt gatnaşyklarynyň ussadyň, ýokary derejeli hünärmeniň biziň häzirki özgerýän jemgyýetimizdäki aýratyn ornuny belleýär.

Ýurduň ykdysadyýetiniň her bir pudagynda, her bir pudakdaky hünär ugurlarynda hakyky ussatlara sarpa goýmak, halypasyndan ozduran zehinli, akyl-paýhasy ýiti, batyrgaý ýaşlary ýetişdirmek döwlet syýasatynyň ileri tutýan ugurlarynyň biri bolýar. Bu gün şol aladalaryň netijesinde işewür gatlaklar kemala gelýärler. Şol gatlaklaryň jemgyýetiň sosial düzüminde tutýan aýratyn orny häzirki täzeleniş döwründe hünärmenleriň intellektual derejesiniň ýokarlanýanlygy we olaryň hereketiniň oýlanyşykly häsiýete eýe bolýandygy bilen kesgitlenilýär. Bu hem ýokarda häzirki türkmen jemgyýetiniň sosial düzümini eýeçilik gatnaşyklary däl-de, gatlaklary düzýän adamlaryň ylym-bilim derejesi bilen bagly diýip bellenen kesgitlemä laýyk gelýär. Hünär ussatlygyna eýe bolan işgärler orta synpyň ýokary gatlagyny düzýärler.

> *Diýmek, jemgyýetiň sosial gatlaklara bölünmeginiň esasy ölçegi bolup hünär we stratifikasiýanyň esasyny düzýän girdeji (eýeçilik), häkimýet (dolandyryş ulgamyndaky orny), bilim (hünär başarnygy) we abraý (edilýän işiň durmuşy ähmiýetlidiginiň bahalandyrylyşy) bilen ölçenilýän aýratyn adamyň ýa-da sosial toparyň hünär derejesi kesgitleýär.*

Şol sebäpli ýurdumyzyň häzirki bagtyýarlyk döwründe durmuşa girişýän ýaş hünärmenleri taýýarlamaga bolan jogapkärligi üznüksiz ýokarlanýar. Hünär okuw mekdeplerinde döwrüň kämil şahsyýetini kemala getirmekde, ylym-bilim we hünär alýan ýaş nesilde öz hünärine bolan ukybyny, ýokary jogapkärligi, ahlaklylygy we sagdyn durmuş keşbini taplamakda aýgytlaýjy orun degişlidir, özi hem biziň döwrümizde, ýokarda görkezilişi ýaly, hünärmenleri taýýarlamagyň täze ugurlary we derejeleri artýar, sebäbi giňişleýin senagat taýdan ösüşe eýe bolan jemgyýetiň hakyky gymmatlygy adam, onuň ylym-bilim derejesi, hünäri, iş başarnygy bolýar. Şu hili häsiýetler ähli hünärmenlere mahsus bolmalydyr. Olaryň döredijilikli zähmeti durmuşyň ähli ugurlarynda, şol sanda önümçilikde hem netijeliligi gazanmagyň kesgitli şerti bolýar. Olar ähli zady hasaplap bolýandygyndan ugur alyp, bäsleşige girip, tehnologik, innowasion çözgütleriň üsti bilen üstünlik gazanmaga çalyşmaly bolýarlar. Hünärmen üçin bu örän wajyp, ýöne tehnologik ösüşiň täze hil derejesine çykylýan häzirki döwründe hünärmen ylmy-tehniki ösüşiň täze ölçeglerini, adam ölçegini açmagy hem başarmaly. Ine, şonuň üçin ählitaraplaýyn ösüşe işewür girişýän ýurdumyza döredijilikli işleýän hünärmenler gerek.

[94] Gurbanguly Berdimuhamedow. Arşyň nepisligi. – A.: TDNG, 2016, 164–165 sah.

Bazar ykdysadyýetiniň içinde hereket edýän XXI asyryň hünärmenleri netijeli pikir alyşmaga, kesgitlilige, düşnüksizlige sabyrly garamaga bolan ukyplar bilen bir hatarda innowasion çözgütleri tapmak başarnygy we endikleri hem gerek. Olar ýurdy döwrebaplaşdyrmak bilen baglanyşykly meseleleri çözmäge, geljekki işleri meýilleşdirmäge, başga medeniýetlere düşünmäge ukyply bolmalydyrlar. Ylmy-tehniki ösüşiň gün-günden güýjeýän döwründe köptaraply taýýarlykly hünärmen, ilki bilen, öz hünärine ökde bolmaly, şol ugurda döredijilikli işlemegi başarmaly. Şonuň üçin hünärmen öz ugry bilen baglanyşykly bilimleri we tejribäni örän gowy bilmeli, ýöne şeýle taýýarlyk geljekki hünärmene ýeterlik bolmaýar. Ýörite bilimleri bilmek ýokary okuw mekdebiniň hünärmenleri taýýarlamak işiniň **bir tarapydyr**.

Hünärmenleriň taýýarlygynyň **ikinji bir tarapy**, olarda maglumatlar jemgyýetiniň şertlerinde döredijilikli iş ýöretmäge ukyp taplamakdyr, olaryň ynsanperwerlik nukdaýnazardan (gumanitar) taýýarlygyny ýokarlandyrmakdyr. Onda-da bu taýýarlyk milletiň asyl ýörelgeleri bilen döwrüň gymmatlyklarynyň sazlaşygy esasynda amal edilmeli. Garaz, hünärmenleriň taýýarlygy ylmy esasda düýpgöter täze derejä çykmaly. Ine, şonuň üçin täze formatdaky hünärmenleri, şol sanda inzenerleri, hukukçylary (ýuristleri), lukmanlary we beýleki hünärler boýunça taýýarlamak wezipesi jogapkärli işdir. Bu hem ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň, alymlaryň öňünde täze wezipeleri goýýar.

**Häzirki türkmen jemgyýetiniň intellektual baýlygy.** Jemgyýetde döreýän sosial gatlaklaryň biri-birinden tapawudy diňe bir ykdysady görkezijiler, ýagny hünär, wezipe, iş görnüşi, maddy üpjünçiligi bilen häsiýetlendirilmän, eýsem ruhy we intelektual derejeleri bilen hem häsiýetlendirilýär. Täze döwür, bilşimiz ýaly, ýurduň ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmekden başlandy. Türkmenistanyň Prezidenti: «Ýaşlaryň biliminiň we hünär taýdan taýýarlygynyň Ýewropa standartlaryna gabat gelýän derejesine ýetilmegi bize jemgyýetiň kuwwatly sosial gatlagyny – milli intellektual elitasyny döretmäge, Türkmenistany dünýäniň ösen döwletleriniň birine öwürmäge mümkinçilik berer»[95] diýip belleýär. Intellektual elita jemgyýetiň sosial düzüminde aýratyn orna eýe bolýar.

Intellektual elita akyl we fiziki zähmet bilen meşgul bolýan adamlary özünde jemleýär we orta synpyň ýokary gatlagyny düzýär. Hawa, onuň düzüminde akyl zähmetiniň wekilleri agdyklyk edýär, ýöne bir käri söýup, şol käre berlen adam, üstesine, ylymly–bilimli hem bolaýsa, onda ol täze bir derejä galýar. Şonda daýhan ýöne daýhan däl-de, öz işini ylmyň we tejribäniň talaplary esasynda gurnap, ýokary netijeliligi gazanyp bilýän işgäre öwrülýär. Şeýle özgeriş her bir telekeçide, hünärmende hem bolup biler. Şol sebäpli intellektual elitanyň döremegi döwrüň talaby bolýar.

---

[95] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 2-nji tom. – A., 2009, 149 sah.

Intellektual elitany düzýän gatlagyň statusy adamyň jemgyýete edip bilýän täsiri bilen häsiýetlendirilýär. Şonuň üçin özgerýän jemgyýetde şu gatlagyň kemala gelmegi has uly meseläniň – täze adamy ýetişdirmek işiniň aýrylmaz bölegi bolup çykyş edýär. Bu ýerde şahsyýet bilen jemgyýetiň özara täziri üýtgeýär: eger «kadaly» ösüş döwürlerinde şahsyýet belli bir derejede jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň düzüminiň aýratyn şöhlelenmesi bolýan bolsa, jemgyýetiň düýpli özgerýän döwründe durmuşyň jemgyýetçilik şertleri adam hereketiniň netijesi bolýar. Jemgyýetde adamyň täsiriniň güýjemegi, şol sanda ylmyň we bilimiň ähmiýetiniň artmagy pikirlenmegiň we akyl ýetirmegiň täze derejä galmagy bilen bagly bolýar.

Intellektual elita jemgyýetde täzeçe pikirlenip bilýän adam topary bolup çykyş edýär. Jemgyýetde şeýle kuwwatly gatlagyň kemala gelmegi ylym-bilim ulgamynyň kämilleşmegini talap edýär. Türkmen Lideri ýurduň bilim ulgamyny kämilleşdirmäge gerek bolan esaslary döredip, her bir türkmen ogluny we gyzyny ylym-bilim babatda dünýäniň ösen ýurtlarynyň ýaşlary bilen bäsleşmäge, milletimiziň durmuşyny, hal-ýagdaýyny we medeniýetini has-da ýokarlandyrmaga ukyply adamlar edip ýetişdirmegi bu ulgamyň öňünde duran gaýragoýulmasyz maksat hökmünde kesgitledi, özi hem bu ugurda öňe sürülýän wezipeler yzygiderli ýokarlanýar. Eger Galkynyş eýýamynda orta mekdepler dokuzýyllykdan onýyllyga, ýokary mekdepler dörtýyllykdan bäşýyllyga, aýratyn ugurlar boýunça altyýyllyga geçirilen bolsa, bagtyýarlyk döwründe orta mekdepler oniki ýyllyga geçirildi. Şunlukda, ýokary we orta hünär mekdepleri hil taýdan täze derejä çykýar.

Ýurtda başlanan uly özgertmeleri, şol sanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek işini durmuşa geçirmek üçin bilimiň we ylmyň özara baglanyşygyny berkitmek hem jemgyýetde ylmyň has düýpli öndüriji güýje öwrülmegini gazanmak döwrüň talaby bolýar. Döwletbaştutany tarapyndan Türkmenistanda ýokary hünärli hünärmenleriň we ylmy işgärleriň taýýarlanmagyna hem-de ylmy barlaglara döwlet goldawyny üpjün etmäge gönükdirilen ýörite Kararyň kabul edilmegi bu wajyp işi täze derejä galdyrmaga kömek etjekligi gümansyzdyr. Umuman, ylym-bilim ulgamynda şu ugurda başlanan özgerişler täze döwürde türkmen jemgyýetiniň ähli ugurlaryny kämilleşdirmäge gerek bolan ruhy esaslary döretmäge hyzmat edýänligini biz görýäris. Ýurdumyzda ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmek ugrunda alnyp barylýan işler kuwwatly gatlagyň-intellektual elitanyň döremeginiň wajyp şerti bolýar. Bu gatlak berkäp ýurdy özgerdijileriň öňdebaryjy güýjüne öwrüldi.

**Intellektual elita we ony kemala getirmek**. Bu ýerde gürrüňi «intellektual elita» adalgasyny anyklamakdan başlalyň. **Intellekt** (latynça – *intellektus*– ***akyl***, ***pähim***) adamyň döredijilikli pikirlenmä ukyp-başarnygydyr. Intellektual – ýokary derejede ösen intellektli, zehinli, paýhas zähmeti bilen meşgul bolýan adamdyr.

**Elita** (frans. *elite* – ***kaşaň, saýlantgy***) özüniň gaýtalanmaz hünärmenlik derejesi boýunça tapawutlanýan adamlar gatlagyny, toparyny aňlatmak üçin ulanylýan adalgadyr. Şeýlelikde, intellektual elita her bir jemgyýetiň sosial düzüminde aýratyn ýagdaýdan peýdalanýan we dolandyrmak, medeniýetini ösdürmek hyzmatlaryny ýerine ýetirýän gatlak ýa-da topar bolýar. Olar jemgyýetiň durmuşynyň ol ýa-da beýleki ugrunda (ylymda, önümçilikde, sportda we beýl.) saýlananlardyr. Şu manyda harbylaryň, alymlaryň, türgenleriň elitasy barada aýdylýar. Intellektual elita jemgyýetiň beýleki gatlaklaryndan we toparlaryndan saýlanýandygynyň häsiýetnamasynyň özboluşly manysy bardyr. Bu ýerde «saýlanýan» düşünjesi intellektual elita degişli adamyň özünden beýleki adamlardan köp zady talap etmek, özüniň gurujylyk döredijilige ruhy taýýarlygyny häsiýetlendirýär. Ol bu beýik talaplary doly amala aşyryp bilmäýen ýagdaýynda hem olar barada borçlanma ygrarly bolýar.

Her bir özgerýän, täze sepgitlere ýetmegi maksat edinýän jemgyýet üçin şeýle adamlary ýetişdirmek elmydama örän wajyp mesele bolan. Şu meseläni çözmäge bolan tagallalary biz geçmişiň hem, ýakyn döwrüň hem tejribesinde görýäris. Bu ýerde örän ähmiýetli bolan bir mysala, ýagny ABŞ-da intellektual güýçleriň herekete getirilişine ýüzleneliň. Geçen XX asyryň 60-njy ýyllarynyň başynda Birleşen Ştatlarda «Merit» maksatnamasy işe girizilýär. Bu maksatnamanyň amala aşyrylmagynyň bir tarapy Birleşen Ştatlaryň astronawtyny Aýa gondurmak ýaly ylmy ýokary göterilişi üpjün eden intellektual elitany döretmäge mümkinçilik berýär.

Bagtyýarlyk döwrüne gadam basan ýurdumyza, degişlilikde, intellektual elitany ýetişdirmegiň özboluşlylyklarynyň biri belli bir wagt aralygynda döwletimiziň, esasan, öňdebaryjy daşary ýurt tehnologiýasyny öz önümçiligimize, bilim ulgamymyza we beýleki ugurlara ornaşdyrmak bilen baglanyşykda gitmegi bilen baglydyr, ýöne türkmen Lideri şeýle tehnologiýanyň alynmagynyň we ornaşdyrylmagynyň ahyrky däl-de, aralyk maksat bolmalydygyny, ahyrky maksadyň bolsa bu tehnikalary we tehnologiýalary öwrenmek we düýpgöter täze nusgada esaslandyrmaga çalyşmak bolmalydygyna ünsi çekýär. Biziň ýurdumyzda başlanan özgerişler döwri hem adam şahsyýetini beýgeltmekden başlandy. Türkmen döwleti gysga wagtyň içinde ýaşlaryň milli we umumadamzat ruhy gymmatlyklaryna, ilki bilen, hem ylym-bilime eýe bolmaklary üçin gerek bolan esaslary döretdi.

Häzirki döwürde ýurtda ylym we tehnika babatdaky amala aşyrylýan döwlet syýasatymyz täze tehnologiýalary we innowasiýalary ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna ornaşdyrmaga, öz ylmy-tehniki taglymatlarymyzy ösdürmäge, halkara ölçeglere laýyk gelýän, berk binýatly, häzirki zaman ylym ulgamyny döretmäge gönükdirilendir. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ylym-bilim ulgamynyň öňünde goýlan jogapkärli wezipeleri amal edýän bilim ulgamynyň işgärleri bu

gün ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine talyplary saýlap-seçip almak işini ýokary derejede geçirmäge çalyşýarlar.

Hakykatdan hem, zehinli ýaşlaryň saýlanyp alynmagy, olaryň geljekde öz hünärini bilýan, häzirki döwürde biziň durmuşymyza işewür ornaşýan täze gymmatlyklary we ýörelgeleri düýpli özleşdirmäge ukyply hünärmenler bolup ýetişmeklerine esas bolar. Ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde adamzadyň toplan ylym-bilimlerini özleşdirip, gurujylyk we döredijilik ukybyna eýe bolan geljekki hünärmenler jemgyýetiň ähli derejelerinde özgerişleriň çuňlaşmagyna we bu ýerde netijeliliginiň ýokarlanmagyna itergi beriji adamlar bolup taplanarlar. Şu hili ukyba we başarnyga eýe bolan hünärmenleriň täze nesli ýurdumyzyň ykdysadyýetini has-da pugtalandyryp, çig mala esaslanýan ykdysadyýeti senagat pudaklaryna daýanýan ykdysadyýete öwürmäge öz goşantlaryny goşarlar. Şu hili hünärmenleri taýýarlamaklyk ýurdumyzyň ýokary mekdepleriniň halkara derejä çykmaklygyny talap edýär.

Bu iş biziň döwrümiz ýokary mekdepleriň hil taýdan täze derejä çykýandyklary bilen bagly. Häzirki döwürde diňe bir ýokary we orta hünär mekdepleriniň sany, olarda taýýarlanylýan hünärleri artman, eýsem geljekki hünärmenleriň taýýarlanyş derejesi hil taýdan täze derejä galýar. Biz bu ýerde geçýän özgerişler barada indiki bapda giňişleýin durup geçeris.

Biziň jemgyýetimizde orta synpyň kemala gelşi barada aýdylanda bolsa, ýokarda bellenilişi ýaly, bu hadysa köpsanly işewür gatlaklaryň ýüze çykmagy bilen bagly. Häzirki türkmen jemgyýetiniň ösüşe we özgerişe ukyplylygy şol synpyň ähli gatlaklarynyň intellektual derejesi, işewürligi we döredijiligi bilen bagly.

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. «Orta synp» adalgasynyň many-mazmunyny açyp görkeziň.
2. Jemgyýetiň täzelenýän döwründe kuwwatly işewür gatlagyň kemala gelmeginiň şertleri.
3. Ýokary derejeli hünärmenleriň orta synpdaky ornuny öz hünäriňiz esasynda häsiýetlendiriň.
4. Häzirki türkmen jemgyýetiniň intellektual baýlygy.
5. Ylmy işiň adamzadyň intellektual ösüşinde tutýan orny we aýratynlygy nämede?
6. Ýurtda intellektual elitany kemala getirmek ugrunda nähili işler alnyp barylýar?

# VI BAP
# TÜRKMEN JEMGYÝETINIŇ RUHY DÜNÝÄSI

## 1-NJI SAPAK. JEMGYÝETIŇ RUHY DÜNÝÄSI. RUHY GALKYNYŞ

*Jemgyýetiň ruhy dünýäsi. Ruhy durmuş. Medeniýet, onuň jemgyýetiň ruhy dünýäsindäki orny. Medeniýet we jemgyýetçilik aňyýeti.*

*Jemgyýetçilik ideologiýasy we psihologiýasy. Ahlak we ahlaklylyk.*

*Täzeleniş we ruhy medeni galkynyş. Bagtyýarlyk döwrüniň ruhy gymmatlyklary. Täze durmuşyň filosofiýasy.*

*Jemgyýetiň ruhy dünýäsinde edebiýatyň we sungatyň orny. Ösüş we özgeriş. Döwrüň derwaýyslyklary we çagyryşlary. Täze ruhy gymmatlyklary döretmek ýoly. Bagtyýarlyk döwrüniň paýhas ýörelgesi.*

**Jemgyýetiň ruhy dünýäsi barada umumy düşünjeler.** Täzeleniş döwründe türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsinde bolup geçýän özgerişler örän giň we çuňňur. Her bir jemgyýetiň ruhy dünýäsi, onuň ýaşaýşynyň we ösüşiniň wajyp tarapy bolup çykyş edýär. Ol ýaşaýyş ýörelgelerini we ruhy gymmatlyklary özünde jemleýär. Ruhy dünýäsi baý jemgyýet her bir ýagdaýda kämillige gözügýär.

Adamyň öz ýaşaýşyna esas bolýan hakykylyk baradaky oýlanmalary we şolardan ugur alyp, haýsy hem bolsa bir zada ähmiýet bermegi, beýleki bir zady kabul etmezligi, şolaryň esasynda kabul edilen gymmatlyklar ulgamy hem-de ahlak we hukuk ýörelgeleri, ylmy-filosofiki garaýyşlar– bularyň ählisi adamyň ruhy durmuşynyň many-mazmuny bolýar. Ruhy taýdan sagdyn, ruhy baý adam, öz ruhy dünýäsine eýe bolup, döredijilikli we gurujylykly durmuş bilen ýaşaýar.

Jemgyýete degişlilikde hem şu hakykaty aýtsa bolar. Adamlar biri-biri bilen soraşa-soraşa birigýärler. Olaryň maşgaladan başlap, halk derejesine çenli bilelikde ýaşaýşy, näme rugsat edilen we näme gadagan edilen, adam nämä borçly we nämede erkin, ýagşy näme we ýaman näme ýaly umumy garaýyşlaryna esaslanýar. Şeýle esaslardan ugur alnyp, durmuş ýörelgeleri işlenip düzülýär. Şol düzgünler esasynda adamlar jemgyýetiň ýaşamagyna gerek bolan zatlaryň näme üçin we nähili öndürilýändigini, olary nähili paýlamalydygyny bilýärler. Şol sebäpli her bir jemgyýet, ösüşiň nähili derejesinde bolandygyna garamazdan öz ruhy durmuşyna laýyklykda ýaşaýar.

> ***Ruhy durmuş*** *– jemgyýetçilik durmuşynyň belli bir derejede özbaşdak gurşawy bolýar. Onuň esasyny ruhy işiň ýöriteleýin görnüşleri ruhy önümçilik we olary sazlaýan jemgyýetçilik gatnaşyklary düzýär.*

Adamyň ruhy durmuşy onuň maddy durmuşy bilen bir hatarda ýaşaýşyň wajyp şertini kemala getirýär. Ol jemgyýetçilik durmuşynyň ähli pudaklaryny (ylym-bilim, din, ahlak, hukuk, çeper-estetiki we beýl.) we psihologiýany, ideologiýany öz

içine alýar. Şol bir wagtda-da jemgyýetiň ruhy durmuşy özbaşdak hadysadyr. Ruhy durmuş diňe bir ruhy işi, ruhy önümçiligi öz içine alman, eýsem ol ruhy önümleri sarp edijileri, ruhy gymmatlyklaryň nesillerden-nesillere geçirilişini, kadalaşdyrylyşyny hem öz içine alýar.

**Jemgyýetiň ruhy durmuşynyň düzüm bölekleri** özüniň manylaýyn tarapy hökmünde jemgyýetçilik aňy, şonuň ýaly-da onuň hereketiniň düzgünlerini we şertlerini kesgitleýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny we edaralary öz içine alýar. Bu ýerde jemgyýetiň ruhy durmuşynyň esasy gurşawlary bolan din, ahlak, sungat, filosofiýa, ylym, hukuk wajyp orny eýeleýär.

Ylym, filosofiýa, sungat barada aşakda giňişleýin durlup geçiler. Bu ýerde ahlak, hukuk we din düşünjelerini umumylaýyn häsýetlendireliň. **Ahlak** adamlaryň özüňi aýratynlykda we bilelikde alyp barmagyň we biri-biri bilen gatnaşyklarynyň kadalaryny kesgitleýär. Ol adamlaryň özüni alyp barşyna şahsyýetden daşda duran gymmatlyklar bilen sazlaşygyna getirýär. Bu gymmatlyklar jemgyýetiň bähbidine laýyk bolup, olaryň takyk manysy jemgyýetiň ýaşaýyş şerti bilen kesgitlenilýär. **Hukuk** adamyň jemgyýetde özüni alyp barşynyň kadalaryny we düzgünlerini formal taýdan kesgitleýär. Şolaryň kömegi bilen döwlet häkimiýeti jemgyýetçilik düzgünlerini saklaýar we jemgyýetiň durmuşyny gurnaýar. Häzirki türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsinde dünýewi gymmatlyklar agdyklyk edýär. Şol bir wagtda hem dini gymmatlyklar bu ýerde belli bir orun eýeleýärler. **Din** adama we jemgyýete dünýädäki ornuny we oňa gatnaşygyny aňlamaga mümkinçilik berýär. Adama ýagşylyk we ýamanlyk barada gymmatlyklar we düşünjeler ulgamyny görkezýän dini ýörelgeler jemgyýetçilik gatnaşyklaryny sazlaýan kuwwatly güýç bolýarlar. Garaşsyzlyk ýoluna düşülenden soňra türkmen halkynyň ruhy ynançlary bolýan yslam dininiň gymmatlyklary jemgyýete gaýtarylyp getirildi. Biz ýokarda dördünji bapda dünýewi döwletde diniň orny barada giňişleýin durup geçipdik. Bu ýerde onuň jemgyýetiň ruhy dünýäsindäki ornuna üns bereliň.

Şu nukdaýnazardan häzirki döwürde jemgyýetiň ruhy dünýäsinde geçýän özgerişler aýratyn ähmiýete eýe bolýar, sebäbi bu gün türkmen jemgyýeti kämilleşmek ýoluna düşüp, halkyň uzak taryhynyň dowamynda gazanan netijelerine esaslanyp, döwrüň öňe çykaran täze meselelerini çözmeli bolýar. Şu döwürde jemgyýetiň ruhy dünýäsine täsir edýän şertleri açyp görkezmekde we umuman, ýurtda başlanan düýpli özgerişleri durmuşa geçirmekde medeniýetiň aýratyn orun eýeleýändigini bellemeli. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «...medeniýet medeni ösüşe «goşmaça» däl-de, onuň esasy bolup durýar. Özboluşly milli medeniýet – halky daşky tapawutlandyryş nyşany däl-de, eýsem dünýägaraýşyny beýan etmegiň görnüşi, eger isleseňiz, ýaşaýşynyň görnüşi»[96] diýip, medeniýetiň jemgyýetdäki aýratyn ornuny belleýär.

[96] Gurbanguly Berdimuhamedow. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016, 72 sah.

Medeniýet adamlaryň bitewülikde ýaşaýşynyň görnüşi bolýar. Adamyň sazlaşykly ösmegine, jemgyýetde ýokary ahlaklylygyň kemala gelmegine täsir etmek bilen, medeniýet jemgyýeti bitewileşdirýär. Şonuň üçin Türkmen döwleti medeniýeti ösdürmäge aýratyn üns berip, jemgyýetiň ruhy durmuşyny oýlanyşykly kämilleşdirmäge çalyşýar. Bagtyýarlyk döwründe bu ugurdaky işler has hem giňelýär. Şol aladalaryň esasynda has giňeýän ruhy durmuşyň hut şu bölegini ***ruhy gurşaw*** diýip häsiýetlendirmek dogry bolar. Onuň baýamagy üçin ruhy medeniýetiň gymmatlyklary nesillerden-nesillere geçirilmegini, hormat goýulmagyny, goralyp saklanmagyny talap edýär.

***Ruhy medeniýet*** *– ruhy işi we onuň önümlerini öz içine alýan umumy medeni ulgamyň bir bölegi bolýar.*

Ruhy medeniýetiň wajyp düzüm bölekleri bolup, däp-dessurlar, urp-adatlar, endikler, gylyk-häsiýetler çykyş edýärler. Bu ýerde däp-dessurlar endikler bilen berkidilip, adamlaryň özüni alyp barşyny kadalaşdyrýar. Endik-sosial hakykatyň her günki tarapydyr, urp-adat bolsa «baýramçylyklara» degişli tarapdyr. Däp-dessurlar medeniýetiň dikeldilen bölegi bolýar. Olaryň kömegi bilen medeniýet döredijilikli birleşik hökmünde adamlaryň bileleşigini gorap saklaýar. Edim-gylymlar ahlak häsiýetli däplerdir. Türkmen halkynyň ruhy medeniýeti örän baý hem köptaraply hadysadyr. Ol jemgyýetde bar bolan ykdysady, syýasy, ahlak, dini we beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň täsiri esasynda ösýär, olaryň täsirini özünde duýýar, köp derejede olara bagly bolýar. Häzirki türkmen jemgyýetiniň ruhy medeniýeti onuň aýdyň mysalydyr. Jemgyýeti onuň medeniýeti arkaly öwrenmek örän derwaýysdyr.

Eger medeniýete gaýtalanýan we döredilýän medeni gymmatlyklar hökmünde garalsa, onda bu medeni manyly gymmatlyklary döretmek gurşawy bolýar. Bu ýerde «durmuş» medeni umumylygyň gerekli bölegi bolup çykyş edýär. Bu adamyň medeniýete çekilmeginiň gözbaşyny häsiýetlendirýär, aýratyn adamy medeniýete çekmegiň usuly bolup çykyş edýär. Bu ýerde medeniýetlilik uly ähmiýete eýe bolýar. Medeniýetliligi öz işiňi kämillik derejä galdyrmak, medeni nusgalara eýermek hökmünde düşündirse bolar. Şu manyda professional medeniýet hem häsiýetlendirilýär, ýöne medeniýetlilige täze medeni manylary döretmek, wagtyny geçiren medeni nusgalary aradan aýyrmak hökmünde hem düşünse bolar. Bu ýerde «ahlak», şol sanda «ahlaklylyk» we «ahlaksyzlyk» düşünjelerini seljermek ähmiýetli.

Adam nirede hereket etse-de, nirede ýaşasa-da, **ahlaklylyk** elmydama onuň hereketini ugrukdyrýar. Adam jemgyýetiň talabyny birýanly ýerine ýetiriji bolmaýar. Has hem jemgyýetiň özgerýän döwründe ol öz döredijilik güýçlerini ýüze çykaryp, özüniň daşyndaky hadysalara täsir etmeli bolýar. Adamyň jemgyýetçilik durmuşynyň özgerişini aňlamagy köpçüligiň oýlanyşykly hereketiniň derejesini kesgitleýär,

şu hem bagtyýarlyk döwrüniň, onuň ruhy durmuşynyň manylaýyn häsiýetnamasy bolýar. Bu ýerde medeniýet aýratyn orna eýe bolýar.

**Medeniýet we jemgyýetçilik aňyýeti.** Ýokarda medeniýet barada durup geçilipdi. Medeni gymmatlyklar aňyýetiň üsti bilen döredilýär we herekete getirilýär. Jemgyýetde aňyýet adamyň hereketini paýhaslandyryjy we gözükdiriji ulgam, ony durmuşy herekete iteriji we adamlary birikdiriji ruhy güýç wezipelerini ýerine ýetirýär. Aňyýet, **birinjiden,** isleg bildirilýän jemgyýetiň nusgasynyň beýan edilişi we **ikinjiden,** ösüşe we ony amal ediliş usulyna bolan garaýyş bilen tapawutlandyrylýar. Eger şu jähetden jemgyýetçilik aňyýetiniň häzirki türkmen jemgyýetimizdäki wezipesini kesgitlemäge çalşylsa, onda onuň şu jemgyýetiň ruhy gymmatlyklar ulgamy bolup, onuň ýurdy mundan beýläk hem galkyndyrmaga we döwrebaplaşdyrmaga gözükdiriji paýhas bolup çykyş edýändigini bellemeli.

Bu ulgam biziň döwrümizde, bir tarapdan, adamlara milli gymmatlyklardan ugur alyp, özlerinde milli taýdan öz ähmiýetine düşünmek duýgusyny taplamaga kömek bermeli bolsa, ikinji tarapdan, olaryň täze gymmatlyklary özleşdirip, erkinlik we ynamlylyk duýgusyna we döredijilik aňyna hem-de ukybyna eýe bolmaklary üçin gerek. Ýokarda görkezilişi ýaly, garaşsyzlyk ýyllarynda jemgyýetçilik aň-düşünjesiniň täze hilini kemala getirmegiň ýolunda wajyp menzil geçildi. Şu ugurda edilen işleriň iň möhümi şol ýyllarda dikeldilen we häzirki döwürde ösdürilýän milletimiziň milli ruhy gymmatlyklary, däp-dessurlary bolýar.

Özbaşdaklyga eýe bolnandan soňra geçmişde halkyň galkynyşlaryna itergi beren türkmeniň asyl ruhy ýörelgeleri esasynda jemgyýetiň özgeriş ýoluny kesgitlemäge çalşyldy. Halkyň ruhy dünýäsine aralaşyp, ony millet eden adamkärçilik pähimleriniň dürdänelerini ýüze çykarmak, häzirki we geljekki nesilleriň olary özlerine nusga edinip almaklary üçin bu gymmatlyklary jemgyýete gaýtaryp getirmek örän möhüm iş boldy. Olaryň jemgyýetiň ähli edaralaryna, onuň durmuşyny özgerdýän ýörelgelere milli häsiýet bermegine esas döretdi.

Geçmişde taplanan türkmeniň aňy azat we erkin durmuşy gurnamaga gerek bolan zähmet endikleriniň hem ahlak kadalarynyň degerli görnüşlerini öz içine alandyr. Geçen nesiller, umuman, akylly-başly hereket edip bilipdirler, ýöne geçen XX asyryň dowamly döwri türkmen halkynyň öz milliligini saklamagy üçin kyn boldy. Şol ýyllar halkyň ozaldan gelýän däp-dessurlaryna, iş başarnygyna zelel ýetirilenligi sebäpli, jemgyýete dünýewi gymmatlyklary ornaşdyrmaga edilen meýiller hem doly başa barmady. Şonuň ýaly-da şol döwürde agalyk eden aňyýet adamlaryň aňyna häzirki döwürde jemgyýete işewür ornaşdyrylýan gymmatlyklara ýigrenç döretmäge çalyşdy. Şol sebäpli garaşsyzlykdan soňra düýpgöter täze aňyýet we ony kemala getirmek üçin ruhy galkynyş gerek boldy.

**Jemgyýetçilik ideologiýasy we jemgyýetçilik psihologiýasy.** Garaşsyzlykdan başlanan özgerişleriň çuňlaşmagy bilen ideologiýa bolan täze garaýyş hem gerek boldy. Umuman, ideologiýa jemgyýetiň hereketini manylaýjy we gözükdiriji

ulgam hökmünde, adamy syýasy herekete iteriji we adamlary birikdiriji wezipeleri ýerine ýetirýän güýç hökmünde häsiýetlendirýär. Jemgyýetde dürli garaýyşlar bolany sebäpli, olar sazlanmaly bolýar. Ideologiýa şol dürli garaýyşlary sazlaýjy paýhas ýörelgesi hökmünde garalmagy gerek. Syýasy köpdürlüligiň kemala gelýän döwründe onuň sazlaşdyryjy paýhas hökmünde çykyş etmegi aýratyn ähmiýetli. Eger-de onda adamlaryň dürli isleg-arzuwlary öz beýanyny doly we dogry tapsa, jemgyýetiň durmuşynda oňyn özgerişler bolup geçýär. Haçan-da ondaky garaýyşlar we ýörelgeler nädogry ýa-da howaýy bolanda yza gaýtmalar bolýar. Bu ýagdaýy türkmen jemgyýeti XX asyryň uzak döwründe agalyk eden ideologiýanyň täsirinde başdan geçirdi. Bu hem ideologiýa degişlilikde täze garaýşy talap etdi (aşakda paýhas ýörelgesi barada durlup geçiler).

Jemgyýetçilik psihologiýasy barada aýdylanda, bu ýerde jemgyýetçilik durmuşynyň gatnaşyklary we hadysalary özlerini diňe bir adamlaryň isleg-arzuwlarynda we bähbitlerinde ýüze çykarman, eýsem dürli görnüşli duýgularda, meýillerde, gylyk-häsiýetlerde, adatlarda, däplerde, şonuň ýaly-da olaryň maksatlarynda, pikirlerinde we ymtylmalarynda hem öz beýanyny tapýar. Jemgyýetçilik psihologiýasy adamlaryň öz ýaşaýyş şertlerine we jemgyýetçilik durmuşyna duýgy we paýhas gatnaşyklarynyň jemi bolup çykyş edýär.

Jemgyýetçilik ideologiýasy hem, jemgyýetçilik psihologiýasy hem adamlaryň döredijilikli ýaşaýşyna esas bolmalydyrlar. Şonuň üçin jemgyýetiň ruhy durmuşy hökmany suratda özüne adamyň ruhy erkinlige, öz ukyplaryny amal etmäge, ruhy gerekliliklerini kanagatlandyrmaga bolan hukuklaryny alýar. Türkmen jemgyýetinde adam öz hereketlerini milli däp-dessurlar, ahlak gymmatlyklary esasynda ugrukdyran ýagdaýynda üstünlikleri gazanýar. Şonda ahlaklylyk artyp, ahlaksyzlyk çäklenýär.

**Ahlak we ahlaklylyk. Ahlak** barada aýdylanda onuň, ilki bilen, köpçülik tarapyndan goldanyp, adamlaryň endigine öwrülip, olaryň gatnaşyklaryny sazlaşdyrýan kadalar bolýandygyny bellemeli. Şonuň ýaly-da ahlak – jemgyýetiň şahsylaýyn ölçegi, adamyň özüni meýletin çäklemegi, onuň ahlaklylygy bolýar. ***Ahlaklylykda*** adamyň beýlekilere degişlilikde özüni alyp barşy jemgyýetiň bildirýän talaplaryna gabat gelýär. Gadym döwürlerden bäri ahlagyň altyn düzgüni bolup: «Beýlekileriň saňa degişlilikde nähili özlerini alyp barmaklaryny isleýän bolsaň, sen hem şol hili hereket et» diýen paýhas çykyş edýär.

**Ahlaksyzlyk** – bu ýokary raýatlyk, medeni-ahlak häsiýetleriň, estetiki gerekliliklerиň kemligi, biologiki endikleriň agdyklyk edýänligi bolýar. Eger ahlaksyzlyk köpçülikleýin häsiýete eýe bolsa, adamlar namys, abraý, şahsy mertebe düşünjelerine parhsyz bolsa, onda olaryň jemgyýetiň ösüşine edýän täsiri oňaýsyz bolar. Şu ýerde döreýän näsazlyk diňe adamlaryň öz ruhy ösüşi barada alada etmeklerini gazanmak bilen ýeňlip geçiler.

Türkmen halky öz taryhynyň bütin dowamynda ahlak-edep kadalarynyň dürdänelerini döredip gelipdir. Milli ruhy gymmatlyklar nazara alynman, şolar bilen ugurdaş bolmadyk islendik durmuş maksatly özgertmeler adamlar tarapyndan kabul edilmeýär. Şonuň üçin esasy zat – geçen nesilleriň ruhy ýörelgeleriniň berjaý edilmegidir. Şol ýörelgelere eýerilip geçilen ýol elmydama netijeli bolýar. Türkmeniň ahlaklylyk ýörelgesi halallyk we ruhubelentlik ýoluna ugrukdyrýar. Halallyk jemgyýetiň şahsyýete bildirýän talabydyr. Şol talaby erklilikde amal edýän adam ahlakly bolýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly eserinde gadymy döwürlerden bäri türkmen rowaýatlarynda, tymsallarynda, durmuş filosofiýasynda öňe sürülýän esasy pikir barada gürrüň açyp: «...ýagşylyk-ýamanlykdan, haýyr-şerden, adalatlylyk-hökmüzorlukdan, merdanalyk-bigaýratlylykdan, ahlak kämilligi-päli bozuklykdan elmydama üstün çykýar. Türkmen ruhuna siňen tümlükden – nuranalyga çykarýan şol gadymy ynanç-ýörelgeler halkymyzyň durmuş medeniýetine öwrülipdir»[97] diýip belleýär.

Häzirki Türkmen ýurdunyň senagat taýdan ösen döwlete öwrülýän döwründe hünärmenleriň, döredijilik igärleriniň, umuman, adamlaryň şu hili ynanç-ýörelgelere eýe bolmaklary örän gerekli. Özbaşdak pikirlenmek, dogry netije çykarmak, soň, öz gezegiňde, täze-täze pikirleri, gymmatlyklary açmak hakyky döredijilikdir. Ahlaklylyk medeniýetliligiň iň esasy alamatydyr.

Şu ýerde medeniýetliligiň ýene bir manysynyň – haçan-da adam döredijiligiň netijelerini öz hüneriniň üsti bilen berkitmek ukybyna eýe bolanda ýüze çykýandygyny belläliň. Bu bolsa öz işiň, öz başarnygyň üsti bilen jemgyýetçilik durmuşynyň hökmürowanlygyny we ähmiýetini aňlap, durmuşa girişmek bolýar. Şonuň ýaly-da medeniýetlilik – şahsyýetiň iş başarnygy nusgasyny ele alanlygynyň derejesini aňlamak, nusganyň häzirki durkunyň çäkliligine göz ýerirmek we ony üýtgetmegiň gerekligini bilmek, öz hereketiň simwoliki jähetini aňlamagy we olaryň birini beýlekisinden tapawutlandyrmagy başarmakdyr.

**Ruhy-medeni galkynyş.** Adamzat taryhyna ser salnanda özgerişler döwrüniň ruhy galkynyşdan başlanýandygyny görse bolýar. Galkynyş medeniýetiň, milli aňyň täze derejä galmagy bilen bagly bolýar. Biz ýokarda üçünji bapda bu meseleleriň üstünde giňişleýin durup geçipdik. Bu ýerde ruhy galkynyşyň häzirki täzelenýän jemgyýetiň ruhy dünýäsine eden we edýän täsirini açyp görkezmäge çalşalyň. Şeýle döwürlerde dünýewi oý-pikirler has güýjeýär. Olar ynsanperwer häsiýete eýe bolýarlar. Ynsanperwerlik, sözüň doly manysynda, durmuşy we ykdysady ösüşiň esasy maksadyny adamyň hal-ýagdaýyny, ýaşaýyş derejesini gowu-

[97] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – A.: TDNG, 2017, 35 sah.

landyrmakda görýär we adamyň şahsyýetlik gymmatlygyny goramaga hyzmat edýär. Galkynyşlar döwründe ykdysady, ruhy-medeni ýokary göteriliş bolup geçdi. Garaşsyzlykdan başlanan täze döwür, has hem senagat taýdan ösüşe eýe bolunýan döwür jemgyýetimiziň täze hil derejesine çykmagy üçin ruhy galkynyşy talap etdi.

Her bir jemgyýetde düýpli özgerişleriň ykbaly adamlaryň durmuşynyň ähli ugurlarynda akylly-başly hereketleri we olaryň biri-biri bilen ynançly baglanyşyklary esasynda kesgitlenilýänligi sebäpli, jemgyýete bazar gymmatlyklary ornaşdyrylanda aňyýet, bir tarapdan, olaryň many-mazmunyny açmaga we ikinji tarapdan, şol gymmatlyklaryň milli medeniýetiň özboluşlylygy we aýratynlygy bilen sazlaşykly baglanyşyga girmegine esas döretmeli. Şonda jemgyýetçilik aňyýeti jemgyýetiň ähli ugurlaryna täsir edip, bazar gatnaşyklarynyň içinde adamlaryň erkin hereket etmeklerine hemaýat edýän ýörelgeler ulgamy bolup çykyş edýär.

Bu ulgamyň adamlaryň täze gymmatlyklary özleşdirmeklerine esas bolup, jemgyýetiň içinde täzeliklere öz-özüne ýeterlik gymmatlyk hökmünde garaýan adamlaryň hataryny giňeltmeli hem-de olaryň jemgyýetde tutýan ornuny berkitmeli bolýar. Şeýle adamlaryň hatary artdygyça aňyýet bähbitleri jemgyýetiň ösüşiniň esasy tendensiýalaryna gabat gelýän we jemgyýetçilik ösüşiniň bähbidine laýyk gelýän subýektleriň ýörelgesi bolup çykyş edýär. Şeýdibem, ol ylmy mana eýe bolýar. Şonda aňyýet, bir tarapdan, milli aňyň esasynda ösen ýurtlaryň ähli ugurda toplan tejribesini özleşdirmek we ikinji tarapdan, täze gymmatlyklara milli äheň bermek wezipesini ýerine ýetirýär. Aňyýet milli we umumadamzat gymmatlyklaryny özara sazlamagyň ýollaryny kesgitleýär.

Häzirki döwürde şeýle sazlaşyk Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy mundan beýläk hem galkyndyrmak we döwrebaplaşdyrmak syýasaty esasynda üpjün edilýänligi sebäpli, bu syýasatyň esasyny düzýän taglymat täze aňyýetiň hem taglymat esasy bolýar. Döwrebaplaşdyrmak taglymaty jemgyýetiň ösüşini we özgerişini gazanmak üçin, milli hem umumadamzat gymmatlyklaryny sazlaşdyryjy paýhas bolup çykyş edýär. Eger döwrebaplaşmagyň many-mazmuny täze döwrüň öňe çykaran derwaýyslyklaryndan ugur alyp, ýurduň ykdysadyýetini, medeniýetini, adamlaryň durmuş, hal-ýagdaýyny has ýokary derejä çykarmak üçin täze gymmatlyklary işläp düzmegi başarmagy aňladýan bolsa, onda adamlarda şeýle başarnygy taplamak işinde Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan öňe sürlen «Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri» ýörelgesiniň aýratyn orny bar.

Häzirki özgerýän türkmen jemgyýetine adamzadyň döreden ylmy gymmatlyklaryna we halkyň durmuş tejribesine esaslanýan pähim-paýhasyň gerekligi düşnükli. Syýasy ylymlarda bu paýhas ideologiýa diýip atlandyrylýar. Şonuň üçin ideologiýa bolan garaýşy öz tejribämiz esasynda takyklamak zerur. XX asyrda biziň ýurdumyzda agalyk eden ideologiýa şol asyryň ahyrynda kem-kemden jemgyýetde öz täsirliligini gowşatdy.

Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra biziň jemgyýetimizde şondan tapawutly özgerişe gözügýän – özüňi alyp barşyň täze nusgalyk görnüşlerini jemgyýete ornaşdyrmaga esas bolýan täze paýhas ýörelgesi döreýär. Belli bir derejede bu ýörelge jemgyýetiň ösüşini açyp görkezýän paýhasa öwrülýar.

### Jemgyýetiň ruhy dünýäsini täzelemäge täze paýhas esasynyň zerurlygy

Häzirki türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsiniň paýhas ýörelgeleri barada pikir ýöretmäge girişilende, onuň filosofiki esaslarynyň aýratynlygyny häsiýetlendirmek zerur bolýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda şol esaslaryň düýpli üýtgeýändigini görýäris. Bu ýerde jemgyýetiň ruhy dünýäsine milli we umumadamzat gymmatlyklaryny gaýtaryp getirmek meselesi ýüze çykýar. Ol hem adamlaryň gatnaşyklaryny kadalaýan ahlak gymmatlyklaryna XX asyryň uzak sowetler döwründe ýetirilen zelelleri aradan aýryp, asyrlaryň dowamynda taplanan milli we umumadamzat ruhy-medeni mirasa gaýdyp gelmegi aňladýar.

Adamlaryň özlerini alyp baryşlarynda, aň-düşünjelerinde bar bolan ýetmezlikler diňe daşky, jemgyýetçilik gatnaşyklar bilen kesgitlenilmän, eýsem adamyň öz ruhy dünýäsi bilen hem bagly. Magtymguly şahyr we onuň döwürdeşi nemes akyldary Imanuel Kant şol ýetmezlikleri adamyň içki dünýäsi bilen baglapdyrlar we olary ahlak taýdan kämilleşmek esasynda aradan aýryp bolýandygyny belläpdirler. Şu ýörelgeden ugur alyp, her bir adamyň adamzadyň asyrlarboýy toplan pähim-paýhasy, milletiň durmuş filosofiýasyny özleşdirip, öz ruhy ösüşi barada üznüksiz aladalanmagy gerek. Jemgyýete geçen nesilleriň ruhy-medeni mirasynyň gaýtaryp getirilmegi, öz ruhy dünýäsi barada aladalanýan adamyň ýetişmegi biri-biri bilen baglanyşykly özgerişlerdir.

Şu hili adamlar hem jemgyýeti özgerdiji güýje öwrülýärler. Olar jemgyýetiň kämilligi, adamlaryň mynasyp ýaşaýşy barada aladalanýarlar. Ol hem düşnükli, sebäbi ýaşaýşa bolan isleg Zeminde ýaşaýşyň goralyp saklanmagy we jemgyýetiň ösmegi, olaryň biri-biriniň üstüni ýetirmeginiň aýrylmaz baglanyşygy bilen kesgitlenilýär. Ýaşaýşyň goralyp saklanmagy elmydama ösüşe gulluk edýär, ýöne adamlar öz ýaşaýşyny diňe gorap saklanmak bilen çäkleseler, onda ösüş bolup bilmeýär. Şonuň üçin goralyp saklanmak we ösüş biri-biriniň üstüni ýetirip, özgerişe gönükmelidirler.

Garaşlygymyzdan öňki ýyllar jemgyýetiň ösüşi we özgerişi materialistik dialektikanyň üsti bilen kesgitlenmäge çalşyldy, ýöne bu wezipäni amal etmek onuň üçin ýeňil bolmady. Materialistik dialektika, bilşimiz ýaly, pikirlenmäniň we barlygyň barabarlygy ýörelgesine esaslanyp, ähli gurşawlary bitewi ösüş kanunlarynyň üsti bilen derňeýär, özi hem şol derňewi Gegeliň dialektikasyndan tapawutlykda amal etmäge çalyşýar. Eger Gegeliň dialektikasynda ähli gurşawlarda ösüşiň umumy esasy bolup gutarnykly (absolýut) pikiriň (ideýanyň) özüni aňlamak üçin edýän hereketi çykyş edýän bolsa, marksizm ösüşi materialistik nukdaýnazardan kes-

gitläp, ony organiki häsiýetli zat hökmünde beýan etjek bolýar. Bu ýerde «kellesinde duran» Gegeliň dialektikasyny, F. Engelsiň aýtmagyna görä, K. Marksyň «aýagyna galdyrmak» üçin eden öwrülişiginiň dialektika üçin hem birkemsiz bolmandygyny bellemek gerek. Onuň sebäplerine ünsi çekeliň.

Gegeliň absolýut ideýasy adamyň durmuşyndan üzülen hem bolsa, ol adam ruhunyň açylyşynyň jikme-jiklikden arassalanan paýhas logikasy hökmünde çykyş edýär. Şonuň üçin onda manylaýyn wektorlylyk bar. Adam aňy barada oýlanmakdan döränligi sebäpli, ol şonuň bilen deňlenýär we adamyň subýektiwlik düşünjelerine geçirilip bilinýär. Marksizm bolsa dialektikany göteriji hökmünde adam manysyna eýe bolmadyk materiýany saýlap alýar. Bu filosofiýada «materiýanyň ýaşaýşy» onuň alamatlary bolan – giňişligiň, wagtyň, hereketiň ýaşaýşy bolýar. Şeýle ýagdaýda dialektika tebigat baradaky filosofiki oýlanmanyň güýçli täsirine düşýär. Şonuň üçin ol ýa tebigy ylymlaryň gazananlaryna garşy durýan hakykylygyň jansyz shemasyna öwrülmeli, ýa-da usulyýet baradaky taglymat ýoluna düşmeli.

Materialistik dialektika, ikinji ugra, ýagny usulyýet ýoluna düşip, usulyýet keşbine eýe bolýar. Bu ýol örän azaply ýol. XX asyrda sowet marksizmi dialektikany ösen ylymlaryň toplumyna häsiýetli düşünjelere eýe bolup täzelenmäge çalyşdy. Onuň mysaly hökmünde dialektika «ulgam» we «düzüm» diýen düşünjeleri girizmek ugrunda edilen synanyşygy görkezse bolar, ýöne bu synanyşygy doly amal etmek materialistik dialektika üçin ýeňil bolmady. Bu ýerde edilen işleriň netijesinde bu dialektika ösüş baradaky taglymat hökmünde söhbetdeşligi alyp barmak sungaty, subut etmek we inkärlemek sungaty bolman, eýsem dünýäň bitewüligini açyp görkezýän taglymata öwrülmeli bolýar. Bu bolsa onuň esasynda duran pikirlenmäniň we barlygyň kybapdaşlygy, dialektikanyň ähli kanunlarynyň we kategoriýaklarynyň diňe bir pikiriň görnüşi bolman, eýsem hakykylygyň hem görnüşi bolýanlygyny düşündirmegi talap edýär. Şonuň üçin dialektika diňe bir dünýä akyl ýetirmek barada däl, eýsem dünýäniň özüni düşündirmäge, dünýä barada tebigy-ylmy garaýyşlary teswirlemäge, dünýäniň şekilini düzmäge gatnaşmaga mejbur bolýar.

Şeýle ýagdaýda dialektikanyň hereketliligi düşündirýänligine, onuň pikiriň we barlygyň kybapdaşlygyna esaslanmalaryna çäksiz ynam ýitirilýär. Pikiriň we barlygyň kybapdaşlygyny ýöne nygtamk bolmaýar, ony paýhas, «gutarnykly taglymat» bilen başga gurşawa – tebigata, jemgyýete, taryha girişip, gapma-garşylyklar taglymatyna bütindünýä taryhyny girizip aýdyň görkezmek gerek bolýar. Şu iş amal bolmadyk ýagdaýynda adam paýhasynyň dünýäniň ösüş hereketine «girişi» hökmündäki dialektika bilen iş salşylanok. Şonda diňe ösüşi, onuň aýry-aýry pursatlaryny öwrenýän (nähili geçişini görkezýän däl) «dialektikanyň taglymaty» galýar.

Şolaryň täsiri bilen dialektikadan Gegeliň dialektikasyna häsiýetli bolan: pikiriň bitewüligi, gapma-garşy iki tarapa bölýän özakymlaýyn energiýasy, pikiriň, tebigatyň, adam ruhunyň biri-birine geçiş mistikasy, irrasional bölekler ondan gutarnykly gysylyp çykarylýar. Netijede, bu garaýyş adamlaryň ahlak gymmatlyklaryna, däp-des-

surlara, mukaddesliklere bolan ynanjyny ýitirere getirýär. Bu bolsa, mysal üçin, jemgyýete degişlilikde, onuň ösüşiniň hereketlendiriji güýjüni aýdyňlap bilmeýänligini görkezýär. Ony biz geçen XX asyrda marksizmiň uzak agalyk eden döwründe öz tejribämizde gördük. Marksizm, bilşimiz ýaly, paýhasa esaslanýan jemgyýet barada taglymat hökmünde öňe sürlüpdi, ýöne ol bu wezipäni amal edip bilmedi.

Gynansak hem, XIX asyryň ahyrlarynda, XX asyrda Günbatar filosofiýasynda paýhasyň jemgyýetiň ruhy dünýäsindäki orny baradaky üýtgeşik, oňaýsyz garaýyşlar öňe sürüldi. Bu ýerde paýhasa ynamsyzlyk döräp, oňa garşy çykyşlar, nigilizm (latyn dilinden terjime edilende ***nihil hiç zat, umumy kabul edilen zatlaryň ählisini inkärlemek*** diýmegi aňladýar) güýjedi, ýöne XIX asyr paýhas bilen arany açmaga şindi taýýar däldi. Alymlar, umuman, jemgyýet hem paýhasa, onuň açan hakykylyklarynyň dünýäde ählumumy düzgüni kepillendirýändigini nygtaýan filosoflary goldaýardylar. Paýhasy tankytlaýanlara bolsa ynamsyzlyk bilen garaýardylar. Paýhasyň kadalaýjy mümkinçiliklerine müňkürlik bildirýän pikirler jemgyýetçilik durmuşynyň we aňynyň gyraky burçuna gysylyp çykarylýardy: şol başky döwürde paýhasa bolan ynamsyzlyk pähim-paýhasly adamlar üçin kada bolup bilmedi, jemgyýet paýhasa daýanman ýaşamaga taýýar däldi.

Şol bir wagtda XX asyr paýhasy tankytlaýan pikiri intellektual meýdanyň merkezine geçirdi. Bu hem jemgyýete paýhasy tankyt edýän pikirleriň aralaşmagyna getirdi. Edebiýatda, sungatda, filosofiýada aňsyzlyk, bozuklyk meseleleri giňden açylyp, ruhsuz, ahlaksyz, diňe biologiki, tebigy barlyk öňe sürlüp başlandy. Kem-kemden adamlar, has takygy, olaryň dünýägaraýşy, ruhy-pikir ýöretmek ýörelgeleri üýtgedi. Jemgyýetiň ähli gurşawlarynda: ykdysadyýetde, syýasatda, ruhy-medeni we beýleki gurşawlarda paýhasa daýanç esaslaryny ýitiren duýgular döredi. Gymmatlyklaryň aşakly-ýokarly yzygiderligini, baglanyşygyny ýitiren ählumumy plýuralistik (latyn dilinde terjime edilende *pluralis* – ***köpçülikleýin*** diýmegi aňladýar) döwür kemala geldi.

XX asyrda jemgyýetiň ruhy dünýäsinde dörän şu hili ýetmezlikler türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsine hem şol asyryň uzak döwründe öz täsirini ýetirdi. Şonuň üçin türkmen halky öz garaşsyzlygyna eýe bolandan soňra öz ösüş ýoluny saýlap, jemgyýetiň ruhy dünýäsini täzelemeli boldy. Häzirki türkmen jemgyýetiniň kämilleşýän döwründe daşky täsirlere garşy durup, jemgyýet türkmen halkyna häsiýetli bolan öz asyl durkuny döwrebap derejede açmaga girişdi. Şonda, umuman, jemyýetiň, şol sanda onuň ruhy dünýäsiniň özgerýän döwründe halkymyzyň pähim-paýhasyna ýugrulan medeni-ruhy mirasyna daýanýan berk paýhas esaslary, paýhas ýörelgeleri, filosofiki garaýyşlar gerek boldy.

**«Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri» ýörelgesi.** Bu ýörelge ýurduň täzeleniş döwrüniň ýörelgesi bolýar. Ol halkymyzyň durmuş filosofiýasyna esaslanyp, onuň taryhynyň durmuş, medeni, ruhy tejribesini, milli mirasy ýurdumyzyň häzirki ösüşiniň wezipeleri bilen baglanyşdyrmagyň paýhas esasy bolup çykyş edýär.

Şu ýörelge ösen bazar ykdysadyýetli dünýewi, hukuk döwletini mundan beýläk-de berkitmek ugrunda edilýän tagallalary adamyň ruhy ösüşini gazanmak bilen berk baglanyşykda alnyp barylmagy talap edýar. Bu iş adamlaryň durmuş-syýasy işewürligini ardyrmaga gönükdirilýär. Şu ugurda edilýän tagallalar köptaraplydyr. Ilki bilen, ol türkmen jemgyýetiniň içki döredijilik we gurujylyk güýçlerini açmaga gönükdirilýär. Aňyýet jemgyýetiň ösüşiniň aýratynlyklaryna, onuň hereket etmeginde obýektiw we suýektiw şertleriniň özara täsirine düşünmäge esas döredip, adamlarda jemgyýetçilik hadysalary ylmy esasda derňemäge we hakykaty aýan etmäge bolan islegi artdyrýar.

Şonda aňyýet jemgyýetde durmuşy ösüşi gazanmagyň hereketlendiriji güýji bolup çykyş edýän bolsa, onda onuň akyl ýetirmek gözükmesi bolup, hakykat çykyş edýär. Täze aňyýet biziň jemgyýetimizde başlanan özgeriş hakykatyny ilimize ýetirip, ilatyň arasynda jemgyýetiň özgerişine öz-özüne ýeterlik gymmatlyk diýip düşünýän adamlaryň hatarynyň işewür adamlaryň, hünärmenleriň, ýer eýeleriniň täze gymmatlyklara girişmegi bilen köpelmegine getirer. Şol bir wagtyň özünde biziň halkymyzyň içinde jemgyýete ornaşýan täze gymmatlyklaryň ähmiýetini şindi doly düşündirip bilmeýänleriň hem ýok däldigini bilmeli.

Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, biziň täze aňyýetimiz soňky toparyň tarapdarlaryna täze gatnaşyklary döwrebap usullaryň üsti bilen gurnaýanlaryň hataryna geçmegiň ýollaryny görkezmeli bolýar. Bu bolsa adamlaryň adaty ýörelgelerden ýokary galyp, durmuşyň ähli ugurlaryny oýlanyşykly gurnamaklary üçin ruhy esas döredýändigini görkezýär.

Şeýlelikde, täze aňyýet jemgyýetçilik aňyň adaty derejeden nazary görnüşe galmagyna, adamlaryň jemgyýete ornaşýan gymmatlyklara bolan dürli garaýyşlarynyň ýakynlaşmagyna, jemgyýetiň ähli ugurlarynda we derejelerinde özgerişleriň çuňlaşmagyna we olaryň netijeliliginiň ýokarlanmagyna esas bolýar. Ol netijelilik bolsa aňyýetiň jemgyýetiň özgerişinde ýüze çykýan päsgelçilikleri ýeňip geçer ýaly milletiň döredijilikli ýaşaýşa ukyplylygyny kemala getirýänligindedir. Şeýle ukyplylyk jemgyýetde adaty we döwrebap garaýyşlaryň özara täsiri esasynda döreýän meseleleriň çözgüdiniň üsti bilen taplanýar. Bu bolsa jemgyýetçilik aňynyň täze derejä galýandygyny aňladýar.

Ýurdumyzda başlanan täzeleniş döwri hem türkmen jemgyýetiniň hemme taraplaryny düýpli özgerişlere getirýän ruhy başlangyçlary ýüze çykarýar. Şol başlangyçlar özgerişler döwründe jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynyň oýlanyşykly kesgitlenen ölçegleri bilen gurnalmagyny, erkin, azat hereket edip bilýän adamlaryň taplanmagyny, täze zähmet etikasynyň döremegini üpjün etmeli bolýar. Bu döwürde jemgyýetçilik aňynyň nazary derejesine eýe bolýan adamlaryň sany artýar. Şeýle pähim-paýhas we ukyp täze paýhas ýörelgesi, täze ruhy gymmatlyklar esasynda kemala gelýär. Eger türkmeniň täze ruhy ähli adamlara degişlilikde öňki

ýyllar öz aňlaryna ornaşan özüňe ynanmazlyk psihologiýasyndan azat bolmaga kömek eden bolsa, indi jemgyýetçilik aňyýeti bagtyýarlyk döwründe olaryň täze gymmatlyklary özleşdirip, erkinlik we ynamlylyk duýgusyna we döredijilik aňyna hem-de ukybyna eýe bolmaklaryna esas bolýar. Şonuň üçin ýurtda başlanan täze döwürde adam şahsyýetini beýgeltmek esasy meselä öwrüldi.

Ruhy galkynyş döwrüň hem talaby, hem-de görkezijisidir. Jemgyýetiň durnukly ösmeginiň we özgermeginiň möhüm şerti hökmünde ruhy ulgamy özgertmegiň gerekligini nygtaýan Ýurtbaştutanynyň bu ugurdaky başlangyçlarynyň ruhy galkynyş üçin uly ähmiýete eýedigini bellemek gerek. Şol başlangyçlar ýurduň medeniýetiniň we sungatynyň ösmegine, umuman, täze jemgyýetçilik aňynyň kemala gelmegine kuwwatly itergi berýär.

Täzeleniş döwrüniň paýhas ýörelgesi, görşümiz ýaly, bu döwürde jemgyýetçilik durmuşynda wajyp wezipäni ýerine ýetirýär. Ol ýurtda geçýän düýpli özgerişleri we täzelenişleri aňlaýan, jemgyýetdäki özgerişleriň manysyny açýan ruhy güýç bolup çykyş edýär. Bu wezipäni amal etmek üçin ol ýokary derejä galmaly bolýar. Bu ýörelge doly ýüze çykyp, ýokary derejä galan halatynda özgerişleri çuňňur aňlamak mümkinçiligine eýe bolýar. Şonda onuň täsiri bilen jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşyndan öňe geçýär. Şeýle işewür aňy döretmek biziň bagtyýarlyk döwrümizde aýratyn ähmiýete eýedir. Bu ýerde edebiýatyň we sungatyň aýratyn orny bar.

## Jemgyýetiň ruhy dünýäsinde edebiýatyň we sungatyň orny

Erkliligi we islegi döredýän duýgular köp derejede adamda edebiýatyň we sungatyň täsiri esasynda berkeýänligini alymlar belleýärlerr. Taryhyň bütin dowamynda çözgüdi gözlenýän ýagşy bilen ýamanyň arasyndaky barlyşyksyz araçägi açmak meselesini alyp göreliň. Bu meseläni amal etmek wezipesi köp derejede edebiýatyň we sungatyň üstüne düşýär. Ol sungatyň, hem edebiýatyň hem adama, onuň ahlak dünýäsine, özüni alyp barşyna edýän täsirleriniň syryna baglydyr. Meselem, ylym olardan tapawutlylykda adamyň içki dünýäsini doly kanagatlandyryp bilmeýär. Eger ylym ony kanagatlandyrýan bolsa, onda ol adamyň birtaraplylygyny, «birölçegliligini» kemala getirerdi. Adam edebiýata, sungata we filosofiýa ýüzlenip, ylmyň göz ýetirip bilmeýän täsinliklerini özünde açýar. Şonuň üçin adam dünýäde we öz durmuşynda bar bolan zatlara akyl ýetirip lezzet almak üçin sungata mätäçdir.

Adamy taplamakda sungatyň aýratyn ornuny köp alymlar belleýärler. Meselem, geçen XX asyrda ýaşan belli dat fizigi Nils Bor edebiýatyň we sungatyň adamyň ruhunyň baýlaşmagy üçin döredýän mümkinçiliklerini, olaryň adama kadalaşdyrylan derňewe mümkin bolmadyk sazlaşygy ýatladyp bilmek ukyplary bilen baglaýar.[98] Onda adamyň şeýle gymmatlyklardan mahrum bolmagy, onuň duýgy tebigatyny gowşadyp, aňyna we ahlagyna örän oňaýsyz täsir etjekligi düşnüklidir. Edebiýatyň we sungatyň şu hili «kadalaşdyrylan derňewe mümkin bolmadyk sazlaşyga» ugruk-

[98] Bu ýerde seret: Е. Фролов. О человеке и гуманизме. – М., 1989, стр. 226.

dyryjy güýji, adamyň ahlak dünýäsine gönügýär. Şol sebäpli adamyň ýaşaýşynyň we öläminiň, azatlygynyň hem wyždanynyň, haýyr bilen şeriň ahlaky-pelsepeleýin, ynsanperwerleýin mana eýe bolan meseleleriň örän dartgynly görnüşde, diňe edebiýatyň we sungatyň üsti bilen duýlup bilinýänligini bellemek gerek. Olaryň derňeýän meseleleri adamyň durmuşy, ylmy açyşlar ýaly çalt üýtgäp bilmeýärler. Olar adamyň asyl durkuny häsiýetlendirmäge çalyşýarlar. Ine, şonuň üçin olary aňladýan sungat we edebiýat eserleri adamyň tebigaty kimin baky bolýar.

Nusgawy çeper eser adamy kämillige ugrukdyrýan estetiki gymmatlyklaryň, gözellik nusgalarynyň ulgamyny döredýär. Has çuňňur we oýlanyşykly tapylan çeper keşp, özünde adamyň asyl häsiýetleriniň köpüsini jemläp, umumadamzat ýa-da milli simwola öwrülýär. Gamletiň, Faustyň, Artyk Babalynyň, Şükür bagşynyň keşpleri oňa mysal bolup bilerler. Sungatyň esasy wezipesi estetiki wezipe bolýar. Ol wezipe sungatyň adama estetiki lezzeti berýänligindedir. Bu lezzet adamyň diňe bir sungat eseriniň üsti bilen öz ruhy isleglerini kanagatlyndyrmagy bilen çäklenmän, eýsem onuň duýgularyny oýarýan, hyjuwyny joşdurýan güýç bolup hem hyzmat edýär. Şonuň üçin edebiýata we sungata ylmyň kömekçi serişdesi hökmünde garamak düýpgöter nädogry. Bu ýerde gürrüň ylmyň gazananlaryny sungata ýa-da edebiýata garşy goýmak maksatlary üçin ulanmak barada gitmeýär. Jemgyýetde ylmyň öz orny, sungatyň hem öz orny bolýar. Onda-da olaryň her biri bu ýerde aýratyn wezipäni ýerine ýetirýärler. Öz aýratynlyklyklary bilen hem olar adamzadyň durmuşyny baýlaşdyrýarlar.

Edebiýat we sungat durmuş bilen çuňňur baglanyşykda bolup, köptaraplaýyn jemgyýeti özgerdiji wezipeleri ýerine ýetirýärler. Edebiýat hem, sungat hem milletiň ruhy dünýäsiniň aýrylmaz bölegi bolup, dünýä we adamzada akyl ýetirmek serişdesi, dünägaraýyş ulgamy bolup çykyş edýärler. Olaryň terbiýeçilik ähmiýeti has hem uludyr. Edebiýat adamy kämilleşdirmegiň mekdebidir.

Edebiýatyň we sungatyň adamlaryň gözellige bolan isleglerini kanagatlandyrmak ukyby hem ýokarydyr. Olardan adamlar bahasyna ýetip bolmajak ruhy lezzet alýar. Edebiýat we sungat eserleri bu dünýäniň gözelligini, milletiň ruhy-ahlak gymmatlyklaryny aýan edip, adamyň dünýägaraýşyny baýlaşdyrýarlar. Şeýdibem, olar adamzady gyzyklandyrýan baky meseleleri çözmäge kömek berýärler.

Taryhyň dowamynda akyldarlar köp örän täsirli eserleri döredenler. Kähalatlarda adam kän oýlanman öz ýaşaýşyny sungata meňzedýär. Ol oňa eserlerdäki ýaly häsiýet berýär, adam çagalykda özüniň ruhuny kemala getiren esersiz, öz ýaşaýşyna bir bitewi zat ýaly garap bilmezdi. XVIII–XX asyrlaryň türkmen edebiýaty ähmiýeti peselmeýän eserleri döretdi. Olaryň esasynda döwri bahalandyryp bolýan gymmatlyklar ölçegi kemala geldi. Edebiýat boýunça hakykylyk bahalandyrylyp, onda durmuşyň ýokary ölçegi görüldi. Roman, umuman, sungat kimin janly barlygy täzeden döretmek bilen bagly bolany sebäpli, oýlap tapmak işi janly adamlary

döretmäge hyzmat edýär. Sungatdaky bar bolan hakykylyk ýaşaýyşdan has çuňňur ýa-da ýokary zady aňladýan hem bolsa, ol, ilki bilen, ýaşaýyş bolýar. Dörediji janly zady döredýär. Ol özüniň döreden dünýäsine we şol dünýäde ýaşaýan adamlara ynanýar. Ýazyjylar tarapyndan döredilen janly keşpler soňra oňa kän bagly, boýun bolmaýanlygy sebäpli ýaşaýarlar

Hakyky dörediji diňe durmuşa öýkünmeýär, ol ýaşaýşy döredýän güýjüň yzy bilen ýöreýär. Ondaky döredijilik güýçleri döredijilige gatnaşýan hakyky güýçler bolýar. Meselem, Şükür bagşynyň täsiri janly adamlardan kem däl, çünki durmuş filosofiýasyny ele almakda bu keşp adamlara has täsirlidirler. Türkmenistanyň Prezidenti Şükür bagşynyň keşbiniň adybir filmde çagalyk döwründe özünde galdyran täsirini ýatlap: «Bu film maňa örän uly täsir etdi. Gandöküşikli jeňe ýol bermän, garşydaşy sungatyň kömegi bilen ýeňip bolýar eken diýen açyşymy şondan bäri kalbymda saklaýaryn»[99] diýýär. Özgerýän jemgyýet üçin şeýle täsirli edebi we sungat eserleri örän ähmiýetli. Häzirki durmuşymyza hem kybapdaş gahrymanlar gerek.

**Bagtyýarlyk döwrüniň edebiýaty we sungaty.** Türkmenistanyň Prezidenti döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen duşuşanda ýazyjylaryň, suratçylaryň, heýkeltaraşlaryň we beýleki sungat işgärleriniň öňünde döwrümize kybapdaş täze eserleri döretmek barada takyk wezipeleri goýýar. Ol hem düşnüklidir. Täze eýýama kybapdaş eserler peýda bolmaly. Bu ýerde bolsa etmeli işler örän köp. Häzirki döwre estetiki ideal bolup hyzmat edýän nusgalyk edebiýat we sungat eserleri gerek. Sungaty öwrenijiler estetiki idealyň iki görnüşini: **birinjiden,** arzuw edilýän, bolmaly zadyň belli bir aýdyňlykdaky göz öňüne getirmesini we **ikinjiden,** şol göz öňüne getirmeleri özünde şöhlelendirýän hakyky edebiýat ýa-da sungat eserini tapawutlandyrýarlar.

Sungat eseriniň her biri estetiki ideala tarap bir ädim bolýar. Ol ideal suratkeşleriň ýiti galamy, ýazyjylaryň ötgür sözi bilen döredilen çeper keşpleriň üsti bilen ýüze çykýar. Şeýle eserleriň döremegi üçin döredijilik işgärleriniň biziň eýýamymyzy aňladyp bilýän ylham joşgunlary gerek. Bir şahyryň döredijiliginiň bize berýän estetiki idealyny beýleki biri berip bilmez. Eger söz baýlygyna eýe bolan şahyryň stili egsilmez gazna duşan adam kimin gutarnyksyz gymmatlyklary açýan bolsa, beýleki biri diňe özüniň döreden kän bolmadyk aňlatmalarynyň üsti bilen öz gözellik dünýäsini döredýär.

Her bir hakyky şahyr köpsözlümi ýa-da azsözli, tapawudy ýok, çalşylyp bolunmaýar. Eger alym onuň ornuna gelen beýleki alym tarapyndan ozulyp geçilýän bolsa, şahyr, sözüň doly manysynda, ozulyp geçilmeýär. Şahyryň tapan döredijilik täri, onuň gaýtalanmazlygyna esas bolýar. Bagtyýarlyk döwründe hem döredijilik **işgärleriniň öz gaýtalanmaýan tärine eýe bolmaklary wajyp.**

[99] Gurbanguly Berdimuhamedow. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016, 18 sah.

Ýurduň durmuşynda bolup geçýän oňyn özgertmeler, alnyp barylýan beýik işler çeper sözüň, sungatyň üsti bilen wasp edere mynasypdyr. Täze dörejek eserlerden öňe çykjak täsirli keşpler biziň döwrümiziň gahrymanlarynyň keşbini şöhlelendirerler. Häzir bolsa sungatyň ähli ugurlarynda döwrüň ruhuna kybapdaş, geljege gönükdirilen eserleriň döremegi döwrüň talabydyr. Döredijilik işgäri dünýä bilen baglanyşyga girip, ylham joşgunyna eýe bolup, şol talaby kanagatlandyryp, adamlarda uly ynanjy döredip bilýär.

Sungat mukaddesliklere bolan ynanjyň aňladylmasydyr. Haçan-da mukaddesliklere bolan ynanç gowşan ýagdaýynda, mukaddeslikler görnüşinde beýan edilýän many başga zatlar bilen çalşylýar. Sungat öz ähli kökleri bilen ynanja daýanýar, emma ol ynanjy çalşyp bilmeýär, tersine, uzakmöhletleýin oýlanyşykly, ýöne ynamsyz dünýä çuňlaşmak oňa oňaýsyz täsir edýär. Ol köp wagtyň dowamynda ruhy ynançdan üzňelikde ýaşap bilmeýär. Hakyky döredijilik işgäri adaty adamlaryň arasynda ruhana bolýar. Ol özüniň her bir sözüne, her bir hereketine jogapkärçiligi duýýar. Diňe bir onuň döreden sungat eseri wajyp bolman, onuň özüniň barlygy hem wajyp. Ýurtbaştutanynyň döredijilik işgärleri baradaky aladalary, olary şu derejä galdyrmak bilen baglanyşyklydyr. Şu hili derejä galan ýazyjylar we şahyrlar, suratçylar hem sazandalar netijeli pikir ýöretmek ukybyna eýe bolýarlar. Bilşimiz ýaly, geçmişde pikir ýöretmegiň oýlanyşykly we duýgulaýyn usullarynyň birikdirilmegi ylym we sungat ägirtleriniň döredijilik ylhamyny açandyr. Şu hili birleşme häzirki döwürde hem edebiýat we sungat işgärleriniň döredijilik işine badalga bermeli. Onuň esasynda ruhy ösüş täze hil derejesine çykar.

Bagtyýarlyk döwründe uly täsirlilige eýe bolan eserleriň arasynda Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Älem içre at gezer» we «Döwlet guşy» romanlaryny bellemek gerek. Mysal üçin, «Döwlet guşy» romanynda sungatda mukaddesliklere bolan ynanjyň dilde aňladylmasy bolýanlygy aýdyň görünýär. Bu roman türkmen topragyny mukaddeslemekden başlanýar. Onda: «Türkmen topragy – mertligiň, gaýduwsyzlygyň topragy. Türkmen topragy – rysgal-berekediň topragy. Bu toprak özi deýin giňlik hem salykatlyk berýän toprak. Bu toprakda beýik pederlerimiziň yhlasy, arzuw-telwaslary, ömür menzilleri özlerine kökerip ýatyr»[100] diýip bellenilýär.

Bu romanda adam bilen onuň ýaşaýan tebigatynyň baglanyşygy örän täsin we täsirli mukaddeslikleriň üsti bilen açylyp görkezilýär. Bu ýerde adamda tebigata, durmuşa bolan sagdyn garaýyşlaryň berkemeginde maşgalanyň, däp-dessurlarynyň aýratyn orun eýeleýändiginden ugur alynýar. Romanynda Mälikgulynyň kakasy Berdimuhamet Annaýewiň «...daňdan her kimiň daş işiginden perişdeler aýlanarmyş, rysk-döwlet paýlarmyş» diýen ynanjynyň maşgalanyň ynanjyna öwrülendigi barada aýdylýar we örän täsin düşündirilýär. Şonda guşlaryň säher çagynyň mukaddesligini duýýanlygy bellenilip: «Olar adamlaryň görmeýän syrlaryny, pynhanlyklaryny görýärlerem, duýýarlaram. Olar bu iki reňkiň – gije garaňkylygynyň hem gündiz giňişliginiň aralygyndaky durulykda Allatagallanyň Ýere inen tejellesine

[100] Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet guşy. Roman. – A.: TDNG, 2013, 9 sah.

şaýat bolýarlar. «Üç ýaşaýyş gudratynyň – tejelläniň, durulygyň hem owazyň birleşmeginden bakylygyň pana inen ruhy bildirýär (Aslynda Tejen derýasynyň adyda säherde suwuň tejelle görnüşi, keşbi bilen baglanyşykly döräpdir ahyryn).

Gije geleýin diýse, pelekdäki garaňkylyk bent bolan, gündiz geleýin diýse, Asmandaky Güneş päsgel bolan tejelli birnäçe salymlyk Ýere inýär»[101] diýilip, säher çagynyň mukaddesligi açylyp görkezilýär. Romanda säheriň päkliginiň adam ruhuna edýän täsiri baradaky pikir sähräniň päkliginiň täsiriniň aýratynlygyny beýan etmegiň üsti bilen dowam edilýär we geljek barada gürrüň açylýar we hakykatdan hem adamyň özüni açmagy, onuň gülläp miwe getirmegi üçin tebigat bilen bir bitewilige öwrülmegi barada örän täsirli pikir ýöredilýär.

«Döwlet guşy» romanda şeýle pikirler, oýlanmalar örän kän, şonuň üçin hem bu eser her bir oýlanýan okyjy üçin örän ähmiýetli. Sebäbi,ýönekeý söz adama kän täsir etmeýär. Ol her günki aladalar bilen meşgul bolup, öz ruhy ösüşi barada känbir aladalanmaýar. Diýmek, olary bu ýagdaýdan çykarmak üçin örän täsirli – pikirlendirýän, oýlandyrýan, tolgundyrýan sözler gerek. Berdimuhamet mugallym fronta gitmek barada pikire gelendigini aýdyp, «Men: «Yzymda Mälikguly oglum bar, ol ojagyny hor-zar etmän saklar, ejesine ýardamçy bolar, doganlaryna howadarlyk eder, hojalygyň garamatyny merdi-merdanalyk bilen çeker» diýip saňa bil baglamakçy bolýaryn» diýip ogluna ýüzlenende Mälikgulynyň: «Size ysnat getirmejek bolup, elimde baryny ederin»[102] diýýär we öz sözünde tapylýar.

Mälikguly maşgalada-da, mekdepde-de, kolhozda-da örän jogapkärçilikli, uly adam kimin işleýär, okaýar, uly iliň aladasy bilen ýaşaýar. Mälikgulynyň ejesi Ogulbäbek eje: Ol okuwdan soň işe gatnaýar. Bir gün ýandak çapýarlar, bir gün bugdaýa suw tutýarlar, atyzlary giňeltmek, birleşdirmek üçin beýigräk ýerleriň gumuny jara döküp gelmek işinde işleýärler, garasaý kolhoz näme iş buýursa, dannamasyz edip ýör, arasynda dümeçiligimizdäki peýkalymyza barybam işläp gaýdýar. Sähel boş wagt tapsalar, klasdaşlary bilen mätäç hojalyklara diýeli ot, çagşyl eltip berýärler. Berkeli birgadyň adama aňsat-aňsat göwni ýetýän däldir, ana, şolam: «Mälikguly janyň eden işiniň kemi bolmaz, uly adam ýaly»[103] diýýär. Dogry, şol. Mälikguly jan eden işiniň kemini goýmaýar. Özem ýadadymy ýok, ýaltandymy ýok. Işden gelensoňam bir döwüm çörek iýensoň oturmaz. Mallara ot berer, suw berer. Hojalygyň ownuk-döwnük işini edip ýörendir»[104] diýip, öz ogluny häsiýetlendirýär. Bu ýerde gürrüň 10-11 ýaşyndaky oglan barada. Romanda getirilen şu setirler okyjyny oýlandyrýar, tolgundyrýar.

Öz gahrymanlarynyň üsti bilen tolgundyrýan, pikirlenmegi öwredýän edebiýateserleri ýaşlaryň hakyky ýaşaýşa girişmeklerine kömek edýär. Şu nukdaýnazardan

---

[101] Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet guşy. Roman. – A.: TDNG, 2013, 47-48 sah.
[102] Şol ýerde, 44 sah.
[103] Şol ýerde, 44 sah.
[104] Şol ýerde, 383 sah.

bu roman ýaş nesiller üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr. Hakyky ýaşaýşa eýe bolan adam, öz ýaşaýşynyň onuň pikir edişi ýaly, öz öňünde goýan ol ýa-da beýleki işleriniň bolmaýanlygy üçin utanýar. Şu hili adam şowsuzlyk üçin daşarky zatlary däl-de özüni günäleýär: men jemgyýete-de döwlete-de meni şu hili terbiýelänleri üçin öz günämi ýükläp bilmerin. Hemme zada özüm jogap berýärin. Ähli meniň bilen bolýan zatlara men jogap berýärin, sebäbi men erkin. Meni şu hili ýaşaýşa hiç kişi mejbur edip bilmeýär, men öz ýaşaýşymy özüm saýlaýaryn. Hawa, bu hili ýaşaýyş ýeňil däl, ol kyn we agyr, ýöne ýaşamaklyga ýeke-täk mynasypdyr.

Biziň häzirki bagtyýarlyk döwrümizde şu hili ýörelgelerden ugur alýan adamlaryň köpelmegi gerek. Şeýle adamy ýetişdirmek edebiýatyň hem, sungatyň hem, ylym-bilim ulgamynyň hem wezipesidir. Jemgyýet hakyky ruhy özgerişe eýe bolanda bu wezipe amal edilýär. Şonda jemgyýetçilik aňyň täsiri ýokarlanýar. Bu täsirlilik bolsa ilki bilen döredijilik işgärleriniň degerli sözi, döreden täsin keşpleriniň üsti bilen gazanylýar.

**Ösüşiň we özgerişiň filsofiki esasy.** Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe gadymy türkmen ýurdunda adamzat jemgyýetiniň has göwnejaý görnüşini, onda adamyň köp görnüşli bähbitlerini, zähmete, eýeçilige, öz pikirini erkin beýan etmäge we goramaga bolan düýpli hukuklaryny iş ýüzünde durmuşa geçirýän jemgyýet öz içerki gurujylyk we döredijilik güýçlerini açyp başlady. Bu özgerişe milletiň durmuş pelsepesi özboluşlylygy çaýýar.

Bu bolsa ýurdumyzda bolup geçýän özgerişleri hil taýdan täze derejä çykarýar. Häzirki döwürde ýurduň durmuş-ykdysady ösüşi gün-günden güýjäp, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna täze esaslar döreýär. Şu hili özgerişleri hemme taraplaýyn bahalandyryp, döwrüň öňe süren talaplaryna we çagyryşlaryna laýyklykda täze derejä galdyryp, öňe gitmäge halkymyzyň medeni mirasy, akyldarlarymyzyň pähim-paýhasy bize kömege gelýär. Häzirki döwürde ösüşiň milli nusgasyny kesgitleýän paýhas ölçegini tapmak gerek bolýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow, ýokarda bellenilişi ýaly, halkymyzyň medeni mirasy, durmuş tejribesi esasynda biziň döwrümiziň özboluşlylygyny açyp görkezýän durmuş filosofiýasyny döretmegiň şu günüň zerurlygy bolýanygyny belläp: «Türkmen halkynyň durmuş pelsepesine gowy düşünmezden, munda mirasyň manylylygyny çözläp bolmaýar. Mirasa düýpli nazar aýlamak üçin halk pelsepesine, milli-ruhy gymmatlyklara aýdyň göz ýetirmeli»[105] diýýär. Diýmek, halk filosofiýasy bu ýerde taryhyň durmuş, medeni, ruhy tejribesini, milli mirasy ýurdumyzyň häzirki ösüşiniň wezipeleri bilen baglanyşdyrýan milli aň döwrüň paýhas ýörelgesi görnüşinde täze hilde ýüze çykýar.

Bagtyýarlyk döwrüniň ruhy özboluşlylygynyň many-mazmunyny kesgitleýän bu filosofiýa, bir tarapdan, biziň halkymyzyň asyl ruhy gymmatlyklaryny, ata-babalarymyzyň medeni mirasyny özünde jemleýän bolsa, ikinji tarapdan, umum-

[105] Gurbanguly Berdimuhamedow. Gadamy batly bedew. – A.: TDNG, 2016, 283 sah.

adamzat gymmatlyklaryny, jemgyýetçilik ylymlarynyň ýeten derejelerini we şu günki ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünliklerini özüne alýar.

Biziň häzirki täzelenýän jemgyýetimizde maddy we ruhy gymmatlyklaryň sazlaşygyny üpjün edýän ösüşiň bitewi görnüşi ýüze çykýar. Hormatly Prezidentimiziň bagtyýarlyk döwrüniň özboluşlylygynyň many-mazmunyny kesgitleýän durmuş filosofiýasy halkymyzyň asyl ruhy gymmatlyklary bilen bir hatarda şu günki ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünliklerini hem özüne alar. Bu filosofiýa şeýle sazlaşygy dörediji paýhas bolýar. Şu filosofiýa biziň milliligimize täze öwüşgin berip, tehnologik ösüş döwründe milli aňyň täze derejä galmagyna esas döreder. Durmuş filosofiýasy her bir adamyň täzeçe pikirlenmek ukybyna eýe bolmagy üçin, olaryň milletiň medeni mirasyny, däp-dessuryny, akyldarlarymyzyň akyl ýörediş usullaryny ele almaklaryna kömek berer, özi hem ol bu wezipäni şol gymmatlyklary döwrüň talaplary bilen utgaşdyrmak esasynda amal eder.

Döwrüň talaplaryny bolsa häzirki wagtda köp derejede ylym kesgitleýär. Adamzadyň kuwwatlylygynyň görkezijisi bolan ylym şu wagta çenli, esasan, tehnikanyň gurşawy bilen çäklendi. Şol çäklerden çykmak üçin durmuş filosofiýasy ylmy-tehniki ösüşiň gazananlary jemgyýete ornaşdyrylanda, tehniki we tehnologik çözgütleriň ynsanperwerlik ölçegi bolup çykyş eder. Şu işiň wajyp ugry hökmünde bu çözgütleri adamlaryň mynasyp ýaşamaklary üçin döredilýän maddy gymmatlyklaryň milletimize häsiýetli bolan ruhy-ahlak ölçegler bilen bahalandyrmaly bolýar. Onuň üçin bolsa ylym bilen bir hatarda ynanç we bu ynanjy döredýän mukaddeslikler, şol sanda pederlerimiziň ýaşaýşy mukaddesleýän pähim-paýhasy, milletimiziň asyl ruhy ýörelgeleri gerek bolýar.

Ýaşaýşa, mukaddesliklere, geljege bolan ynanç adamyň döredijilik we özgerdijilik ukyplaryny açýar. Şol sebäpli häzirki ylmy-tehniki ösüş döwründe halkymyzyň mukaddesliklere öwrülen ruhy-medeni gymmatlyklarynyň, ajaýyp däp-dessurlarynyň, akyldarlarymyzyň pähim-paýhasynyň döwrümiziň janly durmuşyna gatyşmagy gerek. Onuň üçin ata-babalarymyzyň medeni mirasyny, durmuş ýörelgelerini janlandyrmaly bolýar. Bu ýerde bolsa örän giň mümkinçilikler bar. Şu nukdaýnazardan hormatly Prezidentimiziň eserlerinde ene-mamalarymyzyň döreden halylary, seýislerimiziň ýetişdiren bedewleri barada «...bu biziň topragymyzyň beýik syrydyr»[106] diýlen pähimiň örän çuň manysy bar. Täzeleniş filosofiýasy şol syryň açylyşy bolýar.

Täze durmuş filosofiýasy şu hili ukyba eýe bolup, adamlarda özlerine bolan berk ynamy döretmeli. Ynançlylyk ýaşaýşyň gözbaşy bolýar. Ol aýan hakykylyk bilen iş salyşýar. Ynanç adama geljekde ynamly ýaşamaga bolan erjelligi üçin berlen sylag bolýar. Adamyň ynanjy durmuş hereketine öwrülip berkeýär. Ynanç janly

---

[106] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – A., 2008, 11 sah.

hakykatdyr. Ynanjyň esasynda döreýän hakykylyk ylmyň üsti bilen gazanylýan hakykylygy inkärlemeýär. Ol onuň üstüni ýetirýär. Milletiň döreden mukaddeslikleri ynanç esasynda durmuşa gaýtarylyp getirilýär. Bu hakykylyk hem Watana we halka bolan söýgini berkidýär.

Ine, şonuň üçin hakyky ösüş däp-dessurlaryň we täze tapylan çözgütleriň sazlaşygy esasynda döreýär. Şu nukdaýnazardan hormatly Prezidentimiz häzirki ösüşler we özgerişler döwründe halkyň medeni mirasynyň wajyplygyna ünsi çekip, däp-dessurlaryň we innowasiýalaryň özara baglanyşygyny açyp görkezýär. Medeni miras jemgyýeti özgertmegiň maksatlaryna ýetmek üçin täze gymmatlyklary durmuşa ornaşdyrmaga hyzmat etmelidir.

Diýmek, adamlaryň täze gymmmatlyklary döretmek ukyby, ilki bilen, halkymyzyň we adamzadyň köpasyrlyk taryhy-medeni däp-dessurlary döwrüň öňe süren talaplary bilen sazlaşdyrylan ýagdaýynda kemala gelýär. Hut su ýerde gazanylan sazlaşyk biziň ösüşlerimiziň içerki iteriji güýjüni düzýär. Bu hem biziň ykdysadyýetimiziň häzirki ösüş depgininiň we adamlaryň işewürlik derejesiniň has ýokarylanmagyna esaslary berkidýär. Ine, şonuň üçin jemgyýetçilik aňynda halkymyzyň asyrlaryň synagyndan geçen nusgalyk ruhy-ahlak, ideýa-aňyýet gymmatlyklaryň saklanyp täze derejelere çykarylmagy biziň ýurdumyzyň senagat taýdan ösen döwlete öwrülmeginiň wajyp şerti bolýar. Adamlaryň öz bähbitlerini, esasan, ykdysady ösüşe daýanyp we bu ýerde peýda gazanmak maksadyndan ugur alýan ýagdaýlarynda, jemgyýetiň ruhy-ahlak gymmatlyklarynyň ähmiýeti has artýar. Biziň milli ösüş ýörelgelerimizde jemgyýetiň medeni, ruhy binýatlarynyň berkidilmegine aýratyn orun berilýändigi şol talaplardan ugur alynýandygyny görkezýär.

Ýokarda bellenilişi ýaly, ony döredijilik işinde amal etmek üçin ýurtda gerekli maddy-tehniki binýat döredildi we döredilýär. Şeýle esaslar döränden soňra ruhy döredijilige goldaw we talaply baha bermek gerek bolýar. Bu hem bagtyýarlyk döwrüni mynasyp wasp edýän, gazanylan üstünlikleri giňden beýan edýän ajaýyp edebiýatwe sungat eserleriniň döremegine esaslary döredýär. Şu hili edebiýat adamy hakyky ahlakly ýaşaýşa gözükdirmegiň ýollaryny we usullaryny açyp görkezer.

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Bagtyýarlyk döwründe jemgyýetiň ruhy dünýäsiniň aýratynlygy nähili häsýetlendirilýär?
2. Medeniýetiň häzirki türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsindäki orny nähili häsiýetlendirilýär?
3. Jemgyýetçilik ideologiýasy we psihologiýasy jemgyýetçilik aňynda nähili orun eýeleýärler?
4. Ahlaklylyk we medeniýetlilik düşünjeleriniň arabaglanyşygyny açyp görkeziň.

5. Ruhy medeni galkynyşyň many-mazmuny nämede?

6. Bagtyýarlyk döwründe milletiň durmuş filosofiýasynyň gerekliligine nähili düşünýärsiňiz?

7. Jemgyýetiň ruhy dünýäsinde edebiýatyň we sungatyň ornuny nähili bahalandyrýarsyňyz?

8. Ösüşiň we özgerişiň paýhas esasy bolup näme çykyş edýär?

## 2-NJI SAPAK. TÜRKMEN DÖWLETINIŇ YLYMLY, BILIMLI, HÜNÄRLI NESLI TERBIÝELÄP ÝETIŞDIRMEK UGRUNDAKY IŞLERI

*Jemgyýet we ýaş nesil. Ýurduň häzirki täzelenýän, innowasion ösüş döwründe ylymly-bilimli, hünärli ýaşlaryň täze neslini kemala getirmegiň zerurlygy we olara bildirilýän talaplar. Hünär saýlamak, ony özleşdirmek we jemgyýetde orun eýelemek.*

*Täze taryhy döwürde ýurduň ylym-bilim ulgamyndaky düýpli özgerişler. Bilim ulgamynyň ähli derejeleriniň maddy-tehniki binýadynyň berkidilmegi. Okatmagyň we hünär öwretmegiň täze tehnologiýalary. Başlangyç hünär, orta ýörite hünär we ýokary hünär mekdepleriniň işleriniň döwrebaplaşdyrylmagy. Sanly bilim ulgamy.*

*Ýurduň ylmy edaralary. Türkmen döwletiniň ýaş alymlary ýetişdirmek işi. Ylym-bilim-önümçilik. Tehnologik merkez.*

*Jemgyýetde mugallymlaryň we alymlaryň orny. Olar hakynda edilýän aladalar. Ýaş mugallymlaryň we alymlaryň ylym-bilim we hünär derejesiniň kämilleşdirilmegi.Okuw mekdeplerinde we ylmy edaralarda ussat-şägirt gatnaşyklary.*

**Jemgyýet we ýaş nesil.** Jemgyýetiň her bir agzasynyň nesil aýratynlygynyň we ýaş derejesiniň onuň sazlaşykly hereketlenişinde öz orny, öz goşandy bardyr. Ýaşuly nesil bu sazlaşyga özüniň gymmatly tejribesi arkaly gatnaşýan bolsa, ösüp gelýän nesil oňa öz yhlasy, hyjuwy bilen jemgyýetde toplanan pähim-paýhasy, bar bolan tejribäni özleşdirmek we herekete getirmek, baýlaşdyrmak arkaly goşulýar. Şol bir wagtyň özünde adamzadyň, adatça, geçmişe ugrugyp däl-de, geljege nazarlanyp ýaşaýandygy üçin jemgyýetiň ösüp gelýän nesil, ýaşlar baradaky aladasy aýratyn ähmiýete eýedir. Ýaşlaryň ýurduň açylmadyk hazynasy bolýanlygy sebäpli, ony açyp geljege ugrukdyrmak ösüşiň we özgerişiň şerti bolýar. Jemgyýetde bilimli, sowatly, ýaşaýyşda öz ornuny aňlamaga ukyply we jemgyýetiň ösüşine hususy goşandy dogrusynda aladalanýan ýaş nesli kemala getirmek meselesiniň derwaýyslygy taryhyň tutuş kesiminden eriş-argaç bolup geçýär.

Jemgyýetiň özgermegi üçin täzeçe pikirlenýän adamlaryň ýetişmegi zerur bolup durýar. Bu iş köp derejede ýaş nesil bilen bagly. Ýaş nesil özboluşly psihologiýa aýratynlygyna, diňe olara häsiýetlere gylyk-häsiýete eýe bolýar. Şol aýratynlyklar hem olary beýleki nesillerden tapawutlandyrýar. Jemgyýetde olaryň orny, bu ýerde bar bolan nesilleriň baglanyşygynyň aýratynlygy bilen kesgitlenilýär. Jemgyýetde üç nesil: *ýaş nesil, kämil ýaşdaky nesil we ýaşuly nesil* döwürdeş bolup ýaşaýarlar. Başgaça aýdylanda her bir döwürde jemgyýet üç ýaşaýyş ölçegini özünde jemleýär. Bu nesiller şol bir wagtyň çäginde ýaşaýarlar. Üç dürli ýaşaýyş wagty bir hronolo-

giki, ýöne olara degişlilikde daşarky wagtyň içinde bilelikde ýaşaýarlar. Bu ýagdaý jemgyýetde hereketliligi döredýär. Şol içki hereketlilik zerarly wagt akýar, üýtgeýär, herekete eýe bolýar. Eger döwürdeşleriň ählisi diňe deň-duşlar bolan bolsalar, taryh bir ýagdaýda durup galardy, nesiller biri-birinden üzňe bolup, taryhy hakyda eýe bolup bilmezdiler. Şonuň üçin düýpli özgerişlere mümkinçilik ýok bolardy. Şu ýerde nesilleriň baglanyşygy barada oýlanalyň.

Bu ýerde nesli kerwene meňzetse bolar. Adam onuň içine meýletin girip kerwen bilen öňe barýar. Ol öz döwrüniň şahyrlaryna, syýasy garaýyşlaryna, ýaşaýyş keşplerine kybapdaş bolmaga çalyşýar. Kähalatlarda adam gapdalyndan başga kerweniň – başga nesliň geçip barýandygyny görýär. Her bir adam özüniňkileri aýdyň saýgarýar. Inçe duýgulara eýe bolan adam bolsa ir-u-giç özüniň belli bir ýaş toparyna, belli bir ýaşaýyş keşbine ýazylandygyny aňlaýar. Şeýle öňünden kesgitlilik ony ýeňip geçmegiň mümkinçiliklerini hem göz öňünde tutýar, ýöne diňe ýalňyz pähimli adamlar olary ulanmagy başarýarlar.

Olar saçlary çalarýança çäksiz akyl ýetiriş ukyplaryny, akyl çeýeligini saklap galýarlar. Şu hili ruhy juwanlyk olara ömrüniň dowamynda iki-üç gezek bütinleý üýtgemäge mümkinçilik berýär. Ol adamlar öz nesillerinden has öňe gidýärler. Ýaşlar olary özlerinden öň gelen öz deň-duşlary hökmünde kabul edýärler. Olar nesilleriň baglanyşygyny, taryhy hakydanyň üznüksizligini üpjün edijiler bolup çykyş edýärler. Taryhda-da, biziň döwrümizde-de şeýle adamlar bolanlar. Berdimuhamet aga hem şolaryň biridir. Ol öz ata-babalarynyň pähimine eýerip, mugallymçylyk käriniň üsti bilen hem, öz ýaşaýyş keşbi bilen hem nesillerini bitewüleşdiriji ruhy mirasy goýup gidendir.

Bagtyýarlyk döwrüniň nazaryýetini we amalyýetini esaslandyran Türkmenistanyň Prezidentiniň şol mirasa eýerip, jemgyýetiň özgerişini, ozaly bilen, hut bilim hem ylym ulgamlaryndan başlamagy ýaşlar barada döwlet syýasatynyň aýratynlygyny kesgitleýär. **Bu birinjiden. Ikinjiden bolsa**, ýurt Ýolbaşçysy ýaş nesli ýetişdirmekde milli mirasyň ornuna aýratyn üns berýär. Özgerýän jemgyýet üçin bu syýasat aýratyn ähmiýetli. 2016-njy ýylyň «Mirasa sarpa goýmak. Watany özgertmek ýyly», 2017-nji ýylyň «Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýyly», 2018-nji ýylyň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi», 2019-njy ýylyň «Türkmenistan – rowaçlygyň Watany» diýlip atlandyrylmagy Watany özgerdiji sagdyn we ruhubelent ýaşlary ýetişdirmek meselesi bilen baglydyr.

**Täze döwrüň bilim syýasaty.** Jemgyýetiň geljegi bolan ýaş nesle döwrebap bilim-terbiýe bermek işi döwrümizde ileri tutulýan meseleleriň ornunda goýmak bilen, Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow Ýurtbaştutany wezipesine girişen ilkinji gününde, ýagny 2007-nji ýylyň 15-nji fewralynda «Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» we şol ýylyň 4-nji martynda «Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda» Kararlara gol çekmegi, bilim ulgamynda alnyp barylýan işleri mazmun we gurluş jähetden düýp-

göter täzeçe guramakda öwrülişikli pursat boldy. Ilki bilen, 2007-2008-nji okuw ýylyndan okuwyň möhleti orta mekdeplerde 10 ýyl, ýokary okuw mekdeplerinde 5 ýyl, lukmançylygyň we sungatyň aýratyn hünär ugurlary boýunça 6 ýyl edildi. Orta we ýokary mekdep mugallymlarynyň hepdelik, ýyllyk iş sagatlary azaldyldy. Ýurtbaştutanynyň ýörite Permany esasynda 2007-nji ýylyň 1-nji sentýabryndan bilim işgärleriniň iş haky we talyp haky 40 göterim köpeldildi. Orta mekdeplerde her synpdaky okuwçy sany 25-e getirilip, medeni zolakdan uzakda ýaşaýan çagalaryň orta bilim almagy üçin welaýatlarda mekdep-internatlary açyldy. Ýokary okuw mekdeplerine kabul etmek düzgünine düýpli özgertmeler girizilip, olara kabul edilýän talyplaryň sany köpeldildi we hünärmen taýýarlamagyň täze ugurlary açyldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek ugrundaky amala aşyrýan özgertmeleri dünýäniň globallaşýan döwründe ýurduň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagynyň kesgitleýji şertleriniň biri bolup durýar. Milli bilimiň hilini ýokarlandyrmak döwlet syýasatynyň ileri tutýan ugurlarynyň biridir. 2007-nji ýyldan başlap bilim edaralaryny maliýeleşdirmäge býujet serişdeleriniň möçberiniň durnukly artmagy, esasan, mugallymlaryň zähmet haklarynyň ýokarlandyrylmagy, umumybilim berýän mekdepleriň sanynyň köpelmegi, zähmet bazarynyň häzirki hem geljekki isleglerine has takyk uýgunlaşmak maksady bilen ýöriteleşdirilen bilim hem-de ýokary okuw mekdepleriniň täzeleriniň açylmagy bilen baglydyr.

Bilim pudagy boýunça orta we ýokary orta mekdepleriniň täze binalary gurlup işe girizildi we girizilýär, olaryň maddy-tehniki binýatlary döwrebaplaşdyrylýar, iň kämil kompýuter we okuw-tehniki enjamlary bilen upjün edilýär. Ýurt Ýolbaşçysy mundan beýläk ýurtda ahli gurulýan orta we ýokary mekdepleriň diňe häzirki zaman okadylyş serişdeleri bilen üpjünçiligi bolan ýagdaýynda ulanylyşa berilmelidigini aýgytly talap hökmünde öňe sürdi.

Häzirki döwürde milli bilim ulgamynda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Bu özgertmeler, bir tarapdan, täze okuw derslerini girizmek, mugallymlaryň döredijilikli işlemekleri üçin şertleri döretmek, ösen tilsimat esasynda okatmagyň hil taýdan täze usullaryny özleşdirip ornaşdyrmak bolýan bolsa, ikinji tarapdan, öňden dowam edip gelýän okatmagyň adaty usullaryny döredijilikli we ýerlikli ulanmak bilen utgaşdyrylýar. Bilim ulgamynyň ähli derejelerinde okuw-terbiýeçilik işiniň netijeliligi ýokarlanýar.

2009-njy ýylyň awgustynda kabul edilen «Bilim hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny esasynda bilim ulgamyny özgertmegiň çäginde orta mekdebiň ähli dersleri boýunça döwlet umumybilim standartlary esaslandyryldy. Olar orta mekdebi tamamlaýan her bir uçurymyň ders boýunça özleşdirmeli bilimleriniň, başarnyk endikleriniň hökmany minimumyny özünde jemleýär. Bu iş dünýä tejribesi we talaplary nazarda tutulyp amala aşyrylýar. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň talaplary esasynda bu Kanun kämilleşdirilen görnüşinde 2013-nji ýylyň maý aýyn-

da täzeden kabul edildi. Şonuň esasynda 2013–2014-nji okuw ýylyndan başlap, umumy bilim berýän orta mekdepler onikiýyllyk okuw maksatnamalary esasynda işläp başladylar. 2018-nji ýylda Sanly bilim konsepsiýasy işlenilip düzüldi we onuň esasynda bilim ulgamyny kämilleşdirmäge, umumybilim berýän mekdepleri tamamlaýan ýaşlary hünäre ugrukdyrmak maksady bilen okuw maksatnamalarynyň mazmunyny baýlaşdyrmaga girişildi. Şu günki günde bilim berşiň täze mazmuny okadylyşyň interaktiw we multimedia tilsimatyny giň we işjeň ornaşdyrmak arkaly üpjün edilýär. Bilim ulgamynyň ähli derejelerinde internet ulgamyny işewür ulanmak arkaly okuw edaralarynyň maglumat üpjünçiligi hil taýdan täze derejä çykýar. Ýurdumyzda halkara derejede bilim berýän ýokary mekdepleriň sany artýar. Ýaşlara onlarça daşary ýurt döwletleriniň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilim almaga giň mümkinçilik açyldy.

Ýurda bu gün, hakykatdan hem, halkara talaplara laýyklykda işläp bilýän ýokary mekdepler gerek. Häzirki döwürde bu iş badalga alýar. Hut 2013-nji ýylda ozalky Türkmen döwlet nebit we gaz instituty, Halkara nebit we gaz uniwersiteti derejesine eýe boldy, 2014–2015-nji okuw ýylynda täze Halkara ynsanperwer we ösüş uniwersiteti, 2016–2017-nji okuw ýylynda Oguzhan adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti işe girizildi. Onuň düzüminde ýurdumyzyň ykdysady, bilim, senagat kuwwatyny ýokarlandyrmak üçin zerur bolan ugurlar we hünärler bar. 2017–2018-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Jemagat hojalygy instituty açyldy. Bu institut 2019–2020-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutyna öwrüldi, ozalky Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk instituty bolsa Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutyna öwrüldi. Bu bolsa biziň ýokary mekdeplerimiziň häzirki döwürdäki, bir tarapdan, olaryň ýöriteleşýänligini, ikinji tarapdan bolsa, olaryň halkara derejede ýaş hünärmenleri taýýarlamaga ukyply bolýandygyna şaýatlyk edýär.

Bu ukyby ýokarlandyrmak döwrüň talaby bolýar. Şonuň üçin bilim ulgamyny dünýäniň iň ýokary derejedäki nusgalaryna laýyklykda ýokary hilli we hemmetaraplaýyn döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen işleri täze hil derejesine çykarmak gerek bolýar. Eger özgerişler döwrüniň başlangyjynda bilim ulgamynyň häzirki zaman maddy-enjamlaýyn binýady döredilen bolsa, bagtyýarlyk döwründe bu ulgam üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak işi aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

**Ýokary we orta hünär okuw mekdepleri.** Ýurtda intellektual elitanyň kemala gelmeginde ýokary mekdebe aýratyn orny degişlidigi barada ýokarda durlup geçilipdi. Bu ýerde bu ulgamda bolup geçýän özgerişler barada durup geçeliň. Eger 2006–2007-nji okuw ýylynyň başynda ýokary mekdepleriň sany 16-a deň bolan bolsa, 2017–2018-nji okuw ýylynda olaryň sany 25-e deň boldy. Orta hünär mekdepleriniň sany ýyl-ýyldan köpelýär. 2015-nji ýylda Aşgabatda Politehniki we Neşirýat-çaphana orta hünär okuw mekdepleri açylandan soňra ýurtda olaryň 42-si hereket edýär. 62 sany başlangyç hünär mekdepleri hem dürli pudaklar üçin hünär-

menleri taýýarlaýarlar. Ýokary, orta we başlangyç hünär okuw mekdepleriniň diňe bir sany däl, eýsem olaryň hili hem ýokarlanýar, özi hem bilim öýleriniň ajaýyp binalary diňe bir paýtagtymyzda ýa-da welaýat merkezlerimizde däl, eýsem ýurduň ähli künjeklerinde, etraplarymyzda, obalarymyzda we şäherlerimizde açylýarlar.

Täze döredilýän ýokary okuw mekdepleriniň öňünde takyk ugurlar boýunça hünärmenleri taýýarlamak wezipesi goýulýar. Ýyl geldigiçe hünär ugurlary köpelýär. Her okuw ýylynda ýokary mekdeplerde açylan täze hünärler onuň aýdyň mysaly bolýarlar. Ýurduň ýokary mekdeplerinde biziň ykdysadyýetimiziň esasy pudaklary üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlap, bu ýerde işleýän işgärleriň üstüni hünärmenleriň täze nesli bilen ýetirerler. Olarda ýaşlaryň ylym-bilim almagy, hünär öwrenmegi, başarnykly hünärmenler bolup ýetişmekleri üçin ähli şertler döredilen. Ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine kabul edilýän talyplaryň sany ýyl geldigiçe artýar. Şonuň ýaly-da türkmen ýaşlarynyň müňlerçesi daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerine ugradyldy. Hünärmenleriň täze neslini ýetişdirmäge gönükdirilen bu tagallalar döwrüň talaby bilen baglydyr.

Häzirki döwürde biziň ýurdumyzda ylym we tehnika babatdaky amala aşyrýan döwlet syýasatymyz täze tehnologiýalary we innowasiýalary ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna ornaşdyrmaga, öz ylmy-tehniki taglymlarymyzy ösdürmäge, halkara ölçeglere laýyk gelýän, berk binýatly, häzirki zaman ylym ulgamyny döretmäge gönükdirilendir. Bu örän wajyp işe ähli ýokary mekdepleriň alymlary bilen bir hatarda täze açylan inžener-tehniki institutlaryň professor-mugallymlary hem öz saldamly goşantlaryny goşarlar.

Hakykatdan hem, ýurtda öz hünärini bilýän, häzirki döwürde biziň durmuşymyza işewür ornaşýan täze gymmatlyklary we ýörelgeleri düýpli özleşdirmäge, ukyply hünärmenleri ýetişdirmäge uly üns berilýär. Ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde adamzadyň toplan ylym-bilimlerini özleşdirip, gurujylyk we döredijilik ukybyna eýe bolan geljekki hünärmenler jemgyýetiň ähli derejelerinde özgerişleriň çuňlaşmagyna we bu ýerde netijeliligiň ýokarlanmagyna itergi beriji adamlar bolup taplanarlar. Şeýle ukyba we başarnyga eýe bolan hünärmenleriň täze nesli ýurdumyzyň ykdysadyýetini has-da pugtalandyryp, çig mala esaslanýan ykdysadyýeti senagat pudaklaryna daýanýan ykdysadyýete öwürmäge öz goşantlaryny goşarlar. Şu hili hünärmenleri taýýarlamak ýurdumyzyň ýokary mekdepleriniň halkara derejä çykmagyny talap edýär.

Ýurtda halkara talaplara laýyklykda işläp bilýän ýokary we orta hünär mekdepleri kemala gelýär. Häzirki döwürde bu ugurdaky iş giňelýär. Ýurdumyzda halkara derejeli ýokary mekdepleriň sany artýar, olaryň dünýäniň belli okuw we ylmy merkezler bilen gatnaşygy berkeýär. Ýurduň ýokary mekdeplerinde bakalawr we magistr derejeli hünärmenleriň taýýarlygyna girişilmegi, birnäçe ýokary okuw mekdeplerinde hünärmenleriň iňlis, hytaý, ýapon dillerine taýýarlanylmagy oňa şaýatlyk edýär. Bu işler biziň ýokary mekdeplerimiziň häzirki döwürde halkara derejede ýaş hünärmenleri taýýarlamaga ukyply bolýandygyna şaýatlyk edýär.

Bilim ulgamyndaky halkara arkalaşygyň möhüm düzüm bölegi informasion-kommunikasiýa infrastrukrurasyny we ýokary tilsimat ulgamyny döretmekdir. Meselem, 2003-nji ýyldan bäri hereket edýän NATO-nyň ylmy komitetiniň «Wirtual Ýüpek ýoly» Taslamasy Türkmenistanyň bilim we ylym ulgamynda informasion kommunikasiýa tehnologiýasynyň ösüşiniň derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam etdi. Bularyň ählisi bilim berşiň we ylmyň milli ulgamyny dünýä standartlarynyň derejesine çykarmaga hem-de Türkmenistanyň ýaş nesliniň dünýäniň bilim giňişligine birleşmegine ýardam edýär.

Häzirki zaman şertlerinde jemgyýetiň mekdebe talaplary barha artýar. Bu jemgyýetde çagalaryň durmuşa taýýarlanylyşyna bolan talaplaryň üznüksiz ýokarlanýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Mekdebe bagtyýarlyk döwründe köptaraplaýyn ösen şahsyýeti kemala getirmekde, okaýan nesilde sagdyn durmuş keşbini, ýokary ahlaklylygy we akyl medeniýetini döretmekde aýgytlaýjy orun degişlidir. Döwlet maksatnamalarynyň esasynda okuw-terbiýeçilik işini has ulgamlaýyn guramak mümkinçiligi mekdebi bilim-sowat almagyň beýleki gurmaçylyk ugur we usullaryndan döwrüň esasy sosial institutyna öwürýär. Çagalykdan çykyp, özüniň şindi açylmadyk mümkinçiliklerini açmaga girişip, kämillige ymtylyp, ulularyň dünýäsine aralaşyp, oňa uýgunlaşyp, ony özgertmäge taýýarlanylýan nesliň ruhy-paýhas dünýäsinde düýpli hil özgertmeleri bolup geçýär.

Ýetginjekde uly adamyň başarnygy kemala gelip ugraýar. Ol entek real durmuş orny boýunça çaga derejesinde galýan hem bolsa, esasy zat – ol öz içki dünýäsinde ulular dünýäsi bilen täze gatnaşyklara goşulyp, ol dünýäniň gymmatlyklaryny işjeň özleşdirip başlaýar. Bilimleri özleşdirmek haçan-da okuwçy, talyp tarapyndan häzirki döwür we geljege taýýarlyk üçin şahsy ähmiýetli hadysa görnüşinde kabul edilende hem-de dürli sapaklar akyl ýetiriş we döredijilik häsiýetli ýumuşlar bilen baýlaşdyrylanda ol okaýan şahsyýetiň ösmeginiň kesgitleýji şertine öwrülýär hem bilimi özbaşdak özleşdirmäge, öz-özüňi kämilleşdirmäge ugrukdyrýar. Mekdepde ylmy düşünjeleri özleşdirmek okuwçylarda nazary pikirlenmäni kemala getirmäge degişli şertleri döredýär. Pikirlenmäniň bu derejesine okuwçynyň öz pikirlenme işini aňlamak we dolandyrmak ukyby artýar. Tebigaty öwrenýän we matematika dersleri, hünär taýýarlygy bilen bagly dersleri özüniň özleşdirilişinde okuwçynyň ýokary derejedäki işjeňligini talap edýär. Okuwçylar ynsanperwer dersleriň maglumatlarynda hem ylmy düşünjeleri, hadysalaryň toparlanmasyny özleşdirýärler, sebäp-netije baglanyşyklaryny ýüze çykarmagy, gysga we ýaýraň häsiýetnamalary bermegi, netije çykarmagy öwrenýärler.

**Sagdyn ýaşlary ýetişdirmek.** Ýaşlary zähmete taýýarlamak işi olaryň fiziki saglygyny berkitmek işi bilen aýrylmaz baganyşyklydyr. Bu babatda Milli Liderimiziň ýörite Karary bilen orta mekdepleriň okuw maksatnamasyna girizilen bedenterbiýe sapaklarynyň hem ähmiýeti uludyr. Ynsan saglygyny berkitmekde sportuň ähli görnüşleri ähmiýetlidir. Sport bilen meşgullanýan adamyň jany sa-

gat, bedeni berk, ruhy belent bolýar. Sportuň adamda kemala getirýän güýçlülik, çeýelik, çydamlylyk, erjellk ýaly sypatlary zähmet işiniň-de möhüm şertleri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň görkezmesi bilen paýtagtymyzda, ähli welaýat merkezlerinde stadionlar gurlup işe girizildi. Aşgabat şäherinde sebitde deňi-taýy bolmadyk Olimpiýa şäherçesi işläp başlady.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýyldan başlap, Türkmenistanyň umumybilim hem-de başlangyç, orta we ýokary hünär bilimi edaralarynyň, ministrlikleriniň we Aşgabat şäheriniň arasynda «Türkmenistan – ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly sport ýaryşlaryny geçirmäge badalga berýän Karara gol çekmegi işjeň hereket arkaly ýaş nesliň saglygyny berkitmek baradaky aladanyň ýokary derejedäki kanuny guramaçylyk esaslandyrylmasy boldy. Ýyl-ýyldan sportuň, sagdyn durmuş keşbiniň işjeň tarapdarlary artýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt ýolbaşçylygyna gelmegi bilen, jemgyýetimize sagdyn durmuş ýörelgelerini berk ornaşdyrmak, adamlary ýaramaz gylyklardan azat etmek barada örän ähmiýetli işler amal edildi. Bu ýerde neşe serişdelerini bikanun ýaýratmaga garşy geçirilen we geçirilýän işleriň öz oňyn peýdasyny berendigini bellemeli. Biziň ýurdumyz temmäki önümlerini iň az ulanýan adamlaryň ýurduna öwrüldi (ilatyň 8%-inden hem azy).

Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda, şäherlerinde we obalarynda sport bilen meşgullanmagyň giňişleýin şertleriniň döredilmegi ilatymyzyň sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermeklerine giň mümkinçilik döretdi. Aşgabatda işläp başlan Olimpiýa şäherçesinde 2017-nji ýylda geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary türkmen ýaşlarynyň sport bilen meşgullanmaklary, sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermekleri üçin örän ähmiýetli boldy. Bu oýunlar 2017-nji ýylyň 17–27-nji sentýabr aralygynda bolup geçdi we biziň türgenlerimiziň sportuň köp ugrunda ýeten derejeleriniň açylyşy bolup, biziň ýygyndy toparymyza uly üstünlikler getirdi. Biziň türgenlerimiz ýaryşda üstünlikli çykyş edip altyn medallaryň 89-ysyna, kümüş medallaryň 70-sine we bürünç medallaryň 86-syna – jemi 245 medala eýe boldular. Aziýa oýunlary Türkmen sportunyň dabaralanmasy boldy. 2018-nji ýylyň sentýabr aýynda geçirilen Amul-Hazar-2018 awtoralli ýaryşynda hem türkmen türgenleri üstünlikli çykyş etdiler. Şonuň ýaly-da bu örän ýokary derejede guralan sport baýramy, biziň halkymyzyň, ilki bilen hem, ýaşlarymyzyň sporta, sagdyn durmuş ýörelgelerine ygrarlylygyny ýokarlandyrýar.

Ýaşlyk, bilşimiz ýaly, elmydama güýç-kuwwat we sarp edilmedik mümkinçilikler. Şol bir wagtda-da bu şindi içerki ösüşiň tamamlanmadyk ýagdaýy. Şonuň üçin ýurdumyzyň özgerýän, Türkmen sportunyň belentliklere galýan döwründe ýaşlaryň ýetmezlikleri aradan aýryp, öz-özlerini kämilleşdirmeklerini gazanmak döwrüň talaby bolýar. Ine, şonuň üçin sportuň terbiýeçilik ähmiýeti örän uludyr. Bu ýerde ruhy hem-de fiziki saglyk düşünjeleri esasynda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň kemala gelýändigini bellemeli. Terbiýeçilik bilen baglanyşykly milli edim-gy-

lymlarymyzyň esasyny Gündogaryň akyldarlarynyň pähim-paýhasy düzýär. Olar ýaşlaryň diňe bir öz öňlerinde duran daşky maksatlary görmän, eýsem içki ruhy özgerişiň wezipelerini hem aňlamaklarynyň wajyplygyny nygtanlar. Şonuň üçin terbiýeçilik işinde Milli Liderimiziň biziň halkymyzyň ruhy-filosofiki mirasyny, däp-dessurlaryny, milli sport oýunlarynyň ähmiýetini çuňňur derňäp, öňe süren filosofiki garaýyşlaryny giňişleýin ulanmak zerur.

Hormatly Prezidentimiz özüniň «Sport dostluga, saglyga we gözellige tarap ýoldur» atly kitabynda: «Biz beden hem-de ruhy taýdan sagdyn nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek hakynda köp aýdýarys. Ýöne şu meselä ünsi has güýçlendirmeli»[107] diýip belleýär.

Ylymly-bilimli hünärmenleri, dünýä derejesinde ýurdumyzyň sport abraýyny goraýan türgenleri öňe çykarmak barada öňe süren wezipelerini okuw, ylym we terbiýeçilik, tälim bermek işini kämilleşdirmek bilen meşgul bolýan bilim we sport işgärleriniň, umuman, jemgyýetçilik köpçüliginiň bu jogapkärli işe işewür gatnaşmaklary ruhy we beden taýdan sagdyn nesli ýetişdirmegiň wajyp şertidir.

**Ýurduň ylmy edaralary. Türkmen döwletiniň ýaş alymlary ýetişdirmek işi.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt Ýolbaşçylygyna gelmegi bilen ylym ulgamynyň galkynyşynyň taryhy döwri başalandy. 2007-nji ýylyň 12-nji iýunynda bilim we ylym ugurlarynda düýpli özgerişleri döretmek maksady bilen «Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky», «Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakyndaky» karardyr permanlara gol çekildi. Her ýylyň 12-nji iýuny Ylymlar güni diýlip yglan edildi. 2009-njy ýylda şol gün ýurt Ýolbaşçysy «Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasyny döretmek hakyndaky» Permana gol çekdi.

Ylym jemgyýetiň öndüriji güýjüne öwrülýän şertlerinde islendik döwletiň kuwwaty we gülläp ösmegi, ilkinji nobatda, ylmyň we tehnologiýanyň ösüşi, milletiň intellektual derejesi bilen kesgitlenýär. Ylym ähli ösüşiň özeni, hamyrmaýasy bolýar. Ylymsyz ýurduň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşini gazanmak asla mümkin däldir. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy tebigy we jemgyýetçilik ylymlary boýunça düýpli ylmy taýýarlamalary hem ähli ylmy edaralaryň, ýokary okuw mekdepleriniň barlaglaryny utgaşdyrmagy amala aşyrýar.

Ylymlar akademiýasynyň düzümindäki ylmy edaralarda, ýokary okuw mekdeplerinde ylmy barlaglar ylmy işgärleriň, professor-mugallymlaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Ylmy işgärlere: ylmy-tehniki işgärler, ordinatorlar, aspirantlar, doktorantlar we alymlyk derejesi bolan beýleki adamlar degişlidir. 2012-nji ýylyň 15-nji awgustynda «Ylmy işgärleriň hukuk ýagdaýy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi.

Bu Kanun ylmy işgärleriň hukuklaryny, borçlaryny we jogapkärçiligini, olaryň hünär taýýarlygyna baha bermegiň ölçeglerini, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň

[107] Gurbanguly Berdimuhamedow. Sport dostluga, saglyga we gözellige tarap ýoldur. – A.: TDNG, 2017, 139 sah.

döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň ylmy işgäriň erkin ylmy döredijiliginiň kepilliklerini hem-de durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmekdäki, öz ylmy işiniň netijeliligini ýokarlandyrmakdaky borçlaryny kesgitleýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda ylym ulgamyny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy tarapyndan «Türkmenistanda innowasiýa işini ösdürmegiň 2015–2020-nji ýyllar üçin maksatnamasy» Türkmenistanda tebigy we takyk ylymlary ösdürmegiň Döwlet maksatnamasy», «Türkmenistanda ylmy işgärleri taýýarlamagyň maksatnamasy» taýýarlanyldy we hormatly Prezidentimiz tarapyndan degişli Kararlar kabul edildi. 2017-nji ýylyň 18-nji awgustynda «Türkmenistanda durmuş-ynsanperwer ylymlaryny ösdürmegiň Döwlet maksatnamasyny» amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirmeli çäreleriň meýilnamasy tassyklanyldy. Ylmyň ähli ugurlaryny ösdürmäge ukyply ýokary derejeli ylmy işgärleri taýýarlamak Türkmen döwleti tarapyndan ileri tutulýan ugurlaryň biridir.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň ylmy institutlarynyň maddy-tehniki binýady ýyl-ýyldan artýar. 2014-nji ýylyň 12-nji iýunynda onuň düzüminde Tehnologiýalar merkeziniň açylmagy bilen ýurdumyzyň halk hojalygynyň ähli pudaklary üçin innowasion çözgütleri işläp taýýarlamak üçin hil taýdan has ýokary täze mümkinçilikler döredi.

**Ylmy işgär.** Ylmy iş ösüş, özgeriş bilen utgaşýar. Ylmyň gazananlary ýyllaryň geçmegi bilen könelýär. Ylmyň medeniýetiň beýleki görnüşlerinden özboluşly tapawudy hem şonda. Her bir kämil görnüşde ýerine ýetirilen ylmy iş täze «soraglary» öňe sürýär we hökmany suratda özünden öňe geçilmegini isleýär. Ylma gulluk etjek her bir adam şu ýagdaý bilen ylalaşmaly bolýar. Hawa, ylmy işiň uzak wagtyň içinde öz ähmiýetini saklamagy mümkin, onuň özüniň çeperçilik hili bilen «lezzet»bermegi hem mümkin ýa-da ylmy işi öwretmäge serişde bolup hyzmat edip hem biler, ýöne ylmy gatnaşykda özünden ozulmagy diňe bir alymlaryň ykbaly däl, eýsem maksady hem bolýar. Olar beýlekileriň olardan öňe gitmegine ynanman işläp bilmezler. Bu ösüş, umuman, gutarnyksyzlyga gidýär.

Bu ýerde näme üçin ylmy işgäriň hiç wagt gutarmaýan we gutarmajak zat bilen meşgul bolmalydygy baradaky sorag ýüze çykýar. Şu soragyň jogaby, ilki bilen, ylmy adamyň öz hünärine içki garaýşy bilen bagly. Eger ol alym bolmak isleýän bolsa, ylym bilen diňe bir peýda gazanmak, dolandyrmaga hyzmat edýän amaly we tehniki üstünlik üçin däl-de, onuň özi üçin hem meşgul bolmaly. Ylmy ösüş, müňýyllyklaryň dowamynda bolup geçýän umumy intellektual ösüşiň bir, özi hem wajyp bölegi bolýar. Şol ösüşe dahylly bolmak we oňa öz goşandyňy goşmak mümkinçiligine eýe bolmak her bir alymyň ömrüniň manysy bolýar. Şol bir wagtda hem bu iş örän jogapkärlidir.

Ylym-bilim işgärleriniň, umuman, intellektual elitanyň döredijiligi esasynda täze ýaşaýyş meýdany döreýär. Bu meýdanyň adamzadyň eşretli ýaşamagy üçin

şertleri döredip, kähalatlarda tebigat bilen sazlaşyp bilmän, oňa zelel ýetirmegi hem mümkindir. Onuň täsiri bilen tebigy baýlyklaryň dikeldilmek sikllериniň bozulmagy mümkindir. Şeýle ýagdaýa ýol bermezlik üçin alymlar, inženerler, akyl zähmeti bilen meşgul bolýan adamlar, bir tarapdan, adamzadyň mynasyp ýaşamagy üçin oňaýly meýdan döretmeli, ikinji tarapdan bolsa, şol meýdanyň tebigata zelel ýetirmezligi üçin öz wezipelerini durmuşy we etiki jogapkärlik esasynda amal etmelidirler. Halkymyzyň «Alym bolmak aňsat, adam bolmak kyn» diýen pähimi hem şunuň bilen bagly. Elbetde, alym bolmak ýeňil däl, ýöne alym üçin diňe bir ylym-bilim taýýarlygy däl, eýsem beýik ahlaklylyk hem gerekdir.

Görşümiz ýaly, ýurdumyzyň häzirki täzeleniş döwri jemgyýetiň ylym-bilim ulgamynyň öňünde täze wezipeleri goýýar. Bu wezipeler jemgyýetimiziň täze hil derejä çykýan döwründe durmuşa girişýän ýaşlary taýýarlamaga bolan jogapkärligiň üznüksiz ýokarlanýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Işewür gatlak baradaky meselelere garanymyzda biz täze ugurlar boýunça hünärmenleri taýýarlamak bilen baglanyşykly meseleleriň üstünde durup geçipdik. Bu ýerde şu meseläni ylmy işgärleri taýýarlamak nukdaýnazaryndan açmaga çalşalyň, sebäbi giňişleýin senagat taýdan ösüşe eýe bolan jemgyýetiň hakyky gymmatlygy adam, onuň ylym-bilim derejesi, hünäri, iş başarnygy bolýar. Şu hili häsiýetler ähli hünärmenlere, ilki bilen hem, ýokary bilimli hünärmenlere mahsus bolmalydyr. Olaryň döredijilikli zähmeti durmuşyň ähli ugurlarynda, şol sanda önümçilikde hem netijeliligi gazanmagyň kesgitli şerti bolýar. Olar ähli zady hasaplap bolýandygyndan ugur alyp, bäsleşige girip, tehnologik, innowasion çözgütleriň üsti bilen üstünlik gazanmagyň ýollaryny kesgitlemeli bolýarlar. Hünärmen üçin bu örän wajyp, ýöne tehnologik ösüşiň täze hil derejesine çykylýan häzirki döwürde hünärmen ylmy-tehniki ösüşiň täze ölçeglerini, adam ölçegini açmagy hem başarmaly. Ine, şonuň üçin ähli ugurlarda ösüşe işewür girişýän ýurdumyzda hünärmenleriň, ilki bilen hem, geljekde ylym-bilim ulgamynda işlejek hünärmenleriň taýýarlygyna ýokary talaplar bildirilýär.

Hakykatdan hem, biziň döwrümize döredijilikli işleýän hünärmenler gerek. XXI asyryň hünärmenlerine netijeli pikir alyşmaga, kesgitlilige, düşnüksizlige sabyrly garamaga bolan ukyplar bilen bir hatarda amaly çözgütleri tapmak başarnygy we endikleri hem gerek. Olar ýurdy döwrebaplaşdyrmak bilen baglanyşykly meseleleri çözmäge, geljekki işleri meýilleşdirmäge, başga medeniýetlere düşünmäge ukyply bolmalydyrlar. Bu ýerde ýüze çykýan meseleler ýokary derejeli hünärmenleriň taýýarlygyny yzygiderli kämilleşdirmegi talap edýär.

Ine, şonuň üçin täze formatdaky hünärmenleri taýýarlamak wezipesi jogapkärli iş. Bu hem ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň, alymlaryň öňünde täze wezipeleri goýýar. Şu maksat bilen döredilen täze inžener-tehniki ýokary okuw mekdepleriniň öňünde, mysal üçin, ýokary bilimiň düýpgöter täze derejä, täze hile çykarmak wezipeleri durýar. Ýurduň ýokary mekdepleri dünýäniň ylym-biliminiň, tejribesiniň we tehnologik ösüşiniň iň soňky gazananlaryny özlerinde jemlemeli bolarlar. Bu hem hut şu günüň talaplaryny amal etmek üçin ýurduň ylmy iş bilen

meşgul bolýan häünärmenleriniň taýýarlygyny has ýokary derejä çykarmagy talap edýär. Ylmy iş ösüş, özgeriş bilen utgaşýar.

Ylmyň gazananlary wagtyň geçmegi bilen könelýär. Biz bu hadysa barada ýokarda durup geçipdik. Ylmy ösüş, müňýyllyklaryň dowamynda bolup geçýän umumy intellektual ösüşiň bir örän wajyp bölegidir. Ol senagat taýdan ösüşiň wajyp şerti bolýar. Şol bir wagtda hem häzirki döwürde oňa degişlilikde ynamsyz garaýyş hem bar. Ylmyň netijesi adamy kämilleşdirmäge itergi bermeli. Şonuň üçin bu ýerde bar bolan ynamsyzlyk ylmy işiň netijesiniň paýhas ölçegini aňlamak bilen aradan aýrylyp bilner. Umuman, ylym paýhas gözegçiligine mätäç.

**Ylym-bilim-önümçilik. Tehnologik merkez.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt Ýolbaşçylygyna gelmegi bilen, ýokarda bellenilişi ýaly, ylym-bilim ulgamyny hil taýdan täze derejä çykarmak üçin örän netijeli işler amal edilip başlandy. Bu işiň netijeliligi köp derejede ylym-bilim ulgamynyň önümçilik bilen baglanyşygy esasynda kesgitlenýänligi sebäpli, Türkmen ylmynyň ylmy özüne siňdiren önümçiligi döretmekdäki orny ýokarlanýar. Ylmyň önümçilik bilen berk baglanyşygyny gazanyp, ony jemgyýetiň öndüriji güýjüne öwürmäge girişildi. Hakykatdan hem, ylym «ylym-tehnika-önümçilik» ulgamy esasynda jemgyýetiň öndüriji güýjüne öwrülýär. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň we onuň ylmy edaralarynyň täzeden işläp başlamagy Türkmen ylmynyň ösmegine gerek bolan şertleri döredýär.

Häzirki döwürde geljege gönügýän ylmy, tejribe-synag we tehnologik barlaglaryň maliýeleşdirilişi ýokarlanýar, ýurdumyzda ylmy edaralaryň we ýokary okuw mekdepleriniň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmak boýunça goşmaça çäreler geçirilýär. Alymlaryň täze neslini taýýarlamak işini yzygiderli we netijeli görnüşde alyp barmak üçin ýokary mekdeplerde we ylmy edaralarda aspiranturalaryň we doktaranturalaryň işi ýola goýuldy. Ýurdy döwrebaplaşdyrmak ýörelgelerinden ugur alyp, döredijilikli, jogapkärli, ahlakly, ylmy-tehniki ösüşiň netijelerine esaslanyp, özbaşdak çylşyrymly meseleleriň çözgüdini tapyp bilýän ýokary derejeli ylmy işgärleri ösdürip ýetişdirmek ugrunda netijeli işler alnyp barylýar.

Ýurt Ýolbaşçysynyň tagallasy bilen şu ýerde sazlaşygy gazanmaga esas döredýän ýurduň Tehnologiýalar merkezi 2014-nji ýylyň 12-nji iýunynda Ylymlar güni işe girizildi. Bu merkez 3 bölümden – Tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak, Taslama-konstruktorçylyk we Ygtyýarnama-maglumatlar bölümlerinde hem-de 10 barlaghanadan durup, alymlaryň we ylmy işgärleriň 200-den gowragyny öz içine alýar. Merkeziň barlaghanalary Germaniýanyň, Beýik Britaniýanyň we Ýaponiýanyň iň kämil enjamlary, häzirki zaman kompýuterleri bilen üpjün edilendir. Tehnologiýalar merkezinde ýurdumyzda ylmyň ileri tutulýan sekiz ugry boýunça düýpli ylmy-barlag işleri alnyp barylýar. Bu ýerde milli ykdysadyýetimiziň oba hojalygy, lukmançylyk, derman, azyk, himiýa we nebithimiýa senagatlary, ekologiýa, energiýa tygşytlaýjy we energiýanyň dikeldilýän çeşmeleri ýaly ugurlary görkezse bolar.

Bu merkezde maglumat we telekommunikasiýa tehnologiýalary hem-de ykdysady we ynsanperwer ylymlary boýunça ylmy-barlag işleri alnyp barylýar.

Umuman, bu merkez ylmy-barlag edaralaryny, okuw mekdeplerini, senagat desgalaryny we işewürler merkezlerini, sergi meýdançalaryny hem-de ylmy ösdürmäge höweslendirmäge, innowasiýa tehnologiýalaryny işläp taýýarlamaga we halk hojalygynyň dürli pudaklaryna giňden ornaşdyrmaga mümkinçilik döredýär. Tehnologiýalar merkeziniň ylmyň we inženerçilik pikiriniň iň öňdebaryjy gazananlaryny özünde jemleýänligi sebäpli, innowasiýalary önümçilige ornaşdyrmakdaky orny hem ähmiýetlidir. Bu ýerde hünärmenleriň täze neslini ýetişdirmek meselesini döwrebap derejede çözmäge hem täze esaslar döreýär. Tehnologik merkezi döretmegiň bir maksady hem senagat-innowasiýa we maglumat-tehnologiýa häsiýetli anyk ugurlarda netijeli işleri alyp barmakdan, ylmyň täze ugurlary boýunça alymlaryň we hünärmenleriň täze neslini kemala getirmek üçin amatly şertleri döretmekden ybaratdyr.

Şu wezipeleri göz öňünde tutup, Tehnologiýalar merkeziniň häzirki zaman barlaghanalarynyň ýolbaşçylary belli alymlardan bellenen. Ylmyň ileri tutulýan nano, bio maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalary boýunça barlaghanalar döredilen we olara ýaş alymlar işe çekilen. Bu ugurlar boýunça Belarus, Ýaponiýa, Koreýa döwletleri bilen ylym ulgamynda hyzmatdaşlyk ýola goýlan we ýaş alymlaryň gatnaşmagynda bilelikde ýurdumyzyň ösüşi we özgerişi üçin ähmiýetli işler alnyp barylýar.

Ylymlar akademiýasynyň institutlarynda hem-de Tehnologiýalar merkezinde, mysal üçin, innowasiýalary ýangyç-energetika toplumyna ornaşdyrmaga hem-de energiýa serişdelerini tygşytlamak meselelerini çözmäge gönükdirilen ylmy barlaglar işjeň alnyp barylýar. Alymlar energiýanyň alternatiw görnüşlerini öwrenmek bilen, elektrik energiýasyny öndürmegiň, uglewodorod serişdeleriniň ýataklaryny çaklamagyň we ulanmagyň täze tehnologiýalaryny döredýärler hem-de ýangyjy elektrik we ýylylyk energiýasyna öwürmegiň netijeli görnüşleri boýunça ylmy barlaglary alyp barýarlar. Ylmyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmaga gönügýän alymlaryň täze nesli ýetişýär.

«Türkmenistanda ylmy işgärleri taýýarlamagyň Maksatnamasynda» ýurdumyzyň ykdysady ösüşini has hem çaltlandyrmak, ylym, bilim ulgamlaryny, ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny bäsdeşlige ukyply zehinli ýaşlar bilen doly üpjün etmek üçin 2016–2017-nji okuw ýylynyň başynda işe başlan innowasion görnüşli, öňdebaryjy häzirki zaman ylym we bilim tehnologiýalaryny özünde jemleýän Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň garamagyndaky Oguzhan adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň aýratyn ähmiýetlidigini bellemeli.

2015-nji ýylyň 13-nji noýabrynda ýurt Ýolbaşçysy Türkmenistanda ylmyň we tehnologiýalaryň ileri tutulýan ugurlaryny tassyklamak baradaky Karara gol çekdi. Döwletimiziň innowasion ösüş ýoluny kesgitleýän möhüm çözgütleriň biri bolan bu resminama ýurdumyzyň bilim, ylym, medeniýet we ykdysadyýet pudaklarynyň

öňünde goýlan meseleleri döwrebap, toplumlaýyn çözmek, ýokary hilli bilimi, netijeli, düýpli ylmy ösdürmek, adam baýlyklaryny we maglumat jemgyýetini kemala getirmek bilen baglanyşyklydyr.

Türkmenistanyň ykdysadyýetini dünýä derejesinde ösdürmek üçin ylmyň we tehnologiýalaryň ileri tutulýan ugurlary hökmünde: nanotehnologiýalar we himiki tehnologiýalar, täze materiallary öwrenmek; biotehnologiýa, molekulýar biologiýa, genetika; maglumat we aragatnaşyk ulgamlary, kompýuter tehnologiýalary, häzirki zaman lukmançylyk we derman serişdelerini ösdürmek tehnologiýalary, innowasion ykdysadyýet, ynsanperwer ylymlary kesgitlenendir.

Häzirki döwürde ýurduň ykdysadyýetini innowasiýalar esasynda ösdürmäge gönükdirilen özgertmeleriň wajyp ugry bolup ylym-bilim ulgamyndaky özgertmeler çykyş edýärler. Bu özgertmeler ýurdumyzyň bäsdeşlige ukyply senagat düzüminiň hem-de aň-paýhas mümkinçilikleriniň kämilleşmegi üçin ygtybarly binýat bolýar. Häzirki döwürde ýurduň ykdysadyýetini innowasiýalar esasynda ösdürmäge gönükdirilen özgertmeleriň wajyp ugry bolup ylym-bilim ulgamyndaky özgetmeler çykyş edýärler. Bu özgertmeler ýurdumyzyň bäsdeşlige ukyply senagat düzüminiň hem-de aň-paýhas mümkinçilikleriniň kämilleşmegi üçin ygtybarly binýat bolýar.

Bu babatda akademik we ýokary okuw mekdepleriniň ylmynyň özara baglanyşygyna, işgärleriň hem-de önümçilikleriň taýýarlanyş ulgamyna, ylym edaralarynyň bazar şertlerine uýgunlaşmagyna, olaryň guramaçylyk görnüşleriniň hojalyk hasaplaşygyna tapgyrlaýyn geçilmegi arkaly ornaşdyrylmagyna aýratyn üns berilýär. Munuň özi ylmy-barlag, taslama, inženerçilik-tehnologiýa işleriniň döwrebaplaşdyrylmagyna mümkinçilikleri giňelder. Şu maksat bilen Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň düzüminde hem özgertmeler geçirildi, ýagny onuň aýry-aýry ylmy edaralary ýokary mekdepleriň garamagyna geçirildi.

Maldarçylyk we weterinariýa instituty S.A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň garamagyna berildi. Munuň özi ýurdumyzyň obasenagat toplumynda geçirilýän özgertmeleriň ylmy çemeleşmeler bilen netijeli utgaşmagynyň zerurlygy bilen şertlendirilendir. Bu işler täzeçe pikirlenmegiň kemala gelmegini, döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmegi, nazaryýet bilimleriniň hem-de amaly başarnyklaryň bitewiligini kemala getirýän ylmy-barlag işlerine zehinli talyplaryň çekilmegi arkaly mümkindir.

Gün energiýasy institutynyň Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň garamagyna geçirilmegi hem şu maksada gönükdirilendir. Bu institutda hem energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini öwrenmek işleri alnyp barylýar. Okuw mekdebiniň hünär ugrunyň şunuň ýaly akademik taýdan berkidilmegi netijeli ylmy barlaglary geçirmek üçin maddy-enjamlaýyn binýadyň döredilmegine ýardam berer.

Oguzhan adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň düzümine Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Biologiýa we derman ösümlikleri institutynyň

binýadynda döredilen (ondan Derman ösümlikleri institutyny aýryp, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň düzümine geçirmek bilen) Umumy we amaly biologiýa institutynyň geçirilmegi ýokary okuw mekdepleriniň ylmyny ösdürmäge tutuş bir ugry açýar.

Bu gün ylym jemgyýetiň ösüşiniň kuwwatly iteriji güýji hökmünde ýurduň durmuşynda möhüm orny eýeleýär we onuň täsiri ýokarlanýar. 2019–2025-nji ýyllarda düýpli ylmy gözlegler, pudaklaryň we hususyýetçileriň sargytlary boýunça ylmy barlaglar ýerine ýetiriler: Tehnologiýalar merkeziniň işini bazar şertlerinde ýola goýmak boýunça işler alnyp barlar.

**Türkmen jemgyýetinde mugallymyň orny.** Ylym-bilim meselesine garalanda, mugallym barada söhbet açmak aýratyn ähmiýetlidir. Hakyky mugallym, beýik ynsan adamlara hakykylygy ýetirýän adam bolup, ol adamzadyň paýhasly ýaşaýşa gadam basan döwründen bäri adamlarda şol paýhasa bolan söýgini döretmäge çalşyp gelýär. Gadymy grek filosofy Platonyň adamlary akyl ýetirmegiň usullary bilen ýaraglandyrmagyň ähmiýetini açyp görkezýän bir ajaýyp tymsaly bar. Ol adamlaryň köpüsini gowakda çykalga arkasyny öwrüp oturanlara meňzedýär. Olar yzlaryndan geçip barýan adamlaryň, jandarlaryň, arabalaryň özüni däl-de, kölegelerini öňlerindäki diwaryň ýüzünde görýärler. Olar özleriniň görýän zatlaryny mümkin bolan ýeke-täk, hakyky dünýädir öýdýärler. Olaryň biri bu ýagdaýdan halas bolup, hakyky dünýäni görüp, beýlekileriň ýüzlerini hem hakyky dünýä öwürjek bolanda, olar gözlerini ýumup ony kabul etmeýärler, ýöne şonda-da olaryň ýüzlerini hakykata öwürmek gerek. Mugallym şu wezipäni amal edýän adamdyr.

Ähli döwürlerde hakyky mugllymyň öwredýän we derňeýän ylymlary hemme adamlar üçin zerurdyr. Öz öwredýän ylmynyň üsti bilen, sözüň doly manysynda, adamy ýetişdirmäge çalyşýan mugallymyň hakyky mugallym bolýandygyny adamzadyň durmuş ýoly görkezýär. Şol tejribäniň görkezişi ýaly, mugallym öz okuwçylary bilen dünýä näme, oňa nähili akyl ýetirmeli, nädip akyl ýetirmeli, adamyň ömri, onuň manysy näme, ýaşaýan jemgyýetiňde geçýän özgerişler, adamlaryň onda nähili orny bar, adamy kämillige eltýän ýollar, nesilleriň baglanyşygy baradaky soraglara jogap gözlemegi başaranda ussatlyga eýe bolýar.

Mugallym açyk göwünli, paýhasly, ahlak we akyl terbiýesiniň usullary bilen tanyş, şonuň ýaly-da erk-endiklerine eýe adam bolmaly. Ol sagdyn, arassaçyl, dogruçyl, adamlar bilen söhbetdeşlige ukyply bolmaly. Ussatlyga eýe bolmak üçin mugallym ýokary medeniýetli adam bolmaly. Ol diňe bir öz saýlap alan ugry boýunça adamzadyň toplan ylmy gymmatlyklaryndan baş çykarman, eýsem öz milletiniň, adamzadyň medeni-ruhy mirasyny hem gowy bilmelidir. Bu miras geljekki mugallymyň ýetişmegine örän oňaýly täsir edýär. Onuň kömegi bilen geljekki mugallym özbaşdak işlemäni öwrenýär, Ol kem-kemden öz ruhy ösüşi barada yzygiderli alada edýän, jogapkärligi diňe bir ýakynlarynyň däl, eýsem bütin iliniň öňünde duýýan adama öwrülýär.

Mugallymyň öz ruhy ösüşi barada alada edýän adam bolup ýetişmegi, onuň ýaşan döwri bilen hem bagly bolýar. Her bir döwrüň özboluşlylygy bolýar. Mysal üçin, Türkmen ýurdunda häzirki döwür täzeleniş we özgerişler döwri. Şol özboluşlylygy duýan mugallym aýratyn ruhy güýje eýe bolýar. Bu güýç oňa ýurduň, Watanyň aladalary ýaşamaga, öz mugallymçylyk işini kämilleşdirmäge kömek berýär.

Şonda okuwçylar hem, uly adamlar hem onda aýratyn zehine eýe adamy görýärler. Ol köp zady bilýär, bar zada düşünýär diýip hasap edýärler. Şonuň üçin onuň pikiri bilen ylalaşýarlar, ony diňleýärler. Adamlaryň arasynda at-abraýa eýe bolan mugallymyň iliň göz öňünde asylly sypaty döreýär. Ol özüniň paýhaslylygy, mähremliligi bilen adamlary özüne çekýär. Şeýdip hem mugallym iliň göz öňüne getirişi ýaly, aslyýetinde, il ogly, il mugallymy bolmak bagtyna eýe bolýar. Şonuň üçin ol öz iliniň, ilki bilen hem ösüp gelýän ýaş nesliň geljegi barada alada edýär.

Hakyky mugallym geljekki nesilleriň türkmen halkyny ösdürjekdiklerine, başyny asmana ýetirjekdiklerine, şöhrat şanyny artdyrjakdyklaryna, taryhda öçmejek yz galdyran ata-babalarymyzyň arzuw edip ýetip bilmedik derejelerine, belentliklerine ýetjekdiklerine çyn ýürekden ynanar. Ol çykgynsyz ýagdaýa düşen pursatynda hem özi barada däl-de, ýaşlar, öz şägirtleri barada aladalanýar. Ol dowamatlyk barada aladalanýar. Ol nusga alarlyga mynasyp bolýar.

Beýik ynsanlaryň işleri olaryň nesilleriniň işinde dowam bolýar. Biziň gürrüňini edýän mugallymymyzyň hem arzuw-hyýallary öz okadýan çagalarynda, öz şägirtlerinde dowam bolsa, mugallymyň şägirtleri, onuň işini dowam edýändiklerine buýsansalar hem-de hemme mesele babatda oňa meňzemäge çalyşsalar, ol mugallym hakyky mugallymdyr. Şu yhlasyň netijesinde adamzat geljege paýhasly garap, öňe ynamly gadam basýar. Şonda mugallymyň okuwçylarynyň alyp barýan il-ýurt bähbitli işlerinde halypa mugallymyň keşbi örboýuna galar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe mugallyma goýulýan sarpany, onuň mynasyp ýaşamagy üçin edilýän aladany açyp görkezmäge çalşalyň. Hormatly Prezidentimiziň öz ilkinji «Älem içre at gezer» atly romanynyň ahyrynda mugallymçylyk käriniň iň gizlin syrlaryny ele alan, mugallymlaryň halypasy derejesine galan beýik ynsanyň, Berdimuhamet aganyň öz ömrüniň many-mazmuny barada köp oýlanýandygy bellenýär. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz tarapyndan atasynyň köpden bäri edýän oý-pikirlerini jemlän pursaty örän täsin filosofiki pikirlenmeler esasynda beýan edilýär. Şonda Berdimuhamet mugallymyň on bäş-on alty ýaşap, ömrüň manysyna düşünip ugranyndan beýläk özüne «Men dünýäni özgerdip bilermikäm?» diýen şol bir sowaly berip gelendigi aýdylýar. «Ol bu soraga dogry jogap tapandyr diýip biljek däl. Kim bolsa-da, şol sanda ol hem bu sowala «Ýok, özgerdip bolmaz» diýip jogap beren bolsa gerek, ýöne ony özgertmäge bolan arzuw-hyýalyny elinden alyp biljek güýç barmyka? Ýokdur» diýilýär. Milli Liderimiz öz oýlanmasyny dowam edip: «Belki, tutuşlygyna bolmasa-da, ol bir bölejigini üýtgetmegi başarar, ýa-da iň bolmanda, ony özgerdip boljakdygyny adamlara subut eder» diýip, mugallyma degişlilikde örän wajyp pikiri öňe sürýär.

**Bu birinjiden. Ikinjiden bolsa,** «Eýsem birje kemally oglany terbiýeläp ýetişdirmegiň özi dünýäni üýtgetmek dälmi? Bilmedim. Belki-de, şeýledir»[108] diýip,- mugallymyň edýän işini mertebeleýär.

Şu ýerde getirilen sorag hem, oňa berilýän jogap hem Berdimuhamet aganyň öz döwründe ýurduň geljekki özgerişi barada oýlanmalary we aladalary bilen bagly bolmaly. Awtor bu ýerde mugallymyň esasy wezipesiniň Watany özgeridiji adamy ýetişdirmek bolýandygyny belläp: «Ýöne munuň üçin öz üstüňde gaty köp işlemeli, öz bilim-düşünjäňi has artdyrmaly bolar, ata-babalarymyzyň genji-hazynasyny bize ýetirişi ýaly, olaryň pähim-paýhasyny ele almaly bolar. Belki-de, munuň özi täze ýoluň başlangyjy bolar...»[109] diýýär. Diýmek, mugallym Watany özgerdiji nesli ýetişdirmek üçin «öz üstünde gaty köp işlemeli». Milli Liderimiz ýurt Ýolbaşçylygynda şu hili mugallymlaryň artmagy üçin gerekli bolan ähli şertleri döredýär. Olaryň alýan bilimleri, hünärlerini kämilleşdirmekleri, sapaklaryny ýokary dereje guramak üçin gerek bolan serişdeleri döwrüň iň ýokary talaplarynyň esasynda gurnalýar, mugallymçylyk işine örän uly baha berilýär.

Hakykatdan hem, «birje kemally oglany terbiýeläp ýetişdirmegiň özi dünýäni üýtgetmek dälmi?!». Mekdeplerimizi tamamlaýan çagalarymyz kämil adamlar bolup ýetişseler, olar Milli Liderimiziň kesgitlän ösüşiň täze ýoluna düşüp, eziz Watanymyzy mundan beýläk hem özgerderler.

### Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Özgerýän jemgyýetde ýaş nesliň eýeleýän orny nähili häsiýetlendirilýär?
2. Ýurduň innowasion ösüş döwründe ylymly-bilimli, hünärli ýaşlaryň täze neslini kemala getirmegiň zerurlygyny we olara bildirilýän talaplary açyp görkeziň.
3. Täze taryhy döwürde ýurduň ylym-bilim ulgamynyň özgerişini häsiýetlendiriň.
4. Ýokary okuw mekdepleriniň halkara derejä çykmaklary üçin nähili mümkinçilikler döredi?
5. Ýurduň ylmy edaralary häzirki aýratynlygyny nämede görýärsiňiz?
6. Ýurduň ylym-bilim-önümçilik baglanyşygyny berkitmekde Tehnologik merkeziň ornuny nämede görýärsiňiz?
7. Jemgyýetimizde mugallymlaryň we alymlaryň tutýan ornuny we olar hakynda edilýän aladalary açyp görkeziň!

## 3-NJI SAPAK. MILLETIŇ MEDENI DURMUŞY WE MAGLUMAT JEMGYÝETI

*Milli medeniýet. Millilik we milli ruhy gymmatlyklar. Milli we umumadamzat gymmatlyklaryň özara baglanyşygy. Bagtyýarlyk döwründe jemgyýetiň medeni durmuşyndaky özgerişler. Medeni miras. Milli medeni mirasy jemgyýetiň özleşdirmegi.*

---

108 Gurbanguly Berdimihamedow. Älem içre at gezer. Roman. – A.: TDNG, 2011, 236 sah.
109 Şol ýerde, 236 sah.

*Medeniýet, ylym we filosofiýa. Senagatlaşýan türkmen jemgyýetinde jemgyýetçilik ylymlarynyň orny. Täzelenýän türkmen jemgyýetiniň filosofiki medeniýeti.*

*Maglumat jemgyýeti. Täze döwrüň maglumat ulgamynyň döremegi. Türkmen jemgyýetiniň maglumat ulgamy. Türkmenistanyň maglumat howpsuzlygy. Milli kosmos agentligi Ýeriň milli emeli hemrasyna eýe bolýar.*

**Milli medeniýet we onuň ähmiýeti**. Ýokarda, jemgyýetiň ruhy dünýäsi baradaky sapakda medeniýetiň bu ýerdäki orny barada giňişleýin durlup geçilipdi. Bu ýerde ýaş nesli ýetişdirmekde milli medeniýetiň ähmiýetini aňlamak maksat edinilýär. Ylymly, bilimli nesli kemala getirmek işiniň möhüm düzüm bölekleriniň biri-de milli medeniýeti durmuşa girişýän şahsyýetiň dunýägaraýşynyň gymmatlyk ugrukmasyna öwürmekdir. Özüniň has ýaýraň manysynda medeniýet ynsanyň ýaşaýşa zerur gymmatlyklary döretmek işinde ähmiýeti peselmeýän çeşme bolup hyzmat edýän hadysadyr. Şunuň bilen bir hatarda medeniýet ähli döwürlerde jemgyýetiň ösüş we kämillik derejesini kesgitleýän mähekdaşdyr.

Geçmişde ýaşan beýik akyldarlar adamlara gymmatly ylmy, ahlak-edep ýörelgelerini we ýaşaýyş ähmiýetli nusgalary peşgeş beripdirler. Dünýäniň ähli halklary beýleki halklaryň akyldarlarynyň garaýyşlaryny, düşünjelerini özlerine alyp, olardan peýdalananlary gümansyzdyr. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly eserinde şu hili gatnaşyk giňden açylyp görkezilýär. Bu ýerde milli we umumadamzat gymmatlyklarynyň baglanyşygy baradaky mesele ýüze çykýar. Şol gymmatlyklaryň arabaglanyşygyna garalanda, milletde ýa-da beýleki bir sosial toparda umumadamzat gymmatlyklaryny göterijiler bolup beýik şahsyýetleriň çykyş edýändiklerini bellemek gerek. Umumadamzat gymmatlyklarynyň zatlaryň we hadysalaryň üsti bilen beýan bolmaýanlygy sebäpli, olar, köplenç, diňe bir adaty aňa däl, eýsem nazary aňa hem ýeňil açylmaýarlar.

Ruhy medeniýetiň milliligi barada gürrüň edilende, ol diňe sosial- özboluşlylyk, etnografiýa bilen çäklenmeýär. Tersine, ruhy medeniýetiň milliligi ähli milletleriň medeniýetlerini birleşdirýän, özünde milli aýratynlygy we umumylygy jemleýän köpdürli hadysadyr. Bular «arassa» görnüşde ýüze çykmaýan umumadamzat gymmmatlyklarynyň deňhukukly eýeleridir, ýöne olar ilkibaşda özboluşly şekilde döredilipdir we döredilýär. Şu ýerde milli ruhy gymmatlyklar özünde aýratynlygy we umumylygy jemleýärler.

Şu mesele «Umumadamzat gymmatlyklaryny adam tarapyndan taryhyň häzirki basgançagynda gazanylan «ählumumylygyň» ideal görnüşi dälmikän?» diýen soragy ýüze çykarýar. Bu ýerde «ählumumylyga» ähli dünýäniň ösüşiniň kemala gelýän manysy hökmünde garalanda, ahlak kadalary, hukuk edaralary, ylmy gymmatlyklar, tehnologik innowasiýalar öz kemala gelen milli esaslarynyň özüne dartyşyndan arany açyp, umumadamzat barlygynyň düýp esasy mana eýe bolýanlygy barada netije çykarsa bolar. Diýmek, umumadamzat gymmatlyklary milletiň beýik şahsyýetleriniň döreden pähim-paýhasynyň esasynda kemala gelýär.

Ine, şonuň üçin türkmen halkynyň gadymy we baý medeniýetini, akyldarlarymyzyň döreden dürdänelerini ähli ugurlar boýunça häzirki zaman siwilizasiýasy jähetinden ösdürilmegi, ruhy we beden taýdan sagdyn nesli kemala getirmek üçin olaryň täsirliliginiň artdyrylmagy döwrümiziň möhüm wezipesi hökmünde öňe çykýar. Türkmen döwleti ýaş nesliň çuňňur ylymly-bilimli bolmagyna, onda-da dünýä derejeli ylmyň hem ylmy dünýägaraýşyň eýesi bolmagyna uly üns berýär. Türkmen halky gadymdan bäri pähim-parasada, ylym-bilime uly sarpa hem gadyr goýup, dünýäde ylymda öçmejek şan-şöhrat gazanan halkdyr. Şol medeniýeti ösdürmek, täze belentliklere çykarmak döwrüň talaby bolýar.

Bu talaby Türkmen döwletiniň medeniýet ulgamyny ösdürmek ugrunda alyp barýan işlerinde görse bolýar. Olar şu aşakdaky ugurlary öz içine alýar:

- Kitaphanalaryň işini kämilleşdirmek.
- Muzeýleriň işini kämilleşdirmek.
- Medeniýet, sungat okuw mekdepleriniň, bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek.
- Şekillendiriş sungatyny, çeper döredijiligi ösdürmek.
- Türkmenistanyň Medeniýet ministrligine degişli medeniýet merkezleriniň, medeniýet köşkleriniň, medeniýet öýleriniň işini kämilleşdirmek.
- Teatrlary ösdürmek.
- Taryhy-medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek we rejelemek işlerini dünýä ölçeglerine laýyk derejede ýola goýmak hem-de olary halkara syýahatçylyk ulgamyna goşmak.
- Taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek we dikeltmek boýunça halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek.

Häzirki döwürde türkmeniň milli medeniýeti döwrüň ruhuna laýyk täze mazmuna we görnüşe eýe boldy. Medeniýetiň özenini düzýän sungat, aýdym-saz, senetgärlik, däp-dessurlar türkmeniň milli aýratynlygyny esaslandyrýar. Bu gymmatlyklaryň many-mazmunyny türkmeniň taryhy bilen baglylykda açmak, olary halkymyzyň milli kökleri bilen baglylykda milletiň ýaşaýyş ukybynyň ýüze çykmasy hem-de geljegimiziň binýady hökmünde kabul etmäge ösüp gelýän nesli gözükdirmek döwrüň wajyp meseleleriniň biri bolýar. Her bir milletiň öz döreden medeni gymmatlyklarynyň öz ýüregine ýakynlygy, olara guwanýanlygy buýsanç duýgusyny döredýär.

Milli Garaşsyzlyk türkmene öz gözbaşyna dolanmaga, dilini, dinini, däp-dessurlaryny milli ýörelgelere laýyklykda berjaý etmäge mümkinçilik berdi. Diliniň tas ulanylyşdan çykaraňkyrlan saldamly we şireli sözlerini, ýowuz günde ar-namys diýip saýlan saz gurallaryny, asyrlaryň azabynda döredilen ak bugdaýyny, edil şeýle yhlas-aladada kemal eden ahalteke bedewini, halylaryny hem köpsanly beýleki amaly hem-de ruhy guwançlaryny gaýdyp berdi. Bagtyýarlyk döwri türkmeniň milli medeniýetiniň many-mazmunynyň, görk-görnüşiniň täze öwüşginini, olarda

hususy millilik bilen umumadamzat düzüjileriň eriş-argaç utgaşýan durkuny esaslandyrdy. Durmuşyň ähli ugurlarynda bolup geçýän ykballara nur çaýýan özgertmeler türkmen agzybirligi, myhmansöýerligi, akgöwünliligi bilen bir hatarda milli medeniýetimiziň her bir göwher dänesini baha ýetmez gymmatlyk görnüşinde öňe çykardy.

Ýokarda senagatlaşýan türkmen jemgyýetinde medeni mirasyň ähmiýeti, däp-dessurlaryň we innowasiýalaryň jemgyýetiň ösüşiniň iki tarapy bolýandyklary barada durlup geçilipdi we maglumat jemgyýetinde mirasyň ornuny seljermek maksat edinilýär. Häzirki türkmen jemgyýetiniň ylma-bilime daýanýanlygyny göz öňünde tutup, ylmyň bu ýerde tutýan ähmiýetini bellemeli.

**Senagatlaşýan türkmen jemgyýetinde jemgyýetçilik ylymlaryň orny.** Ilkibaşda ylym diniň, filosofiýanyň, medeniýetiň, zähmet hereketiniň we beýl., ýagny giň manyda düşünilýän medeniýetiň çäginde hereket edýär. Soňra ylym özbaşdaklyga, öz keşbine eýe bolup başlaýar we öz kanunlaryny işläp düzýär. Häzirki döwürde ylym: tebigat, jemgyýet, adam, tehnika we tehnologiýa barada aýratyn bilim ulgamy; täze bilimleri almaga gönükdirilen ylmy-barlag ulgamy; ýöriteleşdirilen ylym-döredijilik guramalarynyň we edaralarynyň ulgamy hökmünde çykyş edýär. Hut şunuň özi hem ylmyň häzirki türkmen jemgyýetindäki ornuny kesgitleýär.

Ýokarda biz bu meseleler barada giňişleýin durup geçipdik. Bu ýerde ylmyň medeniýet bilen gatnaşygy, milli medeniýetimiziň ylmy-filosofiki esaslary barada gürrüň edilýär we ilki bilen, ylmy-tehniki ösüşiň döwründe jemgyýetçilik ylymlarynyň aýratyn ornunyň bardygy bellenilýär. Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra bu ylymlar düýpgöter täze görnüşe we täze hile eýe bolmaly boldular. Garaşsyzlykdan öňki döwürde jemgyýetiň ruhy dünýäsini kesgitlän ideologik garaýyşlara esaslanýan jemgyýetçilik ylymlary täze döwürde jemgyýetde başlanan özgerişleri aňladyp bilmediler. Şonuň üçin garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap, jemgyýetçilik ylymlarynyň täze düzümi döräp başlady. Başlangyç döwürde jemgyýetde geçýän özgerişlerden ugur alyp, bu ylymlar, esasan, milli gymmatlyklar esasynda kesgitlendiler.

Ýurduň ösüşiniň täze döwründe jemgyýetçilik ylymlarynyň milli gymmatlyklar esasyny hem-de umumadamzat gymmatlyklar esasyny giňeltmek gerekligi döredi. Türkmenistanyň Prezidentiniň: «Bilim we ylym ýaly ugurlaryň tebigatynyň özi diňe bir milli häsiýetli bolmak bilen çäklenmän, eýsem has köp derejede milli çäklerden çykýandyr» diýen ýörelgesinden ugur alnyp, jemgyýetçilik ylymlaryny dünýä derejesinde açyp görkezmäge we okatmaga başlanyldy. Häzirki döwürde ýurtda jemgyýetçilik ylymlarynyň düýpgöter täze ulgamynyň döreýändigini bellemeli. Bu ulgam häzirki döwürde biziň jemgyýetimizde we dünýäde geçýän düýpli özgerişleri ylmy taýdan aňlamagyň wajyp serişdesi bolup çykyş edýär. Jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynda bolup geçýän özgerişleriň kitabyň ähli bölümlerinde beýan edilýändigini göz öňünde tutup, ylym-bilimiň, hukuk hem ahlagyň jemgyýetiň ruhy galkynyşyna edýän täsiriniň örän ähmiýetlidigini ýene-de bir gezek belläliň.

Bagtyýarlyk döwründe adamlaryň syýasy we hukuk medeniýeti ýokarlanýar. Olar Döwletbaştutanynyň ýurdy mundan beýläk hem döwrebaplaşdyrmak we galkyndyrmak syýasatyna işewür gatnaşmaga çalyşýarlar. Jemgyýetde geçýän demokratiki özgerişler adamlaryň jemgyýetiň syýasy durmuşyna gatnaşmaklaryna giň ýol açýar. Adamlaryň syýasy we hukuk medeniýetiniň ösmegine syýasy ulgamda bolup geçýän ähli özgertmeler täsir edýär.

Häzirki döwürde tebigy, tehniki we ynsanperwer ylymlaryň arabaglanyşygyny berkitmek meselesi aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Belli bolşy ýaly, jemgyýetiň intellektual potensialy birmeňzeş däl. Onuň köpsanly görnüşleri häzirki dünýäde, medeniýetde durli wezipeleri ýerine ýetirýärler. Bu ýerdäki ylmy açyşlaryň adamzadyň peýdasyna-da, zyýanyna-da ulanylmagy mümkin. Şonuň üçin intellektual potensialyň ösýän döwründe ony birýanly tehnokratik pikirlenmeden azat etmeli bolýar. Ol täze bir zat hem bolmasa, soňky onýyllyklarda has güýjedi we giň ýaýrady. Häzirki türkmen jemgyýetinde berkeýän ylmy-jemgyýetçilik aňy onuň täsirinden goramak üçin köp aladalar edilýär. Bu ýerde netijeliligi gazanmagyň kepili bolup, halkyň döreden baý medeni mirasy, ruhy-medeni gymmatlyklary çykyş edýär.

Birýanly tehnokratiki pikirlenme – serişdäniň maksatdan, maksadyň manydan we umumadamzat bähbitlerinden, manynyň barlykdan we häzirki dünýäniň hakykylygyndan, tehnikanyň (şol sanda psihiki tehnikanyň) adamdan we onuň gymmatlyklaryndan ileri tutulýan aýratyn häsiýetlere eýe bolan «dünýägaraýyş» bolýar. Birýanly tehnokratiki pikirlenme – bu pähim-paýhassyz aň bolýar. Onuň üçin ahlak, wyždan, adamyň başdan geçirmeleri we mertebesi ýok. Ine, şu ýerde türkmen halkynyň «Alym bolmak aňsat, adam bolmak kyn» diýen pähiminiň many-mazmunyny açmak wajyp. Elbetde, alym bolmak hem aňsat däl, ýöne adam bolmazdan, alym bolup bolmaýar, sebäbi alym üçin akyl bilen birlikde ýürek-köňül hem gerekli. Onuň ylmy döredijiligi ruhy häsiýete, ahlaklylyga eýe bolmalydyr.

Ahlaklylyk, ýokarda bellenilişi ýaly, ruhubelentlige esas bolup, adamlaryň döredijilikli özgerdiji, umuman, jemgyýetiň, şonuň ýaly-da aýratyn şahsyýetiň işini häsiýetlendirmäge esas bolýanlygy bilen bagly. Adam nirede hereket etse-de, nirede ýaşasa-da, ahlaklylyk elmydama onuň hereketini ugrukdyrýar. Adam jemgyýetiň talabyny birýanly ýerine ýetiriji bolmaýar. Has hem jemgyýetiň özgerýän döwründe ol öz döredijilik güýçlerini ýüze çykaryp, özüniň daşyndaky hadysalara täsir etmeli bolýar. Adamyň jemgyýetçilik durmuşynyň özgerişini aňlamagy köpçüligiň oýlanyşykly hereketiniň derejesini kesgitleýär. Şu hem bagtyýarlyk döwrüniň, onuň ruhy durmuşynyň manylaýyn häsiýetnamasy bolýar. Bu döwürde ahlaklylyk artyp, ahlaksyzlyk çäklenýär.

Häzirki türkmen ýurdunyň senagat taýdan ösen döwlete öwrülýän döwründe her bir adamyň, ilki bilen hem, hünärmeniň, alymyň, döredijilik işgärleriniň ahlaklylyga eýe bolmagy ylmyň jemgyýetde oňaýly täsire eýe bolmagynyň wajyp şerti bolýar. Özbaşdak pikirlenmek, dogry netije çykarmak, soň, öz gezeginde, täze-täze

pikirleri, gymmatlyklary açmak hakyky döredijilik bolup, ösüşiň we özgerişiň iteriji güýji bolup çykyş edýär. Şeýle döredijilik bolan ýerinde ylmy işgär tarapyndan ýerine ýetirilen her bir iş öz ajaýyp miwesini berýär.

**Täze döwrüň filosofiki medeniýeti.** Jemgyýetiň ähli ugurlarynda ösüşiň täze tapgyrynda geçýän düýpli özgerişleriň netijeliligi onuň ruhy-medeni durmuşynyň kämilliligi bilen bagly bolýar. Bu bolsa köpugurly işleri öz içine alýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «Häzirki döwürde biziň täze taryhymyz medeniýeti ösdürmek boýunça syýasatyny kesgitleýär. Şoňa görä-de medeniýet ulgamynda taryhy, durmuş tejribesini, medeni-ruhy tejribäni, milli mirasymyzy ýurdumyzyň häzirki ösüşiniň wezipeleri bilen döredijilikli utgaşdyrýan täze durmuş filosofiýasyny döretmek ileri tutulýan ugur bolmalydyr»[110] diýip, özgerişler ýoluna düşen türkmen jemgyýetiniň pähim-paýhasa eýe bolmagy bilen baglanyşykly bu meseläniň wajyplygyna yzygiderli ünsi çekýär.

Ýokarda jemgyýetiň ruhy dünýäsi bilen baglanyşykly meseleler garalanda durmuş filosofiýasynyň ösüşiň we özgerişiň paýhas esasy bolýandygy bellenilipdi. Bu ýerde şol paýhasyň adamlaryň ýaşaýyş durmuşyndaky ornuny açyp görkezmegi maksat edinýäris.

Täze filosofiýa türkmen jemgyýetiniň ösüşini we özgerişini, onuň öz özboluşlylygyny saklap, ylmy-tehnologik esaslara daýanýan adamzat jemgyýetine goşulyşyşyny, häzirki döwrüň çagyryşlaryna we talaplaryna berýän jogabyny aňladýan pähim-paýhas bolup çykyş etmeli bolýar. Şonda bu filosofiýanyň many-mazmuny bagtyýarlyk döwrüniň pähim-paýhasy, täze döwürde halkyň asyrlaryň synagyndan geçen ýaşaýyş medeniýetiniň döwrebap görnüşde ýüze çykmagy bilen açylmaly. Medeniýetiň esasyny düzýän milletiň asyl gymmatlyklary ýaşaýşy bitewülikde aňlamaga esas bolýar.

Türkmen halky dünýäni bitewülikde görmäge esas bolýan ruhy gymmatlyklary milletiň däp-dessurlarynyň, toý-baýramlarynyň üsti bilen açyp gelipdir. Bu işde geçen nesilleriň beýik ynançlary we dünýägaraýyşlary, asyrlaryň dowamynda kämilleşip gelen medeni we ruhy mirasy uly ähmiýete eýedir. Şolary täzeden jemgyýete gaýtaryp getirmek häzirki döwrüň talaby bolýar. Onuň döredijí we özgerdiji güýjüniň milletiň özboluşly medeni däpleriniň nesilden-nesillere geçip, häzirki günlerimize çenli ýetmegine esas bolanlygy indi her ýyl geçirilýän medeniýet hepdeliginiň toý-dabaralarynda aýdyň görünýär.

Häzirki döwürde halkyň medeni mirasyna, durmuş tejribesine, şol sanda akyldar şahyrymyz Magtymgulynyň pähim-paýhasyna esaslanýan durmuş filosofiýasy kemala gelýär. Döwletbaştutanynyň belleýşi ýaly, akyldar şahyr diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem Gündogaryň beýik filosofydyr. Şahyryň goýup giden mirasy özboluşly terbiýe mekdebi bolýar. Bilşimiz ýaly, Pyragynyň döredijiliginde adam meselesi giň-

[110] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 7-nji tom, – A.: TDNG, 2014, 169 sah.

den açylýar. Beýik akyldar türkmeni agzybirlikden, syýasy bitewilikden daşlaşdyrýan gylyk-häsiýetler, düşünjeler barada köp oýlanan. Şahyryň aýtmagyna görä, öz içki dünýäsini halkyň bähbidine, jemgyýetiň talaplaryna boýun edip bilýän şahsyýet ýaramaz gylyklara garşy durup bilýär. Onuň üçin hem adamyň öz ruhy ösüşi barada alada etmegi gerek. Magtymgulynyň döredijiligi adamlara diňe bir onuň öz döwründe däl, eýsem soňky ähli nesillere örän güýçli täsir eden we häzir hem edýär, sebäbi onuň her bir sözünde, öňe süren pikirinde kuwwatly paýhas güýji duýulýar.

Akyldarlaryň pähim-paýhasynyň, halkyň medeni mirasynyň, däp-dessurlarynyň täsirliliginiň sebäbi, olaryň çuňňur many-mazmuny bilen kesgitlenýär. Şu hem türkmen halkynyň ähli döwürlerde özboluşly durmuşy sazlaşdyryjy filosofiýa eýe bolandygyny, onuň häzirki nesiller üçin aýratyn ähmiýetini görkezýär. Hakykatdan hem, bu gün XX asyrda has giňişleýin senagat taýdan ösüşe eýe bolan adamzat jemgyýetine edil şu sazlaşygyň ýetmezlik edýänligi aýdyň duýulýar. Ine, şonuň üçin diňe tehniki we tehnologik ösüşe esaslanýan ýörelgelerden adamy beýgeldýän, ähli ugurlarda adam ölçeginden ugur alýan ýörelgelere geçmek döwrüň talaby bolýar.

Täzeleniş döwrüniň filosofiýasy jemgyýetiň ähli ugurlaryna täsir edip, hukuk döwletiniň we bazar gatnaşyklarynyň içinde adamlaryň erkin hereket etmeklerine hemaýat edýän gymmmatlyklar ulgamy bolup çykyş edýär. Şol ulgam adamlaryň täze garaýyşlary we ýörelgeleri özleşdirmegine esas bolup, jemgyýetiň içinde täzeliklere öz-özüne ýeterlik gymmatlyk hökmünde garaýan adamlaryň hataryny giňeldýär. Olaryň jemgyýetde tutýan ornuny has hem berkidýär.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe jemgyýetiň ruhy gurşawynda täze filosofiýa döräp, ol häzirki täzelenýän jemgyýetde we bütin dünýäde geçýän düýpli özgerişleri paýhas esasynda aňlamagyň wajyp serişdesi bolup çykyş edýär. Ol özünde halkyň asyl gymmatlyklaryny we adamzadyň pähim-paýhasyny jemleýär. Bu gymmatlyklaryň häzirki ylmy-tehniki ösüş döwründe adamzat jemgyýetini paýhaslandyryjy güýç bolup çykyş edýändigini ýurdumyzda geçirilýän toý-baýramlar bilen baglanyşykly çärelerde aýdyň görmek bolýär.

Häzirki özgerýän türkmen jemgyýetinde Türkmenistanyň Prezidentiniň öňe sürýän ösüşler we özgerişler filosofiýasy bagtyýarlyk döwründe adamlaryň filosofiki medeniýetini ýokarlandyryp, olaryň gurujylyk we döredijilik işewürligini artdyrýar. Olar Döwletbaştutanynyň ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwletleriň hataryna çykarmak ugrunda öňe süren beýik maksatlaryny durmuşa geçirmäge işewür gatnaşmaga gerek bolan ukyba we hyjuwa eýe bolýarlar.

## Maglumat jemgyýeti

Maglumat jemgyýeti XX asyryň ikinji ýarymynda dünýäde maglumatyň şindi görülmedik derejede ösýän döwründe kemala gelýär. Adamzat bu gün «Industrialdan öňki siwilizasiýadan»«industrial siwilizasiýanyň» üsti bilen «industrialdan soňky» (postindustrial) siwilizasiýanyň ýoluna düşdi. Postndustrial siwilizasiýa maşynlaryň

mehaniki ulgamyna däl-de, mikroelektronika we informatika, iň täze intellektual tehnologiýalara esaslanýan awtomatlaşdyrylan önümçilige daýanýar. Şu täze tehniki we tehnologik binýat jemgyýetiň we adamyň keşbini düýpgöter üýtgedýär.

Postindustrial siwilizasiýa häzirki döwrüň düýpli ylmy-tehniki özgerişiniň (YTÖ) esasynda kemala gelýär. Şonda adamyň ýaşaýşynyň ähli döwürleri: taýýarlyk we okuw, iş wagty, döredijilik wagty we dynç wagty YTÖ-iň täsirine düşýär. Adam ýaşaýşynyň bu döwürlerini informatika düýpgöter özgerdýär: hünäre taýýarlyk we okuw döwri artýar, zähmetiň üýtgeýän şertlerinde we häsiýetli şertlerinde hereketlilik talaby öňe sürülýär. Zähmet wagty azalyp, işgärleriň iş şerleri we hal ýagdaýy gowulanýar.

Postindustrial siwilizasiýa biziň ýurdumyzda yglan edilen bazar ykdysadyýetiniň üsti bilen girişilende täze maddy we ruhy gymmatlyklary, ilki bilen hem, täze tehnologiýalaryň, elektronikanyň, awtomatlaşdyrylan ulgamlaryň we informatikanyň nähili usullar bilen ele alynýanlygyna bagly bolýar.

Şu ýerde dünýäde meşhurlyga eýe bolan ýapon tehniki siwilizasiýasynyň gudratynyň täsirliligi barada durup geçeliň. Ýaponiýa öz medeniýetiniň adatylygyny tehnologik siwilizasiýanyň ýokary ösüşe ugrukdyrýan täzeleniş ýörelgesi bilen birikdirmäni başardy. Bu ýerde halkyň aýratyn zähmetsöýerligi, hoşniýetliligi iň täze tehnika bilen işlemäge ukyby bilen üsti ýetirilýär. Işgärleriň öz işleýän ýerlerine, ýolbaşçylaryna ygrarlylygy, başga halklaryň tejribesini we medeniýetini özleşdirmäge bolan ukyby, özi hem milli özboluşlylygy peseltmän amal etmekleri aýratyn bellärliklidir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2013-nji ýylyň awgust aýynyň aýagynda ýapon žurnalistlary bilen duşuşanda ýapon we türkmen halklarynyň medenýetlerinde köpsanly umumylyklaryň bardygyna ünsi çekdi.

Şonuň üçin postindustrial siwilizasiýanyň şertlerinde maglumat jemgyýetiniň kemala gelmegi adamzadyň geljegi bolýanlygy barada pikir ýöredilende bu siwilizasiýa tehnologik binýatlyk nukdaýnazaryndan ähli ýurtlar üçin umumy bolup, şol bir wagtda hem aýry-aýry halklar we olaryň medeniýetleri üçin ulanylyşynyň özboluşly boljakdygyny ýatdan çykarmaly däl. Şol özboluşlylyk maglumat jemgyýetinde hem öz şöhlelenmesini tapýar.

Jemgyýetiň ykdysady, syýasy, medeni durmuşynda maglumatyň orny örän ýokarlanýar. Sanly ykdysadyýet döwründe onuň orny has hem güýjeýär. Şu hili şertlerde maglumatyň öndürilişi, gaýtadan işlenilişi we özgerdilişi diňe häzirki zaman maglumat tehnologiýalary halkyň medeniýetini, mentalitetini göz öňünde tutmak arkaly ulanmak esasynda mümkin bolýar. Bu bolsa kompýuterleriň iň täze görnüşlerini, optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlaryny, telekommunikasiýalary, programmalary döretmegi, önümçiligi, dolandyryşy, ýaşaýyş-durmuşy ulgamlaryny kompýuterleşdirmegi öz içine alýar.

Tehniki binýady berkitmek bilen bir hatarda jemgyýetiň her bir agzasynyň öz işi bilen baglanyşykly maglumatlar elýeterli bolmagy üçin gerek bolan hukuk esaslaryny döretmek bolýar. Bu, öz gezeginde, adamlaryň başlangyçlarynyň, döredijilik

işiniň, demokratiki özgerişiň ýokarlanmagyna itergi berer. Şonuň üçin maglumat jemgyýetiniň kemala gelmegi biziň jemgyýetimizde bolup geçýän özgerişiň ileri tutulýan ugry bolýar.

Maglumat jemgyýetiň ösüş derejesi ykdysadyýetiň, ylmyň ösmegine, maddy we ruhy önümçiligiň kämilleşmegine güýçli itergi berýär. Şu nukdaýnazardan maglumat jemgyýetiniň esasyny düzýän maglumat tehnologiýalary adam hereketiniň köp ugurlaryny awtomatlaşdyrmaga mümkinçilik döredýärler we ähli häzirki zaman tehnologiýalaryň kesgitleýji ugry bolýarlar. Umuman, maglumat jemgyýeti kämil maglumat ulgamyny talap edýär.

## Täze döwrüň maglumat ulgamynyň döremegi: taryhy derňew

Täze döwrüň tehnologik medeniýetiniň ösmeginde, şol sanda maglumat ulgamynyň täze derejä galmagynda kitap çap etmek tehnologiýasynyň özleşdirilmegi uly ähmiýete eýe bolýar. Belli bolşy ýaly, kitap çap etmegiň gözbaşynda golland alymy I. Guttenberg durýar. Ol XV asyryň ortalarynda bu wajyp işi guraýar. Kitaby çap etmek XIX asyrda metaldan ýasalan silindrli çap maşyny peýda bolandan soňra, has hem giň gerim alýar. Kitap kem-kemden her bir adam üçin gerek bolan maglumatlaryň elýeter çeşmesine öwrülýär. Çeper, ylmy, ylmy-tehniki kitaplar, ensiklopediýalar giňden ýaýrap başlaýarlar. Bilimleri ýaýratmakda kitaphanalaryň ýerine ýetiren we ýetirýän wezipesi ymgyr uludyr.

Kitaphanalar ylmy, çeper we metbugat eserlerinden jemgyýetçiligiň peýdalanmagyny guraýan aň-bilim we ylmy kömekçi edaradyr. Olar bilimleriň hemme elýeterli çeşmesi we özbaşdak bilim almagyň, hünär öwrenmegiň esasy ýeri bolup çykyş edýärler. Ylmy we ýörite kitaphanalar, esasan, alymlara, ylmyň, halk hojalygynyň, medeniýetiň aýry-aýry pudaklary boýunça hünärmenlere hyzmat edýärler. Olar tehnologiýanyň ösmegine hem uly ýardam edýärler. Olar üçin dünýä ylmy-tehniki edebiýatyny giňden ulanmak, işeňňir maglumat – bibliografik we ylmy-barlag işlerini alyp barmak, hünärmenleriň arasynda ylmyň hem tehnikanyň gazananlaryny ýaýratmaga gatnaşmak häsiýetlidir.

Hat, has hem çap edilen kitaplaryň esasynda toplanýan maglumatlaryň artmagy, arhiwleriň, patent gaznalarynyň, oýlap açyşlaryň býulleteniniň we başga ylmy-tehniki maglumat çeşme görnüşleriniň döremegine getirdi. Bu ýerde «maglumat» adalgasyna ünsi çekeliň.

***Maglumat düşünjesi.*** Maglumat (lat. *informatio*– habarly etme, düşündirme). «Maglumat» düşünjesine ylmy gyzyklanma XX asyryň ortalaryna maglumat we kibernetika taglymatynyň ösmegi bilen artýar. Bar bolan garaýyşlarda «maglumat» dürli görnüşde kesgitlenýär. Biz bu ýerde kibernetikany esaslandyryjy N. Wineriň kesgitlemesine ýüzleneliň. Ol «Maglumat – bu materiada däl, energiýada, maglumat – bu maglumat» diýen jümlesi giňden ýaýran. Bu jümläniň manysyny açyp alym: «Maglumat – bu biziň we biziň duýgularymyzyň daşky dünýä uýgunlaş-

magynyň dowamynda alýan manymyzyň aňladylmasy»[111] diýip belleýär. Şoňa görä maglumaty algoritm, kadalaryň toplumy, has takyk aýdylanda dil, ýagny düşünilip bilinýän zat görnüşinde görkezse bolar; ol manysy bilen berk baglanyşykda. Şeýle ýagdaýda maglumat diňe kotlaşdyrylan habarlar görnüşinde bolýarlar. Olar maddy göterijilerde nusgalanýar. Ol adam tarapyndan döredilen emeli ulgamlar (maddy gurnawlar) şol häsiýetlere eýe bolýarlar (mysal üçin, maglumaty parallel we bölünme ýörelgesi esasynda gaýtadan işleýän emeli neýtron setler).

Maglumatlaryň artmagy, olaryň adamzat jemgyýetinde täze orna eýe bolmagy kompýuterleriň kömegi bilen maglumatlary ýygnamak, teswirlemek we ulanmak ulgamynyň döremegini talap etdi.

## Kompýuterleşdirmek we onuň esasynda häzirki döwrüň maglumat ulgamynyň döremegi

XX asyryň ikinji ýarymynda kompýuterler giňişleýin ulanylyp başlandy. Jemgyýet gurluşynyň ähli derejesinde, has hem önümçilikde dolandyryşyň ähmiýetini ýokarlandyrmak üçin ulanylýan maglumaty toplamak, saklamak we teswirlemek maksady bilen elektron-hasaplaýyş maşynlary giňişleýin öndürilip başlandy.

Kompýuterleşdirmek häzirki zaman siwilizasiýasynyň maglumat ulgamynyň guralyşyny, bütin jemgyýetiň we her bir adamyň durmuşynda bilimiň ähmiýetini düýpgöter özgerdýär. 1987-nji ýylyň iýul aýynyň 9-ynda Amerikanyň «Nýuswik» žurnalynda çap edilen «Gündogar we Günbatar nirede birleşýärler» diýen makalada bu mesele barada bir wajyp pikir öňe sürülýär. Kompýuter tehnologiýasy we onuň bilen baglanyşykda geçýän özgerişler bu iki älemiň duşuşmaklaryna esas bolýar diýip aýdylýar. Dogrudan hem, kompýuteriň esasynda döreýän maglumat ulgamy adamlaryň, ýurtlaryň, yklymlaryň (kontinentleriň) biri-biri bilen baglanyşygyny jebisleşdirmek üçin tehniki esasyny döredýär.

Kompýuter tehnologiýasynyň giňden ýaýramagynyň tehniki esasyny elektron hasaplaýyş maşynlary düzýärler. Olaryň kuwwaty iki görkeziji, ýagny çalt hereket etmegi we ýadynyň göwrümi bilen kesgitlenilýär. EHM-iň taryhy, şol görkezijilere görä, kuwwatly maşynlaryň täze nesilleriniň döremegi bilen bagly. Eger ilkinji maşynlar sekuntda sanlyja işleri ýerine ýetiren bolsalar, häzirki döwrüň maşynlary birnäçe trillion işleri (operasiýalary) ýerine ýetirýärler. Onda-da bu maşynlar öňküler ýaly çäkli ýerlerde ulanylman, jemgyýetiň ähli pudaklarynda giňden ulanylýar. Bu gün olarsyz ýeke bir önümçiligi däl, asla adam durmuşyny göz öňüne getirip bolmaýar.

Kompýuterleriň giňden ýaýramagy «kompýuter sowatlylygyny» göz öňünde tutýar. Belli bolşy ýaly, kompýuterler maksatnamalaryň (programmalaryň) esasynda işleýärler. Maksatnamalary düzmek öňde goýlan wezipäni maşynyň ýerine ýetirmegine gerek bolan düzgünleriň we hereket görnüşleriniň yzy-

[111] Винер Н. Кибернетика и общество. Творец и робот. – М.: Тайдекс Ко, 2003, стр. 31.

giderligini görkezýän kesgitlemeleri bellemegi aňladýar. Maksatnama bilen üpjün etmek kompýuter tehnologiýasynyň tehniki esasynyň ikinji düzümi we kompýuter sowatlylygynyň hökmany bölegi bolýar. Şonuň bilen bilelikde maksatnama adamyň maşyn bilen düşünişmeginiň serişdesi bolýar. Şeýle düşünişmek maksatnamalaryň diliniň üsti bilen amal edilýär. Olar tebigy dilden alynýar, maşyn düşnükli bolar ýaly edilip özgerdilýär. Häzirki döwürde EHM maksatnamalarynyň birnäçe dili düzüldi. Ol dilleri özleşdirmek we netijeli peýdalanmak kompýuterleri ulanmagyň iň çylşyrymly tarapy bolýar. Soňky wagtda olary sadalaşdyrmagyň hem üstünde işlenýär.

Kompýuterleri ulanmak bilen nähili wezipeleriň göz öňünde tutulýanlygyna baglylykda dürli ulgamlar döredilýär: dürli iş mümkinçiligi bolan we dürli görnüşli tehniki wezipeleri ýerine ýetiriji enjamlar, awtomatlaşdyrylan dolandyryş ulgamlary (ADU), maglumat gözleýji ulgamlar (MGU), taslama düzüji awtomatlaşdyrylan ulgamlar (TDAU), amaly akyl ulgamlary (AAU), sowal-jogap ulgamlary we beýl.

Kompýuterleriň jemgyýetde tutýan ornuny kesgitlemek üçin bilimiň maglumat bilen baglanyşygyny kesgitlemek wajypdyr. Bilim adamyň öwrenmek hereketiniň netijesi bolýar. Ony gazanmakda adamyň ähli öwreniş ukyplary – akyl, göz öňüne getirmek, duýgy we paýhas gatnaşýar. Adamyň paýhasy ýeke bir bilimi döretmän, ony jemgyýetiň we adamyň durmuşy üçin maksadalaýyk ulanmagy hem başarýar. Bilimiň iň häsiýetli tarapy, onuň dinamiki, döredijilikli häsiýetidir. Bilimiň üýtgäp, özgerip bilýänligi sebäpli, döredijilikli bilim açyk ulgamy döredýär. Bilimiň şeýle häsiýeti adam bilen baglanyşygynda bolýar. Adamdan üzülen ýagdaýynda bilim bu ukybyny ýitirýär. Bilim tehnikanyň üsti bilen maddylaşan görnüşe hem eýe bolup biler, ýöne tehnika hem adamdan aýrylan ýagdaýynda, ondaky bilim döredijilikli häsiýetini ýitirýär. Şeýlelikde, bilim adamdan üzňe bolan ýagdaýynda, ol maglumata öwrülýär.

Bilim bilen maglumatyň tapawudyny şeýle aňlatsa bolar: maglumat şindi adamyň hereketi bilen baglandyrylyp bilinmedik bilimdir.

Kompýuterler maglumaty adam bilen baglanyşdyrmak üçin çäksiz mümkinçilikler açýar. Olar bilimi we maglumaty jemgyýetiň iň ýokary gymmatlygyna öwürýärler. Indi bilim jemgyýetiň abadanlygyny kesgitleýän iň ýokary gymmatlyga öwrülýär. Şunuň üçin hem bilim bilen baglanyşykly kompýuterleri kämilleşdirmäge uly üns berilýär.

**Dördünji senagat öwrülişigi we maglumat ulgamy.** XX asyryň 90-njy ýyllarynda internet torunyň ýüze çykmagy bilen maglumat tehnologiýalarynyň çalt ösmegine güýçli itergi berildi. Onuň täsiri bilen senagatlaşmanyň dördünji derejesi kemala gelip başlady. Tehnologiýalaryň goşulyşmagy hem-de fiziki, sanly we biologik ulgamlaryň arasyndaky tapawutlaryň kem-kemden aradan aýrylmagy bu tapgyryň häsiýetli aýratynlygydyr.

Täze maglumat eýýamy internet torunyň, sanly tehnologiýalaryň, özara aragatnaşygyň durnukly akymlarynyň, "bulut" tehnologiýalarynyň we sanly platformala-

ryň emele gelmegi bilen peýda boldy. Şonuň bilen birlikde dürli çeşmelerden gelýän maglumatlaryň birnäçe esse köpelýän möçberi açyk maglumat konsepsiýasynyň we köpçülikleýin senagat torunyň ýüze çykmagyna getirdi. Dördünji senagat öwrülişigi daşky gurşaw bile özara baglanyşykda intellektual ulgamlar arkaly dolandyrylýan doly awtomatlaşdyrylan sanly önümçilige ymykly geçmekden ybaratdyr.

Dördünji senagat öwrülişiginiň türkmen jemgyýetiniň häzirki ösýän we özgerýän döwründe ýurduň ykdysadyýetine, bilim-ylym we beýleki pudaklaryna sanly ulgamlaryň, iň täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen baglanyşykda ýüze çykýan meseleleri çözmäge esas boljak maglumat tehnologiýalarynyň has netijeli görnüşlerini ýüze çykarar.

**Türkmen jemgyýetiniň maglumat ulgamy.** Häzirki döwür tehnologiýalaryň we maglumatlaryň döwri. Tehnologiýalar adamzat jemgyýetiniň ýaşaýşynyň esasyny düzýär. Tehnologiýalaryň we maglumatlaryň jemgyýetdäki orny soňky döwre çenli doly häsiýetlendirilip bilinmedi. Mysal üçin, «tehnologiýa» düşünjesine çäkli garaýyş giňden ýaýrap, ony diňe senagat önümçiligi bilen baglamaga syrygyldy. Jemgyýet baradaky köp taglymatlar jemgyýeti häsiýetlendirmekde tehnologiýa bilen baglanyşykly meseleleri doly açyp bilmediler. Geçen asyrda ýurtda ykdysady we jemgyýetçilik ylymlary bu soraglara ýeterlikli üns bermediler. Şol wagtda bolsa dünýäniň köp ýurtlarynda «tehnologiýa» we «maglumat» düşünjeleri jemgyýetiň taryhyny we ösüşini häsiýetlendirmek üçin wajyp esas boldular. Tehnologiýa çylşyrymly ulgamy düzýär. Jemgyýetiň durnukly saklanmagyny, adamlaryň tehniki başarnygyny häsiýetlendirýän güýç hökmünde bu ýerde özboluşly tehnologik mentalitet we maglumat çeşmeleri çykyş edýärler.

Mentalitet we maglumat deň gelmedik ýagdaýynda tehnologik döredijiligiň gowşap pese düşmegi mümkin. Gerekli maglumatyň ýetmezligi, jemgyýetiň hemme tarapynda adamlaryň döredijilikli işlemeklerine päsgelçilik döredýär. Maglumatyň mydama ýetmezlik eden garaşsyzlykdan öňki döwürde, jemgyýetde türkmen halkynyň uzak we baý taryhynda dörän adaty zähmeti guramak usullaryna üns berilmänligi sebäpli, täze tehnologiýalaryň özleşdirilmegine ýeterlikli şert döräp bilmedi. Maglumat jemgyýeti barada oýlanmalar goldanylmady.

Şu ýerde ýüze çykan meseleleri türkmen halky Garaşsyzlyga eýe bolandan soňra çözmeli boldy. Maglumat jemgyýetini kemala getirmek meselesi Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda çözülip başlandy. Türkmen jemgyýetiniň ösüşiniň häzirki döwründe ýurtda ösen tehnologiýalary netijeli ulanmak, döwrebap maglumat ulgamyny döretmek döwletiň ileri tutýan wezipesi hökmünde öňe sürüldi. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe maglumat jemgyýetini kemala getirmek bilen baglanyşykly takyk wezipeler goýuldy.

Döwletbaştutany 2012-nji ýylyň başynda özüniň öňe süren Maksatnamasynda ähli kommunikasiýa we multimedia tehnologiýalaryny ele alan işgärleriň we hünärmenleriň täze neslini ýetişdirmegiň şu günki meselelerine ünsi çekip: «Adamzat

paýhasynyň gazanan häzirki zaman ösüşiniň iň çylşyrymly wezipelerini çözmäge ukyply, ösen maglumatlar jemgyýeti boljak biziň ýurdumyzyň geljegi şol adamlara bagly bolar»[112] diýip belledi. Bu ýerde başarnykly hünärmenleriň ýetişdirilmegi we maglumatlar jemgyýetiniň kemala gelmegi biri-biri bilen baglanyşykly özgerişler hökmünde kesgitlenilen. Ýurtda geçýän şu hili örän wajyp özgerişleriň özboluşlylygy nämede?

Maglumat jemgyýetiniň kemala gelmegi XXI asyrda adamzadyň ösüşiniň umumylaşdyrylan häsiýetnamalarynyň biri bolýar. Türkmen ýurdunda şu ugurda başlanan we häzirki döwürde üstünlikli alnyp barylýan köptaraply işler türkmen Lideriniň Türkmenistany ösen ýurtlaryň hataryna çykarmak barada öňe süren maksatnamalarynyň we tagallalarynyň ilkinji miweleri bolýar. Şu ýerde amal edilen işleriň netijeleri ony aýdyň görkezýär. Olaryň käbiriniň üstünde durup geçeliň. Bu, ilki bilen, adamlaryň durmuşynda kompýuterleri giňden ulanmak bilen baglanyşykly soňky döwürde edilen we edilýän işler bilen baglydyr. Şu gün kompýuterler diňe bir ylym-bilim edaralarynda, önümçilikde, dolandyryş ulgamynda däl, eýsem adamlaryň durmuşynda hem giňden ulanylýar. Asla, kompýuter we beýleki maglumat serişdeleri peýdalanylmaýan edarany, okuw jaýyny, hatda maşgalany hem şu gün göz öňüne getirmek kyn. Häzirki döwürde adam hereketini kompýuterleşdirmek hem jemgyýetiň wajyp wezipesi hem-de sosial ösüşiň şerti hökmünde çykyş edýär. Şu nukdaýnazardan kompýuter sowatlylygy aýratyn ähmiýete eýe bolýanlygy sebäpli, 1-nji synpa kabul edilen okuwçylara Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan netbuk kompýuteriniň sowgat berilmegi indi däbe öwrüldi.

Şonuň bilen bir hatarda türkmen Lideri Türkmenistanda adamlaryň ösen tehnologiýalara esaslanýan täze goşmaça hyzmatlardan, Internetden, maglumatlar torlaryndan peýdalanmak mümkinçiliklerini döretmäge aýratyn ähmiýet berýär. Häzirki döwürde ýurtda ösen durmuşy infrastrukturanyň, köp görnüşli kommunikasiýa düzüminiň döreýänligi şol özgerişiň ýene bir görkezijisi bolýar. Türkmenistan üçin döwrebap kommunikasiýa ulgamynyň döremegi häzirki döwürde bu ýerde geçýän giň möçberli özgerişlere täze esaslary döredýär. Bu ýerdäki işleriň nähili derejede ähmiýetlidigine Döwletbaştutanynyň Milli Kosmos agentliginiň döredilmegi, öz milli emeli hemramyzy edinmek baradaky tagallalary hem şaýatlyk edýär.

Umuman, maglumat infrastrukturasyny ösdürmek bu gün döwletiň syýasatynyň ileri tutulýan ugry bolýar. Şonuň üçin maglumatlaryň toplanylmagy, alşylmagy we gaýtadan işlenilmegi bilen bagly zerurlyklary kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýän aragatnaşyk, internet ulgamlaryny, maglumatlary işleýiş merkezlerini ösdürmegiň, şeýle hem maglumatlar bilen işlemegiň sanly çeýe esaslaryny döretmek işleri geljekde hem dowam ediler.

---

[112] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 6-njy tom, A.: TDNG, 2013, 129 sah.

## Türkmenistanyň maglumat howpsuzlygy

Ähli janly-jandarlar dünýä inen pursatyndan ömrüniň soňuna çenli, duýgy agzalaryna üznüksiz täsir edýän «maglumat meýdanynda» ýaşaýarlar. Eger jandarlar daşky gurşawdan täsir edýän maglumatlary kabul edip, ony özleşdirip we beýleki jandarlara ugradyp bilmeýän bolsalar, Zeminde ýaşaýyş bolmazdy. Adamzadyň şu ýörelgeden sapak alyp, kämil maglumat ulgamyny döretmegi onuň ähli ösüşleriniň kepili bolýar. Maglumata kibernetiki nukdaýnazardan garamak, öňki döwür bilen deňeşdirilende, häzirki döwürde adamzadyň maglumat baradaky düşünjesi has giňedi. Bu gün maglumat akymy diňe bir adamzat jemgyýetinde, adamlaryň arasynda däl, eýsem adam bilen onuň döreden awtomatlarynyň şonuň ýaly-da awtomatlaryň arasynda hem maglumat baglanyşygy amal edilýär.

Şonuň üçin maglumatlary ýygnamak, olary seljermek we rejelemek, maglumat gorlaryny döretmek we ulanmak her bir döwlet üçin hem ähmiýetlidir. Türkmen döwletiniň maglumat ulgamy garaşsyzlyk alnandan soňra kemala gelip başlady. Soňky döwürde bolsa bu ulgam ählitaraplaýyn kämilleşýär. Ýurduň maglumat ulgamynyň maddy-tehniki binýady ýyl-ýyldan berkeýär. Ykdysadyýetiň we halkyň durmuşynyň ähli ugurlaryna tiz depginler bilen örnaşýan kompýuter tehnologiýalary jemgyýetimiziň özgermegine degişli üýtgeşmeleri girizýär.

Häzirki döwürde ýurduň maglumatlar ulgamy örän ähmiýetli, şol sanda täjirçilik we döwlet syry hökmünde bolýanlygy sebäpli, şol maglumaty saklaýan, işläp bejerýän we geçirýän ýurduň maglumat merkezlerine garşy dürli ýaramaz maksatly hereketleriň bolmazlygyny gazanmak, bolup biläýjek hereketleriň öňüni almak gerek bolýar. Şonuň üçin hem maglumaty rugsatsyz elýeterliliginden, üýtgetmekden we ogurlamakdan goramagyň zerurlygy ýüze çykýar.

Ýurduň maglumatlar ulgamyndaky maglumatyň goraglylygy birnäçe usullar bilen amal edilýär. Olaryň artykmaçlyklary we ýetmezçilikleri, şonuň ýaly-da umumy peýdalylygy seljerilýär. Şonda her bir usul üçin kompýuterde programma düzülip, onuň häsiýetlerine baha berilýär. Maglumaty goramagyň kriptografiýa, ýüklenilişi çäklendirme, parol arkaly goramak, maglumaty gizleme, wiruslardan we troýanlardan gorama usullary seljerilýär. Usullaryň her biri belli bir derejede özleriniň öňünde goýlan maksatlaryny amala aşyrmaga niýetlenilýär.

Ylmy tehniki ösüş iki ýanly, ýagny *oňaýly* we *oňaýsyz*. Onuň maglumatlar ulgamy üçin **oňaýsyz täsiri** – *ýörite kompýuter bozujylar: hakerler we krekerler bilen bagly. Hakerler* (Hacker, iňlis) – kompýuter garagollary. Olar başga komýutere girip bozgaklyk edýärler. Häzirki döwürde olaryň jenaýatly hereket edýänleri hem bar. Telefon we öý kompýuterleri arkaly olar ykdysadyýetiň, ylmy gözleg merkezleriniň, banklaryň hemme güýçli kompýuterleri bilen baglanyşykly maglumat iberiş torlaryna birigýärler we maglumatlar ulgamyna zyýan ýetirýärler.

Soňky döwürlerde giňişleýin ýaýradyşa kompýuter jenaýatynyň täze görnüşi eýe bolýar – kompýuter wiruslarynyň döredilmegi. Olar bolup diňe kesgitlenen signal boýunça işläp başlaýan ýörite işlenip düzülen programmalar çykyş edýärler. Şonuň bilen hem wirus edil kesel dörediji ýaly başga programma taýdan üpjünçilik bilen duş gelende köpelip bilýär. Şeýle wiruslar bilen programmalaryň «zäherlenmeginiň» netijesi dürli hili, hatda programma taýdan üpjünçiligiň bozulmagyna çenli – onuň dikeldilmeginiň mümkin däl hem-de öwezini dolduryp bolmajak ýitirim ýagdaýyna getirip biler.

Şol näsazlyklary döretmekde we olaryň netijelerini has amatsyz hem-de erbetleşdirmekde wiruslar «öňdebaryjy» orunlary tutýar diýsek kän bir ýalňyşmarys. «Wirus» düşünjesiniň dürli kesgitlemesi bar. Olaryň hemmesi dürli derejede dogry, emma biri-birine doly laýyk gelmeýärler. Bu ýerde bir zady bellemek gerek, **wirus** diýlip aňsat we bildirmän ýaýraýan hem-de kompýuteriň işini programmalaýyn, käwagt bolsa tehniki taýdan bozýan programmalara aýdylýar.

Kompýuterleri wiruslardan goramakda wirusa garşy programmalaryň orny örän uludyr. DrWeb, MCCafy, Kaspersky, Norton Antivirus, Symantec ýaly programmalar bu önümçilikde öňdebaryjy orunlary tutýardylar, emma bu programmalaryň ygtyýarnamasyz we döwlüp açylan wersiýalarynyň ýaýramagy, şeýle hem wirusa garşy programmalary döretmekde käbir kemçilikleriň we ýetmezçilikleriň bolmagy wiruslardan doly howpsuzlygy üpjün etmekde belli bir ýetmezçilikleri döredýär.

Häzirki wagtda tehnologiýanyň ösmegi bilen, maglumata bolan howplaryň ýene bir görnüşi– wirus ýa-da troýan howpy emele geldi. Soňky döwürlerde wirus döredijileriň «ussatlygy» has artdy, maksatlary bolsa erbetleşdi. Wirus hereket etmegi has «kämil» görnüşe geçip başlady. Ýurtda wiruslaryň, şeýle hem häzirki wagtda olara garşy ulanylýan öndürijilikli meşhur wirusa garşy programmalaryň işine baha berlip, ýörite taýýarlanylan wirusa garşy programma düzülýär. Ýurdumyzyň maglumat ulgamynyň goraglylygyny üpjün etmek, görşümiz ýaly, döredijilikli işi, bolup biläýjek oňaýsyzlyklary öňünden görüp, degerli çäreleri işläp düzmegi talap edýär.

## Türkmenistanyň maglumat ulgamyny kämilleşdirmekde Milli emeli hemranyň ähmiýeti

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2011-nji ýylyň 31-nji maýynda «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynyda Milli Kosmos agentligini döretmek hakynda» Permana gol çekdi. Bu bolsa Türkmenistanyň maglumatlar tehnogiýalaryna eýe bolmagyna täze esaslary döretdi. Häzirki zaman maglumat tehnologiýalary, milli maglumat infrastrukturasy, şol sanda telekomunikasyýanyň, aragatnaşygyň ösmegi, şeýle-de milli maglumat gorlarynyň toplanylmagy we ne-

tijeli ulanylmagy ylmy özüne siňdiren tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmaga täze mümkinçilikleri döredýär. 2015-nji ýylyň 28-nji aprelinde ýurduň ilkinji milli «Türkmen Älem 52 E» aragatnaşyk hemrasy älem giňişligine çykaryldy. Bu hemra aragatnaşygy kosmos ulgamyny ösdürmek boýunça ýurtda alnyp barylýan işleri has-da kämilleşdirmäge ýardam etdi.

Ýurt Ýolbaşçysy 2016-njy ýylyň 8-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda şu ugurda edilmeli işleri häsiýetlendirip: «Aragatnaşyk ulgamyna türkmen aragatnaşyk emeli hemrasyny ulanmak arkaly kompýuter tehnologiýalaryny, internet aragatnaşygyny yzygiderli ornaşdyrmaly»[113] diýip belledi. Bu hem her bir Türkmenistanlynyň häzirki zaman tehnologiýalarynyň üsti bilen Internetiň we aragatnaşygyň ähli görnüşlerini tiz we giň ulanmaga şertleri döredip, jemgyýetiň senagat taýdan özgerişine oňaýly täsir edýär. Ýurtda döreýän kommunikasiýanyň täze maddy esaslarynyň üsti bilen maglumat tehnologiýalaryny giňden ulanmak jemgyýetiň täze gymmatlyklaryň esasynda hereket etmegi we ösmegi, jemgyýetiň industrial häsiýete eýe bolmagy üçin zerur bolan medeniýeti we maglumat çeşmesini döredýär. Häzirki döwürde bu ugurda täze mümkinçilikler açylýar.

Ýokarda Aşgabat şäheriniň Bekrewe şäherçesinde Tehnologiýalar merkezininiň döredilendigi barada durup geçipdik. Bu merkez ylmy-barlag edaralaryny, okuw mekdeplerini, senagat desgalaryny we işewürler merkezlerini, sergi meýdançalaryny hem-de ylmy ösdürmäge höweslendirmäge, innowasiýa tehnologiýalaryny işläp taýýarlamaga we halk hojalygynyň dürli pudaklaryna giňden ornaşdyrmaga niýetlenilen köpsanly beýleki desgalary özünde birleşdirýän ýörite toplumy öz içine alýar. Tehnologiýalar merkezinde ylmy we inženerçilik pikiriň iň öňdebaryjy gazananlary jemlenýär. Bu merkezi döretmegiň maksady senagat-innowasiýa we maglumat-tehnologiýa häsiýetli anyk ugurlarda netijeli işleri alyp barmakdan, ylmyň täze ugurlary boýunça alymlaryň we hünärmenleriň täze neslini kemala getirmek üçin amatly şertleri döretmekden ybarat. Täze maglumat ulgamyna girişmek ýurt möçberinde alnyp barylýan işler bilen bir hatarda pudaklarda, şäherlerde we ilatly ýerlerde, her bir guramada, ylym-bilim edaralarynda, mekdeplerde döredilýän maglumat ulgamlary bilen baýlaşdyrylýar. Täze gurulýan okuw mekdeplerinde bu ugurda örän uly mümkinçilikler açylýar. Halkara nebit we gaz uniwersitetinde, mysal üçin, Koreýa respublikasynyň LG kompaniýasynyň gatnaşmagynda maglumatlar merkezi guruldy we hereket edýär. Bu merkez maglumat ulgamyndaky innowasiýalary institutyň okuw, ylym, terbiýeçilik işlerine hem-de onuň ýangyç-energetika pudagy, pudagyň ylmy edaralary bilen baglanyşykda alyp barýan işleriniň ähli derejelerine ornaşdyrmaga hyzmat edýär. Ol uniwersitetde sanly bilim ulgamyny özleşdirmekde hem peýdaly işleri alyp barýar.

[113] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 10-njy tom – A.: TDNG, 2017, 228 sah.

Şu hili köptaraply işleriň netijesinde jemgyýetçilik durmuşyny ösdürmek, ýurdy döwrebaplaşdyrmak mümkinçilikleri giňden açylýar. Ýurtda geçýän özgerişler, döredilýän maglumat merkezleri Türkmenistan döwletiniň dünýäniň senagat taýdan ösen ýurtlarynytň hataryna geçip, öz baýlyklaryny ylmy esasda has netijeli ulanyp, halkyň bolelin ýaşaýşyny gazanyp, belentliklere tarap ynamly barýandygyny görkezýär. Bu bolsa ýurduň täzeleniş ugrunda jemlenen gujur-gaýratynyň we pähim-paýhasynyň şu gün Milli Lideriň ösüşler we özgerişler taglymatynda ählitaraplaýyn açylandygyna şaýatlyk edýär.

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Milli medeniýetiň jemgyýetdäki tutýan ornuny nähili häsiýetlendirýärsiňiz?
2. Milli we umumadamzat gymmatlyklaryň arabaglanyşygynyň, özara täsiriniň aýratynlygy nämede?
3. Bagtyýarlyk döwründe jemgyýetiň medenýet ulgamynda ylym nähili orna eýe bolýar?
4. Türkmen halkynyň durmuş filosofiýasynyň bagtyýarlyk döwründe ähmiýeti nämede?
5. Bagtyýarlyk döwrüniň filosofiki medeniýetiniň aýratynlyklary nämede?
6. Maglumat jemgyýeti nähili häsiýetlendirilýär?
7. Ýutda kemala gelýän maglumatlar ulgamynyň özboluşlylygyny nämede görýärsiňiz?
8. Türkmenistanda maglumat howpsuzlygy nähili amal edilýär?
9. Ýurtda ilkinji Ýeriň Milli emeli hemrasynyň Orbita çykarylmagy maglumatlar ulgamyna nähili täsir edýär?

# VII BAP
# TÜRKMENISTANDA RAÝAT JEMGYÝETI

## 1-NJI SAPAK. MILLETIŇ DÖREDIJILIK WE GURUJYLYK UKYBYNYŇ ÝOKARLANMAGY

*Millet we onuň döredijilik ukyplary. Türkmeniň ýaşaýyş medeniýeti. Bagtyýarlyk döwründe milletiň döredijilik ukyplarynyň işjeňleşmegi. Bagtyýarlyk döwrüniň ruhy gymmatlyklary.*

*Döredijilik işi. Döredijilik intelligensiýasy. Halkyň döredijilik medeniýeti. Türkmen halkynyň döredijilik, gurujylyk, oýlap tapyjylyk ukybynyň dünýä ýaýylmagy..*

*Berkarar döwlet we milletara jebislik. Bagtyýarlyk döwründe siwilizasiýa derejesindäki ösüşe eýe bolan türkmen milletiniň özüne dünýäni açmagy we özüniň dünýä açylmagy.*

**Millet we onuň döredijilik ukyplary.** Ýokarda milletiň ruhy gymmatlyklary döretmek ukyby barada durup geçilipdi. Bu ýerde millet, onuň, umuman, döredijilik we gurujylyk ukyplary giňişleýin beýan edilmäge çalşylýar. Millet tire-taýpa birleşmelerinden we halkyýetden döräp, sosial-medeni, taryhy taýdan kemala gelýän bitewilik bolup çylyş edýär. Milletiň döremeginiň we ösmeginiň taryhy taýdan şertlendirilmeginiň aýratynlygy, ykdysady gurluşynyň, medeniýetiniň, durmuşynyň, däp-dessurlarynyň, geografiki gurşawynyň özboluşlylygy onuň ruhy keşbinde yz galdyrýar, milletiň häsiýetiniň we aýratyn taraplaryny we milli taýdan öz-özüni aňlaýşynyň özboluşlylygyny kemala getirýär. Taryhy taýdan berkän her bir millet öz milli bähbitlerini, öz medeniýetiniň, däp-dessurlarynyň, geljekki ösüşiniň özboluşlylygyny aňlamak derejesine galýar. Ol özboluşly oýlanmak we duýgyny ýüze çykarmak ukybyna eýe bolup, öz milli mertebesini duýýar. Şularyň ählisi milleti gaýtalanmaýan taryhy birleşme edýär.

Köplenç, millet onuň ykdysady durmuşynyň, çäginiň, diliniň, psihologiki aýratynlygynyň bitewiligi bilen häsiýetlendirilýän berk taryhy birleşme hökmünde kesgitlenýär. Häzirki döwürde köp alymlar milleti täzeçe kesgitlemäge esas edip ruhy medeniýet häsiýetnamasyny girizmegiň gerekligini belleýärler. Hakykatdan hem, bu düşünje milletiň düýp aýratynlygy bolup, onuň manysyny kesgitleýär. Milleti häsiýetlendirmek üçin ruhy medeniýetiň käbir düzüm böleklerini derňemek gerek bolýar. Bu ýerde psihologiki aýratynlygyň umumylygynyň ruhy medeniýetiň umumylygyndan gelip çykýandygyny görse bolar. Milli bileleşigiň ýene bir wajyp bölegi bolan milli taýdan öz-özüňi aňlamak hem ruhy medeni gurşawa degişli bolýar. Milli taýdan öz-özüňi aňlamak ruhy medeniýetiň birleşdiriji sütini bolýar. Millet öz-özüni aňlamak bilen öz esasy bähbitlerini, maksatlaryny we nusgalyk garaýyşlaryny, köpmilletli dünýäde öz ýüzüni, beýleki milletlere we döwletlere garaýşyny kesgitleýär.

Şundan hem milletiň etnosdan tapawutlylygy aýdyň görünýär. Etnosda adamyň öz şahsy başlangyjy däl-de, onuň gelip çykyşy kesgitleýji orun eýeleýär. Milletde bolsa adamyň öz hereketliligi we oýlanyşykly saýlawy wajyp. Eger etniki medeniýete adamlar kesgitli etnosa degişliligi sebäpli bilelikde girişýän bolsalar, milli medeniýete aýratynlykda, hatda kähalatlarda etniki gelip çykyşlaryna bagly bolmazdan hem girişýärler. Millet etniki taýdan birmeňzeş adam toparlarynyň aýratyn adamy mertebelemek derejesine galmagy esasynda döreýär. Millet «raýat jemgyýetiniň» şertlerinde, ýagny olaryň özbaşdak ýagdaýyndaky adamlaryň birleşmeginiň görnüşi bolýar. Millet etnosy inkärlemeýär, eýsem aýratyn adamyň oňa tebigylaýyn baglylygyndan azat edip, onuň ýaşaýşyny täze hil derejesine çykarýar.

Şol bir wagtda hem millet adamy öz etnosy bilen «tebigy bileliginden azat etdigiçe», ony beýleki adamlar bilen milli ähmiýete eýe bolan kadalaryň we gymmatlyklaryň has giň ulgamy bilen baglaýar. Millet adamyň diňe bir millete däl, eýsem umumy adamzada degişlidigini aňlamagyna getirýär. Her bir milletde adam öz gymmatlygyny, özbaşdaklygyny aňladygyça umumadamzat gymmatlyklaryny göteriji bolup çykyş edýär. Baý taryha eýe bolan türkmen milletinde şu aýratynlyk mese-mälim duýulýar.

Ýurduň öz ösüş nusgasyna, siwilleşen ösüş ýoluna girişýän döwrümize millilik meselesi aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Siwilleşen ýurt bolmak hukuk döwletini we bazar ykdysadyýetini döretmek bilen bir hatarda adamlaryň etniki umumylyk görnüşinde ýaşaýşyndan bitewi millet hökmünde ýaşaýşyna geçmegini gazanmak hem bolýar. Häzirki bazar mehanizmli hojalykly we hukuk edaraly siwilizasiýa özüniň esasy şygaryny «milli medeniýet», halkyň milli bitewüligi we onuň milli aňyny oýarmak şygary hökmünde öňe sürdi. Esasan, gadymy ekerançylyk, köp etnoslary birleşdirýän siwilizasiýalardan tapawutlylykda, häzirki siwilizasiýa milli görnüşde – milli döwlet we milli ykdysadyýet görnüşinde kemala gelýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda jemgyýetçilik ýaşaýşyň we döwlet işiniň ähli ugurlary boýunça toplanan ägirt uly tejribe milli döwletlilik binýatlaryny kämilleşdirip berkitmegiň netijeliligini görkezdi. Häzirki ösüşler we özgerişler döwründe bu ýerde ýüze çykan meselelere ünsi çekip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly düýpli eserinde: «Men döwrüň nähili wezipeleri öňe çykarýanlygyna garamazdan, olary milleti birleşdirýän ideýasyz, halkyň tagallalaryny, gujur-gaýratyny herekete getirmän, oňa mahsus bolan döredijilik mümkinçiliklerini, döretmek ukyplaryny dikeltmän çözüp bolmajakdygyna oňat düşündim»[114] diýip belleýär. Şeýle ukyplaryň ýüze çykmagy halkyň ýaşaýyş medeniýetiniň ýeten derejeleriniň açyk görkezilişi bolýar.

---

[114] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A., 2010, 6 sah.

**Türkmeniň ýaşaýyş medeniýeti.** Taryhyň dowamynda taplanan türkmeniň aňy azat we erkin durmuşy gurnamaga gerek bolan ýaşaýyş-durmuş gymmatlyklarynyň we ahlak kadalarynyň, döredijilik ukyplarynyň iň zerurlaryny öz içine alýar. Ol türkmeniň ynsanperwerlik ýörelgelerine ýugrulyp, adamlaryň hereketlerini we iş ýörediş usullaryny kethudalyk we sada-sagdynlyk bilen tapawutlandyrýar. Şu hili aýratynlyk halkyň sosial-ykdysady we ruhy tejribesi esasynda toplan gymmatlyklaryny we ýörelgelerini aýawly saklanlygy bilen döreýär.

Şol bir wagtda hem, ýokarda bellenilişi ýaly, türkmen halkynyň geçen uzak ýolunda onuň medeniýetine we aňyna şindi bişişmedik, kähalatlarda daşardan güýç bilen girizilen «gymmatlyklar» hem bolan. Olaryň täsiri has hem baknalyk döwründe güýjäp başlady. Sowetler döwründe halkyň asyl gymmatlyklaryna çäklendirme syýasaty alnyp baryldy. Bu döwürde türkmen jemgyýetine dünýewilik gymmatlyklary girizilmäge çalşyldy, ýöne olary halkyň özleşdirmegine gerekli şertleri döredilip, ýol açylmady.

Şu ýagdaýy göz öňünde tutup, Türkmenistanyň Prezidenti özüniň «Bitarap Türkmenistan» atly eserinde: «Hut türkmen halkynyň müňýyllyklara uzaýan taryhynyň özi Garaşsyz Türkmenistanyň täze özbaşdak syýasy ugry saýlamagyny öňünden kesgitledi»[115] diýip belleýär. Täze döwürde taryha, däp-dessurlara, halkyň baý medeni mirasyna daýanýan ösüş ýolunda döwrebap gymmatlyklary özleşdirmek gerek boldy, sebäbi täze döwürde şeýle gymmatlyklary döretmek we milli taýdan öz ähmiýetine düşünmek duýgusynyň taplanmagy üçin täze medeni meýdan we täze aň gerek bolýar. Häzirki döwürde şol aňy göterijiler hökmünde özbaşdak pikir ýöredip, netijeli hereket edip bilýän, täze gymmatlyklardan ugur alýan adamlar çykyş edýärler. Telekeçilige we döredijilige ukyply adamlar jemgyýetde bazar ykdysadyýetini ösdüriji güýç bolýarlar.

Jemgyýetde täze gatnaşyklaryň kemala gelşini dünýäniň ösen ýurtlarynyň tejribesinde düýpli öwrenen amerikan alymy R. Mertonyň şu mesele bilen baglanyşykda öňe süren käbir pikirleri garalýan meseläni açmaga ähmiýetli. Jemgyýete täzeligi girizmek maksady, onuň aýtmagyna görä, yzygiderli akylly-başly gönükmeleriň üsti bilen gazanylýar. Şonda baýlyga jemgyýetde täsirlilige ýetmek üçin adamlaryň netijeli, ýöne kanuny taýdan oňlanmaýan serişdelere ýüzlenýänlerine hem duş gelinýär. Şeýle ýagdaý, alymyň bellemegine görä, haçan-da adam bellenen maksady, ony gazanmagyň ýollaryny we düzgünlerini edaralaşdyrylan kada-kanunlar bilen deň derejede özleşdirip bilmedik ýagdaýynda ýüze çykýar.[116] Häzirki türkmen jemgyýetinde täze gymmatlyklar özleşdirilende adamlaryň maksatlaryny we kada-kanunlaryny deň derejede özleşdirmeklerini neneň gazanyp bolar? Şu soraga jogap bermek üçin häzirki döwürde türkmen jemgyýetinde adamlaryň täzeliklere garaýyşlarynyň özboluşlygyny seljermek wajyp.

---

[115] Gurbanguly Berdimuhamedow. Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 2015, 20 sah.

[116] Мертон Р. Социальная структура и ономия. Социсс. №3. 1992, стр. 105.

Bu ýerde milli aňyň adamlaryň maksatlaryny ylmy rasionallygyň, hukuk meýdanynyň gymmatlyklarynyň üsti bilen aňlatmak ukybyny häsiýetlendirmegi zerur. Şol aňyň adamlaryň täze şertlerde iş gurnamak maksatlaryny we ony gazanmagyň ýollaryny akylly-başly guramaklaryna hemaýat edip bilýändigini ýa-da bilmeýändigini anyklamak gerek.

Eger biz türkmeniň milli aňynyň sada-sagdynlygyndan ugur alsak, onda jemgyýetiň oňlaýan ýörelgelerini özlerine nusga edip aljak adamlar az bolmaz. Aňyň we gylyk-häsiýetiň jemgyýetde kemala getiren durmuşyň hemme taraplary bilen sazlaşdyrylyp, adamlaryň endigine öwrülip, ýaşaýşy guramaga gerek bolan täzeliklere garaýşy taplaýar. Şol garaýyşlar bazar ykdysadyýetiniň, ýokary tehnologiýalary özünde jemleýän önümçiligiň talaplary esasynda şindi doly derejede rasional zähmeti üpjün etmeklige ýeterlikli däl.

Meseläniň ikinji tarapy, jemgyýete bazar gymmatlyklarynyň ornaşýan döwründe tiz üstünlik gazanmak maksady bilen ähli serişdeleri, şol sanda olaryň kanun bilen ylalaşmaýanlaryny hem ulanmakdan gaýtmaýanlara jemgyýet nähili garaýar? Türkmeniň milli aňy şeýle adamlary ýazgaryp, arassa we halal zähmet esasynda baýlaşmagy oňlaýar. Geçen asyrda şu hili talaplylygyň derejesi peseldi we ony amal etmegiň ýörelgeleri hem üýtgedi. Şol döwürde milli aňa ýetirilen zelelleri aradan aýyrmak üçin halkyň toplan ruhy-edep gymmatlyklaryny jemgyýete gaýtaryp, onuň hukuk medeniýetiniň derjesini ýokarlandyryp, bazar ykdysadyýetine kybapdaş etiki ýörelgeleri berkitmek gerek boldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň halkyň medeni mirasyny, däp-dessurlaryny tehnologiki siwilizasiýanyň gymmatlyklary bilen sazlaşdyrmak barada edýän tagallalary şu meseläniň çözgüdine gönükdirilýär.

Şeýlelikde, bazar gatnaşyklarynyň içinde üstünlik gazanmak üçin adamlar döwrüň öňe süren talaplary esasynda ýokary tehnologiýaly önümçiligi gurnamagy başarmalydyrlar. Ýurt Ýolbaşçysynyň bäsleşige ukyply hünärmenleriň we telekeçileriň täze neslini ýetişdirmek barada edýän aladalary şu meseläni çözmegiň wajyp şerti bolýar. Ýokarda bu ugurda alnyp barylýan işler giňişleýin beýan edilenligi sebäpli, bu ýerde adamyň işewürligine gerek bolan hukuk esaslarynyň kemala gelşini açmak zerur.

## Milletiň döredijilik ukyplaryny ýokarlandyrmagyň ýollary

Täzeleniş döwründe jemgyýetdäki syýasy, ykdysady, medeni we gaýry gatnaşyklar kämilleşýär. Döwlet edaralary şol gatnaşyklary dolandyryp, olary adamyň, jemgyýetiň we döwletiň utgaşdyrylan bähbitlerini gazanmaga gönükdirmeli bolýarlar. Şolary sazlaşdyrmak esasynda milli döwlet ýurduň maddy baýlyklaryny millete siňdirýär hem onuň ruhy gazananlaryny rejeleýär. Ol milletiň öz durumuşyny içki taýdan gurnamagyň taryhy usuly bolup çykyş edýär. Hut milli döwletde milletiň ýaşaýyş ukyplary bir ýere jemlenýär. Döwlet täze döwürde milleti birleşdiriji, milleti ruhlandyryjy, milli aňy dörediji paýhas bolýar.

Şeýle täsirlilik Ýurtbaştutanynyň öňe süren «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesiniň üsti bilen açylýar. Bu ýörelge özünde jemgyýetçilik ösüşine adam şahsyýetini çekmek, onuň döredijilik ukyplaryny açmak baradaky pikiri jemläp, adamlary bir umumylyga birleşdiriji paýhas hökmünde çykyş edýär. Ýurt Ýolbaşçysy bu ýerde ösüşe we özgerişe döreýän esaslara ünsi çekip: «Eger biziň ýurdumyzyň ynamly öňe gitmeginiň esasy syry gözlense, ony täze hakyky ýagdaýlaryň we halkyň asyrlarboýy dowam edip gelýän däp-dessurlarynyň galtaşýan ýerinden, hususan-da, olaryň döwletiň syýasy we ykdysady hasaplamalarynyň birleşýän ýerinden tapmak mümkindir»[117] diýip belleýär. Diýmek, milleti öňe alyp gidiji güýç döwrüň talaplarynyň we türkmeniň asyl ruhy gymmatlyklarynyň sazlaşmagy esasynda döreýär. Şeýle sazlaşyga esas döretmek üçin biz, ilki bilen, halkyň asyl gymmatlyklaryny jemgyýete gaýtaryp getirmeli bolduk.

Bu iş Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda amal edilip başlandy. Ol ýyllar türkmen milletiniň durmuşynda bolup geçen özgerişler barada biz ýokarda durup geçipdik. Şol döwürde türkmen halky öz garaşsyz döwletini gurup, ilki bilen, ata-babalaryndan galan medeni mirasy gaýtadan özleşdirip başlady. Türkmeniň dili, dini, däp-dessurlary täzeden dikeldildi. Milletiň pikirleniş örüsi giňäp, onuň dili baýlaşýar. Öz bitewi gymmatlyklary arkaly türkmen milleti täzeden berkäp, onuň döredijilik ukyby täzeden artyp başlady. Täze gymmatlyklary döretmek bolsa türkmen milletiniň mundan beýläk hem millet hökmünde ýaşamagynyň esasy şerti bolup çykyş edýär. Öz taryhyny gadymyýetden alyp gaýdýan türkmen halkyna ähli döwürlerde öz durmuş-medeni nusgasyny döretmek häsiýetli bolandyr.

Häzirki döwürde ýurtda geçýän özgerişler köptaraply we özara baglanyşykly prosesleri öz içine alýar, özi hem halkyň täze taryhynda şu özgerişleriň kesgitleýji ugry bolup umumadamzat ösüşiniň ugry çykyş edýär. Bu ýerde eger adamzat taryhy ugrukdyrýan ok bolsa, onda türkmen taryhynyň hem şoňa goşulyşandygyny aýtsa bolar. Şu oky, nemes filosofy K. Ýaspersiň aýtmagyna görä, «...adamyň hakyky adam bolmagyna mümkinçilik döredýän şertleriň kemala gelýän ýerinden gözlemeli...».[118] Şu hili adamyň ýüze çykýan wagtyny alym «oklaýyn wagt» diýip atlandyrýar. XX asyryň soňky çärýeginde Günbatarda oňa esaslar döredi.

Türkmenistanyň şertlerinde şu hili «oklaýyn wagtyň» ýüze çykýanlygyny bellemeli. Ol bagtyýarlyk döwründe täze görnüşde kemala gelýär. Şonuň üçin şu günki türkmen ýurdunda geçýän özgerişleriň adamzadyň ösüş prosesine doly gabat gelýändigini bellese bolar. Bu döwürde türkmen milleti milli we umumadamzat gymmatlyklaryny sazlaşdyrmak esasynda milletiň döredijilik ukyplaryny açmagyň ýoluna girişdi. Şonda milletiň medeni mirasy, akyldarlaryň pähim-paýhasy ösen ýurtlaryň ösüş tejribesi bilen baýlaşdyrylýar, milletiň akyl işinde täze gözýetimler

[117] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A., 2010, 6 sah.

[118] Ясперс К. Смысл и назначение истории. – М.: Прогресс, 1991, стр. 276.

açylýar, milletiň pikir we duýgy dünýäsi giňelýär. Şonuň esasynda hem milletiň gymmatlyklarynyň täze ulgamy döreýär. Ykdysadyýetde hem, syýasatda hem, medeniýetde hem täze gymmatlyklaryň döreýänliginiň biz şaýady bolýarys. Häzirki döwürde adamyň döredijilik we gurujylyk ukybyny ýokarlandyrmak maksady bilen adamyň ylym-bilimi, hünär derejesi ýokarlandyrylýar.

**Döredijilik işi.** Jemgyýetiň ýaşaýyş medeniýetiniň kämilleşmeginde, işewür aňyň döremegi, ýagny döredijilik işi zerur. Bu işi amal etmekde alymlaryň, filosoflaryň, ýazyjy-şahyrlaryň, teatr we kino sungaty işgärleriniň, jemgyýeti öwreniji alymlaryň, umuman, döredijilik bilen meşgul bolýan adamlaryň orny örän uludyr. Häzirki döwürde, meselem, halkymyzyň durmuşyny giňden açyp görkezýän, durmuş hakykatyndan ugur alýan, adamyň ruhy dünýäsine oňyn täsir edýän edebiýat we sungat eserleriniň gerekligi aýdyň duýulýar. Bu meselä ýokarda garalyp geçilipdi. Adam jemgyýetde bolup geçýän ol ýa-da beýleki hadysalaryň şol eserlerde derňewine esaslanyp, onuň ösüşiniň mümkindigini görse, şolaryň esasynda ol özgerişleriň geljekde mümkin bolup biljek gidişini öňünden aňlap bilýär.

Bu ýerde döredijilik işgärleri öz medeni wekilçiligini iki ýol bilen amal edýärler. **Birinji ýol** – medeni gymmatlyklary goramak, jemgyýetiň durnuklylygyny aňladýan adatylyk ýoly. **Adatylyk** – taryhda bakylygyň barlygynyň görnüşi. **Beýleki ýol** – bar bolan kämilsizligi gutarnykly kämilligiň nukdaýnazaryndan bahalandyrmak ýoly. Bu ýol geçmişiň we şu günüň ähli hadysalarynyň köpsanly geçirimlilik edýän we oňlaýan obýektiw şertlerinden azat edilýänligini göz öňünde tutýar. Durmuşda iki ýol hem birýanly amal edilmeli däl. Jemgyýet baky zatlary ýadynda hem saklamaly, ýadyndan hem çykarmaly. Şonuň üçin intelligensiýa nyşanlaryň, sözüň kömegi bilen adamlaryň medeni mirasy goramaga we medeni gymmatlyklary ösdürmäge jogapkärçilik duýgularyny berkitmeli.

Bu hem döredijilik işgärleriniň şu örän wajyp işdäki, jemgyýetdäki ornuny kesgitleýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly eserinde döredijilik adamlarynyň «...her bir döreden eserleriniň häzirki zaman dünýäsiniň ruhy gymmatlygyna öwrülmegi meniň bu ugurdaky alyp barýan işlerimiň baş maksadydyr. Şeýdibem, biz öz nesillerimiziň intellektual ösüşleriniň binýadyny gurýarys»[119] diýip belleýär. Şu hem döredijilikli adamyň alyp barýan örän ähmiýetli işine talaby hem kesgitleýär. Döredilen eseriň «häzirki zaman dünýäsiniň ruhy gymmatlygyna öwrülmegi» üçin döwrüň aýratynlygyny çuňňur we täsirli açyp görkezmegi gerek.

**Döredijilik intelligensiýasy** – jemgyýetiň intellektual kuwwatynyň ýokarlanmagy döwrüň häsiýetli aýratynlygy. Ýurtbaştutany öz çykyşlarynda döredijilik işgärleri täzeleniş döwründe jemgyýetçilik aňyny, onda-da işewür aňy döretmek işine bu aňyň takyk görnüşleriniň her biriniň, has hem edebiýatyň we sungatyň öňünde

---

[119] Gurbanguly Berdimuhamedow. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016, 113 sah.

duran wezipeleri birin-birin görkezýär. Şu wezipeleri amal etmäge ukyply işgärleriň ussatlygyny artdyrmak, olaryň täze nesillerini ýetişdirmek we netijeli işlemekleri üçin gerekli şertleri döretmek hem Türkmen döwletiniň üns merkezinde durýar.

Şu maksat bilen ýurdumyzda yzygiderli geçirilýän Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň baýragyny almak ugrunda we onuň çäginde geçirilýän höwesjeň aýdymçy ýaşlaryň «Ýaňlan, Diýarym!» telebäsleşiginiň, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň we Türkmenistanyň Prezidentiniň baýragyny almak ugrunda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň ýaş alymlarynyň we talyplaryň arasynda geçirýän ylmy bäsleşiginiň aýratyn ähmiýetlidigini bellemeli. Şolaryň esasynda döredijilik işgärleriniň jemgyýetiň medeni-ruhy ösüşine goşýan goşantlary artýar, olaryň işewürligi ýokarlanýar.

Biziň häzirki özgerýän jemgyýetimiz üçin adamyň döredijilik we gurujylyk ukybyny ýokarlandyrmak esasy meseleleriň birine öwrüldi. Milli Liderimiz: «...türkmen halkynyň dünýäde dörediji we gurujy, oýlap tapyjy halk hökmünde giňden tanalmagyny gazanarys»[120] diýip, bu meseläniň aýratyn ähmiýetini we ony çözmegiň gaýragoýulmasyz wezipä öwrülendigini belleýär. Onuň wajyplygy täzeleniş döwri bilen bagly. Ýurtda geçýän özgerişler her bir adamyň, goý, ol döredijilik işgäri ýa-da önümçilikde işleýän inžener, menejer, telekeçi bolsun, tapawudy ýok, döredijilikli zähmeti esasynda amal bolýar. Diýmek, halkyň döredijilik ukyby has giňden açylmaly.

**Türkmen halkynyň döredijilik medeniýeti.** Her bir halk öz ýaşaýşyny öz asyl gymmatlyklarynyň esasynda gurnaýar. Milletiň ýaşaýşy gurmak, döretmek bilen bagly bolýar. Eger ýaşamak gurmak bilen bagly bolsa, onda bar bolmak döretmek, adam keşbini saklamak bilen baglydyr. Ýokarda türkmen halkynyň döreden gymmatlyklaryna örän aýawly garandygy barada bellenilipdi. Bu ýerde halkyň aýawlylyk häsiýeti esasynda täze gymmatlyklary döretmek, ozalky gymmatlyklary kämilleşdirmek barada aladalarynyň hem ähmiýetli bolandygyny nygtamak gerek. Geçen nesilleriň hatda dagynyk ýaşalan döwürde hem saryja goýnuň tohumyny saklamak, ahalteke bedewini ýetişdirmek, türkmen halysyny kämil derejä çykarmak bilen baglanyşykly işleri dowam edenligi, olaryň döredijilik ukybynyň ýokarylygyny subut edýär.

Türkmen halky öz geçen uzak ýolunyň dowamynda adamzat medeniýetiniň köp ugurlaryna saldamly goşant goşup gelipdir. Bu ýerde ylym-bilim, önümçilik bilen baglanyşykly gymmatlyklar örän kän. Şu mesele beýan edilende önümçilik gymmatlyklara milletiň ruhy medeniýetiniň wajyp görkezijisidiginden ugur alynmagy gerek. Elbetde, maddylaşan bilimiň hem-de tejribäniň seresi hökmünde tehniki serişdeler, ýokarda bellenilşi ýaly, serhet, çäk diýen zady bilmeýär, milli häsiýete eýe bolmaýar, emma, muňa garamazdan, takyk bilimler we önümçilik endikleri, belli

[120] Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgär Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň maksatnamasy. Türkmenistan. 2016-njy ýylyň 26-njy dekabry.

bir derejede halkyň öňki toplan medeni hem-de durmuş tejribei esasynda üstünlikli ösdürilip bilner. Jemgyýetde bolup geçýän durmuş-ykdysady özgeriş, önümçilikde ahlaky ýörelgeler esasynda dörän gatnaşygy ulanmasa, ýeterlik peýda berip bilmeýär. Aňyň we gylyk-häsiýetiň jemgyýetde kemala getiren nusgalary öňümçilik bilen sazlaşdyrylyp, şol nusgalar önümçiligiň «etine-ganyna» ornaýar we dura-bara önümçilik we ykdysady medeniýetiň bir bölegine öwrülýär.

Şonuň bilen bir hatarda bu medeniýetiň diňe häzirki nesilleriň gymmatlyklary we kada-kanunlary bilen çäklenmeýändigini bellemek gerek. Biziň jemgyýetimizdäki gymmatlyklar hem-de ýörelgeler, mysal üçin, türkmen halkynyň taryhynyň garaşsyzlyk ýyllarynyň hem ýaňy-ýakynda sowetler döwrüniň, hem-de onuň köp müňýyllyklary öz içine alýan bütin geçmişiniň şöhlelenmesidir. Şonda medeniýet geçmişde bar bolan gymmatlyklardan we ýörelgelerden häzirki döwre hyzmat edip biljeklerini, peýdalylaryny, jemgyýetde bolup geçýän üýtgemeleri nazara alyp, şol gymmatlyklary we kada-kanunlary täzeden döredýän özboluşly «gural» bolup çykyş edýär we halkyň hakydasyny oýarýar. Şu hili özgerdijilik halkyň jemgyýetiň durmuşyny sazlamak işinde hem aýdyň görünýär.

Halkyň jemgyýetçilik durmuşyny sazlamak ukyby gadymyýetde kemala gelip, onuň taryhynyň ähli döwürlerinde saklanyp gelipdir. Türkmen halkynyň döwletlilik, ýagny jemgyýetiň durmuşyny sazlamak işi milli demokratiki gymmatlyklaryň üsti bilen açylýar. Haçan-da şahsyýetiň aňynda şol gymmatlyklar açylanda, onuň içki ýaşaýyş we durmuş ukyplary we hyjuwlary täzeden gaýnap joşýar. Onuň aňy we ýüregi taryhy-ruhy dowamatyň meýdanyna öwrülýär. Ol ene topragyň gudratyny duýup ýaşamak ukybyna eýe bolýar.

Bu ýerde adam şol gymmatlyklardan ugur alyp, öz döwrüni aýdyň aňlamaga ukyply bolýandygy bellenilýär. Şonda ol diňe bir ösüşiň we özgerişiň wajyplygyna akyl ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem şol wezipäni amal etmek başarnygyna hem eýe bolýar. Häzirki nesiller hem ýurt Ýolbaşçysynyň öňe süren Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri ýörelgesiniň üsti bilen şeýle ukyba eýe bolup, şu günki türkmen jemgyýetinde milletiň asyl gymmatlyklarynyň esasynda döwrüň gymmatlyklaryny özleşdirip, ýurdy senagat taýdan ösen döwlete öwürmek ugrunda alnyp barylýan işlere öz goşantlaryny goşup bilerler.

**Berkarar döwlet we milletiň jebisligi.** Türkmen halky ýurduň ägirt uly serişde mümkinçiliklerine, geostrategik taýdan amatly ýerde ýerleşýän, hemişelik Bitaraplyk esaslaryna syýasy ugruna we halkyň asyrlaryň dowamynda toplan ruhy-medeni gymmatlyklaryna daýanyp dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna işewür girişýär. Bu ýerde ýüze çykýan meseleler milleti birleşdirýän ýörelgeler, halkyň tagallalaryny, gujur-gaýratyny herekete getirýän, oňa mahsus bolan döredijilik we gurujylyk ukyplaryny açmak esasynda amal edilýär.

Häzirki döwürde Türkmen döwleti tarapyndan alnyp barylýan ynsanperwer özgeriş syýasaty, ýurtda syýasy köpdürlüligiň we köppartiýalylygyň ykrarlanmagy

dürli gymmatlyklardan ugur alýan adam toparlaryny bitewileşdirmäge täze esaslary döredýär. Bu ýerde ýurdumyzda ýyl-ýyldan kämilleşýän saýlawly demokratiýanyň täsirini bellemek gerek. Saýlawçylaryň dalaşgärler bilen duşuşyklary, geçirilýän söhbetdeşlikler biri-birine bolan ynamlylyk we düşünişmek ýagdaýynda geçip, olara gatnaşýan adamlarda ýurduň, ýaşaýan welaýatlarynyň, şäherleriniň, obalarynyň geljegi barada oý-pikirleri döredip, öňe sürülýän maksatlary aňşyrmaga, geljekki işlerde öz ornuna eýe bolmaklaryna we bu ýerde döredijilikli zähmet çekmäge bolan yhlaslaryny artdyrýar.

Syýasy köpdürlülik döwründe halkymyzyň baý medeni mirasynyň, durmuş tejribesiniň esasynda jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda sagdyn bäsleşik ýola goýulýar. Bäsleşik bu ýerde, oňa gatnaşýan dürli toparlar, adamlar tarapyndan öňe sürülýän maksatlarynyň aýdyňlygyny, olary amal etmegiň netijeliligini ýokarlandyryp, şol bir wagtda hem adamlaryň jebisleşmegine esaslary döredýär. Bäsleşigiň şertlerinde adamlaryň özara baglanyşygynyň has pugtalanýandygynyň biz şaýady bolýarys. Bu ýerde adamlar diňe bir ykdysady gatnaşyga däl, eýsem, özara pikir alyşyp ruhy gatnaşyga hem girýärler. Şu hili duşuşyklarda, özara söhbetdeşlikde adamlar ýurduň geljegi barada oýlanyp, pähim-paýhasly pikirler esasynda ýakynlaşýarlar. Şu hili geljek barada pikir alyşmalar 2018-nji, 2019-njy ýyllaryň 25-nji sentýabrynda geçen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň birinji we ilkinji mejlisleriniň dowamynda has täsirli boldy. Aslynda, geljek barada paýhasly oýlanmalar, gowy arzuwlar adamlaryň ruhlaryny, kalplaryny birleşdirýär.

Türkmen Lideri ruhy taýdan ýakynlaşýan adamlarda döreýän birleşdiriji güýji «paýhaslaryň sazlaşygy» diýip atlandyrýar we ol güýje eýe bolan adamlaryň öňünden birek-birege garaşyp ýören ýaly, tiz süýji söhbetdeşlere öwrülýändiklerini we hususylyk dünýäsiniň umumylyga öwrülýändigini belläp, garalýan mesele degişli örän ähmiýetli netije çykarýar: «Jemgyýetiň jebisligi paýhasy, zehini, asyllylygy bilen ýakynlaşan adamlaryň gatnaşygyna baglydyr. Jemgyýetiň umumy derejesini hem şeýle sazlaşykly ýola goýlan gatnaşyklar kesgitleýär. Şeýle adamlaryň garaýyşlary, aň-düşünjesi, zehini, akyl-paýhasy öňegidijilikli häsiýete eýe bolup, sagdyn jemgyýetiň kemala gelmeginiň ruhy sütünleridir».[121]

Şeýle hadysalar adamlaryň ýurtda geçýän özgerişlere, jemgyýete ornaşýan gymmatlyklara bolan dürli garaýyşlaryny ýakynlaşdyryp, milletiň has hem jebisleşmegine getirýär. Aýry-aýry toparlaryň birleşmegi esasynda döreýän ulgamyň özboluşlylygy özgerişiň netijeliligi bilen bagly bolýar. Ol netijelilik bolsa üznüksiz milli gurluşy üpjün etmek, islendik päsgelçiligi ýeňip geçer ýaly milletiň öňde goýan maksatlaryny gazanmak üçin şert bolup duran milli ýaşaýşa ukyplylygy kemala getirýär.

**Bagtyýarlyk döwründe siwilleşen ösüşe eýe bolan türkmen milletiniň özüne dünýäni açmagy we dünýä açylmagy.** Türkmen milleti teşnelik bilen bagtyýarlyk

[121] Gurbanguly Berdimuhamedow. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016, 137 sah.

döwrüniň gymmatlyklaryny özüne siňdirip, täzeden taryhyň köpdürlüligini aňlaýar, häzirki dünýäniň aladalary bilen siwilleşen görnüşde ýaşap başlaýar. Ýurtda geçýän özgerişler, döredilýän ylmy-tehnologik merkezler Türkmenistan döwletiniň dünýäniň senagat taýdan ösen ýurtlarynyň hataryna geçip, öz baýlyklaryny ylmy esasda has netijeli ulanyp, halkyň bolelin ýaşaýşyny gazanyp, belentliklere tarap ynamly barýandygyny görkezýär. Bu bolsa milletiň täzelenişe gönügen, gujur-gaýratynyň we pähim-paýhasynyň ösüşler we özgerişler taglymatynda ählitaraplaýyn açylandygyna şaýatlyk edýär. Ýurt Ýolbaşçysynyň öňe süren döwrebaplaşmak syýasaty millete özüniň ýaşaýyş ukybyny açmagyň guraly bolup çykyş edýändigini bellemeli.

Bu syýasat türkmen halkynyň gadymyýetde berkän beýik ynanjyndan ugur alýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly eserinde bellenilişi ýaly, türkmen ruhuna siňen tümlükden nuranalyga çykarýan şol gadymy ynanç-ýörelgeler halkymyzyň durmuş medeniýetine öwrülipdir. Bu kadalar häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň demokratik milli ýörelgelerini kemala getirýärler".

Bu gün türkmen halkynyň Beýik Ýüpek ýolunyň hereketlendiriji güýji bolup bitiren işlerini hem-de şol döwürde halk hakydasynda toplanan rowaýatlarda, danalarymyzyň pähim-paýhasynda beýan edilen durmuş filosofiýasyny nazara almak bilen döwlet geljek barada aladalanýar. Geljegimiz bilen bagly çuňňur manyly işleri durmuşa geçirmek hemişe irginsiz gözlemegiň, öz-özüňi taplamagyň, erjelligiň, ösüşiň mümkin bolan ähli ýollary hakynda düýpli oýlanmagyň netijesinde amal bolýar.

Şol oýlanmalaryň essynda kesgitlenen maksatlary we wezipeleri amal etmek üçin adamlaryň döredijilik, gurujylyk, oýlap tapyjylyk ukyplary täzeden häzirki döwrüň mümkinçilikleri esasynda has giňden açylýar. Gadymy Ýüpek ýoly täzeden ulag-üstaşyr geçirijileriň, transmilli gazgeçirijileriň, ýokary woltly elektrik geçirijileriň, optiki süýümli aragatnaşyk ulgamlarynyň üsti bilem täzeden dikeldilýär. Türkmen halky bu adamzat ähmiýetli işe öz saldamly goşandyny goşýar. Bu hem täzeleniş döwründe aýdyň ýoldan barýan halkyň döredijilik, gurujylyk işi esasynda amal bolýar.

Häzirki döwürde taryh türkmen halkyna öz işewürligiwe döredijiligi bilen ýene-de belentliklere galmaga, ýurduň döwrebaplaşmagyna, dünýä açylmagyna mümkinçilik berýär. Türkmen milleti bu döwürde amal edilýän beýik işleri bilen dünýä açylýar we özüni dünýä açýar. Esasy mesele şol mümkinçilikleri çuňňur aňlap, geljekki ösüşleri we özgerişleri gazanmak üçin olary netijeli ulanmakda we ösdürmekde bolýar.

### Gaýtalamak üçin soraglar:

1. Milletiň döredijilik ukyplary nähili häsiýetlendirilýär we neneňsi açylýar?
2. Türkmen halky nähili ýaşaýyş medeniýetine eýeren we eýerýär?
3. Bagtyýarlyk döwründe milletiň döredijilik ukyplary neneňsi işjeňleşýär?
4. Adamyň döredijilik we gurujylyk ukyplarynyň açylmagy näme bilen bagly?
5. Saýlawly demokratiýanyň kämilleşmeginiň adamlaryň jebisleşmegine edýän täsirini nämede görýärsiňiz?
6. Türkmen halky dünýäde täzeden neneň täsirlilige eýe bolýar?

## 2-NJI SAPAK. TÜRKMENISTANDA RAÝAT JEMGYÝETINIŇ BERKARARLANMAGY

*Döwlet we jemgyýet. Olaryň özara gatnaşyklary. Raýat jemgyýeti. Adam, onuň hukuklary we azatlyklary hakynda konstitusion düzgünler.*

*Jemgyýetçilik durmuşynyň durnuklylygy Türkmenistanda hukuk döwletini, raýat jemgyýetini gurmagyň girewi hökmünde. Hususy eýeçiligiň giňelmegi we demokratiýanyň ýaýbaňlanmagy esasynda raýat jemgyýetiniň edaralarynyň kemala gelmegi.*

*Halkyň döwlet häkimiýet edaralaryna saýlan wekilleri bilen ýaşaýan ýerleri boýunça ýa-da bähbitleriň umumylygy boýunça döredilen raýat jemgyýetiniň guramalary bilen bilelikde häkimiýeti amala aşyrmak mümkinçilikleri.*

**Döwlet we jemgyýet.** Döwlet bilen jemgyýet berk baglanyşykda bolýarlar, ýöne olaryň arabaglanyşygy ýönekeý däl. Şu ýerde bar bolan baglanyşyklaryň **birinjisi**, döwlet öz edaralarynyň üsti bilen jemgyýetiň ähli gurşawlaryny göz astynda saklap, kähalatlarda ony özüne doly boýun etmäge çalyşýar. Şu hili baglanyşyk totalitar düzgüne häsiýetli bolýar.

Baglanyşygyň **ikinji görnüşi,** jemgyýet döwletiň gözegçiliginden azat bolýar. Ol kararlara boýun bolman, kanunlary inkärleýär. Şu hili jemgyýetçilik ýagdaýlar (örän gysgamöhletleýin) adamzat taryhyna belli. Gadymy akyldarlar oňa «mähelläň häkimiýeti» diýip at berenler. Täze döwrüň ylmynda bolsa bu ýagdaý **anarhiýa** diýlip atlandyrylýar,

**Üçünji görnüşi,** döwlet we jemgyýet parahatçylykda, sazlaşykda ýaşaýarlar. Döwlet jemgyýeti dolandyrýar, ýöne ony doly boýun etmäge çalyşmaýar. Jemgyýet hakyky ýaşaýşa eýe, şol bir wagtda hem döwleti inkärlemeýär. Olaryň arasynda göze görünmeýän çäk bar kimin. Onuň bir tarapynda *adamlar öz aladalary bilen ýaşaýarlar, olar zähmet çekýärler we dynç alýarlar, maşgala gurýarlar, çagalary ýetişdirýärler, beýik işleri amal edýärler. Beýleki tarapynda döwlet jemgyýeti dolandyrmagyň mehanizmini gurnaýar, adam toparlarynyň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrýar, kanunlary çykarýar, olaryň ýerine ýetirilmegi barada alada edýär. Ol adamlaryň durmuşynyň ähli ownuk-uşak taraplaryna girişmeýär. Şu hili ýagdaýda döwlet bilen jemgyýet ygtybarly hyzmatdaş bolup çykyş edýär.*

Görşümiz ýaly, döwlet bilen jemgyýetiň özara baglanyşygynyň üçünji görnüşi ileri tutarly, ýöne şu hili arabaglanyşyk durmuşda mümkinmi? Häzirki döwrüň demokratik ýurtlarynyň birnäçesiniň tejribesi şu soraga kanagatlanarly jogap berýär.

**Raýat jemgyýeti.** Ýokarda garalan ýagdaýda iki tarapyň – döwlet bilen jemgyýetiň özara baglanyşygy barada gürrüň gidipdi. Jemgyýetçilik durmuşynyň kadaly bolmagy üçin jemgyýetiň we döwletiň aýratyn ýagdaýynyň bolmalydygyny çen etmek mümkin. Hakykatdan hem, bu ýerde gürrüň «aýratyn» jemgyýet we «aýratyn» döwlet barada bolmaly.

Jemgyýetçilik ylymlarynda şeýle aýratyn jemgyýet raýat jemgyýeti diýlip kabul edilýär. Bu jemgyýet filosofiýanyň taryhynda we syýasaty öwreniş dersinde görkezilişi ýaly – adama öz ykdysady hem syýasy durmuşynyň görnüşlerini erkin saýlap almagy kepillendirilýän, adamyň ählumumy hukugy ykrar edilýän jemgyýetçilik gurluşydyr. Raýat jemgyýeti filosofiki düşünje hökmünde Aristotel tarapyndan öňe sürüldi. Akyldar döwlet raýatlaryň, raýat bileleşiginiň jeminden başga zat däldir diýip belläpdir. Ol raýat jemgyýetiniň ýokary häkimiýetiň ählumumy eşretiň bähbitleri üçin hereket edýän mahaly bolýar diýip tassyklaýar.

XVII asyryň ortasyndan başlap (T. Gobbsuň eserleri) **raýat jemgyýeti** hakyndaky düşünje uzak wagtlyk ewolýusiýany geçdi we XVIII asyrda Fransuz buržuaz rewolýusiýasy döwründe adamyň we raýatyň hukuklarynyň Jarnamasynyň jar edilmegi bilen giňden ýaýrady. Jemgyýetiň we döwletiň bähbitleri bilen utgaşyklykda öz şahsy bähbitlerine akyl ýetirýän jemgyýetiň deňhukukly agzasy bolan «raýat» peýda boldy.

Beýik nemes alymy I. Kantyň eserlerinde raýat jemgyýeti baradaky pikir täsirli görnüşde açylýar. Ol raýat jemgyýetinde adamlaryň aragatnaşyklary nähili düzgünler esasynda gurnalmaly diýen soraga ünsi çekýär. Şonda ol adamlaryň gylyk-häsiýetleriniň çylşyrymlydygyny belleýär. Her bir adamda şöhratparazlygam, oňşuksyzlygam, açgözlügem bar, ýöne onda erkinlige-de, ylalaşyga-da çalyşma bar. Adamlaryň bilelikde parahat we işewür ýaşamaklary üçin, akyldaryň aýtmagyna görä, raýat jemgyýeti üç esasy ýörelgäniň: jemgyýetiň her bir agzasynyň erkinligi; adamyň raýat hökmünde beýleki adamlar bilen deňligi; adamyň raýat hökmünde özbaşdaklygy esasynda gurnalmaly.

Raýat jemgyýeti baradaky pikir, görşümiz ýaly, Günbatarda döreýär. Uzak wagtlap ösüş netijesinde umumadamzat gymmatlyklaryna esaslanan raýat jemgyýetiniň häzirki zaman düşünjesi emele geldi. Eýeçiligiň görnüşleriniň köpdürlüligi we deňligi, zähmetiň hem-de telekeçiligiň erkinligi, aňyýet babatdaky köpdürlülik we maglumatlary almakdaky erkinlik, adam hukuklarynyň hem azatlyklarynyň üýtgewsizligi, ösen öz-özüňi dolandyryş, esasy sosial edara bolan maşgala onuň esasy elementleridir.

Soňky ýyllarda täze garaşsyz ýurtlaryň birnäçesinde toplumlaýyn konstitusion-hukuk instituty hökmünde raýat jemgyýetiniň esaslaryny pugtalandyrmaga tarap tendensiýa ýüze çykdy. Biziň jemgyýetimiziň türkmen milletiniň we adamzadyň raýat jemgyýetinde bilelikde, işewür, sazlaşykly abadan ýaşamaklary üçin döreden ähli gymmatlyklaryny özleşdirmegi esasynda mümkin bolar. Bu gymmatlyklar bolsa ymgyr kän we örän täsirli.

Türkmen halky iň gadymy halklaryň biri bolup, il bolup jemgyýetde ýaşamagyň baý tejribesini toplan. Hatda uzak wagta çeken döwletsizlik döwründe hem biziň ata-babalarymyz jemgyýetde ýüze çykýan meseleleri akylly-başly çözmegi başarypdyrlar. Durmuş tejribesi esasynda toplanan bilimleri, endikleri, dörediji-

lik ukyplaryny, hojalygy gurnamak we alyp barmak ýörelgelerini biziň halkymyz jemgyýetde aýawly saklap, «türkmençilik» düzdünlerini nesillerden-nesillere geçirip gelipdir. Şol gymmatlyklar hem ýeňil bolmadyk tebigy we durmuş şertlerinde halkymyzyň ýaşamagyna, her bir ýagdaýda öz durkuny saklamagyna hemaýat edenler.

Türkmen halkynyň baý ýaşaýyş medeniýeti adamlaryň özleriniň jemgyýetde durmuş gözegçiligini gurmaklaryna esaslary döredipdir. Jemgyýetçilik ulgamynyň durnuklylygy adamlaryň hereketlerini kadalaşdyrmak bilen bagly bolýar. Geçen nesiller ilkibaşdan edep terbiýesine üns berip, adamlaryň jemgyýetde özlerini kadaly alyp barmaklaryny gazanmaga çalşanlar. Şonuň esasynda hem jemgyýetdäki gatnaşyklary tertiplemäge esas bolýan durmuş gözegçiligi dörän. Bu gözegçilik durmuş kadalaryny, edep ýörelgelerini, talaplary, çäklemeleri öz içine alýar. Adamlara daşyndan däl-de, ýaşaýan toparlarynyň tarapynda edilýän täsir içerki gözegçiligi döredýär. Öz-özüni çäkläp, adam meýletin jemgyýetiň talaplaryny ýerine ýetirýär. Şolar hem häzirki kemala gelýän raýat jemgyýetiniň ýörelgelerine esas bolýarlar.

Hakykatdan hem, çylşyrymly şertlerde taplanan türkmeniň milli aňy azat we erkin durmuşy gurmaga gerek bolan gymmatlyklaryň we ahlak kadalarynyň, iş başarnyklarynyň iň ähmiýetlilerini öz içine alan. Bu gymmatlyklar milletiň ýaşaýyş medeniýetine öwrülip adamlaryň hereketlerine we durmuş ýörelgelerine sada sagdynlyk çaýan. Ol döwürde berkän biziň milli aňymyz toparlaýyn bähbidi öňe sürmek we goramak bilen häsiýetlendirilen. Şeýle şertlerde türkmen jemgyýetinde dürli toparlaryň bähbitleriniň sazlaşygy döräp, adamlaryň hereketine we ýaşaýyş ýörelgelerine ynamlylyk we akyl-paýhaslylyk beripdir. Şeýle ýagdaýyň ýurt möçberinde amal bolmagy kethudalaryň, danalaryň täsiri bilen berkäp, durmuş gözegçiliginiň täze görnüşleriniň döremegine getiripdir. Şolaryň iň täsirlisi umumy meseleleriň maslahatlaryň, geňeşleriň üsti bilen çözülmegi esasynda dörän. Halk bilen, ýaşulular bilen maslahatlaşyp, dogry çözgütleri gözlemek we kabul etmek häzirki nesillere geçen nesillerden galan iň beýik demokratik mirasdyr.

Häzirki döwürde ýurtda kemala gelýän raýat jemgyýetiniň berkararlanmagy üçin halkyň öz ýaşaýşyny gurnamakda we dolandyrmakda toplan şeýle baý syýasy-medeni mirasynyň we durmuş tejribesiniň ähmiýetli boljaklygy gümansyz. Şol gymmatlyklar esasynda dünýäniň ösen ýurtlarynda bu ugurda gazanylan ylmy we syýasy-medeni tejribäni özleşdirmek häzirki döwürde jemgyýetiň öňünde duran wajyp wezipe bolýar.

Raýat jemgyýetine häzirki zamanda düşünilişi döwletiň we syýasatyň demokratik taglymatlarynyň çäklerinde raýatlaryň meýletin hem döwlete garaşsyz birleşmeleriniň jeminden ybaratdyr. Olaryň agzalary bolsa professional syýasatçylar bolmasalar-da, öz wekilçilik edýän sosial toparlarynyň bähbitleriniň kanagatlandyrylmagyny gazanmak maksadyna eýerip, döwlet häkimiýeti bilen guramaçylykly hem-de işjeň arkalaşykly hereket edýärler. Raýat jemgyýeti edaralary hukugyň esasynda işleýärler, ol edaralar hukuk kanunyna tabyndyr. Şeýlelikde hem, döwlet

hem-de raýat jemgyýeti deň derejede hukuga tabyn bolup durýarlar. Raýat jemgyýeti öz agzalarynyň aň-düşünjesiniň kemala gelmegine ýardam edýär, sebäbi adam diňe bir peýda alýan telekeçi ýa-da diňe bir sarp ediji bolman, ol öz içki tebigaty boýunça jemgyýetçilik häsiýetlidir we oňa ýaşamagyň hem hyzmatdaşlyk etmegiň örän dürli görnüşleri derwaýys. Adama bolup geçýän zatlara täsir etmek gerek, oňa öz bitirýän hyzmatlarynyň ykrar edilmegi zerur bolup durýar. Raýat jemgyýeti adamyň öz-özüni açyp görkezmeginiň netijeli serişdeleriniň biridir.

Raýat jemgyýetiniň edaralaryny gurmagyň zerurlygy şu hili esasy faktorlar bilen şertlendirilýär: raýat jemgyýeti adamzat jemgyýetiniň has göwnejaý görnüşidir. Şonda adamyň köpgörnüşli talaplaryny, zähmete, eýeçilige, öz pikirini erkin beýan etmäge bolan onuň düýpli hukuklaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmek mümkindir. Raýat jemgyýetiniň mehanizmi bir bitewi düzüm hökmünde jemgyýetçilik gatnaşyklaryny iş ýüzünde ynsanperwerleşdirmäge mümkinçilik berýär. Muňa gyzyklanma bolsa adamyň işiniň köpdürli görnüşleriniň esasyny düzýär. Raýat jemgyýeti adamlaryň dürli bähbitleriniň esasynda döreýär we onuň mehanizmleri olaryň ylalaşylmagyna gönükdirilendir. Raýat jemgyýetinde adamlaryň borçlary olaryň hukuklaryny durmuşa geçirmegiň şertleri hökmünde emele gelýär. Raýat jemgyýeti jemgyýetçilik gurşawlaryň ählisinde düzüm taýdan öz guramalary we birleşikleri arkaly ýüze çykýar. Olaryň has uly bölegi ykdysady, sosial-syýasy we ruhy (medeni) gurşawlara düşýär. Ykdysady gurşawda raýat jemgyýetiniň döwlete dahylsyz kärhanalar (senagat, söwda, maliýe we ş.m.) tarapyndan döredilen guramalarynyň giň ulgamy işleýär. Olar bolsa häzirki zaman demokratik döwletlerde üýtgewsiz köplüge eýedir.

**Raýat jemgyýetiniň kemala gelmegi.** Raýat jemgyýeti baradaky pikir, görşümiz ýaly, örän aýdyň we özüne çekiji, ýöne durmuşda bu pikiri amal etmek köpsanly kynçylyklar bilen bagly bolup, wagty talap edýär.

Raýat jemgyýetini karar bilen ýa-da kanun bilen girizip bolmaýar. Ol kem-kemden, bagyň mes toprakda ösüşi kimin tebigy taýdan kemala gelýär. Raýat jemgyýeti üçin «mes toprak» bolup näme hyzmat edýär? Raýat jemgyýetiniň kadaly ýaşamagy üçin nähili şertler gerek? Aşakda olar barada aýry-aýrylykda durlup geçiler. Bu ýerde bolsa raýat jemgyýetiniň kemala gelmegi we kadaly hereket etmegi üçin hususyýetçileriň we hukuk döwletiniň gerekligini bellemeli.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurtda raýat jemgyýetiniň gymmatlyklary işewür özleşdirilýär. Ýokarda bellenilişi ýaly, türkmen halky jemagat-il bolup ýaşamagyň baý tejribesini toplan. Türkmenistanyň Prezidenti ýurt ýolbaşçylygyna gelen ilkinji günlerinden başlap, halkyň şol tejribesi esasynda ýurtda kämil jemgyýeti – raýat jemgyýetini gurmak barada örän täsirli ýörelgeleri öňe sürdi. Raýat jemgyýeti adamzat jemgyýetiniň aýratyn görnüşi bolup, ol hukuga we adamlaryň işewürligine esaslanýar. Bu ýerde döwlet hem, jemgyýet hem deň derejede kanuna tabyndyrlar. Şeýle ýagdaý ösen hususyýetçileriň we hukuk döwletiniň edaralarynyň

özara sazlaşykly täsiri esasynda döreýär. Türkmen halkynyň adamy mertebeleýän durmuş tejribesi we ahlak ýörelgeleri şu gymmatlyklary özleşdirmäge ygtybarly esas bolup çykyş edýärler. Bu tejribe türkmen adamsynyň içki dünýäsiniň jemgyýetçilik häsiýetine eýe bolýanlygy bilen bagly. Türkmen Lideriniň şol esaslara daýanýan döwlet gurujylyk syýasatynyň netijesinde bu gün ýurtda geçen nesileriň agzybirlikde we jebislikde il bolup ýaşamak ýörelgeleriniň berkeýändigi görünýär.

Häzirki türkmen jemgyýetinde adamyň özüniň köpgörnüşli başarnyklaryny, zähmete, eýeçilige, öz pikirini erkin beýan etmäge we goramaga bolan düýpli hukuklaryny iş ýüzünde has işewür durmuşa geçirmegine mümkinçilikler döreýär. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe jemgyýetde şol mümkinçilikler giňişleýin açylýar. Öz gezeginde, adam hukuklaryna we azatlyklaryna hormat goýmak türkmen jemgyýetiniň has hem jebisleşmegine, hakyky halk häkimiýetiniň berkarar bolmagyna gerekli esaslary dörедýär.

Türkmen ýurdunda raýat jemgyýeti kem-kemden, halkyň toplan syýasy-medeni tejribesi esasynda döreýär. Kemala gelýän raýat jemgyýetiniň sosial-syýasy gurşawy jemgyýetçilik-syýasy guramalaryny we hereketlerini; raýatlaryň jemgyýetçilik işjeňliginiň dürli görnüşlerini (mitingleri, ýygnaklary, ýörişleri); ýaşaýan ýerlerindäki ýa-da zähmetkeşler toparlaryndaky jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralaryny; döwlete dahylsyz köpçülikleýin habar beriş serişdelerini özünde jemleýär

Raýat jemgyýetiniň sosial-syýasy gurşawynyň guramalary we birleşikleri raýat jemgyýetiniň ähli subýektleri ýaly jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda döredilýär hem-de işleýär.

Raýat jemgyýetiniň ruhy (medeni) gurşawy pikir we söz azatlygyny, öz pikiriňi jemagat öňünde aýdyp bilmegiň anyk mümkinçiligini, döredijilik birleşikleriniň özbaşdaklygyny we garaşsyzlygyny üpjün edýär. Ol gönüden-göni adamlaryň durmuş keşbi, olaryň ahlaklylygy, ylmy döredijiligi, ruhy kämilligi bilen baglanyşyklydyr.

Raýat jemgyýetiniň hukuk medeniýetiniň düzümi örän köptaraplydyr. Hukuk medeniýeti jemgyýetiň aýratyn ösüşiniň derejesi hökmünde, ilkinji nobatda, ösen hukuk taglymatlaryny we kanunlaryny kabul etmäge taýýarlygy bilen ýüze çykýar. Hukuk medeniýeti – munuň özi raýat jemgyýetiniň agzalarynyň işiniň bellibir häsiýetidir we derejesidir. Şol işiň barşynda olar öz hukuk bilimlerine, başarnyklaryna, endiklerine eýe bolýarlar. olary ösdürýärler. Ahyrsoňunda hukuk medeniýeti hukuk gurşawynda medeniýetli işiň netijesi, ýagny jemgyýetiň hukuk bilimleriniň, başarnyklarynyň, endikleriniň degişli derejesiniň jemi hökmünde dowam edýär. Hukuk medeniýetiniň taplanmagynyň bu usuly raýat jemgyýetiniň hukuk potensialy hökmünde bellenilýär. Ykdysady we sosial özgertmeler geçirilýän şertlerinde ýurduň hukuk we ruhy potensialyny ösdürmek babatda döwletiň syýasatyna hem-de işine raýat jemgyýetiniň, onuň syýasy ulgamynyň, demokratiýanyň emele getirilmeginiň şerti hökmünde garalýar.

Ylym, medeniýet, ykdysadyýet sazlaşan ýagdaýlarynda jemgyýetiň ahlak we ruhy sagdynlygynyň girewi döreýär. Onuň sosial howpsuzlygynyň esasy emele gelýär. Jemgyýetiň ynsanperwerlik derejesi diňe bir saýlawlaryň we sala salşyklaryň barşynda däl, eýsem hemişe raýatlaryň döwletiň, ýaşaýan ýerleriniň, işgärler toparynyň, maşgalanyň işlerine hem gatnaşyk etmegiň beýleki görnüşlerine gatnaşmagy hem-de dahyllylygy bilen barlanylýar. Döwlet bilimi, medeniýeti, habar beriş serişdelerini, dolandyrmagyň, önümçilikde we ilkinji ýerli düzümlerde öz-özüňi dolandyrmak üçin şertleri, maşgalany, şahsyýeti ösdürmek üçin şertleri döretmegiň üsti bilen ruhy we beden taýdan sagdyn raýatlary kemala getirýär. Olary gorap saklamaga borçly bolup durýar. Dünýä tejribesiniň şaýatlyk edişi ýaly, ösen raýat jemgyýeti demokratiýanyň mäkäm esasyny döretmek bilen, köpçüligiň syýasy işjeňliginiň çeşmesi we netijesi bolup çykyş edýär.

Raýat jemgyýeti üçin üç sany aýratynlyk häsiýetlidir. **Birinjiden,** assosiasiýalaryň köp bolmagy, **ikinjiden,** olaryň özbaşdaklygy, **üçünjiden** bolsa raýat jogapkärçiligini duýmak, şeýle hem medeniýetleşen ýagdaýynda özüňi alyp barmak we işjeň raýat garaýşy – bularyň hemmesi hakyky raýat jemgyýetiniň zerur parçalarydyr. Ýokarda bellenilişi ýaly, raýat jemgyýeti we hukuk döwleti logiki taýdan bir-birini göz öňünde tutýar. Olary biri-birinden aýra göz öňünde getirmek mümkin däldir. Şol bir wagtyň özünde raýat jemgyýeti ilkinjiligi eýeleýär. Ol hukuk döwletiniň aýgytly sosial-ykdysady şertidir.

Jemgyýetiň syýasy taýdan öz-özüni guramaga ukyby diňe belli bir ykdysady şertler, hususan-da, ykdysady taýdan erkinlik, eýeçiligiň dürli hili görnüşleri, bazar gatnaşyklary bolan mahaly mümkindir. Raýat jemgyýetiniň esasynda bolsa hususy eýeçilik durýandyr. Hut şonuň özi raýat jemgyýetiniň agzalaryna ykdysady taýdan öz mertebelerini saklap galmaga mümkinçilik berýär. Raýat jemgyýeti we onuň döwlet bilen özara gatnaşyklary, esasan, şu pursatlar bilen häsiýetlendirilýär:

1. *Raýat jemgyýetiniň* kemala gelmegi we ösmegi raýatlaryň deňligiň ýörelgesiniň ykrar edilmegi bilen baglydyr.

2. *Raýat jemgyýeti* hususy eýeçilige we eýeçiligiň beýleki görnüşlerine, bazar ykdysadyýetine, assosiasiýalaryň, birleşikleriň erkinligine esaslanýar.

3. *Raýat jemgyýeti* döwlet bilen özbaşdak güýç hökmünde özara gatnaşykda hereket edýär.

4. *Raýat jemgyýeti* subýektleriň arasyndaky gorizontal aragatnaşyklaryň (sazlaşdyryjy ýörelgäniň) esasynda gurlandyr we ol öz-özüni guramak hem öz-özüni dolandyrmak häsiýetine mahsus bolan ulgamdan ybaratdyr.

5. *Raýat jemgyýeti* erkin raýatlaryň – eýeçileriň bileleşigidir.

6. *Raýat jemgyýetiniň* ösmegi we hukuk döwletiniň kemala gelmegi bilen jemgyýetiň we döwletiň ýakynlaşmagy, olaryň biri-birine aralaşmagy bolup geçýär: düýp mazmuny boýunça bolsa hukuk döwleti raýat jemgyýetini guramagyň usulydyr, onuň syýasy görnüşidir.

7. *Raýat jemgyýetiniň* we hukuk döwletiniň özara gatnaşyklary, hukuk, demokratik jemgyýeti emele getirmäge, demokratik sosial-hukuk döwletini döretmäge gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşiniň 17-nji maddasynda: «Döwlet raýat jemgyýetiniň ösmegine zerur şertleri üpjün edýär»[122] diýip bellenilen. Bu bolsa Türkmen döwletiniň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda adamzadyň arzuwlan raýat jemgyýetini kemala getirmek işini işewür amal etjekdigini aňladýar.

Görşümiz ýaly, «raýat jemgyýeti» düşünjesi jemgyýetiň ösüşiniň belli bir derejesini, onuň ýagdaýyny, durmuş-ykdysady, syýasy we hukuk taýdan ýetişmeginiň derejesini häsiýetlendirýär. Biziň ýurdumyzda amal edilýän wezipeler, ilki bilen, ýaşaýyş-durmuş maksatly, garyşyk görnüşli ösen bazar ykdysadyýetini döretmäge gönükdirilýär, çünki bagtyýarlyk döwründe türkmen jemgyýetinde bolup geçýän özgerişler raýat jemgyýetiniň ýetişmegi üçin gerek bolan esaslaryň döreýänligini görkezýär. Hukuk döwletiniň we bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde erkin we netijeli hereket edip bilýän adamyň döremegi şolaryň esasy ugurlarydyr.

**Hukuk döwleti.** Hukuk döwleti – döwletiň konstitusion dolandyryşynyň düzgüni işleýän, ösen hem-de gapma-garşy bolmadyk hukuk ulgamy we netijeli kazyýet häkimiýeti bar bolan kysymydyr. Şol bir wagtyň özünde olaryň netijeli özara hereketleri hem özara gözegçiligi, syýasatyň hem-de häkimiýetiň ösen sosial gözegçiligi bilen bilelikde häkimiýetleriň anyk bölünmegi ýüze çykýar. Hukuk döwletiniň häkimiýet we syýasat ulgamynyň umumy demokratik gurluşy onuň hukuk görkezmeleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Häkimiýetiň, raýatyň, jemgyýetiň we hukugyň deňligi, olaryň kanunyň öňünde hukuk babatda deňligi hukuk döwletiniň esasyny düzýär.

Hukuk döwletinde ýokary häkimiýet kanunyň häkimiýetidir, döwletiň, döwlet häkimiýet edaralarynyň ýokary wezipeli adamlaryndan başlap ýönekeý raýatlara çenli hemmeler oňa deň derejede tabyndyr. Hukuk döwletinde «kanun arkaly gönüden-göni gadagan edilmedik hemme zatlara rugsat berilýär» diýen ýörelgä esaslanan şahsyýetiň hukuk azatlygynyň şertleri döredilýär. Hukuk subýekti hökmünde adam öz güýçlerini, ukyplaryny, emlägini ulanmaga azatdyr. Hukuk bolsa azatlygyň görnüşi we çäresi hökmünde şahsyýeti, ilkinji nobatda, ykdysadyýetde, ylmy-tehniki ösüşi önümçilige ornaşdyrmakda çäklendirýän çäkleri doly derejede giňeltmäge hyzmat etmelidir.

Hukuk döwletiniň emele gelmeginiň taryhy geçişi hukuga bolan özygtyýarlylygyň ýaýradylmagyndan ybaratdyr we şeýle bolmagynda hem galýar. Bu özgeriş üç tapgyrda geçdi. Onuň birinji tapgyry, wagt boýunça has irki tapgyry häkimiýetiň özygtyýarlylygyny ykrar etmekdir. Halkyň özygtyýarlylygy uzak wagtlap adamzat ösüşiniň esasynda gazanyldy. Soňraky çäre bolsa hukugyň özygtyýarlygyny gazanmak barada edilen tagallalar, has takygy, häkimiýetiň, raýatyň erk-isleginiň,

[122] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016, 17 sah.

jemgyýetiň ýa-da haýsydyr onuň bir böleginiň, köplügiň ýa-da azlygyň öňünde hukugyň ileri tutulmagyny gazanmak boldy. Ileri tutulmak bu gatnaşyklara dahylly ähli taraplaryň arasynda, aýratyn hem, häkimiýetiň we hukugyň arasynda diňe bir häkimiýetiň (döwletiň) özygtyýarlylygynyň hem-de kanunyň ileri tutulmagynyň däpleriniň däl, eýsem hukugyň özüniň kanun çykaryjylygynyň barşynda häkimiýeti döredýänliginiň täsiri bilen häkimiýetiň we hukugyň arasyndaky çylşyrymly bolan kanun arkaly bellenilen gatnaşyklary ýola goýmagy aňladýar.

Hukuk döwletiniň berkemegi üçin şol gatnaşyklaryň kämilleşmegi, bir tarapdan, Türkmenistanda döwlet häkimiýetleriniň – kanun çykaryjylyk, ýerine ýetirijilik we kazyýet häkimiýetleriniň, hakykatdan hem, bölünmegi bilen bagly bolýar, ikinji tarapdan, bu ýerdäki kämillik Türkmenistan döwletiniň sosial ugra gönükdirilenligi bilen kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň bu gurşawdaky täze syýasaty ilatyň ähli gatlaklarynyň goraglylygynyň döwlet kepillendirmelerini almaga ynam döredýär, sebäbi ol goraglylyk Ýurtbaştutanynyň öňe süren «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesi bilen berkidilýär. Biziň ýurdumyzyň geljegi, onuň üstünlikleri diňe bir jemgyýetiň oýlanyşykly meýilnamalary durmuşa geçirmäge, sosial we medeni ösüşiň ýoly bilen öňe depginli hereket etmäge bolan ukybyna däl-de, eýsem halkyň ruhy, intellektual ýagdaýyna hem baglydyr. Jemgyýetiň özgerişi maksada okgunlylygy we aýgytly hereketleri, geçmişi çynlakaý tankydy seljerişi, häzirki hem geljekki jemgyýetçilik-syýasy ýagdaýa akylly-başly anyk baha bermegi talap edýär. Hukuk döwletiniň raýat jemgyýetine esas bolşy kimin, raýat jemgyýetiniň döremegi hem hukuk döwletiniň kemala gelmeginiň we berkemeginiň şertidir.

**Hususy eýeçiligiň giňelmegi we demokratiýanyň ýaýbaňlanmagy esasynda raýat jemgyýetiniň edaralarynyň kemala gelmegi.** Türkmenistanda geçýän özgerişler ykdysadyýetde eýeçiligiň ähli görnüşlerini ösdürmek we olaryň deňligini gazanmak, bu ýerde bolsa ykdysadyýetde öňe sürülýän esasy wezipe hojalygy ýöretmegiň netijeliligini gazanmak bolýar. Şonuň üçin döwlet ulgamy bilen deňlikde döwlete dahylsyz ulgamyň hojalygy ýörediş subýektleriniň ösen ulgamy döredilýär. Bu iş köptaraply, ýagny hususy eýeçiligiň giňelmegi we şol eýeçilige bazar şertlerinde erk edip bilýän hususyýetçileriň, bäsdeşlige ukyply hünärmenleriň ýetişmegi bilen bagly.

Jemgyýetde häzirki ykdysady we sosial özgertmeler geçirilýän şertlerinde täzeçe oýlanýan we hereket edýän sagdyn adamy ýetişdirmek babatda döwletiň syýasaty hem-de bu işi milletiň asyl ýörelgelerine we syýasy tejribesine esaslanýan raýat jemgyýetiniň, onuň syýasy ulgamynyň, häzirki döwrüň demokratiýasynyň emele gelmeginiň şerti hökmünde garalýar. Şu özgerişiň biziň şertlerimizdäki amal edilişiniň özboluşlylygy öz gadymy demokratik ýörelgelerimizi dikeldip, olary adamyň işewürligini, bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirmek bilen bagly. Bu ýerde demokratiýa – adamyň pikirlenmeginiň we özüni alyp barşynyň medeniýeti bolýar. Diýmek, raýat jogapkärçiligini duýýan adamy ýetişdirmek döwrüň talabyna öwrülýär.

Döwlet bilimi, medeniýeti, habar beriş serişdelerini, dolandyryş ulgamyny, önümçilikde we ilkinji ýerli düzümlerde öz-özüňi dolandyrmagy, maşgalany, şahsyýeti kämilleşdirmegiň üsti bilen ruhy we beden taýdan sagdyn, täze hukuk we ahlak meýdanynda akylly-başly hereket edýän raýatlary kemala getirýär. Dünýä tejribesiniň şaýatlyk edişi ýaly, ösen raýat jemgyýeti demokratiýanyň mäkäm esasyny döretmek bilen adamlaryň syýasy işeňňirligini artdyrýar. Raýat jemgyýetine özbaşdak önümçilik we durmuşy birleşmeleriň köp bolmagy häsiýetlidir. Olaryň netijeli hereket etmekleri üçin adamlaryň raýat jogapkärçiligini duýmaklary, jemgyýetiň syýasy durmuşynda özlerini medeniýetli alyp barmaklary we olaryň işjeň raýat garaýyşlary zerur bolýar.

Bu medeniýet täze döwürde giňeýän ykdysady taýdan erkinlik, eýeçiligiň dürli görnüşleri, bazar gatnaşyklary bilen bilelikde jemgyýetiň syýasy taýdan öz-özüni guramak ukybyny berkidýär. Raýat jemgyýetiniň ykdysady esasyny ösen hususy eýeçilik düzýär. Biziň şertlerimizde bu ýerde ýüze çykýan meseleleriň çözgüdi işewür telekeçileri kemala getirmek bilen baglanylýar. Türkmenistanyň Prezidenti häzirki ösüşler we özgerişler döwründe şu işiň aýratyn ähmiýetine ünsi çekip: «...Garaşsyz Watanymyzyň ösüşiniň täze tapgyrynda öz telekeçilerimize we olaryň mümkinçiliklerine garaýşymyzy döwrüň talaplaryna laýyklykda üýtgetmelidiris»[123] diýip belleýär. Işewür toparlaryň döremegi wajyp. Raýat jemgyýeti, ilki bilen, erkin raýatlaryň – hususyýetçileriň we telekeçileriň birleşigi bolýar. Şeýle birleşigiň esasyny düzýän zähmetsöýer adamyň öz telekeçilik ukyplaryny açmak we netijeli işlemegi üçin gerek bolan şertler Berkarar döwletiň batyýarlyk döwründe döreýär.

Ýurtda telekeçilik işi günsaýyn giňelýär. Ýakyn ýyllarda milli ykdysadyýetimizde hususy telekeçiligiň paýy has hem artar. Soňky döwürde telekeçiler üçin salgyt ýeňillikleriniň berilmegi, hususy telekeçilere karz bermek ulgamynyň kämilleşdirilmegi, edara ediş we döwlet dolandyryş edaralaryna bazar usullarynyň ornaşdyrylmagy, dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply telekeçileri döretmek bilen bagly çäreler we beýleki bu ugurda alnyp barylýan işler işewür telekeçileriň kemala gelmegine gönükdirilen.Öz düzüminde senagatçylary we telekeçileri birleşdirýän Senagatçylaryň we telekeçileriň birleşmesiniň, onuň işewürlik toplumynyň, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň, «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň we ilkinji hususy neşir – «Rysgal» gazetiniň döredilmegi hem telekeçiligi ösdürmäge işjeň ýardam berýär. Şol bir wagtda-da häzirki döwür telekeçilik işiniň başlangyç döwri bolýar. Şonuň üçin zähmetsöýer adamyň öz telekeçilik ukyplaryny durmuşa geçirmegine, onuň işewür hereket etmegine hemaýat berýän hukuk esaslarynyň giňelmegi, mundan beýläk hem gerekli şertleriň döremegi döwrüň talaby bolýar.

2018-nji ýylyň 16-njy martynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň onýyllygy (2008-nji ýylyň 17-nji marty) bellenilen-

[123] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 6-njy tom. – A.: TDNG, 2013, 141 sah.

de Ýurt Ýolbaşçysy telekeçiler bilen duşuşyp, olaryň işine ýokary baha berdi. Şu döwrüň içinde jemi içerki önümiň düzüminde ykdysadyýetimiziň döwlete dahylsyz pudagynyň paýy, ýangyç-energetika toplumy hasaba almanyňda, 62%-e deň, oba hojalyk azyk önümleriniň 63%-i, senagat harytlarynyň 60%-den gowragy bu pudakda öndürildi. Söwda we hyzmatlar ulgamynda alnyp barylýan işleriň 90%-den gowragyny telekeçiler ýerine ýetirýärler.

Görşümiz ýaly, ykdysadyýetimiziň döwlete dahylsyz pudagynyň kuwwaty ýyl-ýyldan artýar. 2018-nji ýylyň mart aýynda hususy kärhanalaryň sany 18 müňden geçdi Bu kärhanalar 130 müňe golaý adamy iş bilen üpjün edýär. Işläp gelýän ýyllarynyň içinde Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary milli ykdysadyýetimize 15 milliard 360 million manat möçberinde maýagoýumlary goýdy[124]. Ýurdumyzyň geljekki ösüşlerinde telekeçileriň orny has hem artar. Telekeçiligi mundan beýläk-de ösdürmäge, öz kompaniýalarymyzyň maýagoýum işini höweslendirýän we has amatly işewürlik ýagdaýyny döretmäge ýardam berýän kanunlar kämilleşdirilýär we täze kanunlar işlenilip taýýarlanylýar. Milli Liderimiz telekeçiler bilen duşuşanda Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamagyň 2018–2024-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakynda Karara gol çekdi. Telekeçiler barada edilýän şu hili aladalaryň täsiri bilen jemgyýetde demokratiýanyň sosial-syýasy esaslary giňäp, ýurtda mertebeli we döredijilikli işleýän adamlaryň orny berkeýär. Işewürligiň çeýeligi, onuň bazardaky ýagdaýy inçelik bilen duýýandygy, gujur-gaýratlylygy öňe gitmek üçin üýtgeýän ykdysady ýagdaýlarda örän ähmiýetli bolýar. Häzirki döwürde şol adamlaryň we sosial toparlaryň bähbitlerini döwlet syýasatynda has takyk aňladýan Senagatçylaryň we telekeçileriň partiýasynyň alyp barýan işleri işewürligi artdyrýar.

Ýurdy demokratiýalaşdyrmak boýunça alyp barylýan işlerde raýat jemgyýetiniň guramalaryna, şol sanda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesine we partiýasyna aýratyn orun degişlidir. Bu guramalaryň işini talabalaýyk ýola goýmazdan, döwletimizi mundan beýläk-de demokratiýalaşdyrmagy göz öňüne getirmegiň kyn boljaklygy düşnükli. Bu ýerde bar bolan meseleleri çözmek üçin şu gün ýurtda ähli şertler bar. Türkmenistanyň Konstitusiýasy ýurtda syýasy köpdürlüligi we köppartiýaly syýasy ulgamyň döremegi üçin gerek bolan hukuk esaslary giňeltdi. Toparlaýyn we aýratyn bähbitleri aňlamagyň we wekilçilik etmegiň degerli serişdesi bolan syýasy partiýalar raýat jemgyýetiniň aýrylmaz bölegi hökmünde çykyş edýärler. Şonuň üçin bu ýerde esasy mesele täze dörejek partiýalaryň näsazlyga we garşydaşlyga däl-de, jebislige we hyzmatdaşlyga, demokratiki özgerişe, ýaşaýyş-durmuş syýasatyny amal etmäge gulluk etmekleri wajyp.

Ýurdumyzyň syýasy ulgamynyň kämilleşmegi kadaly we sazlaşykly amala aşyrylýar. Bu ýerde esasy mesele kemala gelýän köppartiýaly syýasy ulgamyň halk bilen häkimiýetiň arasyndaky hakyky aragatnaşygyny üpjün etmekligi wajyp. Özi hem bu

[124] Türkmenistan. 2018-nji ýylyň 17-nji marty.

ulgama girýän partiýalar halk köpçüliginiň goldawyna we adamlaryň arasynda abraýa eýe bolmalydyrlar. Şonuň üçin hereket edýän partiýalaryň ýurdy mundan beýläk hem ösdürmäge, adamlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen netijeli maksatnamasy bolmalydyr. Hakykatdan hem türkmen halky bitewülik ýörelgesine eýerip, dürli pikirleri, dürli bähbitleri aňladýan toparlaryň döreýän döwründe, diňe halky birleşdirýän, jebisleşdirýän gymmatlyklara sarpa goýýar.

Ine, şonuň üçin biziň döwrümizde her bir jemgyýetçilik birleşmesiniň, häzirki hereket edýän we geljekde dörejek partiýalaryň özbaşdak we döwrüň talabyna laýyk hereket etmegi bilen birlikde, olaryň döwletiň we jemgyýetiň öňünde öz jogapkärçiligini duýmagy, ilatyň ähli gatlaklaryny birleşdirmäge, jebisleşdirmäge hemaýat bermekleri möhümdir.

**Halkyň ýaşaýan ýerleri boýunça ýa-da bähbitleriň umumylygy boýunça döredilen raýat jemgyýetiniň guramalary.** Raýat jemgyýeti köpgörnüşli we giňden ýaýran sosial düzümiň esasynda kemala gelýär. Bu ýerde gürrüň köpsanly sosial toparlaryň, örän giň görnüşli bähbitleriň, islegleriň, gereklilikleriň bolmagy barada. Eger adamlaryň özboluşlylygy göz öňünde tutulman, bir amorf birleşmä birikdirilse, olar döwletiň öňünde öz bähbitlerini gorap bilmezler. Dürli sosial toparlara degişlilik bolsa döwlet bilen hyzmatdaşly gatnaşyklara girip, olaryň deň derejede öz bähbitlerini goramaklaryna mümkinçilik döredýär.

Şonuň üçin köpgörnüşli meýletin birleşmeleriň, assosiasiýalaryň, raýat hereketleriniň ýüze çykmagy gerek. Şolaryň kömegi bilen öz bähbitleriňi goramaga we şol bir wagtda hem häkimýet bilen deň derejede hyzmatdaşlygy guramaga mümkinçilikler döreýär. Şu nukdaýnazardan her bir assosiasiýa, goý, ol alyjylar jemgyýeti ýa-da ýaşaýan ýerleri boýunça döredilen birleşme bolsun, tapawudy ýok, örän ähmiýetlidir. Bu ýerde raýatlar özlerini erkin we goragly duýýarlar. Şonuň bilen bir hatarda olar ýurdy dolandyrmagy kämilleşdirmäge hem täze esaslary döredýärler.

Halk häkimiýeti halkyň döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna saýlanan wekilleri bilen bir hatarda ýaşaýan ýerleri boýunça ýa-da bähbitleriniň umumylygy boýunça döredilen raýat jemgyýetiniň dürli guramalary bilen bilelikde amala aşyrylan ýagdaýynda güýçli bolýar. Olar obany ösdürmek, ýaşaýyş jaýlary suw, gaz, elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmek ýaly zerur meseleleri çözmäge ýardam berýärler, şeýle hem bu guramalar ilatyň ýaşaýan ýerlerinde düzgün-nyzamy, adamlary iş bilen üpjün etmek, obanyň arassaçylygyna gözegçilik etmek, ilatyň medeniýet derejesini has-da ýokarlandyrmak, ruhy birligini kemala getirmek, sagdyn durmuş ýörelgelerini ösdürmek bilen baglanyşykly meseleleriň çözgüdine öz saldamly goşantlaryny goşup bilerler.

**Bagtyýarlyk döwri we raýat jemgyýeti.** Görşümiz ýaly, gadymy türkmen ýurdunda häzirki Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe adamzadyň öz taryhynyň bütin dowamynda arzuw eden raýat jemgyýeti kemala gelýär. Döwlet bilen jemgyýetiň arasyndaky gatnaşyk kämil kanun we ahlak gymmatlyklary esasynda

sazlaşdyrylan halatynda, hakykatdan hem, bagtyýar durmuş kemala gelýär. Häzirki döwürde esasy Kanunymyzy kämilleşdirmek bilen baglanyşykly alnyp barylýan işler hem şu hili sazlaşygy berkitmäge gönükdirilýär. Ony hem, ilki bilen, hukuk döwletiniň ýörelgelerine asyrlaryň dowamynda taplanan ahlak gymmatlyklarynyň biri-biriniň üstüni ýetirmegi esasynda üpjün edýärler. Hukuk döwletiniň syýasy medeniýete we ýokary ahlaklylyga eýe bolan adamlar tarapyndan döredilýänligini göz öňünde tutup, biziň ýurdumyzda jemgyýetiň hukuk esaslary Esasy Kanunymyzyň häzirki kämilleşýän döwründe has hem berkeýär.

Adamy beýgeldýän milletiň asyl ýörelgelerine we adamzadyň syýasy tejribesine eýe bolmak adamlaryň syýasy işewürliginiň ýokarlanmagynyň wajyp şerti bolýar. Bu gymmatlyklaryň ähmiýeti häzirki ýurduň senagatlaşýan döwründe has hem aýdyň duýulýar. Bazar gatnaşyklarynyň şertlerinde adamlaryň işewürlik ukybynyň kemala gelmegi köptaraply işi, ilki bilen hem, ähli ugurlar boýunça hünärmenleriň we işewür adamlaryň döredijilikli zähmetine giň ýol açýan hukuk kadalaryny işläp taýýarlamak bilen bagly. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşinde döwletiň raýat jemgyýetiniň mümkinçiliklerini giňişleýin açmaga gerek bolan şertleri döretmek wezipeleri şu nukdaýnazardan häzirki döwürde has hem ähmiýetli. Şol talaplaryň konstitusion taýdan kadalanmagy giňişleýin senagat ösüşine eýe bolan jemgyýetde adamlaryň işewürligini artdyrmaga täze-täze esaslary döreder.

Raýat jemgyýeti barada pikiriň köp ýurtlarda amal edilmäge girişilmegi adamzadyň ösüşiniň täze hil derejesine çykmagyna esas bolar. Bu ýerde taryhy zerurlylyk bilen we erkinligiň gatnaşygynyň geçen döwürlerden tapawutly boljaklygy barada häzirki döwrüň jemgyýet baradaky taglymatlarynyň köpüsinde bellenilýär. Adamzadyň öz durmuşyny kämilleşdirmek ugrunda döredijilik we gurujylyk ukyplarynyň artmagy, onuň Zeminiň geljegine bolan jogakärliginiň ýokarlanmagy bilen sazlaşanda bu arzuwlar amal bolar.

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Döwlet bilen jemgyýetiň özara gatnaşyklary syýasy ylymda we tejribede nähili häsiýetlendirilýär?
2. Raýat jemgyýeti baradaky taglymatyň taryhyny açyp görkeziň.
3. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşinde şahsyýetiň we döwletiň özara gatnaşyklary nähili kadalaşdyrylýar?
4. Türkmenistanda kemala gelýän hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň özara baglanyşygyny açyp görkeziň.
5. Hususy eýeçiligiň giňelmegi we raýat jemgyýetiniň kemala gelmegi biri-biri bilen nähili baglanyşykda bolýarlar?
6. Biziň ýurdumyzda telekeçiligi ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işleriň aýratynlygy nähili häsiýetlendirilýär?
7. Raýat jemgyýetiniň edaralarynyň kemala gelmeginiň aýratynlygy nämede? Olaryň nähili görnüşleri bar?
8. Raýatlaryň ýaşaýan ýerleri boýunça ýa-da bähbitleriň umumylygy boýunça döredilen raýat jemgyýetiniň guramalaryny häsiýetlendiriň.

# VIII BAP
# TÜRKMENISTANYŇ HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLAR ULGAMYNDAKY ORNY

## 1-NJI SAPAK. GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DÜNÝÄ BILELEŞIGINDE TUTÝAN ORNY WE DAŞARY SYÝASATY

*Halkara gatnaşyklar we halkara syýasat. Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletiniň daşary syýasatynyň many-mazmuny we esasy ugurlary. Türkmen diplomatiýasy.*

*Türkmenistanyň halkara gatnaşyklardaky orny. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy. Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş Diplomatiýasy boýunça sebit merkezi. Türkmenistanyň öňe süren daşary syýsat başlangyçlary.*

*Türkmen döwletiniň dünýäde howpsuzlygy we parahatçylygy üpjün etmek ugrunda alyp barýan işleri.*

**Halkara gatnaşyklar we halkara syýasat.** Halkara syýasatyň tebigatyny we onuň içeri syýasatdan tapawudyny hem-de olaryň özara baglanyşygynyň häsiýetini kesgitlemezden ozal «halkara gatnaşyklar» we «halkara syýasat» diýen düşünjeleriň baglanyşygyny açyp görkezmek zerur.

Bu düşünjeleriň manysy üýtgemän durmady. Eger XX asyryň başlarynda dünýäde diňe 52 garaşsyz döwlet bolan bolsa, onda şol asyryň ortalarynda olaryň sany 82-ä ýetdi. Bu gün – XXI asyryň başynda bolsa garaşsyz döwletleriň sany 200-den hem geçdi. Geçen XX asyryň aýagynda Türkmenistan hem garaşsyz döwlet bolup, dünýä birleşigine girdi. Garaşsyz döwletleriň ählisi we olarda ýaşaýan halklar adamzat durmuşynyň dürli ugurlarynda biri-birlerine täsir edýärler. Ozal halkara gatnaşyklar taglymatynda özygtyýarly döwletleriň özara täsirini aňlatmak üçin «daşary syýasat» düşünjesi ulanylýardy, ýöne häzirki döwürde dünýä bileleşigi diňe bir ikitaraply ýa-da köptartaply esasda ykdysady, söwda, harby bileleşiklere birleşen garaşsyz döwletlerden durmaýar. Halkara giňişlikde olardan daşary syýasy, sosial, ykdysady ösüş meseleleri hem-de ýaragsyzlanmak, howpsuzlyk meseleleri bilen iş salyşýan Birleşen Milletler Guramasy, halkara hökümet we hökümetden daşary guramalar, ýöriteleşdirilen edaralar hem guramalar hereket edýärler.

Olaryň ählisi halkara gatnaşyklaryň subýekti bolup çykyş edýärler. Halkara gatnaşyklary – bu halkara bileleşigiň subýektleriniň arasynda ýüze çykýan ykdysady, syýasy, sosial, diplomatiki, hukuk, harby we medeni baglanyşyklaryň hem özara täsirleriň ulgamydyr. Gümansyz, halklaryň, döwletleriň, hökümetara we hökümetden daşary guramalaryň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklaryň ählisi diňe syýasy häsiýete eýe bolmaýarlar. Halkara gatnaşyklaryň subýektleriniň sanynyň artmagy bilen «daşa-

ry syýasat» düşünjesi bilen bir hatarda «halkara syýasaty» diýen düşünje hem ulanylyp başlandy. Halkara syýasaty halkara gatnaşyklaryň özeni bolýar. Ol uruş we parahatçylyk, ählumumy howpsuzlygy üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, durnukly ösüşi gazanmak, yzagalaklygy hem garyplygy, açlygy hem-de hassalygy aradan aýyrmak bilen baglanyşykly meseleleri çözmäge gönükdirilen halkara hukugyň subýektleriniň (döwlet we başg.) syýasy we beýleki hereketidir.

Şeýlelikde, halkara syýasaty adamzat jemgyýetiniň ýaşamagy we ösmegi, dünýä syýasatynyň subýektleriniň bähbitlerini sazlaşdyrýan mehanizmi işläp düzmegi, global we sebitiň dawalarynyň öňüni almak hem çözmek, adalatly dünýä düzgünlerini döretmek bilen baglanyşykly meseleleri çözmäge gönükdirilýär. Bu syýasat dünýäde durnuklylygyň we parahatçylygyň, deňhukukly halkara gatnaşyklaryň ösmeginiň wajyp şerti bolýar.

Halkara syýasatyň manysyny açyp görkezmek üçin daşary we içeri syýasatyň özara baglanyşygyny düşündirmek zerurdyr.

## Içeri we daşary syýasatyň özara baglanyşygy

Halkara gatnaşyklar jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň özboluşly görnüşi bolýar. Onda ykdysady, sosial, syýasy we ruhy-medeni äheňler aýdyň tapawutlanýarlar. Şu nukdaýnazardan **halkara gatnaşyklar,** diýmek daşary syýasat hem içerki syýasatyň dowamy, onuň beýleki döwletlere degişlilikde ýaýradylmagydyr. Içeri syýasat kimin daşary syýasat hem ýurduň ykdysadyýeti, jemgyýetçilik we döwlet gurluşy bilen berk baglanyşykdadyr. Onuň esasy maksady – döwletiň bähbidini amal etmek üçin amatly halkara şertleri döretmek, milli howpsuzlygy we halkyň abadanlygyny üpjün etmek bolýar.

Şol bir wagtda halkara gatnaşyklar özüniň birnäçe özboluşly aýratynlyklaryna hem eýedir. Ol, iň bolmanda, iki tarapyň özara gatnaşygyny häsiýetlendirýänligi sebäpli has giň giňişlik we sosial ölçeglere eýe bolýar. Ol birbada halkara ulgamyň subýektleriniň arasyndaky özara baglanyşygy dolulygyna ýa-da onuň käbirlerini öz içine alyp bilýär. Bu gatnaşyklar dürli derejedäki durli güýçleriň – jemgyýetçilik we harby, ykdysady we intellektual, özara baglanyşyga girýän sosial giňişlik hökmünde çykyş edýär. Halkara gatnaşyklar özüniň bitewiliginde diňe oňa häsiýetli bolan täze ulgamy kemala getirýärler. Bu ulgamyň hereket etmegi diňe häkimiýet görnüşi bilen bagly bolman, eýsem adamzat tarapyndan uzak döwrüň dowamynda döredilen halkara kadalar we gymmatlyklar bilen hem baglydyr.

Halkara gatnaşyklaryň özboluşlylygy, şonuň ýaly-da dünýäde biri-birinden bähbitleri we maksatnamalary, maksatlary we wezipeleri bilen tapawutlanýan dürli döwletleriň (häzirki döwürde olar 200-e golaý) bardygy sebäpli hem baglydyr. Bu bolsa şol bähbitleri, olaryň tapawutlylygyna garaman, sazlamany hem talap edýär. Biziň döwrümizde howpsuzlygy, daşky gurşawy goramagy üpjün etmekde, ykdysady ösüşi gazanmakda ählumumy we sebit meseleleriniň ähniýeti artýar. Şonuň üçin diňe

bir hereketleri sazlamak däl, eýsem belli bir derejede döwletiň içerki syýastyny üýtgetmeli hem bolýar. Şeýlelikde, daşary syýasat içeri syýasty halkara talaplara, dünýä bileleşiginiň hereket etmeginiň kanunlaryna we ölçeglerine laýyklykda rasionallaşdyrýar.

Netijede, içerki we daşarky syýasat ýurtdaky jemgyýetçilik gatnaşyklaryny üpjün etmek we berkitmek bilen bagly meseläni çözýärler, ýöne eger ýurduň içinde döwlet jemgyýetiň köp ugurlaryndaky meseleleri çözmäge ygtyýarlylyga eýe bolýan bolsa, halkara giňişlikde dünýä syýasatynyň bir merkezi ýok. Bu ýerde özara gatnaşyklary dürli hili gurnalýan deňhukukly döwletler hereket edýärler.

Umuman, häzirki şertlerde döwletiň daşary syýasat hereketiniň, haçan-da ol dünýä bileleşigine girýän ähli halklaryň milli, durmuş-ykdysady, medeni aýratynlyklaryny göz öňünde tutup halkara-hukuk kadalaryna daýanan ýagdaýynda netijeli we peýdaly boljakdygyny bellemeli.

### Türkmenistan döwletiniň daşary syýasatynyň mazmuny we ýörelgeleri

Halkara syýasatyň manysyny milli bähbitleri derňemän açyp bolmaýar. Syýasatda elmydama umumy ähmiýetli ýa-da toparlaýyn bähbitler aňladylýar, halkara syýasatda bolsa milli bähbitlerden ugur alynýar. Milli bähbit döwletiň esasy zerurlyklaryny aňlamak we ony şöhlelendirmek bolýar. Bu wezipäni garaşsyz döwletler amal edip bilýärler. 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Ählihalk geňeşi esasynda Türkmenistan garaşsyz, özygtyýarly döwlet boldy. 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistan halkara hukugyň subýekti bolan garaşsyz döwlet hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edildi.

Türkmen halky öz ýurduna eýe bolup, durmuşyň ähli ugurlarynda özgerişlere başlady. Onuň üçin bolsa oýlanyşykly içeri we daşary syýasaty ýöretmek gerek. Bilşimiz ýaly, içeri we daşary syýasat biri-biri bilen baglanyşykda bolýarlar. Hakykylykda, daşary syýasat içerki syýasatyň dowamy bolýar. Elmydama türkmen halky parahatçylyk, ýakyn we alysdaky döwletler bilen hoşniýetli gatnaşyklar, ikitarapa hem peýdaly hyzmatdaşlyk barada arzuw edip gelen. Geçen nesilleriň arzuw-hyýaly, pähim-paýhasy hem garaşsyzlygymyzdan başlanýan döwletimiziň ösüş nusgasyny kesgitleýär.

Daşary syýasatyň düýp manysy döwletiň beýleki döwletler we halkara guramalary bilen resmi gatnaşyklaryny aňladýar we onuň mazmuny milli bähbitleri üpjün etmekden hem-de ýurduň içki ösüşi üçin zerur bolan oňaýly daşky şertleri döretmekden ybarat.

Türkmenistan halkara gatnaşyklarynda esasy hereket ediji tarap hökmünde garaşsyz we özygtyýarly döwlet bolup durýar we onuň halkara gatnaşyklarynyň baş ugry daşary syýasat strategiýasyna laýyklykda kesgitlenilýär. Daşary syýasatyň ýörelgeleri, ilkinji nobatda, milli bähbitlere we ählumumy ykrar edilen kadalara laýyklykda işlenilip düzülýär we amala aşyrylýar. Daşary syýasaty durmuşa geçirmegiň esasy guraly hem diplomatiýa bolup durýar.

Türkmenistan Garaşsyzlygyny alan ilkinji günlerinden türkmen halkynyň ynsanperwerlik ýörelgelerinden ugur alyp, daşary syýasatyny parahatçylyksöýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, «Açyk gapylar», beýleki döwletleriň içerki işlerine goşulyşmazlyk, birek-birek bilen özarabähbitli hyzmatdaşlyk ýaly halkara gatnaşyklarda ykrar edilen binýatlyk ýörelgeleri esasynda ýola goýdy. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 9-njy maddasynda: «Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doluhukukly subýekti bolup, daşary syýasatynda hemişelik Bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatnaşmazlyk, güýç ulanmakdan we harby bileleşiklere hem birleşmelere gatnaşmakdan ýüz döndermek, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özarabähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam etmek ýörelgesine eýerýär»[125] diýip bellenilen.

Türkmen halkynyň öz bütin taryhynyň dowamynda toplan pähim-paýhasy we syýasy tejribesi uruş-söwüşe garşy durup, goňşy we alysdaky halklar bilen parahatçylykda ýaşamak ýollaryny gözländigini subut edýär. Şu arzuwlar hem Garaşsyz Türkmen döwletiniň öz täze taryhynyň başynda bitaraplyk syýasatyny saýlap almaga esas boldy.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda bolsa BMG-niň Baş Assambleýasynyň 50-nji şanly mejlisinde dünýäniň 185 hem-de 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda 193 döwletiniň wekilleriniň biragyzdan goldamagy esasynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Rezolýusuýasy iki gezek kabul edildi. Munuň özi Türkmen döwletiniň parahatçylyksöýüjilikli, birek-birege hormat goýmak we ynsanperwer daşary syýasatyna halkara bileleşigiň beren iň ýokary bahasy, şeýle hem halkymyzyň häzirki zaman taryhynda ajaýyp waka boldy. BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýörite Kararnamasy bilen ýurdumyza berlen hemişelik Bitaraplyk derejesi sebit we dünýä möçberinde parahatçylygy, howpsuzlygy hem-de durnuklylygy saklamagyň hakyky alamaty hökmünde çykyş edip, türkmenistanlylaryň abadan durmuşynyň, ýurdumyzyň gülläp ösüşiniň kepili bolýar.

Türkmenistanyň daşary syýasat doktrinasy hem hemişelik Bitaraplyk ýörelgesine esaslanýar. Pähim-paýhasa ýugrulan bitaraplyk, parahatçylyksöýüjilik, hyzmatdaşlyk üçin açyklyk, biziň halkymyzyň uzak taryhynyň dowamynda kemala gelen, ýeňil bolmadyk meseleleri pikir alyşmalar esasynda çözmäge bolan taýýarlyk bilen tapawutlanýan milli aýratynlyklarymyzdan ugur alýar. Bitaraplyk ýörelgesi ynsanperwer hyzmatdaşlygyň hem esasyny düzýär.

Ýaş we garaşsyz Türkmen döwletiniň bitaraplyk daşary-syýasy ýörelgesini saýlap almagynyň sebäbini, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda bolan «Bitaraplyk syýasaty: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň ugrunda halkara hyzmatdaşlygy» atly ýokary derejeli halkara maslahatynda: «Ilkinji nobatda, elbetde, biz ýurdumyzyň milli bähbitlerinden ugur aldyk. Ýaş türkmen döwleti öz goňşy ýurtlary bilen parahatçy-

[125] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016, 13 sah.

lyga we agzybirlige eýerip, hyzmatdaşlyk etmek isleýärdi. Dünýäniň ähli ýurtlary bilen dostlukly, deňhukukly gatnaşyklary saklamagy, özara bähbitli ykdysady, söwda gatnaşyklaryny ösdürmegi maksat edinýärdi. Diňe şeýle şertlerde mähriban halkymyzyň asudalygyny we abadançylygyny üpjün edip, ykdysady hem-de durmuş taýdan ösüşiň maksatnamalaryny ýerine ýetirip boljakdygyna biz berk ynanýardyk»[126] diýip düşündirdi. Munuň özi bolsa bitaraplygyň milli bähbitleri, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary, döwletler bilen hyzmatdaşlyk esasynda amal edilýändigini kesgitleýär.

Bitaraplyk Türkmen döwletine dünýäniň parahatçylyk döredijilik merkeziniň belent derejesine eýe bolmaga, sebitde we dünýäde bar bolan meseleleri çözmekde öz ornuny tapmaga mümkinçilik berdi. Dünýäde bar bolan ýeňil bolmadyk meseleleri çözmekde Türkmenistanyň orny barada oýlanyp, hormatly Prezidentimiz: «Biz dünýäde jemlenen ählumumy gapma-garşylyklaryň has-da ýitileşen döwründe ýaşaýarys. Dünýäniň gurluşynyň näsazlyklary häli-şindi ýüze çykyp dur. Şoňa görä-de döwrüň özi şeýle meseleleri öňe çykarýar.

Biziň ýurdumyz hem Ýer ýüzünde bolup geçýän wakalar bilen bagly öz garaýşyny beýan edýär. Sebäbi biziň ýeňil bolmadyk döwrümizde hiç bir döwlet halkara durmuşynyň täsirinden çetde durup bilmeýär. Mundan başga-da jogapkär we ygtybarly hyzmatdaş hökmünde Türkmenistan adamzadyň öňünde duran wezipeleriň çözgüdine öz goşandyny goşmaga çalyşýar»[127] diýip belleýär. Bu ýerde biziň ýurdumyzyň dünýäde we sebitde nähili orna eýe bolmalydygy barada gürrüň açylýar, özi hem biziň döwletimiz şu ýerde bar bolan meseleleri hyzmatdaşlyk, ilki bilen hem, Birleşen Milletler Guramasy bilen berk hyzmatdaşlykda çözmegi maksat edinýär.

Şol hyzmatdaşlygy has ýokary derejä çykarmak maksady bilen 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Aşgabat şäherinde Merkezi Aziýa üçin BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasynyň Sebit merkezi açyldy. 2008-nji ýylda bolsa paýtagtymyzda «Ýewropa öýi» açyldy.

Dünýä we sebit derejesinde bar bolan meseleleri Türkmen döwleti Birleşen Milletler Guramasy, onuň edaralary, şol sanda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi bilen hyzmatdaşlyk esasynda amala aşyrýar. Sebitdäki ýurtlaryň arasynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak hem-de ýüze çykan ähli meseleleri parahatçylykly we ylalaşykly çözmek boýunça örän ähmiýetli tejribe toplandy. Şol tejribäniň esasynda gazanylan üstünlikler türkmen Lideriniň öňdengörüjilikli we oýlanyşykly daşary syýasatynyň netijesi bolýar.

Diýmek, Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň düýp manysy ýurdumyzyň halkara gatnaşyklar ulgamynda parahatçylyksöýüjilikli, deňhukukly we öza-

---

[126] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 9-njy tom. – A.: TDNG, 2016, 593 sah.

[127] Gurbanguly Berdimuhamedow. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016, 10 sah.

ra bähbitli gatnaşyklary alyp barmak, dünýä giňişliginde milli bähbitleri goramak, milli ösüş üçin zerur bolan oňaýly daşary-syýasy şertleri üpjün etmek bilen baglydyr.

Şeýlelikde, Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň esasy ýörelgeleri we ugurlary:

– Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygyny gorap saklamak we pugtalandyrmak, halkara gatnaşyklar ulgamynda onuň ornuny we ähmiýetini ýokarlandyrmakdan;

– döwletiň içerki ösüşleri üçin ýokary derejede amatly daşary syýasy şertleri döretmekden;

– halkara diplomatik aragatnaşyklaryň ähli görnüşleriniň üsti bilen Türkmenistanyň bähbitlerini goramakdan we durmuşa geçirmekden;

– ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen deňhukukly we birek-biregi hormatlamak esasynda özarabähbitli konstruktiw hyzmatdaşlygy ösdürmekden;

– daşary syýasatyň halkara hukuga we BMG-niň Düzgünnamasyna doly laýyk gelmegini üpjün etmekden ybaratdyr.

Esasy Kanunymyzyň 71-nji maddasynyň ikinji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti daşary syýasatyň amala aşyrylmagyna ýolbaşçylyk edýär[128].

Görşimiz ýaly, Türkmenistanyň milli bähbitlerine we dünýä bileleşiginiň umumy ykrar edilen ýörelgelerine laýyk gelýän parahatçylyksöýüji daşary syýasat ugry, ýurduň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän içeri we daşary syýasatynyň bitewüliginiň aýdyň beýanydyr. Türkmenistanyň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe daşary syýasat strategiýasy ýurduň garaşsyzlygyny mundan beýläk hem pugtalandyrmaga, bazar hojalygyna geçmäge gönükdirilen maksatnamany amala aşyrmaga daşary şertleri döretmäge, dünýäde parahatçylygy gorap saklamaga gönükdirilendir.

Daşary syýasat döwlet syýasatynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar we ol içeri syýasatdan tapawutlylykda, halkara gatnaşyklar ulgamynda amala aşyrylýar. Ýurduň daşary syýasatynyň gadymy kökleri müňýyllyklardan gözbaş alýar we ol bolup geçen türkmen döwletleriniň tejribesine esaslanýar. Her bir döwlet kimin Türkmen döwleti hem özüne mahsus we öz milli bähbitlerine laýyklykda daşary syýasaty alyp barýar. Şu nukdaýnazardan, daşary syýasat we içeri syýasat bitewülikde döwlet syýasatyny emele getirýärler.

Millet özüniň we beýleki döwletleriň bähbitlerini hem zerurlyklaryny sazlaşdyrmak esasynda öz howpsuzlygyny üpjün edip bilýär. Milli howpsuzlyk şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň içerki hem daşarky wehimlerden goraglylygyny, döwletiň özygtyýarlylygyny we çäk bitewüligini saklamak, halkara hukugyň subýekti bolup çykyş etmek ýagdaýyny aňladýar. Şahsyýet, jemgyýet we döwlet üçin «howpsuzlyk» düşünjesi ähli manyda gabat gelmeýär. Şahsyýetiň howpsuzlygy onuň aýrylmaz hukuklarynyň we azatlyklarynyň amal bolmagyny aňladýar. Jemgyýet üçin howpsuzlyk onuň maddy we ruhy baýlyklarynyň goraglylygyny hem baýlaşmagyny aňladýar.

[128] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: TDNG, 2016, 34 sah.

Döwletiň milli howpsuzlygy içerki durnuklylygy, berk goranmaga ukyplylygy, özygtyýarlygy, garaşsyzlygy, çäk bitewüligini aňladýar. Häzirki uruş howpunyň saklanýan döwründe milli howpsuzlyk ählumumy howpsuzlygyň aýrylmaz bölegidir. Öz gezeginde, ählumumy howpsuzlygy beýleki döwletiň bähbidini kemsitmek bilen gazanyp bolmaýar. Ony diňe hemişelik we hyzmatdaşlyk ýörelgelerine daýanyp gazanyp bolýar. Şu ýörelgeler Türkmenistan döwletiniň daşary syýasatynyň esasyny düzýär.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji mejlisinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «Biziň üçin bitaraplyk diňe bir hukuk derejesi däldir. Munuň özi işjeň pozisiýany ylalaşdyryjylyk arkaly halkara proseslerine giňden gatnaşmagy, ykdysady hyzmatdaşlygyň netijeli nusgalaryny işläp taýýarlamakda ýardam bermegi aňladýar. Bu berk parahatçylygy, howpsuzlygy berkarar etmek, durnukly ösüş we öňegidişlik üçin amatly şertleri döretmek maksadyna sebitde we onuň çäginden daşda bar bolan meseleleri çözmek üçin syýasy platformany bermekden ybaratdyr. Biziň dünýä giňişligindäki ädimlerimiziň, başlangyçlarymyzyň esasy many-mazmuny hem şundadyr»[129] diýip belleýär. Şol many-mazmuny açýan döwletiň daşary we içeri syýasaty berk baglanyşykda bolup, bu syýasat ýurdumyzyň galkynmagyna hem döwrebaplaşmagyna, döwletimiziň hemmetaraplaýyn ösmegine, berkemegine, jemgyýetimiziň has jebisleşmegine, döwletimiziň halkara işjeňliginiň we abraýynyň artmagyna hyzmat edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen we onuň ýolbaşçylygynda ägirt uly özgertmeleriň dowam edýän häzirki döwründe Türkmen döwletiniň umumy ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk halkara-hukuk statusyna esaslanýan daşary syýasat strategiýasy hil taýdan täze many-mazmuna eýe bolýar. Şunuň bilen baglanyşykly, Türkmenistanyň beýleki döwletler we halkara guramalar bilen hoşniýetli goňşuçylyga, deňhukukly we özarabähbitli hyzmatdaşlyga gönükdirilen parahatçylyksöýüjilikli ýoly has belent derejelere çykýar.

## Türkmen diplomatiýasy

Ýurduň daşary syýasatynyň mazmuny halkara gatnaşyklarda döwletiň alyp barýan esasy ugruny görkezýär we onuň bilen bagly maksatlaryny we ýörelgelerini emele getirýär. Bu bolsa daşary syýasatyň yzygiderli we maksadalaýyk amal edilmelidigini görkezýär. Daşary syýasatyň örän wajyp serişdesi hökmünde diplomatiýa çykyş edýär. Diplomatiýa işini döwletiň adyndan alyp barmak wezipesi döwletiň ýörite ygtyýarlandyrylan gullugyna ýüklenýär. «Diplomatik gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda: «Diplomatik gulluk – bu döwlet gullugynyň Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň durmuşa geçirilmegi boýunça ygtyýarlyklaryň ýerine ýetirilmegi, halkara gatnaşyklar çygrynda Türkmenistanyň, onuň raýatla-

[129] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 65-nji sessiýasynda eden çykyşy. – A.: TDNG, 2010, 6–7 sah.

rynyň we ýuridik şahslarynyň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine wekilçilik edilmegi hem-de olaryň goralmagy bilen baglanyşykly görnüşi» diýip bellenen.

Daşary syýasaty amala aşyrmak üçin ygtyýarlandyrylan edara daşary-syýasy edara bolýar we ol öz wezipesini diplomatik gullugyň çäklerinde ýerine ýetirýär. Döwlet derejesinde daşary syýasaty alyp baryjy iň ýokary wezipe, ýokarda bellenilişi ýaly, Döwletbaştutanyna degişlidir, şeýle hem halkara gatnaşyklary alypbaryjy we Daşary syýasaty amala aşyryjy döwlet edaralary hökmünde ýurduň hökümeti we daşary işler ministrligi özlerine degişli wezipeleri ýerine ýetirýärler.

Döwletiň daşary ýurtlardaky daşary-syýasy wezipeleri wekilçilikli edaralaryň üstüne ýüklenýär. Şeýle edaralar «**diplomatik wekilhanalardyr**». Olar hemişelik ýa-da wagtlaýyn häsiýetli bolýarlar. *Hemişelik edaralara diplomatik wekilhanalar (ilçihanalar, missiýalar), halkara guramalaryň ýanyndaky hemişelik wekilhanalar, konsullyk edaralary girýärler. Wagtlaýyn edaralara halkara maslahatlarda ýa-da halkara edaralarda wekilçilik edýän ýörite missiýalar we wekiliýetler degişlidir*. aşary döwletlerdäki hemişelik diplomatik wekilhana «**Ilçihana**» diýilýär, halkara guramalaryň ýanyndaky wekilhanalar bolsa – «**Hemişelik wekilhana**» diýlip atlandyrylýär. Daşary ýurtlaryň 38-sinde Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary hereket edýär.

Türkmenistanyň halkara abraýynyň ösmeginde we berkemeginde, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň barha giňelmeginde iň ýokary we ýokary derejedäki resmi wekiliýetleriň saparlarynyň geçirilmeginiň ähmiýeti uludyr. Olaryň dowamynda guralýan duşuşyklaryň we gepleşikleriň netijesinde halkara-hukuk resminamalaryna, ilkinji nobatda, wajyp şertnamalara we ylalaşyklara gol çekilýär. Munuň özi bolsa geljekki gatnaşyklaryň has okgunly we netijeli ösmegine, olaryň mazmun taýdan baýlaşmagyna zerur şertleri üpjün edýär.

Ýurduň diplomatik gullugynyň halkara gatnaşyklardaky ornunyň ýokarlanmagyna 2008-nji ýylyň 20-nji martynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklar institutynyň açylmagy täze esaslary döretdi. Bu ýokary okuw mekdebiniň işe başlamagy bilen, döwletimiziň daşary-syýasy aragatnaşyklarynyň we halkara hyzmatdaşlygynyň täze ugurlar boýunça maksatlaýyn ösdürilmeginde bu strrategik wezipe üçin zerur bolan hünärmenleriň toplumlaýyn esasda taýýarlanmagynda täze belentliklere çykmaga gerek bolan esaslary döredýär.

Häzirki döwürde Türkmen döwletiniň daşary syýasat ugrunyň giňelýänligi göz öňünde tutulyp, ýurt Ýolbaşçysynyň Karary esasynda 2018-nji ýylyň 20-nji dekabrynda ýurduň diplomatik gullugynyň işini mundan beýläk hem kämilleşdirmek maksady bilen Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlary boýunça okuw merkezi açyldy. Şol Karar bilen Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde Daşary ykdysady hyzmatdaşlyk bölümi we diplomatik gullugyň arhiw bölümi hem döredildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmen döwletiniň umumy ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk halkara-hukuk statusyna esaslanýan daşary syýasat strategiýasy hil taýdan täze many-mazmuna eýe bolýar. Şunuň bilen baglanyşykly, Türkmenistanyň beýleki döwletler we halkara guramalar bilen hoşniýetli goňşuçylyga, deňhukukly we özarabähbitli hyzmatdaşlyga gönükdirilen parahatçylyksöýüjilikli ýoly uzaklara gözügýär. Taryhy, syýasy, ykdysady we medeni taýdan ýakyn baglanyşygy bolan goňşy döwletler bilen aragatnaşygy ösdürmek Türkmenistanyň geosyýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr. Biziň ýurdumyz öz ýakyn goňşulary bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryna, ähli ugurlardaky giň hyzmatdaşlyga özygtyýarlylygyny we Bitaraplyk statusyny berkitmegiň, daşary syýasatdaky maksatlaryny üstünlikli amala aşyrmagyň kepili hökmünde garaýar.

## Türkmenistanyň halkara gatnaşyklardaky orny

Dünýä Bileleşigine goşulyşmagy mundan beýläk hem dowam etdirmek maksady bilen, şeýle-de bar bolan oňaýly mümkinçilikleri göz öňünde tutup, Türkmenistan Aziýanyň, Ýewropanyň Demirgazyk we Günorta Amerikanyň, Afrikanyň Awstraliýanyň ösen we çalt ösýän ýurtlary bilen özara konstruktiw gatnaşyklary ýola goýýar. Türkmenistanyň iri halkara guramalar bilen, ilkinji nobatda bolsa, Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Yslam Konferensiýasy Guramasy, Ykdysady hyzmatdaşlyk Guramasy we beýleki uly halkara guramalar bilen alyp barýan hyzmatdaşlygy hem şu maksatdan ugur alýar.

Türkmenistan örän gysga döwrüň içinde dünýäniň döwletleri, halkara guramalar bilen işewür hyzmatdaşlyga girdi. Biziň ýurdumyz Garaşsyzlygymyzdan soňky ýyllaryň dowamynda dünýäniň 146 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklaryny ýola goýdy (2018-nji ýylyň ahyry). Daşary ýurtlaryň 38-sinde Türkmenistanyň diplomatik we konsullyk wekilhanalary bar. Biziň ýurdumyzda daşary ýurtlaryň 35 sanysynyň ilçihanasy we konsullyklary bar. Türkmen döwleti halkara guramalaryň 44-si, şol sanda Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy, Energiýa Hartiýasy we beýleki halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk edýär. Paýtagtymyz Aşgabatda halkara guramalaryň 15 sanysynyň wekilhanasy bar. Döwletimiziň umumy ykrar edilen halkara hukuk kadalaryny özünde jemleýän resminamalaryň 131-sine goşulmagy[130] (2016-njy ýyl), Türkmenistanyň bütin dünýäde bolup geçän syýasy-hukuk hadysalaryna gatnaşýandygynyň subutnamasydyr.

---

[130] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 9-njy tom. – A.: TDNG, 2016, 572 sah.

## Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugry hökmünde Birleşen Milletler Guramasy bilen halkara gün tertibinde duran strategiki taýdan möhüm meseleler we wezipeler boýunça maksatlaýyn gatnaşyklary ösdürmek bolup durýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň häzirki dünýädäki ornuna Türkmen döwletiniň garaýşyny: «Biz bu gurama bütin dünýäde hyzmatdaşlyk etmegiň tutuş häzirki zaman ulgamynyň daýanjy hökmünde garaýarys»[131] diýip häsiýetlendirýär. Bu hem häzirki zamanyň derwaýys meselelerini çözmäge, ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen halkara gatnaşyklaryň mundan beýläk-de çuňlaşdyrylmagyna hemmetaraplaýyn ýardam etmek, olar babatda sebit we global derejedäki hyzmatdaşlyga işjeň we netijeli gatnaşmak, Türkmenistanyň BMG-niň belent münberinden dünýä bileleşiginiň garamagyna yzygiderli hödürleýän täze teklipleriniň we başlangyçlarynyň esasyny emele getirýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň çuňňur esaslandyrylan daşary syýasatynyň hemmetaraplaýyn üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky gatnaşyklar hil taýdan täze derejä çykdy. Türkmenistanyň soňky ýyllarda BMG-niň düzüm birlikleriniň birnäçesiniň agzalygyna, şol sanda ýolbaşçy derejedäki wezipelerine saýlanmagy munuň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Hususan-da, Türkmenistan ÝUNESKO-nyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň 2013–2017-nji ýyllar üçin agzalygyna we BMG-niň bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Maksatnamasynyň Ýerine Ýetiriji komitetine hemişelik esasda saýlanyldy, şeýle hem 2015-nji ýylyň aprelinde Türkmenistanyň BMG-niň Gender deňligi hem-de zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça düzüminiň Ýerine ýetiriji geňeşiniň 2016–2018-nji ýyllar üçin agzalygyna we Türkmenistany Ilatly nokatlar boýunça BMG-niň Maksatnamasyny Dolandyryjylaryň Geňeşiniň (BMG-HABITAT) 2016–2019-njy ýyllar üçin agzalygyna saýlanandygyny bellemelidiris.

BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň kömekçi edaralary hökmünde dokuz sany wezipeleýin, ýagny ýörite ugurly toparlary hereket edýär. Türkmenistan 2016-njy ýylyň aprel aýynda bu toparlaryň birbada üçüsine, ýagny 2017–2020-nji ýyllar üçin Ösüşiň bähbidine ylym we tehnika boýunça toparyň; 2016–2020-nji ýyllar üçin Ilat we ösüş boýunça toparyň; 2017–2021-nji ýyllar üçin Durmuş ösüşi boýunça toparyň agzalygyna saýlandy. Türkmenistan 2014–2017-nji ýyllar üçin Durmuş ösüşi boýunça toparyň we 2014–2016-njy ýyllar üçin Ösüşiň bähbidine ylym we tehnika boýunça toparyň agzasy bolup durandygyny hem bellemelidiris.

Hususan-da, Türkmenistan BMG-niň gün tertibindäki ähli meseleleriň çözgüdine işjeň gatnaşmagyny we bu abraýly düzüm bilen hyzmatdaşlygyň çäklerindäki

[131] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. IX tom. – A.: TDNG, 2016, 595 sah.

birnäçe möhüm wezipelere aýratyn ähmiýet bermegini görkezip bolar. Netijeli ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça täze başlangyçlary öňe sürmek bilen, biziň ýurdumyz BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşi, Ýewropa ykdysady komissiýasy, Aziýa we Ýuwaş umman sebiti boýunça Ykdysady we Durmuş komissiýasy ýaly möhüm düzümleri bilen ýola goýulýan özara gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berýär.

BMG-niň howandarlygynda biziň ýurdumyzda iri halkara forumlaryň geçirilmegi BMG-niň esasy çäreleriniň ählisine Türkmenistanyň işjeň gatnaşýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky özara gatnaşyklaryň yzygiderli artmagy we Ženewada BMG-niň ýanyndaky Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasynyň açylmagy munuň şeýledigine şaýatlyk edýär.

Türkmen döwletiniň halkara gatnaşyklar ulgamyndaky ähmiýeti we onuň orny bu gün has-da aýdyň häsiýete eýe bolýar. Biziň döwletimiziň dünýä syýasatyna işjeň gatnaşmagy, onuň daşary syýasy ugrunyň açyklygy we aýdyňlygy, umumy durnuklylygy we howpsuzlygy berkitmekde oňyn gepleşiklere hemmetaraplaýyn ýardam bermegi, şeýle hem sebit we sebitara möçberlerinde netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmegi Türkmenistanyň global syýasy giňişlikdäki netijeli işlerini kesgitleýän möhüm esaslar bolup durýarlar. Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlislerini iň ýokary derejede gatnaşmagy hem munuň subutnamasydyr.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2016-njy ýylyň 13-nji iýunda bolan mejlisinde Türkmenistanyň Baş Assambleýanyň 71-nji mejlisiniň wise-başlyklygyna saýlanmagy ýurdumyzyň barha berkeýän halkara abraýynyň ýene bir belent sepgidini aňlatdy. Türkmenistanyň ondan öň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 58-nji, 62-nji, 64-nji we 68-nji mejlislerinde hem wise-başlyklyk wezipesini ýerine ýetirendigini hem buýsanç bilen bellemelidiris. Bu hem ýurdumyzyň alyp barýan parahatçylyksöýüjilige esaslanýan daşary syýasatynyň bütin dünýäde ykrar edilýändigini görkezýär.

### Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi

Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň wajyp görkezijisi we onuň geljekki ösüşine itergi beriji güýç bolup, 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş Diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy boldy. Türkmenistanyň Prezidenti şol Merkeziň açylyş dabarasyna bagyşlanan halkara ylmy maslahata gatnaşyjylara gutlag sözünde halkara gatnaşyklarda: «...güýç ulanmak usullaryna garanyňda, gepleşikler ýolunyň artykmaçlyklaryna akyl ýetirmäge esaslanýan giň halkara konsensusyny gazanmak zerur. Biziň çuňňur ynamymyza görä, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde şeýle konsensusy amala aşyrmak mümkin bolan ýeke-täk uniwersal gurluş bolmagynda galýar. Öňüni alyş diplomatiýasynyň usul ýörelgeleri

hut Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda, onuň hukuk gurallarynyň, dünýädäki ägirt uly ruhy abraýynyň, bahasyna ýetip bolmajak tejribesiniň esasynda netijeli işläp we real netijeleri berip biler»[132] diýip belledi.

Geçen döwür BMG-niň Merkezi Aziýa üçin sebit merkeziniň işiniň sebitde bar bolan meseleleri çözmekde ähmiýetini doly görkezdi. 2017-nji ýylyň 17-nji noýabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň «BMG-niň Merkezi Aziýa üçin sebit merkeziniň orny» atly Rezolýusiýasynyň kabul edilmegi bu merkeziň geçen döwrüň içinde sebitdäki ýurtlaryň arasynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga hem-de ýüze çykan ähli meseleleri parahatçylykly we ylalaşykly çözmek boýunça netijeli gatnaşyklary ýola goýmak ugrunda belli bir menziliň geçilendigini görkezýär. Şol menziliň dowamynda gazanylan üstünlikler türkmen Lideriniň öňdengörüjilikli we oýlanyşykly daşary syýasatynyň netijesi bolýar.

Öňüni alyş diplomatiýasi baradaky pikir XX asyryň ortalarynda dörän hem bolsa, dünýäde onuň usullaryny ulanmagyň ýeke-täk tertibi ýok. Her bir sebitiň, her bir ýurduň we halkyň özboluşlylygy, öz aýratynlyklary, öz gymmatlyklar ölçegi bar. Merkezi Aziýada örän uly medeniýete eýe bolan gadymy halklar ýaşaýarlar. Şol hem bu sebitde bolan ýeňil bolmadyk meseleleri çözmäge esaslary döretdi. Olar barada indiki bapda gürrüň dowam ediler. Bu ýerde bolsa BMG-niň Aşgabatdaky sebit merkeziniň uly tejribe toplandygyny we öňüni alyş diplomatiýasynyň tejribesine uly goşant goşandygy bellärliklidir. Hormatly Prezidentimiz bu goşandy: «Taryhy tejribaniň düýpli medeni we aň-düşünje gorlarynyň we häzirki zaman garaýyşlarynyň öňüni alyş diplomatiýasynyň türkmen nusgasynda jemlenmegi Türkmenistanyň içerki ösüşinde-de, dünýä giňişliginde-de üstünlik gazanmagyna ýardam berýär»[133] diýip häsýetlendirýär. Bu bolsa halkymyzyň asyl häsiýetlerini we parahatçylygy hyzmatdaşlyk esasynda saklap bolýandygyna bolan ynamynyň täzeden dikelýänligini görkezýär.

### Türkmen döwletiniň öňe süren daşary syýasat başlangyçlary

Türkmenistanyň Baştutany halkara giňişlikde dünýä bileleşigi tarapyndan uly gyzyklanma we goldawa eýe bolan uly möçberli daşary syýasat başlangyçlaryny öňe sürýär we durmuşa geçirýär. Şu ýerde Türkmenistan döwletimiziň täzelenişler döwründe BMG-niň Baş Assambleýasynyň münberinden öňe süren dünýä ähmiýetli başlangyçlaryny we anyk tekliplериniň käbirini ýatlap geçeliň:

1. Energiýany ibermegiň halkara infrastrukturasynyň howpsuz işlemegini, energiýa gorlarynyň deň derejede we deňhukukly şertlerde elýeterli bolmagyny üpjün etjek BMG-niň uniwersal guralyny işläp düzmeli.

---

[132] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 1-nji tom. – A.: TDNG, 2008, 315 sah.

[133] Gurbanguly Berdimuhamedow. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016, 47 sah.

2. Energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmek boýunça halkara hukuk guralyny işläp düzmek üçin BMG-niň howandarlygy astyndaky bilermenler toparyny döretmeli.

3. BMG bilen hyzmatdaşlykda Araly halas etmegiň toplumlaýyn maksatnamasyny taýýarlamak üçin ýörite halkara topary döretmeli.

4. BMG-niň agza döwletleriniň ulag ulgamyndaky özara hereketini we hyzmatdaşlygyny giňeltmek üçin Guramanyň we onuň edaralarynyň transmilli ulag ugurlarynyň işleýşiniň halkara-hukuk taýdan üpjün edilişini güýçlendirmeli.

5. Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak bilen baglylykda ulaglaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmeli.

6. Merkezi Aziýada suw meselelerini çözmek işinde sebitiň ähli döwletleriniň bähbitlerini nazarda tutup, halkara guramalaryň işjeň gatnaşmaklarynyň esasynda umumy ykrar edilen kadalara eýermegi şu meseläni çözmegiň esasy şerti hökmünde garamaly we başgalar.

Türkmenistan BMG-niň käbir taraplarynyň özgerdilmeginiň we kämilleşmeginiň bu guramanyň dünýädäki ornunyň berkemegine we täsiriniň artmagyna getirmelidigini yzygiderli nygtaýar. Howpsuzlyk Geňeşini kämilleşdirip, onuň Baş Assambleýa bilen ýakyndan hyzmatdaşlygyny gazanmagyň wajyplygy nygtalýar. Özgertmeler bilen bir hatarda, BMG-niň uniwersal häsiýeti saklanmalydyr we ol ählumumy parahatçylygyň hem-de ösüşiň esasy guraly bolup galmalydyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2015-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda Nýu-Ýorkda geçen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 70-nji mejlisinde eden çykyşynda 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin durnukly ösüş baradaky Gün tertibiniň Ählumumy maksatlarynyň 17-sinde we wezipeleriň 169-synda beýan edilen täze Gün tertibiniň ösüş babatdaky meseleleri çözmäge esasy çemeleşmelerini öz içine alýandygyny belläp, biziň ýurdumyzyň olary amal etmäge işewür gatnaşjakdygyny aýtdy. Bu ugurda alnyp barylýan işler hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistan durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda» atly eserinde giňişleýin beýan edilýär.

Görşümiz ýaly, Türkmenistan özüniň hoşniýetli halkara syýasatyny adamzadyň öňünde duran möhüm meseleleri çözmäge gönükdirilen teklipleri bilen utgaşdyrýar. Biziň döwletimiz özüniň ägirt uly tebigy baýlyklaryny, oňaýly geografik ýerleşişiniň mümkinçiliklerini ýurtlaryň, sebitleriň we halklaryň parahatçylykly ýaşaşmagyna, söwda-ykdysady we medeni aragatnaşyklaryň ösmegine gönükdirýär.

Hakykatdan hem, dünýäniň ýurtlary durnukly ösüşe eýe bolan ýagdaýlarynda, ilki bilen, şol ýurtlaryň her birinde, soňra bolsa dünýäde-de azyk howpsuzlygynyň, energetika howpsuzlygynyň, ekologiýa howpsuzlygynyň we howpsuzlygyň beýleki görnüşleriniň üpjün edilmegine esaslaryň dörejekligi gumansyzdyr. Merkezi Aziýa sebitinde hopwsuzlygyň üpjün edilmegi, mysal üçin, köp derejede Owganystandaky ýagdaýlaryň durnuklaşmagy we ol ýerde parahat durmuşyň ykrar edilmegine gönüden-göni baglydyr. Türkmenistan bilen umumy araçäginiň uzaklygy 800 kilometrden gowrak bolan goňşy Owganystanda asuda ýaşaýşyň berkarar bolmagy we onuň durmuş-ykdysady taýdan aýaga galyp ugramagy örän möhüm ähmiýete eýedir.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen Türkmenistan dostlukly owgan halkyna ynsanperwerlik kömeklerini yzygiderli berýär, onuň bilen söwda-ykdysady, ýangyç-energetika we medeni-ynsanperwerlik ugurlarynda hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny saklaýar. Elbetde, parahat we ösýän Owganystanyň bolmagy biziň ýurdumyz üçin örän bähbitlidir. Şol sebäpli Türkmenistan Owganystan meselelerine garamagyň has kämil ýollaryny, bu ýurtdaky kynçylykly meseleleriň ählisini netijeli çözmäge ýardam etjek halkara syýasy-diplomatik usuly gözlemegiň tarapdary bolup çykyş edýär. Türkmenistanyň Prezidenti Owganystan meselesini harby usullar bilen däl-de, syýasy-diplomatik ýollar, bu ýurduň ösüşine gönükdirilen ykdysady we ynsanperwer ýollar bilen çözmegiň dogry boljakdygyny tekrarlaýar.

Şu nukdaýnazardan 2018-nji ýylda Owganystan-Türkmenistan-Azerbaýjan-Gruziýa-Türkiýe – «Lazurit» halkara ulag-üstaşyr geçelgesiniň döredilmegi hem Owganystanyň dünýä bazarlaryna çykmagyna ýardam berer. Bu geçelge Merkezi we Günorta Aziýa, Hazar hem-de Gara deňizleri, Ortaýer deňzi sebitlerini öz içine alýan giň geoykdysady giňişlikde netijeli gatnaşyklary berkitmäge ýardam eder. Şu ýerde döreýän mümkinçilikleriň Owganystanyň ykdysadyýetini ösdürmekde Serhetabat – Turgundy demir ýol şahasy goşmaça şertleri döretdi. Bu ýurtda kiçi we orta telekeçiligiň işjeňleşdirilmegine, owgan harytlaryny goňşy döwletleriň bazarlaryna çykarmaga ýol açyldy we bu ugurda söwda gatnaşyklary hereket edip başlady.

Ine, şonuň üçin Türkmenistanyň parahatçylyksöýüjilige ýugrulan daşary syýasat ugry «açyk gapylar» syýasatyna esaslanýar. Munuň özi goňşy döwletler, şeýle hem dünýäniň beýleki ýurtlary bilen deňhukukly, özarabähbitli syýasy, söwda-ykdysady we medeni gatnaşyklary ýola goýmakdan, Türkmenistan tarapyndan gol çekilen we ykrar edilen halkara resminamalary gyşarnyksyz berjaý etmekden, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk derejesinden gelip çykýan işjeň parahatçylyksöýüjilige esaslanýan syýasy ugry ýöretmekden ybaratdygyny aňladýar.

Bu ýörelge Bitarap Türkmenistanyň parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmekde, söwda-ykdysady we maýagoýum, energetika we ulag-aragatnaşygy, şeýle hem durmuş-medeni we ynsanperwer ugurlarynda giň halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde ägirt uly güýjüniň bardygyny aýan edýän daşary syýasata berlen göwrümli, şol bir wagtda-da çuňňur we giňişleýin häsiýetnamadyr.

## Türkmen döwletiniň dünýäde howpsuzlygy we parahatçylygy üpjün etmek ugrunda alyp barýan işleri

Dünýäniň döwletleri biri-birinden eýeleýän meýdanlary, ykdysady we durmuş görkezijileri, dili we däp-dessurlary boýunça tapawutlanýarlar. Şu we beýleki aýratynlyklaryň ýurtlaryň arasynda gapma-garşylyklaryň güýjemegine esas bolmazlyk we olar üçin gerek bolan esaslary aňlamak şu günki döwrüň talaby bolýar. Döwlet-

leriň dürli bähbitleriniň bar ýagdaýynda gapma-garşylyklara garşy durup biljek güýç barada oýlanyp, hormatly Prezidentimiz: «Ýöne şol döwletleriň medeniýetleriniň kökleri bir we bitewi bolup durýar. Şoňa görä-de diňe şu birlik we bitewilik dünýä düzgünleriniň täze, has-da adalatly we parasatly ulgamyny emele getirmek ýaly çylşyrymly wezipäni çözmäge mümkinçilik berer»[134] diýip belleýär. Türkmen Bitaraplygy şol bitewüligi döretmäge gönükdirilen ugur bolýar.

Ine, şonuň üçin dünýäde parahatçylyksöýüjilikli meýilleri amal etmek Türkmen döwletiniň Bitaraplyk syýasatynda jemlenýär. Adamzadyň geljeginiň berk binýadyny düzýän bu taglymatyň manysynyň halkymyzyň ruhy-medeni baýlyklaryndadygyny bellemek gerek. Ol hem jemgyýetçilik-syýasy taglymatlarynyň özenine pähim-paýhasly garaýyşlar arkaly göz ýetirip bolýandygy bilen baglanyşyklydyr.

Dünýäniň döwletleriniň deňhukukly we özarabähbitli hyzmatdaşlyk etmeginiň esasynda ählumumy parahatçylygy we durnukly ösüşi üpjün etmek, olaryň arasyndaky syýasy, ykdysady, medeni hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak Türkmen döwletiniň täze döwürde Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan durnukly ösüşi gazanmak maksatlaryna ýetmäge gönükdirilen ugrunyň esasy bolup durýar. Ine, şonuň üçin hemişelik Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugry dünýäde howpsuzlygy we parahatçylygy üpjün etmäge gönükdirilen. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow Ählumumy howpsuzlygy üpjün etmek taglymatyny öňe sürdi. Bu taglymat, ilki bilen, dünýäde parahatçylygy üpjün etmäge gönükdirilen. Ony gazanmagyň esasy ugry bolsa ýaragsyzlanmak bilen bagly bolýar.

Häzirki döwürde ýaragsyzlanmak meselesi, ilkinji nobatda, köpçülikleýin gyryş ýaraglaryny kemeltmek we aradan aýyrmak, olaryň ýaýradylmagyna ýol bermezlige garşy hereket etmek proseslerine ýardam bermek meselesi global we wajypdyr. Türkmenistan bitarap döwlet hökmünde hemişe ýaragsyzlanmak hereketini giňeltmegiň we çuňlaşdyrmagyň tarapdary bolup çykyş edýär. Türkmenistan 1994-nji ýylda «Ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygy hakyndaky Şertnama» goşuldy, 1998-nji ýylda bolsa «Ýadro synaglaryny hemmetaraplaýyn gadagan etmek hakyndaky Şertnama» girdi. Bu halkara-hukuk resminamalary ählumumy dünýä howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

Dünýäde howpsuzlygy üpjün etmek meselesi şindi bar bolan dartgynlygy aradan aýyrmak, parahatçylygyň ykrar edilmegini gazanmak bilen bagly bolýar. Türkmen döwleti parahatçylygy gazanmak üçin ýurtlaryň ösüşe we özgerişe eýe bolmaklarynyň gerekliliginden ugur alýar. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow bu syýasaty, ýokarda bellenilişi ýaly, «Ösüş arkaly parahatçylyk» diýip atlandyrýar. Bu düşünjäniň türkmen halkynyň milli

[134] Gurbanguly Berdimuhamedow. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016, 240 sah.

aň-düşünjesiniň düýpli esaslarynyň biri bolýanlygy sebäpli, bu ýörelge döwletimiziň dünýäniň wajyp meselelerini çözmekde öz ornuny tapmagyna esaslary döretdi.

2019-njy ýylyň sentýabr aýynyň başynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy boýunça «2021-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň kabul edilmegi şol esaslary durmuşa geçirmekde döreýän täze mümkinçilikleri görkezýär

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Daşary we içeri syýasatyň özara baglanyşygyny açyp görkeziň.
2. Türkmen döwletiniň daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleri haýsylar?
3. Türkmen Bitaraplygynyň many-mazmuny nämede?
4. Türkmenistanyň halkara gatnaşyklardaky orny nähili häsýetlendirilýär?
5. Türkmen diplomatiýasynyň kemala gelşiniň özboluşlylygyny nämede görýärsiňiz?
6. «Ösüş arkaly parahatçylyk!» ýörelgesiniň ähmiýeti nämede?
7. Türkmenistanyň sebitde we dünýäde parahatçylygy berkitmek ugrunda alyp barýan işleri.

## 2-NJI SAPAK. GEOSYÝASAT. TÜRKMENISTANYŇ HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYK GATNAŞYKLARY WE HYZMATDAŞLYGA YGRARLYLYGY

*Geosyýasat. Onuň türkmen halkynyň taryhynda açylyşy. Häzirki zamanyň geosyýasy ulgamynda Türkmenistanyň mynasyp orny eýelemegi. Türkmen döwletiniň geosyýasy ugurlary. Ulag-üstaşyr geçelgeleriň bu ýerdäki orny. Energiýa serişdeleriniň adamzada elýeterli bolmagyny gazanmaga Türkmenistanyň goşýan goşandy.*

*Türkmenistanyň sebitiň meselelerini çözmekdäki hyzmatdaşlygy.*

*Hyzmatdaşlyk we döwrebaplaşmak. Türkmenistanyň hyzmatdaşlyk syýasatynyň täsirliligi.*

*Dünýä jemgyýetçiliginiň türkmen Lideriniň parahatçylyk ugrunda işjeň hyzmatdaşlyga gönükdirilen daşary syýasatyny goldamagy.*

### Geosyýasat

Adamzadyň durmuşynda syýasatyň ornunyň güýjeýän XX asyrda has-da XXI asyrda «geosyýasat» diýen düşünje aňlamagy we döwletiň durmuşynda netijeli ulanmagy talap edýär. Senagat taýdan ösen döwletleriň hataryna işewür girişýän Türkmenistan döwleti üçin hem özüniň geosyýasy aýratynlylygyny aňlamak we ulanmak wajypdyr. Soňky döwürde, köplenç, geosyýasat syýasy geografiýadan tapawutlandyrylýar. Syýasy geografiýa, bilşimiz ýaly, giňişlik baradaky ylym bolýar. Geosyýasat bolsa her bir ýurduň öz geografiki giňişliginiň syýasy ölçegini tapmagy bilen bagly. Şonuň üçin geosyýasatyň häzirki döwre gönügýändigini alymlar belleýärler. Syýasy geografiýa giňişligiň döwlete edýän täsiriniň şertlerini açyp görkezýär. Ondan tapawutlylykda geosyýasat döwlete giňişligiň şertlerini we kanunlaryny ýeňip geçip, olary ýurduň ösüşi üçin kesgitlenilen maksatlaryň gullugyna goýmagyň meselelerini öwrenýär.

«Geosyýasat» (grekçe *geo – ýer*) adalgasyny ylma şwed alymy R.Çellen girizen. Geosyýasat halkara syýasaty, dünýäniň syýasy prosesini olaryň obýektleriniň geografiki ýerleşişi we döwletiň geografiki hem-de biologiki organizmligi baradaky taglymat bolýar. Geosyýasatyň esasy düşünjeleri bolup, «ýaşaýyş giňişligi» we «tebigy çäkler» düşünjeleri çykyş edýärler. Şu taglymata görä, döwletiň daşary syýasaty geografiki şertler (klimat, ýerleşýän ýeri, tebigy baýlyklary, ilatyň ösüşiniň depgini) bilen kesgitlenilýär.

Geosyýasat dünýä syýasatynyň we umuman, bütin halkara gatnaşyklaryň aýratyn subýektleriniň ösüşiniň esasy kanunlaryny ýüze çykarmaga gönügýär. Şu hili kanunlaryň hataryna:

1) Ykdysady-geografiki ýagdaý dünýäniň syýasy prosesiniň ilkinji nobatdaky şerti bolmagynda galýar.

2) Dünýä birleşiginiň gatnaşygynda döwletleriň orny – köp derejede geografiki şertler, ýagny deňizlere we ummanlara çykmak mümkinçilikleri, dartgynly ýagdaýlarda döwletiň halkara durnukly ýerlerde ýerleşmegi, strategiki wajyp giňişlik obýektlerine eýe bolan döwletler bilen goňşy bolmagy bilen kesgitlenilýär.

3) Geosyýasy nukdaýnazardan amatly çäkler beýleki döwletleriň isleýän ýerleri bolýar.

Türkmenistan döwleti üçin hem häzirki döwürde giňişligiň şertlerini we kanunlaryny ýurdy senagat taýdan ösen döwlete öwürmek maksatlaryna ulanmak örän gerekli bolýar. Bu wezipäni amal etmek üçin hem bizde ähli esaslar bar.

**Geosyýasatyň türkmen halkynyň taryhynda beýany.** Ýokarda ýurduň geografiki ýerleşişi, tebigy baýlyklary, halkyň medeni mirasy barada giňişleýin durup geçipdik. Halkymyzyň öz ýerleşen ýerini öz her günki durmuş meselelerini çözmek üçin ulanyşy barada aýdylanda Türkmenistan gadym döwürlerden bäri söwda ýollarynyň, medeni we dini gatnaşyklaryň çatrygynda ýerleşendigini bellemeli. Gadymy döwürde türkmen ýurdunda geosyýasatyň netijeli görnüşde ýüze çykyşynyň ajaýyp mysaly hökmünde Beýik Ýüpek ýoluny görkezse bolar. Harby hadysalar sebäpli tebigy ýagdaýlar bilen baglylykda, adamlar bu ýoluň ugruny üýtgeden hem bolsalar, ol hökmany suratda ýurduň çäginden geçen. Gadymy Mary şol ýoluň merkezinde ýerleşen. Onda bu ýoluň bir şahasy demirgazyga – Horezme tarap bölünip aýrylýar. Günorta tarap Horasana we ondan Kermana, Pars aýlagyna gidýän ýoluň başga bir ugry Arabystana alyp barypdyr. Gündogarda bu ýol Hindistana we Hytaýa rowana bolan.

Bu ýoluň Türkmenistanyň çäklerinden we onuň goňşy ýurtlarynyň içinden geçýän bölekleri barada ilkinji gezek Usidor Harakskiniň eserlerinde habar berilýär. Onuň b.e. I asyryna degişli «Parfian duralgalary» diýen işinde Eýrandan gelýän söwda ýoly demirgazyk Parfiýanyň üsti bilen (Köpetdagyň demirgazyk eteklerinden Nusaýyň üsti bilen Abywerde) göni Merwe barýanlygy aýdylýar. Orta asyrlara degişli arap awtorlarynyň belleýşine görä, olaryň döwründe Eýrany Orta Aziýa bilen

we ondan aňry gündogar welaýatlary bilen birikdiren şäher Saragt bolupdyr. Olaryň göz öňünde tutýan ýoly Köpetdagyň günorta etekleri bilen Nyşapura ondan Saragta we Merwe barypdyr. Bu ýoluň emele gelmegi Eýranyň gündogarynda uly şäheriň – Nyşapuryň we b. e. IV asyrynda Hazaryň gündogar eteginde – Dehistanda, özbaşdak döwletiň döremegi bilen bagly bolupdyr.

Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda toplanan tejribäni ylmy esasda öwrenmek häzirki döwrüň talaby bolýar. Ýurduň çylşyrymly dünýäniň şertlerindäki geljekki ösüşleri bilen bagly köptaraplaýyn maksatnamalaryň işlenip düzülmegi geçen nesilleriň häzirki nesillere goýup giden maddy we ruhy mirasynynyň esasynda düýpli çemeleşmeleri talap edýär. Şol çemeleşmeleri türkmen halkynyň adamzadyň taryhynda, şol sanda Beýik Ýüpek ýolunda eýelän ornuny açmak örän ähmiýetli. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly eseri hut şu meseläniň çözgüdi bilen baglanyşykly.

Gadymy ýoluň Hazar deňzinden günbatara, Amyderýadan gündogara, Üstýurt düzlüginden demirgazyga, Köpetdagyň gerşlerinden aşyp günorta uzaýan ugurlary bilen türkmen medeniýeti dünýä ýaýrap, bu ýollar dürli-dürli medeniýetlerden bolan adamlary birikdirdi, olaryň arasynda toplanylan tejribeleriň, başarnyklaryň, açyşlaryň, oý-pikirleriň, ruhy gymmatlyklaryň özara gatnaşygyny kemala getirdi.

Şu ýerdeTürkmenistanyň Prezidentiniň kitabynda gelnen netije ýurduň şu günki ösüşine täze esaslary döredýär. Ol hem «Beýik Ýüpek ýoly yklymlary birikdiriji güýje öwrüldi. Türkmenistan bu halkara söwda-medeni ýolunyň ýüregi – hereketlendiriji güýji hökmünde taryhyň sahnasynda esasy orny eýeledi».[135] Şol ýoluň türkmen böleginde megapolisler (gadymy Merw, Amul, Abywert we Gürgenç), ylmy, medeni we senetçilik merkezleri, dünýä bazarlary, kerwensaraýlar döredi.

Beýik Ýüpek ýoly diňe söwda we diplomatiýa ýoly bolman, eýsem medeniýetleriň, iş usullarynyň, tilsimatlaryň, ylymlaryň we dinleriň ýaýramagyna, dünýä halklarynyň medeniýetleriniň baýlaşmagyna uly kömek edipdir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «Özara gatnaşyklaryň medeniýeti, medeniýetleriň özara gatnaşygy, ine, Beýik Ýüpek ýolunyň köpasyrlyk tejribesi şunda jemlenendir, ata-babalarymyzyň pähim-paýhasynyň sütüni, daýanç kökleri hem şundadyr»[136] diýip belleýär. Bu ýol halklaryň we döwletleriň gatnaşygynyň arasyndaky parahatçylykly gatnaşyklaryň göreldesini berip, dünýäde meşhurlyga eýe bolan alymlaryň we filosoflaryň, beýik danalaryň peýda bolmagyna getirýär.

Ony biz Türkmenistanyň mysalynda hem görýäris. Gadym döwürlerden bäri bu ýerde ýaşaýan ilat ýakyn we alys ýurtlar bilen gatnaşyp ähli ugurlarda üstünlikleri gazanyp bilipdir. Ýurt ylym adamlarynyň, filosoflaryň, şahyrlaryň mesgenine öwrülipdir. Seljuk türkmenleriniň soltanlygynyň, Köneürgenç soltanlygynyň döwründe türkmenler bütin yslam dünýäsinde ylmyň, edebiýatyň, sungatyň ösme-

[135] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – A.: TDNG, 2017, 19 sah.

[136] Şol ýerde, 21 sah.

gine saldamly goşant goşup gelen. Olar hoşniýetli gatnaşyklaryň tarapdary bolup çykyş edenler. Türkmenleriň ýörelge edinýän parahatçylyksöýüji syýasaty adalatlylygy, ynsanperwerligi, olara orta asyrlarda Aziýanyň, Gündogar Ýewropanyň we Demirgazyk Afrikanyň ähli künjeklerinde onlarça döwletleri, şol sanda beýik soltanlyklary gurmaga kömek etdi. Bu gün Türkmen döwleti şol döwürde kemala gelen «özara gatnaşyklaryň medeniýetini» täzeden dikeldýär we ähli halklaryň arasyndaky goňşuçylyk gatnaşyklaryň binýadyny pugtalandyrmaga çalyşýar.

## Türkmen döwletiniň geosyýasy ugurlary

Häzirki döwürde türkmen halkynyň dünýäniň ösüşine goşulmagy, bu ýerde öz mümkinçiliklerini netijeli ulanmagy döwletiň geosyýasaty bilen bagly bolýar. Şonuň üçin döwlet öz daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny we onuň ýurtlar bilen hyzmatdaşlygynyň görnüşlerini ýurduň çäginiň geografiki ýerleşişi bilen baglanyşykda, ýagny geosyýasy ýagdaýy bilen çözýär. Şol sebäpli taryhy, syýasy, ykdysady we medeni taýdan ýakyn baglanyşygy bolan goňşy döwletler bilen aragatnaşygy ösdürmek Türkmenistanyň geosyýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr. Biziň ýurdumyz öz ýakyn goňşulary bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryna, ähli ugurlardaky giň hyzmatdaşlyga özygtyýarlylygyny we Bitaraplyk statusyny berkitmegiň, daşary syýasatdaky maksatlaryny üstünlikli amala aşyrmagyň kepili hökmünde garaýar.

Täze döwürde geosyýasaty netijeli ulanmak mümkinçiligi Türkmenistan öz Garaşsyzlygyna eýe bolandan soňra döredi. Türkmenistanyň daşary syýasat başlangyçlarynyň ýokary derejede wajyplygyny kesgitleýän esasy ölçeg, hyzmatdaşlyk esasynda durnukly ösüşi gazanmakdyr. Bu ýerde tutuş adamzadyň ösüş maksatlarynyň umumylygyna düşünmek, häzirki zaman wehimlerine we howplara bilelikde garşy durmagyň zerurlygyna göz ýetirmek, şu ugur boýunça anyk ädimleri ätmäge taýýar bolup, gaýragoýulmasyz meseleleri çözmek wajypdyr.

Türkmenistan özüniň hoşniýetli halkara syýasatyny adamzadyň öňünde duran möhüm meseleleri çözmäge gönükdirilen teklipleri bilen utgaşdyrýar. Beýik Ýüpek ýolunyň hereketlendiriji güýji bolup çykyş eden tejribesini täzeden dikeltmek bilen bagly ulag-üstaşyr geçelgeleriň hem-de energiýa serişdeleriniň adamzada elýeterli bolmagyny gazanmakda aýratyn ähmiýetini göz öňünde tutup, şu ýerde bu meseleleriň üstünde giňişleýin durup geçeliň.

## Türkmenistanyň öz geosyýasy mümkinçiliklerini ulanmakda ulag-üstaşyr geçelgeleriň orny

Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A.Nyýazowyň 1991-nji ýylyň 8–11-nji oktýabrynda Eýran Yslam Respublikasyna bolan ilkinji resmi sapary mahalynda Tejen–Sarahs–Maşat demir ýolunyň gurluşygyna başlamak hakynda ylalaşyga gol çekilipdi. Eýranyň şol wagtky Prezidenti, merhum A.A.Haşemi Rafsanjany Orta Gündogary Ýewropa, Uzak Gündogar, Hindistan we Günorta-Gündogar Aziýa

bilen birikdirmeli bu taslamanyň Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltjekdigine, onuň Eýranyň esasy daýanç sütüni boljakdygyna ünsi çekipdi.

Bu taslama 1992–1996-njy ýyllarda amala aşyryldy. Ýoluň umumy uzynlygy 308 kilometre barabar bolup, şonuň 132 kilometri Türkmenistanyň, 170 kilometri Eýranyň içinden geçýär. 1996-njy ýylyň 13-nji maýynda Tejen–Sarahs–Maşat demir ýoly açyldy. Oňa ECO döwletleriniň 10-synyň hem-de Gruziýanyň we Ermenistanyň Prezidentleri gatnaşdylar. Oňa gabatlanyp, Eýranyň Sarahs şäherinde erkin ykdysady zolak, serhetýaka bazary hem açyldy. Şu waka bilen bir wagtda Özbegistanyň, Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň, Gruziýanyň Prezidentleri Daşkent-Aşgabat-Baku-Poti ugry boýunça agzalan döwletleriň arasynda demir ýol ýüklerini daşamak barada ylalaşyga gol çekdiler.

2007-nji ýylyň 15-16-njy iýunynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Eýrana ilkinji resmi sapary wagtynda Türkmenbaşy-Gürgen aralygynda täze demir ýoly gurmak teklibi bilen ýüzlenipdi. Şol ýylyň 16-njy oktýabrynda Hazarýaka döwletleriň Tehranda geçirilen II Sammitinde Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Eýranyň Prezidentleri Gazagystan-Türkmenistan-Eýran demirýolunyň gurluşygynyň taslamasy barada resminama gol çekdiler.

Gazagystanyň, Türkmenistanyň we Eýranyň demirýollaryny birikdirýän «Üzen-Gyzylgaýa-Bereket-Etrek-Gürgen» demirýolunyň gurluşygy ýol gurluşygynda hil taýdan täze taslamadyr. Onuň gurluşygyna 2007-nji ýylyň 1-nji dekabrynda badalga berildi. Ýedi ýyldan soňra 2014-nji ýylyň 3-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň, Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Nursoltan Nazarbaýewiň we Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Hasan Ruhaniniň gatnaşmagynda «Gazagystan-Türkmenistan-Eýran» demirýolunyň açylyş dabarasy boldy. Demirýoluň Eýranyň çäklerinden geçýän böleginiň tamamlanmagy bilen, Aziýanyň we Ýewropanyň arasynda has amatly demirýol bolup, Ýakyn Gündogar, Günorta we Günorta Gündogar Aziýa ugry boýunça harytlaryň iberilýän möçberini artdyrmaga mümkinçilik döretdi. Täze gurlan ýol Hazarýaka sebitini ösdürmäge, onuň ulag, önümçilik we durmuş üpjünçilik ulgamyny giňeltmäge hem itergi berer. 2015-nji ýylyň 16-njy ýanwarynda bu demirýol boýunça ilkinji ýük – türkmen bugdaýy Eýrana geldi.

2013-nji ýylyň 5-nji iýunynda ýene bir transmilli demirýolunyň – Türkmenistan-Owganystan-Täjigistan demirýolunyň gurluşygyna badalga berildi. Şol ýylyň 20-nji martynda Aşgabatda Türkmenistanyň, Owganystanyň hem-de Täjigistanyň Prezidentleri «Türkmenistan-Owganystan-Täjigistan» demirýolunyň gurluşygynyň taslamasy hakynda Özara düşünişmek baradaky Ähtnama gol çekdiler. Bu ýol biziň ýurdumyzyň, Owganystanyň, Täjigistanyň, Gyrgyzystanyň çäklerinden geçip, Hytaýyň köpşahaly demir ýol ulgamyna we onuň üsti bilen Aziýa – Ýuwaş ummany sebitiniň çalt depginler bilen ösýän döwletlerine çykar.

Ýoluň işe girizilmegi ýurtlaryň, şol sanda Owganystanyň durmuş-ykdysady ösüşine täze şertleri döreder, çünki transnmilli demirýoluň çekilýän ýerinde, kada bolşy ýaly, awtomobil ýoly, elektrik geçiriji ulgam, uglewodorod serişdelerini akdyrýan turbageçirijiler hem gurlar. Şeýle düzümiň döredilmegi bilen polat ýollaryň geçýän çäginiň keşbi düýpli özgerýär, olaryň ugrunda iri önümçilik desgalary we şäherler gurulýar. Täze iş orunlarynyň müňlerçesi döredilýär, sebitleriň ösüşine täze mümkinçilikler açylýar.

Aziýa halkara demirýol geçelgesi sebitiň döwletleriniň halkara ulag gatnaşygynda möhüm ulgam bolmalydyr. Türkmenistan-Owganystan-Täjigistan demirýoly onuň esasy böleginiň biridir. Birinji tapgyrda bu demirýoluň – Türkmenistanyň çäginde uzynlygy 85 kilometre barabar bolan Kerki–Ymamnazar ýolunyň gurluşygy ýerine ýetirildi. Ymamnazar (Türkmenistan) we Akina (Owganystan) serhetýaka nokatlarynyň arasyndaky böleginiň uzynlygy 3 kilometre barabardyr. Umuman, Kerki-Ymamnazar-Akina demirýolunyň esasy gurluşyk-gurnama işleri 2016-njy ýylyň noýabr aýynyň 28-inde işe girizildi.

Şeýlelikde, dostlukly döwletleriň bilelikde gurýan Türkmenistan-Owganystan–Täjigistan demirýoly Aziýa demirýol geçelgesiniň nobatdaky «altyn halkasyna», ol bolsa, öz gezeginde, ägirt uly yklymy–Ýewropany we Aziýany birleşdirýän ulag kommunikasiýalarynyň halkara ulgamynyň möhüm bölegine öwrüler. Kemala gelýän demirýollary awtomobil, deňiz, derýa we howa ýollary bilen utgaşyp, geljekde bitewi ulgamyň döremegi bilen, olaryň her biriniň artykmaçlygyny peýdalanmada mümkinçilik döreder.

«Türkmenistan-Owganystan-Täjigistan» demirýolunyň ulanmaga berilmegi bilen taslama gatnaşýan ýurtlaryň durmuş-ykdysady ösüşine kuwwatly itergi berler. Bu ýoluň boýunda täze ilatly ýerler, köp adamlar üçin täze iş ýerleri dörär. Bu polat ýol boýunça Türkmenistanyň çäginden Owganystana, şol sanda Türkmenistanyň özünden gelýän dürli ýükler, hususan-da, nebit önümleri we suwuklandyrylan gaz daşalar. Bu işe Türkmen döwletiniň berýän ähmiýetini 28-nji noýabrda Ymamnazar demirýol menziliniň golaýyndaky Gümrük nokadynda nebit önümleriniň täze terminalynyň işe girizilmegi hem subut edýär. Şu örän ähmiýetli işe 2017-nji ýylyň 28-nji noýabrynda gurluşygy başlanyp, 2018-nji ýylyň 23-nji fewralynda işe girizilen Serhetabat (Türkmenistan) – Turgundy (Owganystan) demirýoly hem hyzmat eder. Täze ýoluň owgan halkyna abadanlyk, bolelinlik, ösüş we özgeriş getirjekdigi gümansyzdyr.

Türkmenistan dünýäniň ulag ulgamynyň wajyp bölegi bolmak maksady bilen ýollaryň ähli görnüşlerini kämil derejä çykarmaga çalyşýar. Soňky döwürde işe girizilen Aşgabat-Garagum-Daşoguz demir we gara ýollary, Amyderýanyň üstünden gurlan we gurulýan demir ýol köprüleri, gurlan we gurulýan ýüzlerçe täze köprüler,Türkmenbaşynyň we Marynyň howa menzilleri, 2017-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda işe girizilen Aşgabadyň we 2018-nji ýylyň 26-njy fewralynda işläp başlan Türkmenabadyň howa menzilleri, 2018-nji ýylyň 3-nji iýulynda işe girizilen Türkmenbaşynyň deňiz menziliniň mümkinçilikleriniň giňden ulanylmagy,

kem-kemden özgerýän Türkmenbaşy-Farap gara ýoly, şonuň ýaly-da durky täzelenýän ençeme ýollar Merkezi Aziýanyň üstünden geçýän sebitleýin we sebitara ulag ýollaryny döretmäge we netijeli peýdalanmaga möhüm ädim bolýar. Bu ugurda alnyp barylýan işler geljege gönükdirilen. Mysal üçin, Amyderýanyň üstünden geçýän agirt uly inženerçilik desgalary derýanyň sag kenaryny özleşdirmäge we goňşy döwletler bilen hyzmatdaşlygy artdyrjak möhüm ulag geçelgesine öwrüler.

Türkmenistan Merkezi Aziýa we Hazar deňzi sebitiniň halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamyna doly goşulyşmagynyň möhüm şerti hökmünde deňiz ulaglary bilen ýolagçylary we ýükleri daşamagyň göwrümi yzygiderli artdyrylýar. Türkmenbaşy Halkara deňiz menzili häzirki wagtda bu ugurdaky esasy üstaşyr ulag merkezi bolup hyzmat edýär. Täze halkara deňiz menzili iri möçberli halkara ulag we logistiki merkezi bolup, umumy bahasy 1,5 milliard amerikan dollaryna barabar agirt uly maýagoýum taslamasydyr. Onuň ýylda umumy kuwwatlylygy 17 mln tonna deň.

Häzirki globallaşýan dünýäde ulag we üstaşyr geçelge ýollarynyň ähmiýeti gün-günden artýar, özi hem şeýle düzümler diňe bir ýurtlaryň çäklerinde ýükleri daşamak we adamlaryň aragatnaşygyny gurnamak üçin däl, eýsem ösüş we özgeriş maksatlary bilen ýurtlary we yklymlary birleşdirmek, medeni, ykdysady hyzmatdaşlygy we parahatçylygy berkitmek üçin hem gerekli. Ine, şonuň üçin hormatly Prezidentimiz dünýäde durnukly ösüşi gazanmak üçin ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy täze derejä çykarmagyň gerekligine yzygiderli ünsi çekýär. Bu meseläni oýlanyşykly, ylmy esasda çözmegiň gerek bolýanlygy sebäpli, milli Liderimiz olar barada ýokary derejede pikir alyşmagyň örän ähmiýetlidiginden ugur alýar.

2014-nji ýylyň 3–4-nji sentýabrynda paýtagtymyz Aşgabatda geçen «Halkara hyzmatdaşlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriň orny» atly ýokary derejeli halkara maslahat dünýäniň 30 döwletiniň wekilleriniň gatnaşmagynda durnukly ulag-üstaşyr geçirijiler barada giňişleýin pikir alyşmaga mümkinçilik döretdi. Netijede, bu maslahat ulag ulgamynda hyzmatdaşlyga kuwwatly itergi berdi. Onda kabul edilen «Aşgabat jarnamasy» örän ähmiýetli boldy. Onuň esasy ugurlary ýurdumyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 2014-nji we 2015-nji ýyllarda biragyzdan kabul edilen ýörite kararnamalaryň ikisinde öz beýanyny tapdy.

2014-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen «Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny» atly Rezolýusiýanyň ähmiýetini, onuň awtordaşlary hökmünde Merkezi Aziýanyň ähli ýurtlarynyň, Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň ýurtlarynyň köpüsiniň, şeýle hem Ýewropa, Latyn Amerikasy we Afrika ýurtlarynyň – jemi 66 döwletiň çykyş etmegi doly tassyklaýar. Bu Rezolýusiýa BMG-niň Baş Assambleýasynyň durnukly ulag ulgamy boýunça ählumumy hyzmatdaşlygy döretmek hakyndaky teklibini resmi taýdan berkiden ilkinji resminamasy bolup durýar.

2016-njy ýylyň 26–27-nji noýabrynda Aşgabatda Durnukly ulag boýunça ählumumy maslahatyň geçirilmegi ulag we üstaşyr ýollary döretmäge ylalaşylan çemeleşmeleri işläp taýýarlamak ýolunda, şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýokarda görkezilen Rezolýusiýany hem-de 2015-nji ýylyň 22-nji dekabrynda kabul edilen «Durnukly multimodal üstaşyr geçirijileri döretmäge ýardam etmek maksadynda ulagyň ähli görnüşleriniň arasyndaky hemmetaraplaýyn gatnaşyklary üpjün etmäge tarap ýolda» atly Kararnamasynyň düzgünlerini amala aşyrmak babatda möhüm ädim boldy.

Bu maslahat ulag ulgamy barada dünýä derejesinde pikirlenmäge esas döretdi. Merkezi Aziýa we Hazar sebitinde degişli ulag-üstaşyr we logistik ulgamyň döremeginiň bu ýagdaýyň möhüm böleginiň biri bolýar. Gürrüň Gara deňiz we Baltika sebitleriniň, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýanyň, Ýakyn Gündogaryň hem-de Aziýa – Ýuwaş ummany sebitiniň deňiz terminallaryna çykmak arkaly kontinental Ýewraziýanyň giňişligini öz içine alýan ulag gatnawlarynyň köpşahaly, toplumlaýyn, utgaşykly düzümini gurmak barada barýar.

Türkmen Lideri Aşgabatda dünýä syýasy we ykdysady ulgamyň wekillerini jemlän bütindünýä forumyň ara alyp maslahatlaşmagyna geljek üçin anyk teklipleri öňe sürüp, dünýä möçberinde wezipeleri çözmekde jogapkärlçilikli hyzmatdaş hökmünde Türkmenistanyň kuwwatyny açyp görkezýän taslamalaryň sebitde we dünýäde ulag ulgamyny kämilleşdirmäge gönükdirilendigini belledi. Maslahatda çykyş edenler ulag ulgamynda Türkmenistanyň başlangyçlarynyň örän wajyplygyny belläp, öz ýurtlarynyň bu ugurda mundan beýläk-de gatnaşyk etmäge taýýardyklaryny tassykladylar we forumyň jemleriniň möhüm düzümleýin taslamalary döretmek boýunça netijeli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge ýardam etjekdigine ynam bildirdiler.

Umuman, paýtagtymyzda BMG-niň howandarlygynda hem-de onuň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda geçirilen Durnukly ulag ulgamy boýunça ählumumy maslahat hem-de forumyň yzysüre Aziýa halkara ulag geçelgesini döretmek baradaky ägirt uly taslamanyň birinji tapgyrynyň, ýagny Kerki-Ymamnazar-Akina böleginiň açylmagy türkmen Lideriniň adamzadyň öňünde duran örän ähmiýetli meseleleri çözmäge gönükdirilen syýasatynyň pähim-paýhasynyň «dünýä möçberinde pikirlenmeli – ýerlerde hereket etmeli» diýen ýörelgede jemlenýändigini aýan etdi.

2017-nji ýylyň 20-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynyň 74-nji maslahatynda «Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak bilen baglylykda ulaglaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek» atly Rezolýusiýanyň kabul edilmegi Türkmen döwletiniň kämil ulag-üstaşyr geçelgeler ulgamyny kemala getirmek ugrunda alyp barýan işine berlen bahadyr.

Türkmen döwletiniň bu ugurdaky işiniň näderejede ähmiýetlidigini 2018-nji ýylyň 2-nji iýulynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçen «Beýik Ýüpek

ýoly – täze belentliklere tarap» we şol ýylyň 28-nji noýabrynda Türkmenistanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Gruziýa Respublikasynyň, Türkiýe Respublikasynyň hem-de Owganystan Yslam Pespublikasynyň arasynda Üstaşyr we ulag hyzmatdaşlygy hakynda hyzmatdaşlyga gatnaşyjy ýurtlaryň ulag ministrleriniň halkara maslahatlaryny görkezse bolar. Bu forumlarda gadymy Ýüpek ýolunyň ähmiýeti we ony dikeltmrk bilen baglanyşykly meselelere garaldy. Hormatly Prezidentimiz 2-nji iýulda Awazada geçen forumga: «Biz şu ýüzýyllykda Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmegiň ähmiýetini üns bilen we düýpli öwrenmegiň, ýüz millionlarça adamlaryň ösmegi, abadançylygy üçin açylan ägirt uly mümkinçiliklerini seljermegiň wagty geldi diýip hasap edýärin»[137] diýip belledi.

Türkmenistanyň amatly geosyýasy ýerleşişi we şol amatlylyk esasynda gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda döreýän kämil ulag ulgamy ýurdy döwrebaplaşdyrmak üçin netijeli hyzmatdaşlygy gurnamagyň wajyp şerti bolýar.

## Türkmenistanyň adamzada energiýa serişdeleriniň elýeterli bolmagyny gazanmak ugrunda bitirýän işleri

Türkmen döwleti özüniň ägirt uly tebigy baýlyklaryny, oňaýly geografiki ýerleşişi esasynda alyp barýan syýasatyny ýurtlaryň, sebitleriň we halklaryň parahatçylykly ýaşaşmagyna, söwda-ykdysady hem medeni aragatnaşyklaryň ösmegine gönükdirýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasat başlangyçlary biziň döwletimiziň halkara giňişlikdäki işjeň ornuny we ösüş häsiýetini aýdyň görkezýär.

Biziň ýurdumyzyň milli bähbitlerini üpjün etmegiň strategik maksatlary dünýäde parahatçylygyň we howpsuzlygyň global meseleleri babatda hem-de häzirki zamanda adamzadyň öňünde duran howplara we wehimlere garşy göreşde tagallalary birleşdirmek, söwda-ykdysady hem medeni-ynsanperwer aragatnaşyklary giňeltmek boýunça sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek, pugtalandyrmak, transkontinental ulag-aragatnaşyk geçelgeleriniň döredilmegi hem-de herekete getirilmegi üçin oňaýly şertleri döretmek ýaly wezipeler bilen has berk baglanyşyklydyr. Türkmenistanyň Baştutany halkara giňişlikde dünýä bileleşigi tarapyndan uly gyzyklanma we goldawa eýe bolan uly möçberli daşary syýasat başlangyçlaryny öňe sürýär we durmuşa geçirýär.

Türkmenistanyň başlangyçlarynyň ýene biri – ýokarda bellenip geçilen energiýa üpjünçiliginiň ygtybarly halkara-hukuk binýadyny döretmek bilen baglydyr. Türkmenistan energiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň möhüm ähmiýete eýe bolup durýandygyny nazara almak bilen, halkara derejedäki çäreleri Birleşen Milletler Guramasy we beýleki egindeş taraplar bilen bilelikde yzygiderli amala aşyrýar. Türkmenistanyň Prezidenti bu ugurda hil taýdan öňegidişlikleri gazanmagyň, halkara energetika giňişliginde gatnaşyklaryň täze nusgasyny döretmegiň hakyky nusgasyny görkezdi. Bu babatda, öň hem belläp geçişimiz ýaly, Türkmenistanyň

---

[137] Türkmenistan. 2018-nji ýylyň 2-nji iýuly.

Prezidentiniň teklibi bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda biragyzdan kabul edilen «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty» hakyndaky taryhy Rezolýusiýasy halkara derejede amala aşyrylan ilkinji ädim boldy. Bu gurama agza döwletleriň 192-siniň biragyzdan ses bermegi bilen kabul edildi. Bu taryhy resminama 57 sany döwlet awtordaş boldy. 2013-nji ýylyň 17-nji maýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 67-nji mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen energiýa serişdelerini ygtybarly üstaşyr geçirmek boýunça ikinji gezek Rezolýusiýa kabul edildi. Olarda şu ulgam boýunça netijeli hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginiň esasy ugurlary we oňa bolan çemeleşmeler beýan edildi.

Bu resminamalary amal etmek maksady bilen Döwletbaştutanymyzyň başlangyjy bilen giň halkara gatnaşyklar ýola goýuldy. Iri halkara guramalar bilen özara gatnaşyklary yzygiderli ösdürýän ýurdumyz köpsanly duşuşyklaryň we maslahatlaryň geçirilýän ýurduna öwrüldi. Olaryň gün tertibine energetika boýunça hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlary girizildi. Bu ýerde Energetika Hartiýasy bilen netijeli gatnaşyklaryň ýola goýlandygyny aýratyn bellemeli.

2014-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda bu ýöriteleşdirilen düzüm bilen bilelikde «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi» atly Aşgabat forumy hem-de BMG-niň Baş Assambleýasynyň 67-nji mejlisinde kabul edilen degişli Kararnama laýyklykda şu mesele boýunça bilermenleriň birinji halkara duşuşygy boldy. Energiýa Hartiýasynyň goldaw bermeginde şeýle gatnaşyklary dowam etmek bilen, bilermenleriň 2015-nji ýylda Brýusselde we Pekinde, 2016-njy ýylda bolsa Albaniýanyň paýtagty Tirana şäherinde ugurdaş duşuşyklar geçirildi.

Energetika ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň häzirki döwürde maksadynyň dünýä energetika bazaryna bäsleşik giňişligi we täsir ediş ulgamy hökmünde garamagy aradan aýyrmaga gönükmeginiň zerurdygyna ünsi çekip, türkmen Lideri: «... biziň öňümizde düýbünden täze usullary işläp taýýarlamak wezipesi durýar. Bu usullar ählumumy energiýa hyzmatdaşlygyna gatnaşyjylaryň ählisiniň bähbitlerini nazara almak esasynda dünýä ösüşiniň hereketlendiriji güýjüne öwrülmelidir»[138] diýip, dünýäde energetika howpsuzlygyny üpjün etmegiň iň wajyp meselesini çözmegiň ýollaryny anyklady.

2017-nji ýylda Türkmenistanyň Halkara Energiýa Hartiýasynyň Konferensiýasyna başlyklyk etmegi şu nukdaýnazardan energiýa serişdelerini ugratmagyň diwersifikasiýasy diňe bir geljegi uly bolan, bähbitli milli taslama bolman, eýsem energiýa serişdelerini öndürýän, bu serişdeleri ulanýan we olary üstaşyr geçirýän ýurtlaryň bähbitlerini energetika bazarlarynda sazlaşdyrýan täze usullara esaslanýan ulgam bolup çykyş etmelidir.

---

[138] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 8-nji tom. – A.: TDNG, 2015, 515 sah.

Munuň özi häzirki döwürde dünýä bazarynyň kanunlarynyň obýektiw talabydyr, global ykdysadyýetiň sagdyn hereketiniň möhüm şertidir, ony belli bir derejede durkunyň üýtgemeginden we gyşarmalardan goraýan özboluşly böwetdir, şeýle hem munuň özi energetiki infrastrukturany goramak meselelerinde netijeli we köptaraply gatnaşyklary aňladýan, onuň kadaly hereket etmegi üçin geçiriji turbalaryň taslamalaryna ähli gatnaşyjylaryň – öndürijileriň hem, üstaşyr geçirijileriň hem, sarp edijileriň hem konstruktiw hyzmatdaşlygy babatda oňaýly daşary syýasat şertlerini döretmekde ähmiýeti az bolmadyk kuwwatly durnuklaşdyryjy faktordyr. Türkmenistan üçin hyzmatdaşlygy has giňeltmek bilen sebitleýin gatnaşyklary ösdürmek ileri tutulýan ugurdyr.

Hususan-da, Türkmenistan goňşy döwletler bilen hyzmatdaşlykda nebit-gaz geçirijilerini çekmek, ulag-aragatnaşygyny, ilki bilen bolsa howa we deňiz ýollary boýunça gatnawlary ýola goýmak, demir ýollary hem awtoýollary gurmak, Hazaryň tebigy baýlyklaryny özleşdirmek ugrunda hyzmatdaşlygy alyp barýar hem-de degişli taslamalaryň ençemesini amala aşyrýar. Şu jähetden 2009-njy ýylyň aýagynda Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý gaz geçirijisiniň we 2010-njy ýylyň başynda Döwletabat-Sarahs-Hangeren gaz geçirijisiniň işe girizilmegi, 2015-nji ýylyň 13-nji dekabrynda Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan (TOPH) transmilli gaz geçirijisiniň türkmen böleginiň, 2018-nji ýylyň 23-nji fewralymda bolsa onuň owgan böleginiň gurluşygynyň başlanmagy uly ähmiýete eýe bolýar.

Günorta Aziýa ýurtlaryny energiýa serişdeleri bilen üpjünçiligini artdyrmak, goňşy owgan ýurdunda durnuklylygy pugtalandyrmak maksady bilen TOPH gaz geçirijisiniň ugry bilen täze elektrik geçiriji ulgamyny çekmäge girişilmegi hem bellärliklidir. Bu ulgam gaz geçirijiniň ähli düzümleýin desgalarynyň energiýa üpjünçiliginden başga-da elektrik energiýasyny Owganystanyň üsti bilen Pakistana we Günorta Aziýanyň beýleki ýurtlaryna ibermäge mümkinçilik döreder. Şol ugur boýunça Pakistana çenli 814 kilometr aralyga optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamynyň çekilmegi onuň ugrundaky ýurtlaryň dünýäniň maglumat ulgamyna girişmegine täze esaslary döreder. Şonuň ýaly-da bu taslamanyň doly durmuşa geçirilmegi bilen, geljekde Ýewropa we Günorta–Gündogar Aziýa ýurtlarynyň arasynda Türkmmenistan möhüm maglumat köprüsi bolup hyzmat eder.

Türkmen döwletiniň Owganystanda dartgynlylygy aradan aýryp, durnukly ösüşi gazanmak barada edýän tagallalary dünýä bileleşigi tarapyndan gollanylýar. BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň 2018-nji ýylyň 8-nji martyndaky mejlisinde Owganystanda halkara tagallalary goldamak barada Rezolýusiýanyň kabul edilmegi ony doly tassyklaýar. Onda Türkmenistanyň ulag, energetika, hususan-da, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygy, Kerki–Ymamnazar–Akina demirýoly, Owganystan–Türkmenistan–Azerbbaýjan-Gruziýa–Turkiýe üstaşyr geçiriş ýaly halkara taslamalar boýunça öňe sürýän başlangyçlarynyň ähmiýeti aýratyn bellenilýär. Munuň özi Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň

öňe süren iri möçberli uzakmöhletleýin taslamalarynyň amal aşyrylmagynda halkara goldawyna eýe boljakdygyny esaslandyrýan ýagdaýdyr.

Görşümiz ýaly, Türkmenistan geçmişde adamzadyň taryhynyň şöhratly sahypalaryny düzen Beýik Ýüpek ýoluny täzeden dikeldip, häzirki döwürde täzeden şol ýoluň hereketlendiriji güýjüne öwrülýär, sebitde we dünýäde gaýragoýulmasyz meseleleriň, şol sanda owgan ýurdunda parahatçylygy dikeltmek, energetika howpsuzlygyny üpjün etmek esasynda sebitde durnukly ösüşi gazanmaga gönükdirilen gaýragoýulmasyz meseleleri çözmek ugrunda yzygiderli aladalary edýär. Täzeden herekete girýän Beýik Ýüpek ýoly adamzadyň bagtyýar ýaşaýşyny gurmaga täze esaslary döreder.

## Türkmenistanyň sebitiň meselelerini çözmek babatdaky hyzmatdaşlygy

Türkmen halky özüniň bütin taryhynyň dowamynda goňşy halklar bilen parahaçylykly gatnaşyklary, ähli ugurlarda netijeli hyzmatdaşlygy gurnamaga aýratyn üns beren. Asmanyň asuda bolmagy geçen nesilleriň ählisiniň ynanjy bolan. Dünýä dolmagyň esasy şertiniň goňşokara tabagyndan başlanýandygyna türkmen halky elmydama ynanyp gelipdir. Türkmenistan goňşy döwletler bilen deňhukukly we iki tarapa hem peýdaly hyzmatdaşlyk etmegiň ýollaryny berkidýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «Döwletimiziň Bitaraplyk hukuk derejesini Merkezi Aziýada parahatçylygy, hoşniýetli goňşuçylygy, özara bähbitli hyzmatdaşlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirmeklige taýýardygymyz hakynda biz hemişe açyk aýdýarys»[139] diýip belleýär we şu ýerdäki wezipeleri amal etmek üçin köp tagallalary edýär. Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäherinde BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy bilen sebitde bar bolan meseleleri hyzmatdaşlyk esasynda çözmäge täze esaslar döretdi. Bu esaslar Aşgabatda ýerleşýän BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň tejribesi bilen has hem berkedi. Geçen ýyllarda edilen işler ony doly tassyklaýar. Bu döwürde öňüni alyş diplomatiýasynyň türkmen nusgasy kemala geldi.

Türkmenistanyň Prezidenti bu nusganyň aýratynlygyny: «Taryhy tejribäniň düýpli medeni we aň-düşünje gorlarynyň hem-de häzirki zaman garaýyşlarynyň öňüni alyş diplomatiýasynyň türkmen nusgasynda jemlenmegi Türkmenistanyň içerki ösüşinde-de, dünýä giňişliginde-de üstünlik gazanmagyna ýardam berýär»[140] diýip häsýetlendirýär. Bu bolsa türkmen halkynyň asyl häsiýetlerini we parahatçylygy hyzmatdaşlyk esasynda saklap bolýandygyna bolan ynamynyň täzeden dikelýänligini görkezýär.

Şonda milli we umumy adamzat bähbitleriniň baglanyşygy baradaky mesele aýratyn ähmiýetli bolýar. Şol baglanyşygy açyp görkezmek üçin türkmen Lideri

---

[139] Gurbanguly Berdimuhamedow. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016, 47 sah.

[140] Şol ýerde, 47 sah.

adamzada howp salyp biläýjek zatlar we olary çözmek usullary, ilki bilen hem, «milli bähbitler ähli zatdan ileri» diýip, alnyp barylýan syýasat barada oýlanyp, bu syýasatyň «...adamzat ösüşiniň häzirki tapgyrynda ynsanperwerlik ýörelgeleri we kadalary bilen bir ýere sygmaýar»[141] diýen netijä gelýär.

Elbetde, islendik döwlet, ilki bilen, öz halkynyň abadan ýaşamagy barada alada etmeli. Şol bir wagtda hem ol öz halkynyň bütin adamzat bilen bitewiligine düşünmeli. Şoňa görä-de milli bähbitler dünýäde şol meseläniň çözülişi bilen ugurdaşlykda dünýä bileleşiginiň isleglerine laýyklykda we barabarlykda goralmalydyr. Şeýlelik bilen, «ählumumy derejede pikirlenmek, belli bir ýeriň zerurlyklaryna görä hereket etmek» diýen ýörelge öz wagtynda dörän we öz döwri üçin möhüm ýörelgedir.

Bu hem häzirki zaman dünýäsiniň çylşyrymly wakalaryna, ählumumy ähmiýete eýe bolan sowallara dogry jogaplary tapmaga esas bolýar. Döwletbaştutany bu ýerde birmeňzeş çemeleşmeleri Türkmen döwletiniň ählumumy meselelere bolan garaýşyny «Ösüş arkaly parahatçylyk» diýen şygaryň üsti bilen beýan edýär. Türkmen döwleti sebitde we dünýäde durnukly ösüşi gazanyp, parahatçylygy we howpsuzlygy berkidip bolýanlygyndan ugur alýar. Şonuň esasynda Türkmenistan ösüş arkaly dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmak boýunça birnäçe halkara başlangyçlar bilen çykyş etdi.

Hut şu hili çemeleşmeler Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy we beýleki halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygyny soňky döwürde hil taýdan täze derejä çykardy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «Döwletimiziň Bitaraplyk hukuk derejesini sebitde parahatçylygy, hoşniýetli goňşuçylygy, özarabähbitli hyzmatdaşlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirmäge taýýardygymyz hakynda biz hemişe açyk aýdýarys»[142] diýip belleýär we şu ýerdäki wezipeleri amal etmek üçin köp tagallalary edýär. Biziň sebitimize girýän döwletleriň köpüsi garaşsyzlyga eýe bolup, öz ösüş ýollaryny saýlan döwletler. Bu ýerde gadymy döwürlerden bäri dünýä ylmyna we medeniýetine uly goşant goşup gelen halklar ýaşaýarlar. Häzirki döwürde hem bu ýurtlaryň tebigy we intellektual baýlygy uly. Olaryň halkara gatnaşykdaky orny gün-günden artýar. Bu ýerde öz çözgüdine garaşýan dünýä derejeli we sebit derejeli meseleler az däl. Olary çözmek oýlanyşykly we öňdengörüjilikli hereketi talap edýär.

Biziň sebitimize girýän döwletler örän baý medeni mirasa hem-de tebigy baýlyklara eýe bolan döwletlerdir. Bu gün olar garaşsyzlyga eýe bolup, öz ösüş ýollaryny saýlan döwletler. Olaryň halkara gatnaşykdaky orny gün-günden artýar. Bu ýerde öz çözgüdine garaşýan dünýä derejeli we sebit derejeli meseleler hem az däl. Araly halas etmek boýunça Halkara gaznanyň mejlisleriniň, umuman, Merkezi Aziýa

[141] Gurbanguly Berdimuhamedow. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016, 60 sah.

[142] Şol ýerde, 50 sah.

döwletleriniň baştutanlarynyň duşuşyklarynda şol meseleleriň çözgüdi gözlenilýär. Şonda Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlarynyň sebitiň suw-energetika ýagdaýlary bilen baglanyşykly toplumlaýyn meselelere seredilen duşuşygynyň netijeleri aýratyn üns berilmegine mynasypdyr. Bu meseleleri ara alyp maslahatlaşmagyň ýokary derejede konstruktiw ýagdaýda geçmeginde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe süren suw meselelerini çözmäge gönükdirilen başlangyçlary uly ähmiýete eýe boldy. Türkmen döwletiniň Baştutanynyň Merkezi Aziýanyň suw serişdelerini tygşytly ulanmak baradaky ähli meseleleriň birek-biregi hormatlamak ýörelgeleri hem-de halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalary we prinsipleri esasynda çözülmelidigi baradaky düýpli pikirleri binýatlyk häsiýete eýedir.

Elbetde, bu ýerde, ilkinji nobatda, serhetýaka suwlaryň, suw howdanlarynyň, halkara deňizleriň suw serişdelerini ulanmak, şeýle hem serhetlere galtaşykly daşky gurşawy goramak meselelerini düzgünleşdirmek boýunça BMG-niň konwensiýalary göz öňünde tutulýar. Şeýle çemeleşme, ilkinji nobatda, Türkmenistanyň goňşy döwletler bilen suw meselesini iki tarapyň-da bähbitlerini aňrybaş derejede göz öňünde tutmak arkaly çözmekdäki oňyn tejribesi bilen şertlendirilendir. Şunda, serhetýaka derýalarynyň suw serişdelerini ulanmak, suw üpjünçiligini özarabähbitlilik ýörelgelerine eýerip düzgünleşdirýän ikitaraplaýyn ylalaşyklar esasynda ýola goýulýar. Türkmenistanyň Baştutanynyň 2008-nji ýylda Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlarynyň Bişkek duşuşygynda öňe süren teklipleri Merkezi Aziýa döwletlerinde elektrik energiýasyny öndürmekde, oba hojalygynda, önümçilik we durmuş hajatlary üçin sarp edilýän suw serişdeleriniň özara öwezini dolmak meseleleri boýunça oýlanyşykly çözgütleri işläp düzmegi göz öňünde tutýar. Şunda Gurbanguly Berdimuhamedow sebitde suw serişdelerini ulanmagyň daşky gurşawy goramak, ekologiýa meselelerini çözmek ýaly jähetleriniň-de möhümdigini belledi.

Araly halas etmek boýunça Halkara gaznany esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň 2009-njy ýylyň aprelinde Almata şäherinde bolan duşuşygynda Merkezi Aziýanyň ekologiýasy we suw üpjünçiligi bilen bagly meseleleriň birgiden toplumyna seredildi. Sammitiň dowamynda ilkinji gezek Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan suwy rejeli peýdalanmakda ýokary tilsimatlary ornaşdyrmak, agrar önümçiligini we ekerançylyk medeniýetini kämilleşdirmek baradaky taglymlar hem teklipler öňe sürüldi. Türkmenistanyň Prezidentiniň teklibi bilen, Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlarynyň mejlisiniň işine BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň ýolbaşçysynyň hem gatnaşmagy, garalýan meseleleri ara alyp maslahatlaşmakda oňyn täsir döreden möhüm faktor boldy. Şol duşuşykda öňe sürlen teklipleri amal etmekde 2010-njy ýylyň başynda Türkmenistanda «Altyn Asyr» Türkmen kölüniň birinji tapgyrynyň işe girizilmegi örän ähmiýetli çäre boldy. Bu köle birnäçe akabalaryň üsti bilen diňe bir biziň welaýatlarymyzyň ekin we öri meýdanlarynda bar bolan şor suwlar ýygnalman, eýsem

goňşy Özbegistandan hem şor suwlar ýygnalýar. Diýmek, «Altyn Asyr» Türkmen köli geljekde bütin sebitde ekologiýa ýagdaýynyň gowulanmagyna täsir eder.

2013-nji ýylyň 27-nji martynda Daşoguz welaýatynda «Aralyň ekologiýasy: durnukly ösüş we halkara hyzmatdaşlyk» atly halkara ylmy maslahat geçirildi. Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň Durnukly ösüş boýunça döwletara iş toparyndan Merkezi Aziýada durnukly ösüş üçin daşky gurşawy goramak barada çarçuwaly konwensiýa taýýarlanyldy. Bu ýerde öňe sürülýän meseleleri çözmek üçin Aralýaka döwletleriň we dünýä bileleşiginiň tagallalaryny birikdirmek wajyp. Şu ýerde Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ösüş boýunça «Rio+20» halkara maslahatynda Araly halas etmek bilen bagly meseleler boýunça degişli çäreleri durmuşa geçirmek barada öňe süren teklipleri örän ähmiýetli.

Aral deňziniň guran ýerlerinde emele gelýän tebigy hadysalaryň ýetirýän ýaramaz täsirini azaltmak maksady bilen, bu ýerleri tokaýlaşdyrmak işleri örän ähmiýetli başlangyç boldy. Şunuň bilen baglanyşykda hut halkara maslahatyň geçýän günlerinde Daşoguz welaýatynda çöl ösümlikleriniň ter ýaprakly agaçlary ekmek boýunça geçirilen çäreler ýurduň we sebitiň ekologiýa ulgamyna oňyn täsirini ýetirýär. Bu ýerde sebitiň daşky gurşawynyň ýagdaýyna, biologik dürlüligine ylmy taýdan gözegçiligiň ýola goýulmagy has hem ähmiýetlidir.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2018-nji ýylyň 20-nji iýunynda Duşenbede (Täjigistan respublikasy) Durnukly ösüş üçin suw” atly halkara maslahatda eden çykyşynda Türkmen döwletiniň suwuň bütin dünýäniň ähli halklarynyň umumy baýlygy, suwy deň we adalatly üpjün etmek adamyň esasy hukugy diýen düşünjeden ugur alnandygyny belläp, Merkezi Aziýa üçin suw meselesi boýunça hyzmatdaşlygyň netijeli görnüşini işläp taýýarlamagyň zerurlygyna ünsi çekdi. Türkmenistan 2017–2019-njy ýyllarda Araly halas etmek boýunça Halkara gaznanyň ýolbaşçysy hökmünde bu ugurdaky Sazlaşdyryjy syýasatyny dowam edýär we Merkezi Aziýanyň ýurtlarynyň arasyndaky gatnaşyklary kesgitleýän binýat goýujy ölçegleri döretmek ugrunda işleri alyp barýar.

Türkmen döwleti Hazarýaka döwletler bilen hyzmatdaşlyga aýratyn üns berýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2014-nji ýylyň sentýabr aýynda Russiýa Federasiýasynyň Astrahan şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriň Baştutanlarynyň IV sammitinde türkmen tarapynyň taýýarlan Hazarýaka döwletleriniň arasynda Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşygyň taslamasyny işläp taýýarlamak baradaky başlangyjy öňe sürdi. Türkmenistanyň Hazarýaka döwletleriniň arasynda söwda-ykdysady gatnaşyklary diwersifikasiýalaşdyrmagyň hem-de Hazar sebitiniň eýe bolan ägirt uly serişdeler, energetika, senagat, ulag-üstaşyr mümkinçiliklerini hemmetaraplaýyn durmuşa geçirmegiň tarapdary hökmünde çykyş edýändigini bellemeli. Bu sebit Ýewraziýanyň okgunly ösýän geosyýasy we ykdysady merkezleriniň biridir. Şol mümkinçilikleri ulanmak barada türkmen döwleti köp tagallalary edýär.

Türkmen Lideriniň Hazar meseleleriniň dürli ugurlaryna, şol sanda Hazarda bästaraplaýyn hyzmatdaşlygyň degişli şertnama-hukuk binýadyny kemala getir-

mek meseleleri babatda anyk başlangyçlary hem munuň subutnamasydyr. Türkmen döwletiniň Baştutanynyň başlangyjy boýunça möhüm halkara resminamalar işlenilip taýýarlanyldy. Olaryň hatarynda Hazar deňziniň suw biologiýa serişdelerini gorap saklamak we rejeli peýdalanmak hakyndaky ylalaşyk hem-de Hazar deňzinde Adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we aradan aýyrmak ulgamynda hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşyk bar. Türkmen tarapy şeýle hem Hazar deňziniň gidrometeorologiýasy ulgamynda hyzmatdaşlyk hakyndaky ylalaşygyň gutarnykly işlerine taýýarlanmagyna ýardam berdi.

2017-nji ýylyň fewral aýynyň başynda Aşgabatda Hazarýaka döwletleriniň arasynda söwda-ykdysady ylalaşygyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmak barada Hazarýaka döwletleriniň ygtybarly wekilleriniň mejlisi boldy. Bu ýerde türkmen Lideriniň hemişelik esasda hereket edýän Hazar Ykdysady forumyny döretmek baradaky başlangyjyna uly üns berildi. Bu düzüm Hazarýaka ýurtlaryň hökümet we işewür toparlarynyň wekilleri üçin netijeli gepleşikler meýdançasy bolmak bilen, sebitiň ýurtlaryny hyzmatdaşlyk esasynda döwrebaplaşdyrmaga hemaýat eder.

Gazagystanyň Aktau şäherinde geçen Hazarýaka ýurtlaryň Baştutanlarynyň sammitinde Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanda Hazaryň Birinji ykdysady forumyny geçirmek barada başlangyç bilen çykyş etdi. 2019-njy ýylyň 12-nji awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçen şol forum Hazaryň baýlyklaryny täzeçe, netijeli, goragly özleşdirmekde hyzmatdaşlygyň täze ýollaryny açyp görkezdi. Hazaryň Birinji ykdysady forumynyň jemleýji beýannamasynyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 73-nji mejlisiniň Kararnamasy hökmünde kabul edilmegi Türkmenistanyň Prezidentiniň hyzmatdaşlyk syýasatynyň dabaralanýanlygynyň subutnamasy bolýar.

2018-nji ýylyň 12-nji awgustynda Hazarýaka döwletleriň Baştutanlarynyň Hazar dňziniň hukuk derejesi hakyndaky Konwensiýa gol çekdiler. Bu Konwensiýa Hazarýaka sebitini halkara ähmiýetli ulag-üstaşyr we energetika strategik geçelgelerine, giň maýagoýum, söwda, ykdysady iş we goşulyşmak merkezine öwürmek üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Türkmenistan ähli gyzyklanma bildirýän ýurtlar bilen bu ulgamlarda ykdysady we täjirçilik babatynda esaslandyrylan, hyzmatdaşlyga gatnaşýan taraplar üçin bähbitli, yklymda howpsuzlygyň pugtalandyrylmagyna netijeli täsir etmäge ukyply, uzakmöhletleýin häsiýetli taslamalary amala aşyrmak meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga taýýardygyny yzygiderli nygtaýar.

Sebitde durnukly ösüşi gazanmak meselesi köp derejede Owganystanda dartgynlylygy aradan aýryp, parahatçylygy we asudalygy üpjün etmek bilen bagly. Türkmen döwletiniň bu ugurda alyp barýan işleri okuw kitabynyň bütin dowamynda beýan edilýär. Bu ýerde ýene bir gezek türkmen Lideriniň bu meseläni diňe parahatçylyk ýoly bilen, ösüş arkaly parahatçylyk ýörelgesiniň esasynda çözmekden ugur alýandygyny we bu ugurda yzygiderli, ýadawsyz işeri alyp barýandygyny bellemeli.

## Hyzmatdaşlyk we döwrebaplaşmak

Türkmen jemgyýetiniň durmuşyň ähli ugurlaryny döwrebaplaşdyrmaga ugrukdyrylan işleriniň netijesi ýurduň içerki tagallalary bilen bir hatarda daşarky mümkinçilikleri ulanmaga hem bagly bolýar. Olar netijeli ulanylmadyk ýagdaýynda öňde duran meseleleri häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda çözmegiň ýeňil bolmajaklygy düşnükli. Şonuň üçin bu ýerdäki wezipeleri netijeli amal etmäge çalyşmaly. Onuň üçin ýurtda mümkinçilikler hem az däl. Ýokarda geosyýasat barada durup geçilende ýurdumyzyň oňaýly geosyýasy ýerleşişiniň hyzmatdaşlyk esasynda ýurdy döwrebaplaşdyrmak üçin wajyp şert bolýandygyny belläpdik.

Döwrebaplaşmak maddy we ruhy kämilligi gazanmak bilen bagly. Şonuň üçin ony köptaraply hyzmatdaşlyk etmezden göz öňüne getirip bolmaýar. Türkmen döwleti bu işi özüniň bitaraplyk syýasatynyň üsti bilen amal edýär. Şol syýasatyň çäginde «Açyk gapylar» ýörelgesinden ugur alyp, ýakyn we alys ýurtlar bilen hyzmatdaşlyga girýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwlet başyna gelenden soňra ýurdumyzda dünýä ýurtlary, ilkinji nobatda hem ösen ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk täze derejä galdy. Ýurtda geçýän özgerişleriň maksady jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni durmuşyny döwrebap derejä galdyrmakda bolýar. Şu hem döwrebaplaşmagyň many-mazmunyny kesgitleýär. Onuň üçin täze döwrüň öňe çykaran derwaýyslyklaryndan ugur alyp, ýurduň ykdysadyýetini, medeniýetini, adamlaryň durmuş-hal ýagdaýyny dünýä derejesine çykarmak üçin täze gymmatlyklary işläp düzmegi başarmak gerek.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýurduň ykdysady ösüşiniň ugurlary kesgitlenilende öňdebaryjy dünýä tejribesini çynlakaý öwrenmegiň, seljermegiň we durmuşa ornaşdyrmagyň möhümligini yzygiderli belleýär. Şonuň üçin häzirki döwürde täze tehnologik ösüşe eýe bolan ýurtlar bilen hyzmatdaşlyga girmeli bolýar. Bu gereklilik döwrüň talaby bolýar. Ýurduň ösüşiniň ähli ugurlary şol talap esasynda gurnalýar.

Ykdysadyýetde, medeniýetde, ýaşaýyş durmuşynda öňe sürlen köpsanly, giň göwrümli taslamalar üçin ylmy özüne siňdiren tehnologiýalar, işi ýöretmegiň netijeli usullary, maýagoýumlar gerek. Biziň ýurdumyz bu ugurda ähmiýetli tejribä eýe. Ýurduň öz durkuny täzeleýän ýangyç-energetiki, himiýa, dokma, gurluşyk, täzeden döreýän metallurgiýa we magdanlary baýlaşdyrýan toplumlar, elektronika ugry dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň tehnologiýalary we döwrebap enjamlary bilen ysnyşdyrylan. Eger bu pudaklaryň köpüsiniň täzeden döreýänligini göz öňünde tutsak, onda bu ýerde uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygyň gerekligi aýdyň görünýär. Umuman, ykdysadyýetiň, medeniýetiň, ýaşaýyş durmuşynyň ähli ugurlaryny kämilleşdirmek üçin ösen ýurtlaryň iş tejribesini öwrenmek we bu tejribäniň ýerli şertler üçin amatly görnüşlerini özleşdirmek hyzmatdaşlygyň täze hil derejesine çykarmagy talap edýär. Hyzmatdaşlyk esasynda ýurduň döwrebaplaşmagy onuň

ykdysady potensialy, amatly ýerleşişi, işçi güýjüniň bilim we hünär derejesi, kommunikasiýanyň ýagdaýy we beýlekiler bilen baglydyr.

Hyzmatdaşlyk iki ýana hem peýdaly bolanda netijeli we dowamatly bolýar. «Türkmenistan – ABŞ» işewürlik geňeşiniň ýerine ýetiriji direktory Erik Stýuart: «Özüni örän ygtybarly hyzmatdaş hökmünde tanadan Türkmenistan bilen gatnaşyk etmäge Amerikanyň iri kompaniýalary uly isleg bildirýärler. Türkmen Lideriniň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň işewür toparlarynyň wekilleri bilen bolan duşuşyklary şeýle gyzyklanmany has-da artdyrdy»[143] diýip belleýär. Şonuň üçin hem biziň ýurdumyz bilen hyzmatdaşlyk etmäge isleg bildirýän ýurtlaryň, dünýäniň belli kompaniýalarynyň, hünärmenleriniň sany ýyl-ýyldan artýar.

Häzir Türkmenistanda Türkiýäniň, Fransiýanyň, Russiýanyň, Ukrainanyň, Belarusyň, Germaniýanyň, Hytaýyň, Malaýziýanyň, Eýranyň we beýleki köpsanly döwletleriň gurluşyk şereketleri hem-de kompaniýalary işleýärler. Milli we daşary ýurtlaryň maýagoýumlaryny çekmek bilen ýakyn iki ýylda göz öňünde tutulýan desgalaryň gurluşygynyň barşynda köp maýagoýum serişdelerini özleşdirmek maksat edinilýär. Olaryň netijesinde ýurdumyzyň maddy-tehniki binýady berkär, çünki döwrebaplaşmak ýoluna düşen Türkmen döwleti üçin ýokary tilsimatly gymmatlyklary netijeli özleşdirýän we bu ugurda üstünlikleri gazanan ýurtlar bilen hyzmatdaşlyga girmek ähmiýetlidir.

Türkmenistanyň Ýaponiýa, Günorta Koreýa bilen täze tehnologiýalary özleşdirmek ugrunda hyzmatdaşlygy oňa mysal bolup biler.«Hongan derýasyndaky gudrat» diýen ada eýe bolan Koreýanyň tejribesi öwrenere we mysal alara mynasypdyr. Ýokary tilsimatly we milletiň intellektual potensialyna daýanýan koreý modeli ylmy we bilimi ösdürmäge hem-de ýurduň sosial-ykdysady ösüşiniň möhüm faktory hökmünde ýokary derejede ösen intellektual jemgyýeti döretmäge çalyşýan Türkmenistan üçin örän peýdalydyr. Hormatly Prezidentimiziň 2008-nji ýylyň aýagynda Koreýa Respublikasyna eden saparynyň dowamynda geçirilen gepleşiklerde iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmegiň ugurlary kesgitlenildi. Şonda, aýratyn hem, innowasiýa tilsimatlary, ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlary boýunça, ilkinji nobatda bolsa, ýangyç-energetika pudagynda, ulagda, aragatnaşykda, dokma senagatynda, gurluşykda, ýokary tilsimatlarda, elektronikada hyzmatdaşlyga has uly üns berildi. Seulda gol çekilen ylalaşyklary durmuşa geçirmek we hyzmatdaşlygy berkitmek ugrunda geçen döwürde anyk işler amal edildi. Biz olaryň netijelerini şäherlerimiziň ulag-aragatnaşyk ulgamlarynda, gurluşykda, suw hojalygynda we beýleki pudaklarda hem-de adamlaryň durmuşynda aýdyň görýäris. Iki ýurduň hyzmatdaşlygy has-da berkeýär. Türkmenistanyň Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlygy barada ýokarda durup geçipdik.

Umuman, Türkmen ýurduny hyzmatdaşlyk esasynda döwrebaplaşdyrmak ugrunda gazanylan her bir netije döwlet möçberinde-de, pudaklaryň çäginde-de,

[143] Dünýäde ykrar edilen Lider. – A.: TDNG, 2014, 72 sah.

her bir işewür adamyň durmuşynda-da ähmiýetlidir. Ol ýurt üçin döwrümiz üçin wajypdyr. Türkmen jemgyýetiniň döwrebaplaşmagy onuň taryhynda bolup geçýän iň bir çuňňur we düýpli sosial özgerme bolup çykyş edýär. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlanan bu özgeriş täzelenişler döwründe täze görnüşe we hile eýe boldy. Bu özgeriş ähli ugurlarda täzelikleri gazanmaga esaslar döredýär.

Halkara gatnaşyklar ösýär. Onda-da ýurduň halkara gatnaşyklarynyň ösüşi ozalky gazanylan ylalaşyklaryň çäklerinde-de, täze halkara gatnaşyklary ýola goýmak arkaly hem dowam edilýär. Häzirki döwürde bu ugurda saglygy goraýyş-da, daşky gurşawy goramakda, bilimde, medeniýetde we beýleki ugurlarda halkara maksatnamalaryň onlarçasy durmuşa geçirilýär, çünki türkmen jemgyýetiniň döwrebaplaşmagy öňdebaryjy ýurtlar, dünýäniň belli kompaniýalary, bilermenleri bilen hyzmatdaşlyk esasynda mümkindir. Türkmen döwleti hyzmatdaşlyk esasynda diňe bir ýurduň içindäki wajyp meseleleri çözmek bilen çäklenmän, eýsem sebitiň hem, adamzadyň hem öňünde duran meseleleri çözmäge gatnaşýar.

### Dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan türkmen Lideriniň parahatçylyk ugrunda işjeň hyzmatdaşlyga gönükdirilen daşary syýasatynyň goldanmagy

Türkmenistanyň daşary syýasatda işjeňliginiň we abraýynyň artýanlygyny, häzirki zaman halkara gatnaşyklar ulgamynda ornunyň uludygyny täzeleniş döwri aýdyň görkezýär. Häzirki zaman türkmen jemgyýetini kämilleşýän döwründe dünýä siwilizasiýasynyň gazananlarynyň derejesine çykarmak maksady bilen, ýurdumyzda amala aşyrylýan işler Türkmenistanyň daşary syýasatynyň işjeň ýöredilmegini talap edýär. Döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk derejesi bilen utgaşykly alnyp barylýan «Açyk gapylar» syýasaty Türkmenistanyň abraýynyň artmagyna ýardam edýär.

Täze ösüşlere eýe bolýan Türkmenistanyň halkara işjeňligi we abraýy artýar. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan türkmen ýurduny döwrebaplaşdyrmak babatda alnyp barylýan köpgranly we uly möçberli işler dünýä döwletleriniň ýolbaşçylary hem dünýäniň belli syýasatçylary tarapyndan gollanylýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmen ýurdunda täzeleniş syýasatyny amal ediji Lider hökmünde kabul edilýär. Hormatly Prezidentimiziň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Saud Arabystanynyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Gazgystanyň, Gruziýanyň, Owganystanyň, Özbegistanyň, Pakistan Yslam Respublikasynyň, Rumyniýanyň, Russiýa Federasiýasynyň, Türkiýe Respublikasynyň, Ýaponiýanyň ýokary döwlet sylaglaryna mynasyp bolmagy, ençeme dünýä belli ýokary okuw jaýlarynyň Hormatly doktory, Hormatly professory atlarynyň dakylmagy we beýleki sylaglary oňa şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow dünýäniň onlarça döwletleriniň hem-de halkara guramalarynyň sylaglaryna we hormatly atlaryna mynasyp boldy.

Munuň özi Türkmen ýolbaşçysynyň dünýäniň ylmy jemgyýetçiliginiň arasyndaky ornuny we abraýynyň aýdyň görkezijisi bolýar, Türkmen döwletiniň halkara

syýasy giňişligindäki täsirini ýokarlandyrýar. Şonuň ýaly-da bu sylaglar türkmen Lideriniň ýurtda amala aşyrýan özgertmeleriniň, Türkmenistany senagat taýdan ösen döwlete öwürmek bilen baglanyşykly düýpli başlangyçlarynyň Halkara birleleşigi tarapyndan gollanylýandygyny aňladýar.

Şu wakalar Türkmenistanyň daşary syýasatda gazanan üstünlikleriniň ajaýyp görkezijileri hem-de Milli Liderimiziň görnükli döwlet we syýasy işgär hökmünde ykrar edilmegi häzirki döwürde ösüşlere we rowaçlyga tarap ähli umumy hereketiň öňdäki hataryna ynamly gadam urýan, döwrüň möhüm ähmiýetli wezipeleriniň çözülmegine örän uly goşant goşýan Türkmenistanyň halkara derejede uly at-abraýa eýedigini aýdyň tassyklaýar. Hormatly Prezidentimiziň ýurt, sebit we dünýä bähbitli edýän işleriniň, taýsyz tagallalarynyň özboluşly miweleri bolýarlar.

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Häzirki zamanyň geosyýasy ulgamynda Türkmenistan nähili orna eýe?
2. Türkmenistanyň strategiki hyzmatdaşy bolan BMG bilen gatnaşyk nähili häsiýetlendirilýär?
3. Türkmenistanyň hyzmatdaşlyk syýasatynyň täzeligi nämede?
4. Türkmenistanyň halkara energetika howpsuzlygyny üpjün etmek ugrunda alyp barýan işlerini häsiýetlendiriň.
5. Türkmenistanyň sebitiň meselelerini çözmek bilen baglanyşykly hyzmatdaşlyk syýasatynyň aýratynlygy nämede?
6. Hyzmatdaşlyk syýasaty we ýurduň döwrebaplaşmagy nähili arabaglanyşykda bolýarlar?
7. Türkmen Lideriniň hyzmatdaşlyk syýasaty dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan nähili bahalandyrylýar?

# NETIJE

Görşümiz ýaly, ýurtda başlanan özgerişler düýpli we köptaraply. Olary seljermekde we açyp görkezmekde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öz çykyşlarynda, çeper filosofiki eserlerinde, ylmy makalalarynda ýurdumyzyň özgerişiniň taryhy täze döwri barada öňe süren pikirleri, garaýyşlary uly ähmiýete eýe boldy. Olarda garaşsyzlyk ýyllarynyň içinde geçilen ýol, edilen işler, ýetilen menziller açylyp görkezilýär. Ýurtda halkymyzyň abadançylygy we gülläp ösüşi bilen baglanyşykly maksatnamalar kesgitlenilip, olary amal etmegiň ýollary görkezilen. Milletiň Lideri: «Men ýurda ýolbaşçylyk edip başlan ilkinji günümden özümiň baş wezipämi Garaşsyzlygyň täze sepgitlerine ýetmek üçin milleti birleşdirip, ruhlandyryp maksady emele getirmekde gördüm»[144] diýip, türkmen jemgyýetiniň ösüş ýoluny kesgitleýän täzeleniş taglymatyny öňe sürýär.

Bu taglymat jemgyýetiň ykdysady, syýasy, medeni durmuşynda bar bolan dürli meseleleri derňeýän ähli jemgyýetçilik ylymlarynyň gazanan netijelerine esaslanýar. Şolaryň esasynda bu taglymat milleti birleşdirýän, halkyň gujur-gaýratyny herekete getirýän, oňa mahsus bolan döredijilik ukyplaryny dikeldýän ýörelge bolup çykyş edýär. Ol jemgyýetiň ýaşaýşynyň şekilini, onuň dürli taraplarynyň özara täsirini, ösüşiniň ugruny we kanunlaryny açyp görkezýär. Bu taglymat jemlenen görnüşde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly maksatnamalaýyn häsiýetli kitabynda hem-de «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly eserinde beýan edilýär. Häzirki döwürde jemgyýetiň özgerişiniň ylmy şekilini açyp görkezmegiň gerekligi her bir ädimde aýan duýulýar. Täzeleniş taglymaty hem şol wezipäni ýerine ýetirýär. Ýokarda garalyp geçilen meselelerden görnüşi ýaly, täzeleniş taglymaty biziň häzirki jemgyýetimiziň täze tebigatyny we onuň ösüş ugruny görkezip, adamlaryň, sosial toparlaryň jemgyýetde geçýän özgerişleriň uzakmöhletleýin täsirini aňlamaklaryna hemaýat edýär.

Şol taglymatdan ugur alyp, şu kitapda Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda türkmen jemgyýetiniň durmuşynda geçen we häzirki döwürde geçýän özgerişleriň many-mazmuny hem özboluşlylygy açylyp görkezilýär. Bu iş göwrümli meseleleri öz içine alýar. Bu ýerde häzirki türkmen jemgyýetiniň durmuşynda bolup geçýän özgerişler we üýtgemeler, derňewiň görkezişi ýaly, hereketli, biri-biri bilen baglanyşykly häsiýete eýe bolup, özüniň köpdürlüligi bilen tapawutlanýarlar. Olary biz şu kitapda Garaşsyzlykdan öňki we onuň ilkinji ýyllarynda jemgyýetde bolup geçen özgerişleriň häsiýetlendirilişinde hem görýäris. Şol ýyllar ýurdumyzyň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynda amal edilen çäreler jemgyýetimizde geçiş döwrüniň tamamlanandygyny, ýagny köne sowet jemgyýetçilik gurluşynyň düzgünleriniň

[144] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A.: TDNG, 2010, 5–6 sah.

täze demokratik jemgyýet gurluşynyň düzgünlerine öz ornuny berenligini görkezýär. Jemgyýetiň ýaşaýyş hereketini kesgitleýän köne ýörelgeler öz ornuny täze ýörelgelere berip başladylar.

Her bir döwürde bolşy ýaly, garaşsyzlygymyzdan öňki döwürde-de ösüşe we özgerişe hemaýat edýän hem-de päsgelçilik görkezýän düzgünler bolupdy. Kitabyň üçünji: «Garaşsyz Türkmenistanda jemgyýetçilik durmuşynyň özgerdilmegi üçin dörän esaslar» atly bölüminde biziň halkymyzyň taryhynyň dowamynda, şol sanda ýakyn geçmişde toplanan medeni mirasy seljerilip, biziň jemgyýetimiziň geçiş döwründe şol päsgelçiliklerden arassalanyşy açylyp görkezildi. Şol päsgelçilikleriň ilkinji sebäbi näme bilen baglydy? Olar garaşsyzlykdan öňki ýyllar jemgyýetde milli we umumy adamzat ýörelgelerine ters gelýän düzgünlerden, ýörelgelerden gelip çykýardylar. Olar «utopiýadan ylmy derejä galdy» diýlen, emma hakykatda utopiki ýagdaýda galan sosialistik taglymat bilen bagly bolupdy. Haçan-da jemgyýetiň durmuşyna utopiki garaýyşlar ornaşdyrylmaga meýil edilende bolsa «sosial alhimiýa» ýüze çykýar.

Alhimiýa, bilşimiz ýaly, metallary altyna öwürýän filosofiki daşy gözleýän orta asyrlarda giňden ýaýran ylymdyr. Alhimiýa üçin esasy zat gyzyl däl-de, adamlaryň özleriniň içki özgerişi bolýar. Şonuň üçin haçan-da filosofiki daş adamyň içinden däl-de daşyndan gözlenende, meselem, ideal jemgyýetçilik gurluşynyň girizilmegine bolan ynam, hiç bolup bilmejek zada bolan ynama esaslanýan sosial alhimiýa başlanýar. Garaşsyzlykdan öňki ýyllar biziň jemgyýetimizde hem şeýle boldy. Ýurtda sosializmiň maddy we syýasy şertleri bolmasa-da, «sosializmde ýaşaýanlygymyza» ynam dörediljek bolundy. Ýaşaýyş derejämiz boýunça dünýäde yzdaky ýerleriň birini eýeleýän hem bolsak «gowy ýaşaýanlygymyza» ynandyryldy.

Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra şu ynançlary döredýän taglymat jemgyýetiň ruhy durmuşyndan daşlaşdyryldy. Adamlara daşyndan taýýar görkezmeleri berýän däl-de, olara erkinlik berýän ýörelgeleri jemgyýete ornaşdyrmagyň ýoluna çykyldy. Şol ýol bilen ynamly gitmek üçin Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap jemgyýetiň syýasy ulgamynda, ýokarda görkezilişi ýaly, düýpli özgerişler geçdi, milli döwlet döredildi. Sosialistik taglymaty göteriji bolan partiýa ynanmazlyk bildirilip, Türkmenistanyň Demokratik partiýasy döredildi. Jemgyýetiň syýasy ulgamynda partiýanyň orny düýpgöter üýtgedi. Indi hiç bir partiýa ýerine ýetiriji häkimiýetiň ünsünde durup bilmeýär.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda jemgyýete türkmen milletiniň asyl ruhy gymmatlyklary gaýtarylyp getirildi. Türkmeniň dili, dini, däp-dessury dukeldildi. Bu ýyllar jemgyýetçilik aň-düşünjesini kemala getirmegiň ýolunda wajyp menzil geçildi. Şu ugurda edilen işleriň iň möhümi şol ýyllarda dikeldilen we häzirki döwürde has giňişleýin özleşdirilýän milletimiziň medeni mirasy bolýar. Biziň ata-babalarymyz öz geljekki nesillerine baý medeni mirasy goýup gidipdirler. Özbaşdaklyga eýe bolanymyzdan soňra şu mirasyň hakyky mirasdüşerleriniň, oňa eýe bolmakla-

ryna şert döredi. Bu ýyllar geçmişde ençeme gezek halkymyzyň galkynyşlaryna itergi beren türkmeniň asyl ruhy ýörelgeleri esasynda jemgyýetiň özgeriş ýoluny kesgitlemäge çalşyldy.

Halkymyzyň ruhy dünýäsine aralaşyp, ony millet eden adamkärçilik pähimleriniň dürdänelerini ýüze çykarmak, häzirki we geljekki nesilleriň olary özlerine nusga edinip almaklary üçin bu gymmatlyklary jemgyýete gaýtaryp getirmek we özleşdirmek örän möhüm iş boldy. Taryhy ýörelgeler, milli medeni miras esasynda ýurduň ösüş nusgasy saýlanyp alyndy. Bu nusga jemgyýetiň ähli edaralaryny, onuň durmuşyny özgerdýän ýörelgelere milli häsiýet berip, döwletiň içerki we daşarky syýasatyna özboluşlylyk berdi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary biziň jemgyýetimize täze döwrüň öňe çykaran derwaýyslyklaryny: hukuk döwletiniň we bazar ykdysadyýetiniň gymmatlyklaryny ornaşdyrmaga girişildi. Adamlaryň eýeçilige bolan hukuklary dikeldilip, bazar ykdysadyýetine geçmegiň hukuk esaslary döredildi. Eýeçiligiň dürli görnüşlerine ýol açyldy. Bu ugurda ilkinji ädimler ädildi. Şu we beýleki özgertmeler, ýokarda görkezilişi ýaly, jemgyýetiň täze hil derejä çykmaklygyna esas döretdi. Şeýlelikde, täze demokratik jemgyýetiň öz esasynda özgermegine mümkinçilik döredi.

2007–2012-nji ýyllary öz içine alýan Galkynyş eýýamy täze türkmen jemgyýetiniň öz içki döredijilik ukyplaryny açýan döwri bolýar. Şol ukyplar bolsa milli aňyň umumadamzat gymmatlyklary bilen sazlaşmagy esasynda açylýar. Ýurtbaştutany şu sazlaşygyň ýurduň öňe gitmegindäki ornuna ünsi çekip: «Eger biziň ýurdumyzyň ynamly öňe gitmeginiň esasy şerti gözlense, ony täze hakyky ýagdaýlaryň we halkyň asyrlarboýy dowam edip gelýän däp-dessurlarynyň galtaşýan ýerinden, hususan-da, olaryň döwletiň syýasy we ykdysady hasaplamalarynyň birleşýän ýerinden tapmak mümkindir»[145] diýip belleýär. Her bir jemgyýetde düýpli özgerişleriň ykbaly adamlaryň durmuşyň ähli ugurlarynda akylly-başly hereketleri we olaryň biri-biri bilen ynançly baglanyşyklary esasynda kesgitlenilýänligi sebäpli, jemgyýete bazar gymmatlyklary ornaşdyrylanda täze aňyýet, ýokarda görkezilişi ýaly, bir tarapdan, olaryň many-mazmunyny açmaga we ikinji tarapdan, şol gymmatlyklaryň milli medeniýetiň özboluşlylygy we aýratynlygy bilen sazlaşykly baglanyşyga girmegine esas döredýär. Bu sazlaşyk örän gerekli, sebäbi birinji talap ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda özgerişiň göwnejaý geçmezligine, ýagny adatylykdan täzeçillige ýol açylmazlygyna, ilkinji amal edilmedik halatynda bolsa özgerişiň milli medeniýetden üzňe düşmegine şert döremegi mümkindir. Şol sazlaşyk esasynda türkmen jemgyýetiniň häzirki döwrüniň gymmatlyklaryny täzeden döretmeli bolýar.

Türkmeniň asyl ruhy gymmatlyklaryndan ugur alyp, häzirki döwürde bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň gymmatlyklaryny düýpli özleşdirýän türkmen jemgyýetiniň ähli taraplaryny özgertmäge gerek bolan

---

[145] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A., 2010, 7 sah.

döwrüň talaplaryna laýyk gelýän ýörelgeleri işläp düzmeli boldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow halkyň ruhunyň we aňynyň çuňluklaryna, nesilleriň ahlak tejribesine, belentli-pesli türkmen ýoluna, taryhy tejribesine esaslanyp, öňe süren taglymaty adamy mertebelemäge, häzirki we geljekki nesilleriň abadan ýaşaýşyny gazanmaga gönükdirilýär. Bu paýhas eziz Watanymyzy ösüşiň täze sepgitlerine çykarjak, ýurdumyzyň köptaraplaýyn mümkinçilikleriniň netijeli durmuşa geçirilmegini, onuň koordinatalarynyň dünýä ulgamyna hemmetaraplaýyn goşulmagyny üpjün etjek ýagdaý bolup hyzmat edýär.

Şu wezipeleriň amal bolmagy bilen biziň täze taryhymyzda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri başlanýar. Bu döwür ýurdumyzyň ösüşinde ýokary derejelere galyp kuwwatly ykdysadyýete eýe bolanlygyny, ozalky agrar ýurtlugyndan senagat taýdan ösen döwlete öwrülip başlandygyny aňladýar. Bu ýerde öňde duran wezipeleri durmuşa geçirmegiň mehanizmleri hormatly Prezidentimiz tarapyndan yglan edilen «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgede jemlenendir. Täzeleniş döwründe durmuş ulgamy, Ýurtbaştutanynyň belleýşi ýaly, ösüşiň esasy bolýar. Ylymly-bilimli, hünärli, gurujy, döredijі öz Watanyny çyn ýürekden söýýän adamy ýetişdirmek meselesi täzeleniş taglymatynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Bu döwürde jemgyýet öz esasynda özgerip, kesgitsizlikden aýgytlylyga geçip, öz asyl demokratik aýratynlyklaryny açyp başlaýar, özi hem şol esaslarda döreýän mümkinçilikler adamyň döredijilikli zähmetiniň üsti bilen amal edilýär.

Hormatly Prezidentimiz döwlet ösüşiniň täze tapgyryna gadam basylan döwürde jemgyýetiň öňünde ýüze çykýan meselelere ünsi çekip: «…biz baý ruhy we medeni mirasymyza daýanyp, halkymyzyň döredijі we gurujy halkdygyny bütin dünýä tanadarys»[146] diýip belleýär. Hakykatdan hem, türkmen jemgyýetiniň häzirki täzelenýän döwründe adamlaryň täzeçilligi görmek we täze gymmatlyklary döretmek, täze iş ýörelgelerini oýlap tapmak ukyplary artmaly bolýar. Ýokarda görkezilişi ýaly, bilim-ylym ulgamynda öňe sürlüp amal edilýän maksatnamalar hut şu işlere gönükdirilýär. Täzeleniş taglymaty şol gymmatlyklary özünde jemläp, täze aňy döredýär. Bu aň jemgyýetiň ähli ugurlaryna täsir edip, bazar gatnaşyklarynyň içinde adamlaryň erkin hereket etmeklerine gerek bolan türkmeniň ýaşaýyş medeniýetini berkitmäge esas bolýar. Bu medeniýetiň döreýşi «Türkmenistanyň sosial-ykdysady ösüşiniň aýratynlyklary» atly dördünji bölümde giňden derňelýär. Ondan görnüşi ýaly, bu medeniýet adamlaryň täze gymmatlyklaryň özleşdirilişine täsir edip, jemgyýetiň içinde täzeliklere öz-özüne ýeterlik gymmatlyk hökmünde garaýan adamlaryň hataryny giňeltmäge hem-de olaryň jemgyýetde tutýan ornuny ýokarlandyrmaga hyzmat edýär. Şonda türkmeniň asyl gymmatlyklaryny öz düzümine alýan täze aňyýet, bir tarapdan, adamlaryň döredijilige, gurujylyga ukybyny we hyjuwyny artdyrmaga esas bolýan bolsa, ikinji tarapdan, jemgyýetde döredijilikli zähmete we telekeçilige bar bolan päsgelçilikleri aradan aýyrmaga kömek berýän ruhy esas bolup çykyş edýär.

[146] Türkmenistan, 2016-njy ýylyň 26-njy dekabry.

Türkmen milleti iň gadymy milletleriň biri bolup, sada-sagdyn durmuş ýörelgelerini, ahlak gymmatlyklaryny döredip bilipdir. Şol ýörelgeleriň bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň, raýat jemgyýetiniň gymmatlyklary bilen sazlaşyp, umumadamzat gymmatlyklary bilen baýlaşmagy esasynda, ýokarda görkezilişi ýaly, milli galkynyş mümkin bolýar.

Täzeleniş döwründe döwlet gurluşy kämilleşmek ýoluna düşýär. XXI Halk Maslahatynda kabul edilen «Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny» esasynda Türkmenistanyň Halk Maslahaty öz işini döwlet derejesinde bes edýär. 2011-nji ýylyň 15-nji dekabrynda geçen Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň VII gurultaýynda bu hereketiň döwlet we jemgyýetçilik ösüşiniň täze tapgyrynda öz üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirenligi sebäpli, «Galkynyş» hereketiniň Tertipnamasyna laýyklykda bu guramanyň işini bes etmek hakynda karar kabul edildi. Şu özgerişler döwlet häkimiýetiniň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleriniň biri-birini deňagramlaşdyryp, özbaşdak hereket etmeklerine, her bir jemgyýetçilik birleşiginiň döwletiň we jemgyýetiň öňünde öz jogapkärligini duýmagyna täze esaslary döredip, olaryň işewürligini artdyrdy.

Şu ýerde dörän mümkinçilikleri amal etmekde Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda Döwlet gullugy akademiýasynyň ähmiýeti örän uludyr. Bu akademiýa döwlet gullukçylaryny taýýarlamagyň we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň ylmy-usulyýet merkezi hökmünde çykyş edýär. Onuň esasy wezipesi täze döwrüň hünärli, täze taryhy eýýamda ýurdumyzyň öňünde duran wezipeleri başarnykly we ýokary derejede jogapkärli çözmäge ukyply hünärli dolandyryjy işgärleri kemala getirmekden ybaratdyr.

Täzeçe pikirlenýän, guramaçylyk ukyplaryny özlerinde jemleýän iş dolandyryjylaryň, döwlet gullukçylarynyň döremegi ýurduň ösüşine güýçli itergi berýär. Bazar ykdysadyýetiniň jemgyýete düýpli ornaşýan döwründe adamyň önümçilikde hereketiniň netijeliligi eýeçilige bolan täze garaýyşlaryň berkemegi bilen artýar. 2016-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşinde häzirki döwürde bu ýerdäki gatnaşyklary kämilleşdirmäge gerek bolan hukuk esaslary giňeldildi. Esasy Kanunymyzda syýasy köpdürlüligiň we köppartiýalylygyň ykrarlanmagy, adamlaryň we raýatlaryň hukuklarynyň giňeldilmegi işewürlige we telekeçilige giň ýol açýar. Ol esaslar bazar gatnaşyklarynyň içinde erkin hereket edip bilýän başarjaň adamyň ýetişmegi üçin örän gereklidir. 2017-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda kabul edilen Halk Maslahaty hakyndaky Kanun Ýaşulularyň maslahatynyň hukuk ýagdaýyny üýtgedip, türkmen halkynyň bähbitlerine wekilçilik edýän ýokary wekilçilik edarasynyň – Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň sosial esaslaryny has giňeldýär. Ol hem jemgyýetiň ähli sosial toparlarynyň syýasy-durmuşy işewürligini artdyrýar. Häzirki döwürde şunuň bilen baglanyşykly Halk Maslahatynyň hukuk ýagdaýyny ýokarlandyrmak, iki palataly parlamente geçmek bilen baglanyşykly işler amal edilip başlanýar.

Bu hem hünärmenleriň, telekeçileriň, ýer eýeleriniň jemgyýetdäki ornunyň ýokarlanmagyna getirýär. Şonda olaryň ykdysady işewürligi ahlakly hereketleri bilen sazlaşmaly. Telekeçilik ruhunyň türkmen jemgyýetinde berkeýän döwründe, mysal üçin, ykdysady bähbitlere gözügýän telekeçileriň biziň milletimiziň asyl işewürlik, täzeçillik we öz-özüňi çäklemek ýörelgelerine eýermekleri wajypdyr. Şu ikitaraplylyga eýe bolan adamlar häzirki döwürde jemgyýeti özgerdijiler bolup çykyş edýärler. Telekeçiligiň, hünärmenligiň, işewürligiň artmagy bilen jemgyýetde orta synpa girýän gatlaklaryň giňelmegine we güýjemegine mümkinçilik açylýar. Bu synpa girýän adamlar, bir tarapdan, iş başarjaňlyk, hünärmenlik ukyplaryny artdyrmaly, ikinji tarapdan bolsa, öz ruhy ösüşleri barada aladalanmaly bolýarlar. Ykdysady ösüşde adam ölçegini göz öňünde tutmak Ýurtbaştutanynyň öňe süren täze ykdysady modeline häsiýetli bolýar.

Türkmen jemgyýetiniň durmuşyň ähli ugurlaryny döwrebaplaşdyrmaga ugrukdurylan işleriniň netijesi ýurduň içerki tagallalary bilen bir hatarda daşarky mümkinçiliklerini ulanmagyna hem bagly bolýar. Olar netijeli ulanylmadyk ýagdaýynda öňde duran meseleleri häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda çözmek örän kyn bolýar. Ine, şonuň üçin Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň täzeleniş döwründe ýurduň parahatçylyk we ösüş ýoly bilen öňe gitmegi üçin hoşniýetli goňşuçylyga, deňhukuklylyga hem-de özarabähbitlilige gönükdirilen oýlanyşykly daşary syýasatyny durmuşa geçirýär. Bu syýasat dünýä döwletleri we abraýly halkara guramalary, ilkinji nobatda, BMG tarapyndan goldanylýar. Türkmenistan döwletiniň halkara birleşigindäki uly abraýy, onuň özüniň hoşniýetli syýasatyny adamzadyň öňünde duran möhüm meseleleri çözmäge ugrukdyrýanlygy bilen baglydyr. Biziň döwletimiz özüniň ägirt uly tebigy baýlyklaryny, oňaýly geografik ýerleşişiniň mümkinçiliklerini ýurtlaryň, sebitleriň we halklaryň parahatçylykly ýaşamagyna, söwda-ykdysady hem-de medeni aragatnaşyklaryň ösmegine gönükdirýär.

Täzeleniş döwründe türkmen jemgyýeti ählitaraplaýyn oýlanyşykly içeri we daşary syýasatynyň esasynda öz içki mümkinçiliklerini açyp, täze hil derejesine galýar, kämilleşýär. «Jemgyýet, Ýurtbaştutanynyň belleýşi ýaly, ykdysadyýetden, gündelik durmuş aladalaryndan ýokarda durýan milli maksatlara akyl ýetirmäge girişdi». Türkmen halkynyň durmuşynda geçýän şeýle düýpli özgeriş öz miwesini berýär, biziň geljegimiz kem-kemden aýdyňlaşýar. Taryh türkmen halkyna ýene-de galkynmaga mümkinçilik döredýär. Esasy mesele şol mümkinçilikleri, hakykatdan hem, aňlap ulanmakda bolýar.

Milletiň täzeden galkynmagy Ýurtbaştutanynyň öňe süren täzeleniş taglymatynyň amal edilmegi bilen çözülýär. Eziz Watanymyzyň täzeleniş wektoryna jemlenen şöhleleriň esasylary bu taglymatda aýdyň kesgitlenendir. Ol hem öňe sürlen meseleleriň amal boljakdygyna berk ynam döredýär. Şol bir wagtda hem bu özgerişleriň hereketlendiriji güýji bolup, şahsyýetiň çykyş edýänligi sebäpli, Türkmenistan häzirki zaman jemgyýetiniň hakyky gymmatlyklarynyň baýlyklarda däl-de,

adamlardadygyndan, olaryň bilimindediginden, hünär derejesindediginden we zähmetiniň netijesindediginden ugur alýar. Netijede, ýurda ynsanperwerlik, adamkärçilik, adalatlylyk ýörelgelerine gaýdyp gelýär. Türkmenistan teşnelik bilen täze maglumat toplumyny özüne siňdirip, täzeden taryhyň köpdürlüligini aňlaýar, siwilleşen dünýäniň aladalary bilen ýaşap başlaýar.

Şu okuw kitabynyň bütin dowamynda türkmen halkynyň şu ýerde sagdyn ýaşaýyş ukybyna eýe bolmagy üçin milli mirasyny çuňňur özleşdirmeginiň zerurlygy yzygiderli nygtalýar. Bu ýerde halkymyzyň baý medeni mirasyny, medeniýetini dowam etmegiň jogapkärligi talap edýänligi we ony özleşdirmekde paýhasa esaslanmalydygy bellenilýär. Mirasa düýpli nazar aýlamak üçin halk pelsepesine, milli-ruhy gymmatlyklar aýdyň göz ýetirmeli»[147] diýen jümlesi örän ähmiýetli. Biziň ata-babalarymyz munuň düýpli esasyny aňşyryp, pähiminde seljerip bilipdir.

Hakykatdan hem, bagtyýarlyk döwründe döwletiň paýhas ýörelgesiniň we ahlak esaslarynyň kemala gelmegi medeni gymmatlyklaryň akylly-başly özleşdirilişine baglydyr. Ine, şonuň üçin ösüşler we özgerişler döwrüniň özboluşlylygyny açyp görkezýän durmuş filosofiýasyna esaslanmaly bolýar. Şol filosofiýa taryhyň durmuş, medeni, ruhy tejribesini, milli mirasy ýurdumyzyň häzirki ösüşiniň wezipeleri bilen baglanyşdyrmagyň paýhas esasy bolup çykyş edýänligi sebäpli, onuň many-mazmunyny açmaga kitapda aýratyn üns berilýär.

Ýaşaýşa, mukaddesliklere, geljege bolan ynanjyň adamyň döredijilik we özgerdijilik ukyplaryny açýanlygy sebäpli, häzirki ylmy-tehniki ösüş döwründe halkymyzyň mukaddesliklere öwrülen ruhy-medeni gymmatlyklarynyň, ajaýyp däp-dessurlarynyň, akyldarlarymyzyň pähim-paýhasynyň döwrümiziň janly durmuşyna gatyşmagy gerek. Onuň üçin ata-babalarymyzyň medeni mirasyny, durmuş ýörelgelerini janlandyrmaly bolýar. Bu ýerde bolsa örän giň mümkinçilikler bar.

Ýaş neslimiziň häzirki çylşyrymly dünýäde adama gymmatlyklaýyn-dünýägaraýyş gözükmelerini berýän halkymyzyň durmuş filosofiki ýörelgelerini we ygtybarly garaýyşlaryny özleşdirip, türkmen jemgyýetiniň özgerýän, täzelenýän döwrüni dogruçyl şöhlelendirmäge, durmuşy düzümleriň özboluşlylygyny ýüze çykarmaga, adamzadyň geljekki ösüşini özboluşlylygyny aňlamaga mümkinçilik alýarlar. Bagtyýarlyk döwründe milli Liderimiz ýaşlaryň biziň mirasymyzyň, däp-dessurlarymyzyň esasynda täze durmuş filosofiýasyny kemala getirmäge berýän ünsi aýratyn ähmiýetlidir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen çap edilen «Paýhas çeşmesi» we onuň galamyndan dörän «Çaý melhem hem ylham», «Gadamy batly bedew», «Arşyň nepisligi», «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy», «Sport dostluga, saglyga we gözellige tarap ýoldur», «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi»,«Enä tagzym, mukaddeslige tagzym» eserleriniň durmuşy-filosofiki garaýyşlaryna eýe bolan ýaş nesillerde döredijilik ukyplary taplanyp, olaryň işewürligi artar. Adamzat paýhasynyň egsilmez çeşmesine utgaşan nesiller ajaýyp Watanymyzy mundan beýläk hem beýgelderler.

[147] Gurbanguly Berdimuhamedow. Gadamy batly bedew. – A.: TDNG, 2016, 283 sah.

Şeýlelikde, bagtyýarlyk döwründe jemgyýetiň ruhy gurşawynda ata-babalarymyzyň pähim-paýhasyndan gözbaş alýan durmuş filosofiýasynyň täsirliligi artyp, ýaşlarymyzyň gowy adamlar bolup ýetişmeklerine täze-täze esaslar dörär. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly: «...gowy adam bolmagyň özi «özüň» bolmakdyr – özüň bolmak gowy adam bolmakdyr. Ol hem geçmişiň paýhasyna akyl ýetirmekdir. Akyl ýetirmek bolsa beýgelmekdir».[148] Mugallymyň şu pähim-paýhasa, halkyň baý medeni mirasyna esaslanyp geçiren her bir sapagy okuwçynyň ýa-da talybyň diňe sapagy netijeli özleşdirmegi däl-de, eýsem onuň pikirlenmek, maglumatlaryny kabul etmek we olar barada tankydy oýlanmak ukybyny ösdürmek barada talaplaryny kanagatlandyrmaga hem esas bolar.

Şöhratly pederlerimiziň beýik ynançlaryny we dünýägaraýyşlaryny asyrlaryň dowamynda kämilleşdirip, geljekki nesillere goýup giden medeni we ruhy mirasyny täzeden jemgyýete gaýtaryp getirmek biziň döwrümiziň gerekliligi we talaby bolýar. Şol miras häzirki ylmy-tehniki ösüş döwründe adamzat jemgyýetini paýhaslandyryjy güýç bolup çykyş edýär. Biziň halkymyzyň döreden şu hili ajaýyplyklarynyň, baý mirasynyň, sungatynyň geljekde dowam bolmagyny gazanmak ýaş nesillerimiziň wezipesi, olara bildirilýän beýik ynam bolýar. Olar öz işleri bilen il-güni beýgeldip, özleri hem belentliklere galarlar.

Biziň oýlanmalarymyzy jemlemäge we okyjynyň özüniň olaryň üstüni ýetirmegine, bagtyýarlyk döwründe Türkmen ýurdunda geçýän düýpli özgerişler barada olaryň özleriniň oýlanmaklary wajyp. Bu wezipäni okyjy jemgyýet baradaky ylymlara eýe bolup ýerine ýetirip biler.

[148] Gurbanguly Berdimuhamedow. Gadamy batly bedew. – A.: TDNG, 2016, 283 sah.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat: TDNG, 2016.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – A.: TDNG, 2008.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – A.: TDNG, 2009.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 3-nji tom. – A.: TDNG, 2010.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 4-nji tom. – A.: TDNG, 2011.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 5-nji tom. – A.: TDNG, 2012.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 6-njy tom. – A.: TDNG, 2013.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 7-nji tom. – A.: TDNG, 2014.

9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 8-nji tom. – A.: TDNG, 2015.

10. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 9-njy tom. – A.: TDNG, 2016.

11. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 10-njy tom. - A.:TDNG, 2017.

12. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 11-nji tom. – A.: TDNG, 2018.

13. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 12-nji tom. – A.:TDNG, 2019.

14. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – A.: Ylym, 2007.

15. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – A.: TDNG, 2007.

16. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – Aşgabat, 2010.

17. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. – A.: TDNG, 2010.

18. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom. – A.: TDNG, 2010.

19. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy. – Aşgabat, 2010.
20. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy. – A.: TDNG, 2014.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – A.: TDNG, 2007.
22. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* – Döwlet adam üçindir! – A.: TDNG, 2008.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşy (2017-njy ýylyň 7-nji ýanwary) Türkmenistan. 2017-nji ýylyň 8-nji ýanwary.
24. Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgär Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň Maksatnamasy. Türkmenistan. 2016-njy ýylyň 26-njy dekabry.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. – A.: TDNG, 2007.
26. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. Roman. – A.: TDNG, 2011.
27. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet guşy. Roman. – A.: TDNG, 2013.
28. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bitarap Türkmenistan – A.: TDNG, 2015.
29. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Çaý melhem hem ylham. – A.: TDNG, 2016.
30. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Gadamy batly bedew. – A.: TDNG, 2016.
31. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Arşyň nepisligi. – A.: TDNG, 2016.
32. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016.
33. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan. – A.: TDNG, 2016.
34. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Sport dostluga, saglyga we gözellige tarap ýol. – A.: TDNG, 2017.
35. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – A.: TDNG, 2017.
36. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. II kitap – A.: TDNG, 2018.
37. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Enä tagzym – mukaddeslige tagzym. – A.: TDNG, 2018.
38. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.
39. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Atda wepa-da bar, sapa-da.– A.: TDNG, 2019.
40. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmen Alabaýy. – A.:TDNG, 2019.
41. Paýhas çeşmesi. – A.: TDNG, 2016.
42. Arkadagyň ajap eýýamy. – A.: TDNG, 2017.
43. Arkadag taglymaty – sagdynlygyň, ruhubelentligiň binýady. – A.: TDNG, 2017.
44. *Suwhanow N.* we başg. Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy. – A.: TDNG, 2011.
45. *Suwhanow N.* we başg. Türkmen jemgyýetiniň ösüşinde tehnologiýanyň orny. – A.: TDNG, 2003.

## MAZMUNY

Sözbaşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .7

**I BAP**
**HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN JEMGYÝETI DERSINIŇ PREDMETI, ONUŇ MAKSADY WE WEZIPESI**

***1-nji sapak.*** Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň predmeti.
Esasy düşünjeler. Dersiň maksatlary we wezipeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 12
Häzirki zaman türkmen jemgyýeti dersiniň jemgyýetiň ruhy dünýäsindäki orny.
Esasy düşünjeler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 16
Häzirki zaman siwilizaziýasynyň ösüş aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . 21

**II BAP**
**TÜRKMENISTANYŇ GEOGRAFIKI ÝERLEŞIŞI, ÝURDUŇ TEBIGY WE MEDENI-RUHY BAÝLYKLARY**

***1-nji sapak.*** Türkmenistanyň geografiki ýerleşişi
we tebigy baýlyklary, demografiki aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . 23
Türkmenistanyň geografiki ýerleşişi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 23
Türkmenistanyň biologik köpdürlüligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 26
Türkmenistanyň ýerasty baýlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 27
Demografiýa. Türkmenistanda demografiki ýagdaý. . . . . . . . . . . . . . . . . . . 32
***2-nji sapak.*** Türkmen halkynyň önümçilik medeniýeti, medeni mirasy . . . . . . . . 35
Türkmen ýurdunda gadymyýetde ýaşaýşyň medeni esaslarynyň döremegi. . . . . . . 35
Türkmen halkynyň önümçilik medeniýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 36
Halkyň döreden maddy gymmatlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 37

**III BAP**
**GARAŞSYZ TÜRKMENISTANDA JEMGYÝETÇILIK DURMUŞYŇ ÖZGERMEGI ÜÇIN DÖRÄN ESASLAR**

***1-nji sapak.*** Sowet jemgyýetçilik gurluşyndan demokratik jemgyýetçilik
gurluşyna geçiş döwri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 46
Garaşsyzlyk we ýurtda başlanan düýpli özgerişler . . . . . . . . . . . . . . . . . . 46
Jemgyýetde demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň ýol-ýörelgeleriniň
saýlanyp alynmagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 48
Sowet jemgyýeti gurluşyndan demokratik jemgyýet gurluşyna geçiş döwri . . . . . . 52
Jemgyýete bazar gymmatlyklarynyň ornaşdyrylyp başlanmagy . . . . . . . . . . . . 52

***2-nji sapak.*** Täze Galkynyş eýýamy we bagtyýarlyk döwri . . . . . . . . . . . . . . 61
Geçiş döwrüniň tamamlanmagy. Täze Galkynyş eýýamy. . . . . . . . . . . . . . . . 61
Demokratik ösüşiň milli nusgasynyň saýlanyp alynmagy. . . . . . . . . . . . . . 64
Türkmenistanda Täze Galkynyş eýýamy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 66
Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 72
Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň umumy häsiýetnamasy . . . . . . . . . . . 72


## IV BAP
## HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN JEMGYÝETINIŇ SYÝASY ULGAMY


***1-nji sapak.*** Türkmen jemgyýetiniň syýasy gurluşy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 76
Türkmen jemgyýetiniň syýasy gurluşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 77
Türkmenistanda syýasy ulgamyň düzüm bölekleriniň özara baglanyşygy we ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 78
Bagtyýarlyk dowründe Türkmenistanyň syýasy ulgamynyň kämilleşişi . . . . . . . . 81
Türkmenistanyň saýlaw ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagy . . . . . . . . . . . . . . 85
***2-nji sapak.*** Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kämilleşdirilişi we hukuk ulgamynyň özgerişi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 88
Konstitusiýa barada düşünje. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 88
Konstitusion özgertmeleriň ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 89
Konstutusiýamyzyň rejelenilen görnüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 91
Hukuk ulgamy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 93
Türkmenistanda adam hukuklarynyň kepillendirilmegi. . . . . . . . . . . . . . . . . 97
Türkmenistanda adam hukuklary boýunça ygtybarly wekil. . . . . . . . . . . . . . . 99
Saýlaw hukuklarynyň kepillendirilmegi – milli demokratiýanyň baş ýörelgesi . . . 100
***3-nji sapak.*** Ýurtda demokratiýanyň ýaýbaňlanmagy durmuş-ykdysady ösüşiň çeşmesi hökmünde . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 101


## V BAP
## TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ AÝRATYNLYKLARY


***1-nji sapak.*** Türkmenistanda ýurduň ykdysadyýetini ösdürmegiň täze nusgasy . . . 108
Durmuş maksatly bazar ykdysadyýeti. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 108
Ýurduň ykdysadyýetini bazar gatnaşyklaryna geçirmegiň türkmen nusgasynyň häsiýetli aýratynlyklary we bazar özgertmeleriniň esasy ugurlary. . . . 109
Türkmenistanyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak. . . . . . . . . . . . . . 113
Eksportyň diwersifikasiýalaşdyrylmagy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 116
Daşary ýurt maýagoýumlaryny ýurduň ykdysadyýetine çekmegiň ykdysady we hukuk binýatlaryny halkara standartlaryň derejesine ýetirmek. . . . . 118
Ýurtda sanly ykdysady ulgamy ösdürmek. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 120
Ýurduň dolandyryş ulgamynyň kämilleşmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 121
Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdeji binýadyny berkitmek. . . . . . . . . . . 122
***2-nji sapak.*** Agrar ýurtdan senagat taýdan ösen ýurda öwrülmegiň ýollary . . . . . 124

Ýurtdaky senagat taýdan ösüşe geçmişiň käbir esaslarynyň täsiri . . . . . . . . . . . 124
Türkmen jemgyýetiniň senagat taýdan ösüşe eýe bolmak mümkinçilikleri . . . . . . 127
Ýurduň senagatlaşýan döwründe onuň ykdysadyýetiniň düzüminiň özgerişi . . . . . 131
Ýurduň senagat taýdan ösüşe eýe bolmagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 133
Ýurtda geçýän urbanizasion özgeriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 135
***3-nji sapak.*** Jemgyýetiň sosial düzümi we ondaky özgerişler . . . . . . . . . . . . 138
Türkmenistanyň ilatynyň milli düzümi. Milletara gatnaşyklar . . . . . . . . . . . 144
***4-nji sapak.*** Kuwwatly orta synpyň kemala gelmegi . . . . . . . . . . . . . . . . 148

## VI BAP
## TÜRKMEN JEMGYÝETINIŇ RUHY DÜNÝÄSI

***1-nji sapak.*** Jemgyýetiň ruhy dünýäsi. Ruhy galkynyş . . . . . . . . . . . . . . . . 158
Jemgyýetiň ruhy dünýäsini täzelemäge täze paýhas esasynyň zerurlygy . . . . . . . 165
Jemgyýetiň ruhy dünýäsinde edebiýatyň we sungatyň orny . . . . . . . . . . . . . 169
***2-nji sapak.*** Türkmen döwletiniň ylymly, bilimli, hünärli nesli terbiýeläp ýetişdirmek ugrundaky işleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 177
***3-nji sapak.*** Milletiň medeni durmuşy we maglumat jemgyýeti . . . . . . . . . . . 192
Maglumat jemgyýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 198
Täze döwrüň maglumat ulgamynyň döremegi: taryhy derňew . . . . . . . . . . . . 200
Kompýuterleşdirmek we onuň esasynda häzirki döwrüň maglumat ulgamynyň döremegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 201
Türkmenistanyň maglumat howpsuzlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 205
Türkmenistanyň maglumat ulgamyny kämilleşdirmekde Milli emeli hemranyň ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 206

## VII BAP
## TÜRKMENISTANDA RAÝAT JEMGYÝETI

***1-nji sapak.*** Milletiň döredijilik we gurujylyk ukybynyň ýokarlanmagy . . . . . . . 209
Milletiň döredijilik ukyplaryny ýokarlandyrmagyň ýollary . . . . . . . . . . . . . 212
***2-nji sapak.*** Türkmenistanda raýat jemgyýetiniň berkararlanmagy . . . . . . . . . . 219

## VIII BAP
## TÜRKMENISTANYŇ HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLAR ULGAMYNDAKY ORNY

***1-nji sapak.*** Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dünýä bileleşiginde tutýan orny we daşary syýasaty . . . . . . . . . . . . . . . 231
Içeri we daşary syýasatyň özara baglanyşygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 232
Türkmenistan döwletiniň daşary syýasatynyň mazmuny we ýörelgeleri . . . . . . . 233
Türkmen diplomatiýasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 237
Türkmenistanyň halkara gatnaşyklardaky orny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 239
Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy . . . . . . . . . 240
Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi . . . . . . . . . . . . . . . . . 241
Türkmen döwletiniň öňe süren daşary syýasat başlangyçlary . . . . . . . . . . . . 242

Türkmen döwletiniň dünýäde howpsuzlygy
we parahatçylygy üpjün etmek ugrunda alyp barýan işleri . . . . . . . . . . . . . . . 244
***2-nji sapak.*** Geosyýasat. Türkmenistanyň hoşniýetli goňşuçylyk
gatnaşyklary we hyzmatdaşlyga ygrarlylygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 246
Geosyýasat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 246
Türkmen döwletiniň geosyýasy ugurlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 249
Türkmenistanyň öz geosyýasy mümkinçiliklerini ulanmakda
ulag-üstaşyr geçelgeleriň orny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 249
Türkmenistanyň adamzada energiýa serişdeleriniň elýeterli bolmagyny
gazanmak ugrunda bitirýän işleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 254
Türkmenistanyň sebitiň meselelerini çözmek babatdaky hyzmatdaşlygy . . . . . . . 257
Hyzmatdaşlyk we döwrebaplaşmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 262
Dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan türkmen Lideriniň parahatçylyk ugrunda
işjeň hyzmatdaşlyga gönükdirilen daşary syýasatynyň goldanmagy . . . . . . . . . 264

Netije . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 266
Peýdalanylan edebiýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 274

*Nurýagdy Suwhanow, Baba Zahyrow,*
*Süleýman Süleýmanow*

# HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN JEMGYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *B. Hojadurdyýewa* |
| Teh. redaktor | *A. Nurýagdyýew* |
| Kompýuter bezegi | *S. Orazgylyjowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *J. Sapargulyýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 19.11.2019.
Ölçegi 70×100 $^{1}/_{16}$. Times New Roman garniturasy.
Çap listi 17,5. Şertli-çap listi 22,57. Hasap-neşir listi 20,3.
Neşir №58. Sargyt №119. Sany 11100.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň «Ylym» neşirýaty.
744000. Aşgabat, 2011-nji (Azady) köçe, 61.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň «Ylym» çaphanasy.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan şaýoly, 15.